TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

# T Ü R K M E N I S T A N D A

# T Ä Z E G A L K Y N Y Ş E Ý Ý A M Y

(okuw kitaby)

**Aşgabat-2010**

## Sözbaşy

**„...sowet döwlet we jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna Beýik Galkynyş eýýamy geldi. Ol eýýam ýurdumyzyň täze taryhynyň başlanyp, dünýä ylmynyň, tehnikasynyň we öňdebaryjy tejribesiniň soňky gazananlaryna esaaslanýan milletimiziň ösüşiň has ýokary sepgitlerine okgunly barýandygyny aňladýar“1.**

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.**

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurduň döredijilik işgärleriniň wekilleri bilen duşuşanda ýokary okuw mekdeplerde häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň ösüşine bagyşlanan täze sapak girizmekligiň gerekligini belledi.

Şeýle gereklilik, birinjiden, öz ýaşaýan jemgyýetiňi häsiýetlendirmekligiň ýeňil däldigi bilen kesgitlenýär. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda çykgynsyzlykda sowet ýolbaşçylarynyň „Biz nähili jemgyýetde ýaşaýanlygymyzy bilemzok“ diýen ýüzlenmesi garaşsyz döwletimize eýe bolanymyzdan soňra 2000-nji ýylyň başynda ýokary derejede goýulan „Türkmenler nähili jemgyýet gurýarlar?“ 2 diýen sorag bilen gaýtalandy. Diýmek, häzirki türkmen jemgyýetini häsiýetlendirmek diňe bir nazary ähmiýete eýe bolman, eýsem, adamlaryň her günki durmuşy üçin hem ähmiýetlidir.

Ikinjiden, häzirki döwürde türkmen jemgyýeti sowet jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik jemgyýetçilik gurluşa geçiş döwrüni tamamlap, özüniň täze hil derejesine çykýar. Türkmen jemgyýeti täze Galkynyş eýýamynda özüniň içerki mümkinçiliklerini has giň we düýpli açýar.

Şonuň üçin, üçünjiden, jemgyýetiň içerki iteriji güýçlerini açyp ony belent derejelere galdyrmaly bolýan ýaş nesil, ilki bilen hem ýokary bilimli hünärmenler öz ýaşaýan jemgyýetini, onuň aýratynlyklaryny gowy bilmelidirler. Türkmen jemgyýetinde Garaşsyzlyk ýyllarynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Ýurduň ykdysady, syýasy we medeni ösüşi üçin täze mümkinçilikler açyldy. 2007-nji ýylyň başynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt Ýolbaşçylygyna gelmegi bilen şol mümkinçilikler beýik özgerişlere we täze Galkynyşa esas döretdiler. Türkmen halky özüniň täze Galkynyş eýýamyna gadam basdy.

„Türkmenistanyň täze galkynyş eýýamy“ okuw kursy hem şol täze

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. T 2.A. 2009, 258 s.

2 Saparmyrat Türkmenbaşy. Biz adalat jemgyýetini gurýarys. A. 2000, 5 s.

jemgyýeti - demokratik jemgyýeti ähli taraplaýyn açyp görkezmekligi maksat edinýär. Ýöne „Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş“ dersiniň çäginde geçilen „Mukaddes Ruhnama“, „Türkmenistanyň taryhy“, „Filosofiýa“, „Sosioligiýa“, „Syýasaty öwreniş“ we „Ykdysady taglymat“ kurslary hem jemgyýetiň içindäki adamlaryň dürli ugurlardaky gatnaşyklaryny, olaryň hereketlerini, harytlary we hyzmatlary öndürmekligi we sarp etmekligi, zähmeti we dynç alyşy, adam durmuşynyň gurluşyny we düzümini öwrenýärler. Şol bir wagtda hem olar türkmen jemgyýetini sosial filosofiki nukdaýnazardan dolulykda derňemeýärler. Hawa, Türkmenistanyň taryhy we Mukaddes Ruhnama kurslarynda türkmen jemgyýeti bilen baglanşykly soraglar öwrenilýär. Ýöne, eger olaryň birinjisinde türkmen halkynyň geçmiş taryhy beýan edilýän bolsa, ikinjisinde onuň ruhy-ahlak gymmatlyklary garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryna degişlilikde açylyp görkezilýär. Biziň garaýan kursumyzda bolsa häzirki türkmen jemgyýeti giňişleýin derňelýär.

Her bir ylym kimin „Türkmenistanyň täze Galkynyş eýýamy“ baradaky ylym hem taryhy esaslarda kemala geldi. Ýokarda bellenilşi ýaly, bu ylym türkmen jemgyýetiniň ozalky jemgyýetçilik gurluşyndan täze jemgyýetçilik gurluşyna geçip, özüne mahsus bolan içki demokratik mümkinçiliklerini aýdyň açýan wagtynda aýratynlyga we özboluşlylyga eýe bolup, bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özünde jemleýän jemgyýet baradaky ýurdumyzyň jemgyýetçilik ylymlarynyň aýratyn pudagy bolup ýüze çykdy.

Bu ylym türkmen jemgyýetine öz maksatlaryndan we bähbitlerinden ugur alyp, öz gerekliliklerini kanagatlandyrmak maksady bilen hereket edýän adamlary we jemgyýetçilik toparlary öz içine alýan, öz edaralaryna we düzümine eýe bolan özgerýän ulgam hökmünde garaýar. Şu hem biziň garaýan kursumyzyň esasy meselelerini kesgitleýär. Her bir jemgyýetçilik ylymynyň üns merkezinde adam bolýar. Ýöne olar adamy dürli nukdaýnazardan öwrenýärler.

„Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ kursunyň bu meselä garaýşynyň özboluşlylygy Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2009-njy ýylyň mart aýyny 6-synda Lebapda geçen Ýaşulularyň Maslahatynda täze döwrüň ideologiýasynyň „Döwlet adam üçindir“ diýen ýörelgesiniň „Adam döwlet üçindir“ diýen şygar bilen berk sazlaşyp, utgaşyp, beýik Galkynyş eýýamynda özboluşly ruhy durmuşy maksatnamany emele getirip, watandaşlarymyzy beýik maksatlaryň töweregine mäkäm jebisleşdirer“1 diýen jümlesi bilen kesgitlenýär. Bu kursda, bir tarapdan, täze döwürde döredijilikli, başarjaň, hünärli adamy ýetişdirmek üçin döwletiň edýän tagallalary açylyp görkezilse, ikinji tarapdan, il-ýurt bähbitlerinden ugur alýan, jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni-ruhy durmuşyny kämilleşdirmeklige öz saldamly goşandyny goşýan adamyň işewürligini, jogapkärçiligini artdyrmaklygyň ýollary beýan edilýär.

„Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ kursy boýunça okuw kitabyny

1 Türkmenistan gazýeti, 2009-njy ýylyň 7-nji marty.

taýýarlamaga gatnaşan awtorlar döwlet Baştutanynyň ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň ösüşine bagyşlanan täze sapagy girizmek bilen baglanşykly öňe süren talaplaryny göz öňünde tutmaklyga çalyşdylar. Onda-da şu sapagyň maksadynyň ýaşlaryň yurtda, jemgyýetde bolup geçýän özgerişler baradaky diňe bir habardarlygyny däl, eýsem, şol jemgyýetiň öz özgerişiniň ýolaryny öwrenmeklerini, bilmeklerini hem-de olary şol özgerişe işewür gatnaşjak adamlar edip ýetişdirmekligi gazanmak bolýandygyndan ugur alyndy. Awtorlar okuw kitabynyň esasy wezipesini ýaşlary häzirki döwürde jemgyýetde bolup geçýän özgerişler barada oýlanyp, pikir ýöredip, olary amal etmeklikde öz ornuny tapyp bilýän adamlar edip ýetişdirmeklige ruhy esas bolup hyzmat etmekliginde görýärler.

Şu maksatlar we wezipeler okuw kitabynyň many-mazmunyna we düzümini kesgitlediler. Kitabyň many-mazmuny açylanda, birinjiden, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserlerinde, çykyşlarynda, interwýularynda, ylmy makalalarynda, ilki bilen hem “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” atly maksatnamalaýyn makalasynda kesgitlenen täze Galkynyş eýýamynyň taglymatyny we jemgyýeti öwreniş ylymlaryň usulýeti göz öňünde tutuldy. Sebäbi bu taglymat we usulyýet biziň döwrümiziň filosofiýa, sosiologiýa we beýleki jemgyýetçilik ylymlarynyň gazanan netijelerine esaslanýar. Ikinjiden, häzirki döwürde okadylýan ähli jemgyýetçilik ylymlarynda türkmen jemgyýeti, onuň syýasy, ykdysady we medeni ulgamlary barada berilýän düşünjeleri we maglumatlary göz öňünde tutup, garalýan kursda jemgyýetiň içinde bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklarynyň ýüze çykyşyny we hereket edişini öňküler bilen sazlaşykly beýan etmekligiň ýollary gözlendi. Üçünjiden, garalýan dersiň maksatnamasyny aýry-aýry temalaryň ýygyndysy görnüşinde däl-de biri-biriniň üstüni ýetirýän bölümler hökmünde açylmaga çalşyldy. Dördünjiden, garalýan kursyň bölümleri we baplary atlandyrylanda duýgulaýyn görnüşdäki düşünjeler däl-de ylmy görnüşdäki düşünjeler ulanyldy.

Şu ýörelgelerden ugur alynyp, kitabyň sekiz bölüminde ýurduň tebigy, syýasy we demografiki mümkinçilikleri, garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň syýasy, ykdysady, medeni gurşawlarynda bolup geçen özgerişler hem-de bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryny özleşdirmeklik üçin döràn esaslaryň jemgyýetiň ösüşiniň täze derejä çykmaklygyna döredýän mümkinçilikleri beýan edilýär. Şonuň ýaly-da bu ýerde türkmen jemgyýetiniň syýasy ulgamynda täze Galkynyş eýýamynda bolup geçýän özgerişler, döwletiň milli galkynyşa döredýän esaslary bilen baglanşykly soraglaryň jogaplary derňelip, türkmen jemgyýetinde bazar ykdysadyýetiniň

döreýşi, onuň sosial goragly häsiýete eýe bolşy, jemgyýetiň sosial düzüminde döreýän täze synplar we gatlaklar görkezilýär. Bu kitapda jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetiň ruhy durmuşyny täze hil derejä çykaryşynyň ýollary giňişleýin derňelýär. Jemgyýetiň galkynyşynyň ruhy galkynyşdan başlanýandygy göz öňünde tutulyp, onuň üçin döreýän mümkinçilikler seljereilýär. Ylymly, bilimli ýaş nesli ýetişdirmek ugrunda täze döwürde edilýän işler bu ýerde giňişleýin beýan edilýär. Demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gurulmagy bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdini amal etmeklik häzirki döwürde ýurdumyzda alynyp barylýan işleriň düýp manysyny düzýänligi sebäpli, olar bu ýerde derňelýär. Türkmen döwletiniň daşary syýasaty, onuň dünýä birleşiginde eýeleýän orny kitapda köptaraplaýyn beýan edilýär.

Şu okuw kitabynyň düzümini we onda garalýan meseleleriň many-mazmunyny kesgitlemekde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” atly maksatnamalaýyn makalasynyň aýratyn ähmiýete eýe bolýandygyny göz öňünde tutup, bu makalany kitabyň başynda ýerleşdirmekligi makul bildik. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ okuw kitabynyň ýazarlary öz ilkinji wezipelerini ýurt Ýolbaşçysynyň eserlerinde we şu makalasynda berilýän ylmy kesgitlemeleri we öňe sürülýän maksatlary açyp görkezmeklikde görýärler.

Türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler örän çuňňur we düýplidir. Awtorlar her bir meseläni beýan edenlerinde jemgyýetiň täze hil derejesini häsiýetlendirmeklige çalyşdylar. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ kursy ilkinji gezek okuw kitaby görnüşinde beýan edilýänligi bilen baglanşykly goýulýan soraglaryň kä biriniň has giňişleýin açylmagynyň gerek bolmagy mümkin. Okuw kitabyny geljekde has kämilleşdirmeklige gönükdirilen bellikleriňize we arzuwlaryňyza biz minnetdar bolarys.

„Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ atly okuw kitaby t.y.k., dosent N. Suwhanowyň ýolbaşçylygynda ýazarlar topary tarapyndan taýýarlandy. Bu toparyň düzümi: dosent N. Suwhanow I, II, III, IV-1, VI- 1, t.y.k. B. Zakirow IV, y.y.d. M. Ataýew we s.y.k. R. Agalyýew V, f.y.d., professor O. Danagulyýew V-4, p.y.d., professor B.. Basarow VI-2, Ş. Ahmedowa, f.y.k., dosent Ş. Atajanowa VII, t.y.k., dosent S. Süleýmanow we f.y.d. B. Garaýew- VIII.

## Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy:

## Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna

I

Eger öz öňüňde dogry maksady goýup, şol maksada ýetmek üçin bellenen ugur boýunça gyşarnyksyz öňe gitseň, üştünlik gazanjakdygyňa doly ynanýaryn. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan muny öz ösüşiniň tutuş tejribesi bilen tassyklaýar. Soňky ýyllarda ýurdumyz çalt depginler bilen ösýär. Biziň ýurdumyz öz halkynyň gujur-gaýratyna we ruhubelentligine daýanyp, ertekileriň gahrymany äpet pälwan ýaly, päsgelçilikleri we kynçylyklary çalt ýeňip geçýär.

Bir söz bilen aýdanymyzda, hakykatda amala aşyrylan beýik işler olara ünsli we jikme-jik garamagy talap edýär. Dünýä mundan beýläk öňe gitmegiň ýoluny saýlap almak meselesi bilen ýüzbe-ýüz bolýar. ösüşiň täze amatly nusgasy, şol sanda bütin dünýäde dowam edýän ykdysady çökgünlikden çykmagyň ýollary yhlas bilen gözlenýär. Türkmenistan hem bu işe işjeň çekilip, özüni deňhukukly gatnaşyjy we hyzmatdaş, şol sanda dünýä bileleşigi tarapyndan zerur hasaplanýan üç esasy şerti: ygtybarlylygy, açyklygy, howpsuzlygy kepillendirýän hyzmatdaş hökmünde tanatdy.

Men ýurda ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günümden özümiň baş wezipämi Garaşsyzlygyň täze sepgitlerine ýetmek üçin milleti birleşdirip, ruhlandyryp bilýän maksady emele getirmekde gördüm. Bu sepgitlere ýetmek boýunça maksady ýaş döwletiň diňe içerki meseleleri däl-de, ösen we ösýän ykdysadyýetli, demokratik ýörelgeleri kämilleşen we demokratiýa ýoluna täze gädam basan ýurtlaryň öňünde döwrüň goýan täze örän möhüm wezipeleri talap edýärdi. Türkmenistan özüniň ägirt uly serişde mümkinçiliklerinden, geostrategik taýdan amatly ýerde ýerleşýändiginden, hemişelik Bitaraplyga esaslanýan syýasy ugrundan we umumydünýä siwilizasiýasynda görnükli yz galdyran müňýyllyk taryhy bolan halkyň ruhy taýdan öz maksatlaryny durmuşa geçirmeginiňzerurdygyndan ugur alyp, dünýä ýörelgeleriniň täze ulgamyna goşulmalydy we içki ösüşini dowam etmelidi.

Men döwrüň nähili wezipeleri öňe çykarýandygyna garamazdan, olary milleti birteşdirýän ideýasyz, halkyň tagallalaryny, gujur-gaýratyny herekete getirmän, oňa mahsus bolan döredijilik mümkinçiliklerini, döretmek ukyplaryny dikeltmän, çözüp bolmajakdygyna oňat düşündim. Žurnalistleriň täze Galkynyş diýip atlandyran eýýamy gelip ýetdi. Bu eyýamyň ady hem täze döwrüň wezipelerini çözmegiň açary bolup hyzmat etdi. Ähli zady: ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlary, köne we täzeçe tejribäni, maksatlary

we wezipeleri, usullary we serişdeleri täzeden dikeltmek zerurdy. Bir söz bilen aýdylanda, bu häzirki döwürde «innowasiýa» diýlip atlandyrylýan, örän giň manyny öz içine alýan düşünjede göz öňünde tutulan ähli zady durmuşa geçirmelidigini aňladýardy.

Şunuň bilen bir hatarda milli ideýany durmuşa geçirmegiň usuly, ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň we onuň zähmet bölünişigi boýunça dünýä bazaryndaky bäsdeşlikde artykmaçlyklaryny döretmegiň guraly hökmünde döwletiň strategiýasyny anyk kesgitlemek zerurdy. Türkmenistan «Döwlet adam üçindir!“ diýen şygary yglan etmek bilen, örän gysga we manysy boýunça ähli zady öz içine alýan çagyryşda jemgyýetçilik ösüşi babatda häzirki zaman ideýasy baradaky garaýşy bu işe adam şahsyýetini çekmek baradaky pikiri jemledi. Şeýle edilmedik ýagdaýda, islendik milli ideýa oýlanyşykly düzülmedik maksatnama ýaly durmuşa geçmän galar.

Eger biziň ýurdumyzyň ynamly öňe gitmeginiň esasy syry gözlense, ony täze hakyky ýagdaýlar we halkyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlarynyň galtaşýan ýerinden, hususan-da, olar döwletiň syýasy we ykdysady hasaplamalarynyň birleşýän ýerinden tapmak mümkindir.

Milletiň döretmek mümkinçiliklerine ynam bizden bu strategiýany hiç zady: uly zady hem, kiçi zady hem esasy zady hem, ikinji derejeli zady hem, uzak möhletli meseläni hem, häzir we şu gün çözülmegini talap edýän gündelik meseläni hem ünsden düşürmän bir wagtda, esasy ugurlarda we beýleki ugurlarda düzmegi talap edýär. Biziň öňümizde ahyrky netije, ýagny, diňe bir öz zähmetiniň önümini sarp edýän däl-de, eýsem, bu önümi bilimleriň we hiliň täze derejesinde döredýän, doly manysyndaky durmuşda ýaşaýan, maşgala ojagyny döredýän, çagalaryny terbiýeleýän, bilim almaga we medeniýete mümkinçilik alýan, bir söz bilen aýdylanda, halkyň ruhy basgançaklarynda ähli zatdan ýokarda durýan gymmatlyklary döredýän halk üçin niýetlenen döwlet dolandyryş ulgamyny mümkin bolan derejede netijeli sazlamak wezipesi durdy.

Meseläniň hut şeýle goýulmagy ony Konstitusiýa derejesinde berkitmegi talap edýärdi. Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň täze redaksiýasynda ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy bellenýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda şeýle bellenmegi hem her bir adamyň öz hukuklaryna we borçlaryna çuňňur esaslandyryp hem-de gyzyklanyp garamagyny üpjün edýän raýat jemgyýetini döretmegiň wezipeleri bilen bagly mundan beýläkki ädimleri öňünden kesgitledi. Şonuň bilen birlikde, häzirki zamanyň saýlawly demokratiýasy türkmen halkynyň gadymy köklerden gelýän demokratizminde, häzirki zaman siwilizasiýasy ýoly bilen ösüşiň gymmatlyklaryny kabul etmäge taýýarlan demokratizmde özi üçin sagdyn, möhüm esaslary tapdy.

Elbetde, türkmen demokratiýasy entek ýaş, ol entek hakyky manysynda berkemeli we pugtalanmaly, ýöne hakyky halk häkimiýetini, döwletiň hyzmatdaşy hökmünde raýat jemgyýetini döretmegi üpjün etmek boýunça ädilýän ädimler ilerlemek we adamzat ösüşiniň ugry boýunça hereketiň synagdan geçen ýoly bilen öňe ädim ädilýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistan ýagdaýlaryň we üstünliklere tarap ädimleriň toplumyny utgaşdyrýan iň öňdebaryjy dünýä tejribesini özüne siňdirip, häzirki zaman jemgyýetiniň hakyky gymmatlygynyň baýlyklarda däl-de, adamlardadygyny, olaryň bilimindedigini, hünär derejesindedigini we zähmetiniň netijesindedigini ilkibaşda özüne, soňra bolsa beýlekilere subut edýär. Şu ýerden hem ýagdaýlaryň toplumy ýa-da başgaça aýdylanda, diwersifikasiýa çigmal hökmündede, eksporta niýetlenen önüm hökmündede jemi milli önümi öndürmäge, şeýle hem ony «adam faktoryny» nazara alyp, paýlamaga ulgamlayyn gurluşly çemeleşmä geçýär. Şonuň bilen birlikde, yzyndan ýetýän nusga däl-de, milli we ählumumy institutiaryň, maýanyň we önüm bazarynyň, döwlet we hususy pudagyň deň ölçegli gatnaşygynda aňladylýan döwrebaplaşdyrmak strategiýasynyň täze formulasyny teklip eden postindustrial ösüş ileri tutulýar. Bir söz bilen aýdylanda, Türkmenistan öz ykdysady nusgasyny düzmek bilen, ykdysadyýetini dünýä hojalygyna amatly girizmek arkaly milli bähbitleri goramagy esasy wezipe edip goýdy.

II

Biziň ata-babalarymyz gadymy döwürlerden bäri tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak we onuň peşgeşlerinden rejeli peýdalanmak ukyplaryny kämil derejä ýetiripdirler, öz durmuş ýörelgelerini iň ýokary derejä çenli kämilleşdiripdirler. Bu bolsa olara mähriban topragymyzda ähli işleri ussatlarça alyp barmakda, maddy gymmatlyklary döretmekde, Beýik Ýüpek ýolunyň hereket etmegine işjeň gatnaşmakda, öz döwrüniň wezipeleriniň mynasyp çözgütlerini tapmakda ýardam beripdir.

Häzirki döwürde öňümizde durýan wezipeler müňlerçe esse çylşyrymlaşdy, onuň köp sanly sebäpleri bar. Bu sebäpler ylmy-tehniki pikiriň örän ýokary derejede ösmegi, onuň bilen şertlendirilen tehnologiýa babatda ýokary ösüşler we siwilizasiýanyň täze ýörelgeleri we mümkinçilikleri netijesinde, dünýäniň hereketiniň täze ugurlary bilen baglanyşyklydyr. Şeýle hem bu adamzadyň ýaşaýşyna salynýan täze wehimler we howplar sebäpli dörän ählumumy howpsuzlyk meselesi bilen baglanyşyklydyr. Biziň ýurdumyz bilen baglanyşykly we ägirt uly energiýa serişdelerimiziň bardygy sebäpli,

bizi borçly edýän anyk ýagdaýda bu adamlaryň öndürijilikli zähmete islegine ýaramaz täsir edýän epesli derejede taryhy üzňeligi ýeňip geçmekdir.

Medeniýet hem, ykdysadyýet hem hemişe millidir we ykdysadyýet düşünjesine döwlet gurluşy hem, medeni institutlar hem, medeni däp-dessurlar hem girýar diýen garaýşy goldap, men şu ýerden gelip çykýan islendik ykdysadyýetiň, aýratyn hem geçiş döwrüni başdan geçirýän ykdysadyýetiň özgerdilmegine adam ölçegleri nukdaýnazaryndan garalmalydyr diýen pikire eýerýärin. Bu nämäni aňladýar? Bu jemgyýetde yglan edilen özgertmeleriň hiç biriniň adamlaryň olary durmuşa geçirmäge aňlydüşünjeli gatnaşmadyk, olary goldamadyk we adamlaryň durmuş taýdan goralmadyk ýagdaýynda amala aşyrylyp bilinmejekdigini aňladýar.

Biziň halkymyza ýokary derejede zähmetsöýerlik mahsusdyr. Yöne esaslandyrylan, päkýürekliligiň emele gelen ýörelgeleri we gurşap alan tebigy giňişligiň ähli zerurlyklary bilen şertlendirilen zähmetsöýerlik mahsusdyr. Biziň halkymyz öz wagtynda ýaşaýan gurşawyna oýlanyşykly çemeleşip, maddy önümleri üznüksiz öndürmäg oňaýly edip we şonuň bilen birlikde ruhy we ahlak başlangyçlary bilen dolduryp, ukyplylygyň, iş başarjaňlygyň täsin gudratyny görkezipdir. Oz taryhyny adamzat siwilizasiýasynyň dörän döwründen alyp gaýdýan beýleki halklar ýaly, türkmen halky hem öz durmuş-medeni nusgasyny döretmekde uly üstünlikler gazanypdyr. Bu nusga häzirki döwürde-de halkymyzyň maşgala institutynda we ruhy däp-dessurlarynda saklanyp galypdyr.

Galkynyşyň tejribesi şol däp-dessurlary gönüden-göni täze döwre geçirmegi däl-de, olaryň dikeldilmegi üçin bütinleý täze şertleri öz ykdysady nusgamyzy onuň ähli tebigy-geografik we durmuş-psihologik taraplary bilen bilelikde emele getirmek arkaly döretmegi talap edýärdi. Globallaşmak şertlerinde öz ykbalyňy kesgitlemek meselesi bilen ýüzbe-ýüz bolup, biz hut şol nusgada özümiz üçin dünýäniň köpdürlüligi we gatnaşyklaryň sebitleşmegi arkaly öz maksatlarymyzy durmuşa geçirmegiň goşmaça mümkinçiliklerini gördük.

Ahli ugurlarda: önümçilik, durmuş we gumanitar ugurlarda amala aşyrýan özgertmelerimiziň üsti ýurdumyzyň dynýä bileleşiginiň işlerine mümkin bolan derejede gatnaşmagyna gönükdirilen işjeň daşary syýasy we daşary ykdysady strategiýamyz bilen ýetirildi. Biziň Bitaraplygymyz diňe bir alyp barýan daşary syýasatymyzda netijeli

gural bolman, eýsem, sebit derejesinde-de, dünýä derejesinde-de netijeli ýörelgä öwrüldi.

Ýurdumyzyň içinde amala aşyrylýan işler ileri tututyan ugurlary kesgitlemekden başlandy. Bu ileri tutulýan ugurlar ýurdumyzy ösüşiň häzirki zaman derejesine çykarmak boýunça strategic maksatnamalaryň ählisiniň esasynda goýuldy. Biz pudaklar boýunça we umumymilli döwlet maksatnamalarynyň önümçilik harytlarynyň we hyzmatlarynyň gurluşyna, olaryň özgerýän jemgyýetçilik talaplaryna has doly laýyk gelmegini üpjün edip, olara düýpli täsir edýändigi baradaky ýörelgeden ugur aldyk.

Esasy kynçylyk maksatnamalaryň paýtagtymyzda we ýurdumyzyň sebitlerinde, saglygy goraýyşda hem-de bilimde, senagatda we ulaglar pudagynda, gurluşykda we obada nähili derejede geçirilýändigine garamazdan, şol maksatnamalaryň ählisi üçin ulanyp boljak amatly hil standartlaryny emele getirmekden ybaratdy. Ýurdumyzyň günbatarynda uzakdaky sebitlerde özgertmeleriň başyny başlap we köpdürli tebigy serişdeleriň brän uly gorlaryna eýe bolan Esenguluda degişli ulgamlary bolan häzirki zaman etrabynyň düýbüni tutup, biz bz öňümizde-de, tutuş halkymyzyň öňünde-de örän ýokary sepgitlere ýetmegi maksat edip goýduk, şol sepgitlere ýetmek bolsa, biziň umumymilli maksadymyzdyr.

Biziň öňümizde durmuşa geçirilmeli, başy başlanmaly ägirt uly işler durdy. Bu işler enjamlary we maşynary däl-de, ilkinji nobatda, adamlary talap edýärdi. Bu beýik işler göz öňünde tutulan maksatnamalaryň ahlisini durmuşa geçirmäge, ykdysadyýetimizde düýpli gurluş özgertmelerini geçirmäge, ykdysadyýetimizi güýçli depginler bilen yzygiderli ösdürmegiň ýoluna düşürmäge, dolandyryş ulgamyny we hojalygy ýörediş usullaryny kämilleşdirmäge ukyply adamlary talap edýärdi. Başgaça aýdylanda, biziň öňümizde ýurdumyzda döwletimizi ýakyn geljekde ýokary ýaşaýyş-durmuş derejeli, ilatynyň esasy bölegi bilimli-sowatly we hünär taýdan medeniýetli döwlete öwürmek üçin belent sepgitlere çalt ýetirmäge ukyply medeni-hünär derejesini dikeltmek, emele getirmek vezipesi durdy.

Häzirki zaman ykdysadyýeti baradaky garaýyş, ýokary göterilişiň ykdysadyýetiň ösüşiniň şol medeniýetiň gymmatlyklary bilen sazlaşan halatynda başlanýandygyny tassyklaýar. Biz ýurdumyzda jemgyýetiň we Döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy baradaky ýörelgäni

yglan edip, önümçiligi ösdürmegiň esasy serişdelerini adam faktoryndan we adamlaryň döwletiň ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmekde umumy mümkinçiliklerinden gözledik.

Öz nobatynda, adam faktorynyň hil taýdan ýokary derejesine ýetmek degişli durmuş gurluşyny talap edýärdi. Bu bolsa ösen döwletde täze ylmy we tehniki-tehnologik binýady bolan ykdysadyýetiň hakyky pudagynyň hasabyna üpjün edilýär.

Ýurdumyzda baş maksatnama hökmünde bilim ulgamyny, şol sanda akademiki, ýokary, hünärmen-tehniki we orta bilim mekdeplerini düýpli özgertmek boýunça maksatnamanyň yglan edilmegi tötänden däldir. Yurdumyzda hakyky köşk ýaly çagalar baglary hem, mekdepler hem gurulýar, olarda kompýuter otaglary döredilýär we iň häzirki zaman okuw maksatnamalary işlenip taýýarlanýar.

Biziň ýurdumyza halkyň ykbaly üçin jogapkärçiligi öz üstüne almaga ukyply, ony barha çylşyrymlaşýan dünýäde öz yzyna düşürip, öňe alyp gitjek ýokary hünärli işgärler örän zerur. Biz geljekki zerur hünärmenleri öz ýurdumyzda-da täze ýokary okuw mekdeplerini açyp, taýýarlaýarys, şeýle hem daşary ýurtlarda-da zerur hünärmenleri taýýarlamak işine aýratyn üns berýäris. Her ýyl ýaşlarymyzyň ýüzlerçesi daşary ýurtlara okuwa iberilýär we olaryň sany yzygiderli artar.

Biz ýedi ugur boýunça ekspert geňeşi bolan Ýokary attestasiýa komiteti bilen aspiranturanyň we doktoranturanyň akademiki institutyny täzeden döredip, ýurdumyzyň ylym ulgamyny özgertmegiň, ony hakyky önümçilik güýjüne öwürmegiň toplumlaýyn wezipelerinden ugur alyp, ylmy işgärleri hemmetaraplaýyn taýýarlamagy öz öňümizde maksat edinip goýýarys.

Biz öz ýaş nesillerimize diňe bir durmuşy, bilimleri söýmegi öwretmek bilen çäklenmän, olary berk bedenli we ruhy taýdan sagdyn edip ýetişdirmegi hem göz öňünde tutýarys. Bu wezipe döwletimiziň iň möhüm we esasy wezipeleriniň biridir. Biziň ata-babalarymyz öz saglygyna Allanyň beren iň uly baýlygy, gymmatlygy hökmünde garap, onuň hemişe gadyryny bilipdirler. Olar saglygy gorap saklamagyň häzirki döwürde sagdyn durmuş ýörelgeleri diýlip atlandyrylan ähli zady öz içine alýan ulgamyny döredipdirler. Bu saglygy gorap saklamak ulgamyna oýlanyşykly iýmitlenmek bilen bir hatarda, çagalaryň we ýetginjekleriň bedenini ösdürmek hem-de

hemmetaraplaýyn berkitmek hem giripdir. Ata-babalarymyz çagalaryň we ýetginjekleriň bedenini halkyň döreden köp sanly oýunlary we sport ýaryşlary arkaly berkidipdirler.

Biz umumymilli «Saglyk» maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirip, iň häzirki zaman saglyk merkezlerinden başlap, çagalar dynç alyş-sagaldyş toplumlaryna we sport mekdeplerine çenli gurup, degişli üpjünçilik ulgamlaryny döredip, ähli ýerde sagdyn ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak boýunça uly işleri alyp bardyk.

«Saglyk» maksatnamasynyň çäklerinde eneligi we çagalygy goramak, keselleriň öňüni almak boýunça saglygy goraýyş, maşgala lukmanlarynyň instituty ulgamlaryna döwlet tarapyndan ägirt uly goldaw berildi.

Ata-babalarymyzdan bize örän ýokary ruhy medeniýet, şol sanda jemgyýetde özüňi alyp barmagyň we gözellik baradaky garaýyşlaryň medeniýeti miras galypdyr. Ak ýürekli işlemegi başarýan halkymyz mynasyp dynç almagy hem başarypdyr, öz milli baýramlaryny ýokary derejede ruhubelentlik bilen şatlyk-şagalaňa besläp, belläp geçipdir. Häzirki döwürde biziň wezipämiz kuwwatly döredijilik ýagdaýynyň halkyň ruhy taýdan galkynmagy arkaly berkidilmegini üpjün etmekdir. Bu galkynyşyň maddy esasyny döwlet tarapyndan höweslendirmegiň dürli görnüşlerini, şol sanda sungatlar boýunça hünärleri ösdürmek, ýaş zehinleri ýüze çykarmak üçin umumy-milli bäsleşikleri, festiwailary we gözden geçirişleri guramak boýunça çäreler arkaly goldamak zerur.

Durmuş meselelerini, şol sanda medeniýet, saglygy goraýyş ýa-da ýaşaýyş jaýlary bilen baglanyşykly durmuş meselelerini çözmegiň köp möçberde serişdeleri talap edýändigi düşnüklidir. Elbetde, durmuş gurluşynyň hem esasynda oýlanyşykly durmuş-ykdysady syýasat bilen üpjün edilen önümçilik düzümi bolmalydyr. Umuman, bu biziň milli nusgamyzdyr. Onuň ahyrky maksady durmuş maksatlaryna gönükdirilen, garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetini döretmekdir, ilatyň ähli gatlaklaryna durmuş kepilliklerini üpjün edýän we hojalygy ýöredijileriň ählisini ýokary ahyrky netijeleri gazanmaga gönükdirýän ösen döwlet pudaklary bolan, netijeli telekeçilikli we häzirki zaman bazar üpjünçilik gurluşy bolan, täsirli makroykdysady düzgünleşdirijili ýokary netijeli ulgamy ýuwaş-ýuwaşdan we tapgyrlaýyn emele getirmekdir.

Biziň maksatlarymyz gysgaça şeýle beýan edilip bilner: «Demokratik bazar özgertmeleri her bir maşgalanyň bolelin ýaşamagy kuwwatly döwlet».

III

Ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň depginleri hem biziň dogry ýol bilen barýandygymyzy tassyklaýar. Biziň ýurdumyzyň ähli ýerinde gurluşyk işleri alnyp barylýar. Tutuş ýurdumyz kommunikasiýalar we gaz geçirijileri bilen gurşalandyr. Şeýle gaz geçirijileriň biri eýýäm Hytaýa çenli baryp ýetip, Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki nyşanyna öwrüldi. Dünýade iň uzyn bu gaz geçiriji Özbegistanyň we Gazagystanyň çäklerinden geçip, tebigy gazy arassalamak, gaýtadan işlemek we saklamak boýunça iň iri önümçilikleriň başyny başlap, sebitleýin ulgamyň nusgasyna öwrüldi.

Yurdumyzyň ykdysadyýetiniň hakyky pudagynda senagatyň esasyny ýangyçenergetika toplumy (YET) düzýär. Häzirki döwürde bu toplum doly döwrebaplaşdyrylýar. Hazar deňziniň türkmen bölegini özleşdirmek işi güýçli depginler bilen alnyp barylýar. Bu ýerde önümi paýlaşmak hakyndaky şertnamanyň şertlerinde dünýäniň iň iri kompaniýalary energiýa serişdelerini çykarmak bilen meşgullanýarlar. Türkmenistan Hytaý gaz geçirijisinden başga-da, onuň bilen bir wagtda diýen ýaly, Türkmenistan—Eýran gaz geçirijisiniň ýene-de biri guriup, ulanmaga berildi.

Gurluşygyň depginlerini güýçlendirmek, ýurdumyzda bäsdeşlige ukyply gurluşyk toplumyny emele getirmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, şol sanda ony gurluşyk materiallaryny öndürýän ýerli önümçilik pudaklaryny ösdürmek arkaly pugtalandyrmak boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar.

Yurdumyzyň ähli ýerlerinde ýaşaýyş jaýlary, şol sanda ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary gurulýar. Ak mermere beslenen ýaşaýyş jaýlarynyň tutuş toplumlarynyň gurulmagy Aşgabadyň keşbini tanalmaz derejede özgertdi. Meniň ýokarda belläp geçişim ýaly, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň sebitlerinde häzirki zaman mekdebe çenli çagalar edaralary, orta we ýöriteleşdirilen mekdepler, ýokary okuw mekdepleri, yimyň iň soňky gazananlary ornaşdyrylyp, enjamlaşdyrylan saglyk merkezleri, hassahanalar, sport mekdepleri, Olimpiýa şäherjigi, aýlawlar, teatrlar, medeniýet köşkleri, muzeýler, kitaphanalar gurulýar.

Gurluşyk toplumynyň güýçli depginler bilen ösdürilmegi ýyl boýunça alnanda jemi goşulan bahanyň möçberleriniň çalt artmagyna ýardam berdi. Mysal üçin, 2008-nji ýylda onuň möçberleri 3 esse, 2009-njy ýylda bolsa, 2,9 esse artdy.

Ykdysadyýetimizi diwersitlkasiýa ýoly bilen ösdürmek we maýa goýum işiniň depginini çaltlandyrmak ýörelgelerine laýyklykda, soňky ýyllarda ýurdumyzda sement, karbamid, kaolin we metallurgiýa zawodlary gurlup, ulanmaga berildi. Yurdumyz üçin bütinleý täze pudak bolan dagmagdan pudagyny döretmäge hem badalga berildi. Dokma toplumlarynyň guriuşygy hem dowam etdirilýär. Umuman, bu pudagyň kärhanalarynyň döwrebaplaşdyrylmagy eýýäm onuň önümleriniň dünýa bazarynda mynasyp bäsdeşligi döretmegine mümkinçilik berdi. Gaz turbinaly elektrik stansiýalary, azyk pudagynyň kärtianalary we öz möçberleri boýunça ýurdumyzy ägirt uly gurluşyk meýdançasyna öwren köp sanly beýleki desgalar gurulýar.

Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny özleşdirmek işi hem çalt depginler bilen amala aşyrylýar. Bu ýerde bina edilýän desgalar bu zolakda dünýä derejeli şypahanany döretmek göz öňünde tutulyp gurulýar. Bu şypahana ýakyn ýyllarda hökman dörediler we ol dynç alyş we syýahatçylyk ulgamyny ýokary derejä galdyrar.

Bellenen şu wezipelere laýyklykda, Türkmenbaşy şäherinde häzirki zaman howa menziliniň toplumy guruldy we şäherdäki deňiz menziliniň durkuny düýpli täzelemek göz öňünde tutulýar. Umuman, Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda häzirki zaman ulaglar we kommunikasiýalar ulgamy döredildi. Tejen— Sarahs—Maşat, Aşgabat—Garagum—Daşoguz, Türkmenabat— Atamyrat demir ýollary guruldy. Geljekde bu demir ýollar daşary ýurtlaryň demir ýollary bilen birleşdiriler. Häzirki wagtda täze Uzen (Gazagystan)—Bereket—Etrek (Türkmenistan)—Gorgan (Eýran) demir ýolunyň guriuşygy alnyp barylýar. Geljekde bu demirýol Pars aýlagyna we Hindi ummanyna çenli uzalar. Amyderýanyň üstünden geçýän Atamyrat—Kerkiçi demir ýol köprüsi guriup, ulanmaga berildi. Bu Merkezi Aziýa sebiti we goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilik berer.

Yurdumyzyň içindäki awtomobil ýollary hem halkara standartlaryna laýyk getirilýär. Olaryň günbatardan-gündogara we

demirgazykdan-günorta çenli umumy uzynlygy 1,7 müň kilometre barabardyr.

Biz obany özgertmäge aýratyn üns berýäris. Biziň oba hojalygyny we agrosenagat toplumyny ösdürmek boýunça durmuşa geçirýän çärelerimiz soňky ýyllarda ýurdumyzyň ilatynyň azyk önümlerine bolan isleginiň esasy bölegini öz serişdelerimiziň, önümlerimiziň hasabyna üpjün etmäge mümkinçilik berdi. Häzirki wagtda ýurdumyza getirilýän önümleriň umumy möçberinde azyk önümleriniň paýy 5 göterime barabardyr we bu görkeziji yzygiderli peselýär. 2008-nji yylda bu görkezijiniň 9 göterime golaý bolandygy hem muny aýdyň görkezýär.

Döwlet hem-de hususyýetçilik ulgamlarynyň ysnyşykly arabaglanyşygynyň yzygiderli ösdürilmegi netijesinde, ýurdumyzda iri toplumlar, fermalar, fermer hojalyklary döredilýär. Guşçulykda uly öňegidişliklergazanyldy. Eýýäm ýakyn geljekde ilatymyzyň bu pudagyň önümlerine bolan islegi doly kanagatlandyrylar. Ýurtda maldarçylygyň beýleki pudak laryny, şeýle hem balyk hojalygyny ösdürmek üçin ýakyn wagtda ygtybarly binýady döretmek möhüm wezipeleriň biri hökmünde öňde goýuldy.

Suwaryş suwy bilen üpjün etmek bilen bagly meseleleriň oňyn çözülen ýagdaýynda, amatly tebigyhowa mümkinçilikleri we ýeterlik derejede bar bolan zähmet serişdeleri ýurdumyzda miweli baglar, gök önüm, bakja, iriýmiş hem hoz ekilýän meýdanlary epesli giňeldip, bu önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini has-da artdyrmaga mümkinçilik berer. Yurdumyzyň zeýtun, nar, injir, hurma, üzümiň terligine iýilýan hem kişmişlik görnüşlerini ösdüripýetişdirmäge amatly bolan subtropik zolagyny özleşdirmegiň uly geljegi bar.

Ýokary hilliligi hem-de ekologiýa taýdan ygtybarlylygy bilen tapawutlanýan bu önümleriň dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply boljakdygyna arkayyn bil baglasa bolar.

Ýurdumyzda pagtaçylygy yzygiderli ösdürmek, aýratynda, gowaçanyň ýokary hilli inçe süýümli görnüşleriniň ekilýän meýdanyny hasda artdyrmak aýratyn möhüm wezipe bolup durýar.

Sahy türkmen topragynyň berekedini artdyrmak üçin ýer eýeleriniň her bir zada aýawly, tygşytly çemeleşmegi gerek, şeýle hem döwletimiziň bu ugurda degerli derejede alada etmegi zerurdyr. Şu maksatdan ugur alyp, biz oba hojalyk önümçiliginiň maddy-tehniki üpjünçiligine uly üns berýäris, dünýäniň öňdebaryjy önüm

öndürijilerinden oba hojalyk maşynlaryny alyp bermek, daýhandyr kärendeçileri zerur bolan ýokary hilli dökünler bilen üpjün etmek, oba hojalyk önümlerini öndürýänleriň öz zähmetiniň netijelerine bolan gyzyklanmasyny ýokarlandyrýan hojalyk-pul gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça düýpli çäreleri amala aşyrýarys.

Şu möhüm wezipäni hemmetaraplaýyn çözmegiň esasy şerti hem suwdur. Halkymyz suwy asyriarboýy öz genji-hazynasy hökmünde sarpalap, onuň her damjasyny altyn dänesine deňäpdir. Biziň ata-babalarymyz ekerançylyk meýdanlaryny suwarmagyň özboluşly ulgamyny döredip, käriz usulyny kämil derejä ýetiripdirler. Häzirki döwürde halkymyzyň başlanan işi ahyryna çenli doly berjaý etmek ýaly asylly däbine eýerip, biz öz öňümizde suw üpjünçiligi meselesini toplumlaýyn, ýagny tarp ýerleri ekin dolanyşygyna girizmek hem-de sebit möçberinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek arkaly çözmegi maksat edinýäris. Gözümiziň alnynda özgerýän Gara gum çölüniň jümmüşinde ýüzlerçe gektara uzap gidýän «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagy hut şu maksada hyzmat eder.

Zeminiň iri çölleriniň biri bolan Garagumda emeli deňziň ikinji nobatdakysynyň işe girizilmegi zeý suwlaryny bir ýere ýygnamak we gaýtadan peýdalanmak işine girişmäge şert döreder, çünki şor suwlaryň suwarymly ekerançylygy ösdürmäge ekologiýa taýdan ýetirýän ýaramaz täsirini aradan aýyrmak häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň biridir.

Bir söz bilen aýdylanda, gadymy topragymyzda döredilýän hem-de dörediljek zatlaryň ählisi bir tarapdan, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň ýokary hil derejesini gazanmak üçin onuň ösüşini üpjün etmäge, beýleki tarapdan, önümçiligiň häzirki zaman döwlet-bazar düzgünleşdiriş binýadyna daýanyp, ilatymyzyň durmuş goraglylygynyň we öndürilen jemi içerki önümi degişli derejede paýlamagyň usullarynyň bökdençsiz işlemegi üçin binýat bolup hyzmat etmäge gönükdirilendir. Häzirki wagtda dünýä maliýe çökgünliginiň ýetirýän täsirini nazara almak bilen, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin strategiýasyny işläp taýýarlamak işleri alnyp barylýar.

Bütindünýä maliýe-ykdysady çökgünligi häzirki wagta çenli bizde önümçiligiň pese düşmegine, mejbury ýagdaýda boş durulmagyna, iş orunlarynyň kemeldilmegine, iş haklarynyň gijikdiriiip berilmegine getirmedi. liata tebigy gazy, elektrik energiýasyny, suwy, nahar duzuny we awtoulag ýangyjyny mugt bermek, döwletimiztarapyndan berilýän beýleki ýeňillikler, mysal üçin, ýaşaýyş jaýyny almakdaky bellenen durmuş ýeňillikleri doly

möçberde amala aşyrylýar. Saglygy goraýyş ulgamynda ilata edilýän mugt lukmançylyk hyzmatlarynyň sanawy pugta berjaý edilýär.

Yurdumyzyň Hökümeti ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak, bar bolan iş orunlaryny saklap galmak we täzelerini döretmek, hyzmatlar ulgamyny ösdürmek meselelerini örän möhüm wezipeleriň hatarynda goýýar. Şu maksat bilen ýylyň-ýylyna Diýarymyzyň oba ýerlerinde, şäherçelerinde hem-de etrap merkezlerinde täze kärhanalaryň onlarçasy gurulýar. Olaryň işe girizilmegi ilatyň içerki migrasiýasynyň peselmegine ýardam edýär.

Yurdumyzda iş haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we talyp haklarynyň möçberi yzygiderli ýokarlandyrylýar, şol bir wagtyň özünde-de, sarp edijilik bahalarynyň aňrybaş peseldilmegi ilatyň deslapky hem hakyky girdejileriniň ösüşiniň deňleşmegini üpjün edýär. Iş haklary we beýleki girdejiler öz wagtynda tölenýär.

Ilatyň girdejilerini geljekde-de durnukly ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar, hut bu görkezijiniň ýurduň ösüşiniň umumy depginlerinden öňe geçmegi içerki sarp ediş bazarynyň yzygiderli giňeldilmegine ýardam eder. Şonuň bilen birlikde, ilatyň girdejileri diňe bir iş hakynyň derejesjne däl-de, eýsem, hususy maýanyň möçberine-de bagly bolar.

IV

Men şu ýerde Türkmenistanyň öz ösüşinde düýpli ykdysady özgertmeleriň döwrüne gadam basandygyny aýratyn bellemek isleýärin. Onuň tapawutly tarapy bolsa, bütindünýä ykdysady çökgünliginiň zähmet hem-de maýa bazaryndaky deňagramlylygy saklamakda çözülmeli meseleleriň birnäçesini ýüze çykarandygy bilen baglydyr. Bütindünýä çökgünligi maliýe çökgünliginden gelip çykdy, şonuň netijesinde bolsa, belli bolşy ýaly, bir tarapdan, maliýe hem-de pul-karz ulgamynyň we beýleki tarapdan, hakyky pudagyň arasynda tapawut ýüze çykdy.

Şeýlelikde, biz belli bir derejede, dünýäde goýberilen ýalňyşlyklary, hususanda jemgyýetiň isleglerini we tekliplerini düzgünleşdirmekde bazaryň omuny esassyz ýokarlandyrmak ýaly esasy ýalňyşlygy sapak edinýän okuwçylaryň ýagdaýyna düşdük. Mundan başgada, bazar usuly adam kapitalyna maýa goýmagy, ýagny umumy başlangyç we orta bilim, saglygy goraýyş, medeniýetwe sport ulgamlaryny ösdürmäge maýa serişdeleriniň zerur bolan derejede goýberilmegini üpjün edip bilmez.

Ösüşiň hemmetaraplaýyn sazlaşykly nusgasyny gözlemegimiziň dünýä bileleşiginiň çökgünligiň netijelerini ýeňip geçmekdäki birleşdirilen tagallalary bilen utgaşmagy biziň gazanan ýene-de bir

üstünligimiz boldy. Munuň özi ykdysadyýetleriň anykdan-aýdyň hasap-hesipden daşary, ykdysady ilerlemeleri gazanmaga ýardam berýän ýol-ugurlary saýlamakdaky erkinlige daýanýan häzirki zaman ýörelgeleriniň binýadynda özbaşdaklaşmagyny şertlendirdi.

Şu ýerde biraz öňe gidip, birzady bellemekçi: biziň saýlap alan ugrumyz wagtyň düýpli synagyndan üstünlikli geçdi, sebäbi Türkmenistanda häzirki ýagdaýda bar bolan mümkinçilikler bütindünýä çökgünliginiň milli ykdysadyýetimize ýetirýän täsirini aňrybaş derejede peseltmäge ýardam berdi. Abraýly halkara guramalarynyn baha bermegine görä, onuň ýurdumyzyň ykdysady ösüş depginlerine ýetiren täsiri ujypsyzdyr.

Çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleriň üstünlikli amala aşyrylmagyny, şol çäreleriň ykdysady ileriemelere ýetmekdäki ýardamynyň mümkin boldugyça ýokarlandyrylmagyny diňe ykdysadyýetiň iri ulgamlarynyň sazlaşykly işlemegini kepillendirýän makroykdysady dunuklylygyň žerur bolan derejesi üpjün edilen ýagdaýda gazanyp bolar. Bu ugurdaky esasy görkezijilere ykdysady ösüşiň, ilatyň iş orunlary bilen üpjünçiliginiň, bahalaryň we daşary ýurt pulunyň hümmetiniň umumy derejesiniň ýokarlanmagynyň, eksportuň we importuň, maýa serişdeleriniň ýurtdan-ýurda geçmeginiň ýagdaýynyň ölçegleri degişlidir, munuň özi bolsa jemi islegleriň düýpli derňewini geçirmegi talap edýär, çünki, sarp ediş islegleriniň peselmegi umumy girdejiniň möçberini artdyrmakda düýpli päsgelçilikleri döredýär.

Çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleri işläp taýýarlamakda we amala aşyrmakda Türkmenistanyň Hökümeti ony ýüze çykaran ähli şertleri we özboluşly taraplaryny nazara almaga çalyşýar, şol bir wagtyň özünde-de ykdysady çökgünligiň täsirini ýeňip geçmekde-de, ýurduň uzakmöhletleýin ykdysady ösüşiniň baş ugurlaryny kesgitlemekde-de toplanan maliýe serişdeleriniň möçberini saklamagyň zerurlygyndan ugur alýar.

Häzirki wagtda sazlaşykly ösüşe eýe bolýan makroykdysady syýasat jemi içerki önümiň ýokary depginleriniň saklanmagyny üpjün edýär, ol bolsa öz gezeginde ýurdy ösdürmegiň uzakmöhletleýin häsiýetli binýatlaýyn maksatnamalarynyň gyşamyksyz berjaý edilmegi, şeýle jemi içerki önümiň pudaklaýyn we tebigy-maddy gurluşlaýyn düzümini düýpli ilerletmek we döwrebaplaşdyrmak arkaly gazanylýar. Soňky üç yylyň içinde jemi içerki önümiň yyllyk ösüş depginleri 109 göterimden gowrak artdy, bu görkezijiniň 17 göterime çenlisi gurluşyk pudagynyň paýyna düşýär.

Umuman, jemi içerki önümiň umumy düzüminde önümçilik ulgamynyň pudaklary esasy bölegi düzýär. 2008—2009-njy ýyllarda bu görkeziji 72 göterime golaý boldy. Onümçilik ulgamynyň agdyklyk edýän möçberi milli ykdysadyýetiň häzirki zaman ösi şi bilen

esaslandyeylýar. Sebäbi senagat daşarky we içerki önüme bolan içerki önüme bolan islegi kanagatlandyrýar, oba hojalygy öz önümleri bilen içerki bazary üpjün edýär, gurluşyk bolsa ep-esli mukdarda maýa goýumlaryny özleşdirýär.

Yurduň ykdysady kuwwaty önümçilik serişdeleriniň artdyrylmagynyň, olaryň hiliniň ýokarlandyrylmagynyň hem-de ulanylmagynyň usullarynyň kämilleşdirilmeginiň hasabyna ösýär. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň ykdysady ösüşini durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak we girdeji gazanmak maksady bilen pul dolanyşygyna çekilýän uzakmöhletkleýin maýa goýumlary üpjün edýär.

Şundan ugur alyp, biz maýa goýumlary üçin amatly şertleri döretmäge, maýa goýumynyň çeşmelerini diwersifikasiýalaşdyrmaga, durmuş we inžener üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmäge amatly bolan maýa goýumlaryny goýmak üçin iri taslamalaryň we maksatnamalaryň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmaga aýratyn ähmiýet berýäris.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ýeterlik derejede ygtybarly maýa goýum mümkinçilikleri bolan ykdysady ulgamy döretdik. Bu bolsa bütindünýä maliýe çökgünligi döwründe aýratyn möhümdir. Ýurduň ykdysadyýeti ähli ugur boýunça girdejilidir. Munuň özi milli we daşary ýurt puluny toplamaga hemişe ýardam edýär. 2008-nji ýylda ýurduň jemi içerki önümine goýlan maýa goýumlarynyň möçberleriniň gatnaşygy 32 göterim, 2009-njy yylda bolsa, 47 göterimden gowrak boldy. Bu goýumlaryň üçden bir bölegi uly depginler bilen özleşdirilýän daşary ýurt maýa goýumlarydyr.

Maýa goýumlary babatda Türkmenistanyň özüne çekiji ýurtdugyny bellemek gerek. Sebäbi, ýuräumyz eýýäm döredilen iri önümçilik kuwwatlyklarynyň, zähmet serişdeleriniň, barha kämilleşdirilýän kanunçylyk binýadynyň, telekeçiligi ösdürmäge niýetlenen gurluşly pudaklaryň bardygy bilen utgaşýan iri ýangyç-energetika we ykdysadyýetiň gorsuz ulgamlarynda ägirt uly serişdelere eýedir. Bularyň ählisi ykdysadyýetiň geljekde dumukly ösmegi üçin amatly şertleri döredýär.

Hususy pudagy ösdürmäge hem uly üns berilýär. Bu işler döwlet bilen hususyýetçiligiň arasyndaky hyzmatdaşlyga ýurduň durmuş-ykdysady ulgamyny ösdürmäge we döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen möhüm ugur hökmünde garamaga mümkinçilik berýär. Hususy başlangyçlaryň erkinlige çykmagy öňe gitmäge, innowasiýalary omaşdyrmaga, maýa goýumlaryny özleşdirmäge we zähmet bölünişigini ösdürmäge ýardam etmelidir.

Döwlete degişli bolmadyk ulgamyň jemi içerki önüme goşandyny 2020-nji ýylda 70 göterim'e çenli artdyrmak (YET hasaba alynmanda)

wezipe edilip goýuldy. Bu wezipäni durmuşa geçirmek üçin diňe döwlet tarapyndari hususy kompaniýalar bilen baglaşylýan şertnamalar esasynda dörän hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen çäklenmän, eýsem, bu hyzmatdaşlyk ýurdy ösdürmäge niýetlenen maksatnamalary durmu şa geçirmekde kanunçylyk we gura maçylyk babatda hem ysnyşykly bolmalydyr.

Bu ugurda eýýäm öňegidişlik gazanyldy. 2009-njy ýylda orta we kiçi telekeçiligi ösdürmäge niýetlenen «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Oňa laýyklykda döwlet tarapyndan telekeçiligi goldamak babatda maksatnama taýýarlanylýar. Esasy serişdeleri satyn almak üçin telekeçilere ýyllyk bäş göterim bilen 10 ýyl möhlete çenli karz bermek çäreleri durmuşa geçirilýär, şeýle hem dolanyşyk serişdelerini edinmek üçin bir ýyl möhlet bilen karz pul berilýär.

Döwlet hususy telekeçiligi ösdürmegi höweslendirmek bilen, telekeçiligiň jemi içerki önüme goşandyny hem-de şunuň bilen baglylykda ilatyň girdejisini artdyrmagy nazarda tutýar. Şunda ýüze çykýan meseleleriň köpüsi üçin täjiriň özi jogap bermeli bolar.

Maliýe pudagynyň pul-karz düzgünleşdirmesi Türkmenistanyň makroykdysadyýetiniň deňagramlylygynyň möhüm ugruna degişlidir.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda milli pul birliginiň satyn alyş ukyplylygynyň dumuklylygy üpjün edildi, karz serişdeleriniň möçberi barha artýar. bank aktiwlerrniň likwidligi saklanylýar, ykdysadyýetiň esasy ulgamlaryny ösdürmäge niýetlenen maliýe goldawy pugtalandyrylýar. 2008-nji ýyiyň mayynda milli puluň hümmetini pugtalandyrmak. 2009-njy ýylyň ýanwarynda bolsa, manadyň hümmetini üýtgetmek (denominasiya etmek) çäreleri üstünlikli durmuşa geçirildi. Amala aşyrylan bu möhüm çäreleriň netijesinde, kärhanalaryň maliýeykdysady ýagdaýý has-da gowulandy, puluň dolanyşygy kämilleşdirildi, karz serişdeleriň elýeterliligi üpjün edildi. Ýurdumyzda ähli ýerde pul çalşylýan nokatlar açyldy, şonuň bilen biriikde, manadyň hümmeti indi iki ýyl bäri üýtgemän, özüniň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny saklap gelýär.

Şeýle hem ýurduň pul syýasaty puluň hümmetsizlenmeginiň möçberlerini azaltmaga we sarp ediş nyrhlarynyň durnuklaşmagyna gönüldirilendir. 2009-njy yylda ýyllyk hasaplamada puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi 100,1 göterim boldy. Munuň özi ýurt boýunça şu görkezijiniň hasaplamalarynyň ähli döwründe iň pes görkezijidir.

Içerki bazarda sarp ediş nyrhlarynyň durnuklylygyny üpjün etmek, şeýle hem ýerli haryt öndürijileriň eksport edýän harytlarynyň möçberini artdyrmaga islegini ýokarlandyrmak maksady bilen, gümrük

paçlarynyň möçberieri epesli peseldildi, durmuş ähmiýetli käbir möhüm harytlar üçin bolsa gümrük parçalary ýatyryldy.

Ilatyň ýaşaýyş jaý üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, ýeňillikli şertlerde gozgalmaýan emläk üçin karz bermek ulgamy ösdürilýär. Gozgalmaýan emläk üçin karzlar 5 ýyla çenli ýeňillikli şertlerde ýylda 1 göterim bilen 30 ýyla berilýär. Birinji 5 yylyň dowamynda karz boýunça esasy bergi dälde, karz üçin göterim tölenýär. Şonuň bilen birlikde, kärhanalara we guramalara gozgalmaýan emläk üçin karz alan işgärine jaýyň bahasyny 50 göterim arzanlatmaga ygtyýar berilýär. Häzirki wagtda gozgalmaýan emläk üçin karzlary bermek oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrap we welaýat merkezlerinde işjeň durmuşa ornaşdyrylýar.

Maliýe syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolan ýokary hilli salgyt-býujet ulgamyny döretmek ykdysadyýeti döwlet tarapyndan işjeň dolandyrmagyň möhüm şertleriniň biri bolup çykyş edýär. Soňky ýyllarda salgydyň milli ykdysadyýetdäki paýy jemi içerki önümiň 23 göterimine golaýdyr. Türkmenistanyň býujeti ýaşaýyş-durmuş ugruna gönükdirilendir, onuň girdejisi bolsa çykdajylara garanyňda ýokary depginde ösýär. Girdeji serişdeleri ýurduň Dumuklaşdyryş gaznasynda toplanýar. Bu Gazna milli ykdysadyýeti daşky ýagdaýlaryň ýaramaz täsirinden goramak hem-de innowasiýalary omaşdyrmak, möhüm ähmiýetli döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen döredildi.

Hereket edýän fiskal düzgüni işjeň ykdysady subýektleriň oňyn ösmegine, durmuş ýagdaýynyň ygtybarly bolmagyna ýardam edýär. Salgyt ulgamy ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirilen möhüm uguriara ep-esli ýeňillikleri göz öňünde tutýar.

Ýokarda hem belläp geçişim ýaly, globallaşmak we bazar gatnaşyklaryna geçmek döwletiň omuny we wezipesini düýpli üýtgedýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda syýasatda hem, maglumatlar ulgamynda hem düýpli özgertmeler geçirilýär, kanunçylyk ulgamy täzelenýär, institusional esas kämilleşdirilýär. Häzirki zaman demokratik döwletde raýatlara deň mümkinçilikleri kepillendirýän kanunçylyk binýady ähli zadyň esasy bolup çykyş edýär. Bu ugurda bizde köp işler edildi: mysal üçin, ýeketäk kanun çykaryjy edaranyň wezipesi Mejlise berildi, onuň düzümi giňeldildi; köp kanunlar täzelendi we kabul edildi, ilkinji nobatda bolsa, ýurduň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi; köppartiýalylyk ulgamyny döretmäge tarap ädim ädildi.

Ýurdumyzda ykdysady ulgamyň, gurluşyktoplumynyň, uly möçberli taslamalaryň we telekeçiligiň köp ugurlaýyn reformalar bilen gurşalyp alnyşy has aýdyň görünýär. Bu ulgamlarda häzirki döwürde Türkmenistanyň ileri tutulýan maksatnamalarynyň we taslamalarynyň

durmuşa geçirilişiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga niýetlenen täze pudak edaralary, komitetler we birleşikler emele geldi.

Türkmenistanyň Strategik meýilnamalaşdýryş we ykdysady ösüş instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, şeýle hem ykdysadyýetiň ähli ulgamlary üçin ýolbaşçy işgärler taýýarlanýan we kämilleşdirilýän Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy döredilip, olar üstünlikli işläp başladylar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň mümkinçilikleri giňeldilýär, ilat üçin Internetiň giň ulgamynyň elýeterliligi gowulandyryldy.

Umuman, köp ugurlaýyn özgertmeler milli ykdysady strategiýany durmuşa geçirmek üçin döwletiň ähli maliýe we syýasy mümkinçiliklerini ýokary derejede netijeli peýdalanmaga, dolandyryş wezipeleriniň oňyn çözgüdine ykdysady, durmuş-syýasy we medeni şertleriň ysnyşykly utgaşdyrylmagyna esaslanýan ulgamlaýyn çemeleşilmegini üpjün etmäge gönükdirilendir.

V

«Il bilen gelen toýda-bäýram» diýen pähim-paýhasa ýugrulan türkmen nakyly bar. Şu dünýäniň özara baglanyşyklydygy babatda-da, häzirki zaman dilinde aýtsak, adam mümkinçilikleriniň mazmunyny düzýän düýp esaslar hakynda-da şundan takyk aýdyp bolmasa gerek. Häzirki döwürde hut şu adam mümkinçilikleri ykdysady ösüşiň ýa-da ykdysadyýetiň hemişe depginli ösüşiniň möhüm şerti bolup durýar.

Maddy maýa goýumlary bilen deňeşdirilende adam mümkinçiliklerine goýumlaryň has öňe gitmeginiň bütindünýä ýagdaýy dowam edýär. Bu ýagdaý özüne zähmetiň halkara bölünişigi, ulagyň we aragatnaşygyň dünýä ulgamy, harytlaryň dünýä bazary mahsus bolan häzirki zaman dünýäsiniň ýurtlarynyň ykdysady bitewüligi hökmünde dünýä hojalygyna ýaýramak bilen, adamzat siwilizasiýasynyň mundan beýläkki ösüşiniň baş şerti hökmünde global howpsuzlygyň orta çykmagynyň zeruriykdygyny şertlendirdi.

Türkmenistan özüniň ykdysady strategiýasyny düzende oňa howpsuzlygyň ählumumy nusgasyny guramaga bilelikde gatnaşmak meselesini hem degişli edýär. Çünki, onda öz ykdysady özbaşdaklygynyň esaslary hökmünde milli ykdysady howpsuzlygynyň kepilini görýär. Biziň howpsuzlyga bitewileýin düzgüniň hadysasy hökmünde çemeleşmämiz hem şundan gelip çykýar. Bu düzgüniň syýasy, energetika, azyk, ekologik howpsuzlygy ýaly düzümleriniň hiç biri hem aýratynlykda, biribirini özara şertlendirmezden we geosyýasy baglanyşykda bölünmez ýagdaýda bolmazdan dowam edip bilmez.

Bu meselede biziň öňe sürýän garaýşymyz pugta we üýtgewsizdir, sebäbi ol Türkmenistanyň dünýä bileleşigi tarapyndan

ykrar edilen Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýar. Hut BMG-niň howandarlygy astynda parahatçylygy berkarar etmegiň harby däl, parahatçylykly syýasy-diplomatik ýorelgeleriniň üýtgewsizdigi biziň bähbitlerimiziň sebit we dünýä ýurtlarynyň bähbitleri bilen utgaşan ýerlerinde howpsuzlyk maksatlarymyzy amala aşyrmakda bitaraplygymyza çeýelik we berklik aýratynlyklaryny berýär. Mysal üçin, halkara energetika üpjünçiligini dünýä ykdysadyýetiniň iň bir gowşak düzümi hasaplap we degişli başlangyçlar esasynda çykyş etmek bilen, biz BMG-niň goldawyna daýanyp, bu başlangyçlary yzygiderli durmuşa geçirýäris. Biz bu meselede ahyrky maksady gyzyklanýan ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini hasaba alyp, energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi boýunça halkara-hukuk resminamasyny işläp taýýarlamakda görýäris.

Türkmenistan ähli möhüm halkara konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň gatnaşyjysy bolmak bilen, Merkezi Aziýa we Hazar deňzi sebitinde ýaragsyzlanmak we sebitiň suw serişdelerini netijeji peýdalanmagyň meseleleri barada başlangyçlar bilen çykyş edýär. Hususanda, Araly halas etmekde, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda sebitiň agrar mümkinçiliklerini peýdalanmakda, Owganystany ösdürmek we onuň ykdysadyýetini dikeltmek işinde, şeýle hem eneligi we çagalygy goramakda, maýyplaryň, bosgunlaryň we ş.m. hukuklaryny üpjün etmekde BMG-niň düzümleri bilen özara arkalaşykly gatnaşyklary ysnyşykly ýola goýmakda dürli möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Şu we beýleki meseleleri oňyn çözmekde BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Aşgabatdaky sebit merkeziniň täsirli ornunyň bardygyny görýäris. Bu ugurlaryň ählisi babatda halkara bileleşiginiň edýän tagallalaryna Merkeziň has giňden we anyk işler arkaly çekilmegi ugrunda çykyş edýäris.

Türkmenistan dünýä maliýe-ykdysady çökgünligi we onuň ösüşe ýetirýan täsiri babatda BMG-niň konferensiýasynyň Jemleýji resminamasynyň düzgünlerini goldaýar hem-de onda dünýä maliýe institutlary bolan Bütindünýä bankynyň we Halkara pul gaznasynyň tizden-tiz özgerdilmegi babatda beýan edilen teklipleri möhüm hasaplaýar.

Türkmenistan BMG-niň we onuň düzümleriniň ilkinji nobatda bolsa, BMGÖM, EYK, AÝUYDK ýaly düzümleriniň çäklerinde amala aşyrylýan taslamalaryň we maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine giňden gatnaşmagy göz öňünde tutýar. Ýurduň halkara gatnaşyklarynyň ösüşi eýýäm gol çekilen ylalaşyklaryň çäklerinde-de, täze halkara aragatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly hem dowam etdiriler. Bu ugurda saglygy goraýyşda, daşky gurşawy goramakda, bilimde, medeniýetde we beýleki ençeme ugurlarda halkara

maksatnamalarynyň 109-synyň durmuşa geçirilýändigini aýtmak ýeterlikdir.

Türkmenistan döwletleriň arasyndaky kadaly ykdysady gatnaşyklaryň guralmagyna ýardam bermäge gönükdirilen halkara hukugynyň mundan beýläkde kämilleşderilmegi ugrunda çykyş etmek bilen, ilkinji nobatda, «açyk gapylar» syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmäge itergi berýän daşary ykdysady işiň guramaçylyk-ulgamlaýyn esasyna daýanýar. Hut şeýle syýasat daşary ýurt maýa goýumlarynyň milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlaryna çekilmegine amatly täsir etdi.

Biz halkara tejribesinde giňden ulanylýan önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyk ýaly usuly ykdysadyýetimize daşary ýurt maýasyny çekmekde giňden peýdalanýarys. Mysal üçin, «Petronas» (Malaýziýa), «Dragon Oil» (BAE), «Wintershall» (Germaniýa), «Maersk Oil» (Daniýa), «ONGC» (Hindistan), «Buried Hill» (Kanada) ýaly bilelikdäki we daşary ýurt kompaniýalary bilen çykarylýan nebitiň we gazyň paýy ýyl-ýyldan artýar. Ýurdumyzda 2009-njy ýylda bilelikdäki we daşary ýurt kompaniýalary bilen çykarylan nebitiň möçberi 41 göterime deň, gazyňky 6 göterime golaý boldy. «Jon Dir», «Keýs», «Ekson Mobil», «Şewron», «Ýewraziýa Grupp», «Boing» we beýleki esasy amerikan kompaniýalary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar.

Daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan önümçilik we durmuş-medeni ulgamda dürli desgalaryň gurluşygy giň gerime eýe boldy. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, ýurdumyzda maýa goýumlarynyň özleşdirilmegine dünýäniň 25 ýurdundan daşary ýurt kompaniýalarynyň 117-si gatnaşdy. Şu senä çenli daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan umumy bahasy 11,7 milliard amerikan dollaryna barabar bolan gurluşyklaryň 530-sy alnyp barylýardy.

Bütin dünýäde daşary ykdysady işiň iň çalt ösýan we walýuta girdejileriniň düýpli çeşmesi hasaplanýan ulgamlaryň biri hem halkara syýahatçylygydyr. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny özleşdirmäge girişmek bilen, biz onuň halk hojalygy taýdan maksadalaýykdygyny we netijelidigini düýpli seljerdik hem-de diňe şondan soňra ýeňilleşdirilen salgyt, maliýe we hukuk şertlerini we zerur önümçilik ulgamlaryny döretmek esasynda bütin dünýäde kabul edilen erkin ykdysady zolagyň usulyny girizmek baradaky karara geldik.

«Awaza» syýahatçylyk zolagyny ösdürmek babatda kabul edilen toplumlaýyn çäreler daşary ýurtly we ýerli maýadarlar, syýahatçylyk pudagynyň telekeçileri üçin syýahatçylar babatda ygtyýaraama düzgünininiň ýönekeýleşdirlmegini, ýeňilleşdirilen salgyt salnyşyny (gurluşygyň dowamynda hem-de üpjünçüik ulgamlary we syýahatçylyk desgalary işe girizilenden soňky 15 ýylyň dowamynda maýadarlar emläk we girdeji salgydyny, goşulan baha üçin salgydy, gümrük we

birža ýygymlaryny, ygtyýarnama we güwänama boýunça hyzmatlar, ýeri kärendesine almak üçin tölegleri tölemekden boşadylýar) öz içine alýan amatly düzgüni göz öňünde tutýar.

Yurdumyzyň ulag ulgamynyň ähli görnüşleriniň ösdürilişi hakynda men eýýäm ýokarda aýtdym, biz onda dünýäniň geogiňişligine gös-göni çykmakdan başga-da, döwletiň daşary söwda girdejileriniň düýpli çeşmesini, importa çykdajylaryň azaldylmagynyň we eksportda girdejileriň artdyrylmagynyň, syýahatçylykda goşmaça girdejileriň alynmagynyň mümkinçiliklerini görýäris.

Türkmenistanyň güýçli ösýän we pragmatik daşary ykdysady syýasaty daşary söwda dolanyşygynyň möçberini ýyl-ýyldan artdyrmaga mümkinçilik berýär, onuň ortaça ýyllyk ösüş depgini soňky ýyllarda örän ýokary derejededir. Birnäçe ýylyň dowamynda Türkmenistanyň söwda balansynyň oňyn saldosy ýokary bolmagynda galýar, munuň özi ýurduň töleg balansynda amatly ýagdaýy döredýär. Döwletiň daşary ykdysady syýasatynda esasy ileri tutulýan ugur Türkmenistany çig maly eksport edýän ýurtdan önüm öndürýän we ýokary tehnologiýaly taýýar harytlary eksport edýän ýurtJaryň hataryna kem-kemden geçirmekden ybaratdyr. Şonuň bilen birlikde, öňdebaryjy tehnologiýalaryň, enjamlaryň we stanoklaryň importy dürii usullar bilen höweslendirilýär. Soňky ýyllarda önümçilik-tehnologiki ähmiýetli önümleriň paýy importuň 70—80 göterimden gowragyna barabardyr.

Russiýa, Hytaý, Türkiýe, ABŞ, BAE, Italiýa, Germaniýa, Yaponiýa, Şweýsariýa, Fransiýa, Eýran ýaly ýurtlar we beýleki döwletlerTürkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşlarydyr. Türkmenistanyň önümleri dünýä bazarlarynda mynasyp orny eýeleýär, olaryň hatarynda tebigy gaz, nebit we nebit önümleri, elektrik energiýasy, polipropilen, suwuklandyrylan gaz, pagta süýümi, nah ýüplükler, matalar, oba hojalyk önümleri we olary gaýtadan işlemekden alnan önümler hem-de beýleki önümler bar.

Ýurtda her ýyl halkara konferensiýalarynyň we sergileriniň onlarçasy geçirilýär. Bu daşary ykdysady aragatnaşyklary has-da ösdürmäge we bilelikdäki kärhanalary döretmäge ýardam berýär. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda daşary ýurtlarda abraýly halkara maýa goýum forumlary guralýar. Aşgabat ylmy we medeni garaýyşlary özüne çekýän merkeze öwrülýär, paýtagtymyza dünýäniň köp ýurtlaryndan intellektual işiň we döredijilik işiniň öňdebaryjy wekilleri yzygiderii gelýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysady ulgamyna mundan beýläk-de netijeli goşulyşmagy üçin ýurda ýeterlik döwrebap we kämil önümçilik kuwwaty, ösen ulag we kommunikasiýa ulgamlary, ýokary hilli bazar gurluşy, giň möçberli maýa goýumlaryny çekmek üçin ykdysady we hukuk kepillikleri hem-de şertleri, durmuş

we syýasy ulgamlaryň durnuklylygy zerurdyr. Bu ugurlaryň ählisi boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar, eýýäm ep-esli üstünlikler hem gazanyldy. Ýöne dünýä bir ýerde durmaýar, Türkmenistana hem ähli bellenen maksatnamalary has çalt depginlerde amala aşyrmak zerurdyr.

XXI asyrda jemgyýetiň ösüşiniň nusgasynyň durmuş maksatly we durmuş jogapkärçilikli durnukly ykdysady we syýasy ösüşi üpjün edýän nusgadygyny dünýä tejribesi görkezýär. Jemgyýet ykdysadyýetden, gündelik dumnuş aladalaryndan ýokarda durýan milli maksatlara akyl ýetirmäge girişdi. Şunuň ýaly nusganyň düzülmegine häzirki zaman jemgyýetiniň ähli esasy güýçleri gyzyklanma bildirýärjer, bu işde olaryň her biri öz jogapkärçiligini duýmalydyr.

Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistany ösdürmegiň nusgasynyň esasy düzüm bölegi durmuş ulgamydyr. Biziň ýurdumyzyň kuwwaty we açýan mümkinçilikleri ösüşi çaltlandyrmagyň ykdysady we durmuş şertleriniň özara berk baglanyşygyny gazanmaga doly derejede gönükdirilmelidir. Türkmenistanyň ösüşiň öňdebaryjy ölçeglerine çykmaga we dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda mynasyp orny eýelemäge çalyşmagy ägirt uly maýa goýumlaryny önümçilik we durmuş ulgamlaryna çalt depginlerde gönükdirmegi bilen şertlendirilendir. Bu bolsa, ykdysadyýetiň ýokary tehnologiki ulgamyndan başga-da, halkyň hal-ýagdaýynyň mynasyp derejesidir.

Türkmenistanda durmuşa geçirilýän ähli özgertmeler hut şu maksatlara gönükdirilendir, ykdysady mümkinçilikler bolsa, olaryň netijeli durmuşa geçirilmeginde diňe gural bolup durýar.

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

**„Men ýurda ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günümden özümiň baş wezipämi Garaşsyzlygyň täze sepgitlerine ýetmek üçin milleti täzeden birleşdirip, ruhlandyryp bilýän maksady emele getirmekde gördüm“.**

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow**

## I bölüm. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ okuw dersiniň maksatlary we wezipeleri. Esasy düşünjeler we olaryň manysy

**„Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersiniň ýokary mekdeplerde öwrenilýän beýleki dersler bilen arabaglanyşygy we onuň predmeti.** „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersiniň ilkinji gezek ýokary mekdeplerde okuw dersi hökmünde okadylyp başlanýanlygy sebäpli, onuň predmeti barada gürrüňi dowam edip, onuň üstünde giňişleýin durup geçeliň. Bu kurs nazary we amaly häsiýete eýe bolýanlygy üçin jemgyýetiň durmuşyny derňemeklikde häzirki döwrüň ylmy-filosofiki pikirleniş usullary, esbaplary, şol sanda kompýuterleri ulanmaklyk esasynda derňewleri geçirmekligiň usullary hem ulanylýar.

Bu dersiň üns merkezinde demokratik türkmen jemgyýetiniň içki mümkinçilikleriniň açylyş aýratynlyklary bolýar. Belli bolşy ýaly, öwrenilýän zat baradaky düşünje, şol zat baradaky maglumatlaryň jemi bolýar. Jemgyýetçilik ylymlaryň öwrenýän zatlary baradaky maglumatlar köplenç olaryň özleri tarapyndan alynman, olar üçin başga çeşmelere ýüzlenýärler. Bu ylymlar üçin maglumat çeşmesi bolup döwlet we pudaklaryň statistikasy, resminamalar, köpçülikleýin maglumat beriş serişdeleri çykyş edýärler. Takyk we dogruçyl maglumatlary almaklyk bu ylymlar üçin örän wajyp meseledir. Sebäbi şol maglumatlar olaryň ylmy derňewleriniň obýekti bolýarlar.

Indi garalýan dersiň predmeti näme? diýen soragyň jogabyny başlangyç kesgitlemeleriň üsti bilen bermeklige çalşalyň. Ilkinji başlangyç kesgitleme: Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy – jemgyýetçilik ulgamynyň ýaşaýşyny, ösüşini we özgerişini öwrenýän nazary we amaly ylymdyr. Bu ýerde „ulgam“, „ösüş“, „özgeriş“, „nazary we amaly ylym“ düşünjeler ýüze çykýar. Dogrudan hem garalýan kurs türkmen jemgyýetini ulgamlaýyn derňemekligi maksat edinýär. Jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni gurşawlary biri-biri bilen aýrylmaz baglanýykda bolýarlar. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ kursy şol gurşawlaryň ulgamynda durmuşyň özara täsirleri baradaky meselä garaýar.

Ulgamlaýyn garaýyş baradaky geçilen „Sosiologiýa“ we „Syýasaty öwreniş“ kurslarynda giňişleýin durulup geçilipdi. Şolardan belli bolşy ýaly, ulgamlaýyn garamaklyk her bir hadysada durnukly başlangyçlary ýüze çykarmaklyga mümkinçilik berýär: **sosial edaralar, sosial toparlar we guramalar.** Ulgamlaýyn ýörelge ylmy akyl ýetirmäni gurnaýjy başlangyç bolup ýüze çykýar. Bu başlangyç jemgyýetiň ilkibaşdan biziň aňymyza bagly däl organiki bitewilik bolup çykyş edýänliginden ugur alýar. Oňa girýän bölekler, edaralar, düzümler özara baglanyşykda we özara täsirde bolýarlar. Bu bolsa jemgyýetiň özgerýän döwründäki „işleýiş“ mehanizmini kesgitlemeklige mümkinçilik berýär.

Garaýan dersimiziň nazary we amaly ylym bolýanlygy bolsa, onda öňe sürülýän taglymatlaryň kadalaşdyrylan maglumatlaryň takyk ylmy derňewine esaslanýanlygynda bolýar. Ol diňe şu esasda kesgitlenýär. Bu ylym „abstrakt düzümlerden“ we „synpy bähbitlerden“ daşda durýar.

Ikinji başlangyç kesgitleme: Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy – häzirkizaman türkmen jemgyýeti barada sosial ylymdyr. Onuň predmeti umuman „jemgyýet“ barada däl-de takyk giňişlikde we wagt ölçeginde özgerýän türkmen jemgyýeti baradaky ylym bolýar. Bu ýerde jemgyýetiň geçmişine, şu gününe we geljegine düşünmeklige esaslar bar. Bu ylmyň öňe sürýän taglymaty jemgyýetiň häzirki gereklilikleri bilen kesgitlenýär. Jemgyýet belli bir giňişlikde (ýagny adam köpçüligi bilelikde ýaşaýar we işleýär, kada-kanunlar we gereklilikler bilen baglanyşylan) we wagtda kemala gelýär, açylýar, jemgyýetde özgerişler geçýär, bir nesil beýleki nesil bilen çalyşylyp, jemgyýetdäki yzygiderliligi, dowamlylygy üpjün edýär. Bu bolsa garalýan dersiň „Türkmenistanyň taryhy“, „Mukaddes Ruhnama“ dersleri bilen baglanyşygyny görkezýär. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersi öz manysyna görä ilki bilen taryhy ylymdyr. Bu ýerde jemgyýetiň özgerişiniň dürli döwürleri (garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary, täze Galkynyş eýýamy) bitewi görnüşde, ýagny indiki döwür, öňki döwrüň täze derejesi hökmünde garalýar. Diýmek, täze eýýamda öňki döwrüň gymmatly taraplary has kämil görnüşde gatnaşýarlar.

Üçünji başlangyç kesgitleme: garalýan ders jemgyýetden başlap adama geçýär. Bu ýagdaýy düşündirmeklik gerek. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy ilki bilen türkmen jemgyýeti baradaky ylymdyr. Şonuň üçin ol belli bir derejede sosial filosofiýa we sosiologiýa ylymlary görnüşde hem çykyş edýär. Ol „Jemgyýet näme?“ diýen soragyň jogabyny türkmen jemgyýetiniň mysalynda açmaklyga çalyşýar. Bu jogaby tapmak, ýokarda bellenilişi ýaly, ýeňil däl. Onuň kynlygy hem öwrenilýän zatda öwrenýänleriň hem barlygy bilen bagly bolýar. Ine, şonuň üçin garalýan ders jemgyýeti derňände filosofiýa we sosiologiýa ylymlarynyň çykaran netijelerine esaslanýar, olaryň kesgitlemelerini ulanýar. Şol ylymlaryň kesgitlän ölçeg birligi esasynda türkmen jemgyýetini häsiýetlendirmeklige çalyşýar. Ol ölçegler jemgyýetiň aýrylmaz bölekleri bolmalydyr. Şu kursda „adam“, „maşgala“, „sosial topar“ diýen düşünjeler giňden ulanylýar.

„Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ atly dersde türkmen jemgyýetiniň ähli gurşawlary – ykdysady, syýasy we medeni ulgamlary giňişleýin derňelýär. Olaryň türkmen halkynyň milli aýratynlygy bilen kesgitlenýän özboluşlylyklary we dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesi bilen kesgitlenýän umumylygy

açylmaklyga çalşylýar. Şonda täze Galkynyş eýýamy baradaky taglymat syýasaty öwreniş we ykdysady taglymat ylymlara esaslanylýar. Bu ýerde ylkdysady we syýasy meseleler derňelende olaryň ylmy usullary ulanylýar. Umuman, häzirki türkmen jemgyýetiniň özgerişiniň, galkynyşynyň kada-kanunlaryny, ýörelgelerini ählitaraplaýyn açyp görkezýän biziň garaýan taglymatymyzyň wajyp düşünjesi hökmünde bolsa sosial düzüm düşünjesini kabul etmeklik bolar.

Şol sebäpli biz „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersiniň filosofiýa we sosiologiýa ylymlary bilen baglanşygyna gaýdyp geleliň. Bu ylymlaryň baglanyşygy örän wajyp, sebäbi onuň esasynda adamzadyň sosial pikiriniň ilkibaşdan bitewiligi durýar. Käbir halatlarda filosofiki pikirleriň gönümel „işleýänligine“ garamazdan galkynýan türkmen jemgyýeti baradaky taglymat filosofiýa däldir. Bu taglymatyň filosofiýa bilen baglanşygy dowamlylyk, olaryň biriniň beýlekisine goşulmagy, garaýan taglymatymyzyň sosial filosofiýanyň bir bölegi hökmünde kabul edilmegi dogry däl. Täze Galkynyş taglymatyň sosiologiýa ylmy bilen baglanşygyň jebis bolýanlygyny belläp, olara hem käbir halatlarda ýokarda getirilen düzgünleri ulansa bolar. Filosofiýa, sosiologiýa we Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy özbaşdak, şol bir wagtda hem biri-biri bilen dialektiki baglanşykda bolan sosial ylymlardyr.

Diýmek, „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersiniň predmetini hem düşünjelerini hem sosial filosofiýa ýa-da, sosiologiýa dolulygyna ýygnamak bolmaz. Hawa, häzirki türkmen jemgyýetini häsiýetlendirmekde filosofiýanyň, has hem sosiologiýa ylymynyň düşünjeleri ulanylýar. Bu ýerde biziň garaýan taglymatymyzyň sosiologiýa bilen ýakynlygy aýdyň görünýär. Olaryň filosofiýadan tapawudynyň umumylygy bar. Olaryň esasy meselesi materiýa we aň däl-de, eýsem, sosial düzüm we sosial edara, medeniýet, sosial gurama baradaky meseleler; umuman, adam meselesi däl-de, eýsem, jemgyýetde öz ornuna eýe bolýan şahsyýet we onuň hereketi bilen baglanşykly meseleler; sosial gatnaşyklaryň düýpli esaslary baradaky meseleler däl-de, eýsem, özara sosial täsirler we özara gatnaşyklar baradaky we beýleki meseleler bolýarlar. Bu ýerde Galkymyş eýýamy taglymatynyň meseleleriniň we onda ulanylýan düşünjeleriň sosiologiýanyň meselerinden we düşünjelerinden hem tapawutlanýanlygyny bellemeli. Biziň garaýan taglymatymyzy türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler bilen baglanşykly meseleler gyzyklandyrýar we ol meseleleriň çözgütleri bu ýerde özboluşly, türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan gelip çykýan düşünjeleriň üsti bilen beýan edilýär.

Görşümiz ýaly „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersi öz predmetine we düşünjelerine eýe bolup ýurdumyzyň jemgyýetçilik ylymlarynyň aýrylmaz bölegi bolup çykyş edýär. Ol türkmen jemgyýetiniň täze demokratik häsiýete eýe bolýan döwrüni giňişleýin derňäp, bu döwrüň özboluşlygyny, içki hereketlendiriji güýçlerini, ösüş we özgeriş kanunlaryny açyp görkezmeklige çalyşýar. Ol häzirki özgerýän we kämilleşýän jemgyýetde aýratyn wezipäni hem ýerine ýetirýär.

Garalýan dersiň wezipesi mümkin boldugyça giň we çuňňur türkmen jemgyýetiniň durmuşynda geçýän hadysalary açyp görkezmekde bolýar. Şu wezipe örän ähmiýetli we şol bir wagtda hem çylşyrymlydyr. Sebäbi jemgyýetiň durmuşy

hadysalara örän baýdyr. Ol hadysalar hem hereketli, gapma-garşylykly häsiýetlere eýe bolup, özüniň köpdürliligi bilen tapawutlanýarlar. Ine, şonuň üçin täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty, ýokarda bellenilişi ýaly, şeýle köpdürliligi derňeýän jemgyýetçilik ylymlarynyň netijelerine esaslanýar. Şol esaslaryň üsti bilen ol jemgyýetiň ýaşaýşynyň şekilini, onuň dürli taraplarynyň özara täsirini, ösüşiniň ugruny we kanunlaryny açyp görkezýär.

Häzirkiu döwürde jemgyýetiň özgerişiniň ylmy şekilini açyp görkezmekligiň gerekligi her bir ädimde aýan görünýär. Jemgyýetiň özgerişi özakymyna däl-de oýlanşykly, maksadalaýyk hem-de ähli adamlaryň bähbitleriniň sazlaşygy esasynda geçende netijeli bolýar. Onuň üçin bolsa adamlaryň hereketleri mümkin boldugyça oýlanşykly bolmalydyr. Şeýle oýlanşyklylyk has hem sosial meseleleriň çözgütlerini tapyjy we durmuşa geçirmekligi gurnaýyjy döwlet edaralary üçin wajypdyr. Oýlanşyklylyk şu pursatyň bähbidinden has ýokary galyp uzak möhletleýin bähbitleri kesgitlemeklige esas bolýar. Biziň jemgyýetimiziň mysalynda adamlaryň şeýle ukyba eýe bolmaklaryna täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty gerekli ylmy esaslary döredýär.

Täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty biziň häzirki jemgyýetimiziň täze tebigatyny we onuň osüş ugruny görkezip, adamyň jemgyýetçilik hereketleriniň we onuň jemgyýetde öz-özüni tassyklamagynyň ähmiýetini açyp adamlaryň, sosial toparlaryň jemgyýetde geçýän özgerişleriň uzak möhletleýin täsirini aňlamaklaryna hemaýat edýär.

Şeýleleikde, garalýan ders biziň jemgyýetimizde dünýägaraýyş, nazary we belli bir derejede usulyýet wezipelerini ýerine ýetirýär. Onuň dünýägaraýyş wezipesi adamda täze türkmen jemgyýetiniň ýaşaýşyna we ösüşine garaýyşlary kemala getirýänligi we olaryň netijesinde adamyň belli bir derejede jemgyýetdäki öz ornuny we ýaşaýşynyň manysyny kesgitleýänligi bilen bagly bolýar. Dersiň nazaryýet wezipesi täze türkmen jemgyýetiniň çuňluklaryna ornaşyp bu ýerde bolup geçýän hadysalar barada taglymat derejesinde, ýagny jemgyýetiň ösüşiniň many-mazmuny barada ulgamlaýyn ylmy garaýyşlary öňe sürmeklige esas döredýänligi bilen bagly bolýar. Şular bilen hem onuň usulyýet wezipesi bagly bolýar. Onuň ýörelgeleri biziň jemgyýetimizde bolup geçýän hadysalaryň ol ýa-da beýleki taraplaryny öwrenýän jemgyýetçilik ylymlary üçin peýdalydyr.

**„Türkmenistanyň täze Galkynyş eýýamy“ dersiniň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny. Esasy düşünjeler.** Galkynyş eýýamynyň taglymatynyň wezipesi ilki bilen özgerýän türkmen jemgyýetini ylmy esasda derňemek we şol jemgyýetiň dürli taraplary bilen baglanyşykly täze gymmatlyklary, düşünjeleri, kesgitlemeleri işläp düzmeklik bolýar. Ýöne onuň wezipeleri diňe şu işler bilen çäklenmeýär. Ýokarda bellenilişi ýaly, bu taglymat nazary we amaly häsiýete eýe bolýar. Şonuň üçin onuň esasy wezipeleriniň biri jemgyýetiň özgerişi bilen baglanyşykly amaly meseleleri çözmeklik hem bolýar.

Biziň ýurdumyzda düýpli we aýgytly täzeleniş geçýär. Bu döwür türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny özgerişlere getirýän täze başlangyçlary ýüze çykardy. Şol başlangyçlar häzirki döwürde jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynyň oýlanşykly ölçegler bilen gurnalmagyny, erkin azat hereket edip bilýän adamlaryň taplanmagyny, täze zähmet etikasynyň döremegini ýpjün

etmeli bolýarlar. Şu hili düýpli özgerşikleriň döwründe adamlaryň akyl-paýhasly hereket etmekleri üçin, olaryň jemgyýetde bolup geçýän hadysalary düşündirip hem-de bahalandyryp bilmekleri wajypdyr. Şeýle pähim-paýhasyň we ukybyň döremekligi üçin bolsa täze aň, täze ýol-ýörelge gerek bolýar. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ dersi hem belli bir derjede şu wezipäni amal edýär.

Şonda ol türkmen jemgyýetinde milli gymmatlyklaryň umumyadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşygyny gazanmaklygyň ýollaryny kesgitlemekligi maksat edinýär. Ol türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan ugur alyp häzirki bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiň gymmatlyklaryny özleşdirýän jemgyýetiň ählitaraplarynyň özgermekligine gerek bolan döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ýörelgeleri işläp düzmeklige çalyşýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkyň ruhunyň we aňynyň çuňluklaryna, nesilleriň ahlak tejribesine, belentli-pesli türkmen ýoluna, taryhy tejribesine esaslanyp, adamy mertebelemekligiň gerekligini belleýär. Bu işi amal etmezden hiç bir ylmy, tehniki we durmuşy ösüşiň bolup bilmejekligi barada netije çykaryp, „Döwlet adam üçindir“ diýen ýörelgäni öňe sürdi. Yltmly-bilimli, hünärli, gurujy, dörediji öz Watanyny çyn ýürekden söýýän adamy ýetişdirmeklik meselesi Galkynyş eýýamynyň taglymatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

„Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ ýaş nesliň milletiň we ýurduň geçmişini, şu gününi we geljegini bilýän, halkyň belentliklere galan döwürlerine guwanýan, buýsanýan, pese düşen döwürleri barada oýlanýan, olara obýektiw baha bermekligi başarýan adamlar bolup ýetişmekligi üçin ylmy esas bolup çykyş edýär. Adamda taryhy hakydanyň oýanmaklygy, onuň watançylyk duýgusynyň kämil bolmagynyň esasy şerti bolýar. Watanyň mukaddesligine akyl ýetirmeklik her bir raýatyň borjy bolýar. Özleşdirmeklige girişýän dersiňizde „Watan“ düşünjesine diňe bir milletiň ýaşaýan giňişligi hökmünde garalman, eýsem, oňa il, jemgyýet, maşgala, dogan-garyndaş, döwlet, dost-ýar, dogduk mekan, ýurduň taryhy, şu güni we geljegi düşünjeleriň üsti bilen garalýar. Adam özüne gymmatly şu we beýleki gymmmatlyklary umumylaşdyryp, olary Watan diýen bir söz bilen aňladýar.

Görşümiz ýaly, Galkynyş eýýamynyň taglymaty Watan düşünjesiniň giň we çuň garaýar. Bu ýerde Watan gymmatlygy düşünje hökmünde azyndan üç gymmatlygy: döwleti, ýurdy we milleti öz üçine alýan bir bitewili giňişlik görnüşinde göz öňüne getirilýär. Ýurt, millet we döwlet bilen baglanyşykly soraglar bu dersde giňişleýin açylyp görkezilýär. Garalýan dersde bu düşünjeler taryhy nukdaýnazardan öwrenilýär. Türkmeniň taryhynda öz milletini jany-teni bilen söýen, ýurduny janyny gaýgyrman goran, Watanyna ak ýürekden gulluk eden gerçekleriň ajaýyp mysalyny görýäris (Ärsary Baba, Keýmir Kör, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Seýtnazar Seýdi, Gowşut han, Gökdepe galasyny goranlar we başg.). Taryh deňeşdirme ölçegini berýär (türkmenleriň beýik döwletleri guran döwürleri onuň mysaly bolýar). Taryh biziň häzirki döwrümiziň daýanjy, ýolgörkizijisi bolup çykyş edýär. Biziň dersimiziň watançylyk taglymaty türkmen taryhynyň şanly sahypalaryna daýanýar. Şu dersde getirilýän bizden öňki ýaşan watandaşlarymyz öz ömürleriniň gysga pursatlary bilen bizi geljege ugrukdyrýarlar.

Täze Galkynyş eýýamynda milletiň öz uzak taryhynyň dowamynda toplanan gymmatlyklarynyň baýlaşyp täze derejelere çykyşy beýan edilýär. Olary çuňňur özleşdiren adamda watançylyk terbiýäniň maksat edinýän watansöýüjilik, watançylyk, watana wepalylyk duýgulary oýanar. Täze eýýamda watançy bolmak özüňde dörän şu duýgulary öz işiňde amal edip, Watany beýgeltmeklik bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: „Adatça, mertler Watany beýgeldýändir, Watan bolsa mertleri beýgeldýändir“ diýýär. Häzirki döwürde kemala gelýän nesli watany beýgeltmeklige ukyply adamlar edip ýetrişdirmek, ilki bilen hem täze intelektual elitany ýetişdirmeklige goşant goşmaklyk garalýan dersiň wajyp wezipesi bolýar. Täzelenýän jemgyýetde erkin hereket edýän adamyň ýetişmekligi ýurduň galkynmagynyň wajyp şerti bolýar.

Täze Galkynyş eýýamynda jemgyýet öz esasynda özgerip, kesgitsizlikden aýgytlylyga geçip, öz asyl demokratik aýratynlyklaryny açyp başlaýar. Galkynyş eýýamynda şol esaslarda döreýän mümkinçilikler adamyň döredijilikli zähmetiniň üsti bilen amal edilýär. Hormatly Prezidentimiz bu döwürde jemgyýetiň öňünde ýüze çykýan meselelere ünsi çekip: "…täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň şertlerinde biz döwlet ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdyk. Bu bolsa täzeçe işlemegi, biziň durmuşymyza täzelikleriň girizilmegini talap edýär1" diýip belleýär. Diýmek, türkmen jemgyýetiniň häzirki täzelenýän döwründe adamlaryň täzeçiligi görmek we täze gymmatlyklary döretmek ukyplary artmalydyr. Onuň üçin bolsa ilki bilen, gün-günden aýdyňlaşýan Galkynyşyň aňyýeti türkmeniň pähim-paýhasyna esaslanyp, döwrüň talaplaryna laýyklylykda,ýokarda bellenilişi ýaly, täze düşünjeleri, täze kesgitlemeleri hem-de täze gymmatlyklary işläp düzmeklige ukyply bolmalydyr. Galkynyş eýýamynyň taglymaty şol gymmatlyklary özünde jemläp, täze aňy döredýär. Bu aň jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine gerek bolan türkmeniň ýaşaýyş medeniýetini berkitmeklige esas bolýar. Ol medeniýet adamlaryň täze gymmatlyklaryň özleşdirilişine täsir edip, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmeklige hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny ýokarlandyrmaklyga hyzmat edýär. Şonda täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty, bir tarapdan, adamlaryň döredijilige, gurujylyga ukybyny we hyjuwyny ardyrmaklyga esas bolýan bolsa, ikinji tarapdan, jemgyýetde döredijilikli zähmete we telekeçilige bar bolan päsgelçilikleri aradan aýyrmaklyga kömek berýän ruhy esas bolup çykyş edýär.

Galkynyş taglymatynyň esasy düşünjesi „Galkynyş“ düşünjesi bolýar. Umuman, ylymda Galkynyş (fransuzça Renessans) orta asyr medeniýetinden täze döwrüň medeniýetine geçýän Günbatar we Merkezi Ýewropa döwletleriniň medeni we ruhy ösüşiniň döwri (Italiýada 14-16 aa., beýleki döwletlerde 15-16 aa.). Galkynyş döwrüniň medeniýetiniň aýratynlygy dünýewi, ynsanperwer dünýägaraýyş, antiki döwrüň medeni mirasyna ýüzlenmek, ony täzeden „galkyndyrmak“ (şonuň bilen hem onuň ady baglanyşykly). Biziň garaýan dersimizde hem „Galkynyş“ düşünjesi türkmen jemgyýetinde geçiş döwri tamamlanyp, onuň öz döredijilik, gurujylyk ukybyny açýan döwri bolýar (2007-nji ýylda başlanýar). Onuň many-mazmuny barada aýdylanda, onda ol ylmyň,

bilimiň, milli aňyň täze derejä galmaklygy bilen bagly bolýandygyny bellemelidir. Adamzat taryhynda bolup geçen ähli galkynyşlar oňa şaýatlyk edýärler. Şeýle döwürlerde dünýewi oý-pikirler has güýjeýär. Olar ynsanperwer häsiýete eýe bolýarlar. Ynsanperwerlik, sözüň doly manysynda, durmuşy we ykdysady ösüşiň esasy maksadyny adamyň hal-ýagdaýyny, ýaşaýyş derejesini gowulandyrmaklykda görýär we adamyň şahsyýetlik gymmatlygyny goramaklyga hyzmat edýär. Galkynyşlar döwri ykdysady, ruhy-medeni ýokary göteriliş bolup geçýär. Şonuň üçin bu ýerde „Milli galkynyş“ we „ruhy galkynyş“ barada aýtsa bolar. Eger ýokarda getirilen düşünjeler ruhy galkynyşy häsiýetlendirýän bolsa, „milli galkynyş“ düşünjesiniň manysyny açyp görkezmeklik üçin türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişlere ýüzleneliň.

Biziň ýurdumyzda başlanan täze Galkynyş eýýamy  türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny düýpli özgerişlere getirýän ruhy başlangyçlary ýüze çykarýar. Eger türkmeniň täze ruhy başda adamlara garaşsyzlykdan öňki ýyllar öz aňlaryna ornaşan özüňe ynanmazlyk psihologiýasyndan azat bolmaklyga kömek eden bolsa, indi biziň täze  Galkynyş taglymatymyz häzirki döwürde olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklary gerek bolýar. Şeýle täsirlilige eýe bolmaklyk üçin bu taglymat, bir tarapdan, türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklarynyň döwrebap häsiýete eýe bolmaklygyna esas döretse, ikinji tarapdan, döwrüň gymmatlyklaryny milli ölçegleri ulanyp, olara ynsanperwer häsiýet berýär. Milletiň şeýle ukyba eýe bolmaklygy, onuň ruhy galkynyşy esasynda mümkin bolýar.

Türkmen milleti iň gadymy milletleriň biri bolup sada-sagdyn durmuş ýörelgelerini, ahlak gymmatlyklaryny döredip bilipdir. Şol ýörelgeleriň bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň, raýat jemgyýetiniň gymmatlyklary bilen sazlaşyp umumyadamzat gymmatlyklary bilen baýlaşmagy esasynda milli galkynyş mümkin bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle sazlaşygyň wajyplygyny ylym-bilim ulgamynyň mysalynda açyp görkezip: „Bilim we ylym ýaly ugurlaryň tebigatynyň özi diňe bir milli häsiýetli bolmak bilen çäklenmän, eýsem, has köp derjede milli çäklerden çykýandyr“1 diýip belleýär. Adamzadyň toplan baý tejribesine, onda-da häzirki ösen döwletleriň bazar ykdysadyýetini, hukuk döwletini, raýat jemgyýetini gurmaklykdaky toplan tejribesine daýanmaklyk biziň ýurdumyzda geçýän özgerişleriň netijeli bolmaklygynyň kesgitleýji şerti bolýar. Ýöne ol tajribäni onda-da döwleti dolandyryş ýol-ýörelgelerini köre-körlik bilen kabul edip bolmaz, sebäbi iň täsirli diýip hasap edilýän ýörelgeleriň hem kem taraplary bolýar. Ony XXI asyryň başynda ösen ýurtlarda dörän maliýa-ykdysady çökgünlik görkezýär. Şol sebäpli her bir millet täze gymmatlyklary öz milli aňynyň, milli medeniýetiniň üsti bilen kabul etmeli, olara milli öwüşgün bermeli. Bu bolsa türkmen jemgyýetiniň öz içki mümkinçiliklerini açýan häzirki döwründe diňe milli we umumyadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyrmak esasynda milli galkynyşyň mümkin boljakdygyny görkezýär.

Biziň garaýan dersimizde „Galkynyş“ düşünjesi çuňňur many-mazmuna eýe bolup, türkmen jemgyýetinde häzirki döwürde geçýän ösüşleri, özgerişleri, täzelenişleri öz içine alýar. Dogrudan hem eger ösüş bu ýerde jemgyýetiň bir

ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa, ýagny sadalykdan çylşyrymlylyga, ýöntemlikden belentlige geçýänligini aňladýan bolsa, biz şu hili özgerişleri jemgyýetiň ähli ugurlarynda we derejelerinde görýäris. **Ykdysadyýetde-de, syýasatda-da, medeniýetde-de düýpli üýtgeşikleriň geçýänligini geçýär**.

Ylymda şu hili özgerişleri aňlatmaklyk üçin „progress“ diýen düşünje hem ulanylýar. Progress haýsy hem bolsa bir hadysanyň ösüş hereketi bolup, onuň ýagdaýynyň yzygiderli oňaýly üýtgeýänligini görkezýär. Onda-da ol öňe tarap hereket bolup, ösüşiň täze derejesine çykmaklygyny aňladýar. Tňze Galkynyş eýýamynda biziň jemgyýetimizde bolup geçýän özgerişler şu hili häsiýete eýe bolýar. Görüşimiz ýaly „Galkynyş“ düşünjesi many taýdan „ösüş“, „täzeleniş“, „özgeriş“ we „progress“ düşünjelerini özünde jemleýär.

Bu düşünje hem biziň täze döwrümizi häsiýetlendirýär. Türkmen jemgyýetiniň häzirki ösüş döwri täze Galkynyş eýýamy diýip atlandyrylýar. „Bu eýýamyň ady hem, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, täze döwrüň wezipelerini çözmegiň açary bolup hyzmat etdi“. Hormatly Prezidentimiz öz pikirini dowam edip: „Ähli zady: ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlary, köne we täzeçe tejribäni, maksatlary we wezipeleri, usullary we serişdeleri täzeden dikeltmek zerurdy. Bir söz bilen aýdylanda, bu häzirki döwürde „innowasiýa“ diýip atlandyrylýan, örän giň manyny öz içine alýan düşünjede göz öňüne tutylan ähli zady durmuşa geçirmelidigini aňladýardy“ diýip belleýär 1. Biziň garaýan dersimiziň bütin dowamynda ýurtda geçýän özgerişler şu nukdaýnazar esasynda açylyp görkezilmäge çalşylynar.

**Häzirki zaman siwilizaziýasynyň ösüş aýratynlyklary.** XX asyryň ahyrynda biri-birine garşy duran dünýäniň iki syýasy-harby ulgamlarynyň biriniň (SSSR-iň ýolbaşçylygyndaky dünýäniň sosialistik lageri) dargamagy we ikinjisiniň (ABŞ-niň ýolbaşçylygyndaky günbataryň liberal demoktatiýasy) ýeke-täklikde galmagy bilen garşy durmaklyk döwri tamamlanyp, soňkynyň ählumumy häsiýete eýe bolýan döwri başlandy diýsek wagty howlukdyrjak boldugymyz bolar. XXI asyryň başy bütündünýä globallaşma prosesiniň çözmesi ýeňil bolmadyk meseleleri öňe çykarýanlygyny we köppolýarly dünýäniň döreýänliginiň mysallaryny berýär. Häzir dünýäde başlanan maliýe-ykdysady çökgünlik ýeke-täk nusga bilen dünýäniň hiç bir meselesini çözüp bolmajaklygynyň subutnamasy bolup çykyş edýär. Şonuň üçin bu döwür, bir tarapdan, globallaşma prosesiniň güýjeýänligi we ikinji tarapdan, köpdürliligiň artýanlygy bilen häsiýetledirilýär.

Şonuň üçin häzirki zaman dünýäsiniň iň wajyp meseleleriniň biri ykdysady taýdan ösüşi birmezeş bolmadyk döwletleriň arasynda deňhukukly hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy bolýar. Hyzmatdaşlygyň täze ulgamyny döretmeklik döwrüň talaby bolýar. Şeýle hyzmatdaşlygyň döremekligi üçin syýasy, ykdysady esaslar bar. Bu ýerde bar bolan gapma-garşylyklaryň sebäbi Günbataryň we Gündogaryň garaýyşlarynyň we gymmatlyklarynyň bir ýere sygmaýanlygynda bolmaýar. Olaryň sebäbi şu wagta çenli saklanyp galan halkara ykdysady gatnaşyklaryň ulgamynyň häzirki görnüşinde döwrüň talaplaryna gabat gelmeýänliginde bolýar.

Häzir dünýäde bolup geçýän hadysalar biri-biri bilen baglanşykly, biri-birine garaşlydyr. Bu hadysalaryň we olar bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň ösüşi „döwlet-

sebit-dünýä“ diýen ugurlar bilen sazlaşykda geçýärler. Şonuň üçin her bir döwlet, her bir millet öz ululgyna ýa-da kiçiligine garaman dünýädäki özgerişlere ýokarda görkezilen yzygiderlikde täsir etmeklige ykyply bolmalydyr. Şeýle ukyp dünýäniň ösüşinde öz ornuny tapjak bolýan, geljege tarap herekete girişen döwlet üçin has hem gereklidir. Geljege tarap hereket bolsa döwrüň talaplaryna we özgertmelerine näçe jaýdar jogap berýän bolsa, şonça-da netijeli bolýar. Döwrebaplylyk bu ýerde milli gymmatlyklaryň umumyadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşmagy esasynda gazanylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrmaklyk syýasaty täze Galkynyş eýýamynyň taglymatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Döwrebaplaşmak we hyzmatdaşlyk häzirki türkmen jemgyýetinde syýasy we ykdysady ösüşiň ileri tutulýan gymmatlyklary bolýarlar. Şol gymmatlyklardan ugur alyp, Türkmenistan täze Galkynyş ýolunda täze üstünliklere eýe bolýar. Onda-da döwrebaplaşmak we hyzmatdaşlyk täze döwürde biri-biriniň üstüni ýetirýärler.

Türkmenistanyň ykdysady potensialy, onuň baýlyklary dünýäniň iň derwaýys meselelerini çözmeklige işewür gatnaşmaklyga täze esaslary döredýär. Bu bolsa hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny anyklamaklygy talap edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň teklibi boýunça sebitde öňüni alyş diplomatiýasy, dünýäde energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi, sebitde suw üpjünçiligi meseleleri boýunça resminamalaryň işlenip düzülmegi oňa mysal bolup biler.

Garalýan dersde türkmen döwletiniň daşary we içeri syýasatynyň berk baglanşykda beýan edilip ilatyň durmuş-hal ýagdaýyny gowulandyrmak meselesiniň sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşamagy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryň berkemegi, hyzmatdaşlygyň täze derejä çykmaklygy bilen baglanylýar.

Görşümiz ýaly, täze Galkynyş eýýamynyň taglamaty häzirki türkmen jemgyýetiniň özgerişiniň doly şekilini bermeklige çalyşýar. Şu maksat bilen ol Galkynyş eýýamynyň jemgyýetiniň tebigaty, onuň dürli edaralarynyň özara täsiri, jemgyýetiň bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetininiň gymmatlyklaryny özleşdirişiniň özboluşlylygy bilen baglanyşykly meseleleri çözýär. Jemgyýetçilik durmuşyny öwrenýän beýleki dersler: Türkmenistanyň taryhy, sosiologiýa, syýasaty öwreniş, ykdysady taglymat hem, ýokarda bellenilişi ýaly şu meseleler bilen meşgul bolýarlar. Täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty olaryň bu işde gazanan netijelerini ulanyp, häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüş tabigaty bolup çykyş edýär we täze garaýyşlary bilen belli bir derejede olar üçin usulyýet esasy bolup hyzmar edýär.

**„Türkmenistan özüniň ägirt uly serişde mümkinçiliklerinden, geostrategik taýdan amatly ýerde ýerleşýändiginden, hemişelik Bitaraplyga esaslanýan syýasy ugrundan we umumydünýä siwilizasiýasynda görnükli yz gadyran müňýyllyk taryhy bolan halkyň ruhy taýdan öz maksatlaryny durmuşa geçirmegiň zerurlygyndan ugur alyp, dünýä ýörelgeleriniň täze ulgamyna goşulmalydy we içki ösüşini dowam etmelidi“ 1.**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow.**

## II bölüm. Türkmenistanyň geografiki, geosyýasy ýerleşişi, tebigy we demografiki aýratynlyklary

**Türkmenistanyň geografiki ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** Türkmenistanyň. Merkezi Aziýanyň günbatar böleginde, demirgazyk giňişligiň 42º48′ bilen 35º08′, gündogar uzaklygyň hem 52º27′ bilen 66º41′ aralygynda ýerleşýär. Onuň territoriýasy demirgazykdan günorta 650 km, günbatardan gündogara 1100 km-e çenli uzalyp gidýär. Ol demirgazyk ýarym şaryň aram guşaklygynyň çöller zonasynda ýerleýýär.

Türkmenistanyň ýer üstüniň gurluşy aglaba bir meňzeşiräk relýefi bolan giň düzlüklerden ybaratdyr. Bu düzlügiň günortasyny Köpetdag, Paropamir we Gissar dag ulgamlary tutýar. Umuman ýurduň relýefi günbatardan we demirgazyk-

1 Türkmenistan gazýeti 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.

günbatardan günorta-gündogara tarap kem-kemden beýgelýär. Türkmenistanyň tutýan meýdany 488.1 müň km$^2$. Munuň özi Merkezi Aziýanyň territoriýasynyň 39.8%-ine barabardyr. Onuň ýeriniň 80 % golaýyny Aziýanyň iň uly çölleriniň biri bolan Garagum, galan bölegini bolsa baýyrlyklar, daglar, derýalar, köller, suw howdanlary, medeni oturum (oazis) tutýar. (Onuň çäginde Günorta Mangyşlak we Ustýurt platosy, Garabil we Bathyz baýyrlyklary, Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek we beleki derýalar, Garagum derýasy, Garabogaz we Altyn Asyr türkmen köli ýerleýýär). Türkmenistanyň tutýan meýdany Angliýanyňkydan 244 müň km$^2$, Italiýanyňkydan 187 müň km$^2$, Ýaponiýanyňkydan bolsa 166 müň km$^2$ köpdür.

Türkmenistan demirgazykda Gazagystan, demirgazyk-gündogarda Özbegistan, günortada Owganystan we Eýran, günbatarda bolsa Hazar deňzi boýunça Azerbeýjan we Orsýet bilen araçäkleşýär. Türkmenistanyň iň demirgazyk araçägi Daşoguz welaýatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň „Parahat“ daýhan birleşiginiň Ýaňgala harabaçylygynyň golaýyndaky Üstýurduň

belent çüňki hasaplanýar. Ýurdumyzyň gündogardaky iň çetki nokady Köpetdagyň gündogar gerşi bolan Hezretaksar depesi, günbatar nokady Hazar deňziniň kenaryndaky Suwe burny saýylýar. Ýurduň günorta nokady Serhedabat etrabynyň ilersindäki Çilduhtar diýlen oba hasaplanýar. Türkmenistanyň bütin serhediniň uzynlygy 4600 km. golaýdyr. Onuň aglaba bölegi Özbegistan bilen günorta goňşularymyz bolan Owganystan we Eýran aralygyndaky serhede degişlidir.

Türkmenistanyň klimaty özboluşly. Ol kontinental we gurak klimata eýe bolýar Klimatyň munuň ýaly ýagdaýy atmosferanyň sirkulýasyýasynyň aýratynlyklary, ýurduň ägirt uly materigiň jümmüşinde bolmagy, ondan başga-da günortada ýerleşýänligi hem-de günorta-gündogarda we günortada dag ulgamlarynyň barlygy bilen baglanşyklydyr. Klimatyň kontinentallygy we guraklygy Türkmenistanyň ygala garyp, gün energiýasyna baý ülke bolmagyna sebäp bolýar. Ol özüniň geografik ýagdaýyna görä, Günden örän köp ýylylyk alýar. Gös-göni gün radiýasyýasyndan düşýän ýylylygyň ýyllyk mukdary ýurtda demirgazykda 80 kkal/sm², günorta-gündogarda bolsa 110 kkal/sm² ýetýär. jemi radiasiýanyň ýyllyk mukdary ýurduň demirgazyk-günbatarynda 130 kkal/sm² bolanlygyndan günorta-günbatarynda 160 kkal/sm² çenli üýtgäp durýar.

Türkmenistanda howanyň gyzgynlygy ýylyň dowamynda üzül-kesil üýtgäp durýar. Düzlüklerde ortaça ýyllyk temperatura demirgazykda +11-13° bolanlygyndan günorta-gündogarda +15-18° çenli üýtgeýär. Daglarda ýokary galdygyňça howanyň temperaturasy pese düşýär, ýagny 1500-2000 m beýiklikde howanyň temperaturasy +7-10° deňdir. Ýanwar iň sowuk aý hasaplanýar. Bu aýyň ortaça temperaturasy ýurduň demirgazyk-gündogarynda -6° bolanlygyndan günorta-gündogarynda +3°, çetki günorta-günbatarynda bolsa +5° çenli üýtgeýär. Sowuk howa massalarynyň agdyklyk edýän käbir ýyllary gyşyna has gazaply bolýar. Aýaz uzak wagtlap saklanýar we hatda günorta etraplarda hem – 30- 36°, günorta-günbatarda we Hazar deňziniň kenar ýakalarynda bolsa -17-19° ýetýär. Tomsuna düzlüklerde yssy we gurak bolýar. Ol ýerlerde howanyň ýokary temperaturasy iýulda, kenar ýaka etraplarda bolsa awgustda bolýar. Howanyň absolýut temperaturasy merkezi we Günorta-Gündogar Garagumda +45-50° ýetýär. Ýurduň demirgazygynda, kenarýaka etraplarda we daglarda bolsa howanyň gyzgynlygy peselýär.

Türkmenistanyň klimaty üçin diňe bir howanyň gyzgynlygynyň ýokarylygy mahsus bolman, eýsem gün şöhleleriniň dowamlylygy hem mahsusdyr. Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumyň gündogarynda orta hasap bilen ol ýylda 2800-3100 sagada ýetýär, emma deňiz ýakasyndaky ýerlerde we Köpetdagyň demirgazyk eňňitlerinde birneme azalýar. Gün şöhlesiniň dowamlylygy ýanwarda 100-den 150 sagada, iýulda bolsa 320-den 400 sagada çenli üýtgäp durýar.

Gün şöhlesiniň dowamlylygy bulutlylyk bilen ýakyndan baglanşyklydyr. Bulutlylygyň ortaça möçberi ýurduň bütin çäginde pes, ýagny 3-4 baldyr. Türkmenistanda açyk we ala bulutly günler köp bolýar. Günorta-Gündogar Garagumda açyk howaly günleriň ýyllyk maksimumy 165-185 gün bolup, Üňüz aňyrsyndaky Garagumda 122-132 güne we Hazar deňziniň kenarlarynda 100 güne çenli azalýar. Türkmenistanda köplenç ygal az düşýär, ýylda orta hasap bilen 80 mm-den 360 mm çenli ygal düşýär.

Bütin ýylyň dowamynda gurak maýyl howaly pasyl bilen has çygly sowuk howaly pasyl çürt-kesik tapawutlanýar. Sowuk howaly pasylda düşýän ygal maýyl howaly pasylda düşýän ygala garaňda 2-3 esse köp bolýar. Bütin ýylyň dowamynda ygal deň düşmeýär hem-de birsyhly üýtgäp durýar. Aýry-aýry ýyllarda atmosfera ygallarynyň ýyllyk mukdary 24 mm-den 564 mm çenli üýtgeýär. Kämahallar ygalyň gije-gündizlik mukdary ençeme ýylyň ortaça aýlyk normasyndan hem birnäçe esse artýar. Ygal gar görnüşinde onçakly köp düşmeýär, özem köplenç noýabrdan marta çenli bolan aralykda ýagýar.

Tomusda howanyň gyzgynlygynyň ýokarylygy, ygalyň azlygy hem-de ýerüsti suwlaryň ýoklugy howanyň çyglylyk režimini şertlendirýär. Onuň iň ýokary derejesi köplenç ýanwarda bolýar. Üňüz aňyrsyndaky Garagumda, Köpetdag eteginde hem-de Hazar deňziniň kenar ýakalarynda otnositel çyglylyk 75-78% ýetýär. Günorta-Gündogar hem-de Merkezi Garagumda bolsa otnositel çyglylyk 70%-e çenli azalýar.

Iň gurak döwür iýundan sentýabra çenli hasaplanýar, şol döwürde çöllük zonada otnositel çyglylyk 22-25% çenli peselýär, käbir yssy günlerde otnositel çyglylygyň minimumy ol ýerde 1-2% ýetýär. Deňziň täsir edýänligi sebäpli, kenar ýakasyndaky ýerlerde (Esenguly 69%) we daglarda (Haýrabat 47%) otnositel çyglylygyň iň ýokary bolýan wagty tomus aýlarydyr. Amyderýanyň boýunda çyglylyk çölüň suwa ýetlmeýän ýerine garaňda has ýokary bolup, 37-41% ýetýär. Howanyň çyglylygynyň pesligi suwuň güýçli bugarmagyna şert döredýär. Türkmenistanyň suw howdanlarynda suwuň bugarmagynyň ýyllyk möçberi 1000-2300 mm aralygynda üýtgäp durýar.

Ýylyň köp wagtynda Türkmenistanyň denirgazygynda demirgazyk-gündogar, Köpetdagyň merkezi hem-de dag etek düzlükleriniň ugrunda gündogar, Günorta-Gündogar Garagumda bolsa demirgazyk ýelleri öwüsýär, Türkmenistanyň günorta-gündogaryndaky käbir raýonlarynda relýefiň täsiri astynda demirgazyk ýelleri demirgazyk-günbatar ýellerine öwrülýär. Türkmenistanyň bütin çäginde gowşak we aram ýeller (tizligi 5 m⁄sek-a çenli) agdyklyk edýär. Tizligi 15 m⁄sek-den gowrak ýelli günleriň sany Merekezi Garagumda ortaça 5-10, Günorta-Gündogar Garagumda 3-8 gündür. Hazar deňziniň demirgazyk kenar ýakasy, Köpetdagyň günbatar etekleri we Amyderýa jülgesi ýelleriň iň köp bolýan ýerleridir. Güýçli apy-tupanly ýeller köplenç günbatar, demirgazyk-günbatar we demirgazyk sowuk howa massalary aralaşanda döreýär. Apy-tupanly günleriň iň köp bolýan ýeri Balkanabadyň töwerekleri hasaplanýar. Ol bu ýerde ortaça 60 güne ýetýär. Merkezi we Günorta-Gündogar Garagumda apy-tupanly günleriň ortaça ýyllyk sany 30-40 gündir. Daglarda we oazislerde şeýle günler selçeň bolýarlar.

Türkmenistanyň topragy dürli-dürli bolup, ýurduň ýerleşişi bilen bagly bolýar. Çöl-sähraly zonasy mele topraklaryň has köpräk ýaýran ýeri bolan daglyklary we dag etegindäki ýapylary öz içine alýar. Ösüş derejesi boýunça ol topraklar açyk mele, adaty mele we goýy mele toprak görnüşlerine bölünýär. Açyk mele topraklar mele toprakly gurşaklygyň aşak böleginde, adaty mele toprak onuň orta we goýy mele toprak bolsa ýokary böleginde gabat gelýär.

Çägeli çöl, melemtil-goňras, takyrsow, takyr, çemenlik we şorluk topraklar çöllük zonanaýň has köp ýaýran topraklarydyr. Çägeli çöllük ýerleriň topragy ot-ösümlik bilen çägesi berkidilen Garagumyň hemme ýerinde, Üňüz aňyrsyndaky Garagumyň köp böleginde, Amyderýanyň ýakasyndaky çägelik zolakda ýaýrandyr. Melemtil-goňras topraklar, esasan, Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanyň, Üňüz aňyrsyndaky Garagumyň, Sandykly massiwiniň gyralarynda, şeýle hem Günbatar Köpetdagyň, Uly Balkanyň eteklerinde duş gelýär. Takyrlar we takyrsow topraklar Amyderýanyň, Tejeniň, Murgabyň, Etregiň düzlüklerinde, şeýle hem Köpetdagyň, Köýtendagyň, Uly we Kiçi Balkanyň dag etegi düzlüklerinde duş gelýär. Çemenlik, çemenlik-takyrsow topraklar Amyderýanyň, Murgap, Tejen we Etrek derýalarynyň jülgelerinde ýaýrandyr. Çaýlym-çemenlik topraklary, esasan, Amyderýa ýakasynyň suw çaýylýan böleginde, insiz zolajyklar görnüşinde hem Murgap we Tejen jülgelerinde duş gelýär.

Beýan edilen topraklaryň suwarymly görnüşleri tarp toprakdan özleriniň strukturalaşanlygy, ýokumly maddalaryň ýokarylygy, şorlugynyň pesligi, suw-fiziki häsiýetleriniň has oňatlygy bilen tapawutlanýarlar Suwarymly ekerançylyk üçin, esasan, açyk melemtil, çemenlik, takyrsow we çemenlik-takyrsow, azrak mukdarda hem suwarymly takyr, çägeli çöllük we galyndy-çemenlik topraklar peýdalanýar. Häzirki döwürde ýurdumyzda 2 million gektar ýer özleşdirilendir. Umuman, Türkmenistanyň klimaty we mes topragy ýylylygy söýýän suwarymly ekerançylyk üçin örän amatlydyr. Bu ýerde gowaça, aýratyn-da onuň inçe süýümli sortlary, örän süýji gawundyr garpyz, üzüm we başgalar ekilýär.

Ilat gadym döwürlerden bäri ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik bilen meşgul bolup gelipdir. Arheologik maglumatlara görä, ýurduň çäginde bürünç we demir asyrlarynda üç sany uly jemgyýetçilik zähmet bölünşigi bolup geçýär: netijede, ekerançylyk bilen hünärmentçilik hojalygyň esasy pudaklaryna öwrülýär. Şol döwürlerde täjirlik peýda bolýar. Bu zähmet bölünişmesi taýpalaryň arasynda alyş-çalşyň güýçlenmegine, adamlaryň arasynda emläk taýdan deňsizligiň we netijede döwletiň ýüze çykmagyna getirýär. Bu özgeriş b. e. öňki 2-nji müňýyllygyň ahyrynda we 1-nji müňýyllyklaryň başlarynda Türkmenistanda demriň giňden ulanyp başlanan döwüründe has-da güýçlenipdir.

Bu döwri öwrenmeklikde Günorta Türkmenistanda ýerleşýän Altyndepede, Namazgadepede we Mary welaýatynda Goňurdepede geçirilen arheoligik gazuw-agtaryşlaryň materiallarynyň gymmatly ähmiýeti bar. Mäne obasynyň ýanyndaky Altyndepe şäheriniň meýdany 30 ga. golaý, Kaka etrabynda ýerleşen Namazgadepäniň meýdany bolsa 70 ga. ýetýär. Murgabyň gadymy hanasynyň ugrunda Goňurdan bürünç eýýamynyň Marguş ýurdunyň esasy şäheri bolan Goňurdepäniň açylmagy Türkmenistanyň çäginde marguş siwilizasiýasynyň bolandygyny subut etdi. Goňurdepede gadymy arhitektorlar kremliň beýik diwarynyň arasynda gizlenen köşgi bina edipdirler. Olar kremliň daşyna inedördül goranyş diwaryny çekipdirler. Bu ýerde suw ybadathanasy, ot ybadathanasy we gurbanlyk berilýän ybadathana bilen bir hatarda Goňurdepäniň köşk toplumynyň jemlenen dini maksatly jaýlarynyň umumy meýdany 10 ga. bolan. Bu şäher otparazlyk dininiň dörän ýeri hasaplanýar. Ol ýerlerde ýaşan halklar öz döwürlerinde ýokary medeniýete eýe bolupdyrlar. Marguş siwilizasiýasy gadymy

dünýäniň beýik medeniýeti hökmünde Müsür, Messopotaniýa, Hindistan we Hytaý medeniýetleri bilen bir hatarda durýar. Şu we beýleki arheologiki açyşlar Türkmenistanyň çäginde iň gadymy medeni merkezleriň bolanlygyna şaýatlyk edýär.

**Türkmenistanyň ýerasty baýlyklary.** Türkmenistanyň iň esasay ýer asty baýlygy nebit we gaz bolýar. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä ýurduň çäginiň dörtden üç böleginiň nebit we gaz babatdaky geljegi uludyr. Häzirki güne çenli ýurdumyzda nebit we gaz babatda geljegi uly düzümleriň müňden gowragy ýüze çykaryldy, ýataklaryň 150-den gowragy açyldy, olaryň diňe 50-sinde işlenilýär. Uglewodoradlaryň başlangyç umumy resurslary 45 milliard tonnadan gowrak şertli ýangyja barabar diýip çak edilýär (Türkmenistan 2008`10`09`). Bu ýerde 7 sany iri gazly topar: Günbatar Türkmenistan, Merkezi Garagum, Böwrüdeşik-Hywa, Türkmenabat, Üňüz aňyrsy Garagum, Murgap hem-de Garabil-Bathyz bölünip görkezilýär. 2008-nji ýylda „Gaffney Cline Associates“ iňlis kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan Amyderýanyň basseýninde geçirilen halkara auditiniň netijesinde Gündogar Türkmenistanda açylan Günorta Ýolöten-Osman tebigy gaz ýatagy özüniň gorlarynyň möçberi boýunça dünýäniň iň iri gaz ýataklarynyň bäşligine girýänligi tassyklandy.

Türkmenistanyň çäginde Tüwergyrda, Uly Balkanda, Köýtendagda daşkömrüň çykýan ýerleri bar. Tüwergyrda ol galyňlygy 0,3 metrden 2 metre çenli bolan birnäçe gatlaklardan durýar. Geçirilen gözleg-barlag işleri netijesinde Gyzylgaýa we Çagyl obalarynyň aralygynda 10 metre çenli galyňlykda kömür gatlaklarynyň barlygy anyklandy. Umuman, Tüwergyr sebitlerinde 2 milliard tonna çemesi kömür bar diýip çaklanýar.

Tüwergyrda, Köýtendagda we beýleki käbir ýerlerde paleogen çäkgündileriň arasynda margensiň birleşmesi duş gelýär. Köýtendagda linza we ştok görnüşinde gurşunyň we sinkiň gorlary bar. Bu ýerde mis we bariý magdanlary hem duş gelýär. Barlaglar netijesinde simap almak üçin çig mal bolan kinowaryň çykýan 200-e golaý ýerleri anyklandy. Simaply minerallar Köýtendagda, Uly Balkan daglarynda duş gelýär.

Nebit senagatynda, nebit-gaz gözleg işlerinde giňden ulanylýan bentonit toýnunyň ýataklary hem ýurdumyzda bar. Ol Balkanabadyň demirgazygynda Oglanly diýen ýerden 1930-njy ýylda tapyldy. Bentonit toýny gatlak görnüşinde bolup, paleogen çökgündilerinde bolýar. Ol nebit işlenilende ondan alynýan önümleri arassalamaklyk üçin ýokary hilli adsorbent bolup hyzmat edýär. Şonuň ýaly hem ol metal eretmek işinde galyp materiallaryny we buraw işlerinde toýun laýyny taýýarlamak üçin ulanylýar. Ýurtda ýura döwrüniň çäge-toýun çäkgündileriniň düzüminde boksit hem duş gelýär. Ol alýuminini almaklyk üçin çig mal bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň çäginde çökgündi gatlaklarda karbonat jynslary (dolomitiň hek daşlary, mergeller, mel), sulfatlar (gips, angidrit, özünde gips saklaýan jynslar), toýunlar, oda çydamlay toýunlar, çäge daşlary, kwars çägeleri, jyglym-çagyl minerallary we başgalar giň ýaýrandyr. Käbir ýerlerde granit, porfirit, andezit, bazalt we beýleki çogup çykýan jynslaryň ýeriň ýüzüne çykýan ýerleri bar. Olaryň köpüsi gurulşyk hajatlary üçin giňden ulanylýar. Keletede,

Babadurmazda, Baharlyda bar bolan paleogen daşly çägeler aýna öndürmek üçin ýaramlydyr. Olardan başga-da Türkmenistanda mineral reňkler, bezeg daşlary (olaryň iň owadany Garlyk gowagyndaky we Köpetdagdaky „onuks“) bar.

Türkmenistan kükürde, nahar we kaliý duzlaryna, natriý sulfatyna (mirabilite), magniý duzlaryna, ozokrite, ýoda, broma baý. Onuň çäginde mineral duzlaryň ähli görnüşleri diýen ýaly duş gelýär. Garabogazkölde natriý sulfatynyň, bişofitiň, epsomitiň ägirt uly mukdary bar. Şonuň ýaly-da bu ýerde magniý, stronsiý, rubidiý, bor, brom we başga seýrek duş gelýän elementler hem duş gelýär. Türkmenistan nahar duzuna örän baý. Iň uly duz känleri Hazar boýundaky Guwluköl, Jebel stansiýasynyň golaýyndaky Babahoja, Günorta-Gündogar Türkmenistanda Soltan Sanjar hem-de Magdanly känleridir. Başga ýerlerde hem nahar duzunyň köp mukdary bar.

Ýerasty we mineral suwlar hem Türkmenistanda gazylyp alynýan gymmatly zatlaryň biridir, sebäbi suw resurslary biziň ýurdumyzyň hiç bir zat bilen deňäp bolmaýan baýlygydyr. Yssy we gurak klimat, ygalyň az ýagmagy, trerritoriýanyň geologik we tektonik gurluşynyň çylşyrymlylygy ýerasty suwlaryň emele geliş, ýatyş we akyş şertlerini kesgitleýär hem-de has minerallaşan ýerasty suwlaryň toplanmagyna esas bolýar. Şonuň üçin ýerli suw resurslaryny öwrenmeklik, şäherleri we obalary arassa agyz suwy bilen üpjün etmeklik meselesi ýurt üçin wajyp meseleleriň biri bolýar.

Ýerasty süýji suwlar, esasan, Köpetdag, Uly Balkan, Köýtendag sebitlerinde emele gelip, olar özünden suwy gowy geçirýän, ýuranyň we meliň kem-kesleýin jaýryk ýatan jynslarynda saklanýar. Ol suwlar Aşgabadyň, onuň töwerekleriniň we başga onlarça ownuk-iri şäherleriň, şäherçeleriň senagat, komunal, oba hojalyk suw üpjünçiligine bolan hajatlaryny kanagatlandyrmaga uly goşant bolup hyzmat edýär. Derýalaryň ýakalarynda we Garagum derýanyň zonasynda filtrasiýanyň esasynda emele gelen ýerasty süýji suwlar hem suw üpjünçiliginde peýdalanýar. Duzly suwlaryň üstünde „ýüzýän“ linzalar görnüşinde bolan süýji we çala şorlaşan ýerasty suwlary Garagum çällüginde hem bar. Şeýle linzalaryň birinde, ýagny Ýasga linzasynda geçen asyrda Günbatar Türkmenistanyň birentek şäherleriniň senagatyny suw bilen üpjün edýän suw ýygnaýjy desga guruldy. Bu ýerde süýji suwy-da, şor suwy-da bir wagtda çykarmak üçin goşalandyrylan skwažinadan peýdalanyldy. Munuň özi süýji we onuň aşagyndaky şor suwuň gatyşyp çykmagyna mümkinçilik bermeýär we şol linzany uzak wagtlap peýdalanmaga esas döretdi.

Türkmenistanda termal suwlar hem kän. Olara kesel bejeriş ähmiýeti bolan, senagatda olardaky komponentleri saýlap alyp boljak, şeýle hem energetika maksatlary üçin ulanyp boljak termal suwlar girýär. Türkmenistanyň mineral suwlaryny öwrenmek we praktiki taýdan ulanmak häzirki döwürde giň gerime eýe bolýar. Praktiki taýdan bejeriş maksatlary üçin Türkmenistanyň artezian basseýnnlerinde, şeýle hem Köpetdagyň ýygyrtly ýerlerinde, Uly Balkanda we Köýtendagda giň ýaýran sulfatly, kükürtwodorodly suwlar peýdalanylýar. Sulfidli suwlaryň iň giň ýaýranlary hlorid natrili, gidrokarbonat-sulfat-hlornatrili suwlardyr.

Çuň gorizontlardaky ýerasty suwlaryň düzüminde senagat maksatlary üçin ulanylýan ergin haldaky elementler bar. Türkmenistanda, esasan, onuň ýygyrtly ýerlerinde ýod-bromly, demirli, magnili we başga goşundyly suwlar kän. Hazar we Boýadag känlerinden çykýan mineral suwlaryň esasynda ýod-brom zawodlary işleýär.

**Türkmenistanyň geosiýasy ýerleşişi we demografiki aýratynlygy.** Türkmenistan gadym döwürlerden bäri söwda ýollarynyň, medeni we dini gatnaşyklaryň çatrygynda ýerleşen. Onuň ajaýyp mysaly hökmünde Beýik Ýňpek ýoluny getirse bolar. Harby hadysalar sebäpli, tebigy ýagdaýlar bilen baglylykda, adamlar bu ýoluň ugruny üýtgeden hem bolsalar, ol hökmany suratda ýurduň çäginden geçen. Mary şol ýoluň merkezinde ýerleşen. Onda bu ýoluň bir şahasy demirgazyga-Horezma tarap bölünip aýrylýar. Günorta tarap Horosana we ondan Kermana, Pars aýlagyna gidýän ýoluň başga bir ugry Arabystana alyp barypdyr. Gündogarda bu ýol Hindistana we Hytaýa rowana bolan.

Bu ýoluň Türkmenistanyň çäklerinden we onuň goňşy ýurtlarynyň içinden geçýän bölekleri barada ilkinji gezek Usidor Harakskiniň eserlerinde habar berilýär. Onuň b.e. I asyryna degişli „Parfian duralgalary“ diýen işinde Eýrandan gelýän söwda ýoly demirgazyk Parfiýanyň üsti bilen (Köpetdagyň demirgazyk eteklerinden, Nusaýyň üsti bilen Apawarktika) göni Merwe barýanlygy aýdylýar. Orta asyrlara degişli arap awtorlarynyň belleýşine görä, olaryň döwründe Eýrany Orta Aziýa bilen we ondan aňry gündogar welaýatlar bilen birikdiren şäher Saragt bolupdyr. Olaryň göz öňünde tutýan ýoly Köpetdagyň günorta etekleri bilen Nyşapura, ondan Saragta we Merwe barypdyr. Bu ýoluň emele gelmegi Eýranyň gündogarynda uly şäheriň – Nyşapuryň we b. e. IV asyrynda Hazaryň gündogar eteginde – Dehistanda, özbaşdak döwletiň döremegi bilen bagly bolupdyr.

Beýik Ýüpek ýoly diňe söwda we diplomatiýa ýoly bolman, eýsem medeniýetleriň, iş usullarynyň, tehnologiýalaryň, sungatlaryň we dinleriň ýaýramagyna, dünýä halklarynyň medeniýetleriniň baýlaşmagyna uly kömek edipdir. Bu ýol halklaryň arasyndaky parahatçylykly gatnaşyklaryň göreldesini berip, zehinli taryhçylaryň, geograflaryň, syýahatçylaryň peýda bolmagyna getirýär. Ony biz Türkmenistanyň mysalynda hem görýäris. Gadym döwürlerden bäri bu ýerde ýaşaýan ilat ýakyn we alys ýurtlar bilen gatnaşyp ähli ugurlarda üstünlikleri gazanyp bilipdirler. Ýurt ylym adamlarynyň, filosoflaryň, şahyrlaryň mesgenine öwrülipdir. Mahmyt Gaznalynyň, seljuk türkmenleriniň soltanlygynyň, Köneürgenç soltanlygynyň döwründe türkmenler bütin yslam dünýäsinde ylmyň, edebiýaýň, süngatyň ösmegine saldamly goşant goşup gelen. Olar hoşniýetli gatnaşyklaryň tarapdary bolup çykyş edenler. Türkmenleriň ýörelge edinýän parahatçylyk söýüji syýasaty adalatlylygy, ynsanperwerligi, olara orta asyrlarda Aziýanyň, Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Afrikanyň ähli künjeklerinde onlarça döwletleri, şol sanda beýik soltanlyklary gurmaga kömek etdi.

Türkmen halkynyň ynsanperwerlik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň hem daşary we içeri syýasatynyň many-mazmunyny kesgitleýär.

Şonuň üçin ylym-bilime hemaýat, medeni mirasy gorap saklamak döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolýar. Şu syýasat esasynda ýurdumyzda medeni-

taryhy ýadygärlikleri gorap saklamak, medeni mirasy öwrenmek we halka ýaýmak babatda ençeme işleriň başy başlandy. Bu ýerde netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Netijede, 1999-njy ýylda gadymy Merwiň, 2005-nji ýylda Köneürgenjiň ýadygärlikleri, 2007-nji ýylda gadymy Nusaý galasy UNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Bu ugurda ýurtda alnyp barylýan köpugurly işleriň netijesinde uly açyşlaryň üstünden baryldy. Muňa belli arheolog W.I. Sarianidiniň gadymy Marguş ýurdunyň paýtagty hasaplanýan Goňurdepede geçiren gazuw-agtaryşlarynyň netijesinde dünýä medeniýetleriniň öň ylma näbelli bolan täze ojagynyň – Margiana siwilizasiýasynyň üstüniň açylmagy mysal bolup biler.

Türkmenistan, görşümiz ýaly, ençeme döwletleri, medeniýetleri, siwilizasiýalary dünýä beren toprak. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze geosyýýasy doktrinasy ýurduň amatly geografiki ýerleşişini göz öňünde tutup, halkyň taryhynyň dowamynda toplan baý medeni mirasyna esaslanýar. Bu doktrina ylmy häsiýete eýe bolýar. Ýurduň galkynýan döwründe öňe sürülýän geosyýýasat reallyk syýasaty bolýar. Ol türkmen halkynyň geçmişde dünýäde tutan ornuny, Garaşsyzlyk ýyllarynda dörän täze mümkinçilikleri, häzirki dünýäniň çylşyrymlylyklaryny, gapma-garşylyklaryny, köpölçegliligini bolşy kimin görýär we bar bolan mümkinçiliklerden gözbaş alýar. Ýurt Ýolbaşçysynyň öňe sürýän oýlanşykly syýasaty bar bolan ähli täzelikleri, adaty garaýyşlardan daşary çykýan pikirleri öwrenmäge we kabul etmäge açyk. Ol döwrüň talabyny kanagatlandyrmaýan garaýyşlary üýtgetmeklikden çekinmeýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 24-ine Nýu – Ýorkda „Ýewraziýa grup“ guramasynda işewürler bilen bolan duşuşykda: „... meniň prezidentlik maksatnamam oňyn goşmaçalar üçin hemişe açykdyr“1 diýip belledi.

Türkmen döwleti, bilşimiz ýaly, Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ykdysadyýetde Açyk gapylar syýasatyny, daşary syýasatda bolsa, hoşniýetli Bitaraplyk syýasatyny öňe sürdi. Döwletimize 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assembleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplyk derejesi berildi. Türkmenistanyň hakykatdan hem dünýäniň ýurtlaryna açyk bolmaklygy üçin ýurduň geosyýýasy ýerleşişiniň amatlylyklaryny ulanmak maksady bilen gerek bolan aragatnaşyk kommunikiasiýa ulgamlary döredilip başlandy. 1994-nji ýylda Aşgabatda dünýä standartlaryna gabat gelýän aeroport toplumy işe girizildi. 1996-njy ýylyň maýynda Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly açyldy. Daşary ýurt inwestisiýalaryny çekmeklik üçin aragatnaşyk serişdeleri ulanylyp, myhmanhanalar gurulyp başlandy. Aşgabaat şäheriniň sebitde ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegi üçin amatly şertler emele gelýär.

Şu we beýleki başlangyçlar täze Galkynyş eýýamynda has ösdürilip bu ýerde bar bolan ähli mümkinçilikler doly açylyp, Türkmenistanyň dünýä birleşiginiň derwaýys meselelerini çözmeklikde işewirligi ardyryldy. Bu döwürde Türkmenistanyň geosyýýasy ýerleşişiniň artykmaçlyklaryny ýurduň we umuman, adamzadyň peýdasyna işewür ulanmaklyk meselesi has düýpli we toplumlaýyn çözülip başlandy. 2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Demirgazyk-Günorta geçelgesi boljak Uzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gorgan halkara demir ýolunyň gurluşygyna başlandy. Bu ýol Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň territoriýasyndan

geçmek bilen ykdysady taýdan bähbitli, onlarça ýurtlar üçin möhüm tranzit marşruty bolar. Tutuş Ýewropa, Russiýa, Merkezi Aziýa ýurtlary gysgaldylan marşrut arkaly günorta deňizlerine çykmaga mümkinçilik alarlar. Öz gezeginde şeýle mümkinçilik Pars aýlagynyň ýurtlaryna demirgazyk ugur boýunça dörär.

Türkmen döwletiniň şu syýasatynyň esasynda örän çuňňur many bar. Ol millionlarça adamlaryň bähbitlerine, parahatçylygyň we ählumumy abadançylygyň hatyrasyna gulluk edýär. Bu ýerde Bitarap Türkmenistanyň tutuş syýasatynyň manysy jemlenýär. Türkmenistan öz Bitaraplygyny jar etmek we ony durmuşa geçirmek bilen, halkara jemgyýetçiliginiň öňünde öz üstüne alan borçlaryna gyşarnyksyz eýerýär. Bu syýasat ägirt uly resurslary bolan Türkmenistanyň ykdysady mümkinçilikleriniň we geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmeginiň, şonuň ýaly-da, türkmen döwletiniň hyzmatdaşlyga we hoşniýetli goňşuçylyga ygrarlylygynynyň bir ýere jemlenip hereketlenmegi bolýar.

Galkynyş eýýamynda şu syýasatyň berýän miwelerini biz her ädimde görýäris. Ony biz ilki bilen Türkmenistanyň dünýäniň energetiki howpsuzlygyny üpjün etmeklige goşýan goşandynda aýdyň görýäris. Eger dünýä bazarynda energiýa serişdelerine islegiň artýanlygy we biziň ýurdumyzda şol serişdeleriň ýeterlik gorlarynyň barlygyny göz öňünde tutsak, onda bu ugurda iki taraply we köp taraply hyzmatdaşlygy artdyrmaklyga esaslary döredýänligini bellemeli. Şu maksat bilen biziň ýurdumyzda energiýa serişdeleriniň eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak syýasaty alynyp barylýar. Türkmen döwletiniň gatnaşmagynda işe girizilýän halkara gaz geçirijileriniň sany artýar.

Türkmen gazy dünýäniň energetiki bazaryna ilki bilen ozalky Orta Aziýa-Merkez gaz geçirijisiniň üsti bilen çykarylýar. Şonuň ýaly-da türkmen tebigy gazy goňşy Eýran Yslam Respublikasyna eksport edilýär. Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygy hem üstünlikli tamamlandy. Bu gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek we tebigy gazy satmak hakynda 2006-njy ýylyň aprelinde gol çekilen Baş hökümetara ylalaşygyna laýyklykda Türkmenistan 30 ýylyň dowamynda 30 milliard kub metre çenli tebigy gazy bermäge borçlandy. Dört döwletiň, şol sanda Özbegistanyň we Gazagystanyň üstünden geçjek täze gaz geçiriji Amyderýanyň sag kenaryndan çykarylýan türkmen tebigy gazynyň Hytaýa iberilmegini üpjün edip, türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny berkider. Şu işler bilen bir hatarda uglewodorod serişdeleri dünýä bazaryna çykarmagyň täze ugurlary kesgitlenýär.

2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 20-sine Russiýa Federasiýasynyň paýtagty Moskwada Hazarýaka gaz geçirijisini gurmakda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň arasynda Ylalaşyga gol çekildi. Şu gaz geçirijisi türkmen gazyny Russiýa geçirmeklik üçin täze mümkinçilikleri açýar. Türkmenistan, bilşimiz ýaly, Russiýa bilen her ýyl 50 milliard kub metr türkmen tebigy gazyny ibermek barada 25 ýyllyk şertnama baglaşdy. Türkmen gazyny bu döwlete akdyrýan häzirki gaz geçiriji ulgamynyň durkuny täzelemek taslamasyna biziň ýurdumyz uly gyzyklanma bildirýär. Şu ugur boýunça „mawy ýangyjyň“ Gazagystanyň üsti bilen iberilýän möçberiniň artdyrylmagy we ygtybarly bolmagy iki ýurduň bähbitlerine laýyk gelýändigi türkmen we rus liderleri tarapyndan yzygiderli bellenilip gelinýär.

Hazarýaka gaz geçirijisi diňe bir Türkmenistan we Russiýa döwletleri üçin ähmiýetli bolman, eýsem dünýä ýurtlarynyň we halklarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaklykda hem ähmiýeti uly. Soňky döwürde bu ugurda, mysal üçin, Ýewopa Bileleşigi bilen gepleşikler işewür alynyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň noýabr aýynda Brýussele bolan resmi sapary wagtynda olara güýçli itergi berildi. 2008-nji ýylyň maý aýynyň 26-synda Türkmenistan Ýewropa Birleşigine girýän ýurtlar bilen energetika babatda özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Memeranduma gol çekdi.

2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 29-yna Türkmenbaşyda bolup geçen Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýanyň baştutanlarynyň üç taraplaýyn duşuşygy özara gatnaşyklaryň, şol sanda energetika ugrundaky hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini açdy. Bu ýerde bolan duşuşykda energiýa serişdelerini ugratmagyň geografiki ugurlaryny giňeltmek we üstini doldyrmak meseleleri boýunça hem pikir alşyldy.

Şonuň bilen bir hatarda Türkmenistan ozaldan hereket edip gelýän gazgeçirijileriniň hem mümkinçiliklerini has netjeli ulanmaklyga çalyşýar. 2009-njy ýylyň iýul aýynyň başynda Türkmenistandan Eýrana ugradylýan gazyň mukdaryny her ýylda 14 milliard kubometre çenli artdyrmak we soňra ony has hem artdyrmak barada iki döwletiň arasynda gazanylan ylalaşyk oňa mysal bolup biler.

2009-njy ýylyň aýagy we 2010-njy ýylyň başy Türkmenistanyň uglewodorod serişdelerini diwertsifikasiýalaşdyrmaklygyň aýgytly çözgütleriniň amal edilen wagty boldy. 2009-njy ýylyň dekabr aýynyň 14-ine asyryň gurluşygy adyny alan Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý daz geçirijisiniň açylyş dabarasy boldy. Türkmen tebigy gazy täze ugra-Gündogara tarap akyp başlady. 7000 km. uzynlygy bolan bu gazgeçirijiniň taslamalaýyn kuwwatlylygy ýylda 40 milliard metr kub gaza barabar bolýar. 2010-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda Döwletabat-Saragt-Hangeren gazgeçirijisi hem işe girizildi. Bu gazgeçirijisi ozalky hereket edýän Körpeje-Gurtguýy gazgeçirijisi bilen bilelikde Eýran Yslam Respublikasyna geçirilýän tebigy gazyň möçberini geljekde ýylda 20 milliard kubmetre ýetirmeklige mümkinçilik berýär.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň energiýa serişdeleriniň eksport ugurlary köpelýär. Biziň döwletimiz öz baýlyklaryny dünýä ýurtlarynyň energetiki gerekliliklerini kanagatlandyrmagyň hyzmatyna goýýar we bu baýlyklaryň goraglylygynyň üpjün edilmegini isleýär. Ol hem düşnüklidir. Köp ýurtlaryň üstünden geçýän gaz geçirijileriniň ulanylyş tejribesi bu ýerde döreýän meseleleri diňe abyraýly halkara guramalarynyň işewir gatnaşmagy bilen çözüp bolýandygyny görkezýär. Öz gezeginde ykdysady hyzmatdaşlyk ygtybarly we ähli taraplaýyn goragly bolan ýagdaýynda taraplaryň we ýurtlaryň bähbitlerine hyzmat edip bilýär. Biziň ýurdumyzda şeýle goraglylyga aýratyn üns berilýär we turba geçirijileriň infrastrukturasynyň ygtybarlygyny we howpsyzlygyny üpjün edýän halkara-hukuk gurallaryna daýanýar.

Türkmen döwleti energetiki hyzmatdaşlygyň netijeli we taraplara peýdaly bolmagy ugrunda çykyş edýär. Energetiki infrostrukturany rejeli saklamak we ony kadaly işletmek bolsa hyzmatdaşlyga girýän ähli ýurtlaryň, ilkinji nobatda,

energiýa öndüriji, üstaşyr geçiriji we ahyrky sarp ediji taraplaryň bähbitli hyzmatdaşlygyna oňaýly şertleri döredýär. Hormatly Prezidentimiz döwletleriň diňe bilelikdäki tagallalarynyň netijesinde we olaryň özara ylalaşylan ýörelgeler esasynda hereket etmekleriniň ählumumy ösüşe hyzmat etjekdigini yzygiderli nygtaýar.

Şunuň bilen baglanşykly Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi bilen kabul edilen BMG-niň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkra hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ hakyndaky Rezolýusiýasy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu Rezolýusiýa köptaraply we çylşyrymly mesele bolan global energiýa howpsuzlygyny üpjün ediji ulgamy döretmekligiň başlangyjy bolýar. Türkmenistan bu ulgamy döretmeklige öz saldamly goşandyny goşmaklyk üçin, görşümiz ýaly, uly işleri alyp barýar.

2009-njy ýylyň 23-24-nji aprelinde Aşgabatda geçen „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkra hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly halkara konferensiýa dünýä bileleşiginiň aladalary bilen geljekde şeýle ulgamyň döjejekdigine berk ynam döredýär. Onuň döremegi biziň ýurdumyzyň dünýäniň energetiki bazaryndaky ornuny has hem berkider we ýurdumyzyň ägirt uly mäçberli uglewodorod baýlygyny halkymyzyň eşretli ýaşaýşynyň egsilmez çeşmesine öwrer.

Ýurduň amatly geografiki ýerleşişini, onuň köp sanly amatlyklaryny ulanmak esasynda döreýän ýene bir mümkinçilik syýahatçylygy ösdürmek bilen baglydyr. Şu mähüm ugry ösdürmekligiň ozalky alynyp barylan işleri düýpli täzeden garaldy. Halkara maýa goýumlaryny çagyrmak hem-de olar üçin ýeňillikleriň giň sanawyny yglan etmek bilen, Hazar deňziniň kenarynda „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy döredildi. Türkmenistany ýakyn on ýyllyklarda ösdürmegiň strategik meýilnamalary bilen gönüden-göni baglanyşykly, örän uly bähbitli bu taslama ýurdumyzyň ägirt uly tebigy we ykdysady potensialyny, şol sanda özara bähbitli we netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň hasabyna uly mümkinçilikleri durmuşa geçirmäge düýbünden täzeçe çemeleşmegiň özboluşly badalgasy bolýar. Bu örän ähmiýetli başlangyç bilen Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowe ilkinji gezek üç döwletiň – Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň baştutanlarynyň 2007-nji ýylyň maýynda Türkmenbaşy şäherinde geçirilen samitinde çykyş etdi. Şol ýyl badalga alan onuň örän tutumly taslamasyna döwletiň özi başda bir milliard dollara golaý serişde goýmak boýunça öz üstüne uly borçnamalary aldy. Bu maksatnamanyň baş maksady ýurdumyzyň örän baý tebigy serişdelerini türkmen halkynyň bähbitlerine netijeli ulanmakdan ybarat. Şonuň bilen bir hatarda onuň düýp mazmuny ýurtda syýahatçylygy ösdürmek, bu işe daşary ýurtly maýa goýujylary çekmek maksatlaryna eýermek bilen çäklenmän, eýsem ýurdumyzyň açyklygyny iş ýüzünde äşgär etmeklik bilen hem baglydyr.

Hazar sebiti – hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, „biziň deňiz genji-hazynamyz“. Baý tebigy serişdeler, geografik taýdan amatly – gadymdan bäri Merkezi Aziýany, Ýewropany, Kawkazy baglaşdyrýan ulag marşrutlarynyň

çatrygynda ýerleşişi we şypahana-kurort dynç alyş ulgamyny ösdürmek üçin amatly bolan aýratyn howa şertleri bardyr. Bu taslama daşary ýurtly maýadarlaryň ünsüni özüne çekdi, köpsanly firmalar we kompaniýalar Hazaryň kenar ýakasyny abadanlaşdyrmaga gatnaşýarlar, uly maýa goýumlaryny goýýarlar.

Türkmen Lideriniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan özgertmeleriň aýrylmaz bölegi hökmünde dünýäniň işewürleriniň we jemgyýetçilik-syýasy wekilleriniň giň seslenmesine eýe bolan bu taslama iş ýüzünde durmuşa geçirilýär. Häzirki döwürde deňziň ýakasynda alnyp barylýan işleriň ilkinji netijeleri anyk görünýär. 2009-njy ýylyň iýunynda bu ýerde ilkinji şypahanalar we dynç alyş öýleri işe girizildi. Bu ýerde gurulýan desgalaryň umumy bahasy şol wagt ABŞ-nyň 1 milliard 200 million dollaryna barabardy. Awazada gurulýan desgalar täsin, uly möçberlidir. Mysal üçin, olaryň biri-gämi gatnawly emeli derýadyr. Onuň umumy uzynlygy 7 kilometre, ortaça ini 50 metre, çuňlugy 5 metre barabar bolmaly. Bu ägirt uly gidrotehniki desganyň ugrunda iki tarapy boýunça owadan skwerler we seýilgähler, sport hem-de medeni durmuş maksatly desgalar, kafe-barlar hem-de restoranlar bolan abadanlaşdyrylan dynç alyş zolagy ýerleşer. Bu ýerde sportuň suwdaky görnüşleri, şol sanda baýdarkalarda we kanoýelerde hem-de ýelkenli gaýyklarda küreklemek boýunça ýaryşlary geçirmek üçin ähli şertler döredilер.

Türkmenbaşy şäheri – Merkezi Aziýanyň „deňiz derwezesi“ hem bu gün düýpli özgerýär. Ýakyn geljekde onuň ornunda sözüň doly manysynda täze, owadan we häzirki zaman megapolis peýda bolar. Onda ýokary amatlykly belent jaýlar, mekdepler we çagalar baglary, medeni we söwda merkezleri, köp sanly çüwdürimler, seýilgähler we seýilbaglar jemlener. Bu ýerde gurulýan halkara derejesindäki aeroport Ýewropadan Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa howa ýollarynda üstaşyr düşelgä öwrüler. Deňiz porty doly döwrebaplaşdyrylar, milli flotuň üsti teplohodlar, ýahtalar, gezelenç etmek üçin gaýyklar bilen ýetiriler.

Umuman, „Awaza“ dünýä binägärliginiň we inženerçiliginiň üstünliklerini özünde jemläp, diňe bir sebitde däl, eýsem dünýäde öz gözelligi we amatlyklary bilen tapawutlanýan syýahatçylyk merkezleriniň birine öwrüler.

Türkmenistan döwletiniň geosyýasaty öz amatly ýerleşişini we içerki mümkinçiliklerini netijeli ulanmaklyk bilen dünýäniň häzirki iň wajyp meselelerini çözmeklige işewür gatnaşmaklygy göz öňünde tutýar. 2009-njy ýylyň 15-nji iýulynda açylan „Altyn asyr“ Türkmen köli onuň ajaýyp mysaly bolýar. Bu köl ähli welaýatlaryň ekin meýdanlarynyň melioreatiw ýagdaýlaryny gowulamak üçin şor suwlary ýurduň demirgazyk-gündogarynda ýerleşen Gara şor çöketligine ýygnamak bilen bir hatarda Aral deňziniň peselmegi bilen sebitde dörän ekologiki meseleleri çözmeklige-de hemaýat eder.

Suwuň doly ulanylmagynyň, **onuň suwaryş ýaramly gaýtadan** dikeldilmegi, tehniki maksatlar üçin arassalanan görnüşde öndürülmegi, şonuň ýaly-da balykçylyk hojalygyny ösdürmäge gönükdirilmegi Türkmen kölüniň basseýniniň hasabyna Garagumyň biologiki köpdürliliginiň artmaklygyna getirer. Garagum ylmy barlaglaryň giňden alynyp barylýan ýerine öwrüler. Ol barlaglar çölleşmäge we gurakçylyga garşy göreşiň iş ýüzündäki çärelerini öwrenmäge,

çägeli giňişlikleriň özleşdirilmegine, çölüň florasynyň we faunasynyň baýlaşmagyna hyzmat eder.

Bu meseleleriň wajyplygy, aýratyn hem, BMG-niň daşky gurşaw baradaky Maksatnamasynyň (ÝUNEP) maglumatlaryndan aýdyň görünýär. Olara laýyklykda, Ýeriň gury ýer böleginiň dörtden birine çölleşmek howpy abanýar, çölleşmek we giň giňişligi suwlylandyrmak meselesi 100-den gowrak döwletlerde ýaşaýan milliartdan geçýän ilatyň ýaşaýşy üçin şertler we serişdeler taýdan üpjün edilmegi bilen baglydyr. 2010-njy ýylyň 24-25-nji martynda Türkmenbaşyda geçen Bu „Altyn asyr“ türkmen kölüniň sebitiň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmakdaky ähmiýeti“ atly halkara ylmy maslahatda çykyş eden türkmen we daşary ýurtly alymlar we hünärmenleriň getiren mysallary Türkmenistanyň türkmen kölüni işe girizip, öň peýdasyz hasaplanýan ýerlerde öri meýdanlaryny we sürüm ýerlerini açmaklyk tejribesiniň ne derejede peýdalydygyny görkezýär.

**Demografiýa.** Türkmenistanyň demografiki meseleleri bilen baglanşykly meselelere geçmezden ozal demografiýa baradaky umumy düşünjeleriň üstünde durup geçeliň. Demografiýa (demos - halk we grapho - ýazýaryn diýen grek sözlerinden) ilaty öwrenýän ylymdyr. Ilat belli bir çäkde (obada, şäherçede, etrapda, şäherde, welaýatda, ýurtda, sebitde, yklymda we tutuş dünýäde) ýaşaýan adamlaryň köplügidir. Ol wagtyň dowamynda sany azalyp ýa-da köpelip bilýän we düzümi üýtgäp durýan köplük bolýar. Haýsy hem bolsa bir çäkde ilatyň sanynyň we düzüminiň üýtgemegi köp hadysalar bilen bagly bolýar. Ýöne olaryň içinde: çaga dogluşynyň derejesiniň ýokary ýa-da pes bolmagy; ölýän adamlaryň sanynyň köpelmegi ýa-da azalmagy; göçüp gelýänleriň (ýa-da göçüp gidýänleriň) sanynyň köpelmegi ýa-da azalmagy has täsirli bolýarlar.

Demografiki özgeriş belli bir çäkde ilatyň sanynyň we düzüminiň üýtgeýşi bolýar. Bu özgeriş dürli çäklerde dürli hili bolýar. Demografiki özgeriş sosial özgeriş bilen bagly bolýar. Bu ýerdäki meseleleri demografiýa bilen bir hatarda sosiologiýa ylmy hem öwrenýär. Demografiýa we sosioligiýa ylymlary çaga dogluşynyň derejesiniň maşgalanyň sosial görnüşi, çaganyň „gymmatlylygy“, çaga dogluşyny kadalaşdyrýan däp-dessurlar bilen baglanyşygyny öwrenýärler. Şonuň ýaly-da bu ylymlar ölüm hadysasynyň saglygy goraýyş, daşky gurşawyň hapalanmagy, zähmet we durmuş şertleri bilen baglanyşygyny derňeýärler. Bu ýerde ähli zat wajyp: çaga dogluşy, ölüm, nika, nikany bozma, migrasiýa we başgalar. Görkezilen düzümleriň her biri ilaty aşaky görkezijiler bilen häsiýetlendirýär: jynsy, ýaşy, maşgala ýagdaýy, dogulan ýeri we ýaşaýan ýeri. Olar birmeňzeş bölekleriň arasyndaky gatnaşyklary we baglanşyklary aňladýarlar. Bu gatnaşyklar kä halatlarda iki ýa-da ondan hem köp taraplar bilen sazlaşdyrylyp biliner.

Ilatyň jyns-ýaş düzümi iki tarapyň sazlaşygy bolýar. Birinjisi haýsy hem bolsa bir çäkde (ýurt, sebit) erkekler bilen aýallaryň arasyndaky gatnaşyk, ikinjisi bolsa, dürli ýaşdaky adamlaryň arasyndaky gatnaşyk. Kä halatlarda bu düzümleri biologiki düzüm hökmünde düşündirýärler. Dogrudan hem aýratyn adamlar hökmünde erkek bilen aýalyň ýa-da çaga bilen ýaşulynyň arasyndaky tapawut biologiki esasa eýe bolýar. Ýöne adamlaryň jyns we ýaş baglanşygy boýunça bölünişi sosial ösüşiň netijesi bolýar. Biologiýa näme sebäpli oglanlaryň gyzlardan

kän dogýanlygyna garamazdan netijede dünýäniň köp ýurtlarynyň ilatynyň düzüminde aýallaryň erkeklerden artykmaçlygyny düşündirip bilmeýär.

Ilatyň jyns-ýaş düzümi ýa bir aýratynlygy (jynsy ýa-da ýaşy), ýa-da iki aýratynlygy bilen hem häsiýetlendirilip biliner. Birinjide ilaty üç topara: 0-14 ýaş (çagalar), 15-49 ýaş (ýaşlar we orta ýaşlylar) we 50 ýaş we ondan ýokary (ýaşuly nesil) bölmek gyzyklanma bildirýär. Olaryň arasyndaky aragatnaşyk ilatyň ýaşy boýunça düzümini häsiýetlendirýär. Şu üç topary öz içine alýan ilatynyň düzümini derňemeklik diňe bir ýurduň zähmet potensialyny görkezmeklige däl, eýsem onuň ösüşiniň hereketliligini hem açmaklyga mümkinçilik berýär. Düzüm näçe oňaýly bolsa, şonça-da onuň ösmeklige ukyby güýçli bolýar. Şu nukdaýnazardan Türkmenistanda demografik özgerişi oňaýly diýip häsiýetlendirse bolar. Türkmenistanyň ilatynyň köp bölegini çagalar we ýaşlar düzýärler. 1999-njy ýylda, mysal üçin, 25 ýaşa çenli adamlar umumy ilatyň sanynyň 76 göterimine, ilatyň orta ýaşy 63-e deň boldy.

Ilatyň düzümini jyns tapawudy bilen öwrenmeklik ony ýaşy boýunça öwrenmeklikden az ähmiýete eýe bolmaýar. Ol bir tarapdan öndüriji güýçleri ýerleşdirmeklige kömek etse, ikinji tarapdan, çäkde ilaty kemala getirmeklige kömek berýär. XX asyryň ortalarynda ikinji jahan urşy sebäpli ilatyň jyns düzüminiň bozulmagy, asyryň soňundaa kadalaşýar. Eger 1951-nji ýylda aýallar ýurduň ilatynyň 56% deň bolan bolsa, 1979-njy ýylda 50,9% deň bolýar. 1999-njy ýylda bu görkezijiler ýokarkylara laýyklykda 50,4% we 49,6%.

Ilat diňe bir kesgitli ýaşdaky we jynsy boýunça tapawutlanýan adam topary bolman, eýsem, adamlary birikdirýän maşgalalar hem bolýarlar. Ilatyň maşgala düzümi sany, möçberi, maşgalanyň düzümi, olaryň agzalarynyň özara baglanşygy ýaly görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Ilatyň maşgala düzümi derňelende, maşgala garyndaşlyk we nika esasynda birigen, umumy girdejä eýe bolan adamlaryň topary diýip düşünilýär. Şu hili kesgitleme, mysal üçin, ilat ýazgysy geçirilende kabul edilýär. Häzirki döwürde türkmen maşgalasyny giňeldilen maşgala diýip hasap etse bolar. 1999-njy ýylda, mysal üçin, maşgalanyň ortaça möçberi 5,3 adama deň bolup, 7 we ondan köp adamy öz içine alýan maşgalaryň sany umumy maşgala sanynyň 29% deň boldy. Bir adamdan durýan maşgalanyň sany 6% deň.

Türkmen jemgyýetinde maşgalanyň orny örän belent bolýar. Türkmen halky maşgalanyň ruhy-ahlak gymmatlyklaryny saklap galyp bilipdir. Bu ýerde saklanyp galan däp-dessurlar döwletiň milli medeni gymmatlyklary bolýarlar. Maşgaladaky asudalyk, agzybirlik hem-de düşünişmeklik jemgyýetiň abadançylygynyň çeşmesi bolýar. Nesil terbiýesi maşgaladan başlanýar. Maşgalada gatnaşyklaryň köpugurly görnüşleri kemala gelýär we dürli meseleler çözülýär. Maşgalany berkitmeklik bar bolan demografiki meseleleri çözmekligiň esasy şerti bolýar. Türkmenistan döwletiniň demografiki syýasatynyň esasy wezipesi hem şonuň bilen bagly bolýar.

Demografiki syýasat, bilşimiz ýaly, jemgyýet üçin bähbitli oýlanşykly demografiki özüňi alyp baryşy kesgitlemeklige gönükdirilen sosial çäreleriň ulgamy bolýar. Bu ýerde „demografiki özüňi alyp baryş“ diýen düşünje maşgalanyň çaga öndürmeklikde özüni alyp barşyny aňladýar. Ýurtda çaga dogluşynyň görkezijileri durnukly saklanýar. Galkynyş eýýamynda türkmen

maşgalasynyň sütünlerini gorap saklamak we berkitmek, onuň maddy üpjünçiligini gowulandyrmak döwletiň sosial syýasatynyň esasy ugruna öwrüldi. Döwlet eneligi, çagalygy we maşgalany goramagy kepillendirýär. Şu meselede ýaş maşgalalara kömek bermek maksady bilen 2009-njy ýylyň 6-njy martynda „Durmuş üpjünçiligi hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler girizildi. Oňa laýyklykda çaga doglanda berilýän puluň möçberi ýokarlandyryldy. Munuň üçin her ýyl 230 million manatdan gowrak manat pul göýberilýär. Maddy kömek bermek bilen bir hatarda döwlet ýaş maşgalalaryň elýeterli jaý bilen, şeýle hem ýaşlary hünärleri boýunça iş bilen üpjün etmeklige ýardam bermekligi öz üstüne alýar. Şu ýerde ýurtda orta mekdebi gutarýan ýaşlara hünär almaklary üçin ýeňilllikleriň göz öňünde tutylandygyny hem-de ähli pudaklarda we ýerlerde hünär berýän mekdepleriň we hünär okuwlarynyň giňelýändigini bellemeklik gerek. Şu we beýleki çäreler mümkin bolan oňaýsyz demografiki ýagdaýlary aradan aýyrmaklyga esaslary döredýär.

Ýakyn geljekde ýurtda ilat ýazgysynyň geçirilmegi döwletiň demografiki syýasatyny ylmy esada gurnamaklyga täze esaslary döreder. Ylmy esasda gurnalan demografiki syýasat bolsa oňaýsyz demografiki ýagdaýlaryň öňüni almak, sosial meseleleri çözmek bilen bir hatarda ykdysady we medeni meseleleri çözmeklige täze mümkinçilikleri açar. Demografiki syýasatyň ykdysadyýete edýän oňaýly täsiri ýetişip gelýän nesliň ykyplaryny açmaklyga we ösdürmeklige degişlilikde durmuşy-demografiki tapawudy aradan aýyrmak, jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň hilini ýokarlandyrmak bilen bagly bolýar. Diýmek, ylmy esasda amal edilýän demografiki syýasat täze Galkynyş eýýamynda geçýän özgerişleriň aýrylmaz bölegi bölýar.

## III bölüm. Garaşsyz Türkmenistanda jemgyýetçilik durmuşynyň özgerdilmegi üçin dörän esaslar

**XX asyryň soňky onýyllygynyň başynda SSSR döwletiniň ýykylmagy we Garaşsyz Türkmenistanyň – milli türkmen döwletiniň döremegi.** „Türkmenistanyň taryhy“ dersinde XX asyryň uzak döwründe adamzadyň ykbaly bilen baglanşykly meseleleri çözmeklikde uly täsirlilige eýe bolan SSSR döwletiniň şol asyryň soňky ýyllarynda gowşap pese düşişi giňişleýin beýan edilýär. Şonda geçen asyryň 80-ninji ýyllarynyň ortalarynda bu ýurdy üýtgedip gurmak barada öňe sürülen syýasatyň hem başa barmandygy bellenilýär. Türkmenistanyň özbaşdaklygyna we garaşsyzlygyna ilki bilen gerek bolan syýasy esaslaryň şol döwürde döreýänligini göz öňünde tutup, ýurtda şonuň bilen baglanyşykly bolup geçen özgerişler hakyndaky gürrüňimizi şol ýyllardan başlalyň.

1985-nji ýylyň dekabr aýynyň 21-ne Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň (Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň aýrylmaz bölegi) Merkezi Kommitetiniň 1-nji sekretary wezipesine S.A.Nyýazow saýlanýar. Respublikanyň ýolbaşçysynyň (şol döwürde respublikan partiýa guramasynyň 1-nji sekretary ýurtda iň ýokary wezipeli adamdy) çalşylmagy şol döwürde ýurduň ykdysady we syýasy ösüşinde düýpli meseleler ýüze çykanlygy bilen bagly boldy. TKP MK-niň 24-nji gurultaýynda (maý aýy 1990 ý) bellenilişine görä, respublikada zähmet we önümçilik düzgün-nyzamy pese gaçypdy. Jenaýatçylyk artýardy. Öňki buýruk bermek usuly bilen ýurdy ilerledip bolanokdy. Senagatyň we oba hojalygynyň bir taraplaýyn ösdürilmegi bilen respublikanyň merkeze ýapja häsiýeti has-da çuňlaşdy.

Respublikanyň esasy senagat pudaklary, senagat kärhanalarynyň 90 göteriminden köprägi Soýuz ministrliklerine tabyn ýagdaýdady. Olaryň öndürýän önümlerinden gelýän girdeýjiler tutuşlygyna diýen ýaly Merkezde galýardy. Şu we beýleki meseleler barada S.A. Nyýazow Kommunistik partiýanyň 19-njy Bütinsoýuz konferensiýasynda (iýul aýy 1988 ý) sözlän sözünde „Türkmenistanda senagat önümçiliginiň 40 göteriminden gowragy Soýuzyň tabynçylygyndaky kärhanalaryň önümi. Geçen ýyl olar ýerli sowetleriň býudžetine diňe ýarym million manat, Soýuz ministrlikleriň býudžetine bolsa 530 mln manat geçirdi“ diýip belläpdi.

Türkmenistanyň oba hojalyk önümçiligi hem Merkeze tabyn edildi. Ol üýtgedip gurulýan döwürde hem şonlugyna saklandy. Garagum derýasynyň ugrundaky tarp ýerleriň özleşdirilmegi ekerançylyk üçin amatly şertleriň giňelmegine we respublikada öndürilýän pagtanyň, gök we bakja önümleriniň möçberiniň artmagyna getirdi. Ýöne türkmen halkynyň gara derini saçyp ýygnaýan hasyly pagta arassalaýjy zawodlarda arassalanyp, pamyk görnüşinde durşuna diýen ýaly Orsýetiň Iwanowa, Twer, Rostow we beýleki şäherleriniň dokma kärhanalaryna iberilýärdi.

Sowet imperiýasynyň gitdigiçe çuň krizise ulaşmagy, sosialistik jemgyýetiň gurluşynyň netijeli ykdysadyýeti gurnamaklyga ukybynyň ýoklugy, onuň düzümine girýän respublikalarda garaşsyzlyk meýilleriniň güýçlenmegine getirýär.

Bu meýiller jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda dürli görnüşlerde ýüze çykýarlar. 1990-njy ýylyň 24-nji maýynda Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň „Dil hakyndaky“ kabul eden karary şol garaşsyzlyk meýlini durmuşa geçirmek barada Türkmenistanda edilen ilkinji ädim bolupdy. Türkmenistanyň çäginde türkmen diline döwlet dili derejesi berildi. 70 ýylyň dowamynda ýitmäge sezewar edilen dilimiz türkmen jemgyýetinde öz mynasyp ornuny tapdy.

Sowet döwründe türkmen dili döwlet dili derejesine göterilmän gelipdi. Bu wezipe rus diliniň üstüne ýüklenipdi. Ähli edaralarda, ýokary we ýörüte okuw mekdeplerde resminamalar, sapaklar rus dilinde alynyp baryldy. Köp maşgalalar öz çagalaryny rus mekdeplerinde okadýardylar. Bu bolsa türkmen diliniň ikinji derejeli dil hökmünde görülmegine we onuň üstüne ýitmek howpunyň abanmagyna getirdi. Orta mekdebi gutaryp gelen oglan-gyzlar ýokary okuw jaylaryna girmekçi bolanlarynda rus diliniň ýazuwyndan we dilinden ekzamen bermeli bolýanlygy olaryň öz bilimlerini ýokarlandyrmaklaryna päsgelçilik döredýärdi. Şonuň üçin türkmen diliniň döwlet dili derejesine galdyrylmagy ýurduň durmuşynda örän wajyp waka bolupdy.

Türkmen halkynyň garaşsyzlygyny almaga itergi beren esasy çäreleriň ýene biri 1990-njy ýylyň awgust aýynyň 22-sinde Türkmenistan Ýokary Sowetiniň Türkmenistanyň özygtyýarlygy hakynda kabul edilen Jarnamasy boldy. Jarnama türkmen halkynyň öz milli döwletini döredip bilmekligine, ýurduň tebigy baýlyklaryna özüniň eýeçilik etmegine, milli medeniýeti dikeltmekligine gerek bolan hukuk esaslaryny döretdi. Heniz doly dargamadyk SSSR-iň düzüminde Türkmenistanyň alan özygtyýarlygy doly özbaşdaklyk bolmasa-da ol ýurduň garaşsyzlygy ugrunda edilen ilkinji aýgytly ädimleriniň biridi.

1990-njy ýylda Türkmenistanda dolandyryşyň prezident görnüşiniň girizilmegi hem-de Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň saýlanmagy bu ýurduň özbaşdaklygy ugrunda yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň logiki dowamy boldy. Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine S. A. Niýazow saýlandy.

1991- nji ýylyň awgust aýynyň 19-yna SSSR-de adatdan daşary ýagdaý yglan edildi. Howul-hala ýagdaýda dörän syýasy topar SSSR-iň Prezidentini wezipesinden boşadyp yurt ýolbaşçylygyna geçmeklige çalyşdy. Bu ýurtda dörän nägileliklerиň, ýurduň bölünmeklik howpunyň öňüni almak maksady bilen edilýän çykyş diýip düşündiriljek bolundy. Hakykatda bolsa bu çykyş diňe bir nägilelikleriň däl, eýsem, ýurtda başlanan demokratik özgerişleriň, halklaryň öz özbaşdaklygy barada edýän hereketleriniň hem öňüne böwet bolmak meýillerini göz öňünde tutýardy. Ýöne bu meýiller başa barmady. “Adatdan daşary” hukuklary ozüne aljak bolan syýasy toparyň çykyşy bary-ýogy 3 gün dowam etdi. Soňra sowet imperiýasynyň dargamaklygy has çaltlaşdy. Ilki bilen SSSR-iň iň uly respublikasy bolan Russiýa Federasyýasynda Kommunistik partiýa gadagan edildi. Beýleki respublikalarda hem oňa bolan ynam üzül-kesil peseldi. Şonuň bilen üýtgedip gurluş döwri tamamlandy. 74 ýyla golaý dowam eden imperiýa dargap başlady, onuň düzümindäki respublikalar, şol sanda TSSR hakyky garaşsyzlyk ýoluna düşdi. Ýurduň syýasy, ykdysady durmuşyndaky özgerişler halkyň durmuş ýagdaýyna, medeniýetine hem kem-kemden öz täsirini ýetirdi.

**Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Niýazowyň (Saparmyrat Türkmenbaşynyň) ýolbaşçylygynda jemgyýetde demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň ýol-ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagy.** Ýokarda bellenilişi ýaly, XX asyryň başynda döredilen sowet döwleti şol asyryň 80-nji ýyllarynyň aýagyna gowşap, güýçden gaçyp başlady. Durmuş öz talaplaryny öňe sürýärdi. SSSR-iň düzüminde garaşly, ygtyýarsyz ýagdaýda uzaga gidip bolmajakdygy, halky bagtyýarlykda ýaşadyp bilinmejekdigi kem-kemden aýdyňlaşdy. Sowet döwletiniň dargamaklygy has hem güýjeýärdi. 1991-nji ýylyň awgustynda bolup geçen döwlet ýolbaşçysyny çalyşmaklyga meýiller we ondan soňky sentýabr-oktýabr wakalary ýurduň dargamaklygyny has hem çaltlandyrdy, agyr, bulam-bujar döwür ýüze çykdy.

Ine şeýle şertlerde 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda geçirilen ahlihalk geňeşi netijesinde Türkmenistan öz täze taryhynda ilkinji gezek garaşsyz döwlet diýip yglan edildi. Türkmenistan garaşsyz, özbaşdak, özygtyýarly döwlet boldy. Garaşsyz, demokratik döwleti ykrar eden “Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary” hakynda Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynda: “Türkmenistanyň garaşsyzlygy belent maksatlaryň hatyrasyna – türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň hatyrasyna, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we uýýan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň Baş Kanunynda, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki normalarynda göz öňünde tutulan hukuklary, azatlyklary üpjün etmegiň, kanun agalyk edýän ynsanperwer jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edilýär” diýip bellenilen.

Gadymy türkmen ýurdunda garaşsyz döwletiň döremegi täze taryha altyn harplar bilen ýazyljak beýik waka boldy. Bu waka ähli türkmen halky üçin hiç wagt ýatdan çykmajak pursat boldy. 1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda SSSR döwleti doly ýykyldy. Garaşsyz Türkmenistan döwletleriň dünýä birleşiginde öz ornuny eýelemeli boldy. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan halkara hukugynyň subýekti bolan garaşsyz döwlet hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi.

1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň on ikinji çagyryş Ýokary Sowetiniň on dördünji sessiýasynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy we ony güýje girizmegiň tertibi hakynda Kanun kabul edildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasy 19-njy maýda çap edildi we şol günden başlap hem güýje girdi. Baş Kanunda Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýlip, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar diýip yglan edildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasyny güýje girizmegiň tertibi hakynda Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny 1992-nji ýylyň 21-nji iýulynda geçirmeklik bellenildi.

Bellenen güni S. A. Niýazow 5 ýyllyk möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidentligine saýlandy. 1994-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Türkmenistanda ählihalk referendumy geçirildi. Onda Türkmenistanyň Prezidenti S. A. Niýazowyň konstitusion ygtyýarlyklary saýlaw geçirmezden ýene-de 5 ýyl möhlete çenli uzaldyldy.

Türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny parahatçylyk ýoly bilen, dawa-jenjelsiz, goh-galmagalsyz, uruş-söwüşsiz, ilatyň goldamagy bilen, syýasy durnuklylygyň saklanmagy, milletara ylalaşygyň esasynda almagy bilen öňki sowet jemgyýetçilik we döwlet gurulşyndan täze demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri başlandy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasynda döwletiň syýasy we ykdysady ulgamy türkmen halkynyň asyl ruhy ýörelgelerine, döwlet dolandyryş kadalaryna laýyk getirilip üýtgedildi. Ilki bilen halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli organy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine girýän halk wekilleriniň saýlawlary 1992-nji ýylyň 6-njy dekabrynda geçirildi. Geňeşiň agzalarynyň saýlawlary 1993-nji ýylyň 27-nji iýunynda geçirildi.

Şol döwürde döredilen Halk Maslahaty döwlet-hukuk gurluşynyň özboluşly edarasy boldy. Onuň döredilmegi türkmen halkynyň gadymýetden bäri ulanyp gelýän halkyň bähbidine dahylly meseleleri çözmek üçin umumy maslahata (geňeşe) ýygnanmak däbi bilen baglydyr. Bu döwlet statusyna eýe bolan geňeş umumymilli forum bolup, oňa Prezident, ähli şäherleriň we obalaryň deputatlary, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, Mejlisiň deputatlary, Ministrler Kabinetiniň agzalary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanlary, ýurduň kazyýet edaralarynyň ýolbaşçylary girýärler. Geňeş döwlet durmuşynyň möhüm meselelerine garaýar, teklipleri işläp düzýär, olary Prezident, mejlis we beýleki döwlet edaralary ýerine ýetirýärler. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary Halk Maslahaty türkmen ýurdunyň ösüşi we geljegi bilen baglanyşykly bir näçe wajyp kararlary kabul etdi. Olar: birinjiden, Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesine eýe bolmagy bilen baglanşykly 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-sine bolup geçen VII Halk Maslahatyň işi. Onuň karary bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň birinji maddasynyň tekstine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sindäki “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” Rezolýusiýasynyň 1-nji maddasy goşuldy. Biziň ýurdumyz dünýäde öz esasy Kanunyna BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasyny kanuny esasda girizen ýeke-täk döwletdir.

1999-njy ýylyň dekabr aýynyň 28-ine bolup geçen IX Halk Maslahaty Türkmenistanda ölüm jezasyny ýatyrmak we gadagan etmek barada tutuş Aziýa kontinentinde deňi-taýy bolmadyk karary Kabul etdi. Bu çözgüt Esasy Kanunymyzyň 20-nji maddasynda öz beýanyny tapdy. Munuň özi ýurdumyzda syýasy durnuklylygyň höküm sürýändiginiň hem-de halkymyzyň hukuk we ruhy medeniýetiniň ösüş derejesiniň ýokarydygynyň netijesinde mümkin boldy.

2003-nji ýylyň awgust aýynyň 14-15-inde Türkmenbaşy şäherinde bolup geçen XIV Halk Maslahatynda “Türkmenistanyň ykdysady syýasy we medeni taýdan ösmeginiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli Maksatnamasy Kabul edildi. Bu Maksatnama uzak döwre niýetlenen ýol-ýörelge bolup biziň ykdysady ösüşimiziň yzygiderli, köptaraplaýyn baglanşykly bolmagy üçin gerekli esaslary döretdi we döredip gelýär. Şu hili mysallar az däl.

Umuman, bu ýyllar ýurduň syýasy ulgamynyň döremegi ugrunda wajyp çäreler amal edildi. Türkmenistanyň kanun çykaryjy edarasy bolan Mejlisiň (parlamentiň) deputatlarynyň 1994-nji ýylyň 11-nji dekabrynda bolup geçen saýlawlary döwletiň syýasy ulgamynyň döremeginde wajyp pursat boldy. Mejlis

50 deputatdan ybarat bolup, hemişelik hereket edýän, işleýän edara bolýar. Geçiş döwründe Mejlisiň deputatlary kanun döredijiliginden daşary Türkmenistanyň Prezidentiniň Kontrolluk gullugy bilen bilelikde işleýärler, kabul edilen kanunlaryň ýerine ýetirilişine, ýolbaşçy işgärleriň işine gözegçilik edýärler.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary türkmen döwleti dünýä birleşiginde özüne mahsus bolan özboluşly ornuny tapmaklyk üçin köp tagallalary etdi. Türkmenistan halkyň asmanyň asuda bolmagy baradaky ynanjyny döwletiň esasy binýadynyň birine öwrüp, ony daşary syýasatyň esasy ýöregesi hökmünde öňe sürdi. Goňşulardan başlap alysdaky döwletler Türkmenistanyň hoşniýetli daşary syýasatyny goldadylar. Türkmenistana 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň ses bermegi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ykrar edildi.

Şeýleleikde, türkmen halky garaşsyzlygyny alyp, öz milli döwletini döretdi. Bu döwletiň milletiň asyl ýörelgelerinden ugur alyp adamy mertebelemegine, ynsanperwerlikli daşary we içeri syýasaty ýöretmekligine gerek bolan syýasy esaslary döretdi.

**Sowet jemgyýet gurluşyndan demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri.** Türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny parahatçylyk ýoly bilen, dawa-jenjelsiz, goh-galmagalsyz, uruş-söwüşsiz, ilatyň goldamagy bilen, syýasy durnuklylygyň saklanmagy, milletara ylalaşygyň esasynda almagy bilen öňki sowet jemgyýetçilik we döwlet gurluşyndan täze demokratik jemgyýet gurluşyna geçiş döwri başlandy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasynda döwletiň syýasy we ykdysady ulgamy türkmen halkynyň asyl ruhy ýörelgelerine, döwlet dolandyryş kadalaryna laýyk getirilip üýtgetmeklik işine girişildi. Ýokarda bellenilişi ýaly, ählihalk saýlawlary netijesinde Türkmenistanyň Prezidenti saýlanyldy. Täze Ministrler Kabineti döredildi. Ýerlerde welaýat we etrap häkimiýetlerinden ybarat dolandyryş düzümi kemala getirildi. Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy, Gerbi döredildi. Araçäk, goşun meseleleri çözüldi.

Halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli organy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredilip, onyň düzümine girýän halk wekilleriniň saýlawlary 1992-nji ýylyň 6-njy dekabrynda geçirildi. Geňeşiň agzalarynyň saýlawlary 1993-nji ýylyň 27-nji iýunynda geçirildi.

Şol döwürde döredilen Halk Maslahaty döwlet-hukuk gurluşygynyň özboluşly edarasy boldy. Onuň döredilmegi türkmen halkynyň gadymýetden bäri ulanyp gelýän halkyň bähbidine dahylly meseleleri çözmek üçin umumy maslahata (geňeşe) ýygnanmak däbi bilen baglydyr. Bu döwlet statusyna eýe bolan geňeş umumymilli forum bolup, oňa Prezident, ähli şäherleriň we obalaryň deputatlary, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, Mejlisiň deputatlary, Ministrler Kabinetiniň agzalary, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanlary, ýurduň kazyýet edaralarynyň ýolbaşçylary girýärler. Geňeş döwlet durmuşynyň möhüm meselelerine garaýar, teklipleri işläp düzýär, olary Prezident, mejlis we beýleki döwlet edaralary ýerine ýetirýärler.

Türkmenistanyň kanun çykaryjy edarasy bolan Mejlisiň (parlamentiň) deputatlarynyň 1994-nji ýylyň 11-nji dekabrynda bolup geçen saýlawlary döwletiň syýasy ulgamynyň döremeginde wajyp pursat boldy. Mejlis 50 deputatdan ybarat

bolup, hemişelik hereket edýän, işleýän edara bolýar. Geçiş döwründe Mejlisiň deputatlary kanun döredijiliginden daşary Türkmenistanyň Prezidentiniň Kontrolluk gullugy bilen bilelikde işleýärler, kabul edilen kanunlaryň ýerine ýetirilişine, ýolbaşçy işgärleriň işine gözegçilik edýärler.

Geçiş döwrüniň syýasy ulgamynyň kemala gelmeginde 1994-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda geçen Halk Maslahatynyň we Milli galkynyş hereketiniň birinji gurultaýy wajyp orun eýeledi. Şonda bu hereketiň Milli Sowetiniň düzümi saýlandy, oňa Türkmenistanyň Milli galkynyş hereketine gatnaşýan jemgyýetçilik guramalarynyň hemmesiniň wekilleri girdiler. Olaryň ählisi galkynyş hereketine birleşip ýurtda öňe sürülen “10 ýyl abadançylyk” syýasatyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmäge ýardam berip başladylar.

Şeýleleikde, Türkmenistanyň syýasy ulgamynyň düzüminde Halk Maslahaty, Mejlis, hökümet edaralary, Türkmenistanyň demokratik partiýasy, häkimiýetiň we öz-özüni dolandyryş ýerli guramalary döredildi. Türkmeniň milli döwleti döredildi. Diýarymyz syýasy we döwlet garaşsyzlygyna eýe boldy. Halkymyz ruhy-medeni garaşsyzlygyny gazandy. Ýurdumyzda ykdysady özgerişler başlandy.

**Jemgyýetde bazar gymmatlyklarynyň ornaşdyrylyp başlanmagy.** Geçiş döwründe güýçli döwletlilik, ykdysady reforma döwlet tarapyndan gözegçilik etmeklik bu döwrüň aýratynlygy boldy. Planly hojalykdan bazar hojalygyna, umumy eýeçilikden eýeçiligiň dürli görnüşlerine, şol sanda hususy eýeçilige geçmek, geçiş döwründe hususylaşdyrmak işi başlanyp, nyrhlar döwletiň elinde saklanyp, ykdysady özgerişler etaplaýyn, ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyryldy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan döwlet eýeçiligini doly agalygyndan azat bolup garyşyk hilli ykdysadyýeti döretmek we ony ösdürmek maksat edinildi. Şeýle ykdysadyýet dürli eýeçilik görnüşleriniň, şol sanda hususy eýeçiligiň hereket etmegi üçin deň ykdysady şertleriň döredilmegi esasynda kemala gelýär. Garyşyk ykdysady ulgamy döretmek meselesi eýeçiligi döwletden aýyrmak we hususylaşdyrmak işine öz täsirini ýetirdi. Ýurtda döwlet eýeçiligi bilen bir hatarda hususy eýeçiligiň we eýeçiligiň beýleki görnüşleriniň döremegi hyzmat ediş we söwda pudaklaryna degişli kiçi we ortaça kärhanalary hususy eýeçilige satmakdan başlandy.

Emläk eýeçiligi wajyp mesele, ol her bir adamyň durmuşda tutýan ornuny we geljegini kesgitleýär. Şonuň üçin hususy eýeçilige geçilende ýurduň ilatynyň dürli gatlaklarynyň bähbitlerini göz öňünde tutýan usullar bilen amala aşyryldy. “Hususy eýeçilik, goý, täze girizilýän desgalarda we özleşdirilýän ýerlerde has-da giň gerim alsyn” diýen ýörelge öňe sürüldi. Şol bir wagtyň özünde bolsa, hyzmat gurşawynda çaklaňrak obýektleri auksionlaryň üsti arkaly satylyp başlandy. orta göwrümli kärhanalar zähmet birleşmelerine uzak möhletleýin kärendesine ulanylmaga berildi. Eýeçiligiň aksioner görnüşi hem kem-kemden durmuşa ornap başlady. Ýöne eýeçiligiň bu görnüşiniň döremekligi üçin bazar gatnaşyklarynyň ösen derejesi gerek. Şol sebäpli ol köptaraplaýyn çemeleşmeler esasynda girizildi.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini köp pudakly ösen hojalyga öwürmek meselesi gaýragoýulmasyz mesele hökmünde öňe çykdy. Hawa, oba hojalygy bilen bir hatarda senagat Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy sütüni bolup ozal hem

çykyş edýärdiler. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurtda 1601 kärhana hereket edýärdi, şolaryň 400-e golaýy özbaşdak balansdaky önümçilik birleşikleri, kombinatlar we kärhanalardy. Öndürilýän senagat önüminiň aglaba bölegi (76,2%) agyr senagatyň, şol sanda 67,1% -i ýangyç-energetiki toplumyň paýyna düşýärdi. Nyrhlaryň täsiri netijesinde ýeňil senagatyň udel agramy peselip 11,6%-e barabar boldy1. Ozalky döwletara gatnaşyklaryň bozulmagy önümçilik kuwwatlarynyň ulanylyşynyň peselmegine, önümçilik serişdeleriniň könelmegine getirdi. Bu kynçylyklar türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynda öz şöhlelenmesini tapýar. Şonda öňe sürülen ýurduň senagat potensialyny kämilleşdirmek babatda alynyp barylan işler iki ugry öz içine alýar:

1 Gazylyp alynýan mineral çig mallaryň köptaraplaýyn gaýtadan işlenilmegini gazanmak;

2 Bar bolan oba hojalyk çig mallarynyň esasynda taýyn önümleriň önümçiliginiň giň gerimini döretmek.

Ykdysadyýetiň düzümini kämilleşdirmek meselesi döwletiň “Täze oba” syýasatynda öz beýanyny has-da giň tapdy. Azyk garaşsyzlygyny gazanmaklyk ilkinji derjeli wezipe hökmünde öňe sürüldi. Ilki bilen hem öňki döwürlerde ünsden düşirilen ýa-da harytlyk häsiýetine eýe bolmadyk önümçilikleri ýokary depginler bilen ösdürmek. Garaşsyzlykdan öňki ýyllar Türkmenistany pagtaçylygy aşa ýörüteleşdirmekden ugur alynyp, däneçilik, miweçilik, bakja önümçiligi we ekerançylygyň käbir beýleki pudaklary ünsden düşürilipdi. “Täze oba” syýasatynda bu pudaklary ýokary depginler bilen ösdürmeklik göz öňünde tutuldy. Şonuň bilen bir hatarda ýurduň tebigy şertlerini oňaýly ulanyp, çäklendirilen ýerlerde ösüp ýetişýän seýrek duş gelýän önümleri öndürmegi ýola goýmak, ilatyň maldarçylyk önümlerine bolan islegini doly kanagatlandyrmak maksat edinildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda öňe sürülen türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynda infrastruktura pudaklarynyň ösmekligine hem üns berildi. Ýurtda gurluşygyň, ulagyň we aragatnaşygyň ösmegi barada uly aladalar edildi, gaz geçirijileriň, demir we gara ýollaryň gurluşygy ýokary depginde alynyp baryldy. 1994-nji ýylda paýtagtyň aerowokzal toplumy işe girizildi. 1996-njy ýylyň maýynda Tejen-Sarahs-Maşat halkara demir ýoly açyldy. Bular Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmeklige mümkinçilikler döretdi.

Türkmenistanda ykdysadyýeti ösdürmekde, ylaýta-da geçiş döwründe, güýçli döwlet düzgünleşdirişiniň gerekliginden ugur alyndy. Bu ýerde administratiw usullardan azat bolup, ukdysady usullara esaslanmaklyga üns berildi. Döwlet ykdysady ösüşiň strategiki ugurlaryny kesgitlemeklige aýratyn üns berýär. Döwletiň ykdysady syýasatyna köptaraplaýyn we uzak möhletleýin häsiýet bermek maksady bilen 2003-nji ýylyň awgust aýynyň 14-15-ine geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynda “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli Maksatnamasy kabul edildi. 2006-njy ýylyň oktýabr aýynyň 25-ine geçen XVII Halk Maslahatynda “Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy” kabul edildi.

Ykdysadyýeti dolandyrmaklykda döwletiň wajyp wezipesi geçiş döwründe adamlaryň sosial goraglylygyny üpjün etmek bilen hem bagly boldy. Ilaty tebigy gaz we elektrik energiýasy, agyz suwy we nahar duzy bilen mugt üpjün etmek, ýaşaýyş jaý tölegini, komunal we ulag hyzmatlary ujypsyz derejede saklamak sosial goraglylygyň görkezijileri bolýarlar. **Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda jemgyýetiň sosial düzüminde bolup geçen özgerişler.** Bu meseläniň garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryna degişlilikde garalýanlygy sebäpli, bu ýerde onuň käbir aýratynlyklarynyň üstünde duryp geçeliň. Täze jemgyýet gurluşyna geçiş döwrüniň başynda ilki bilen owalky synplaryň, sosial toparlaryň we gatlaklaryň raýdaşlygynyň esaslary gowşady we kem-kemden dargamak bilen boldy. Sebäbi turuw başdan döwlet eýeçiliginiň ýeke-täk we ählumumy agalyk ediji görnüşinde bolmagynyň soňuna çykyldy. Hususy eýeçiligiň döremekligine we ösmekligine hukuk esaslary döredildi. Bu döwürde türkmen halkynyň taryhy we medeni mirasy dikeldilip, dünýägaraýyşlaryň, pikirleriň we ruhy gymmatlyklaryň dürli-dürliligi emele geldi. Jemgyýetiň düzüminde täze gatlaklar we toparlar: telekeçiler, ýer eýeleri, mülkdarlar ýüze çykyp başlady.

Dürli bähbitli ykdysady toparlaryň köpelmegi we bölünmegi, paýlaýşyň görnüşleriniň üýtgemegi, jemgyýetçilik baýlygyndan peýdalanmagyň usullarynyň özgermegi, söwda, alyş-çalyş gurşawynda, bank-kredit, dolandyryş ulgamlarynda girdeji edinmegiň täze mehanizmleriniň döremegi hususyýetçileriň düzümini köpgörnüşli edýär. Şolaryň täsiri bilen ýurtda täze döwrüň sosial gatlaklarynyň döremegi üçin mümkinçilikler açylyp ugrady. Olar sosial kökleri, eýeçiligiň gelip çykyşy, işewürlik medeniýeti, milli däp-dessurlar, durmuş obrazlary bilen tapawutlanýarlar. Olar jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda işleýänleriň, ozalky synplaryň we gatlaklaryň hasabyna köpelmäge mümkinçilik alýarlar.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary işçiler synpynyň düzüminde üýtgeşmeler bolup geçdi. Onuň esasy bölegini döwlet sektorynda işleýän işçiler düzýär. Ýangyç-energetika, ulag, aragatnaşyk, gurulşyk ýaly ykdysadyýetiň esasy pudaklary entäk döwletiň elinde saklanýar. Şonuň üçin bu ýyllar döwlet eýeçiligi bilen baglanyşykly bolan industrial işçiler bu synpyň esasy bölegi bolup galdy. Önümçiligi alyp barmagyň täze düzümleriniň bu pudaga aralaşmagy (aksioner jemgyýetler, konsernler, önümçilik birleşmeleri, bilelikdäki kärhanalar we başg.) industrial işçileriň bir bölegini bazar gatnaşyklaryna iterýär. Olar tehnologik we ykdysady täzelikleriň meýdançasyna çekilýärler.

Industrial işçileriň beýleki bir topary bazar gatnaşyklaryna taýyn däl. Bu topar ykdysagyýetiň owalky gurluş bilen baglanyşykly, geçiş döwrüniň başynda taryhy inersiýaň hereketi bilen ýaşaýan pudagynda özüni oňaýly duýýar. Bu gatlak özüniň sosial-ykdysady statusynyň üýtgeýänligine garamazdan, ruhy-ahlak jähtden özüni täze ykdysady düzümler bilen baglap bilenok. Onuň sosial nazarlanmasy döwlet tarapyndan berilýän, üpjün edilýän aýlyk haka, dürli töleglere hem kömeklere gözügen. Bu gatlagyň agzalary konserwatiw meýilli. Täzelikler olary gorkuzman duranok.

Şol bir wagtda hem täzeden ösýän dokma, ulag we beýleki pudaklarda işçiler synpynyň täze bir gatlagy kemala grlip başlaýar. Bu toparyň zähmetiniň tehniki esasy ösen we tehnologik mazmuny baý bolýar. Önümçiligiň täze gatnaşyklaryna

gözügen bu pudaklarda işleýän işçiler bazar ykdysadyýetiniň orta atan meseleleri, talaplary bilen häli şindi gabat gelýärler. Ýöne işçileriň bu toparynyň düzüminde düýnki daýhanlaryň, öý hojalygy bilen meşgul bolup ýören aýal-gyzlaryň ep-esli orun tutandygyny belemek gerek.

Şol döwürde döräp başlan bilelikdäki kärhanalarda zähmet çekýän işçiler özboluşly topary düzýär. Olaryň zähmetiniň tehnologik mazmuny beýlekilere görä has baý hem çeýedir. Bu toparyň sosial-ykdysdy statusy beýleki toparlaryňkydan üýtgeşik. Ol eýeçiligiň görnüşleri bilen baglydyr. Bu kärhanalarda dolandyryşyň, iş ýöretmegiň dürli usullary utgaşýar. Olarda hukuk düzgüni özboluşly alamatlara eýe bolýar. Şol döwürde olaryň käbirlerinde milli kanunçylykda göz öňünde tutylan kadalardan başga-da özboluşly pursatlaryň bolanlygy bellidir. Onuň sebäbi bolup kanunçylykdaky şindi bar bolan boşluklar, şahsyýetiň bähbitlerini goraýjy mehanizmleriň täze düzümleriň hereket ediş usullaryny doly özleşdirip, çet ýurtly hünärmenleriň bolsa milli kanunlary öwrenip ýetişmezlikleri we beýleki täsirler bilen bagly boldy.

Işçileriň bu gatlagynyň bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşmagy üçin gerek bolan şertler barha artýar. Iki medeniýetiň, iki durmuş obrazynyň galtaşmagy geçiş döwrüniň kynçylyklaryny ýeňip geçmäge, şahsyýetiň, toparyň gymmatlyklar ulgamynyň üýtgeýşiniň netijeleriniň maýyşgaklaşdyrmaklygyna belli bir şertleri döredýär. Toparyň ruhy gözlegleri beýlekilere görä ýeňilleşýär. Onuň ruhy dünýäsinde täze döwre kybap gymmatlyklar gitdigiçe köpelýär.

Işçiler synpynyň bir bölegi, ozaly bilen hem hünär derejesi pes ýa-da hünäri ýok işçiler, kyn ýagdaýa düşýärler. Olar owalky sosial statusyny üýtgedip başga statusa eýe bolýar. Şol döwürde şu toparyň içinde işsizler, häli-şindi iş ýerini üýtgedip ýörenler, hatda jenaýata meýil edýän adamlar az bolmady. Şu hili ýagdaýa düşenler diňe bir owalky işçileriň içinde däl, eýsem beýleki toparlaryň we gatlaklaryň içinde hem boldy. Işsizlik adamlary aljyradýar. Ykdysady düzümleriň täzeleriniň açan mümkunçiliklerini giňden peýdalanmaga bu toparyň ýagdaýy ýok. Bu toparyň syýasy hem durmuşy-medeni potensiallary-da şindi gowşakdy. Onuň agzalary duýgulaýyn hereketlere meýillidir.

Görşümiz ýaly, işçiler synpynyň sosial düzümi geçiş döwrüniň orta atan meseleleri bilen baglanyşykly bolupdy. Oňa köp sanly sosial-ykdysady, syýasy, medeni we beýleki sebäpler täsir eýär. Onuň gatlaklara bölünmek we täze durka eýe bolmak işi dowam edýär. Geçiş döwründe jemgyýetiň ösüşiniň barşynda işçiler synpynyň düzümi ençeme özgerişlere sezewar boldy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda owalky daýhanlar synpynyň sosial ýagdaýy, jemgyýetçilik orny üýtgemleri başdan geçirdi. Ol özüniň ykdysady taýdan bitewiligini ýitirip başlady. Daýhanlaryň ýaşaýyş şertleri, jemgyýetçilik gatnaşyklary we gymmatlyklar ulgamy düýpli özgerişleriň täsirine düşýär. Şu hili ýagdaýa ilatyň köp bölegi düşdi. Sebäbi daýhanlar oba ilatynyň esasy bölegini tutýar. Oba ilaty bolsa şol döwürde Türkmenistanyň ilatynyň 55 göterimini düzýärdi.Garaşsyzlykdan öňki ýyllar daýhanlar özlerini kolhoz önümçiigi we kolhoz-kooperatiw eýeçiligi bilen bagladylar. Kolhozlaryň üstünden berk döwlet gözegçiliginiň bolmagy daýhanlaryň erkinliginiň düýpli çäklendirilmegine getiripdi. Olaryň ykdysady we durmuşy medeni potensialy orta hem bolsa, syýasy

mümkinçilikleri oňa kybap däldi. Daýhanlaryň iri kollektiw hojalyga we mehanizmleşdirilen önümçilige çekilenligine garamazdan bu ýagdaý üýtgemedi.

Şoňa görä-de garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda bu ýerde geçýän özgerişlere türkmen döwleti aýratyn üns berýär. 1995-nji ýylyň 15-nji iýunynda çykarylan Perman esasynda kolhozlar dargadyldy, sowhozlar, hojalygara hem-de beýleki döwlet oba hojalyk kärhanalary ýatyryldy we olryň bazasynda daýhan birleşikleri döredildi. Bu ýagdaý oba ilatynyň sosial düzümine düýpli täsir etdi.

Daýhan birleşikleri ýurduň önümçiligini çig mal we olary oba hojalyk önümleri bilen üpjün edýän iri hojalyk subýektleri bolup çykyş edýärler. Olar eýeçiligiň döwlet, kooperatiw, gartyşyk görnüşleri esasynda döreýär.

Daýhanlaryň täze gatlagynyň sosial we hukuk statusynyň üýtgemegi bilen onuň medeni-ruhy statusynyň üýtgemegi başda sazlaşykly bolup bilmedi. Olaryň ilkinjileri belli bir derejede çalt üýtgeýär, ikinjisi welin haýal. Daýhanlaryň jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän özgertmeler olaryň aňynda gijä galyp şöhlelenýär. Munuň özi daýhanlaryň agzalan toparynyň durmuşy bilen olaryň aňynyň arasynda garşylyk döredýär. Şu ýerdäki gapma-garşylyk hem özboluşly ideologik we guramaçylyk işlerini talap etdi.

Kolhozlaryň , sowhozlaryň ornuna daýhan birleşikleriniň döremegi täze bazar ykdysady gatnaşyklarynyň ösüp ugramagynyň, guramaçylyk görnüşleriň uýgunlaşmak meýillerini ýüze çykardy. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary bolup geçen düýpli özgerişler daýhanlar synpynyň bölünmegini şertlendirdi. Daýhanlaryň içinden mülkdarlar ýüze çykyp başlady. Olaryň düzümi jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň hasabyna artyp başlady. Oba ilatynyň içinde kärendeçi, hususýetçi daýhanlaryň sany hem köpelýär. Kärendeçiler kollektiw hojalyk bilen hususy eýeçiligiň arasynda dörän topary düzýär. Tejribeli daýhanlaryň, oba hojalyk hünärmenleriniň, oba intelligensiýasynyň içinden hem husuýetçiler şol ýyllar döräp başlady. Geçiş döwrüniň başynda obada fermer hojalyklarynyň ýüze çykmagy üçin hem syýasy hem hukuk şertler emele geldi. Emma bu hili hojalyklaryň döremegine belli bir kynçylyklar döredi. Onuň üçin gerek bolan tahniki baza ýetmeýärdi we oba infrastrukturasy şindi gowşakdy.

Şeýlelikde, geçiş döwründe oba ilatynyň sosial düzümi üýtgeýär. Köne düzüm dargap täze düzüm kemala gelýär. Olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň netijesi täze ykdysady düzümleriň oba ilatynyň aňyna ornaşyş, olaryň bähbitlerine kybap geliş derejesi bilen kesgitlendi. Ýeterlik obýektiw şertler döremezden geljege tarap kesgitli hereket edip bolmaýar. Şoňa görä-de, oba durmuşyny tapgyrlaýyn özgertmek baradaky öňe sürülen pikir türkmen halkynyň taryhy tejribesine, onuň durmuş obrazyna, medeniýetine we şol döwürki ýagdaýyna dogry gabat gelýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň özgermegi onuň möhüm gatlagy bolan intelligensiýanyň düzüminde hem üýtgemeleriň bolmagyna getirdi. Jemgyýetiň sosial ykdysady esasynda, önümçilikde, tehnikada we tehnologiýada, ýurduň syýasy durmuşynda başlanan üýtgemeler akyl zähmetiniň we akyl zähmeti bilen meşgul bolýan adamlaryň jemgyýetdäki ornuny üýtgetdi. Jemgyýetde kemala gelýän täze sosial-ykdysady gatnaşyklar, bazar ykdysadyýeti ylmyň, bilimiň, medeniýetiň belli pudaklarynyň ähmiýetini artdyrdy.

Hünärmenleriň belli kategoriýalaryna (ykdysadyýetçilere, bank, maliýe işgärlerine, ýuristlere, maglumat ugrunda işleýänlere we başg.) bolan isleg köpeldi.

Geçiş döwründe döredijilik intelligensiýanyň milliligi berkitmekdäki orny artdy. Milli öz ähmiýetine düşünmek zerurlygy intelligensiýanyň türkmen halkynyň taryhy we medeni mirasyny özleşdirmek wezipesini ýokarlandyrdy. Şonuň bilen birwagtda bazar ykdysadyýeti intelligensiýanyň türkmen medeniýetini umumyadamzat medeniýetiniň gazananlary bilen sazlaşykly ösdürmek, garaşsyzlygy berkitmek ugrundaky işleriniň hem ähmiýetini artdyrýar.

Türkmen jemgyýetinde intelligensiýa bir kysymdaş däl. Olaryň bir bölegi ylym-bilim, lukmançylyk, döwlet edarasynda işleseler, beýleki bir bölegi (inžener-tehniki personal) hakyna tutma işçilere, ýene biri (oba hojalyk hünärmenleri we başg.) daýhanlara golaý. Olaryň önümçilik, durmuş ýagdaýlarynda, endiklerinde, däp-dessurlarynda, durmuş obrazlarynda belli bir meňzeşlik bolaýanda hem intellegensiýanyň soňky iki bölegini işçiler synpynyň we daýhanlar synpynyň içinde deretmek bolmaýar. Şonuň ýaly-da bazar ykdysadyýeti bilen baglanyşykly döreýän ýuristlere, bank we maliýe işgärlerine telekeçiler bilen bilelikde garamaklyk nädogry bolar. Şonuň üçin intelligensiýa dürli ugurlarda akyl zähmeti bilen meşgul bolýan aýratyn sosial topar bolup, geçiş döwründe üýtgemeleri başyndan geçirýär.

Onuň içinde öz statusyny üýtgedýän gatlaklar köpelýär. Intelligensiýa gapdallaýyn we ýokary-aşaklaýyn üýtgemele uçraýar. Onuň bir bälegi sosial merdiwanda ýokary galýar, beýleki bölegi aşak gaýdýar. Intelligensiýanyň sosial merdiwandan ýokary galan toparyna milli intelektual we syýasy elitany, bazar ykdysadyýetine hyzmat edýän hünärmenleriň ýörite toparlaryny goşsa bolar. Bu gatlaklaryň syýasy hem ykdysady statusy olaryň ylmy-medeni we ýokary hünärmenlik potensialyna içgin bagly bolýar.

Intelligensiýanyň düzüminiň üýtgemegi birsydyrgyn, bir ugurly hem bir kysymdaş özgeriş däl. Ol çylşyrymly, gapma-garşylykly we netijeleri birmeňzeş bolmadyk hadysalardan durýar. Jemgyýetiň hil taýdan üýtgeýän ýagdaýynda intelligensiýa üýtgemän galyp bilmeýär. Onuň sosial, hünärmenlik, medeni taýdan hereketlilik derejesine, oňyn özgertmelere ulaşan durmuşda özüni tapmaga bolan ukyplylygyna intelligensiýanyň geljegi bagly bolýar.

Şeýle köpgörnüşli täze sosial toparlaryň, gatlaklaryň we synplaryň döremegi uzak wagtyň içinde bolup geçýän ykdysady, hukuk we ruhy özgerişleriň netijesi bolýar. Mysal üçin işewür, bäsleşige ukyply, "birini müň edip bilýän, telekiçiniň döremekligi diňe bir kärendäniň ýa-da hususy eýeçiligiň üsti bilen öz işiňi guramaklyga ýol açylmagy bilen bagly bolman, eýsem, özüne ynamly, täze gymmatlyklaryň içinde erkin hereket edip bilýän, kanunçylygy sylaýan adamlaryň hatarynyň artmagy bilen bagly bolýar. Şeýle adamlar senagatda-da, oba hojalygynda-da, hyzmat gurşawynda-da döräp bilýärler.

Görşümiz ýaly, geçiş döwründe türkmen jemgyýeti hakykatdan hem bir haldan beýlekisine geçýär. Jemgyýetiň sosial strukturasy düýpli özgermelere sezewar bolýar. Onuň düzüminiň öňki bitewiligi ýitýär. Synplaryň, jemgyýetçilik toparlarynyň we sosial gatlaklaryň içki aragatnaşyklary gowşaýar. Olar biri-birinden daşlaşýar. Munuň esasynda ykdysady, emläk deňsizliginiň ýüze çykmagy,

köp **ukladly** ykdysadyýetiň döräp ugramagy ýatyr. Bu özgerişe jemgyýetçilik toparlarynyň syýasy we durmuşy-medeni potensialynyň häsiýeti hem möçberi öz täsirini ýetirýär. Umuman dürli bähbitlere eýerýän toparlar we gatlaklar döreýär.

Şonuň üçin jemgyýetçilik gatlaklaryň we toparlaryň bähbitlerini we özara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak gerek boldy. Sebäbi jemgyýetçilik gerekliligi döräp ýüze çykýan düşünjeler we gymmatlyklar bada-bat ähli adamlar tarapyndan özleşdirilip bilinmediler. Dowamly wagt olar köne stereotipler esasynda pikir ýöredip geldiler. Bu bolsa geregu-gerekmejek salgylaryň köpdürliligine getirýär. Mysal üçin, geçiş döwründe adamlaryň bir toparynyň biziň jemgyýetimize ornaşýan täze gymmatlyklara özüne bagly däl güýjiň täsiri esasynda ýüze çykýan gymmatly zat hökmünde garanlary hem boldy. Bu bolsa kä halatlarda adamlaryň özgerişi öz hereketleriniň netijesi bilen baglap bilmeýän ýagdaýlaryna getirdi. Şonuň ýaly-da olaryň arasynda täze gymmatlyklara ähli zady, şol sanda adamy hem peýda üçin ulanylýan serişdä öwrüp bilýän güýç hökmünde garamak meýillilerinden ugur alanlary hem boldy. Özgerişe serişde hökmünde garamaklyk işewür telekeçileriň ugrukdyryjy düşünjesine öwrülen ýagdaýynda, olaryň ykdysady bähbitden daşarky gymmatlyklara kembaha garamaklaryna getirýär. Ine, şonuň üçin geçiş döwründe jemgyýetiň özgerişine öz-özüne ýeterlik gymmatlyk diýip düşünýän işewür adamlaryň, hünärmenleriň, telekeçileriň, ýer eýeleriniň täze gymmatlyklara girişmegi bilen artmaklygyna hemaýat etmeli boldy.

Geçiş döwri täze sosial toparlaryň we gatlaklaryň döremegine ýokarda agzalan esaslardan başga esaslar hem täsir etmek mümkinçiligi bar. Döwlet we kooperatiw eýeçiligindäki serişdeleriň bikanun usullar arkaly aýry-aýry adamlaryň eýeçiligine geçirmek mümkinçilikleri galýar. Şoňa görä-de, türkmen döwleti bu döwürde ykdysadyýetiň hukuk esaslaryny täzeläp, päk maksatlara, päk usullar, serişdeler bilen jemgyýetçilik baýlygyna eýe bolmaklary barada yzygiderli alada edýär. Bu ýerde täze döreýän sosial toparlaryň, gatlaklaryň we synplaryň täze gymmatlyklary özleşdirmek bilen bir hatarda türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan ugur almaklary hem wajypdyr.

Bazar gatnaşyklaryna işewür girişýän döwürde adam öz edýän işine özi jogap bermeli. Adamlaryň täze şertlerde öz borjuny we jogapkärligini bilmekleri üçin täze aň gerek. Jemgyýetde täze aňyň kemala gelmegininiň öz depgini bar. Aňyň kemala gelmegine ykdysady we durmuşy özgerişleriň täsir edýänligine garamazdan, onuň depgini soňkularyň üýtgeýiş depgini bilen gabat gelmeýär. Şonuň üçin täze aňyň kemala gelmegini emeli taýdan çaltlandyrmak ýa-da çäklendirmeklik gerekli netije berip bilmeýär. Geçiş döwrüne geregu-gerekmejek salgylaryň köpdürliligi häsiýetli bolýar. Diýmek, bu döwürde şol salgylanmalara eýerýän, ýokarda görkezilen dürli-dürli toparlaryň boljaklygy hem düşnüklidir. Şeýle toparlary birikdirýän täze ideologiýa kem-kemden gereklilik döreýär.

**Garaşsyzlyk we ylym-bilim, saglygy goraýyş hem-de medeniýetde başlanan özgerişler.** Türkmen halky öz garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soňra täze dünýägaraýşyň gerekligi mese-mälim duýuldy. Ýurtda XX asyryň uzak döwründe agalyk eden synpy bähbitleri goraýan marksistik ideologiýa türkmen halkynyň bähbitlerini aňlap bilmedi. Ol milli gymmatlyklary manylaýyn kabul etmän hakykatda inkärläp geldi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda adamlar onuň täsirinden

doly çykyp bilmeýändikleri sebäpli, olaryň aňy garaşsyzlyga düşünip ýetişmeýärdi. Şonuň üçin olar şindi baknalyk psihologiýasyndan azat däldiler. Şol sebäpli täze adamy ýetişdirmeklik döwletiň çözmeli iň wajyp meselesine öwrüldi.

Başlangyç döwürde bu meseläniň çözgüdi ilki bilen milliligi berkitmeklik bilen baglanyldy. Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soňra şu iş milli türkmen döwleti tarapyndan amal edildi. Milli gymmatlyklardan ugur alýan bu döwlet biziň jemgyýetimizde geçýän ähli özgerişleriň, şol sanda ykdysady, syýasy we medeni özgerişleriň gözbaşynda durup, olary milletiň bähbidine gönükdirmeklige hem-de milliliginiň dikeldilmegine hyzmat etdi we edýär.

Bu wajyp iş biziň jemgyýetimiz üçin örän ähmiýetlidir. Sebäbi geçmişde taplanan türkmeniň aňy azat we erkin durmuşy gurnamaklyga gerek bolan zähmet endikleriniň we ahlak kadalarynyň degerli görnüşlerini öz içine alandyr. Biziň ata-babalarymyz öz hereketlerini doly ylmy esasda gurnamasalar hem, umuman, olar akylly-başly hereket edip bilipdirler. Şonuň üçin geçiş döwründe geçmişde halkymyzyň toplan baý medeni mirasyny we durmuş tejribesini jemgyýete gaýtaryp getirmeklik işinde şol döwürde döredilen Milli medeni miras merkezi, Türkmenistanyň ilkinji Prerzidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Ruhnama” eseri hemaýat etdiler.

Geçiş döwründe jemgyýetçilik aň-düşünjesini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde ösdürilýän milletimiziň milli ruhy gymmatlyklary we däp-dessurlary bolýar. Biziň ata-babalarymyz öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gitdiler. Özbaşdaklyga eýe bolanymyzdan soňra, şu mirasyň hakyky mirasdüşerleriniň, oňa eýe bolmaklaryna şert döredi. Bu ýyllar geçmişde halkymyzyň galkynyşlaryna itergi beren türkmeniň asyl ruhy ýörelgeleri esasynda jemgyýetiň özgeriş ýoluny kesgitlemeklige çalşyldy. Halkymyzyň ruhy dünýäsine çuňlaşyp, ony millet eden adamkärçilik pähimleriniň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmek örän möhüm iş boldy. Olar jemgyýetiň ähli edaralaryna, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelerine milli häsiýet bermeklige esas döretdi.

**Geçiş döwrüniň tamamlanmagy.** Görşümiz ýaly, garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra jemgyýetiň durmuşynyň ähli ugurlaryndaa başlanan düýpli özgerişler, kem-kemden onuň hil taýdan täze derejä çykmaklygyna esaslary döredip başladylar. Syýasatda-da, ykdysadyýetde-de, medeniýetde-de täze döwre kybapdaş gymmatlyklaryň we ýörelgeleriň güýje girmekligine şertler döreýär. Şol özgerişleri göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda geçen Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda geçiş döwrüniň tamamlanyp beýik Galkynyş eýýamynyň başlanandygyny aýtdy. Türkmenistanda täze Galkynyş we beýik özgerişler eýýamynyň başlanmagy türkmen halkynyň dünýä ylmynyň, tehnikasynyň, tehnologiýasynyň we öňdebaryjy tejribäniň soňky gazananlaryna esaslanyp täze sepgitlere barýanlygyny aňladýar. Bu ugurda açylýan mümkinçilikler ilki bilen, ilatyň ýaşaýyş-durmuşyny ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýan uly möçberli maksatnamlaryň durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzda halkara jemgyýetçiligi bilen gatnaşyklary giňeltmek esasynda amala aşyrylýan bu işleriň göwrümi gün-günden giňelýär. Bu döwürde adamlaryň ylym-bilim derejesi hem ýokarlanýar. Olar bu gün döwrümiziň jemgyýetçilik düşünjesiniň we geçirilýän özgertmeleriň many-mazmunyna doly akyl ýetirýärler. Halkymyz ruhy taýdan galkynýar.

Şeýle ösüş we özgeriş ylymda döwrebaplaşmak diýip atlandyrylýar. Döwrebaplaşmak döwrüň, adamzadyň ösüşiniň talaplaryna laýyklylykda üýtgemek, kämilleşmekdir. Garaşsyzlygyny gazanyp ösüş ýoluna düşen ýurduň döwrebaplaşmagy, onuň özgerişini häsiýetlendirýän örän wajyp hadysadyr. Täze Galkynyş eýýamynda diňe bir şu hili özgerişleriň wajyplygy duýulman, eýsem olary amal etmekligiň ýollary hem kesgitlendi. Bu döwürde ýurdy döwrebaplaşdyrmaklyk döwlet syýasatyna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň sentýabr aýynda ABŞ-a iş saparynyň çäklerinde „Ýewraziýa Grup“ guramasynda işewürler bilen bolan duşuşykda eden çykyşynda: „Eger biziň häzirki syýasatymyzyň mazmunyny gysgaça kesgitlesek, onda men ony ýurdy mundan beýläk-de galkyndyrmak we döwrebaplaşdyrmak syýasaty diýip atlandyrardym. Ol döwleti dolandyrmagyň we jemgyýetiň ähli derejelerini kämilleşdirmäge, ýurduň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga we artdyrmaga, daşarky dünýä bilen gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilendir“ 1 diýip belledi. Görşümiz ýaly bu ýerde döwrebaplaşdyrmaklygyň esasy ugurlary häsiýetlendirilýär we onuň jemgyýetiň durmuşynyň ähli ugurlarynda geçirilýän oňyn reformalar, özgerişler, täzeleniş bilen berk baglanyşykdadygy aýdyň görünýär. Geljekki sapaklarymyzda olaryň many-mazmuny giňişleýin açylar.

**Jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň özara ylalaşygynyň, jebisliginiň, sazlaşygynyň gazanylmagyna gönükdirilen syỳasaty ỳöredỳän kuwwatly demokratik döwlet öz gündelik işinde adamlara hyzmat etmäge, olaryň bähbitlerini goramaga ukyplydyr 1**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**

# IV bölüm. Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy. Döwlet we onuň milletiň galkynyşyndaky orny

## Birinji bap. Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy

**Syýasat we syýasy proses barada umumy düşünjeler.** “Filosofiýa” we “Syýasaty öwreniş” kurslarynda olaryň üstünde giňişleýin durup geçilip, onuň aýratynlyklary we jemgyýetdäki orny bilen baglanyşykly meseleler derňelipdi. Bu ýerde biz türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy barada gürrüň açmaklygy maksat edinýäris. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda bu ýerde bolup geçen özgerişler ýokarda, üçünji bölümde beýan edilipdi. Diýmek, biziň şu sapagymyz täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetiň syýasy gurluşynyň aýratynlygy we onuň täze döwürde ýurduň sosial-ykdysady we medeni-ruhy ösüşine täzir etmekligine dörän täze mümkinçilikler barada bolmalydyr. Şol mümkinçilikleri açyp görkezmeklik üçin ilki bilen jemgyýetiň syýasy gurluşy bilen baglanyşykly umumy meseleleriň üstünde durup geçeliň.

Her bir jemgyýetiň durmuşynda syýasat wajyp orun eýeleýär. Onuň orny has hem özgerýän, üýtgeýän jemgyýetde ýokarydyr. Syýasat jemgyýetiň ähli ugurlarynda ýüze çykýar. Mysal üçin, ykdysadyýet ilki bilen jemgyýetiň ykdysady düzümi, maddy önümçilik bilen baglydyr. Ýöne hut syýasatçylardan adamlar öz ýaşaýyş durmuşy bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdine garaşýarlar. Jemgyýetiň durmuşynda syýasy, medeni prosesler biri-biri bilen baglanyşykly. Jemgyýetiň syýasy keşbi köp derejede onuň medeniýeti bilen kesgitlenýär. Sosial toparlara we gatlaklara bölünende jemgyýetde ykdysadyýet hem, medeniýet hem syýasy häsiýete eýe bolýar. Onda syýasat jemgyýetde bar bolan syýasy

1 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň

2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda geçirilen birinji maslahatyndaky çykyşyndan. Türkmenistan gazýeti 2009-njy ýylyň 10 ýanwary.

gatnaşyklary we bu ýerde bolup geçýän syýasy hadysalary sazlaşdyrmaklyga gözügýär.

**Syýasy proses.** Her bir jemgyýetiň syýasy gurluşy bu ýerde çözülýän meseleleriň aýratynlygy bilen bagly bolýar. Türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişler ilki bilen ony döwrebaplaşdyrmaklyga gönükdirilýär. Döwrebaplaşýan jemgyýetde, onuň syýasy ulgamynyň täze hil derejä çykmaklygy özgerişleriň netijeli bolmagynyň wajyp şerti bolýar. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetiniň ykdysady, medeni we beýleki gurşawlaryna syýasy täsiriň kesgitleýji orny bir näçe sebäpler bilen baglydyr. Birinjiden, birwagtda köpsanly meseleleri çözmekligi göz öňünde tutýan ýurdy döwrebaplaşdyrmaklyk işi özgerişleri sazlaşdyrmak režimine hem-de reformalamak ideologiýasyny işläp düzmekligi talap edýär. Ikinjiden, döwrebaplaşmagyň käbir şertleriniň (medeni, hukuk) täzeden döremeli bolýandygynyň öwezini syýasy täsirler (döwlet, milli lider, elita) bilen ýetirmeli bolýar. Üçünjiden, döwrebaplaşýan jemgyýetiň häsiýetli tarapy özgermeklik, täzelenmeklik bilen baglydyr.

Özgerýän jemgyýetde durmuşy üýtgemeleriň tizligi, sosial edaralaryň hereketliligi ýokary bolýar. Bu ýagdaý toparlaryň, birleşmeleriň, gatlaklaryň, adamlaryň özara täsirini işewürleşdirýär. Şeýle şertlerde döwrebaplaşmaklygyň bütin döwamynda sosial ulgamy dinamiki deňagramlylykda saklamaklyk gerek bolýar. Şu hili ýagdaýy gazanmaklyk we sosial ulgamy deňagramlylykda saklamaklyk syýasatyň sazlaşdyryjy we gözükdiriji häsiýeti esasynda mümkin bolýar.

Häzirki türkmen jemgyýetinde syýasatyň şu hili täsirini anyklamaklyk üçin “syýasy proses” diýen düşünjäniň üstünde durup geçeliň. Soňky dowre çenli biziň jemgyýeti öwreniş ylymlarymyzda bu düşünjä iki manyda garalýar. Birinjiden ol “syýasat” düşünjesi bilen bir manyda aňladylyp, jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki gurşawlaryna (mysal üçin, ykdysady ýa-da sosial) garşy goýulýar. Şonda syýasy gurşawyň özboluşlylygy hakyky maksatlara eýerýän häkimiýet düzüminiň işi bilen baglanylýar. Ýöne “Syýasy proses” we “syýasat” düşünjeleri bir meňzeş ulanmaklyk birinjiniň manysyny açmaklyga esas bolup bilmeýär.

Şu ýerde bar bolan kemçiligi aradan aýyrmaklyga “syýasy proses” diýen düşünjä berilýän ikinji many esas döretmelidir. Bu many syýasy durmuşda bolup geçýän hereketliligi, ondaky bolup geçýän üýtgemeleri aňladýar. Başgaça aýdylanda, bu ýagdaýda “syýasy proses” düşünjesiniň özboluşlylygy syýasatyň hereketli tarapyny, ýagny onuň adaty ýagdaýdan üýtgeýşini şöhlelendirmeklikde

bolýar. Emma biziň garaýan düşünjämiz şu hili takyklanan ýagdaýynda hem ýene köp zady anyklamaly bolýar. Sebäbi syýasat adamlar bilen özara täsirden daşarda syýasat bolup bilmeýär. Ol bu ýerde syýasy edaralaň, tehnologiýalaň, hukugyň, medeniýetleň we başg. jemi bolup çykyş edýär.

Şu baglanşygy açyp görkezmeklik üçin günbatar syýasaty öwreniş ylymlarynda syýasy prosesleri derňemeklikde ulanylýan taglymatlaryň birine ýüzleneliň. Onda-da günbatar jegyýetleriniň medeniýetleriniň kysymdaş däldigi bilen şertlendirilen taglymata ýüzleneliň. Şonda syýasy medeniýetiň iki (demokratiki we tehnologik) görnüşi bilen kesgitlenen syýasy prosesiň iki hili düşündirilişi berilýär. Bu iki syýasy-medeni gözükmä syýasy prosesiň iki hili düşündirilişi: syýasy prosesleň gapdallaýyn gurnalyşy we ýokary-aşakly gurnalyşy häsiýetli bolýar. Syýasy prosese şu iki çemeleşmäniň hem şertlendirilendigi düşnükli bolsa gerek. Sebäbi durmuşda olaryň her biri beýlekisinden aýralykda arassa ýagdaýda duş gelmeýär diýen ýalydyr. Ýöne “syýasy proses” düşünjesine şu iki hili garaýşy tapawutlandyrmak gymmatlyklaryň demokratik we tehnologik ulgamlarynyň çäklerinde bolup geçýän syýasy özaratäsiriniň has häsiýetli taraplaryny aýralykda görkezmeklige mümkinçilik berýär. Bu hem biziň döwerebaplaşýan jemgyýetimizde syýasy prosesiň özboluşlygyny açmaklyga esas bolup biler.

Birinji garaýşa görä syýasy proses maksada okgunly we dünýä gymmatlyklaýyn garap rasional hereket edýän adamlaryň özara täsiri bolýar. Gapdallaýyn gurnalan syýasy proses oňa gatnaşýan adamlaryň formal deňliginden we belli bir derejede özbaşdaklygyndan ugur alýar. Olar hyzmatdaşlyga-da bäsdeşlige-de işiň düzgünine görä girýärler. Bu adamlar şol bir ahlak talaplara we hukuk kadalara boýun bolýarlar. Olaryň hereketleriniň logikasy (hakyky maksatlary öňe sürmek, olaryň jemgyýetçilik ähmiýetini kesgitlemek, olary amal etmekligiň usullaryny gözlemek we esaslandyrmak) esasan erkinlik, hukuk, ylalaşyk gymmatlyklary bilen kesgitlenýär.

Özi hem gapdallaýyn gurnalan syýasy prosesiň nusgalyk görnüşi “medeni alyş-beriş” görnüşine eýe bolup, oňa gatnaşyjylar bir zady berip öz maksatlaryna ýetýärler, şonuň ýaly-da syýasy proses sosial ulgamyň wezipesi ýörüteleşdirilen bölekleriniň garaýyşlaryny “ylalaşdyryjy” häsiýete eýe bolýar.

Şu hili syýasy prosesiň nusgalyk görnüşiniň biri “tegelek stollardyr”. Bu ýerde syýasata gataşýan wekilleriniň arasynda köptaraply piker alyşylyp, olaryň netijesinde degişli syýasy edaralar tarapyndan kararlar kabul edilýär. Biziň ýurdumyzda şeýle syýasy prosesiň edaralaşan örän netijeli görnüşi bolup Türkmenistanyň ýaşulylar maslahaty çykyş edýär. Özi hem täze döwürde onuň

jemgyýetdäki orny has ýokarlandy. Syýasy prosese birinji garaýyş, görşümiz ýaly, biziň jemgyýetimizde geçýän syýasy özgerişi häsiýetlendirmeklige kömek berýär. Biz syýasy prosesi derňemekligimizi dowam edeliň.

Ikinji garaýşa görä, syýasy proses rasional däl köpçüligiň bähbitleriniň, gerekliliikleriniň we oý-pikirleriniň özakymlaýyn ýüze çykmasy bolýar. Döwlet häkimiýeti, gurnalan gymmatlyklar ulgamy we syýasy ylym olara belli bir derejede garşydaş çykyş edýärler. Döwlet bilen raýatlaryň özaragatnaşygynyň manysy hem dolandyrýanlaryň hem-de dolandyrylýanlaryň özlerini "dogry" alyp baryş düzgünlerini kesgitlemeklik bolýar. Dolandyryjylar jemgyýetdäki dürli toparlaryň bähbitlerini ylalaşdyrmany başarmaly. Dolandyrylýanlarda biri-biri bilen ylalaşmaga bolan isleg kanuna bolan hormat, boýun bolup bilmeklik we dolandyrylýan bolmaklyk bilen baglanyşykly gymmatlyklara çekmeklik esasynda kemala getirilip biliner. Ýokary-aşakly syýasy prosesde raýatlar häkimiýete hormat goýýarlar, häkimdarlar bolsa öz gezeginde jemgyýetiň agzalarynyň belli bir erkinligini kepillendirýärler. Häzirki döwürde türkmen ýurdunda şu hili ikitaraply gatnaşyk sylag-hormat derejesinde gün-günden aýdyň amal bolýar.

Türkmen döwleti syýasy özara täsiriň oýlanşykly we rasional häsiýete eýe bolmagyny gazanmaklyk üçin döwrebap syýasy medeniýeti ornaşdyrmaklyga çalyşýar. Bu medeniýetiň wajyp taraplary jogapkärlik, kanuna hormat, oýlanşyklylyk, rasionallyk bolýarlar. Täze Galkynyş eýýamynda raýatlaryň syýasy medeniýetini ýokarlandyrmaklyk üçin ýurtda ähli şertler bar. Ilki bilen hem ol täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetinde syýasy ösüşiň gidişi bilen baglydyr.

Görşümiz ýaly, syýasat türkmen jemgyýetini özgertmeklige gönükdirilendir. Onuň beýleki gurşawlara edýän täsiri artýar. Häzirkizaman türkmen jemgyýetiniň esasy gymmatlygy adam we baş maksady adamyň abadançylygyny hem-de bagtyýarlygyny üpjün etmek bolýar. Bu jemgyýetiň baş ýörelgesi bolsa ynsanperwerlik, adalatlylyk we ruhubelentlikdir. Ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady reformalar täze ideologiýamyzyň "Döwlet adam üçindir!" diýen ýörelgesiniň yzygiderli durmuşa geçirilýänligine şaýatlyk edýär. Bu ýörelde döwletiň demokratik derejesini hem häsiýetlendirýär. Ony biz öz tejribämizde aýdyň görýäris. Biziň jemgyýetimiziň ynsanperwer häsiýete eýe bolup demokratiýalaşmagyny syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan düşündirip, döwlet gurluşyny häsiýetlendirmeklige çalşalyň.

**Jemgyýetiniň syýasy guralyşy.** Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy yaly, döwlet jemgyýetiň sazlaşykly ýaşaýşy üçin döredilýär hem-de ony amal etmeklik üçin hereket edýär. Ol adamlary bir bütewi häkimiýetiň astynda birleşdirýär, jemgyýetdäki sosial toparlaryň we gatlaklaryň bähbitlerini

deňagramlaşdyrýar we kanagatlandyrýar. Ýöne şol bir wagtda-da, döwlet jemgyýetde adamlaryň bähbitlerini goraýan ýeke-täk gurama hem däldir. Ondan başga-da adamlary (ilaty) olaryň bähbitleri we gyzyklanmalary boýunça birleşdirýän jemgyýetçilik birleşikleri, syýasy partiýalar, kärdeşler arkalaşyklary, zähmet kollektiwleri, döredijilik, ýaşlar, aýallar we beýleki jemgyýetçilik guramalary, täjirçilik birleşmeleri hem bar. Olar birleşip jemgyýetiň syýasy ulgamyny (sistemasyny) düzýärler.

Jemgyýetiň syýasy ulgamy diýlende, ýurduň syýasy durmuşyna we oňa dahylly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşýan döwlet, partiýa we jemgyýetçilik edaralarynyň hem guramalarynyň jemine düşünilýär. Jemgyýetiň syýasy ulgamy anyk toplumlara birleşdirip bolýan, syýasy institutlar (edaralar), syýasy tejribe we syýasy aňyýet ýaly köp sanly düzüm böleklerinden ybaratdyr. Institut diỳlende, (institutum-dikeldilen, gurama diỳen latyn sözünden gelip çykýar), jemgyỳetiň ykdysady, syỳasy, hukuk we ahlak ỳaşaỳşynyň belli bir kadalaryny özünde jemleỳän, jemgyỳetçilik we sosial gatnaşyklaryň guramaçylykly toparlaryna düşünilỳär.

**Syýasy institutlar** şu aşakdakylardyr:

- öz edaralarynyň (prezident, parlament, hökümet, kontrol-gözegçilik, kazyýet, hukuk goraýjy edaralar we ş.m.) üsti bilen hereket edýän döwlet;

- syýasy we beýleki jemgyýetçilik guramalary, şol sanda köp sanly täjirçilik we täjirçilik däl birleşmeler. Olar jemgyýetçilik häkimiýetini amala aşyrýarlar. **Jemgyỳetçilik häkimiỳeti** – raỳatlaryň aỳratyn toparlary hem jemgyỳetçilik birleşmeleri, partiỳalar, zähmet kollektiwleri, jemgyỳetçilik hereketleri we ş.m. hökmünde hereket edỳär. Jemgyỳetçilik birleşmelerine gatnaşyjylar we şeỳle guramalaryň agzalary özleri tarapyndan köpçülikleỳin tertipde kabul edilen düzgünlere meỳletin tabyn bolỳarlar, şol düzgünleriň ỳerine ỳetirilmegini üpjün etmekde hem jemgyỳetçilik täsir ediş çärelerini ulanỳarlar. Jemgyỳetçilik häkimiỳetiniň talaplaryna boỳun bolman, düzgüni bozỳanlar babatda mejbur ediş çäreleri ulanylan halatynda-da beỳle çäreler döwlet häkimiỳet edaralarynyň mejbur ediş çärelerinden tapawutlylykda diňe bir jemgyỳetçilik birleşmesiniň düzüminden çykarmak, käỳinç yglan etmek, köpçülikleỳin ỳazgarmak ỳaly guramaçylyk temmileri bilen çäklenỳär. Türkmenistanda jemgyỳetçilik häkimiỳetini amala aşyrỳan edaralar hökmünde, Türkmenistanyň Demokratik partiỳasyny, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygyny, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ỳaşlar guramasyny, Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje adyndaky aỳal-gyzlar guramasyny, Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyỳazow adyndaky uruş weteranlarynyň guramasyny, telekeçileriň, balykçylaryň we awçylaryň jemgyỳetini, jemgyỳetçilik esaslarda hereket edỳän dürli gurnaklary (kružoklar, seksiỳalar) we ş.m. görkezmek bolar.

Diýmek, jemgyýetiň syýasy gurluşyny onuň syýasy ulgamy (sistemasy) häsiýetlendirýär.

Jemgyýetiň syýasy sistemasy öz hereketleri syýasy häsiýete eýe bolan edaralaryň, guramalaryň we kada-düzgünleriň jemi bolýar. Ol adamlaryň dürli birleşmeleriniň, synplaryň, beýleki sosial toparlaryň şonuň ýaly-da milli birleşmeleriň syýasy bähbitlerini amal etmeklik bilen meşgul bolýar. Şol bähbitler

jemgyýetiň içinde bar bolan syýasy gatnaşyklaryň ýüze çykmasy bolýar we syýasy häkimiýetiň çözýän meselelerini kesgitleýär: ony ele almak, amal etmek we goramak, şonuň ýaly-da raýatlaryň syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmekdir. Şu bähbitler jemgyýetde syýasy ulgamyň ol ýa-da beýleki edarasynyň kömegi bilen amal edilýär. Olaryň içinde döwlet aýtatyn orna eýe bolýar.

Türkmen jemgyýetiniň mysalynda olaryň hataryna: döwletiň kanun çykaryjy (Türkmenistanyň Mejlisi) we ýerine ýetiriji häkimiýet organlary (Türkmenistanyň Ministrler Kabineti); goşun, hukuk goraýjy edaralar, ilki bilen hem kazyýet, prokuratura, polisiýa. Döwlet jemgyýetçilik guramalary bilen hem özara baglanşykda bolýar. Olaryň hataryna: syýasy partiýalar (Türkmenistanyň Demokratik partiýasy) we hereketler (Umumymilli Galkynyş hereketi); jemgyýetçilik guramalar – jemgyýetde bar bolan sosial we hünär toparlaryň bähbitlerini, şol sanda olaryň syýasy bähbitlerini goraýan Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşygy, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasy we beýleki birleşmeleriň guramalary girýärler. Döwlet guramalary, beýleki syýasy edaralar we guramalar özara täsirde bolup, belli bir derejedäki bitewi syýasy ulgamy döredýärler.

Syýasy ulgamyň iň esasy edarasy bolup syýasy häkimiýet edaralary, hukuk we ideologiýa çykyş edýärler. Olar jemgyýetiň syýasy gurluşynyň durnuklylygyny we onuň ösüşini, işleýşini üpjün edýän merkezi mehanizmi bolýarlar. Bu döwlet organynyň kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji edaralary, hökümetiň, ýerli häkimiýet edaralaryň, şonuň ýaly-da syýasy partiýalaryň, hereketleriň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň işinde ýüze çykýar.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşynda bolup geçen özgerişler barada ýokarda durulyp geçilende bu özgerişleriň jemgyýetiň adalatlylyk, ynsanperwerlik, kanunçylyk ýörelgeleriniň esasynda ösdürülmegi bilen berk baglanşykda bolandygy bellenipdi. Şol ýyllar türkmeniň milli döwleti döredilip, onuň esasyna halkyň asyl ynsanperwerlik, adalatlylyk ýörelgeleri goýuldy. Şu ugurdaky işleri has hem işewürleşdirmek, türkmen döwletiniň öz milli özboluşlylygyny açyp görkezmegi üçin geçmişde oňaýly netije beren Maslahat institutyna ýüzlenip, Halk Maslahatyny döredildi. Halk häkimiýetiniň bu wekilçilikli edarasy geçiş döwründe, ýokarda görkezilişi ýaly, jemgyýetde möhüm syýasy orny eýeläp, bu döwürde çözülen birnäçe meseleler onuň işiniň örän ähmiýetli bolandygyny görkezýär.

Şonuň bilen bilelikde, ýurdumyz bu gün öz ösüşiniň täze tapgyryna – Beýik Galkynyş eýýamyna gadam basdy. Galkynmaklyga, özgermeklige, döwrebaplaşmaklyga gerek bolan täze esaslar döredi. Kadalaşdyryjy-hukuk resminamalarynyň ýurdumyzda amala aşyrylýan özgerişlere bildirilýän talaplary has aýdyň beýan etmegi, halkara standartlaryna gabat gelmegi üçin jemgyýetiň syýasy sistemasyny kämilleşdirmek gerek boldy. Ilki bilen hem bu gereklilik geçiş

döwründe möhüm syýasy orna eýe bolan Halk Maslahatynyň täze taryhy şertlerde zerurlygy öz ähmiýetini ýitirenligi bilen bagly boldy. Halk Maslahatynyň kanunçylyk kadasy, uly düzümi we çylşyrymly gurluşy täze kanunçylyk işi bilen doly sazlaşyp bilmedi. Täze Galkynyş eýýamynyň esasy maksady hem häzirkizaman demokratik jemgyýetini kemala getirmek bilen baglydyr. Şonuň üçin bu döwürde jemgyýetiň syýasy ulgamyny dünýä tejribesi esasynda gurmaklyk döwrüň talaby boldy. Onuň üçin bolsa Esasy Kanynymyzy üýtgetmeli boldy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgeşmeleri girizmegiň zerurlygy, yurt Ýolbaşçysynyň 2008-nji ýylyň 22-nji maýynda Türkmenistanyň Konstitusion toparynyň mejlisinde eden çykyşynda belleýşi ýaly, diňe bir ýurdumyzyň durmuşynda Garaşsyzlyk ýyllarynda bolup geçen özgerişlikler bilen bagly bolman, eýsem Esasy Kanunymyzyň aýry-aýry bölekleriniň we maddalarynyň könelmegi hem-de belli bir derejede jemgyýetiň yzygiderli ösüşini bökdeýändigi bilen hem bagly boldy. Kadalaşdyryjy hukuk resminamalarynyň döwrüň ruhuny hem-de ýurtda amala aşyrylýan özgertmelere bildirilýän talaby has aýdyň beýan etmeklik zerurlygy döredi.

2008-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-syna Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahaty tarapyndan Kabul edilen Esasy Kanunymyzyň täze redaksiýasynda jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklary, häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň işini, döwlet hukuk institutlarynyň tutuş ulgamyny, şol sanda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ulgamyny hem döwlet häkimiýetine bölmegiň demokratik ýörelgeleriniň üsti bilen beýan edildi. Şonda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hukuk derejesi üýtgedilip, kanunlary kabul etmek hem-de kanun çykaryjylyk başlangyçlaryny onuň ygtyýarlyklaryndan aýrylýanlygy we oňa halk wekilçiliginiň maslahat beriji edarasy statusy berilýänligi sebäpli bu edara Ýaşulylar Maslahaty diýip atlandyryldy.

Ýaşulylar Maslahaty Türkmenistanyň Milli Galkynyş Hereketine girýän we onuň içinde hereket edýän, jemgyýetçilik başlangyjynda işleýän maslahat beriji edara bolýar. Ýaşulylar Maslahaty öz düzümine uruş we zähmet weteranlaryny, intellegensiýanyň ýaşuly wekillerini jemläp, Milli Galkynyş hereketiniň üsti bilen umuman, jemgyýetde iki wezipäni ýerine ýetirmekligi maksat edinýär. Birinjiden, öz maslahatlary bilen döwlet edaralarynda millete mahsus ähli ruhy-ahlak sypatlarynyň amal bolmagyna hemaýat etmekligi. Ikinjiden, Türkmenistanyň Prezidentiniň, türkmen döwletiniň içeri we daşary syýastyny ilatyň ähli gatlaklarynyň arasynda wagyz ediji paýhas bolup çykyş edýär.

Şeýlelikde XXI Halk Maslahatynda Kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy we beýleki resminamalar halk bähbitli

parasatly çözgütlerdir. Olarda bellenen wezipeleriň we Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň döredýän mükinçiliklериniň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ösmekligine, halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň işiniň kämilleşmegine we netijeliligine, halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň mundan beýläk-de ýokarlanmagyna, Türkmenistanyň halkara abyraýynyň artmagyna şert bolýar.

Kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy ýurdumyzyň sosial-syýasy durmuşynda, şeýle hem ähli raýatlarymyzyň durmuşynda örän möhüm waka boldy. Ol biziň jemgyýetimiziň mundan beýläk hem özgermeginiň ilkinji şerti bolup çykyş edýär. Ol garaşsyz döwletimiziň ösüşinde taryhy bir döwrüň köne jemgyýet gurluşyndan demokratik jemgyýete geçiş döwrüniň tamamlanandygyny aňladýar. Bu bolsa biziň demokratik, hukuk, dünýewi döwletimiziň has-da pugtalanandygyny we ynsanperwer, adalatly, sagdyn jemgyýeti ösdürmek üçin täze esaslaryň dörändigini aňladýar.

Döwletiň täzelenen Esasy Kanuny syýasy tejribäni, syýasy we hukuk kadalary (ýerli öz-özüňi dolandyryş we saýlaw hukuk institutlary), jemgyýetiň syýasy ulgamynyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň arasyndaky syýasy gatnaşyklary, şol gatnaşyklary amala aşyrmagyň döwrebap tertibini emele getirýär.

Täze Galkynyş eýýamy syýasy aňyýetiň hem ýokarlanmagyny, ony ýokary derejede açmaklygy talap edýär. Bu döwürde syýasy aňyýet syýasy aň-düşünje we medeniýet, syýasy, özüňi alyp baryşyň ölçegleri, syýasy bilimler, ýörelgeler, gymmatlyklar we nusgalyk ynançlar ýaly düzüm bölekleriň täze ulgamy bolup çykyş edýär.

Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ýokarda görkezilen düzüm bölekleriniň ählisi jemgyýetçilik işjeňliginiň köp görnüşlerini amala aşyrmagyň dowamynda ýüze çykýarlar we belli bir sosial toparynň bähbitlerini döwlet syýasatynda aňlatmaklygyň guraly bolýarlar. Emma olaryň döwletden aýralykda syýasata edýän täsiri çäklidir. Çünki jemgyýetiň syýasy ulgamynyň iň esasy we wajyp düzüm bölegi hökmünde döwlet beýleki düzüm böleklerine garanyňda jemgyýetiň syýasy durmuşyna has uly we düýpli täsir edýär.

Mälim bolşy ỳaly, döwlet jemgyỳetiň önümi bolup durỳar. Başgaça aỳdylanda, aỳratyn şahsyỳetler özara gatnaşyklara girip, belli bir durmuş toparlaryny döredýärler. Adamlaryň we durmuş toparlaryň kadalar we gymmatlyklar esasynda birleşdirilen gatnaşyklarynyň ulgamy hem jemgyỳet bolýar. Şol durmuş toparlarynyň agzalary öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ykdysady, medeni we sosial-syỳasy institutlary döredỳärler. Döwlet olaryň iň esasysydyr. Kanun çykaryş, kazyỳet we dolandyryş, saỳlawlar we sala-salşyklar ulgamlary hem-de beỳleki jemgyỳeti hemmetaraplaỳyn edara etmek üçin zerur bolan ulgamlar bolsa "Döwlet" atly ägirt uly institutyň düzüm bölekleri bolup durỳarlar. Syỳasy partiỳalar, jemgyỳetçilik pikiri, köpçülikleỳin habar beriş serişdeleri hem döwlet bilen berk baglanşykda bolýarlar. Döwletiň esasy alamatlary, onuň ỳerleşỳän çäginiň, hemişelik ilatynyň, häkimiỳet-dolandyryş ulgamynyň we özygtyỳarlygynyň (suwerenitetiniň) bolmagyndan ybaratdyr.

Mundan başga-da döwletiň serhetleri, hukuk ulgamy, döwlet gaznasy, maliýe ulgamy ýaly esasy-goşmaça alamatlary bardyr.

Hukuk ylmy, bütin dünýäniň ähli döwletlerini döwlet dolandyryşynyň tapawutly aýratynlyklary boýunça monarhiýa, respublika, döwlet gurluşynyň tapawutly aýratynlyklary boýunça bolsa federasiýa, konfederasiýa, unitar döwlet we döwletiň syýasy düzgüniniň tapawutly aýratynlyklary boýunça demokratik ýa-da demokratik däl döwlet ýaly birnäçe görnüşlere bölýär.

Häzirkiu döwürde ykrar edilen hukuk dessurlaryna laýyklykda islendik döwletiň konstitusion gurluşy onuň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýasynda kesgitlenýär. Dünýäniň islendik döwletinde bolşy ýaly, halkymyzyň asyrlaryň dowamynda toplan milli döwletlilik dessurlary bilen döwlet gurmaklyk babatda öňde baryjy dünýä tejribesi utgaşdyrylyp döredilen garaşsyz döwletimiziň hem özboluşly aýratynlyklary bar. Şol aýratynlyklar hem Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilýär. 2008-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda, üstünlikli amala aşyrylan Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek işleriniň dowamynda-da Konstitusion topar tarapyndan beýleki ugurlar bilen birlikde Esasy Kanunymyzda döwletimiziň konstitusion gurluşynyň esaslary berkidilýän kadalarynyň mazmunyny baýlaşdyrmaklyga we olaryň düzümini sünnälemäge hem aýratyn üns berildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda berkidilýän: “Türkmenistan - demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar.“ diýen hukuk kadasy halkymyzyň milli özboluşlylygyna we umumy ykrar edilen halkara ýörelgelerine laýyk gelýän döwlet syýasy-hukuk gurluşyny saýlap alandygyny aňladýar. Şu kesgitlemäniň Türkmenistan döwletiniň gurluşyny düşündirmeklik üçin örän ähmiýetli bolany sebäpli, onuň üstünde durup geçeliň.

**Demokratiýa** diýlende, döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşy hökmünde halkyň ykrar edilmegi, saýlawlylyk, aç-açanlyk ýörelgelerinden ugur alnyp döredilen wekilçilikli edaralar tarapyndan dolandyrylýan döwletde raýatlaryň erkinligini we deňhukuklygyny üpjün edýän syýasy düzgüne düşünilýär.

**Hukuk döwleti** diýen düşünje ilki bilen döwletde kanunyň agalygynyň berkarar edilmegini, jemgyýetiň raýat jemgyýeti derejesine kämilleşmegini, ynsanyň – onuň mertebesiniň, tebigy hem mizemez hukuklarynyň döwlet üçin ýokary, baş gymmatlyk hökmünde görülmegini aňladýar. Kanunyň agalygy diýmek – bu döwletde halk köpçüliginiň we her bir şahsyýetiň bähbidini nazarda tutmak bilen, şeýle-de dünýä bileleşiginiň ykrar eden hem Birleşen Milletler Guramasynyň kabul eden Ylalaşyklarynyň ynsanperwer kadalaryndan ugur alyp, döwletiň kanun çykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilen Konstitusiýanyň we ähli kanunlaryň hemmeler tarapyndan deň-derejede berjaý edilmegi, kanunyň döwletiň bütin çäginde hököm sürmegi, jemgyýetde we döwletde kanunyň ähli zatdan belentde durmagy diýmekdir. Hormatly Prezidentimiziň halk arasynda ägirt uly meşhurlyga eýe bolan „Döwlet adam üçindir!“ diýen şygary bolsa hukuk döwletiniň düýp özenini düzýän hakykatyň iň aýdyň we iň takyk aňlatmasydyr.

**Dünýewi döwlet** diýlende bolsa, Esasy Kanunymyzda kesgitlenilişi ýaly, döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini

kepillendirýändigini, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeỳle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünỳewi häsiýete eýedigini aňladỳar.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň binỳatlaỳyn ỳörelgeleri hökmünde parahatçylyk, demokratiỳa, adalatlylyk we ynsanperwerlik ỳaly ýörelgeler kesgitleỳär. Döwlet amala aşyrylỳan ähli işlerde şu ýörelgelerden ugur alyp, ýurdumyzyň her bir raỳat üçin mähriban öỳ bolmagyny üpjün edỳär. Döwlet gurluşy Esasy Kanun tarapyndan kesgitlenýär we döwlet edaralary Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäginde hereket edýärler. Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusiýany we kanunlary durmuşa geçirýär. Konstitusiýanyň döwlet gurluşyny kesgitlemekde wajyp ornuny göz öňünde tutup, ony häsiýetlendirmeklige çalşalyň.

**Türkmenistanyň Konstitusiýasy**. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow "Ýurduň Konstitusiýasy kanunçylygyň kepili, raýatlaryň hukuklarynyň we erkinliginiň berjaý edilişiniň, ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösüşiniň kepili hökmünde esasy orny eýeleýär" diýip belleýär. Bu kesgitlemeden görnüşi ýaly, döwletiň hukuk binýadyny emele getirỳän, döwletiň we raỳatlaryň esasy hukuklarynyň, borçlarynyň, yzygiderlikli amallarynyň we gurluşlarynyň resmi beýany döwletiň Konstitusiýasydyr.

Has giňişleỳin aỳdylanda, Konstitusiýa – bu döwletiň jemgyỳetçilik we döwlet gurluşyny, häkimiỳetiň wekilçilikli edaralarynyň döredilmeginiň, işlemeginiň, işiniň üỳtgedilmeginiň we bes edilmeginiň tertibini hem-de ỳörelgelerini, saỳlawlar we sala-salşyklar ulgamynyň gurluşyny, raỳatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny, döwletiň häkimiỳet şahalarynyň gurluşyny we häkimiỳet şahalarynyň edaralarynyň hem-de wezipeli adamlarynyň ygtyỳarlyklaryny kesgitleỳän ỳurduň baş kanunydyr, şeỳle hem Konstitusiỳa döwletiň tutuş hereket edỳän kanunçylygynyň esas goỳujy binỳadydyr. Konstitusiỳa sözi "constitutio" diỳen latyn sözünden emele gelip, "gurmaklyk, dikeltmeklik" diỳen manylary aňladỳar.

Mälim bolşy ýaly, her döwletiň Konstitusiỳasynyň halkyň mentalitetine esaslanỳan özboluşly aỳratynlyklary bardyr. Türkmenistanyň Esasy kanunynyň aỳratynlygy barada aỳdylanda bolsa, Konstitusiỳanyň agramly böleginiň ynsanyň tebigy we mizemez hukuklarynyň kanuny taỳdan kepillendirilmegine gönükdirilýändigini bellemeli. Şahsyỳet, onuň hukuklary we erkinligi biziň jemgyỳetimiziň baş gymmatlygy bolup durỳandyr. Bu hakykat biziň döwletimiziň gurluşynyň esasy ỳörelgesidir.

Hut şonuň üçin hem Döwlet baştutany tarapyndan ỳurdumyzda ynsanperwer Konstitusion özgertmeleri netijeli dowam etdirmek bilen milli döwletliligiň hukuk hem hakyky demokratik binỳatlary hemmetaraplaỳyn pugtalandyrylỳar. Ýurt ýolbaşçysynyň alyp barỳan halk bähbitli, il bähbitli özgertmeler syỳasatynyň netijesinde raỳat jemgyỳetini döretmek, raỳat jemgyỳetiniň möhüm institutlaryny berkarar etmek, döwletimizde häzirki zaman saỳlaw mehanizmlerini ornaşdyrmak

we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ulgamyny kämilleşdirmek işi birsyhly tizleşdirilýän depginde alnyp barylýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, türkmen halky öz Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soňra, 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda umumy adamzat gymmatlyklary hökmünde kesgitlenýän hem-de dünýä bileleşigi tarapyndan umumy ykrar edilen ähli ýörelgeler bilen birlikde türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däp-dessurlaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kabul etdi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda täze Galkynyş eýýamynyň reallyklaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda, üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi.

Kämilleşdirilen görnüşde kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasy, 117 maddany özünde jemleýän, 5 bapdan we 8 bölümden ybarat bolup, onuň birinji bölümi „**TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSION GURLUŞYNYŇ ESASLARY**“ diýlip atlandyrylýar. Esasy Kanunymyzyň bu bölümi, Türkmenistan döwletimiziň döwlet gurluşyny we onuň hukuk mazmunyny, onuň hukuk ýagdaýyny we syýasy ulgamyny, jemgyýetiň we döwletiň özara gatnaşygyny kesgitleýän esas goýujy ýörelgelerini özünde berkidýär.

Konstitusiýanyň ikinji bölümi bolsa, „**TÜRKMENISTANDA ADAMYŇ WE RAÝATYŇ HUKUKLARY, AZATLYKLARY HEM BORÇLARY**“ diýlip atlandyrylýar hem-de adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny döwletiň we jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde berkidýän hukuk kadalaryny özünde jemleýär.

Konstitusiýanyň üçünji bölümi „**TÜRKMENISTANDA HÄKIMIÝET WE DOLANDYRYŞ EDARALARYNYŇ ULGAMY**“ diýlip atlandyrylyp, Türkmenistanda ýokary döwlet we ýerli häkimiýeti hem-de dolandyryşy amala aşyrýan döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň ygtyýarlyklaryny we borçlaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalaryny özünde jemleýän bäş bapdan ybaratdyr.

Konstitusiýanyň **„ÝERLI ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞ“** diýlip atlandyrylýan dördünji bölümide, ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny emele getirýän Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk ýagdaýlaryny we olaryň gurluş mazmunyny özünde jemleýän hukuk kadalary berkidilýär.

Konstitusiýanyň bäşinji bölümi **„SAÝLAW ULGAMY, SALA SALŞYK“** diýlip atlandyrylyp, onda saýlaw we sala salyşyk ulgamy baradaky esas goýujy hukuk kadalaryny özünde jemleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň **„KAZYÝET HÄKIMIÝETI“** diýlip atlandyrylýan altynjy bölümi bolsa, adyl kazyýetligi amala aşyrýan döwlet häkimiýetiniň garaşsyz we özbaşdak şahasy bolup durýan kazyýet edaralarynyň hukuk ýagdaýy, olaryň öz işlerini amala aşyrmakda özbaşdaklygy, hem-de kazyýet häkimiýetiniň diňe kazyýetlere degişlidigi baradaky hukuk kadalaryny özünde berkidýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň ýedinji bölümi “**PROKURATURA**” diýlip atlandyrylyp, Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň,

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçiligiň Türkmenistanyň Baş prokuroryna hem-de oňa tabyn prokurorlara ýüklenilýänligi baradaky hukuk kadadan başlamak bilen, tutuş prokuratura edaralarynyň hukuk ýagdaýyny, onuň ygtyýarlyklaryny we borçlaryny kesgitleýän esas goýujy hukuk kadalary berkidilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň **„JEMLEÝJI DÜZGÜNLER“** diýlip atlandyrylýan iň soňky sekizinji bölümi, 3 maddany öz içine almak bilen, kanunlaryň, şeýle hem döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň beýleki hukuk namalarynyň Konstitusiýanyň esasynda we şoňa laýyklykda kabul edilýänligi, eger-de Konstitusiýada we kanunlarda görkezilýän düzgünleriň biri-birine gabat gelmedik halatynda Konstitusiýanyň düzgünleriniň hereket edýänligi barada, şeýle hem Konstitusiýanyň döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýandygy hakyndaky düzgünleriniň üýtgedilip bilinmezligi we Konstitusiýany üýtgetmek hakyndaky Kanunyň, diňe Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki böleginiň ýa-da ählihalk sala salşygyna gatnaşan Türkmenistanyň raýatlarynyň ýarysyndan köpüsiniň oňa ses bermegi bilen kabul edilen diýlip hasap edilýändigi baradaky hukuk kadalaryny özünde jemleýär.

Konstitusiýa özygtyýarly döwletiň esasy düzüm bölegi bolup durýandygyny hem bellemeli. Sebäbi ýokarda görkezilşi ýaly, Konstitusiýada tutuş döwletiň hukuk ýagdaýynyň kesgitlemesi we döwletiň düýp özenini düzýän ýörelgeler berkidilýär. Döwletiň gurluşy, häkimiýet-dolandyryş ulgamynyň görnüşi, düzümi we gurluşy, döwlet nyşanlarynyň görnüşleri kesgitlenýär. Şonuň bilen bir wagtda-da döwletiň syýasy-hukuk gurluşynyň mazmunyna laýyklykda, döwlet gurluşyny emele getirýän institutlaryň ygtyýarlyklary, olary döretmegiň, üýtgetmegiň we olary ýatyrmagyň tertibi kadalaşdyrylýar. Şonuň ýaly-da döwletiň raýatlarynyň aýrybaşgalaşdyryp, ýagny ýaşaýşa, saglyga, zähmete, bilime, döwlet edaralaryna saýlanmaga we saýlamaklyga bolan hukuklary ýaly özgelere geçirip bolmaýan tebigy hem mizemez hukuklary kontitusion kadalar arkaly kepillendirilýärler. Konstitusiýanyň kadalary hem döwletiň tutuş hukuk ulgamyny emele getirmek üçin başlangyç we täze kabul edilýän kanunlaryň ählisiniň laýyk gelmegi hökmany bolan ýokary baş ölçeg bolup hyzmat edýär. Jemgyýetiň kadaly hereket etmeginde hukuk ulgamy aýratyn ähmiýetlidir. Täze Galkynyş eýýamynda şol ulgamyň özboluşly aýratynlyg eýe bolşuny açyp görkezmeklige çalşalyň.

## Ikinji bap. Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň gurluşy

**Hukuk ulgamy.** Islendik döwlet gurluşynyň hem özüne mahsus artykmaç taraplary we kemçilikleri bar. Her bir döwletiň hukuk ulgamy, onuň içinde agalyk edýän syýasy düzgüne görä kesgitlenýär. Şonuň ýaly-da döwletde agalyk edýän syýasy düzgün hem şol döwletde hukugyň tebigatyny emele getirýär. Çünki hukuk jemgyýetde ýüze çykýan islendik gatnaşyklaryň sazlaşykly hereket etmekligi üçin esasy serişde hökmünde orta çykýar.

Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň hukuk ulgamynyň gurluşy baradaky anyk gürrüňe başlamazdan öň, hukuk ulgamy diýen düşünjäniň üstünde gysgaça durup geçeliň. Özi hem gürrüňimizi "hukuk" sözüniň manysyny açyp görkezmekden başlalyň. Hawa, bu meseläniň üstünde "Filosofiýa" kursunda durulyp geçilipdi. Şoňa garamazdan biz kä bir düşünjeleri täzeden gaýtalalyň, täze Galkynyş eýýamynyň hukuk ulgamy dünýä ylmynyň we tejribesiniň iň täze gazananlaryny özünde jemläp, aýdyň we takyk görnüşde beýan edilmelidir.

Şonuň üçin biz ilki bilen „hukuk" düşünjesiniň iki manysyna ünsi çekeliň. Birinjiden, „hukuk" sözi aýratyn adama bagly bolmadyk adamyň özüni alyp barşynyň düzgün-nyzamynyň bar bolan ulgamyny aňladýar. Oňa obýektiw hukuk diýilýär. Ikinjiden, bu düşünje bilen adamyň haýsy hem bolsa bir zada dalaşmaklygy, bir zady talap edip bilmekligi aňladylýar. Bu subýektiw hukuk bolýar. Umuman, hukugyň hakykylyk, dogruçyllyk, adalatlylyk bilen baglanyşyklydygyny bellemelidir. Ol adamy ýalandan, adalatsyzlykdan, eden-etdilikden goraýar. Bu ýerde eden-etdilik hukuga garşy duran zatlaryň umumy aňlatmasy bolýar.

Hukuk we eden-etdilik bir ýere sygyşmaýarlar. Ýöne jemgyýetde eden-etdiligem bar. Ony kim edýär? Elbetde, adamlar biri-birine degişlikde edýärler. Her bir jenaýat jenaýatkäriň öz pidasyna degişlilikde eden-etdiligi bolýar. Ol adamyň öz islegine görä özüňi alyp barmaklygynyň, ýaşaýşynyň düzgünini bozýar. Häkimiýetiň hem eden-etdilige ýol berýän pursatlary bar. Bu ýerde eden-etdilik diňe bir häkimiýetiň özi tarapyndan kabul edilen kanunlary bozmaklygy bilen çäklenmän, eýsem, eden-etdilige ýol berýän kanunlary kabul edýänliginde hem bolýar. Has erbedi haçan-da eden-etdilik kanun esasynda aklanylyp, kanunda hukuk bilen gabat gelmeýän düzgünler kesgitlenýär. 1934-nji ýylyň 1-nji dekabrynda sowet häkimýeti tarapyndan kanunçylyk güýjüne eýe bolan „halk duşmanlary" bilen göreş barada karar kabul edilýär. Ol kanun adamy özüňi goramaklyga we kazyýetiň kararyna arz etmeklige bolan hukuklaryndan mahrum etdi. Kazyýet derňewiniň açyklygy ýok edildi. Bu karar ýurtda adam hukuklarynyň ýoýulmagyna getirdi. Bigünä adamlaryň köpçülikleýin tutulmagyna, ýok edilmegine getirdi. Şu zatlar hukukmy ýa-da eden-etdilik?! Bu ýerde ýüze çykan bähbitleriň biri-birine garşy durmagyny nähili sazlaşdyrmaly? Şu soraglaryň jogaplary köp döwrüň dowamynda gözlenendir. Şonda hukuk döwletiň kabul eden ähli kararlary we görkezmeleri bolýar diýýän adamlar az bolmandyr. Hukuga şeýle garamaklyk öz gözbaşyny gadymýetden alyp gaýdýar. Şonda hukuga Hudaýyň erkiniň ýüze çykmasy hökmünde düşünilipdir. Bu ýagdaýda hukugyň nämedigini, eden-etdiligiň nämedigini döwlet, häkimiýet kesgitleýär. Hukuk bu ýerde döwletiň erkiniň kanunda aňladylmagy bolýar. Adamlar diňe döwletiň peşgeş beren hukuklaryna eýe bolup bilýärler. Ýokarda getirilen mysal oňa şaýatlyk edýär. Häkimiýetiň hukugynyň elhenç görnüşde ýüze çykmasy bolýar.

Gadymyýetden bize hukuga başga hili garaýyş hem ýetdi. Hukuk daşky güýjüň mejbur etmekligi däl-de, adalatlylyga eýerip hereket etmekligiň görkezmesidir. Onuň esasynda gadymy rim düşünjesi „jus" – hukuk we ondan gelip çykýan „justitia" – adalatlylyk diýen düşünje ýatyr. Bu taglymata görä, hukuk „ýokarda" häkimiýet edarasynda däl-de, „aşakda" adamlaryň bilelikde

ýaşaýan we hereket edýän, olaryň bähbitleriniň çakyşýan ýerinde döreýär. Şeýle çakyşmalar yzygiderli bolanlygy sebäpli, kem-kemden olary sazlaşdyrmagyň, biri-biriniň üstüni ýetirmegiň, özara täsirini göz öňünde tutmagyň düzgünleri işlenip düzülýär.

Ýöne adamlaryň bähbitleri esasynda döreýän dawalary neneňsi çözmeli, gapma-garşylykly bähbitleri neneňsi sazlaşdyrmaly? Onuň üçin her bir tarapyň bähbitleriniň çägini, ölçegini kesgitlemelidir. Diýmek, şol bähbitleri kanagatlandyrmaklyga gerek bolan erkinligiň ölçegini kesgitlemelidir. Häzirki döwrüň ylmy „Hukuk – erkinligiň ölçegi“ diýen kesgitleme berýär. Şu jümleden ugur alnanda häkimiýetiň hukugyndan hukuk häkimiýetine geçmeklige ýol açylar. Bu häkimiýet hukuk döwleti bolýar. Hukuk döwleti bozup, ýatyryp ýa-da çäkläp bilmeýän hukuk kadalarynyň esasynda we olaryň çäginde hereket edýär. Bu döwlet raýatlaryň we olaryň birleşmeleriniň elinden alynmaýan tebigy-taryhy hukuklaryny ykrar edýär.

Şu nykdaýnazardan garalanda hukugyň esasy özen manysy üýtgemeýär. Hukuk-adamlaryň özara gatnaşyklarynda biri-birini kemsitmeklerine ýol bermeýän, birek-birege hormat-sylagy artdyrýan, asudalygy, agzybirligi üpjün edýän ýeke-täk serişde. Gadymy döwürlerden häzirki zamana çenli Ynsanyýet jemgyýetde sazlaşygy berkarar etmekligi üçin hukukdan netijeli serişde oýlanyp tapylmandyr.

Şeýle seredeniňde hukuk hemişe döwletiň önümi bolup, hukuk bilen döwletiň özara täsiri bir taraply ýaly görünýär. Emma hakykatda hukugyň hem döwlete täsiri bar. Sebäbi ynsan aňynyň döreden bu iki närsesi biri-birine yzygiderli täsirini ýetirip durýan özara jebis baglanyşykly we biri-birini döredip, kämilleşdirip, üýtgedip durýan jemgyýetçilik hadysasydyr ýa-da başgaça aýdanyňda, döwlet bu mähnet gurama bolsa, hukuk onuň esasnamasydyr, düzgünnamasydyr. Edil belli bir hukuk şahsyny döretmegiň başlangyjynda düzgünnamanyň durşy ỳaly, Döwletiň döremegi hem döwleti dünỳä yglan edỳän Jarnamadan başlanan ýagdaýynda, ol döwlet ygtybarly bolýar.

Mysal üçin: 1990-njy ỳylyň 22-nji awgustynda kabul edilen “Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyỳarlygy hakynda Jarnama” bütin dünỳä SSSR-iň çäginde özygtyýarly Türkmenistanyň döreýänligini yglan etdi. Şol Jarnamada Türkmenistanyň özygtyỳarly, milli döwlet bolup, özüniň bütin çäginde häkimiỳeti doly amala aşyrỳandygy bellenỳär.

Görşümiz ỳaly bu kada täze bir döwletiň dörändigini şol çäkde ỳaşaỳan tutuş halkyň adyndan yglan edỳär. Bu mysaldan görnüşi ỳaly, diňe döwlet hukugy döretmän, hukuk hem döwletiň emele gelmegini üpjün edỳär eken.

Islendik ulgamyň düzüm bölekleriniň bolşy ỳaly Türkmenistan döwletimiziň hukuk ulgamynyň hem düzüm bölekleri bardyr. Edil jisimiň maddalara, maddalaryň molekulalara, molekulalaryň atomlara, atomlaryň elektronlara we neỳtronlara bölünişi ỳaly hukuk ulgamynyň düzüm böleklerini hem öz gezeklerinde başga bir düzüm bölekleri emele getirỳändirler. Hukuk ulgamynyň düzüm bölekleri „hukuk pudaklary“ diỳlip atlandyrylỳarlar. Mysal üçin: Raỳat hukugy, Jenaỳat hukugy, Dolandyryş hukugy we ş.m.

**Milli hukuk ulgamynyň gurluşy**

Bu ulgamy häsiýetlendirmeklik üçin **„hukuk ulgamy“** diýen düşünjäniň üstünde durup geçeliň. Adamyň durmuşynda, onuň köp sanly gereklilikleri bilen bagly dürli hili bähbitler ýüze çykýar. Şol bähbitleriň aýratyn topary hökmünde, mysal üçin, zähmet, maşgala, emläk, syýasy we beýleki bähbitleri görkezse bolar. Şonuň üçin şu bähbitleri sazlaşdyrýan hukuk kadalary hem pudak hukuklary boýunça toparlanýar. Pudaklar bolsa hukuk ulgamyna birikdirilip, olar özara sazlaşdyrylýar we biri-biriniň üstüni ýetirýär. Ony has düşnükli beýan etmek üçin şu aşakdaky çyzgyny ulanalyň (seret çyzgy 1).

Täze Galkynyş eýýamynda türkmeniň milli hukuk ulgamynyň kemala gelişi düýpli reformalaryň täsiri astynda geçýär. Şolaryň netijesinde ykdysadyýeti ýeke-täk döwlet dolandyryşy we adamlaryň durmuşyna döwletiň täsiri belli bir derejede gowşaýar. Hukuk ulgamynda hakykatdan hem iki hukuk giňişligi: jemagat hukugy we hususy hukuk ýüze çykýar. **Jemagat hukugy** döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýar. Bu gatnaşyklary aşakly, ýokarly baglanşyk görnüşinde göz öňüne getirip bolar. Bu ýerde ýokarky nokat häkimiýeti aňladýar, aşaky – boýun bolmaklygy. Jemagat hukuk pudagyna konstitusion, administratiw, jenaýat, jenaýat iş ýörediş hukuk pudaklary girýärler.

**Hususy hukuk** hukuk subýektleriniň arasyndaky özara borçlary esasynda ýüze çykýan gatnaşyklary sazlaşdyrýar. Bu ýerde gatnaşyklara girýänler deň.

Çyzgy 1




Olar taraplar, hyzmatdaşlar, partnerlar bolýarlar. Bu ýerde hukugyň subýekti bolup hususy şahslar çykyş edýärler. Hususy hukuk gurşawynda döwlet hem „hususy şahs“ hökmünde hereket edýär. Hususy hukuk gurşawyna raýat, zähmet, maşgala ýaly hukuk pudaklary girýärler.

Täze Galkynyş eýýamynda hukuk ulgamynyň aýratyn orna eýe bolýandygyny göz öňünde tutyp esasy hukuk pudaklary bilen tanşalyň.

**Konstitusion (ýa-da döwlet) hukugy**. Onyň namalary ýurduň döwlet gurluşynyň esaslaryny sazlaşdyrýar, raýatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny berkidýär, döwlet we dolandyryş organlary döretmekligiň we olaryň hereketleriniň düzgünini kesgitleýär, adalatly kazyýet ulgamyny döredýär. Konstitusion hukugyň kadalaýjy aktlary bolup Türkmenistanyň Konstitusiýasy, häkimiýet we öz-özüni dolandyryş organlaryna saýlawlar baradaky kanunlar we başgalar çykyş edýärler.

**Administratiw hukuk.** Bu pudagyň namalary dolandyryş organlarynyň, şonuň ýaly-da dolandyryş organlaryň raýatlar we olaryň birleşmeleriniň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklary sazlaşdyrýar. Administratiw-hukuk gatnaşyklaryň özboluşlylygy onuň bir tarapynyň döwlet organlarynyň ýa-da öz gatnaşyga girýän adamsyna degişlilikde häkimiýet wekilçiligine eýe bolan jogapkär wezipeli adamyň çykyş edýänliginde bolýar. Administratiw hukugynyň kanunçylyk

aktlarynyň arasynda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti baradaky kanuny, administratiw hukugyny bozujylar baradaky kodeksi we başgalary görkezse bolar.

**Jenaýat hukugy.** Adamlaryň hereketleriniň haýsysynyň jenaýat bolýanlygyny we şeýle hereket edenleriň haýsysyna hähili jeza çekilýändigini kesgitleýär. Jenaýat hukugynyň namalary Jenaýat kodeksinde jemlenen.

**Iş ýörediş hukuk.** Ol jenaýat prosesine we raýat prosesine bölünýär.Jenaýat prosesi derňew alyp barmaklygyň düzgünlerini we derňew organlaryň hem-de kazyýetiň jenaýat işleri derňeýişlerininiň we garaýyşlarynynyň düzgünlerini sazlaşdyrýar. Onuň namalary Jenaýat iş ýörerdiş kodeksinde beýan edilen. Raýat prosesi kazyýetde raýat dawalaryny derňemekligiň düzgünlerini sazlaşdyrýar. Raýat iş ýörediş kodeksi bolýar.

**Raýat hukugy**. Ol emläk gatnaşyklaryny, eýeçilik, şertnama, raýat dolanşygyndaky borçlary, beýleki emläk gatnaşyklary sazlaşdyrýar. Raýat kodeksinde raýat hukugynyň namalarynyň aglabasy jemlenen.

**Zähmet hukugy.** Iş beriji bilen işgäriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýar. Bu gatnaşyklar hem döwlet hem-de iş beriji bilen işgäriň arasyndaky ylalaşyk esasynda sazlaşdyrylýar. Zähmet hukugynyň namalary Türkmenistanyň zähmet kodeksinde jemlenen.

**Maşgala hukugy.** Nika girişmegiň düzgünlerini, är-aýal emläk gatnaşyklaryny, ata-ene bilen çagalaryň gatnaşyklaryny, şonuň ýaly-da aýrylyşmanyň düzgünlerini sazlaşdyrýar. Nika we maşgala barada kanun bar.

**Halkara hukugy.** Şertnamalar, halkara guramalaryň ustawlary BMG-niň Ustawy) we konwensiýalary esasynda döwletara gatnaşyklary sazlaşdyrýar.

Bu hukuk pudaklaryndan daşary esasy pudaklardan gelip çykýan: maliýe, tokaý, suw, ýer, tebigaty goraýyş, jenaýat-ýerine ýetiriji hukuk pudaklary hem bar.

Biziň jemgyýetimizde geçýän özgerişleriň esasy maksady adamy beýgeltmeklik, adamy mertebelemeklik. Şu hili garaýyş täze Galkynyş eýýamynda „Döwlet adam üçindir!“ diýen şygaryň üsti bilen beýan edildi. Türkmenistranyň Prezidenti: „...bu örän gysga we manysy boýunça ähli zady öz içine alýan çagyryşda jemgyýetçilik ösüşi babatda häzirki zaman ideýasy baradaky garaýşy bu işe adam şahsyýetini çekmek baradaky pikiri jemledi“ 1 diýip belleýär. Jemgyýetçilik ösüşine adam şahsyýetiniň işewür gatnaşmaklygy üçin berk hukuk binýat gerek. Şeýle bolany sebäpli raýat hukuk pudagynyň ähmiýeti artýar.

Aslynda-da bu hukuk pudagy jemgyýetdäki gatnaşyklaryň kämil bolmaklygynda aýratyn orun tutýar. Ony açyp görkezmeklige çalşalyň.

Adamyň hususy ýaşaýşy, onuň her günki isleglerini kanagatlandyrmagy beýleki adamlar bilen dürli hili gatnaşyklara girmekligi esasynda mümkin bolýar. Bu gatnaşyklar, olara girýän adamlaryň subýektiw hukugy we borçlary bilen baglanyşykly bolany sebäpli, olar hukuk esasynda sazlaşdyrylýar. Bu gatnaşyklaryň käbiri hukuk gatnaşyklary hökmünde kabul hem edilmeýär, kä halatlarda bolsa bu ýerde asla gatnaşyklar hem ýok ýaly bolup görünýär. Adamyň adyny mysal alalyň. Beýleki adamlaryň biziň adymyza nähili dahyly bar? Diňe bizi beýlekilerden tapawutlandyrmak üçin. Ýöne biziň adymyzyň üsti bilen gelşiksiz hereket edilse, ýa-da ony ulanyp abyraýa eýe bolunjak bolsa, olar şol adyň eýeleriniň hukugyny bozýarlarmy? Elbetde bozýarlar.

Eger biziň her birimiz öz adymyza we öz mertebämize hukugymyz bar bolsa, onda bu hukuklary kim berjaý etmeli? Ähli kişi. Ähli adamlar meniň öz adyma we mertebäme bolan hukugymy berjaý etmeli. Şeýlelikde, adamyň öz adyna we mertebesine bolan hukugyna kesgitlenmedik şahslar toplumynyň borçlary garşy durýar. Şu hili hukuga absolýut raýat hukugy diýilýär.

Görşümiz ýaly, adamyň ady we mertebesi hukuk gatnaşyklarynyň obýekti bolýar. Biziň köpümiz onuň hukuk bilen baglanşygy barada kän oýlanmaýan hem bolsak, ol hakykatdan hem şeýle. Şol bir wagtda hem eýeçiligiň we şertnamaň ýuridiki häsiýete eýe bolýandyklaryny biz bilýäris Hakykatdan hem olar hukugyň „iň bazar“ pudagy bolan raýat hukugy tarapyndan sazlaşdyrylýar. Hukugyň bu pudagy alyş-çalyş, haryt dolanşygy we bazar gurşawynda ýüze çykýan emläk gatnaşyklaryny sazlaşdyrýar. Ol ýokarda görkezilşi ýaly emläge degişli bolmadyk şahsy hukuklary hem goraýar. Biziň jemgyýetimize bazar gatnaşyklarynyň işewür girizilýänligi sebäpli meseläniň şu tarapyna ünsi çekeliň.

Raýat hukugynyň subýekti bolup esasan raýatlar (fiziki şahslar) we ýuridiki şahslar çykyş edýärler. Ýuridiki şahslar bolup raýat hukuk gatnaşyklaryna girişip, öz üstüne raýat hukugyny we borjyny alyp bilýän birleşmeler we guramalar çykyş edýärler. Ýuridiki şahslar kommersiýa we kommersiýa däl häsiýetli bolýarlar. Komersiýa häsiýetli ýuridiki şahslaň maksady girdeji almak bilen bagly bolýar. Olara degişlilikde kärhana we telekeçilik hereketi diýen düşünjeleri ulanmaklyk mümkin.

Raýat hukuk gatnaşyklaryny „sazlaşdyrmaklygyň“ esasy guraly bolup ylalaşyk çykyş edýär. Ylalaşyk raýat hukuk gatnaşyklaryny ýola goýmaklyga (üýtgetmeklige ýa-da bes etmeklige) gönükdirilen hereket bolýar.Ylalaşyk haçan-da oňa gatnaşýanlaryň hukuklaryny we borçlaryny döreden ýagdaýynda hakyky bolýar. Hakyky bolmadyk ylalaşyk hukuk gatnaşyklaryny döretmeýär. Onuň esasynda döreýän ylalaşyga gatnaşýanlaryň hukugy kanun tarapyndan goralmaýar.

Raýat hukuk gatnaşyklaryň obýekti bolup ilki bilen zatlar we emläk çykyş edýärler. Zat bolup bu ýerde maddy dünýäniň her bir obýekti çykyş edip bilýär. Kanun haýsy hem bolsa bir ýuridiki ýagdaýdan çykmaklyk üçin zatlary kadalamaklygy göz öňünde tutýar. Zatlar raýat dolanşygyndan aýrylan we aýrylmadyk görnüşlere bölünýärler. Aýrylanlar raýat-hukuk ylalaşygyň obýekti bolup bilmeýär. Olara häzirki döwürde döwlet eýeçiliginiň belli bir obýektleri girýärler. Raýat dolanşygyndan aýrylmadyk zatlaryň içinde çäklenen aýlanşyk ukybyna eýe bolan zatlary hem bellemek gerek. Olar: ýaraglar, oklar, awylar, gymmat baha metallar we daşlar. Zatlar şonuň ýaly-da esasy zada we degişli esbaba bölünýär. Mysal üçin jaýyň gapysy, onuň degişli esbaby bolýar. Zat düşünjesine gymmat baha kagyzlar hem girýärler.

Türkmenistanyň Raýat Kodeksinde hukuk gatnaşyklarynyň: eýeçilik, şertnamalar, awtorçylyk we oýlap tapyjylyk hukugy, miras hukugy görnüşlerini sazlaşdyrýan kadalary özüne alýar. Esasy zat hukugy bolup eýeçilik çykyş edýär. Bu şeýle bir subýektiw hukuk bolup, onuň eýesi bu hukugyň obýekti bolan zada öz erki bilen täsir edip bilýär. Häzirki türkmen kanunçylygynda zat hukugyna eýeçilik, hojalyk gözegçiligi, emlägi operatiw dolandyryş we başgalar girýärler. Onda raýat hukugynyň pudaklaryny aşaky görnüşde görkezse bolar (seret çyzgy 2).

**Çyzgy 2**




Şu çyzgydan görşümiz ỳaly hukuk ulgamynyň iň uly hem iň çylşyrymly pudagy bolan raỳat hukugy öz içinde esasy alty sany uly şaha bölünỳär. Ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň giň gerim almagy bilen olaryň her biri täze derejä galyp täze mana eýe bolýarlar.

Hukuk nazarỳetinde kesgitlenilişine görä, adamyň hukuklary diỳlende, adamyň ykdysady, sosial, syỳasy we medeni çygyrlardaky mümkinçiliklerine hem-de isleglerine, şeỳle hem adamyň döwlet babatda hukuk ỳagdaỳynyň häsiỳetlendirmesine düşünilỳär. „Raỳatyň hukuklary“ diỳen adalga bolsa belli bir döwletiň raỳaty bolan adamyň kanunda berkidilen emläkleỳin we emläkleỳin däl hukuklaryny aňladỳar. Umuman, adamyň we raỳatyň hukuklary hem azatlyklary „esasy hukuklar we azatlyklar“ diỳen düşünje bilen manydaş bolup, ol adamyň we raỳatyň Konstitusiỳada berkidilen hukuklarynyň hem azatlyklarynyň jeminden emele gelỳär. Ol hukuklaryň hem azatlyklaryň ählisi Türkmenistanyň Konstitusiỳasynyň II bölüminde, 19-njy maddadan 49-njy madda çenli aralykda berkidilỳär we olar şahsy hukuklar, syỳasy-jemgyỳetçilik hukuklar, sosial-ykdysady hukuklar hem-de beỳleki hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga bolan hukuklar ỳaly toparlara bölünỳär.

Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň hukuk ulgamyny gaỳtadan döretmekde we kämilleşdirmekde türkmen döwletiniň öňe sürýän esasy maksady bolsa ýurdumyzda ähli kanunlaryň jemgyỳetiň we her bir şahsyỳetiň utgaşdyrylan bähbidi nukdaỳnazaryndan ugur alnyp döredilmegini, olaryň milletine, diline, dinine, gelip çykyşyna, eỳeleỳän wezipesine, ỳaşaỳan ỳerine, emläk ỳagdaỳyna, jynsyna garamazdan hemmeler tarapyndan deň derejede doly we gyşarnyksyz berjaỳ edilmegini üpjün etmekdir.

Mälim bolşy ỳaly, dünýäniň köp döwletlerinde hereket edỳän kanunçylygy birsyhly kämilleşdirip, döwrüň we jemgyýetiň bir pursat hem togtamaýan ösüşiniň talaplaryna laýyklykda täze kanunlary kabul etmek işine juda işjeň we yzygiderli

çemeleşilỳär. Bu işiň ilkinji başlangyç ädimleri hem tutuş kanunçylygy kämilleşdirmegiň iň esasy ugruny we nazary esaslaryny işläp düzmekden ybarat bolup durỳar. Türkmenistanda-da milli kanunçylygy kämilleşdirmegiň nazary esaslary we iň wajyp başlangyçlary, binỳatlaỳyn ỳörelgeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň täze Galkynyş eýýamynyň taglymatynda beỳan edỳän garaỳyşlaryndan gelip çykỳär. Milli hukuk ulgamymyzy kämilleşdirmegiň esasgoỳujy başlangyçlarynyň özenini düzỳän ỳörelge bolsa Milli Liderimiziň: "Döwlet adam üçindir!" diỳen şygary bolup durỳar.

Bu şygar häzirki güne çenli durmuşa geçirilỳän ähli reformalaryň, şol sanda hukuk ulgamynda amala aşyrylỳan özgertmeleriň hem, ähli kabul edilỳän ỳa-da kämilleşdirilỳän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hem içinden eriş-argaç bolup geçỳär. Özi hem ol namalar adamy mertebelemege gönükdirilýär. „Türkmenistan „Döwlet adam üçindir!" diýen şygary yglan etmek bilen, bu örän gysga we manysy boýunça ähli zady öz içine alýan çagyryşda, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, jemgyýetçilik ösüşi babatda häzirki zaman ideýasy baradaky garaýşy, bu işe adam şahsyýetini çekmek baradaky pikiri jemledi" 1. Munuň şeỳledigine soňky döwürde ýurtda kabul edilen kanunlar aýdyň şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Durmuş üpjünçilik kodeksi, Türkmenistanyň zähmet kodeksi, Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kodeksi, „Bilim hakynda", „Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýlary hakynda", "Arçynlar hakynda", "Daỳhan hojalygy hakynda", "Daỳhan birleşikleri hakynda", "Daşary ỳurt maỳa goỳumlary hakynda", „Senagat nusgalary we oỳlap tapyşlar hakynda" Türkmenistanyň kanunlary ỳaly kanunlarymyzyň sanawyna ser salnanda hem aỳdyň göz ỳetirmek bolỳar. Özi hem biziň ýurdumyzda kanun döredijilik işi täze derejä galýar.

2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguz şäherinde geçen Türkmenistanyň Ýaşulylar Maslahatynda ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň toplumlaýyn maksatnamasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan işlenip taýýarlanan täze Kanunlaryň birnäçesiniň taslamalaryna seredildi we ara alyp maslahatlaşyldy, ýurt Ýolbaşçysy tarapyndan kabul edildi. Olaryň hatarynda "Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakyndaky", "Türkmenistanyň jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky", "Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda", "Tohumçylyk hakyndaky" Kanunlar bar. Olaryň ählisi adamy mertebeleýärler, adamy beýgeldýärler.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň binýatlaryny berkitmäge, ýurdumyzy demokratiýa ýoly bilen mundan beýläk-de alyp gitmäge gönükdirilen "Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynyndaky" täze Kanunyň kabul edilmegi türkmen ýurdunda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler, ýerlerdäki häkimiýet edaralarynyň işini üýtgedip gurmak zerurlygy bilen şertlendirilen. "Türkmenistanyň jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky" Kanun hem ynsanperwer häsiýete eýedir. Onda jenaýat eden adamlara jeza brmegiň mähletlerini azaltmak, şeýle hem jezalary has ynsanperwer, rehimli çärelere, meselem jerimeler görnüşindäki çärelere çalyşmak bilen bagly köp maddalara düýpli özgertmeler girizildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de jemgyýetimizde kanunçylygy üpjün etmegiň we pugtalandyrmagyň, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda, halkara hukugynyň kadalarynda berkidilen adam hukuklaryny we azatlyklaryny, edara görnüşli taraplaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramagyň ýörelgelerine laýyklylykda taýýarlanan "Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakyndaky" Kanunyň kabul edilmegi jemgyýetimiziň we döwletimiziň hukuk binýadyny pugtalandyrmak, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda jar edilen adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramagy üpjün etmek bilen baglanşyklydyr.

Türkmen jemgyýeti özgerýär, öz demokratik mümkinçiliklerini açýar. Ýurdumyzda bazar gatnaşyklary ýokary depginler bilen ösýär, eýeçiligiň ähli görnüşleri üçin deň şertler döredilýär. Şu hili täzeleniş döwründe ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli syýasy-durmuş özgertmeleri oýlanşykly, pähimli-paýhasly geçirmek wajypdyr. 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda geçen Ýşulularyň Maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti häzirki döwürde ähli şertleri nazara almak bilen, köp partiýaly jemgyýetçilik-syýasy ulgamy döretmäge hem wagtyň ýetendigini we şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Mejlisiniň syýasy partiýalar hakyndaky kanunynyň üstünde işlemekligiň gerekligini belledi.

Ýokarda garalan meseleler we çykarylan netijeler milli syýasy-hukuk ulgamymyzyň dört alamaty: demokratik syỳasy-hukuk ulgamy; ynsanperwer syỳasy-hukuk ulgamy; adalatly syỳasy-hukuk ulgamy; parahatçylyga ymtylỳan syỳasy-hukuk ulgamy özünde jemleýändigini görkezýär.

Biz bu ýerde Türkmenistanyň Prezidenti, hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan döwlet häkimiỳet ulgamyna demokratiki alamatlaryň ählisiniň yzygiderli ornaşdyrylỳandygyny belläliň. Jemgyỳet üçin has möhüm ähmiỳete eỳe bolan kanunlaryň parlament tarapyndan kabul edilmegi, parlamentiň (Türkmenistanyň parlamenti "Mejlis") wekilleriniň orunlarynyň saỳlawly bolmagy, döwletde esasy wezipeleriň saỳlawly bolmagy, döwlet möçberinde wajyp işleriň halk bilen maslahatlaşyp edilmegi we beýlekiler. Görşümiz ýaly, halk häkimiỳetliligine mahsus alamatlaryň ählisi Türkmenistanyň döwlet häkimiỳet ulgamynda öz beỳanyny tapdy.

Döwletimizde ỳerlerde halk häkimiỳetlilik ỳörelgesiniň durmuşa geçirilmeginiň aỳrylmaz bölegi bolan, halkyň öz-özüni edara etmek usuly giňden ornaşdyrylỳar. Ỳagny Türkmenistanda ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bolan geňeşliklere aỳratyn üns bermek bilen, ol edaralar babatda kanunçylyk kämilleşdirilỳär, geňeşlikleriň ygtyỳarlyklary giňeldilỳär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Geňeş ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini amala aşyrýar we ol etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, obanyň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr. Kanuna laỳyklykda Geňeşleriň ygtyỳarlyklaryna şu aşakdaky meseleler degişlidir:

„Öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemek;

ýerli býujeti hem-de onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak;

ýerli salgytlary hem ýygymlary, olary almagyň tertibini bellemek;

öz býujetine tölenilýän tölegler boýunça ýeňillikler bermek;

tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak baradaky çäreleri kesgitlemek we başg.

Şu mysaldan görnüşi ýaly, ýerli öz-özüni dolandyryş esaralarynyň hukuk esasynyň berkemegi demokratik özgerişlere badalga berip, ýurtda raýat jemgyýetiniň esaslarynyň giňemekligine ýol açýar. Raýat jemgyýetine jemgyýetde bar bolan ähli uly we kiçi adam toparlarynyň özara täsiri hökmünde garasa bolar. Şol toparlaryň bähbitleri hem ýerlerde aýan bolýarlar. Bu ýerde erkin ösýän eýeçiligiň dürli görnüşleri olaryň özara täsiriniň ykdysady esasy bolup çykyş edýärler. Bu toparlaryň bähbitlerini bolsa ýerlerde kanun esasynda hereket edýän hukuk döwletiniň degerli organlary goramaly bolýarlar. Ýokarda görkezilen „Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny bu wezipäni amal etmeklik üçin ýerlerde gerek bolan hukuk esaslaryny döredýär.

Görşümiz ỳaly Hormatly Prezidentimiz tarapyndan Türkmenistanyň hukuk ulgamy kämilleşdirilende başlangyç hökmünde ugur alynỳan esasy ỳörelge halk häkimiỳetliligi ỳörelgesi bolýandygy görünýär. Umuman, milli syýasy-hukuk ulgamymyzyň ähli alamatlary döwletiň adam, jemgyýet we millet bilen gatnaşyklarynda giňden açylýarlar.

## Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň döwletiň we jemgyýetiň iň gymmatly hazynasy diýip yglan edilmegi

Ýokarda bellenip geçilişi ỳaly, her bir döwletiň özboluşlylygyny köp derejede onuň syỳasy-hukuk gurluşy kesgitleỳär. Biziň döwletimiziň hem edil dünỳä bileleşiginiň beỳleki döwletlerinde bolşy ỳaly özboluşly aỳratynlyklary bolup, olar döwletimiziň mazmunyny we onuň jemgyỳetimize edỳän täsirini kesgitleỳär. Türkmenistan döwletiniň esasy aỳratynlygy bolsa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürülen “Döwlet adam üçindir!” diỳen şygarda jemlenỳär. Ol Türkmenistanda adam, onuň ömri, saglygy, abadançylygy, mynasyp ỳaşaỳyş-durmuş derejesi, umuman, her bir ynsana doglan pursadynda berilỳän tebigy we mizemez hukuklarynyň ählisi, döwlet üçinem, jemgyỳet üçinem ỳokary baş gymmatlyk bolýandygyny aňladýar. Has anyk aỳdylanda, biziň döwletimizde adam iň gymmat hazyna diỳlip ykrar edilỳär hem-de durmuşa geçirilỳän köp ugurly döwlet maksatnamalarynyň hemmesi, her bir ynsanyň aỳratynlykda we tutuş jemgyỳetiň bütewilikde utgaşdyrylan bähbidini gazanmaklyga gönükdirilỳär. Hut şu, häsiỳetli aỳratynlygy-da, döwletimiziň, “Ähli adamlar mertebesi we hukuklary babatda deň dogulỳarlar. Adamlara aň we wyždan berlendir hem-de olar bir-biri babatda doganlyk ruhunda hereket etmelidirler” diỳip, tutuş adamzadyň “Ählumumy adam hukuklary hakyndaky” Jarnamada yglan eden belent adamkärçilikli ỳörelgesini baş wezipe hem esasy borç hökmünde kabul edỳändigini anyk görkezỳär. Türkmenistanda döwletiň, jemgyỳetiň we öz

raýatlarynyň öňündäki wezipelerini neneňsi derejede netijeli berjaý edýändigi bolsa halkymyzyň gündelik durmuşynda bolup geçýän oňaýly özgerişmelere tarap üýtgeşmelerde-de aýdyň görünýär.

Ýurdumyzda, döwlet, adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň ähli görnüşlerini üpjün etmek bilen birlikde, ynsanyň sosial-ykdysady hukuklarynyň kepillendirmelerine, olaryň durmuşa geçirilmegi üçin ähli şertleriň döredilmegine aýratyn üns berýär. Ýokarda biz ony hukuk ulgamynyň kämilleşmeginde hem gördük. Türkmenistanda sosial goraglylygyň belent nusgasynyň görkezilip, halka elektrik togy, gaz, ulaglar üçin ýangyç ýaly energiýa serişdeleriniň ähli görnüşleriniň, şonuň ýaly-da, agyz suwunyň, nahar duzunyň mugt berilmegi, zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet hemaýat we kömek pullarynyň möçberiniň her ýylda yzygiderli artdyrylmagy adamlaryň sosial-ykdysady hukuklarynyň hem azatlyklarynyň döwlet tarapyndan berk we ýokary derejede üpjün edilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup çykyş edýär. Ýurdumyzda amal edilýän ähli maksatnamalar adamyň mertebeli we umuman, ilatyň bol-elin ýaşamaklygyna gönükdirilýär. Özi hem ylym-bilim pudagynda başlanan düýpli özgerişler halk hojalygynyň, adamlaryň durmuşynyň ähli ugurlaryny öz içine alyp gün-günden giňelýär.

2010-njy ýylyň 14-nji maýynda geçen Türkmenistanyň Ýaşulylar Maslahatynda döwlet Baştutany ýurtda, şol sanda uzakda ýerleşýän obalaryň, şäherçeleriň ilatynyň we uzakdaky öri meýdanlarynyň arassa agyz suwy bilen üpjünçiligini möhüm meseleleriň hatarynda görkezdi hem-de bu meseläni çözmek barada degişli ýolbaşçylaryň we pudak edaralaryň öňünde duran wezipeleri kesgitledi. Türkmenistanyň Prezidenti olara ýurdumyzyň ähli ilatly ýerlerini, ilkinji nobatda bolsa, mekdebe çenli çagalar edaralaryny, mekdepleri we beýleki okuw mekdeplerini, hassahanalary, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryny arassa agyz suwy bilen doly üpjün etmegiň Baş Maksatnamasyny işläp taýýarlamagy tabşyrdy.

Görşümiz ýaly, Türkmenistanda ähli döwlet we jemgyýetçilik edaralary, wezipeli adamlar döwletimiziň baş aýratynlygy bolan, ynsanperwerlik ýörelgesini durmuşa geçirmeklige işewür gatnaşyp, olary jemgyýetimizde has mäkäm ornaşdyrmaklyga, şonuň netijesinde-de adamlaryň erkinligini, hemmetaraplaýyn kämilleşmeklerini üpjün etmeklige öz goşantlaryny goşýarlar. Bu bolsa ahyrky netijede häkimiýetliligi, ruhubelentligi, adalatlylygy, milli jebisligi, tutuş halkyň agzybirligini, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň mundan beýläk-de yzygiderli abadanlaşmagyny berkarar etmeklige gönükdirilýär we durnukly kämilleşýär. Durmuş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunlary, ilki bilen hem döwrüň talabyna laýyk gelmeýän kanunlary täzelemegi talap edýär. Biziň raýatlarymyzyň hukugyna we erkinligine dahylly bolan kanunçylyk namalarynyň hem bir topary, ýokarda görkezilşi ýaly, täzelenmeli boldy. Döwletimiziň döwlet işiniň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, kanunçylyk çygrynda-da bu işleri amala aşyrmak üçin ýeterlik we hemme taraplaýyn potensiýalynyň bardygyny biz görýäris.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda döwlet düzümleriniň hem-de wezipeli adamlaryň öňünde durýan anyk wezipeler barada nygtamak bilen, olaryň ynsanperwerlik ulgamynda raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ygtybarly

goraglylygyny üpjün etmekden, ỳurtda parahatçylygy, ylalaşygy we asudalygy goldamakdan ybaratdygyna ünsi çekýär. Türkmenistanda döwlet düzümleriniň hem-de wezipeli adamlarynyň öňünde durỳan bu wezipe, döwletiň düýpli özgertmeler syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň ỳokary netijeliligini üpjün etmek, raýatlarymyzyň maddy-hal ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy, ähli özgertmeleriň bolsa her bir raýatyň aýratynlykda we tutuş jemgyýetiň bilelikdäki utgaşdyrylan bähbidine gönükdirilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň bilen birlikde-de, ynsanperwerlik ulgamynda amala aşyrylmaly wezipeler, şol özgertmeleriň meýilnamalaýyn esasyny özünde jemleýän bütin ýurdumyzyň hem-de welaýatlarymyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň maksatnamalarynyň we "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatanamasynyň" durmuşa geçirilmegi bilen hem baglydyr. Bu bolsa Türkmenistany sosial döwlet hökmünde häsiỳetlendirmäge doly esas berỳär.

Hukuk ylmynda kesgitlenişine görä, sosial döwlet diỳlende, öz raỳatlarynyň abadan ỳaşaỳşy we erkin ösüşi üçin ähli amatly şertleri döredỳän, tutuş döwlet syỳasaty adamlaryň saglygyny, maşgalany, eneligi, çagalygy goramaga, şonuň ỳaly-da adamlar üçin howpsuz zähmet şertlerini üpjün etmäge, maỳyplara hem garrylara yzygiderli we möçberleri birsyhly artdyrylỳan döwlet hemaỳatlaryny bermäge, şeỳle hem adamlara durmuş taỳdan goraglylygyň ähli mümkinçiliklerini kepillendirmäge gönükdirilen döwlete düşünilỳär. Biziň döwletimiziň syỳasy-hukuk gurluşyny häsiỳetlendirỳän bu ỳagdaỳlar gündelik durmuşymyzda hem anyk beỳanyny tapỳarlar. Hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutanlygyna saỳlanan ilkinji günlerinden bäri, döwletimiziň sosial ugra gönükdirilen syýasatynda amala aşyrylýan ähli işlerde her bir ynsanyň we tutuş halkyň bähbidinden ugur almaklyk baş ýörelge hökmünde goldanylyp gelinýär. Adam hakyndaky çäksiz aladany döwletiň baş wezipesi hökmünde kesgitleỳän Türkmenistanda, erkin bäsdeşlik, açyklyk, pikir we söz azatlygy ỳaly hakyky demokratiỳa ỳörelgelerine gollanylyp geçirilen saỳlawlaryň esasynda düzülen milli parlamentiň – Türkmenistanyň Mejlisiniň hem, döwletimiziň ynsanperwerlik wezipesini durmuşa geçirmekde ähmiỳeti örän uludyr.

Täze Galkynyş eỳỳamynyň täze jemgyỳetinde-de halkymyza mahsus bolan ruhy-ahlak gymmatlyklaryny jemgyỳetimiziň her bir agzasynyň kalbynda galkyndyrmak babatda ençeme çäreler durmuşa geçirilỳär. Şol çäreleriň amala aşyrylmagynyň netijeliligini artdyrmak üçin edilmeli esasy işleriň biri-de, raỳatlarymyzyň hukuk düşünjeliligini, hukuk medeniỳetini kämilleşdirmek, halk arasynda hukugyň abraỳyny has-da ỳokarlandyrmak bolup durỳar.

Adam hukuklaryny we azatlyklaryny giňeltmek barada biziň ýurdumyzda alynyp barylýan köptaraply işleriň netijeliligi, türkmen döwletiniň kabul edýän kanunlarynyň halkara hukugynyň talaplaryna gabat gelýänligi Türkmenistanyň at-abyraýyny ýokarlandyrýar. Biziň ýurdumyz dünýä birleşigi tarapyndan ähli taraplaýyn goldanylýar. Mälim bolşy ỳaly, Türkmenistan häzirki wagta çenli, „Adamyň hukuklary hakynda ählumumy Jarnama", „Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda", „Raỳatlyk we syỳasy hukuklar hakynda" Halkara

Paktlar, „Gynamalara we jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ỳa-da mertebäni kemsidỳän görnüşlerine garşy Konwensiỳa“ ỳaly, halkara hukugynyň ynsanperwerlik pudagyny we beỳleki pudaklaryny emele getirỳän, halkara hukuk namalarynyň 100-den gowragyny ykrar etdi hem-de ol resminamalarda berkidilen hukuk kadalaryny we ỳörelgelerini milli kanunçylygyna işjeň ornaşdyrmagyny dowam edỳär.

2007-nji ỳylyň 14-nji dekabrynda kabul edilen, „Aỳallaryň deň hukuklygynyň döwlet kepillikleri hakynda“ we „Adam söwdasyna garşy göreş hakynda“ Türkmenistanyň kanunlary, şeỳle hem, adamlaryň intellektual eỳeçilige bolan hukuklarynyň anyk kepillendirmelerini özlerinde jemleỳän, 2008-nji ỳylyň 23-nji oktỳabrynda kabul edilen, “Oỳlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda“ hem-de „Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harydyň gelip çykan ỳeriniň ady hakynda“ hem-de 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Ýaşulularyň Maslahatynda ara alynyp maslahatlaşylyp ýurt Ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilen, ýokarda görkezilen Türkmenistanyň kanunlary bolsa şol işleriň aỳdyň subutnamasy hökmünde çykyş edỳärler.

Ýurtda geçýän özgerişler sözüň doly manysynda „Döwlet adam üçindir!“ diýen şygaryň işewür durmuşa geçirilýändigini subut edýär.

## Üçünji bap. Döwlet we millet

### Adamzadyň döwlet gurmak, döwlet döretmek tejribesine türkmen halkynyň goşan goşandy

Bu goşant barada biz ýokarda durup geçipdik. Häzirki täze Galkynyş eýýamynda milletiň döwlet gurujylyk ukybynyň has giňden açylýanlygyny göz öňünde tutup biz olaryň üstünde täzeden hem durup geçeliň. Haçanda türkmen milletiniň döwlet gurujylyk tejribesi barada aỳdylanda, bu ýerde oỳlanara, ölçerip-dökere we netije çykarara esaslar juda köp.

Mälim bolşy ỳaly, belli bir jemgyỳetiň çäginde hatda ilkinji gul eỳeçilik döwletleri ỳa-da gadymy şäher döwletleri ỳaly jemgyỳeti edara etmegiň örän sada hem ỳönekeỳ gurallarynyň döremegi hem ençeme çylşyrymly meseleleri öz içine alỳar. Bilişimiz ýaly, her bir adam özüne ỳeterlik şahsy buỳsanja, mertebä, erkinlige eýe bolỳar. Ýöne belli bir jemgyỳetiň içinde ỳaşamak üçin ol özüniň aglaba köp duỳgularyny jylawlap, erkinlikleriniň belli bir möçberini meỳletin çäklendirip, öz şahsy bähbitleriniň belli bir mukdaryny jemgyỳetiň umumy bähbidiniň hatyrasyna pida bermeli bolỳar. Her günki alada bilen meşgul bolup ýören adamyň mysalynda bu ýerde ýüze çykýan ýagdaý aýdyň görünýär. Hakykatdan hem adam öz melleginiň çäginde diňe bir özi hojaỳynçylyk edip, özge

biriniň öz eỳelik edỳän çägine hiç bir ỳagdaỳda aralaşmazlygyny isleỳän bolsa, onda jemgyỳetiň beỳleki agzalary bilen bilelikde ỳaşamak mejburylygy şahsyỳetden onuň eỳeçilik hukugynyň talaplaryny çäklendirmegi we eger-de ỳol ỳa-da suw akar ỳaly ỳap geçirmeli bolanda hem-de şuňa meňzeş tutuş jemgyỳetiň zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmaly ỳagdaỳlary ỳüze çykanda, onuň razylygyna-närazylygyna garamazdan onuň eỳeçiliginiň eldegrilmesizligini bozmaklyga, ỳagny serwituta (latynça servitus borç, borçnama, borçlylyk) mümkinçilik berỳär. Döwlet döredilende hem şu görkezilen halatlardaky ỳaly şahsyỳetiň we jemgyỳetiň bähbidini utgaşdyrmak bilen baglanyşykly ençeme çylşyrymly meselelerde altyn ortalygy tapmak zerur bolup durỳar. Şeỳle jygba-jyg ỳagdaỳlardan parasatly çykalga tapmak üçin bolsa döwletiň döredilỳän jemgyỳetiniň belli bir derejedäki kämillige ỳeten bolmagy hökmandyr. Sebäbi adamlaryň ilkidurmuş sürüsi hem özboluşly jemgyỳet bolup durỳar, emma özüni dolandyrmak üçin döwlet dolandyryş-häkimiỳetini emele getirmek ukyby bolan jemgyỳet bilen ilkidirmuş jemgyỳetçilik gurluşlarynyň arasynda ỳüz müňlerçe ỳyllar bilen ölçelỳän çuňňur taryhy gorp ỳatyr.

Öz halkymyzyň taryhy geçmişine ser salanymyzda türkmenleriň ata-babalarynyň dünỳäniň beỳleki halklaryna garanyňda jemgyỳeti kämilleşdirmek we şonuň netijesinde-de hukuk hem taryhy nazarỳetde "gündogar döwleti" diỳen adalga bilen aňladylỳan döwlet döretmek derejesine has irki döwürlerde ỳetendigine göz ỳetirmek bolỳar. Onuň mysaly hökmünde ýokarda garalyp geçilen, biziň eỳỳamymyzdan öň III müňỳyllygyň 1-nji ỳarymynda häzirki Ahal welaỳatynyň Kaka etrabynyň Mäne obasynyň golaỳynda dörän Altyndepe şäher-döwletini görkezse bolar. Deňeşdirmek üçin Afina, Sparta ỳaly gadymy grek şäher-döwletleriniň hem Altyndepeden müň ỳyla golaỳ wagt soň dörändiklerini bilýäris. Ynsanyỳetiň döwlet gurmak tejribesiniň gözbaşynda duran halkymyz döwletlilik, döwlet düşünjesini kämilleşdirmeklige hem saldamly goşandyny goşandyr. Sözümiz gury bolmaz ỳaly orta asyrlarda türkmenleriň döreden ençeme döwletlerini ỳadymyza salalyň. Seljuklaryň soltanlygyndan başlap taryh üçin gysga wagtyň içinde ençeme döwletleri döretmegiň, olary berkitmegiň we asyrlaryň dowamynda şol döwletleriň Osman şalarşalygy ỳaly synmazlygyň hem kuwwatlylygyň nusgasy hökmünde saklanyp galmaklaryny üpjün etmegiň hötdesinden gelen ata-babalarymyzyň jemgyỳetçilik paỳhasyna, syỳasy ukyplaryna haỳran galỳarsyň. Taryhçylaryň aỳdyşy ỳaly: "Şu wakalary göreniňde, bir wagtlar, has takygy orta asyrlarda "türkmen täsinligi" bolupdyr diỳesiň gelỳär"[1]

Türkmen jemgyỳeti asyrlaryň dowamynda özüniň ỳokary ahlaklylygy, jebisligi, medeniỳeti bilen tapawutlanyp gelipdir. Halk häkimiỳetlilik düşünjeleri biziň halkymyz mäkäm ornan düşünjeler bolmak bilen, ol düşünjeleriň döremegi taryhy köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaỳdỳar. Asyrlaryň dowamynda

---

[1] "Türkmen taryhynda döwlet meselesi" M. Aỳdogdyỳew we beỳlekiler. Okuw kitaby. Istanbul/Türkiỳe, 1998;

ençeme döwletler döredip, dünýäniň ýüzünde dürli jemgyýetleriň emele gelmegine özüniň kesgitleýji täsirini ýetiren halkymyz hiç haçan döwlet dolandyryşyny amala aşyrmakda köre-kör dessurlara eýermek nukdaýnazaryndan ugur almandyr. Hemişe halkymyzda döwlet baştutanlarynyň saýlawlylygy, halk ähmiýetli wajyp meseleleriň halk köpçüligi bilen maslahatlaşylmagy däp hökmünde garalypdyr.

Muňa mysal hökmünde ata-babalarymyzyň han saýlaýyşlaryny, arçynlary we miraplary, serkerdeleri we serdarlary seçişlerini, gadymy döwrüň gurluş toýlaryny, gurultaýlaryny ýatlalyň. Ýurt Ýolbaşçysynyň „Ynsanperwerlik, açyklyk, din erkinligi, beýleki halklaryň medeniýetine sarpa goýmak, agressiýany ýek ýigrenmek ýaly ýörelgeler türkmen häsiýetiniň esasyny düzýär“[2] diýip nygtaýan sözleri hem türkmen milli häsiýetiniň iň anyk aňlatmasy bolup durýandyr. Şu gadymdan gelýän milli häsiýetler hem türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda ençeme döwletleri döredip, beýik millet hökmünde taryha girmegine getiripdir.

Türkmen halkynyň döwlet gurujylyk tejribesiniň täsirini biz, ýokarda açylyp görkezilen, garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynyň mysalynda hem görýäris. Şol ýyllarda türkmen milletiniň Garaşsyz döwleti döretmeklikde bitiren işleriniň käbirini ýatlalyň. Alty asyra çeken döwletsizlik döwründen, 70 ýyla çeken garaşlylyk zamanasyndan soň arzylanyp ýetilen Türkmenistan döwletiniň garaşsyzlygynyň we özygtyýarlylygynyň taryhy barada söz açylanda, ilkinji nobatda ýeriň ýüzünde täze bir özygtyýarly döwletiň dörändigini bütin dünýä yglan eden, Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnamadan başlaman bolmaz. Sebäbi 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen bu Jarnamada türkmen halky öz erk-islegini beýan edip we öz ykbaly üçin jogapkärçilikden ugur alyp hem-de halklaryň öz ykbalyny özleriniň kesgitlemek hukugyny durmuşa geçirmäge çalşyp, Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny jar etdi. Bu Jarnamanyň täze türkmen döwletiniň döremeginde ähmiýetini nygtamak bilen birlikde, hemmeler tarapyndan Türkmenistanyň özygtyýarlylygynyň hem garaşsyzlygynyň ilkinji buşlukçysy hökmünde ykrar edilýän, 1990-njy ýylyň 24-nji maýynda kabul edilen Türkmenistanyň Dil hakynda kanunyny hem görkezmek gerek. Çünki bu kanun halkymyzyň milli döwletliliginiň taryhynda täze bir sahypany açmak bilen, ilki Döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnamanyň kabul edilmegine we şonuň netijesinde-de Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmünde halkara hukugynyň doly hukukly agzasy diýlip ykrar edilmegine ýol açdy. Şonuň ýaly-da, Garaşsyz türkmen döwletiniň emele gelmeginde esasgoýujy wajyplygy bolan bu iki hukuk nama soňra, 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda konstitusion kanunyň kabul edilmegi üçin zerur bolan syýasy-hukuk şertlerini döretdiler. 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda bu üç sany taryhy hukuk namalaryň tutuş mazmunyny özünde jemlän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi bolsa türkmen döwletiniň emele gelmeginiň hem berkarar bolmagynyň birinji tapgyryny üstünlikli tamamlady hem-de 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda döwlet syýasatynda ýetilen täze bir üstünlige, ýagny Bitaraplyk derejesini almagyna getirdi. Şoňa görä-de ýaş türkmen döwletiniň

[2]Gurbanguly Berdimuhamedow “Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr” 2007 Aşgabat, 14 s.

emele gelmeginiň we berkarar bolmagynyň gözbaşlarynda duran bu hukuk resminamalary milli türkmen döwletini döretmeklikde örän wajyp wezipeleri ýerine ýetirdiler. Şonuň bilen bir wagtda täze Galkynyş eýýamynda olaryň many-mazmunyny täzeden açmaklyk, olary seljerip hormatly Prezidentimiziň “Döwlet adam üçindir!” diỳen şygarynyň döwletimiziň mazmuny bilen berk baglanyşykda aňlamaklyk gerek boldy.

## Galkynyş eýýamynda milli döwletiň döwrebaplaşmagy

Täze Galkynyş eýýamynda döwletiň döwrebaplaşmagy, dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesiniň esasynda, ilki bilen sözüň hakyky manysynda döwlet häkimiýetiniň üç şaha bölünmegini we döwletde esasy wezipeleriň saýlawly amal edilmegi bilen bagly boldy. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy şony amal etmeklik üçin gerek bolan hukuk esaslaryny döretdi.

Döwletiň we hukugyň nazarýetinden belli bolşy ýaly, häkimiỳetleriň bölünmegi – döwlet dolandyryşyny guramagyň konstitusion ỳörelgesi bolup, onuň mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) ỳeke-täk çeşmesi halk bolan bir bütewi döwlet häkimiỳetiniň üç şaha – kanun çykaryjy, ỳerine ỳetiriji we kazyỳet häkimiỳetlerine bölünmegi;
b) häkimlik ygtyỳarlyklarynyň hem wezipeleriniň döwlet edaralarynyň derejeleriniň ulgamyna görä bölünmegi. Mysal üçin, döwlet häkimiỳet edaralarynyň derejesine görä, döwlet dolandyryş edaralarynyň derejesine görä, ỳerli häkimiỳet edaralarynyň derejesine görä hem-de ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň derejesine görä.

**Kanun çykaryjy häkimiỳet** – döwlet häkimiỳetiniň bir şahasy bolup, Türkmenistanda döwlet häkimiỳetiniň kanun çykaryjylyk ygtyỳarlyklary Türkmenistanyň Mejlisine degişlidir. Ýöne, çykarylan kanunlary soňra tassyklamak şerti bilen, Mejlis aýry-aýry meseleler boýunça kanun çykarmak hukugyny Türkmenistanyň Prezidentine hem berip bilýär.

Kanun çykaryjy häkimiỳetiň iň esasy hem iň möhüm wezipesi döwletiň kanunlaryny döretmek we olary kabul etmekdir. Ỳöne şol bir wagtda-da biziň döwletimiziň parlamenti bolan Türkmenistanyň Mejlisi öz ygtyỳarlyklarynyň çäklerinde ỳene-de birnäçe wezipeleri ỳerine ỳetirip bilỳär. Ol wezipeler döwlet häkimiỳetinde halkyň wekilçiligini durmuşa geçirmekden, döwleti iň ỳokary derejede dolandyrmaklyga (esasanam döwletiň içeri we daşary syỳasatyny döretmeklige, ony amala aşyrmaklyga, döwlet bỳujetini tassyklamaklyga we ş.m.), şeỳle hem beỳleki döwlet edaralaryny döretmäge we käbir ỳokary döwlet wezipelerine degişli şahslary bellemäge gatnaşmakdan hem-de parlament gözegçiligini amala aşyrmakdan, döwletiň ähli wekilçilikli edaralarynyň işini utgaşdyrmakdan we birleşdirmekden ybaratdyr.

**Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet**–döwlet häkimiỳetiniň bir şahasydyr. Türkmenistanda ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edỳär. Döwletde ỳerine ỳetiriş we serenjam beriş wezipelerini bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) amala aşyrỳar.

Ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň mazmuny diňe bir döwletde dolandyryşy amala aşyrỳan ỳörite edaralaryň barlygyndan ybarat däldir.

Ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň kanun çykaryjy häkimiỳet edaralary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň durmuşa geçirilmegini, olaryň talaplarynyň ỳerine ỳetirilmegini üpjün edỳänliginden hem onuň ady, ỳagny „ỳerine ỳetiriji häkimiỳet“ diỳen adalga gelip çykỳar. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet öz wezipelerini talabalaỳyk berjaỳ etmek üçin kanun çykaryjy häkimiỳet edarasy tarapyndan tassyklanan döwlet bỳujetiniň çäklerinde we kanuna laỳyklykda maddy (ulag, aragatnaşyk we beỳleki senagat kärhanalary) we maliỳe serişdelerine, şeỳle hem harby we harbylaşdyrylan bölümlere (polisiỳa bölümleri, ỳangyna garşy göreş bölümleri, milli howpsuzlyk bölümleri we ş. m.) ygtyỳar edỳär hem-de olardan peỳdalanỳar.

Ỳerine ỳetiriji häkimiỳetiň iň esasy alamaty hem onuň diňe bir ỳerine ỳetirijilik ygtyỳarlyklarynyň däl-de, eỳsem serenjam beriş ygtyỳarlyklarynyň hem barlygyndadyr. Serenjam beriş ygtyỳarlyklary diỳlende, esasan belli bir derejede hukuk ulanyş we kadalaşdyryş-sazlaşdyryjy ygtyỳarlyklar göz öňünde tutulỳar. Ỳerine ỳetiriji häkimiỳet serenjam beriş ygtyỳarlyklarynyň çäginde kanunlaryň ulanylmagyny we hereket etmegini üpjün etmek maksady bilen kanunalaỳyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge haklydyr.

**Kazyỳet häkimiỳeti** – döwlet häkimiỳetiniň bir şahasy bolup, onuň esasy tapawutly aỳratynlygy, Türkmenistanyň Konstitusiỳasyna we 2009-njy ỳylyň 15-nji awgustynda kabul edilen, „Kazyỳet hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna laỳyklykda diňe Türkmenistanyň kazyỳet ulgamynyň düzümine girỳän döwlet kazyỳetleri tarapyndan amala aşyrylyp bilỳänligindedir. Kazyỳet häkimiỳeti kazyỳet edaralarynyň ulgamyny, kazylaryň hukuk ỳagdaỳyny, adyl kazyỳetligiň ỳörelgelerini, kazyỳet önümçiliginiň görnüşlerini özünde jemleỳär.

Döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň hem öz işlerini özbaşdak amala aşyrýandyklary hakynda hukuk kadasy döwlet häkimiỳetiniň şahalarynyň biri-biriniň işine goşulmazlygyny, biri-biriniň ygtyỳarlyklaryny eỳelemezliklerini aňladỳar. Şol bir wagtda-da döwlet işiniň netijeli hem talabalaỳyk bolmagyny üpjün etmek maksady bilen Konstitusiỳada häkimiỳet şahalarynyň biri-biri bilen sabyr-takatly we utgaşykly işleỳändikleri hakynda hukuk kadasy berkidilỳär.

Häkimiỳet şahalarynyň işini baş utgaşdyryjy hökmünde bolsa Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edỳär. Sebäbi Esasy Kanunyň 51-nji maddasyna laỳyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň baştutany hem-de iň ỳokary wezipeli adamy bolmak bilen Konstitusiỳanyň berjaỳ edilmeginiň hem kepilidir. Türkmenistanyň Prezidenti ỳurt hem döwlet bütewiligini, häkimiỳet şahalarynyň bir ugra gönükdirilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda hereket etmeklerini üpjün edỳär. Bu wezipelerini maksadalaỳyk amala aşyrmak üçinem Türkmenistanyň Prezidentiniň häkimiỳet şahalarynyň üçüsine hem täsir etmeklige mümkinçilik berỳän anyk we kesgitli ygtyỳarlyklary bardyr.

Belli bolşy ýaly, demokratik döwlet hökmünde döwletde Türkmenistanda döwletiň esasy wezipeleri saỳlawlydyr we döwlet ähmiýetli wajyp işleriň ählisi halk bilen maslahatlaşyp amala aşyrylýar. Şonuň bilen baglylykda-da, halk häkimiýetliligine mahsus bolan alamatlaryň ählisi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda öz beýanyny tapýar.

Elbetde saýlawlar bilen demokratiýa bir zat bolmasa-da, demokratiýa ýörelgeleri esasynda guralan saýlawlar halk häkimiýetliliginiň möhüm aňlatmasy hem-de esasy düzüm bölegidir.

Mälim bolşy ýaly, dünýäde saýlaw ulgamlarynyň, mažoritar (majorite-köpçülik diýen fransuz sözünden gelip çykýar) saýlaw ulgamy, proporsional (proportionalis-deňagramly diýen latyn sözünden gelip çykýar) wekilçilikli saýlaw ulgamy hem-de gatyşyk saýlaw ulgamy ýaly birnäçe görnüşleri bardyr. Ol ulgamlar hem öz gezeginde birnäçe görnüşlere bölünýärler. Türkmenistanyň saýlaw ulgamy bolsa Otnositel köpçüligiň mažoritar ulgamydyr. Onuň mazmunyna laýyklykda, Türkmenistanyň bütin çägi saýlaw hukukly raýatlaryň sanyna laýyklykda, bir mandatly we her dalaşgär üçin aýratyn ses berilýän saýlaw okruglaryna bölünýär. Beýleki dalaşgärlere garanyňda saýlawçylaryň has köp sesleri bilen ykrar edilen dalaşgär degişli döwlet wezipesine ýa-da döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edarasyna saýlanan diýlip ykrar edilýär.

Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygy bolsa, öz gözbaşyny, Halkara Ylalaşyklarynda berkidilýän umumy ykrar edilen saýlawlaryň demokratik ýörelgelerinden hem-de Esasy Kanunymyzyň 31-32-nji maddalaryndan we 89-98-nji maddalaryny öz içine alýan V bölüminden alyp gaýdýar. Şonuň bilen birlikde-de, milli kanunçylygymyzyň bu pudagy esasan, 2006-njy ýylyň 26-njy dekabrynda kabul edilen, „Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary hakynda“, 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda kabul edilen, „Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakynda“, 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen, „Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda“, „Etrap halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda“, „Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda“ Türkmenistanyň kanunlaryndan ybaratdyr. Şonuň ýaly-da, milli saýlaw kanunçylygyna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalar hökmünde, 1999-njy ýylyň 30-njy aprelinde kabul edilen, „Türkmenistanyň saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar hakynda“, 1999-njy ýylyň 22-nji aprelinde kabul edilen, „Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri hakynda“, 2003-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda kabul edilen, „Türkmenistanyň Mejlisi hakynda“, 2007-nji ýylyň 28-nji iýunynda kabul edilen, „Türkmenistanyň Prezidenti hakynda“, Türkmenistanyň kanunlaryny, şeýle hem 1993-nji ýylyň 13-nji aprelinde kabul edilen, „Referendum hakynda“, 1995-nji ýylyň 16-njy martynda kabul edilen, „Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatynyň statusy hakynda“ Türkmenistanyň kanunlaryny görkezmek bolar.

Konstitusiýamyzyň 31-nji maddasynda, Türkmenistanyň her bir raýatynyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy, 32-nji maddasynda bolsa, raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga hukugy berkidilýär. Hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, bu hukuklar adamyň we raýatyň esasy hukuklaryna hem azatlyklaryna degişli bolup, saýlaw hukugynyň mazmunyny emele getirýärler. Saýlaw hukugy, raýatlaryň syýasy hukuklarynyň iň esasylarynyň biridir we ol raýatlaryň döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukugynyň mazmunyny umumy görnüşde beýan edýär. Döwletiň işlerini dolandyrmak diýen düşünje, döwletiň ähli edaralarynyň, şol sanda döwlet

häkimiỳet, dolandyryş we kazyỳet edaralarynyň işini öz içine alỳar. Görkezilen hukuk adamyň raỳatlygy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi mälim bolşy ỳaly, raỳatlyk ikitarapyň-da borçlarynyň hem hukuklarynyň bolmagyny göz öňünde tutỳan, adamyň we döwletiň arasyndaky durnukly hukuk arabaglanyşygydyr. Döwlet bolsa öz raỳatlarynyň döwletiň işlerini dolandyrmaklyga gatnaşmaga bolan hukuklaryny ykrar etmek bilen, olardan öz kabul eden kadalaşdyryjy hukuk namalaryny gyşarnyksyz berjaỳ etmegi talap etmäge hukuk gazanỳar.

Türkmenistanda raỳatlaryň saỳlaw hukuklarynyň doly we gyşarnyksyz amala aşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen döwlet tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna saýlaw hukuklarynyň kepillikleri berilỳär.

Raỳatlaryň saỳlaw hukuklarynyň kepillikleri – bu, raýatlaryň saýlamak we saýlanmak, şeýle hem saýlaw hereketlerine we tertiplerine gatnaşmak hukuklarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, hereket edỳän kanunçylykda bellenilen guramaçylyk, hukuk we gaýry çärelerdir.

Kanunçylyk kepillikleri – bu, Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we saýlaw işine gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän hem-de Türkmenistanda saýlawlary guramak, taýýarlyk görmek we geçirmek baradaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän gaỳry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilmegidir we kepillendirilmegidir.

Hukuk kepillikleri – bu, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň, saýlawly edaralara saỳlamaga we saỳlanmaga, dalaşgärleriň kazyýet goragyny, şahsy eldegrilmesizligini goşmak bilen raýatlaryň erkini, olaryň saýlaw hukuklarynyň goragyny üpjün etmek boýunça Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen çärelerdir, şeýle hem raýatlaryň saýlawlara netijeli gatnaşmagy üçin şertleri döretmäge gönükdirilen gaýry kadalardyr.

Ykdysady kepillikler – bu, döwlet saýlawlaryna taýýarlyk görmek we geçirmek bilen baglanyşykly çykdajylarynyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmak arkaly raýatlaryň saýlawlara gatnaşmagy üçin deň ykdysady we maliýe mümkinçilikleriň berilmegidir. Şonuň bilen birlikde-de, saýlaw işe gatnaşyjylara kanunçylykda bellenilen esaslarda we tertipde olaryň öz hukuklaryny hem ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagy bilen baglanyşykly ýeňillikleriň we çykdajylaryň öwezini dolmagyň kepillendirilmegidir.

Guramaçylyk kepillikleri – bu, saýlaw bölüklerini (okruglaryny) we ülüşlerini döretmek, saýlaw toparlaryny kemala getirmek we olaryň işini üpjün etmek, saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek, saýlawly edaralara dalaşgärleri görkezmek we bellige almak, saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz-nesihaty geçirmek, ses bermegi guramak we onuň jemlerini jemlemek boýunça döwlet, jemgyýetçilik we beýleki edaralar tarapyndan amala aşyrylýan çärelerden, şeýle hem saýlawlary guramak bilen baglanyşykly gaýry hereketlerden ybaratdyr.

Maglumat we habar beriş kepillikleri – bu, saýlaw işiniň aýanlyk we raýatlaryň giňden habarly edilmegi esasynda amala aşyrylmagydyr. Şonuň ỳaly-da Türkmenistanyň raýatlaryna saýlawlara taýýarlyk görmegiň we geçirmegiň meseleleri boýunça habar almak we ýaýratmak hukugynyň kepillendirilmegidir. Bu maksat bilen saýlaw toparlary, döwlet we jemgyýetçilik edaralary, raýatlar

metbugaty, telewideniýäni, radiony we habary ýetirmegiň beýleki umumy elýeter usullaryny peýdalanmak hukugyna eýedirler.

Halkara kadalaryny berjaý etmek babatdaky kepillikler – bu, Türkmenistan tarapyndan, BMG-niň Düzgünnamasynda, Ýewropa Howpsuzlyk-Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki umumy ykrar edilen halkara guramalarynyň esaslandyryjy resminamalarynda berkidilen ýörelgelere we kadalara pugta eýerip, saýlawlar guralanda we geçirilende özüniň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamalarynyň, konwensiýalarynyň, ylalaşyklarynyň düzgünlerine goldanylmagydyr we olaryň berjaý edilmeginiň üpjün edilmegidir.

## Türkmen döwletiniň milleti döredijilik işi.

Garaşsyzlyk ỳyllarynda jemgyỳetçilik ỳaşaỳşymyzyň we döwletimiziň işiniň ähli ugurlary boỳunça toplanan ägirt uly potensialy halkymyzyň abadançylygynyň hem-de döwletimiziň yzygiderli gülläp ösmeginiň hatyrasyna netijeli peỳdalanmak hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirỳän ähli özgertmeleriniň, şol sanda tutuş döwlet gurluşymyzy kämilleşdirmegiň hem baş maksady bolup durỳar. Milli döwletlilik binýatlaryny kämilleşdirip berkitmegiň zerurlygy döwletimiziň barha tizleşỳän depginlerde ösỳän ykdysadyỳetiniň, gün-günden işjeňleşỳän we bütin dünỳäde has giň meşhurlyga eỳe bolỳan daşary syỳasatynyň, dünỳäniň ençeme halklary bilen hemme taraplaỳyn peỳdaly hyzmatdaşlyga giren medeniỳetimiziň zerurlyklaryndan hem-de Beỳik özgertmeler zamanasynyň gaỳragoỳulmasyz talaplaryndan gelip çykỳar. Täze Galkynyş eýýamynda bu ýerde ýüze çykan meselelere ünsi çekip Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly düýpli makalasynda: “...halkyň ruhy basganlarynda ähli zatdan ýokarda durýan gymmatlyklary döredýän halk üçin niýetlenen döwlet dolandyryş ulgamyny mümkin bolan derejede netijeli sazlamak wezipesi durdy“ 1 diýip belleýär.

1 Berrdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A.. 2010, 8 s.

Şeýle sazlaşygyň ýüze çykmaklygy üçin gerek bolan hukuk esaslary, ýokarda görkezilşi ýaly, Türkmenistanyň Easy Kanunynyň täze redaksiýasynda aýdyň beýan edildi. Bu ýerde jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy görkezildi. Adamy beýgeltmeklik bolsa milletiň döredijilik ukyplaryny açmaklyga gönükdirilýär.

Şu gönükmäniň netijeli bolmaklygy üçin döwlet häkimiỳet edaralarynyň ulgamyny kämilleşdirmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Täze Galkynyş eýýamynda jemgyỳetdäki syỳasy, ykdysady, medeni we gaỳry gatnaşyklaryň güỳçli depginler bilen çalt we yzygiderli ösýänligi sebäpli döwlet edaralarynyň şol gatnaşyklary dolandyryp, olary adamyň, jemgyỳetiň we döwletiň utgaşdyrylan bähbitlerini gazanmaklyga gönükdirmegiň möhümligi gelip çykỳar.

Şolary sazlaşdyrmak esasynda milli döwlet ýurduň maddy baýlyklaryny millete siňdirýär we onuň ruhy gazananlaryny rejeleýär. Ol milletiň öz durumuşyny içki taýdan gurnamagyň taryhy usuly bolup çykyş edýär. Hut milli döwletde milletiň ýaşaýyş ukyplary bir ýere jemlenýär. Şu işi amal etmeklikde

döwlet ideologiýasy aýratyn orna eýe bolýar. Türkmen milleti täze Galkynyş eýýamyna girişende Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şu gerekliligi göz öňünde tutup: „Biz...ösüşiň ýokary depginlerine götermek üçin beýik Galkynyş eýýamyny yglan etdik. Bu täze eýýam bizden durmuşyň ähli ugurlarynda çuň we giň özgertmeleri amala aşyrmagy talap edýär. Bu işleri amala aşyrmak üçin bolsa, bize döwrüň ruhyna laýyk gelýän, täze ýörelgelere esaslanýan döwlet ideologiýasy gerek“ 1 diýip belleýär.

Täze ideologiýa täze döwürde milleti birleşdiriji, milleti ruhlandyryjy, milli aňy dörediji paýhas bolup çykyş etmeli. Bu wezipäni amal etmeklik üçin ideologiýanyň esasy ýörelgeleri adamlaryň ýüreklerine, göwünlerine we akyllaryna täsir edip, olary bir bitewilige öwürmäge esas bolup hyzmat etmeli. Şeýle täsirliligi biz ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren „Döwlet adam üçindir!“ diýen şygarynda görýäris. Bu şygar özünde jemgyýetçilik ösüşine adam şahsyýetini çekmek, onuň döredijilik ukyplaryny açmak baradaky pikiri jemläp, adamlary bir umumylyga birleşdiriji paýhas hökmünde çykyş edýär. Hakykatdan hem bu çagyryş jemgyýetçilik ösüşi babatda häzirki zaman ideýasyny, bu işe adam şahsyýetini çekmek baradaky pikiri özünde jemleýär. Şolar hem täze Galkynyş eýýamynda milleti öňe alyp gidýärler.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýerde bar bolan meselä ünsi çekip: „Eger biziň ýurdumyzyň ynamly öňe gitmeginiň esasy syry gözlense, ony täze hakyky ýagdaýlaryň we halkyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlarynyň galtaşýan ýerinden, hususan-da, olaryň döwletiň syýasy we ykdysady hasaplamalarynyň birleşýän ýerinden tapmak mümkindir“ 2 diýip belleýär. Diýmek, milleti öňe alyp gidiji güýç döwrüň talaplarynyň we türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklarynyň sazlaşmagy esasynda döreýär. Şeýle sazlaşyga esas döretmeklik üçin biz ilki bilen halkyň asyl gymmatlyklaryny jemgyýete gaýtaryp getirmeli bolduk.

Bu iş Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda amal edilip başlandy. Ol ýyllar

1 Gurbanguly Berdimuhamedow Ösüşiň täze belentliklerine tarap. T. 2, 37 s.

2 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A.. 2010, 7 s.

türkmen milletiniň durmuşynda bolup geçen özgerişler barada biz ýokarda durup geçipdik. Şol döwürde türkmen halky öz garaşsyz döwletini gurup, ilki bilen ata-babalaryndan galan medeni mirasy gaýtadan özleşdirip başlady. Türkmeniň dili, dini, däp-dessurlary täzeden dikeldildi. Milletiň pikirleniş örüsi giňäp, onuň dili baýlaşýar. Öz bitewi gymmatlyklary arkaly türkmen milleti täzeden berkäp, onuň döredijilik ukyby täzeden artyp başlady. Täze gymmatlyklary döretmek bolsa türkmen milletiniň mundan beýläk hem millet hökmünde ýaşamaklygynyň esasy şerti bolup çykyş edýär.

Öz taryhyny gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen halkyna ähli döwürlerde öz durmuş-medeni nusgasyny döretmeklik häsiýetli bolandyr. Täze Galkynyş eýýamynda türkmeniň asyl gymmatlyklary, däp-dessurlary esasynda milletiň medeniýet döredijilik ukybynyň artmaklygy aýratyn ähmiýete eýe boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu işiň wajyplygyna we aýratynlygyna ünsi çekip: „Galkynyşyň tejribesi şol däp-dessurlary gönüden-göni

täze döwre geçirmeli däl-de, olaryň dikeldilmegi üçin bütinleý täze şertleri öz ykdysady nusgamyzy onuň ähli tebigy-geografik we durmuş-psihologik taraplary bilen bileleikde emele getirmek arkaly döretmegi talap edýärdi“ 1 diýip belleýär. Görşümiz ýaly, biziň döwrümizde ýurtda geçýän özgerişler köptaraply we özara baglanşykly prosesleri öz içine alýar. Özi hem biziň täze taryhymyzda şu özgerişleriň kesgitleýji ugry bolup umumyadamzat ösüşiniň ugry çykyş edýär.

Bu ýerde eger adamzat taryhyny ugrukdyrýan ok bar bolsa, onda türkmen taryhynyň hem şoňa goşulyşandygyny aýtsa bolar. „Şu oky, nemes filosofy K. Ýaspersiň aýtmagyna görä, adamyň hakyky adam bolmaklygyna mümkinçilik döredýän şertleriň kemala gelýän ýerinde gözlemeli...“2. Şu gün hem öz manysyny saklaýan şu hili adamyň ýüze çykýan wagtyny K. Ýaspers „oklaýyn wagt“ diýip atlandyrýar.

Türkmenistanyň şertlerine şu hili „oklaýyn wagty“ häsiýetlendiräýmekligiň ýeňil däldigi düşnükli bolsa gerek. Ýöne şu günki türkmen ýurdunda geçýän özgerişleriň adamzadyň ösüş prosesine doly gabat gelýändigini welin bellese bolar. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen milleti milli we umumyadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyrmaklyk esasynda öz ösüş ýoluny gözleýär. Şonda milletikň paýhasy ösen ýurtlaryň ösüş tejribesi bilen baýlaşdyrylýar, milletiň akyl ýaşaýşynda täze gözýetimler açylýar, milletiň pikir we duýgy dünýäsi giňelýär. Şonuň esasynda hem milletiň gymmatlyklarynyň täze ulgamy döreýär. Ykdysadyýetde hem, syýasatda hem, medeniýetde hem täze gymmatlyklaryň döreýänliginiň biz şaýady bolýarys. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly ylmy makalasy ýurtda geçýän özgerişleriň taglymat esasy bolup çykyş edýär. Bu taglymat ata-babalarymyzyň ýörän ýollaryndan gidip, öz döwrümiziň talaplary esasynda täze düýünjeleri, täze gymmatlyklary işläp düzmeklik üçin ylmy ýörelge bolýar. Bu hem türkmeniň mundan beýläk hem millet hökmünde dowamat boljakdygynyň kepili bolýar.

**„Biz ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy baradaky ýörelgäni yglan edip, önümçiligi ösdürmegiň esasy serişdelerini adam faktoryndan we adamlaryň döwletiň ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmeklikde umumy mümkinçiliklerinden gözledik“ 1.**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow.**

# V bölüm. Türkmenistanyň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary. Türkmenistanda jemgyýetiň sosial düzümi.

## Birinji bap. Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekligiň täze modeli.

### §1.Sosial maksatlara nazarlandyrylan bazar ykdysadyýeti barada düşünje. Yurduň ykdysadyýetini bazar gatnaşyklaryna geçirmekligiň türkmen modeliniň häsiýetli aýratynlyklary we bazar özgertmeleriniň esasy ugurlary.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynyň içinde Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüş babatynda biz ýokarda durup geçipdik. Täze Galkynyş eýýamyna gadam basylanda ägirt uly möçberli öňegidişlikler gazanyldy, durmuş ugurlara nazarlandyrylan bazar ulgamynyň milli nusgasy döredildi we kemala getirildi. Geçiş döwrüniň kynçylyklary aradan aýryldy, ýurdumyzda syýasy durnuklylyk saklanyldy, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ýokary depginli ösüşler gazanyldy. Munuň netijesinde, ýurduň ilatynyň durmuş derejeleri düýpli ýokarlandyryldy.

Durmuş maksatlaryna nazarlandyrylan bazar ykdysadyýeti döwletiň durmuş maksatly meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklaryna geçmek ilata berk sosial goragy üpjün etmek şertinde alnyp barylýar. “Biziň esasy wezipelerimiziň biri, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, ýurdumyzda ýaşaýyş-durmuş maksatly, garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetini döretmekden ybaratdyr” 2.

Bazar ykdysadyýetiniň sosial ugra nazarlandyrylan derejesi kesgitlenende ýurduň jemi içerki önüminiň sarp edişe we maýa toplamaklyga gönükdirilişiniň gatnaşygy esasy jemleýji görkezijileriň hataryna girýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jemi içerki önümiň

1 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A.. 2010, 13 s.

2 Seret: Türkmenistan gazýeti, 2010-njy ýylyň 15-nji maýy.

esasy böleginiň sarp edişe gönükdirilmegi babatynda yzygiderli alada edýär. Munuň netijesinde zähmetkeşleriň zähmet haklary, pensionerleriň pensiýalary, talyp haklary, döwlet kömek pullary yzygiderli ýokarlandyrylýar. Edara kärhanalar, sosial pudaklar sarp ediş maksatly harytlar bilen ýeterlik derejede üpjün edilýärler.

Hormatly Prezidentimiz ýurduň ykdysadyýetini ösen döwletleriň düzümine goşmagy baş maksat edip goýýar. Munuň üçin, Türkmenistanyň ykdysadyýetini mundan beýläk-de ýokary depginlerde ösdürmek, ykdysady ösüşi sosial meseleleriň çözgüdine gönükdirmek babatynda düýpli işleri geçirmek talap edilýär.

Şol wajyp wezipeleriň hataryna hormatly Prezidentimiziň ýurduň täze Galkynyş we özgertmeler zamanasynyň ykdysady ösüşiniň modelini we strategiýasyny işläp düzmek meselesini goşýandygy has-da möhüm ähmiýete eýedir. Sebäbi bu meseleler Türkmenistanyň geljekki onýyllyklarda ykdysady ösüşiniň maksatlaryny, ýörelgelerini, ugurlaryny we özgertmelerini özünde jemlemek bilen, onuň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş derejesiniň düýpli ýokarlanmagyny üpjün eder.

Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň başynda Parižde geçirilen türkmen-fransuz biznes-forumynda Türkmenistanyň bazar ykdysadyýeti boýunça dünýäde toplanan iň oňat tejribäni özünde jemleýän özbaşdak milli model döredendigini belläp geçip, özüniň şol ýylyň maý aýynyň başynda çap edilen “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” atly maksatnamalaýyn makalasynda ony doly açyp görkezýär. Eýsem, şol modeliň aýratynlyklaryny nähili häsiýetlendirse bolar?

Häzirki, täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda, Türkmenistanyň **durmuş-ykdysady ösüş modeli** şu häsiýetli aýratynlyklary özünde jemleýär:

- syýasy durnuklylygy, howpsuzlygy, durmuş taýdan adalatlylygy we jemgyýetçilik tertibiniň goraglylygyny üpjün edýän netijeli döwlet häkimiýeti;
- dürli eýeçilik görnüşleriniň deňligi, olaryň esasynda hojalygy netijeli ýöretmeklik ýörelgesiniň goýlanlygy;
- dünýä hojalygynyň arabaglanyşyklarynyň globallaşýan şertlerinde, ýurduň daşary ykdysady syýasatynyň köpugurlylygy;
- Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlary bilen utgaşykly arabaglanyşyklaryň, ilkinji nobatda-da, ykdysady gatnaşyklaryň çuň we iki tarapa bähbitli esasda ýola goýulmagy;
- döwletiň ýokary netijeli durmuş syýasaty, saglygy goramaklyga, bilime, ylma, adamynyň hünär we medeni ösüşine, şeýle hem ilatyň durmuş goldawyna uly möçberlerde maýa goýumlaryň gönükdirilmegi.

Türkmenistanyň durmuş ugurlaryna nazarlandyrylan bazar ykdysadyýetiniň nusgasy, gutarnykly görnüşinde kemala gelen we düýpli häsiýetleri özünde

jemleýän ykdysadyýetdyr. Gatyşyk eýeçilik görnüşlerine daýanyp ösmek, kämil telekeçiligiň we bazar infrastrukturasynyň ösen gatnaşyklaryny özünde jemlemek, döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak arkaly amala aşyrmak ýokary zähmet öndürijiligini gazanmaklyga şertler döretmek, bu ykdysadyýetiň düýpli häsiýetli aýratynlyklarydyr. Bu nusga jemgyýetiň arassa zähmet bilen meşgullanýan agzalaryna ýokary derejeli maddy hal-ýagdaýy, zähmete ukypsyzlara, gartaşan adamlara we maýyplara mynasyp durmuş üpjünçiligi ygtybarly kepillendirýär, raýatlaryň hukuklaryny we azatlygyny konstitusion esasda kepillendirmek ýörelgelerine esaslanýar, telekeçilik we ynsaply bäsleşik erkinligini döredýär, hünär we iş ýerini saýlap almaklygy, eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňligini, olaryň goragyny hem-de şahsy adamlaryň we jemgyýetiň bähbitlerine hyzmat etmegini üpjün edýär.

Türkmenistanyň ykdysady nusgasy, onuň ykdysadyýetiniň açyk ulgam bolýanlygy sebäpli özgermäge we kämilleşmäge ukyply bolýar. Onuň mundan beýläk-de kämilleşdirmek we ösdürmek üçin şu wezipeleri amala aşyrmak zerurlygy ýüze çykýar:

• ýokary depginli ykdysady ösüşi üpjün etmek. Jemi içerki önümiň düzümini kämilleşdirmek;

• ykdysadyýeti, ilkinji nobatda senagat önümçiligini diwersifikasiýalaşdyrmak, ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, ekologiki taýdan arassa gaýtadan işleýän senagat pudaklarynyň ykdysady ösüşe goşandyny artdyrmak;

• milli innowasiýa ulgamyny döretmäge ukyply derejelerde ylmy we bilimi ileri tutup ösdürmegiň netijesinde ykdysadyýetde tehnologiýa taýdan okgunly ösüşi üpjün etmek;

• gaýtadan işleýän senagatda zähmet öndürijiligini we esasy serişdeleriň önüm berijiligini düýpli ýokarlandyrmak;

• telekeçiligi ösdürmek üçin zerur bolan şertleri döretmek, bazar we jemgyýetçilik institutlarynyň düzümini we mazmunyny ykdysadyýetiň hususy bölegini ösdürmeklige gönükdirmek;

• ylmy köp talap edýän we ösen tehnologiýalar bilen üpjün edilen, eksport önümlerini öndürmäge gönükdirilen önümçilikleri döretmeklige höweslendirmek;

• ýurduň eksport kuwwatyny ýokary derejede goşulan gymmat getirýän harytlaryň we hyzmatlaryň hasabyna diwersifikasiýalaşdyrmak;

• önümleriň hilini halkara standartlaryna laýyk getirmek;

• durmuş taýdan möhüm pudaklarda bar bolan iş ýerlerini saklamagyň, täze iş ýerlerini, şol sanda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginde iş ýerlerini döretmek arkaly, ilatyň iş bilen üpjünçiligini oňyn derejelerde saklamak, işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak ulgamyny döretmek;

• ilatyň pul girdejileriniň ýokary depginde artmagyny gazanmak, zähmet hakyny yzygiderli ýokarlandyrmak;

• saglygy goraýşy, bilimi, ylmy, medeniýeti ileri tutulyp ösdürilýän pudaklaryň hataryna goşmak, ilatyň ýokary öndürijilikli, döredijilikli zähmet çekmegini, önümçilik medeniýetini ýokarlandyrmagyny gazanmak;

• pensiýa üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak, döwlet kömek pullarynyň salgylaýyn häsiýetini berkitmek, ýeňillikler ulgamyny kämilleşdirmek, durmuş üpjünçiliginiň hyzmatlaryny gowulandyrmak;

• demografiki ýagdaýy gowulandyrmak, ilatly ýerleriň, ilkinji nobatda-da oba ýerleriniň, ownuk we orta möçberli şäherleriň durmuş taýdan durnukly ösüşini üpjün etmek;

• ykdysady ösüşiň tebigaty goraýan, serişdeleri tygşytlaýan, innowasiýalary özünde jemleýän ugurlaryna geçmek;

• ykdysadyýet bilen ekologiýanyň arabaglanyşygyny güýçlendirmek, ekologiýa taýdan nazarlandyrylan ykdysady ulgamlary döretmek.

2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguzda geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynda garalyp, ýurt Ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilen Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda ýokarda görkezilen wezipeler göz öňünde tutulýar.

## §2. Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlylygyny diwersifikasiýalaşdyrmak

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn düzümini döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak babatynda uly işleri amala aşyrýar. Ykdysadyýeti ösen döwletde tehniki we tehnologiki taýdan döwrebap enjamlaşdyrylan, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply dürli görnüşli önümleri öndürýän, ýurduň içerki bazarlarynda importyň ornuny tutmaga, ýagny import önümlerine bäsdeşlik etmäge

ukyply önümleri öndürýän önümçilik kärhanalarynyň toplumy bolmalydyr. Şunuň bilen baglylykda hormatly Prezidentimiz täze önümçilikleri döretmeklige aýratyn üns berýär.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak babatynda alyp barýan syýasatynda ýurdumyzda bar bolan tebigy resurslary rejeli we tygşytly ulanmaklygyň esasynda täze döwrebap önümçilikleri döretmek, hereket edýän kärhanalaryň düýpli durkuny täzelemek maksatlaryndan ugur alynýar. Bu jähtden ileri tutulýan ugurlaryň hataryna himiýa we nebitgaz himiýasy, gurluşyk materiallarynyň senagatyny, agrosenagat toplumynyň gaýtadan işleýji senagat pudaklaryny ýokary depginler bilen ösdürmek maksat edilip goýulýar. Geljek döwürlerde ylmy köp talap edýän, sarp ediş elektrik hojalyk harytlaryny öndürýän, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny özünde jemleýän önümçilikleri giň gerimlerde döretmeklik göz öňünde tutulýar. Bu işleriň netijesinde ýurdumyzyň eksport edýän önümleriniň görnüşleri düýpli artar, harytlaryň importynyň düzümi bolsa kämilleşer.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda ýokary depginler bilen ösýän ykdysady ulgam döredildi. Şol bir wagtyň özünde, ýurduň ykdysadyýeti, ilkinji nobatda gazyp çykarýan pudaklara daýanyp ösýärdi.

Täze galkynyş eýamynyň ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, uly möçberli nebit-gaz taslamalaryny işläp düzmek bilen bir hatarda, ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmaga, ýagny onuň düzüminde ýokary hilli harytlary öndürýän gaýtadan işleýän senagat pudaklarynyň ösdürilmegine hem aýratyn üns berýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda düýbi tutulan we häzirki wagtda kämile gelen, senagat kärhanalaryna milli senagatymyzyň guwanjy bolan döwrebap dokma toplumy, Ahal welaýatynda gurulan we ýokary hilli önümleri çykarýan plastmas turbalar zawody, mermer we granit önümlerini çykarýan zawody, pombarhat fabrigi we metalurgiýa zawody, Tejeniň karbamid zawody degişlidir. Bu senagat kärhanalary ýurduň ykdysadyýetini dürli ugurlar bilen ösdürmek babatynda geljekki kuwwatlyklaryň başlangyjydyr.

Geljekde Türkmenistanda, nebit-gaz pudagyndan başga, ileri tutulyp ösdürilmeli ugurlaryň hataryna syýahatçylyk, ulag we aragatnaşyk, dokma, agrosenagat toplumy, himiýa we nebit-gaz himiýasy, gurluşyk we gurluşyk materiallary senagaty, geliotehniki serişdeleri öndürmek degişli edilendir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara syýahatçylygy ösdürmek babatynda alyp barýan işleri ýurduň ykdysadyýetiniň

diwersifikasiýalaşmagyna güýçli itergi berer. Syýahatçylygyň ösmeginiň netijesinde ýurdumyzyň günbatarynda ençeme önümçilik, hyzmat we sosial pudaklar ýokary depginler bilen ösdüriler.

Ulag we aragatnaşyk ulgamy hem Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşmagynda wajyp netije berjek ugurdyr. Halkara ähmiýetli demir we gara ýollaryň gurulmagy ýurduň sebitlerini gyradeň ösdürmäge, olaryň tebigy baýlyklaryny rejeli we ýokary netijeli peýdalanmaga mümkinçilik döreder.

Türkmenistanda häzirki döwürde ösen dokma toplumy hereket edýär. Şeýle-de bolsa, geljekde pagtaçylyga gönükdirilen her etrapda dokma toplumy kärhanasyny gurmak wajyp wezipeleriň hatarynda goýulýar. Ýurduň tebigy şertleri we uly möçberli ýer-suw resurslary oba hojalygyny ösdürmäge we munuň netijesinde, ýokary hilli oba hojalyk önümlerini öndürmäge, olary döwrebap enjamlaşdyrylan kärhanalarda gaýtadan işlemäge we dünýä bazarlaryna çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, agrosenagat toplumy diňe ýurduň içerki bazarlaryny azyk harytlary bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, ýurduň eksport potensialyna hem uly goşant goşýan önümçilik-ykdysady ulgama öwrüler.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmekde gurluşygy we gurluşyk materiallary senagatyny düýpgöter ösdürmek wajyp ähmiýete eýedir. Häzirki döwürde Türkmenistanda düýpli gurluşyk giň gerimler bilen alnyp baryldy. Şu nukdaýnazardan, ýurtda dünýä standartlaryna laýyk gelýän gurluşyk materiallary senagatynyň kärhanalaryny döretmek we ýokary hilli düýpli gurluşygy ýola goýmak göz öňünde tutulýar. Türkmenistanda giň möçberli maksatnamalaryň we meýilnamalaryň amala aşyrylmagy, gurluşyk klasterleriň döremeklerine uly mümkinçilikler açýar.

Ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmagyň beýleki bir ugry himiýa we nebitgaz himiýasy ulgamlaryny ösdürmek bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistan bu ugurda önümçilikleri giň gerimde gurnamak we olarda öndürilen önümleri daşary ýurtlara eksport etmek üçin zerur bolan mineral-çig mal we uglewodorod serişdelerine baý ýurtlaryň hataryna girýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko 2009-njy ýylyň 19-njy iýunynda Lebap welaýatynyň gadymy we bereketli topragynda kuwwatlygy ýylda 1 million 400 müň tonna deň boljak kaliý dökünlerini öndürýän dag-magdan baýlaşdyryjy toplumyň dabaraly düýbüni tutdular.

Ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagynda kiçi we orta telekeçiligiň işjeň gatnaşmagy we olaryň şu ugurdaky mümkinçiliklerini ullanmaklyk zerurdyr.

Bu ugur Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna degişlidir.

## §2.1 Eksportyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy

Türkmenistan garaşsyzlykdan öňki sowet döwründe-de önümleri ýurduň daşyna uly möçberlerde çykarýan respublikalaryň hataryna girýärdi. Ýurduň daşyna tebigy gaz, nebit, pagta süýümi, gök önümler, bakja, garaköli bagana we ençeme beýleki önümler arzan bahalar bilen çykarylýardy. Ýurduň daşyndan, gymmat bahalar bilen, azyk we ilatyň sarp edýän azyk däl harytlary getirilýärdi. Ýöne bu ýerdäki gatnaşyklary daşary söwda gatnaşyklary hökmünde häsiýetlendirip bolmaýar. Sebäbi jemgyýetiň syýasy ulgamynda boluşy kimin, onuň ykdysady ulgamynda hem özytyýarlyk ýokdy.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň özbaşdak daşary ykdysady syýasaty döredildi we ösdürildi. Häzirki döwürde Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň özbaşdak daşary ykdysady syýasaty döredildi we ösdürildi.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaa ýurdumyzyň eksportynyň, ilkinji nobatda hem uglewodorod serişdeleriniň iberilýän ugurlaryny köpeltmek boýunça, mineral dökünlerini öndürýän, gazy gaýtadan işleýän, gurluşyk materiallaryny, ozaly bilen hem sement öndürýän, elektrik energiýasyny işläp çykarýan we ençeme beýleki uly kärhanalaryň we önümçilik obýektleriniň onlarçasyny gurmak boýunça uly işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň eksportynyň esasy häsiýetli aýratynlygy onuň möçberiniň tebigy gazyň daşary ýurtlara çykarylyşy bilen jebis arabaglanyşyklylygy bolup durýar. Tebigy gazyň eksport önümleriniň umumy möçberindäki paýy 50%-den hem geçýär.

2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenistanyň taryhynda täze sahypa açyldy. Türkmenistanyň, Hytaý halk Raspublikasynyň, Gazagystanyň we Özbegistanyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisi açyldy. Uzynlygy 7 müň killometr bolan bu gaz geçirijiniň üstünden Hytaýa her ýylda 40 milliard kub metr türkmen gazy ekport ediler.

Türkmen tebigy gazynyň beýleki bir täze eksport ugry bolsa 2010-njy ýylyň ýanwar ýaynyň başynda ulanylmaga berilen Döwletabat-Sarahs-Haugeran gaz geçirijisidir. Bilişimiz ýaly, ozal Eýran Yslam Respublikasyna türkmen tebigy gazy Körpeji-Gurtguýy gazgeçirijisi bilen ugradylýardy. Indi ikinji gaz geçirijiniň hasabyna goňşy Eýran döwletine türkmen tebigy gazynyň eksportyny eýýäm 2010-njy ýylda 8 milliard kubmetrden 14 milliard kubmetre çenli, geljekde bolsa ýylda 20 milliard kubmetr ýangyja çenli artdyrmak barada ylalaşyk gazanyldy.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň eksportynyň düzümini kämilleşdirmek, onda taýýar önümleriň paýyny ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler geçirildi. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň durkunyň täzelenmegi, täze önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmegi ýurduň eksportynda nebit önümleriniň paýynyň ýokary depginler bilen artmagyna getirdi. Soňky ýyllarda polipropileniň we suwuklandyrylan gazyň eksport möçberleri artdy. Häzirki döwürde Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodyň tehniki taýdan durkuny täzelemek wezipesi öňde durýar. Bu wezipäniň amala aşyrylmagy eksport edilýän nebit önümleriniň möçberiniň we ýurdumyza gelip gowuşýan walýuta serişdeleriniň artmagyna mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmagy, ýagny onuň haryt görnüşleriniň mukdaryny we paýlaryny artdyrmagy wajyp wezipeleriň hataryna goşýar. Häzirki wagtda, ýurduň eksportynyň düzüminde ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny özünde jemleýän harytlaryň we agrosenagat toplumynyň önümleriniň paýy onçakly ýokary däl.

Türkmenistanyň bu ugurdaky mümkinçilikleri ägirt uly bolsada, entek doly ulanylmaýar. Türkmenistanyň himiýa we nebitgaz himiýasy pudagynyň, agrosenagat toplumynyň, gaýtadan işleýän beýleki senagat pudaklarynyň önümlerini uly möçberlerde daşary ýurtlara çykarmak mümkinçilikleri bar. Eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak esaasynda artdyrmak Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady syýasatynda ileri tutulýan meseleleriniň biridir. 2010-2015-nji ýyllar aralygynda onuň möçberini 2,4 esse artdyrmak göz öňünde tutulýar 1.

Ýurdumyzyň içerki bazaryny giňden öwrenmek arkaly, daşary ýurtlardan.getirilýän harytlaryň möçberi has-da köpeldiler we olaryň görnüşleri

1 Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy dörkezijileri. A. 2010, 7 s .

giňeldiler. Harytlaryň giň görnüşleriniň ýeterlik möçberde ýurdumyza getirilmegi haryt bolçulygynyň döremegine getirer we olaryň bahalarynyň durnukly bolmagyny we peselmegini üpjün eder. Şeýlelikde, ýurdumyzda dünýa

ykdysadyýetiniň globallaşmak we ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň çuňlaşmak şertlerini nazarda tutýan Türkmenistanyň Prezidentiniň täze daşary ykdysady syýasaty kemala geldi. Bu daşary ykdysady syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak, gaýtadan işleýän senagatyň taýýar önümleri bilen dünýä bazarlaryna çykmagy ileri tutmak;
- tebigy gazy amatly ugurlar boýunça daşary ýurtlara çykarmak we onuň bahasyny dünýa bazarlarynyň derejesine götermek;
- ýurduň eksportynyň düzüminde taýýar nebit önümleriniň paýyny ýokarlandyrmak;
- ýurduň eksport kuwwatlylygyny himiýa we nebit-gaz himiýasynyň önümleriniň, elektrik energiýasynyň we suwuklandyrylan gazyň hasabyna artdyrmak;
- ýurduň eksportyny agrosenagat toplumlarynyň önümleriniň, aýratyn-da gök önümleriň, bakjanyň, üzümiň, subtropik miweleriň hasabyna artdyrmak;
- ýurduň daşyndan getirilýän önümleriň düzüminde çig mallaryň we materiallaryň, ilatyň sarp edýän azyk däl harytlarynyň paýyny, ýerli önümçilikleri döretmegiň hasabyna peseltmek;
- ýurtda döredilýän erkin ykdysady zolaklara daşary ýurt maýa goýumlaryny, maliýe serişdelerini çekmek arkaly halkara syýahatçylygy, halkara ulag we beýleki hyzmatlary ýokary derejelere götermek.

Umuman, Türkmenistan dünýäniň 104 döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ýola goýdy. Biziň söwda-ykdysady babatda hem, medeni hyzmatdaşlyk babatda hem bütin dünýäniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürýänligimizi Türkmenistanyň Prezidenti yzygiderli belleýär.

## §4. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmekligiň ykdýsady we hukuk binýatlaryny halkara standartlarynyň derejesine getirmek.

Tňze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aladalary bilen ýurdumyza daşary ýurt düýpli maýa goýumlaryny çekmek babatynda ençeme amatly şertler döredildi. Olaryň hatarynda ýurtda köp ýyllaryň dowamynda syýasy durnuklylygyň saklanýandygyny, ýurduň ykdysadyýetiniň ýokary depginler bilen durnukly ösýändigini, milli puluň - manadyň hümmetiniň durnukly saklanylýandygyny hem-de kuwwatly maliýe gorlaryň berk binýadynyň döredilendigini görkezse we bu ýagdaýlaryň hem maýa goýum goýujylar üçin özüne çekiji bolýandygyny bellese bollar.

Ýurdumyzda daşary ykdysady işiň ähli meseleleri boýunça düýpli işlenilip taýýarlanylan kanunçylyk binýady hem bar. Şu ugurda kanunlaryň ençemesi Ýewropa Bileleşiginiň bilermenleriniň we hünärmenleriniň gönüden-göni gatnaşmagynda kämilleşdirildi. “Maýa goýum syýasatynyň kanunçylyk jähtiniň möhümligine düşünmek bilen, biz, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, şu mesele boýunça ençeme ýurtlaryň hökümetleri, şol sanda ABŞ-nyň hökümeti bilen hem hemişe işleýäris, Türkmenistanda işleýän kompaniýalaryň pikirini we belliklerini göz öňünde tutýarys hem-de şu kanunçylyk toplumyna takyklamalary wagtynda girizmäge çalyşýarys”.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek meselesinde türkmen döwleti ýurduň maýadarlarynyň öňünde anyk  talaplaryny goýýar. Olaryň ilkinjileri ekologiki taýdan arassa taslamalaryň saýlanyp alynmagy bilen baglanyşykly meseledir. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti şeýle diýýär: “Biz ajaýyp Garagum çölümiziň ilkibaşdaky päkligini saklamagyny, biziň Hazar kenarymyzyň nebit tegmilleri sebäpli garalmazlygyny, biziň adamlarymyzyň bolsa ekologiýa meseleleri sebäpli döreýän kesellere uçramazlygyny isleýäris. Şonuň üçin size açyk aýdaýyn, biz maýa goýujylary seçip almakda maksatnamalaýyn resmi namalarynda ekologiýa meselelerine geregiçe ähmiýet berilýän dünýä derejeli kompaniýalary ileri tutarys”.

Daşary ýurt maýadarlarynyň serişdelerini ykdysadyýetimize çekmek meselesinde ýene bir aýratynlyga ünsi çekmeli. Türkmenistanda ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna kem-kemden hereket etmeginde döwletiň orny ýene ençeme ýyllaryň dowamynda ýokary derejede, kesgitleýji häsiýetli bolar. Maýa goýum işini düzgünleşdirmekde biziň döwletimiz, ilkinji nobatda, maýalaryň pul görnüşinde däl-de, eýsem iň täze tehnologiýalar, şol sanda guramaçylyk tehnologiýalary görnüşinde çekilmegine çalyşýar. Bu ýerde döwletiň maksady maýa goýumlarynyň bir ýa-da iki pudaga goýulmak bilen çäklenmän, eýsem ykdysadyýetiň ähli ugurlarynyň sazlaşykly ösmegine ýardam etmegini gazanmaga çalyşmakdan ybaratdyr. Döwlet baştutanynyň maýa goýum syýasatynyň häsiýetli aýratynlygy bolup, maýa goýumlaryň umumy möçberinde daşary ýurt maýa goýujylarynyň serişdeleriniň uly möçberlerde bolmagydyr. 2009-njy ýylda, mysal üçin, maliýeleşdirmegiň şu çeşmesiniň hasabyna özleşdirilen maýa goýumlarynyň paýy 27%-e golaýlady.

Türkmenistanyň Prezidentiniň düýpli maýa goýumlary çekmek barada strategiýasynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- ýurduň düýpli maýa goýum serişdeleriniň döreýiş çeşmeleriniň düzümini kämilleşdirmek;
- düýpli maýa goýumlary, ilkinji nobatda-da, daşary ýurt goýumlaryny çekmegiň hukuk we guramaçylyk binýadyny kämilleşdirmek;
- ilatyň süýşürintgileriniň düýpli maýa goýumlaryna öwrülmegi üçin has amatly şertleri döretmek;
- düýpli maýa goýum ulgamynyň ösen infrastrukturasyny döretmek;
- düýpli maýa goýumlaryny ýokary depginli ösüş we beýleki pudaklarda köpeldiji netije berýän ugurlara we sebitlere gönükdirmek;
- kiçi we orta telekeçiligiň düýpli maýa goýum işini artdyrmagy höweslendirmek;
- daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň ähli häzirkizaman guramaçylyk – hukuk görnüşlerini ulanmak (halkara lizing kompaniýalary, halkara wençur gaznalary we ş.m.);
- Türkmenistanda we daşary ýurtlarda düýpli maýa goýum taslamalary barada maglumat ulgamyny ösdürmek.

## §5. Milli manadyň ýeke-täk hümmetini girizmek

Hormatly Prezidentimiz dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginiň bolup geçýän şertlerinde ýurtda maliýe we pul dolanyşygy bilen baglanyşykly düýpli özgertmeleri amala aşyrdy. Olaryň birinjisi 2008-nji ýylda milli manadyň ýeke-täk hümmetine geçmek bilen baglanyşykly boldy. Şu bazar özgertmesiniň geçirilmegi halkara maliýe guramalary tarapyndan gyzgyn goldaw tapdy we ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşinde daşary ýurt pul gatnaşyklaryndaky rewolýusion hadysa hökmünde garşylandy. Bu özgertme dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginiň Türkmenistanyň ykdysadyýetine ýetirýän täsirini peseltmekde hem belli bir derejede möhüm rol oýnady. Ilkinji nobatda, onuň netijesinde milli manadymyzyň hümmeti iki derejede goýlan bolmagyndan, bir derejä, ýagny durnukly derejede goýuldy we indi iki ýyla golaý wagtyň dowamynda şol derejede saklanylýar. Şonuň bilen baglylykda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň maliýe netijeleri düýpli ýokarlandy. Önümleri ýerlemekden, ilkinji nobatda bolsa, olaryň eksportyndan gelip gowuşýan manatdaky pul serişdeleriniň möçberi düýpli artdy. Pudaklaryň önümleri ýerlemekden manatda gazanýan peýdalary düýpgöter ýokarlandy. Bu bolsa, öz gezeginde, pudaklaryň maýa goýum işjeňliginiň ýokarlanmagyna, Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň artmagyna, ýurdumyzyň töleg balansynyň pugtalanmagyna getirdi.

2008-nji ýylda pul-karz ulgamynda geçirilen özgertmeler milli pulumyzyň hümmetini berkitdi we ilatyň girdejileriniň ýokarlanmagyna ýardam etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmenistanyň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek (gymmatyny üýtgetmek) hakyndaky" Permanyna laýyklykda 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýurtda pul birlikleriniň mukdaryny azaltmaga mümkinçilik berýän, milli puluň täze denominirlenen görnüşleri dolanşyga goýberildi we köne nusgadaky 5 000 manadyň täze nusgadaky 1 manada deň gatnaşygy bellenildi.

Denominasiýadan öň, ýokarda bellenilşi ýaly, milli manady bir hümmete getirmek (unifisirlemek) boýunça çäreler hem geçirildi we daşary ýurt pulunyň alyş-çalyşy babatda täze düzgünler girizildi. Şunda milli puly bir hümmete getirmek çäresiniň geçirilen döwründen başlap milli manadyň hümmetiniň durnukly bolup galýandygyny we birden üýtgemäge sezewar bolmandygyny aýratyn bellemek gerekdir. Munuň özi döwletiň maliýe syýasatynyň sazlaşyklydygyna we amala aşyrylýan özgertmeleriň netijelidigine şaýatlyk edýär. Ýurtda oýlanyşykly alnyp barylýan pul-karz syýasaty hem bu sepgitlere ýetmäge ýardam berdi. Bu syýasat milli pul birliginiň hümmetini berkitmek, bank ulgamynyň ygtybarlygyny we tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmak, erkin pul serişdelerini jemlemegiň we olary ykdysadyýetiň önümçilik bölegine gönükdirmek gurallarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, töleg ulgamynyň ygtybarlygyny üpjün etmek arkaly durnukly ösüşiň umumy strategiki maksatlaryna ýetmäge gönükdirilendir.

Yurduň daşary ýurt puly babatynda alyp barýan syýasaty düýpli ykdysady sebäpler bilen şertlendirilmedik ýagdaýynda daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş hümmetini birden üýtgemegi-ne ýol bermezlige tarap ugrukdyrylandyr we ol puluň hümmetsizlenmeginiň öňüni almak hem-de baha babatynda ýurdumyzyň önümçiliginiň bäsdeşlige ukyplylygyny saklamak zerurlygyna görä alnyp barylýar. Daşary ýurt pul birliginiň alyş-çalyş hümmeti babatynda alnyp barylýan syýasat eksport we import işleri boýunça deň-agramlylyga ýetmäge, milli pul birligine bolan ynamy ýokarlandyrmaga we milli ykdysadyýete maýa goýmagyň özüne çekijiligini güýçlendirmäge ugrukdyrylandyr.

Kadaly pul-karz we býujet syýasatynyň alnyp barylmagy, daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş hümmetiniň üýtgewsiz saklanmagy we käbir durmuş ähmiýetli harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň sazlanmagy ýurtda milli puluň hümmetsizlenmegini pes derejede saklamaga mümkinçilik berýär.

## §6.Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny berkitmek we şunuň netijesinde ýurduň sosial pudaklarynyň ösüşine uly möçberlerde maýa goýum serişdelerini gönükdirmek

Türkmenistanyň Prezidenti ýurtda alnyp barylmaly fiskal (lat. fiscalis hazyna) syýasatyň mazmunyna täze öwüşgin bermelidigine uly üns berýär. Sebäbi netijeli fiskal syýasatyny işläp düzmek we ýöretmek ýurduň maliýe durnuklylygyny üpjün etmekde wajyp ähmiýete eýe bolýar hem-de pul hümmetsizlenmesi, göterim derejesi, düýpli maýa goýumlar we ençeme beýleki makroykdysady görkezijileriň ösüşine täsirini ýetirýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly: " geçiş döwründe döwletiň makroykdysady taýdan düzgünleşdiriş ulgamyny guramak, Döwlet býujetine salynýan agramy azaltmak gerek. Muny meýilleşdirmäge we çaklamaga çemeleşmeleri üýtgetmek arkaly gazanyp bolar". Diýmek, býujet we strategiki meýilnamalaşdyryş işini utgaşykly alyp barmagy uzak döwürleýin esasda ýola goýmagy ýurt Ýolbaşçysy wajyp wezipeleriň hataryna goşýar. Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň ýetmezçiliginiň däl-de, artykmaçlygynyň bolmagyna döwlet syýasatynda aýratyn üns berilýär. Şunda bu wezipe ikitaraplaýyn esasda amala aşyrylýar: bir tarapdan Döwlet býujetine salynýan agramyň täsirini azaltmak, beýleki bir tarapdan bolsa, onuň girdeji bölegi, ykdysadyýetiň ýokary maliýe netijeli ösüşi arkaly ýokarlanmaly.

Türkmenistanda gysga döwrüň içinde býudjet ulgamyny kämilleşdirmek babatynda düýpli işler amala aşyryldy. Ýurduň sosial-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny özünde jemleýän maksatlara gönükdirilen býujetiň döredilmegini gazanyldy.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň ykdysady ösüş babatynda häsiýetli aýratynlyklarynyň biri artykmaçlykly Döwlet býujetiniň gazanylmagydyr. 2006-2009-njy ýylrda Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň artykmaçlygy 8,6 mlrd. manada bara-bar boldy. Ýurdumyzyň Döwlet býujetiniň artykmaçlygynyň esasynda Durnuklaşdyryş gaznasy döredildi. Bu gaznanyň serişdeleri ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan pudaklaryny ösdürmeklige we möhüm sosial-ykdysady meseleleri çözmeklige gönükdirilýär.

Türkmenistanda iki derejeli býujet hereket edýär. Birinji derejeli býujetde ýurduň gündelik harajatlaryny kanagatlandyrmaklyga gönükdirilen maksatnamalary maliýeleşdirmek amala aşyrylýar.

**2009-njy ýylda Türkmenistanyň**

## Döwlet býujetiniň girdejileriniň düzümi




Türkmenistanyň birinji derejeli Döwlet býujetiniň girdejileriniň ýarysyndan gowragy (50,6%) nebit-gaz toplumynyň pudaklaryndan gelip gowuşýar. Döwlet býujetiniň girdejileriniň düzüminde oba hojalygynyň paýy pes möçberdedir. Bu ýagdaý ýurtda alnyp barylýan salgyt syýasatynyň täsiri netijesinde döreýär. Ol syýasat aosial goeaglylyga gönükýär. Ýurduň daýhan hojalyklary peýda salgydyndan, goşulan baha üçin salgytdan boşadylandyr, olar suwdan we ýerden mugt peýdalanýarlar.

Ykdysady syýasatyň şu ugurlaryny nazara almak bilen, 2010-njy ýyl üçin býujet syýasatynyň esasy meseleleri şulardan ybaratdyr: býujet serişdelerini ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm ugurlaryna we ileri tutulýan maýa goýum taslamalaryna, şol sanda infrastrukturany ösdürmäge gönükdirmek; durmuş ulgamynda we beýleki pudaklarda geçirilýän düýpli özgertmeleri, şeýle hem 2010-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden zähmet haklarynyň 10% ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutmak bilen, býujet edaralarynda olary maliýeleşdirmegi bökdençsiz üpjün etmek; býujet edaralarynyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini gowulandyrmak we beýleki çäreleri durmuşa geçirmegiň netijesinde býujet ulgamynda edilýän hyzmatlaryň, ýerine ýetirilýän işleriň hilini ýokarlandyrmak.

## §7.Türkmenistanyň döwlet eýeçiliginiň kärhanalaryny dolandyrmaklygy kämilleşdirmek

Döwlet emlägi Türkmenistanda uly güýç bolmak bilen, durmuşymyzyň ähli ugurlarynyň pajarlap ösmeginde wajyp maddy we maliýe esas bolup çykyş edýär.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklaryna geçmek tapgyrlaýyn esasda amala aşyrylýar. Munuň özi emläkleri hususy eýeçilige bermek işi, ilkinji nobatda, bazar şertlerine çalt uýgunlaşýan pudaklarda we ugurlarda amala aşyrylýar diýildigidir. Olaryň hataryna söwda, dürli görnüşli hyzmatlar, oba hojalygynyň köp pudaklary degişlidir. Şol bir wagtyň özünde-de, ykdysadyýetiň ýangyç-energetika, himiýa we nebit himiýasy, dokma toplumlary, ulaglar (awtomobil ulagyndan beýlekiler), aragatnaşyk, düýpli gurluşyk kärhanalarynyň esasy bölegi döwlet eýeçiliginde saklanyp galdyryldy.

Türkmenistanda döwlet eýeçiligini ösdürmäge we netijeli dolandyrmaga maksatnamalaýyn esasda çemeleşilýär. Döwlet eýeçiliginde işleýän her ministrlik, pudak edarasy ýa-da gaýry bir düzüm birligi boýunça gysga, orta we uzak möhletli meýilnamalar we maksatnamalar işlenip düzülýär. Bu ugurda, ýurduň ykdysadyýetiniň esasyny düzýän nebit-gaz pudagynyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasynyň indi ençeme ýyl bäri hereket edýändigini bellemek zerurdyr.

Döwlet emlägini dolandyrmak işi yzygiderli kämilleşdirilýär. Döwlet kärhanalaryny özgertmek we olaryň gurluşyny üýtgetmek ykdysadyýetiň döwlete degişli bölegini dolandyrmagy kämilleşdirmeklige mümkinçilik berýär. Türkmenistanda döwlet emlägini dolandyrmak häzirki wagtda köp görnüşleri we gurallary öz içine alýar. Olaryň giň ýaýranlarynyň hataryna paýdarlar, kärende, ynanyp dolandyrmak ýaly görnüşleri goşsa bolar.

Şeýle-de bolsa, bu görnüşleriň heniz dagynyk ulanylýanlary we olaryň ahyrky makroykdysady netije bermeýänleri hem bar. Şunuň bilen baglylykda, aýry-aýry kärhanalary ynanyp dolandyrmaga bermek ýa-da özüni ödemeýän kärhanalary satmak usullaryny ulanmak hem göz öňünde tutulýar. Bu bolsa döwlete dahylsyz pudagyň girdejilerini kanunlaşdyrmagyň hasabyna döwletiň maýa goýum mümkinçiliklerini giňelder we olary beýleki pudaklary özgertmekde ulanmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistanda döwlet eýeçiligini dolandyrmagyň geljegi has-da uludyr. Bu ugurda bilelikdäki kärhanalary döretmek giň gerim bilen ösdüriler. Türkmenistanyň köp möçberde tebigy baýlyklary bar. Olary bilelikde ulanmak iki tarapa-da bähbit getirer. 2010-njy ýylda Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary goýlan 627 sany bilelikdäki kärhana hereket edýär. Olar üçin dürli amatlyklar we ýeňillikler döredildi: ygtyýarnama almazdan öz önümleriňi eksport etmek we hojalyk hajatlary üçin import harytlary getirmek, daşary ýurt pulunda gazanylan girdejini öz ygtyýarynda saklamak we ş.m.

Türkmenistanda döredilýän bilelikdäki kärhanalar ýurda täze tehnikalary we tehnologiýalary çekmäge, halkara bazar usullaryny we öňdebaryjy dolandyryş tejribesini ornaşdyrmaga güýçli itergi berýär. Munuň netijesinde, Türkmenistanda öndürilýän önümleriň dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyplylygy ýokarlanýar.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda daşary ýurt kompaniýalary Türkmenistanda öz maýa goýumlaryny uly çig mal ýataklaryny özleşdirmek boýunça taslamalara goýmakdan başladylar. Täze Galkynyş eýýamynda daşary ýurt kompaniýalarynyň we maýa goýumçylarynyň maýa goýum goýýan ugurlarynyň gerimi giňeýär. Bilelikdäki kärhanalar senagatda, söwdada we jemgyýetçilik iýmitinde, halkyň sarp edýän harytlaryny öndürmekde, gurluşykda, syýahatçylykda we durmuş hyzmatlarynyň dürli ugurlarynda döreýärler. Hususan-da, bu ugurda 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy esasynda yglan edilen “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda bilelikdäki kärhanalary döretmek has netijeli ugurlaryň hataryna girýär.

Nebit we gaz kondensatly ýataklary özleşdirmekde we olary çykarmakda Malaýziýanyň “Petronas”, Beýik Britaniýanyň “Barren Enerji” kompaniýalary iki tarapa bähbitli şertlerde öz işlerini giňişleýin ýola goýdular. Türkmenistanyň Prezidenti 2009-2010-njy ýyllarda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Italiýada, Fransiýada we Brýusselde işewür adamlar bilen bolan duşuşyklarda eden çykyşlarynda daşary ýurt kompaniýalaryny we biznesmenlerini ýurdumyzda bilelikdäki kärhanalary döretmäge gatnaşmaga çagyrdy. Bu işiň iki tarapa-da bähbitlidigini aňryýany bilen anyk mysallar bilen subut etdi.

Bilelikdäki kärhanalaryň işjeňligi ýurduň dokma toplumynda hem duýulýar. Ýurduň paýtagty Aşgabat şäherinde “Aşgabat – Dokma toplumy” ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýetiniň birinji nobatdakysy işe girizildi. Onuň paýdarlary bolup Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi we Wirgin adalarynyň “Wolkeston” firmasy çykyş edýärler. Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi tarapyndan “Kotam Enterpraýzis Ltd” (Beýik Britaniýa) we “Ýigit Pamuk” (Türkiýe) firmalary bilen bilelikde kuwwatlylygy ýylda 4200 tonna lukmançylyk pamygyny

we 12,4 million gap timar beriş pamyk serişdelerini öndürmäge niýetlenen fabrika 2009-njy ýyllyň maý aýynda ullanylmaga berildi.

Geljekde, ýurdumyzyň döwlete degişli bölegini dolandyrmakda paýdarlar jemgyýetleri, bilelikdäki kärhanalar, ynanyçly dolandyrmak, senagat-maliýe toparlary, holdingler we ençeme beýleki bazar şertleriniň dolandyryş görnüşleri giň gerimlerde ulanylar. Diýmek, dolandyryş kämilleşmeli. Ilki bilen hem meýilleşdirmäge we çaklamaga çemeleşmeleri üýtgetmek zerur. Şunda döwlet eýeçiligini, maliýe serişdelerini has netijeli ulanmaly, ýolbaşçylaryň we döwlet gullukçylarynyň bilim derejesini ýokarlandyrmaly hem bolar.

## §8.Türkmenistanda hususy telekeçiligi ösdürmekligi höweslendirmek we oňa döwlet goldawyny bermek

Türkmenistanda döwlet Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda, ýokarda bellenilşi ýaly, hususy eýeçiligi ösdürmegiň düýbi tutulyp başlandy. Munuň üçin, eýeçiligiň hukuk binýady işlenip düzüldi we degişli guramaçylyk düzümleri döredildi. Şol bir wagtyň özünde-de, ýurduň ykdysadyýetiniň esasyny ýangyç-energetika toplumynyň we önümçilik infrastrukturasynyň uly pudaklarynyň tutýandygy nazara alnyp, ýurduň ykdysadyýetinde hususylaşdyrmak işleri tapgyrlaýyn amala aşyryldy. Telekeçiligiň kiçi we orta görnüşleri halkyň sarp edýän harytlaryny, azyk önümlerini öndürmekde, söwdada we hyzmatda giň gerimde ösdürildi. Ýurtda täze Galkynyş eýýamynda hususy eýeçilige daýanyp ösýän edara görnüşli taraplaryň müňlerçesi, şahsy taraplaryň on müňlerçesi işleýär. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi durnukly we ýokary depginler bilen ösdürmek üçin amatly şertler döredildi. Bu bolsa, öz gezeginde, ýurdumyzda ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösdürmegiň wajyp düzüm bölegi hökmünde, hususy telekeçiligiň ykrar edilmegine getirdi. Ýöne şeýle özgeriş üçin wagt gerek boldy.

Şu ýerde edilen we etmeli işleriň ne derejede wajyplygyny görkezmrk maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň jemgiýetiň we ykdysadyýetiň ösüşinde telekeçiligiň ornuny häsiýetlendirşine ýüzleneliň: “Islendik bazar ykdysadyýetinde kiçi we orta telekeçiligiň ykdysady ösüşi, innowasion işleri, işçi güýçleri ýerleşdirmegi, täze iş orunlaryny döretmegi üpjün etmekde möhüm ähmiýeti bardyr. Hususy kärhanalary ösdürmegiň maksatnamasy Türkmenistanda 1998-nji ýyla çenli hereket etdi. Olaryň soňra ulanylmazlygy içerki jemi önümde hususy telekeçiligiň paýynyň, maýa goýumlarynyň möçberiniň hem-de býujetde salgyt tölegleriniň paýynyň

kemelmegine getirdi. Mundan başga-da, bu pul serişdeleriniň bank ulgamyndan daşyna gitmegine, resmi däl pul bazarynyň emele gelmegine, milli puluň hümmetiniň pese düşmegine getirdi”. Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti hususy eýeçilik babatynda döredilýän päsgelçilikleriň wajyp makroykdysady görkezijilere ýetirýän täsirini çuňňur açyp görkezýär we ony aradan aýyrmak boýunça anyk teklipleri öňe sürýär. Şol teklipler 2008-nji ýylyň mart aýynyň 17-sine geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň hususy telekeçiligi ösdürmek bilen bagly meselelere bagyşlanan göçme giňişleýin maslahatynda kararlara we görkezmelere geçirildi.

Hususy eýeçiligi goldamak kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň toplumlaýyn döwlet maksatnamasyny talap edýär. Ol kanunçylygyň hiliniň gowulandyrylmagyny, durnuklylygyny we äşgärligini, şeýle hem adalatly ulanylmagyny öz içine alýar hem-de karz serişdeleriniň elýeterliligini we maliýe pudagynyň ösdürilmegini, býurokratik päsgelçilikleriň aýrylmagyny talap edýär. Mundan başga-da, höweslendiriji we kepillendiriji şertleri döretmek bilen, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek hem zerurdyr. Bu býujete salgyt we salgyt däl tölegleri, ýurdumyzyň raýatlarynyň girdejilerini we hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, täze iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berer. Täze Galkynyş eýýamynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary esasynda hususy telekeçilige döwlet goldawyny bermek boýunça bir näçe düýpli çäreler amala aşyryldy:

- Türkmenistanyň Prezidentiniň goldawy bilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi döredildi;
- “Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakynda” - Türkmenistanyň Prezidentiniň karary kabul edildi;
- “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda”- Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen “Guş toplumy” guşçylyk kärhanasynyň gurluşygyna we açylmagyna ýardam edildi;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary bilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň paýtagtymyzda täze işewürlik toplumyny we “Gül zanam” hojalyk jemgyýetine bolsa moda we gül merkeziniň binasyny gurmaga ygtyýar berildi. Täze desgalaryň gurluşygy we maliýeleşdirilmegi türkmen telekeçiligiň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň 2009-njy ýylyň 22-nji awgustyndan güýje giren “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” kanuny telekeçilik işi bilen meşgullanmak üçin berilýän ygtyýarnamalary düzgünleşdirmegiň we ýönekeýleşdirmegiň hukuk binýadyny düýpgöter kämilleşdirdi. Bu kanun telekeçileri, şol sanda daşary ýurt telekeçilerini hasaba almakda “Bir penjire”

ýörelgesiniň ornaşdyrylmagyna we telekeçiligi ösdürmekde bökdençlik döredýän býurokratik päsgelçilikleri aradan aýrylmagyna mümkinçilikler döretdi.

Türkmenistanda telekeçiligi ösdürmegiň Döwlet gaznasyny döretmek meselesi hem bu kanunda göz öňünde tutulan. Häzirki döwürde banklar tarapyndan telekeçiligi ösdürmek boýunça berilýän karzlaryň möçberiniň ýeterlik däldigi hem görkezilýär. Bu meselede, halkara maliýe guramalarynyň we banklarynyň serişdelerini edara görnüşli taraplaryň ulanyp, ýurda ösen tehnologiýalary import etmekleri üçin şertleriň döredilmegi hem kanunda bellenendir. Şonuň bilen baglanşykly Türkmenistanyň telekeçileriniň öndürýän harytlaryny daşary ýurtlara eksport etmäge gönükdirilen, şeýle hem import harytlary ýerli önümler bilen çalyşmaga niýetlenen önümçilikleri karzlaşdyrmagyň möçberlerini düýpli artdyrmak meýilnamalaryny we maksatnamalaryny düzmek hem wajyp meseleleriň hataryna girýär.

Türkmenistanda lizing kompaniýalaryny döretmek we ösdürmek babatynda işleriň gerimini giňeltmek meselesi hem örän wajyp ähmiýete eýedir. Şu işi netijeli gurnamaklyk üçin “Lizing hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny kabul edildi. Şol bir watda hem bu ugurda banklar üçin bökdençlik döredýän meseleler hem şindi bar. Ol meseleleri aradan aýyrmaly we maliýe lizingi boýunça işleri kiçi we orta möçberli hususy kärhanalary zerur bolan enjamlar, tehniki serişdeler, traktorlar, ýük maşynlary, ýolagçy ulaglary we beýleki serişdeler bilen üpjün etmäge gönükdirmeli. Türkmenistanyň şertlerinde oba hojalyk tehnikasynyň lizingi has ähmiýetli meseledir.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky” kanunynda şu ugurlardaky çäreleriň amala aşyrylmagyna uly mümkinçilikler döredilendir:

- telekeçilik işjeňligini düzgünleşdirmegiň we ony döwlet tarapyndan goldamagyň kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny yzygiderli kämilleşdirmek;
- telekeçiligi ösdürmäge gönükdirilen karz-maliýe mehanizmini ösdürmek we maliýe tehnologiýalaryny girizmek;
- innowasiýa telekeçiligini we işjeňligini ösdürmek;
- kiçi we orta kärhanalaryň önümlerini eksport etmegi goldamak;
- telekeçiler üçin ýurduň içerki bazarlarynda haryt üpjünçiliginiň we nyrhlaryň ýagdaýy barada maglumat üpjünçiligini gurnamak;
- ýurduň ähli sebitlerinde telekeçi haryt öndürijileriň önümlerini taýýarlamak, gaplamak, daşamak we ýerlemek boýunça şereketleriň işini ýola goýmak;

- kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek boýunça ýöriteleşdirilen gaznalary döretmek.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň geljekki ösüşinde telekeçiler örän uly orun tutýarlar. Bu ýerde bolsa etmeli işler örän kän. Eger 2010-njy ýurtda jemi içeri önümde döwlete degişli däl eýeçiligiň paýy 47% möçberde meýilleşdirilýän bolsa 2015-nji ýylda bu görkeziji – 65% deň bolar 1. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýakynlaşmak, halkymyzyň mynasyp ýaşamagy gazanmak üçin bize ösüşiň düýbünden başgaça depginleri zerur. Ony bolsa diňe ykdysadyýetimizi düýpli özgertmek arkaly gazanyp bolar. Ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk bölegini, kiçi we orta telekeçiligi giň gerimlerde ösdürmek bu wezipäni çözmekde wajyp ugurlaryň biri bolup durýar.

## §9.Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurduň sosial pudaklaryny ösdürmek, zähmet haklaryny, pensiýalary, komek pullaryny ýokarlandyrmak boýunça alyp barýan işleri

Durmuş maksatlaryna nazarlandyrylan bazar ykdysadyýeti döwletiň durmuş maksatly meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklaryna geçmek ilata berk sosial goragy üpjün etmek şertinde alnyp barylýar.

Türkmenistanda syýasatda, ykdysadyýetde we medeniýetde bolup geçýän ähli özgertmeler adama gönükdirilendir we onuň parahat durmuşyny, maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, baý ruhy galkynyşy üpjün etmek maksatlaryny özünde jemleýändir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden çykyşynda: “Adam, onuň hukuklary we azatlyklary biziň jemgyýetimiziň baş gymmatlygydyr. Häzirki wagtda ol biziň döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan wezipesidir”2 diýip belledi.

Ykdysadyýetiň sosial maksatlara nazarlandyrylmagy, ilkinji nobatda ýurduň Prezidentiniň alyp barýan syýasaty bilen mizemez arabaglanyşyklydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet baştutany hökmünde ilkinji ädimleriniň biri hem sosial ulgamynyň pudaklaryny ileri tutulyp ösdürilýän pudaklaryň hataryna goşmagydyr. Türkmenistanda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, ylym, ýaşaýyş jaý hojalygy, syýahatçylyk, dynç alyş täze galkynyş eýýamynda has-da pajarlap ösýär we döwlet tarapyndan güýçli goldaw

1 Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşinioň esasy görkezijileri. A. 2010, 3 s.

2 Gurbanguly Berdimuhamedow. Öaüşiň täze belentliklerine tarap. A. 2008. 178 s.

alýar. Ýurduň düýpli maýa goýumlarynyň uly bölegi gönüden-göni sosial bölegiň pudaklarynyň ösüşine gönükdirilýär.

Beýleki bir tarapdan, ýurduň güýçli inženerçilik infrastrukturasynyň we kommunikasiýa ulgamynyň ösüşi adamynyň durmuş derejesiniň we aň düşünjesiniň ýokarlanmagyna gönükdirilýär. Obalarda, şäherçelerde we etrap merkezlerinde döwrebap mekdepleriň, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, hassahanalaryň, saglyk merkezleriniň, sport desgalarynyň we mekdepleriniň, medeniýet öýleriniň gurluşyklary, olary tebigy gaz, elektrik energiýasy, ekologiki taýdan arassa agyz suwy, gaty örtükli ýollar, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaý üpjünçiligi ýaly meseleleriň çözgüdi bilen utgaşykly alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady strategiýasynda ösen tehnologiýalary özünde jemleýän, ylmy köp talap edýän önümçilikleriň döredilmegine uly üns berilýär, Şunda, bu önümçilikler üçin ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak meselesine hem uly üns berilýär. Munuň netijesinde, ýurdumyzda maddy taýdan üpjünçilikli we ruhy taýdan ösen ýaşlar kemala gelýär. Adam kapitaly hil taýdan özgerýär we islendik tehnologiýalary özleşdirmeklige ukyply derejelere galýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň sosial syýasatynyň ýene-de bir aýratynlygy, onuň sebitler boýunça gyradeň ösüşi üpjün etmeklige gönükdirilendigi bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň tebigy we ykdysady kuwwatlyklaryny rejeli ulanmak, sosial ösüşiň ýurduň ähli künjeklerini, hat-da çarwa obalaryny öz içine almak maksatlary ýurduň Prezidentiniň ykdysady strategiýasynyň mazmunyny düzýär. 2007-nji ýylyň dekabr aýynda “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň” kabul edilmegi hem munuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Adamyň sosial goraglylygy türkmen döwletiniň esasy aladasy bolýar. Biziň halkymyz gazdan, elektrik togundan, suwdan, nahar duzundan, jemagat hyzmatlaryndan indi uzak wagt bäri mugt peýdalanýar. Bu bolsa biziň döwletimiziň häzirki ykdysady we maliýe kuwwatyna, onuň mümkinçiliklerine şaýatlyk edýär. Bizde ýaşaýyş jaýy üçin töleg mugt diýen ýaly, benzin we beýleki ýangyç üçin bahalar bolsa dünýäde iň pes bahalardyr. Häzirki wagtda türkmen döwletinde muňa mätäç adamlaryň ählisini pensiýalar we kömek pullary bilen üpjün edilýär. Bu syýasat uzak döwrüň dowamynda alnyp barlar we ilata täze ýeňillikleri döretmek işi dowam etdiriler.

Şeýle hem, ýurtda ýangyç serişdeleriniň, unuň we çörek önümleriniň bahalarynyň pes derejelerde durnukly saklanylmagy özümizde öndürilýän

önümleriň bahalaryny durnuklaşdyrýar. Milli manadymyzy daşary ýurt walýutasyna çalşyk hümmetiniň durnukly bolmagy bolsa, ýurduň daşyndan getirilýän (import) harytlaryň bahalaryny bir durkunda saklamaga mümkinçilik berýär.

Bazar ykdysadyýetiniň sosial ugra nazarlandyrylan derejesi kesgitlenende ýurduň jemi içerki önüminiň sarp edişe we maýa toplamaklyga gönükdirilişiniň gatnaşygy esasy jemleýji görkezijileriň hataryna girýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen döwleti jemi içerki önümiň esasy böleginiň sarp edişe gönükdirilmegi babatynda yzygiderli alada edýär. Munuň netijesinde zähmetkeşleriň zähmet haklary, pensionerleriň pensiýalary, talyp haklary, döwlet kömek pullary yzygiderli ýokarlandyrylýar. Edara kärhanalar, sosial pudaklar sarp ediş maksatly harytlar bilen ýeterlik derejede üpjün edilýär.

Şol bir wagtyň özünde-de, ýurduň maliýe-ykdysady kuwwatlylygy uly möçberlerde işjeň maýa goýum syýasatyny alyp barmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin, ýurduň jemi içerki önüminiň paýlanyşygynda serişdeleriň uly bölegi maýa toplamaga gönükdirilýär. Bu bolsa, düýpli maýa goýumlaryň ýokary depginlerde artmagyny, ýurduň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gorlarynyň yzygiderli we uly möçberlerde köpelmegini üpjün edýär.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň ykdysady ösüşini sosial maksatlara gönükdirmek babatynda alyp barýan syýasaty köpugurly we köpmaksatly häsiýetde bolup, adam hakynda alada ýugrulandyr.

**Pensiýa we kömek puly ulgamy**. Raýatlaryň durmuş taýdan üpjünçilik meselesini hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günlerinden öz üns merkezinde saklap gelýär. Halk hossary hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgär hökmünde türkmen halkynyň öňünde yglan eden meýilnamasyna laýyklykda, onuň ilkinji kabul eden kanunlarynyň biri hem Türkmenistanyň 2007-nji ýylyň aprel aýyndan güýje giren «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunydyr.

Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanuny halkyň durmuş üpjünçiligine degişli ähli kanunnamalary öz içine jemlän kanundyr. Bu Bitewi Kanuny kabul etmek bilen Türkmenistan Döwleti özüniň parasatly lideriniň ýolbaşçylygynda halkynyň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin çynlakaý çemeleşýändigini subut etdi.

Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunyň kabul edilmegi, durmuş üpjünçilik ulgamynyň dürli özgertmeleriň täze tapgyryna gadam basandygyna şaýatlyk edýär. Bu kanun:

- halkymyzyň durmuş taýdan goldawa mätäç ähli gatlaklaryndaky raýatlara dürli pul kömeklerini almaga hukuk berýär;

- ýurdumyzyň halkyny nygmatlar bilen üpjün edýän daýhanlarymyzyň pensiýa üpjünçilik meselesiniň çözgüdini tapýar;

- çaga dogran we ýaş çagaly enelere döwlet kömek pullaryny tölemegi kesgitleýär;

- Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň yzynda ýalňyz galan enelere, ekleýjisini ýitiren ýa-da ýetim galan çagalara we maýyplara tölenilýän döwlet kömek pulunyň möçberini köpeldýär;

- hemişe eklenç çesmesi bolmadyk, pensiýa ýaşy dolan raýatlara, hiç bir şertsiz, döwlet durmuş kömek puluny tölemegi kesgitleýär;

- Türkmenistanyň öňünde aýratyň hyzmatlary bitiren raýatlara şahsy (atly) pensiýa bellemek göz öňünde tutýar;

- geljek ýyllarda pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň tölegleri maliýeleşdirmegi özbaşdak dolandyrmak maksady bilen, 2012-nji ýylda **Pensiýa Gaznasynyň** döredilmegini göz öňünde tutýar;

2007-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunyna laýyklykda pensiýa hukukly adamlaryň sany 73 000 adam artdy, olardan 48 787–si oba hojalyk önümçiliginde zähmet çeken daýhanlardyr. 2008-nji ýylda pensiýa alýan raýatlaryň sany 246 400 adama ýetip, 2007-nji ýyldaka garanyňda 42 göterim köpeldi.

**Pensionerleň sany**




**Döwlet kömek puluny alýanlaryň sany**



Türkmenistanda adam hukuklaryny giňeltmegi maksat edinen, Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanuny, raýatlaryň döwlet kömegine bolan hukuklaryny has-da giňeltdi. Hemişelik eklenç çesmesi bolmadyk, pensiýa ýaşy dolan raýatlara, hiç bir şertsiz, döwlet durmuş kömek puluny goşmaça 8 103 adama tölemäge ýol açdy. Şunuň netijesinde 2007-nji ýylda ýurdumyzda döwlet durmuş kömek puluny alýan adamlaryň sany 1 385-den 9 488-e çenli artdy ýa-da 7 esse köpeldi. Tölenýän kömek pulunyň ortaça möçberi 1,5 esse artdy. Bu maksada niýetlenip goýberilýän pul serişdeleriniň möçberi 9,3 esse köpeldi.

Bu bitewi kanuna laýyklykda Türkmenistanda enelik we çagalyk bilen bagly döwlet kömek pulunyň täze görnüşleri girizildi. Çaga dogran enelere birwagtlaýyn pul tölemek täzeden girizildi we 1,5 ýaşy dolýança çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny tölemek giň gerimde göz öňünde tutuldy we her bir enä tölenilýän kömek pulynyň möçberi 25% köpeldi. Bitewi kanun güýje girenden soňky döwürde, ýagny 2007-nji ýylyň ikinji ýarym ýylynda, ýurdumyz boýunça çaga dogran 31 müň enä 70,7 milliard manat we 1,5 ýaşy dolýança çaga seretmek boýunça 110,1 müň enä 27,7 milliard manat döwlet kömek pullary tölenildi.

Bitewi kanun güýje giren gününden Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň yzynda ýalňyz galan enelere tölenilýän kömek puluň möçberi 4 esse, ekleýjisini ýitiren ýa-da ýetim galan çagalaryňky we maýyplaryňky 1,5 esse köpeldi.

Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunyň kabul edilmeginiň netijesinde 2007-nji ýylda ýurdumyz boýunça raýatlara döwlet býujetinden tölenen pensiýalaryň möçberi 14,8% we döwlet kömek pullary 82,0% artdy, tutuş ýylyň jemi boýunça bolsa 3,2 trillion manada barabar boldy. Bu bolsa Türkmenistanyň döwlet býujetiniň 12%-ine barabardyr. 2008-nji ýylda bolsa ýurdumyz boýunça pensiýalaryň we döwlet kömek pullaryň jemi 4,2 trillion manada deň boldy. Bu bolsa döwlet býujetiniň 13,5%-ine barabardyr.

Ýurdymyzyň pensiýa üpjünçiliginde, 1999-njy ýylda girizilen toplaýyş ulgamynda hem belli bir netijeler gazanyldy. Bu ulgama gatnaşýan raýatlaryň sany 2007-nji ýylda 949 müň adama ýetdi. Olaryň şahsy hasaplaryndaky toplamalaryň möçberi 1,9 trillion manada ýetdi. Toplaýyş ulgamy boýunça diňe 2007-nji ýylda 1243 adama pensiýa bellenildi we olaryň umumy sany 21 müňe ýetdi. Bu pensiýalaryň möçberi ýyl-ýyldan artýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda kabul eden Bitewi kanuny durmuş üpjünçilik ulgamynyň geljekki döwürde has-da kämilleşdirilmegini we düýpli özgerdilmegini hem göz öňünde tutýar.

Geljek ýyllarda pensiýalary we döwlet kömek pullary töleglerini maliýeleşdirmegi özbaşdak dolandyrmak maksady bilen, 2012-nji ýylda Pensiýa Gaznasynyň döredilmegi we pensiýa ulgamyny «Nesiller arkalaşyk ulgamyndan» «Şertli toplaýyş ulgamyna» öwürmek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan, 2009-njy ýylda döwlet býujetinde durmuş üpjünçilik ulgamyň üsti bilen tölenen pensiýany, döwlet kömek pullaryny, birwagtlaýyn tölenýän dürli kömek pullaryny maliýeleşdirmek üçin 4,2 trillion manat pul göýberildi. Bu 2008-nji ýyldaky san bilen deňeşdirilende 1,7 esse köpdür.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini we hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak barada elmydama alada edýär. Şu ugurdan Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji noýabrynda gol çeken Permanyna laýyklykda 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanda iş haklaryň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we talyp haklarynyň möçberleri 10% köpeldildi.

## §10.Türkmenistanyň tebigatyny goramak we ekologiki çäreleri

Biziň ýurdumyzda özboluşly tebigaty goramak, rejeli peýdalanmak, suw, ýer we biologiki serişdeleri üznüksiz artdyrmak, atmosfera howasynyň hapalanmagyny azaltmak, çölleşmäge hem-de tokaýlaryň ýitip ýok bolmagyna garşy göreşmek, ekologiýa taýdan wagyz etmek boýunça belli bir maksada gönükdirilen işler alnyp barylýar. Türkmenistan daşky gurşawy goramagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry diýip kesgitläp, bu babatda halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Hakykatda, Aşgabat halkara derejesinde bu meseleleriň ara alyp maslahatlaşylýan ýeri boldy, bu ýerde, ekologiýa meseleleri boýunça halkara ylmy maslahatlar, iş duşuşyklary, konferensiýalar, maslahatlar yzygiderli geçirilýär. 2007- 2009-njy ýylarda şeýle forumlaryň birnäçesi geçirildi. Olar howanyň üýtgemegi, ozon gatlagyny goramagyň meseleleri, milli seýilgähleri döretmegiň geljegi, tokaý resurslaryny durnukly dolandyrmak we şulara degişli ençeme beýleki möhüm temalary gozgadylar.

2010-njy ýyllyň birinji çärýeginde hem şular ýaly wakalaryň birnäçesi bolup geçdi. Türkmenistanda alternatiw energiýa çeşmelerini peýdalanmak meselelerine bagyşlanylan halkara ylmy maslahat olaryň has möhümleriniň biri boldy. Bu forum dünýäniň 30-a golaý ýurdundan alymlary, hünärmenleri, energetikleri, konstruktorlary we işläp taýýarlaýjylary, halkara guramalarynyň hem-de kompaniýalarynyň wekillerini ýygnap, dikeldilýän energiýany öwrenmek we öndürmek babatda ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýmakda möhüm ädim boldy. Türkmenbaşy şäherinde geçirilen «Altyn Asyr» türkmen kölüniň sebitde ekologiki ýagdaýy gowulamakdaky ähmiýeti» atly halkara ylmy maslhatda hem 2009-njy ýylda türkmen kölüniň işe girizilmeginiň sebitiň ekologiki ýagdaýyna täsir edýän meseleleri giňden ara alynyp maslahatlaşyldy. Şonuň ýalyda bu maslahatda bu köl bilen baglanşykly işleriň ikinji we üçünji tapgyrlary ýerine ýetirilende köle barýan akabalaryň ugruny özleşdirmek we olaryň esasynda Garagum çölüniň ekeançylyk we maldarçylyk üçin mümkinçiliklerini giňden ulanmak bilen baglanşykly bir näçe taslamalar hödürlendi.

Türkmenistan döwleti ekologik taýdan howpsuz we durnukly ösüşe özüniň meýillidigini iş ýüzünde görkezýar. Häzirki wagtda Türkmenistan tarapyndan daşky gurşaw baradaky esasy halkara konwensiýalaryñ 8-si tassyklandy we bu ylalaşyklaryň hem-de maksatnamalaryñ düzgünnamalaryna esaslanmak bilen, ýurdumyz sebitleýin we dünýä ekologik meselelerini çözmek boýunça halkara tagallalaryna işjeñ gatnaşýar, şeýle hem bu babatda beýleki döwletler bilen hem netijeli hyzmatdaşlygy saklaýar. Merkezi Aziýada durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak boýunça 2006-njy ýylyň noýabr aýynda Aşgabat konwensiýasynyň taýýarlanmagy we gol çekilmegi aýratyn bellärliklidir.

Daş-töweregi goramak hereketleriniň Milli Meýilnamasy esasynda möhüm ekologik meseleleriñ ähli toplumlary, hususan-da atmosfera howasyny, suw we ýer baýlyklaryny, tebigy we medeni ýadygärlikleri we biodürlüligi gorap saklamak we ş.m. boýunça göz öňünde tutulan hukuk, dolandyryş we maýa goýum çäreleri durmuşa geçirilýär.

Eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalaryň gurluşygy, döwrebaplaşdyrylyşy baradaky taslamalara, taslamalaryň öňüsyrasyndaky resminamalara döwlet ekologik seljermesini geçirmekligi, ekologik pasportlaryň, taşlandylaryň ygtyýar edilen çäkleriniň taslamalarynyň düzülişine, daşky gurşawyň täsirine baha bermekligiň resminamalaryna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak mundan beýläk-de güýçlendiriler.

Meýilnama esaasynda Türkmenistanyñ Prezidentiniñ „Awaza” milli syýahatçylyk zolagy baradaky taryhy Kararynyñ durmyşa geçirilmegine işjeñ gatnaşmak bilen, bu zolakda guruljak desgalaryň taslamasynyň taýýarlanylýan

döwründen olaryň gurulýan we ulanylýan döwründe tebigaty goramak kanunçylygynyň ýerine ýetirlişine doly gözegçilik amala aşyrlar. Umuman, Hazaryň tebigy baýlyklarynyň özleşdirilmegi bilen bagly geçiriljek iri milli, sebit we halkara çäreleri öňdebaryjy ekologiki talaplara laýyk gelmelidir.

Tebigaty goramak kanunlarynyň kadalaşdyryjy-hukuk esaslary kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň milli tebigy seýilgähleri (MTS) baradaky Düzgünnamasynyň taslamasy, tebigaty goramak çäreleriniň durmuşa geçirilmeginiň ykdysady netijeliligi boýunça usullaryň birnäçesi ara alyp maslahatlaşylýar, Türkmenistanyň Tokaý baradaky Bitewi Kanunynyň täze neşiriniň üstünde işlemek hem dowam etdirilýär. Tebigy baýlyklary gorap saklamagyň goraghana, çäkli goraghana ýaly adaty görnüşleriniň gerimini giňeltmek bilen bir hatarda, halkara derejesinde ykrar edilen aýratyn görnüşi bolan milli seýilgähleriň biziň ýurdumyzda hem döredilmegi diňe bir aýratyn goralýan tebigy ýerleriň tutýan meýdanyny giňeltmän, eýsem iňňän täsin we baý tebigy mirasymyzy syýahatçylyk maksatlarynda ulanmaga mümkinçilik berer. Bu babatda Hazar deňziniň kenarynyň, Balkan, Köpetdag we Köýten daglarynyň, Garagum çölüniň, Bathyzyň geljegi örän uludyr.

Hazar deňziniň ekologik ýagdaýyna gözegçilik etmek, ýagny Hazaryň türkmen böleginiň kenarynda ýerleşýän kärhanalaryň, edaralaryň, kommunal gulluklaryň arassalaýjy desgalarynyň işleýşine gözegçiligi güýçlendirmek, Türkmenistanyň serhetleşýän suwlaryna aralaşýan daşary ýurt gämilerinde ekologik talaplaryň berjaý edilişine gözegçiligi talaplara laýyklykda ýokary derejede dowam etdirmek möhüm wezipelerdir.

Türkmenistanda arça tokaýlaryny dikeltmek hem-de pisse tokaý-baglaryny döretmek maksatnamalarynda göz öňünde tutulýan çäreler amala aşyrylýar. Zaýalanan öri meýdanlaryny dikeltmek, dag ýerlerinde eroziýa garşy toplumlaýyn çäreler geçirilýär.

Türkmenistanda dürli inženerçilik desgalaryny, hususan-da demir we gara ýollaryny, elektrik, gaz geçirijileri we beýlekileri çäge syramagyndan we ýel köwmeginden goramak boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan taslamalar işlenip düzülýär. Geçirilýän çäreler bir tarapdan bu desgalary daşky gurşawyň ýaramaz täsirinden gorap saklasa, ikinji tarapdan adam täsiri netijesinde bozulýan tebigy ekologik ulgamlaryň dikelmegine ýardam edýär. 2007-nji ýylda Aşgabat-Mary-Türkmenabat we Aşgabat-Garagum-Daşoguz ugurlary boýunça gurulýan gara ýollarynyň ugrunda ýörite barlag işleri geçirildi, netijede çäge basmak howpy bolan ýerler kesgitlendi, şeýle ýerleriň her 100 metr aralyklara bölünen we gorag çäreleriniň anyk tekliplerini we umumy çykdaýjylaryny öz içine alýan

kartalary işlenip düzüldi. 2008-nji, 2009-njy ýyllarda bu ugurdaky işler dowam etdirildi.

Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan ýakyn geljekde dürli pudaklar üçin zerur bolan toprak, ösümlik, öri meýdanlary boýunça, şeýle hem çölleşme, ýerleriň şorlaşmasy we beýleki hadysalar bilen bagly tematik kartalary düzmek göz öňünde tutulýar. Häzirkizaman tehnologiýasyna esaslanan şeýle kartalar halk hojalygynyň dürli pudaklaryny, ekologik ulgamlary tebigy deňagramlylyk şertlerinde saklamak we ösdürmek üçin peýdaly gollanma bolar.

Ekologiýa we daşky gurşawy goramak biziň ýurdumyzda ylmy barlaglaryň ileri tutulýan meselesi boldy we munuň özi global gün tertibiniň iň derwaýys meselelerini çözmekde Türkmenistanyň işjeň pozisiýasyny aýdyň beýan edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň aprelinde Almatada Araly halas etmegiň Halkara gaznasyny dörediji döwletleriň baştutanlarynyň mejlisinde çykyş edip, ekologiýa taýdan howpsuz ösüşi hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri diýip atlandyrdy.

Geljekde Türkmenistanda ekologiýiany goramak taýdan şu ugurlar boýunça işler geçiriler:

- ýurduň öndüriji güýçlerini ekologiki taýdan esaslandyrylan şertlerde ýerleşdirmek;
- daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde ekologiki talaplary ileri tutmak;
- senagatyň, oba hojalygynyň, energetikanyň, ulaglaryň we kommunal hojalygynyň ekologiki howpsuz ugurlaryny seçip almak;
- gaýtalanyp duryan (günüň, ýeliň, dag suwlarynyň we beýlekileriň) energiýa serişdelerini giňden ulanmagy ýola goýmak;
- “Altyn Asyr” türkmen kölüniň gurluşygyny dowam etdirmek arkaly ýurduň ýer serişdeleriniň ekologiki ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça toplumlaýyn işleriň geçirilmegini ýola goýmak;
- suw serişdelerini tygşytly ulanmak boýunça täze tehnologiýalary (suwarmagyň damjalaýyn we ýagyş usullaryny, gidrantlary, dürli turbalary ulanmak we ş.m.) oba hojalyk önümçiligine ornaşdyrylmagynyň gerimini giňeltmek;
- senagat kärhanalaryny gurşap alýan tebigaty goramakda ýokary netijeli çäreleri ulanmaklaryny höweslendirmegiň mehanizmini işläp düzmek;
- senagat kärhanalaryny tebigy serişdeleri tygşytly ulanýan tehnologiýalary işe girizmeklige gönükdirmek boýunça çäreleriň toplumyny işläp taýýarlamak, olaryň arassa we önümçilik galyndysyz tehnologiýalary döretmeklerini we ulanmaklaryny goldamak.

## Ikinji bap. Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary

### §1.Türkmenistanyň esasy makroykdysady görkezijileriniň ösüşi

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyz boýunça ähli ugurlarda, ýagny ykdysadyýet, syýasat we medeniýet babatynda ösüşiň uly sepgitlerine ýetildi. Eger ykdysady özgertmeleri alyp görsek, onda ýurdumyzyň ykdysady ösüşini häsiýetlendirýän ähli makroykdysady görkezijiler boýunça oňyn netijeler gazanyldy. Mysal üçin, jemi içerki önümiň (JIÖ) hereket eden nyrhlardaky möçberi 2006-2009-njy ýyllarda 2,4 esse artdy. Ýurdumyzyň içerki bazarlarynda harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň derejesini häsiýetlendirýän sarp ediş harytlarynyň nyrhlarynyň jemleýji indeksi 2006-njy ýylda 108,2% bolanlygyndan, 2009-njy ýylda 100,1%-e çenli aşaklady. Munuň özi 2009-njy ýylda geçen döwre garanyňda ýurdumyzda ilatymyzyň nominal we hakyky girdejileriniň derejesi deňleşdi diýildigidir.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň giň gerimlerde alnyp barylmagy bilen mizemez baglanyşyklydyr. Ýurtda "Açyk gapylar" syýasatynyň we bu ugurda geçirýän uly möçberli işleriniň netijesinde daşary ykdysady aragatnaşyklarymyzyň esasy görkezijileri düýpli ýokarlanýar we kämilleşdirilýär. 2006-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy 83% artdy. Şonda ýurdumyzyň eksporty soňky üç ýylyň içinde ABŞ-nyň 30 mlrd. dollaryndan hem ýokary galdy. Şu döwürde ýurdumyzda önümçilik tehniki maksatly harytlaryň satyn alynmagyna we içerki sarp ediş bazarlarymyzyň haryt üpjünçiliginiň üstüni doldurmaklyga gönükdirilen importyň möçberi ABŞ-nyň 19 mlrd. dollaryna barabar boldy. Daşary söwda dolanyşygynyň uly möçberde oňyn galyndyly bolmagy ýurdumyzyň Töleg balansynyň pugtalanmagy, täze gurluşyklaryň ýokary depginlerde alnyp barylmagy üçin döredilen berk maliýe binýady bolup çykyş etdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Täze Ggalkynyş we ykdysady ösüş **Milli strategiýasy makroykdysady** derejede şu ýörelgelerden ugur alýar:

• döwlet eýeçiligini dolandyrmagyň kämil we bazar şertlerine uýgunlaşan ýokary netijeli görnüşlerini döretmek, döwlet emläginiň netijeli ulanylmagy babatynda wezipeli adamlaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrmak;

• ykdysadyýetiň monopollaşmak derejesini kem-kemden peseltmek, döwlet eýeçiligine degişli kärhanalary tapgyrlaýyn hususy eýeçilige geçirmegi dowam etdirmek, ykdysadyýetiň hususy bölegi bilen jebis arabaglanyşygy saklamak, eýeçiligiň ähli görnüşleriniň ulanylyşynyň ýokary netijeliligini gazanmak;

• gaýtadan işleýän senagat pudaklarynda öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň bäsleşige ukyplylyk derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen düýpli maýa goýum we innowasiýa taslamalaryny höweslendirmek;

• kärhanalaryň önümçilik-maliýe işjeňligine gözegçilik (monitoring) ulgamyny kämil derejelere ýetirmek.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ýokary depginli durmuş-ykdysady ösüşini üpjün edýän şu mümkinçilikleriniň bardygyny bellemelidiris:

• uly möçberlerde uglewodorod, mineral çig mal we ýer-suw serişdeleriniň bolmagy;

• ýurtda syýasy durnuklylygyň saklanylmagy we Türkmenistanyň halkara abraýynyň barha ýokarlanmagy;

• amatly demografiki ösüşiň we ýeterlik möçberde ykdysady işjeň zähmet resurslarynyň bolmagy;

• ykdysadyýetiň ileri tutulyp ösdürilýän ugurlarynda uly möçberli düýpli maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan kanunçylyk binýadynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi;

• bazar institutlaryny depginli ösdürmek üçin zerur şertleriň döredilmegi;

• halkara syýahatçylygyny ösdürmek üçin zerur bolan amatly tebigy şertleriň we rekreasiýa serişdeleriniň bolmagy;

• ilatyň ylym, bilim we intellektual derejesiniň ýeterlik derejede ýokary bolmagy;

• ýurtda öndürilýän harytlary dünýä bazarlaryna dürli ugurlarda çykarmak boýunça ýokary depginler bilen ösýän ulag we kommunikasiýa ulgamlarynyň döredilmegi;

• gurluşyk industriýasynyň kuwwatynyň ýokarylygy.

## §2.Türkmenistanda uly möcberli taslamalaryň, ykdysady başlangyçlaryň amala aşýrylmagy

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan yglan edilen Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň tebigy serişdelerini rejeli we toplumlaýyn özleşdirmek, ösen tehnologiýalary ulanmak bilen, olary senagat taýdan gaýtadan işlemek we ýurtda öndürilen bäsleşige ukyply taýýar önümleri dünýä bazarlaryna amatly nyrhlar bilen çykarmak babatynda köpsanly tutumly başlangyçlar we **taslamalar** öňe sürüldi. 2007-2009-njy ýylaryň içinde, türkmen döwleti tarapyndan ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine düýpli badalga berjek we onuň mundan buýana-da pajarlap ösmegini üpjün etjek ençeme taryhy çözgütler kabul edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary we tagallalary netijesinde häzirki günlerden ýurduň durmuş-ykdysady ösüşinde düýpli öňegidişlikleri gazanmak maksady bilen, uly möçberli taslamalaryň düýbiniň berkden berk tutulmagy üçin ähli zerur şertler döredilendir.

## §3.Türkmenistanyň ýangyç energetika toplumynyň ösüşiniň ayratynlyklary

Türkmenistanyň ýangyç energetika toplumyna gaz senagaty, nebit çykaryjy, nebiti gaýtadan işleýän senagaty we elektrik energetikasy pudaklary degişlidir.

Türkmenistan dünýäniň nebitgaz serişdelerine iň baý ýurtlaryň bäşisiniň hataryna girýär. Halkara we ýurdumyzyň bilermenleriniň baha bermegine görä Türkmenistanyň çig mal serişdeleri nebitiň 20,8 milliard tonnasyna we tebigy gazyň 24,6 trillion kubmetrine deňdir. Ýurdumyzyň bu ägirt uly tebigy baýlyklaryny Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze energetika strategiýasyna laýyklykda örän netijeli ulanmak meýleşdirilýär. Ol milletimiziň şu günki we gelejekki nesilleriniň durmuş derejelerini ýokarlandyrmakdan, şeýle hem tutuş adamzadynyň bähbidine global energiýa üpjünçiligi üçin ulanmaklykdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň tebigy gazy baradaky maglumatlary Beýik Britaniýanyň „**Gaffneý Cline @ Associates**“ atly meşhur kompaniýasy tarapyndan geçirilen garaşsyz auditiň netijeleri hem tassyklady. Bu kompaniýanyň bilermenleriniň bahasy boýunça diňe Günorta Ýoleten-Osman ýatagynyň ýerasty gatlaklarynda “mawy ýangyjyň” 14 trillion kubmetre çenlisi saklanýar, munuň özi Türkmenistany gaz potensialy boýunça dünýäde dördünji orna çykarýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek babatynda strategiýasynda ýangyç-energetika toplumy 2030-njy ýyla çenli döwür üçin ileri tutulyp ösdürilmeli toplumlaryň hataryna goşulandyr. Türkmenistanyň tebigy gazyny we nebit önümlerini daşary ýurtlara eksport etmegiň netijesinde alynýan girdejiler ýurdumyzyň ýokary depginli ykdysady ösüşini durnukly üpjün etmekde hem-de ilatymyzyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmakda wajyp maddy we maliýe serişde çeşmesi bolup durýar.

Türkmenistanda nebit-gaz toplumyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamanyň esasy maksady, ýurtda öndürilýän gazyň möçberini ýylda 250 milliard kub metre, nebitiňkini bolsa, 100 million tonna ýetirmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýangyç-energetiki strategiýasy özüniň köpugurlylygy bilen tapawutlanýar.

Türkmenistanyň ýangyç serişdeleriniň halkara bazaryna çykarylmagy, uly möçberli nebit-gaz taslamalaryna daşary yurt kompaniýalarynyň, işewür adamlarynyň düýpli maýa goýumlaryny çekmeklik, öňdebaryjy tehnologiýalaryny ornaşdyrmak arkaly amala aşyrylýar. Türkmenistan özüniň uglewodorod serişdeleri boýunça gorlaryny, daşary ýurt hyzmatdaşlaryny, iki taraplaýyn bähbitlilik esasynda çekmek arkaly özleşdirmäge çalyşýar. Şunuň bilen baglylykda, uglewodorod serişdeleriniň bar bolan barlanan we geljegi uly bolan gorlaryndan ugur alyp, gaz pudagynda hyzmatdaşlyk etmek babatynda Russiýa, Hytaý, Eýran bilen uzak möhletleýin şertnamalar baglaşyldy, we birnäçe taslamalar amala aşyryldy. Olar, eýýäm ulanmaga berilen, Türkmenistan – Hytaý, Türkmenistan – Eýran gaz geçirijileri bilen bir hatarda, Türkmenistan – Owganystan – Päkistan – Hindistan, Türkmenistan – Gazagystan – Russiýa Hazarýaka we, Hazarüsti gaz geçirijileri ýaly taslamalardyr.

Türkmenistanyň ýangyç-energetika strategiýasy, şol sanda gaz geçirijileri gurmak baradaky saýlap alan ugurlary, hiç hili syýasy bähbitleri aramaga hem, hiç bir taglym ýörelgelerine hem eýermeýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden çykyşynda: “...biz ykdysady taýdan esaslandyrylan hem-de howpsuzlyk, şol sanda ekologiýa howpsuzlygy nukdaýnazaryndan kepillendirilen turba geçirijileriň taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň tarapdarydyrys”1.

2007-nji ýylyň wajyp taryhy ähmiýetli wakalaryna Türkmenistan, Gazagystan we Russiýa döwletleriniň arasynda hazarýaka gaz geçirijisini gurmak boýunça ylalaşygyň gol çekilmegi we Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygy

boýunça işleriň başlanmagy degişlidir. 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenistanyň taryhynda täze sahypa açyldy. Şonda, ýokarda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň, Hytaý halk Raspublikasynyň, Gazagystanyň we Özbegistanyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda Türkmenistan-Özbegistan- Gazagystan-Hytaý

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze belentliklerine tarap. T-1, 177 s.

gaz geçirijisi açyldy. 7 müň kilometr uzynlygy bolan bu gaz geçirijiniň üstünden Hytaýa her ýylda 40 milliard kub metr türkmen gazy eksport ediler. Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi öz gözbaşyny Amyderýanyň sag kenaryndan alyp gaýdýar.

2010-njy ýylyň başynda Eýran Islam Respublikasyna eksport etmek üçin niýetlenen Döwletabat –Salyrýap gaz geçirijisi işe girizildi. Täze gaz geçirijiniň kuwwatlylygy "mawy ýangyjyň" her ýylda 12,5 milliard kubmetrini ibermäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň energetika strategiýasy boýunça geljekde eýranly sarp edijilere her ýylda 20 milliard kubmetre çenli gazyň iberilmegi meýilleşdirilýär.

Türkmenistan öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýär, şol maksatnama bilen özüniň gaz çykaryjy senagatyny tehniki taýdan täzeden, toplumlaýyn esasda yzygiderli enjamlaşdyrýar. Türkmenistan (Derýalyk) – Ýewropa (Orta Aziýa-Merkez) döwletara gaz geçirijisiniň önümçilik infrastrukturasynyň täzelenmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan "Derýalyk" we "Ýylanly" gaz kompressor stansiýalary türkmen gazynyň dünýä standartlaryna laýyk gelmegini üpjün edýär.

Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň nebit çykaryjy senagatynyň ýokary depginli işlemegi üçin dünýä standartlaryna laýyk gelýän birnäçe tehniki we tehnologiki çäreler amala aşyryldy. Nebit ýataklaryny özleşdirmek, täze guýulary gazmak, hereket edýän guýulary gazlift usulyna geçirmek, olaryň hereketsiz duranlaryny çuňlukda ýerleşýän nasoslaryň kömegi arkaly almak we ençeme beýleki taýýarlyk işleri giň gerimlerde ýaýbaňlandyryldy.

Geçirilen çäreleriň netijesinde ýurdymyzyň Hazarýakasynda, Murgap we Amyderýa çäklerindäki nebit ýataklaryndan alynýan nebitiň möçberi ep-esli ýokarlandy. Häzirki döwürde "Türkmennebit" Döwlet konserni nebiti Goturdepede, Barsagelmezde, Çelekende, Nebitdagda, Gumdagda, Gögerendagda, Guýyjykda, Körpejede, Gamyşlyjada, Günorta gamyşlyjada, Ekeremde, Akpatlawukda, Keýmirde, Nebitlijede, Şatutda, Ýaşyldepede we Günorta Ýolötende ýerleşýän nebitgazkondendatly ýataklardan çykarmak işlerini alyp barýar. Geçirilen işleriň netijesinde Türkmenistan boýunça nebitiň çykarylyşy 1995-nji ýylda 4 million tonna bolan bolsa 2009-njy ýylda bu görkeziji 9,6 million tonna çenli ösdi.

Nebitgazkondensatyň täze ýataklaryny özleşdirmek işleri Akpatlawuk, Keýmir, Nebitlije, Şatut, Ýaşyldepe we Günorta Ýolöten sebitlerinde alnyp barylýar.

Täze Galkynyş we beýik özgerişler ýyllarynda Goturdepede işe girizilen gazlift kompressor stansiýasy çykarylýan nebitiň möçberiniň köpelmegine ýardam etdi. Körpeje-Balkanabat aralygyndaky nebitgeçirijiniň gurluşygynyň tamamlanmagy hem täze Galkynyş döwri bilen baglydyr. Bu nebitgeçirijiniň ulanmaga berilmegi bilen Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna çig nebit diňe nebitgeçirijileriň üsti bilen ýetirilip başlady. Bu tehnologiýanyň ykdysady we ekologik taraplarynyň bähbidi örän ýokarydyr.

Türkmenistan nebit çykaryjy senagatynda Russiýa, Hytaý, Beýik Britaniýa, ABŞ, Malaýziýa, Türkiýe, Birleşen Arab Emirlikleri, Saud Arabystan döwletleriniň dünýä belli kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk edýär.

**Nebiti gaýtadan işleýän senagatda** 2008-nji ýylda 7,3 million tonna golaý çig mal gaýtadan işlenildi. 2008-nji ýylda 2,0 million tonna benzin, 2,2 dizel ýangyjy, 86,7 müň tonna polipropilen, 59,2 müň tonna çalgy ýaglary öndürildi. Pudagyň ösüşi, ilkinji nobatda Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Bu ugurda hususan-da, Irlandiýanyň "Emerol" kompaniýasy tarapyndan haýal kokslaýyş enjamyny döwrebaplaşdyrmak, uçarlar üçin kerosini arassalaýjy desgany oturtmak, kuwwatlylygy 2,5 million tonna barabar nebiti ilkinji gezek gaýtadan işleýän desgany gurmak ýaly işleriň amala aşyrylandygyny bellemek gerek. Häzirki döwürde Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodyň tehniki durkuny döwrebaplaşdyrmak gaýragoýulmasyz wezipeleriň hataryna goşulýar. Bu çäräniň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň nebiti gaýtadan işleýän senagatynyň ösüşine düýpli badalga berer. Şeýlelikde, Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumyny ösdürmegiň strategiki ugurlary şulardan ybarat bolar:

- tebigy gazyň çykarylyşyny we eksport edilişini düýpli artdyrmak. Munuň üçin birnäçe transmilli gaz geçirijilerini gurmak göz öňünde tutulýar;

- nebitiň gazylyp alnyşyny, dünýä standartlaryna laýyk gelýän nebit önümleriniň öndürilişini we eksport edilişini düýpli artdyrmak. Nebitiň mukdaryny ilkinji nobatda Hazar deňziniň ýalpak zolagynyň nebit-gaz känlerini özleşdirmek arkaly gazanmak göz öňünde tutulýar. Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodyň durkuny täzelemek göz öňünde tutulýar;

- nebit-gaz toplumynyň çig-mal binýadyny berkitmek, ulanyş we gözleg buraw işleriniň möçberlerini düýpli artdyrmak, işlemeýän guýularyň mukdaryny

azaltmak, nebit we gaz gazlyp çykarylanda, daşalanda, gaýtadan işlenende we ulanylanda çekilýän ýitgileri düýpgöter azaltmak;

- suwuklandyrylan gazy öndürmek boýunça ýeterlik derejede önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek, onuň eksport edilişini düýpli artdyrmak;

- ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmak, şeýle hem ýurduň daşyna eksport etmek üçin elektrik energiýasynyň öndürilişini düýpli artdyrmak.

## §4.Türkmenistanyň elektrik energetikasynyň ösüşiniň gelejegi

Türkmenistanyň **elektrik energetikasy** şu günki günde ýangyç-energetika toplumynyň möhüm pudaklarynyň biridir. Geçen ýyllaryň dowamynda kemala gelen ýurduň elektrik energetika ulgamy, oňaýly şertleriň döredilmeginiň netijesinde, ýurdumyzyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmegiň esasy wezipelerini çözmeklige uly ýardam etdi. Elektrik energiýasyny öndürmekligiň möçberi ýyl-ýyldan artýar. 2009-njy ýylda Türkmenistanda öndürilen elektrik energiýasynyň umumy möçberi 16200,6 million kWt. sagada barabar boldy. Häzirki wagtda „Türkmenenergo“ korporasiýasy boýunça elektrik stansiýalaryň kuwwatlylygy 3439,6 MWt. deňdir. Ýurdumyzyň döwlet Garaşsyzlygynyň ýyllary içinde umumy kuwwatlylygy 1006,4 MWt. barabar bolan gaz turbinaly 5 sany elektrik stansiýalarynyň işe girizilmegi Türkmenistanyň ykdysady ösüşine uly itergi berdi.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Daşoguzda gurlan döwlet elektrik stansiýasy 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-ine Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda işe girizildi. Şeýlelik bilen, öň hereket edýän kuwwatlyklara gaz turbinasynyň ýene-de ikisiniň gurulmagynyň netijesinde 254,2 MWt. kuwwatlyk goşuldy. Bu stansiýada öndüriljek elektrik energiýasynyň diňe bir Daşoguz welaýatynyň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, elektrik energiýasyny, geçiriji ulgamlaryň üsti arkaly, welaýatyň we ýurdumyzyň çäklerinden daşyna çykarmaga hem mümkinçilik döreder. 2008-nji ýylda Daşary ýurtlara umumy bahasy ABŞ-nyň 58,7 million dollaryna barabar bolan 2292,9 million kWt sagat elektrik energiýasy iberildi. Bu bolsa, 2007-njy ýylyň derejesine garanyňda 24% artykdyr. Baglaşylan şertnamalara laýyklykda, Türkmenistanyň elektrik energiýasy goňşy döwletler bolan Owganystana, Eýrana, Türkiýä we Täjigistana iberilýär.

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde Türkmenistanyň ilatyny durmuş taýdan goramak, onuň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak we hakyky girdejilerini ýokarlandyrmak maksady bilen, 1993-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden girizilen Türkmenistanyň ilatynyň elektrik energiýasyna, suwa, tebigy we suwuklandyrylan gaza bolan zerurlyklaryny mugtuna üpjün etmek syýasaty Täze Galkynyş döwründe dowam etdirildi. 2008-nji ýyldan bolsa awtoulag sürüjiler üçin degişli ýangyçlar hem mugt edildi.

Beýik özgertmeleriň gözbaşynda duran Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen durmuşa geçirilýän „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy, ýurdumyz üçin diňe bir ykdysady taýdan ähmiýetli bolmak bilen çäklenmän, eýsem syýasy taýdan hem wajyp ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň Energetika we senagat ministrligine, Beýik Britaniýanyň „Garanti Koza LLP“ kompaniýasy bilen bilelikde „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda kuwwaty 254 MWt bolan kombinirlenen gaz turbinaly elektrik stansiýanyň gurluşygy 2007-nji ýylyň dekabr aýynda başlanyp 2010-njy ýylyň aprel aýynda ulanmaga tabşyryldy. Bu elektrik stansiýada öndüriljek elektrik energiýasy Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşjek syýahatçyyk desgalaryny, Türkmenbaşy şäheriniň ilatly ýerlerini we senagatyny elektrik energiýasy bilen doly we ygtybarly üpjün eder. Balkanabatda hem şu hili elektrik stansiýa işe girizildi. Elektrik stansiýalaryň kuwwatynyň artmagy goňşy Eýrana, Türkiýä satylýan elektrik energiýanyň möçberini artdyrmaga mümkinçilik döreder.

Ahal welaýatynda hem kuwwatlylygy 375 MWt. sagada barabar bolan kombinirlenen gaz turbinaly elektrik stansiýasy gurulup ulanmaga berildi. Bu elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi bilen Aşgabat şäheri we Ahal welaýaty zerur bolan elektrik energiýasy bilen durnukly üpjün ediler.

## §5.Ýurduň himiýa we nebitgaz himiýasy senagatyny ösdürmegiň esasy ugurlary

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmakda himiýa we nebitgaz himiýasy senagatyna aýratyn orun berilýär. Bu pudaklaryň ýaýbaňlanyp ösmeklerine biziň ýurdumyzda ähli mümkinçilikler bardyr.Sebäbi Türkmenistan himiýa senagaty üçin zerur bolan mineral serişdeleriniň gorlary boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Baý tebigy serişdeleriniň doly möçberli, toplumlaýyn özleşdirilmegi milli ykdysadyýetimiziň uly geljegi

nazarlaýan pudagy bolan himiýa industriýasynyň strategik wezipeleriniň biri bolup durýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanda himiýa we nebitgaz himiýa önümlerinden mineral dökünler, tehniki ýod, brom, polipropilen, sulfat natri öndürilýär. Türkmenistanyň himiýa pudak edaralaryna we kärhanalaryna „Türkmenhimiýa“ döwlet konserni, „Maryazot önümçilik birleşigi“ „Hazar“ himiýa zawody, „Balkanabat“ ýod zawody, „Tejenkarbamid“ zawody, „Türkmenabat“ himiýa zawody, „Garabogazsulfat“ önümçilik birleşigi degişlidirler.

«Maryazot» önümçilik birleşiginde 2009-nji ýylda önümçilik kuwwatlylygy ýylda 400 müň tonna barabar bolan karbamid zawodyny enjamlaşdyrmak boýunça gurluşyk işleri alnyp baryldy. Mundan başga-da, dünýäde kaliý duzlarynyň iň baý ýataklarynyň biri bolan Garlyk meýdançasynda kaliý dökünlerini öndürýän zawodyň gurluşyk işleri başlandy. Bu taslama boýunça 2010-njy ýylda 50 million manat möçberde düýpli maýa goýumlaryny özleşdirmek bellenildi.

Ýod önümçiliginiň kuwwatlygyny artdyrmak maksady bilen 2008-nji ýylda „Hazar“ himiýa zawodynda ýylda jemi 350 tonna we „Balkanabat“ ýod zawodynda ýylda jemi 400 tonna tehniki ýod öndürýän desgalaryň gurluşyklary başlandy. Şeýle hem Balkanabat ýod zawodynyň Nebitdag-Monjukly ýod-brom suwly çig mal ýatagynyň durkuny täzelemek işleri geçirilýär. Şu maksatlar bilen, 2010-njy ýylda bu işleri geçirmek üçin 41,84 million manat serişde gönükdiriler.

“Türkmenhimiýa” döwlet konserni bellenilen ugurlar boýunça köpsanly daşary ýurt kompaniýalary bilen maýa goýumlaryny çekmek, häzirki zaman tehnologiýalaryny getirmek, zawodlary gurmak we ýerli hünärmenleri taýýarlamak boýunça möçberli işleri geçirýar.

Türkmenistanyň himiýa senagatyny ösdürmegiň häzirki we uzak möhletli meselelerini çözmek üçin hem-de häzirki döwürde işläp gelýän we geljekde gurnaljak önümçilikleri ylmy taýdan alyp barmak we esaslandyrmak maksady bilen, Ylymlar akademiýasynyň Himiýa instituty döredildi.

2009-njy ýylyň 19-njy iýunynda garaşsyz döwletimiziň Täze Galkynyş eýýamyny häsiýetlendirýän giň gerimli taslamanyň amala aşyrylmagyna ýol açyldy. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda Kaliý dökünlerini öndürmek boýunça dag-magdanlaryny baýlaşdyryjy toplumynyň gurluşygy başlandy. Bi ägirt uly senagat kärhanasynyň Kaliý duzlaryny öndürijilik kuwwaty ýylda 1-1,5million tonna barabar bolup çykarýan önümini eksporta ugratmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň himiýa pudagyny ösdürmek babatynda strategiýasy şu ugurlar boýunça uly möçberli işleri alyp barmagy özünde jemleýär:

- himiýa pudagynyň çig mal ýataklaryny özleşdirmegiň, häzirki wagtda hereket edýän himiýa kärhanalarynda düýpli abatlaşdyryş, döwrebaplaşdyryş we durkuny täzelemek işlerini geçirmegiň hem-de dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryna esaslanýan täze desgalary gurmagyň netijesinde himiki çig maly rejeli ulanmak, olardan dünýä standartlaryna laýyk gelýän himiki önümleri almak, öndürilýän önümleriň görnüşlerini köpeltmek, ýurdumyzyň içerki bazarynyň isleglerini doly kanagatlandyrmak we daşarky bazarlara çykarmak;
- azot döküniniň öndürilişini „Maryazot“ önümçilik birleşiginde, „Tejenkarbamid“ zawodynda, Balkan welaýatynda (2 kärhana), Türkmenabadyň himiýa zawodynda täze ammiak-karbamid toplumlaryny gurmagyň, „Maryazot“ önümçilik birleşigindäki işläp gelýän desgalaryň durkuny täzelemegiň, Türkmenabadyň himiýa zawodynda azot dökünleriniň täze görnüşini, ýagny ammoniý sulfatynyň önümçiligini ýola goýmagyň hasabyna artdyrmak;
- Türkmenabat şäheriniň himiýa zawodynda desgalaryň durky täzelenip, kükürt kislotasyny öndürýän täze desgany gurmagyň netijesinde ýokary konsentrasiýaly fosfor dökünini, ýagny ammofosfaty öndürýän önümçiligi gaýtadan dikeldiler we onuň kuwwatlylygy ýylda 350 müň tonna ýetiriler. Ýurdumyzyň oba hojalygynyň bu önüme bolan islegi doly kanagatlandyrylar. Artykmaç ammofosfat daşary ýurt bazarlaryna çykarmak;
- ýurdumyzda bar bolan kaliý duzlarynyň uly bolan ýataklarynyň esasynda kaliý dökünleriniň önümçiligini ýola goýmak. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy esasynda, Lebap welaýatynyň „Garlyk“ kaliý duz ýatagynyň gorlaryny ulanyp, ýylda 1,5 million tonna önüm öndürýän dag-magdanlaryny baýlasdyryjy toplumynyň gurluşygyny gysga wagtda amala aşyrmaly. Geljekde zawodyň önümini daşary bazarlara eksport etmeli;
- Türkmenistanda ýod-bromly çig-malyň tassyklanan we mümkin bolan gorlarynyň esasynda ýoduň we onuň birleşmeleriniň, bromyň we onuň duzlarynyň önümçiliklerini dünýä bazarynyň isleglerini öwrenip, ýeterlik möçberlerde artdyrmak;
- „Garabogaz“ kölüniň baýlyklaryny toplumlaýyn esasda özleşdirmegi döwrebap derejelerde ýola goýmak.

Umuman, ýurduň himiýa çig mal serişdeleri uly möçberlerde bolup, himiýa senagatynyň ýurduň ykdysady ösüşinde öňdebaryjy orunlara çykmagyna we ýokary hilli önümleriň eksport edilmeginiň netijesinde, Türkmenistanyň walýuta serişdelerine uly goşant goşmaga doly mümkinçiligi bardyr.

## §6.Yurduň dokma töplumyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda döwrebap enjamlaşdyrylan we önümleri eksporta niýetlenen dokma senagaty döredildi. Dokma senagaty gysga döwrüň içinde Türkmenistanyň dokma önümlerini dünýa tanatdy we ýurda gelip gowuşýan walýuta serişdeleriniň artmagyna getirdi. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň dokma senagatynyň wajyp sosial meseleleri çözmekde-de ähmiýeti örän uludyr. Bu pudagyň kärhanalarynyň aglabasy etrap merkezlerinde, şäherçelerde, obalarda guruldy. Bu bolsa, oba we kiçi şäherleriň ilatynyň iş üpjünçiliginiň we pul girdejileriniň ýokarlanmagyna getirdi.

2008-nji ýylda ýurtda 89 müň tonna nah ýüplügi, 185,5 million inedördül metr nah matalary, 7,1 müň tonna örülen matalar, 4,2 trillion manatlyk tikinçilik we örülen önümler öndürildi. Toplumyň öndürýän önümleriniň esasy bölegi Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň kärhanalarynyň paýyna düşýär.

Täze Galkynyş we beýik özgerişler döwründe, dokma pudagynyň önümçilik kuwwatlylygy ep-esli ýokarlandy. Bu işleriň netijesinde pagta süýmüniň gaýtadan işleniliş derejesini düýpli artdyrmaga we ony 130 müň tonna ýetirmäge mümkinçilik berdi. Bu bolsa ýurdumyzda taýýarlanýan pagta süýmüniň umumy mukdarynyň 45% -ine deňdir.

Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky kärhanalar tarapyndan 2008-nji ýylda öndürilen harytlyk önümleriniň möçberi 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 9,9% ýokarlandy. 2009-njy ýylda Türkmenabatda, Daşoguzda we Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda pagta egriji kärhanalar işe girizildi.

Pudagyň garamagyndaky kärhanalar tarapyndan içerki bazary ýokary hilli, giň assortimentli taýýar önümler bilen üpjün etmek wezipe edilip goýuldy. Şol sebäpden, çaga we ýetginjekler üçin aýakgaplary, bäbekler üçin sütükli we tikin önümleri, panbarhat we ýüpek matalaryň dürli görnüşlerini öndürmek göz öňünde tutulýar.

Bellenilen sepgitlere ýetmek üçin ministrlikde hereket edýän bazary öwreniş ulgamy has döwrebap guralyp, söwdanyň möçberleri artdyrylar. Şeýle hem, dokma pudagynyň kärhanalarynyň öndürýän önümleriniň assortimenti yzygiderli täzelenip, önümleri giňden mahabatlandyrmak boýunça degişli işler geçirler. Taýýar önümleriň bahasyny arzanlatmak, şonuň bilen birlikde, olaryň bäsleşige

ukyplylygyny gazanmak maksady bilen, ýurdumyzda öndürilmeýän kömekçi materiallary, himikatlary, boýaglary, ätiýaçlyk şaýlaryny we ş.m. harytlary öndürijiler bilen göni şertnamalary baglaşmak arkaly işleşmek ýola goýuldy. Şeýle-de, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary esasynda, gön pudagyna berilýän hemaýatlar, gön kärhanalarynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň doly güýjünde işlemegini üpjün etdi. Bu bolsa, aýakgap kärhanalarynyň esasy çig mala – gön önümlerine bolan islegini öz öndürýän gön önümlerimiz bilen doly üpjün etmäge şert döretdi.

Täze Galkynyş eýýamynda öndürilen önümleriň baha we haryt görnüşinde meýilleşdirilen möçberi artdyryldy. Bu ösüş kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklaryny netijeli peýdalanmagynyň we 2007-nji ýylda işe girizilen Aşgabat dokma toplumynyň hem-de Abadan şäherindäki nah egriji fabriginiň doly önümçilik kuwwatlylygynda işlemeginiň hasabyna üpjün edildi. Şonuň ýaly hem ýokary görkezijiler, Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabyndaky umumy bahasy ABŞ-nyň 27,8 million dollaryna deň bolan, ýyllyk kuwwatlylygy 1,0 million boý metre deň panbarhat matasyny öndürýän fabrigiň hem-de Aşgabat şäherindäki umumy bahasy ABŞ-nyň 7,5 million dollaryna deň bolan, ýyllyk kuwwatlylygy 4200 tonna lukmançylyk pamygy, 12,4 million gap timar beriş serişdelerini öndürýän fabriginiň ulanmaga berilmegi bilen baglydyr. Bulardan başga-da Täze Galkynyş ýyllarynda kuwwatlygy ýylda 30 müň tonna bolan 2 sany pamyk egriji fabrikleri Daşoguz we Lebap welaýatlarynda guruldy we işe girizildi. Şularyň netijesinde, müňden gowrak iş orunlary döredildi we ýurdumyzyň özünde pagta süýmüniň gaýtadan işleniş derejesini has ýokarlanmaga mümkinçilik berdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň dokma senagatyny ösdürmek strategiýasy esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- pagta süýüminiň çig mal görnüşinde eksportyny azaldyp, nah ýüplüginiň önümçiligini artdyrmak we olary dünýä bazarlaryna çykarmak. Munuň üçin pagta öndürýän etraplarda pagta egriji fabrikleri gurmak;
- tehnologiki taýdan gutarnykly, taýýar önümleri öndürýän dokma toplumlarynyň gerimini giňeltmek;
- ýurduň içerki sarp ediş bazarlaryna niýetlenen önümleriň möçberlerini we görnüşlerini düýpli artdyrmak;
- ösen tehnologiýalary ulanmak arkaly dokma toplumynyň önümleriniň dünýä bazarlarynda bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmak we ýurduň eksportynda dokma önümlerini ýerlemekden daşary ýurt pulunda gelip gowuşýan walýuta serişdeleriň möçberini artdyrmak;
- dokma önümlerini dünýä bazarlarynda we ýurduň içerki bazarlarynda amatly we bökdençsiz ýerlemek boýunça ösen bazar gözleg (marketing) gulluklarynyň işini döwrebap ýola goýmak;

- dokma önümleriniň önümçiliginde we eksportynda hususy telekeçiligiň ornunyň ösmegine giňden ýardam bermek;
- dokma senagaty üçin ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça döwrebap ulgamy döretmek.

## §7.Türkmenistanda maýa goýum işjeňligi we gürluşyk toplumynyň ösüşi

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady ýörelgeleriniň esasy sütünleriniň biri hem işjeň maýa goýum syýasatyny alyp barmak bilen baglanyşyklydyr. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyzyň sosial-ykdysady ösüşine gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberi 2009-njy ýylda 2006-njy ýylyň derejesinden 6,1 esse ýokary geldi. 2009-njy ýylyň netijesi boýunça maýa goýumlarynyň ýurdumyzyň JIÖ-ne bolan gatnaşygy 47,4%-e barabar boldy. Bu uly möçberli serişdeleriň özleşdirilmeginiň netijesinde ykdysadyýetiň gurluşyk pudagynyň ösüş depgini esli ýokarlandy. 2009-njy ýylda gurluşyk pudagynda döredilen goşulan gymmatyň möçberi 2008-nji ýyla garanyňda 2,9 esse artdy. Pudagyň ýurduň JlÖ-sindäki paýy 2008-nji ýylda 6,7% bolanlygyndan, 2009-njy ýylda 16,9%-e çenli ýokarlandy.

Gurluşyk ykdysadyýetiň köpeldiji, ýagny multiplikatiw häsiýetli pudaklarynyň hataryna degişlidir. Gurluşyk pudagy ýurduň jemi içerki önüminiň ösüş depginine dine bir gös-göni täsirini ýetirmän, eýsem täze obýektleriň ulanmaga berilmeginiň netijesinde gytaklaýyn häsiýetde döreýän netijeleriň artmagyna hem belli bir derejede täsirini ýetirýän pudakdyr. Ýurdumyz boýunça önümçilik we sosial-medeni obýektleriň ýüzlerçesiniň ulanmaga berilmeginiň netijesinde ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda döredilýän goşulan gymmatyň möçberi artýar, müňlerçe täze iş orunlary döreýär, öň hereket edýän önümçilikleriň we sosial-medeni, hyzmat ediş edaralarynyň tehniki taýdan durky täzelenýär, täzeden enjamlaşdyrylýar. Bu işleriň amala aşyrylmagy hormatly Prezidentimiziň köp ugurly sosial-ykdysady maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagyna şert döredýär.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden Täze Galkynyş we ykdysady ösüş syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmekde ýurduň gurluşyk toplumyny düýpgöter özgertmek we döwrebaplaşdyrmak, alnyp barylýan gurluşyklaryň hilini ýokarlandyrmak we dünýä standartlaryna laýyk getirmek, gurluşykda we gurluşyk materiallary senagatynda ösen tehnologiýalary we innowasiýalary ulanýan, dürli eýeçilik görnüşlerine daýanyp, ösýän edara-

kärhanalary döretmek, toplumda hojalygy ýöretmegiň kämilleşdirilen mehanizmini işläp taýýarlamak aýratyn ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetine uly möçberlerde düýpli maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi depginli ösüşi we döwrebaplaşdyrmagy üpjün edýän gurluşyk toplumyny döretmek wezipesini öňde goýýar. Geljekde Türkmenistanyň gurluşyk toplumyny ösdürmekde şu wezipeleri amala aşyrmak zerurlygy öňde durýar:

- ýurtda alnyp barylýan düýpli gurluşyklarda Türkmenistanyň döwlete degişli we döwlete degişli bolmadyk gurluşyk edara-kärhanalarynyň alyp barýan potratçylyk işleriniň möçberlerini artdyrmak, Türkmenistanyň ösen derejeli gurluşyk toplumyny döretmek;
- Türkmenistanyň gurluşyk edaralarynyň alyp barýan gurluşyk- gurnama işleriniň hilini düýpli ýokarlandyrmak we dünýä standartlaryna laýyk getirmek;
- gurluşyk toplumynda bar bolan pudagara we sebitara arabaglanyşyklary kämilleşdirmek;
- Türkmenistanyň gurluşyk edaralarynyň we gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalarynyň häzirki wagtda daşary ýurt puluna gurulýan gurluşyklary gurmaklarynyň we olary gurluşyk materiallary bilen üpjün etmekleriniň netijesinde, ýurda gelip gowuşýan walýutanyň tygşytlanylmagyny üpjün etmek;
- düýpli gurluşykda we gurluşyk materiallary senagatynda ösen tehnologiýalary we innowasiýalary ulanýan edara-kärhanalary döretmek;
- gurluşyk toplumynda dürli eýeçilik görnüşlerine daýanyp ösýän uly möçberli korporatiw häsiýetli gurluşyk kompaniýalaryny döretmek;
- gurluşyk işinde we gurluşyk materiallary senagatynda kiçi we orta telekeçiligi giňden ösdürmegi ýola goýmak;
- gurluşyk toplumynda döwrebap dolandyryjylary, menejerleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak işini düýpgöter döwrebaplaşdyrmak;
- gurluşyk toplumynda hojalygy ýöretmegiň täze mehanizmini işläp taýýarlamak.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öňde goýýan wezipelerini şunuň bilen birlikde, şu çäreleri geçirmeklik göz öňüne tutulýar:

- gurluşyk edaralarynyň we gurluşyk materiallary senagatynyň kärhanalaryny täze tehniki üpjünçilik şertlerine geçmek arkaly, esasy serişde üpjünçiligini düýpli ýokarlandyrmak;
- daşary ýurt önümleri bilen bäsleşige ukyply gurluşyk materiallaryny, konstruksiýalary öndürmegi gurnamak;
- gurluşyk materiallaryny, önümlerini we konstruksiýalaryny öndürmekde çykarylýan maddy, energiýa we zähmet serişdeleriniň tygşytlanmagyny gazanmak;

- toplumda hojalyk işini alyp barýan ähli subýektler üçin deň ykdysady şertleri döretmek;
- düýpli maýa goýumlaryň özleşdirilýän möhletini azaltmak;
- pudakda we gurluşyk toplumy bilen arabaglanyşykly pudaklarda goşmaça iş ýerlerini döretmek.

Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek, ilatyň ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň kärhanalaryna we döwlet eýeçiligindäki beýleki gurluşyk kärhanalaryna kömekçi potratçylary çekmek bilen, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleriniň we hususy ýaşaýyş jaýlaryny gowulandyrmaga zerurlygy bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň ýüz tutmalary boýunça üçtaraplaýyn şertnama esasynda obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde, şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň merkezlerinde Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna laýyklykda 2 gatdan ýokary bolmadyk jaýlary öň berlen we täze berilýän ýer böleginde gurmagy öz serişdeleriniň we Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan banklaryndan göterimsiz alnan karzlaryň hasabyna amala aşyrmak tabşyryldy.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň gurluşyk toplumy ýokary depginlerde öser we döwrüň talabyna laýyk gelýän ýokary hilli gurluşyk işlerini alyp barmaga doly mümkinçilik alar.

## §8.Ulag we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmekligiň esasy şepgitleri

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurduň ulag we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmegi üns merkezinde saklaýar. Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden taryhy çykyşynda şeýle diýdi: “Türkmenistan Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky ýollaryň çatrygynda ýerleşmek bilen, geografiýa nukdaýnazaryndan amatly ýerde ýerleşýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde biziň ýurdumyzda häzirki zaman ulag we aragatnaşyk ulgamlary döredildi”

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ulag ulgamynda umumy peýdalanylýan demir ýollaryň uzynlygy 3115,8 kilometre, içerki suw gämi gatnaw ýollarynyňky 594 kilometre, umumy peýdalanyşdaky awtomobil ýollarynyňky 13640 kilometre barabardyr. Awtomobil ýollarynyň 12255 kilometri gaty örtükli ýollardan, olaryň bolsa 135 kilometri 1-nji tehniki derejeli, ýagny iki hatarly awtomobil ýollardan ybaratdyr.

Ulaglaryň görnüşleri boýunça daşalýan ýükleriň esasy bölegi (86,2%) awtomobil ulagynyň paýyna düşýär. Ýükleriň daşalyşynda demir ýol ulagynyň

paýy 3,9%, içerki suw ýollaryňky 0,6% deňdir. Ulag görnüşleriniň ýolagçy gatnadylyşy boýunça düzümi hem şeýle häsiýetdedir, ýagny ýolagçylaryň 99,2% awtomobil ulagyndan, 0,6% demir ýol ulagyndan we 0,2% howa uçarlaryndan peýdalanýarlar. Bu sanlar bazar gatnaşyklaryna çalt uýgunlaşýan awtomobil ulagynyň paýynyň ýokarydygyna şaýatlyk etmek bilen, ulgamda alnyp barylýan bazar özgertmeleriniň depginini şertlendirýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda demir we gara ýollaryň ençemesiniň gurluşygy amala aşyryldy. Şu ýyllarda Tejen-Sarahs-Maşat, Aşgabat-Garagum-Daşoguz, Türkmenabat-Atamyrat demir ýollarynyň gurluşyklary amala aşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň XIX Halk Maslahatynda eden çykyşynda şeýle diýdi: "Ýurtda ulag we aragatnaşyk ulgamlary ösdüriler. Demir hem gara ýollaryň gurluşygyny dowam etdireris. Täze uçarlar, otlular, awtoulaglar satyn alnar. Öýjükli telefonlaryň, internet aragatnaşygy ulgamynyň her bir raýat üçin elýeterli bolmagyny üpjün ederis"

Täze Galkynyş eýýamynda Döwlet baştutanymyzyň ulag we aragatnaşyk ulgamyna degişli başlangyçlary durmuşa ornaşdyrylýar Uzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen demir ýolunyň gurluşygyna badalga berildi. Bu demir ýolunyň üsti bilen, Ewropa ýurtlary, Russiýa, Gazagystan iň ýakyn ugurlar bilen Pars aýlagyna çykmaga mümkinçilik alarlar. Atamyrat şäherinde Amyderýanyň üstünden demir ýol köprüsiniň gurluşygynyň 2009-njy ýylyň 16-nji sentýabrynda tamamlanyp ulanmaga berilmegi Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň dabarasydyr.

Ýurdumyzyň awtomobil we demir ýollarynyň köp şahaly ulgamy gadymy türkmen topragynyň nebit we gaz ýataklaryny, beýleki ägirt uly tebigy baýlyklaryny çalt depginler bilen özleşdirmäge, tarp ýerleri açmaga, täze şäherleri we obalary gurmaga giň ýol açýar. Gurluşyklary güýçli depginlerde alnyp barylýan we halkara standartlaryna laýyk gelýän köp hatarly awtomobil ýollary Türkmenistany ähli ugurlar boýunça kesip geçip, ýurdumyzyň demirgazygyny we günortasyny, gündogaryny we günbataryny gysga ýollar bilen birleşdirer.

Aşgabatdaky Arçabil şaýoly häzir awtomobil ýollaryny gurujylar üçin özboluşly nusga bolup durýar. Ýakyn wagtlarda uzynlygy 200 kilometre barabar boljak aýlaw awtomobil ýoly kemala gelip paýtagtymyzyň iri ulag damaryna öwrüler. Bu ýol Aşgabat şäherini "altyn halka" bilen gurşap alar. Köp hatarly bu awtomobil ýoly obalaryň we şäherleriň içinden, günorta tarapda bolsa Köpetdagyň eteginden geçer. Aýlaw awtomobil ýolunyň işe girizilmegi uly ýükli ulaglaryň

paýtagtymyzyň daşyndan aýlanyp geçmegine mümkinçilik berer. Munuň özi şäheriň içindäki ýollarynda awtoulag gatnawyny ep-esli azaldar, paýtagtyň ekologiýa ýagdaýyny sagdynlaşdyrmaga ýardam eder.

“Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň ýokary depginlerde özleşdirilmegi bilen baglylykda, Türkmenbaşy şäherinde, umumy bahasy ABŞ-nyň 125 million dollaryna barabar bolan täze halkara derejeli aeroportyň gurluşygy tamamlanyp ulanmaga berildi. Bu aeroport ýurdumyzyň wajyp howa derwezesine öwrüler we Günorta, Günorta-Gündogar Aziýa howa menzillerinde möhüm tranzit nokadyna öwrüler. Halkara aerotoplumynyň kuwwatlylygy sagatda 6 uçara we 800 ýolagça barabardyr. Türkmenbaşy şäheriniň häzirki aerowokzaly bolsa ýük terminalyna öwrüldi.

Türkmenistanyň milli deňiz flotunda hem uly özgerişliklere garaşylýar. Nebit önümlerini, suwuklandyrylan gazy daşamak üçin täze gämiler, deňiz nebit platformalaryna hyzmat etmek üçin we portda işlemek üçin tirkeg gämileri, döwrebap ýolagçy gämileri satyn alnar.Türkmenbaşy portunyň durkuny täzelemek we täzeden enjamlaşdyrmak, Hazaryň kenarynda köpugurly täze deňiz terminallaryny, üstaşyr ýükleri işlemek we saklamak, eksport-import amallaryny ýerine ýetirmek üçin iň täze ýük ýükleýiş-düşüriş enjamlary bilen üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde Türkmenbaşy deňiz portunyň ähmiýeti mundan beýläk-de ýokarlanar. Ýakyn ýyllarda Türkmenbaşyda deňiz wokzaly gurlar we ol ýerde ýolagçylar üçin iň amatly şertler döredbefore.

Ýurdumyzyň raýat awiýasiýasynyň tehniki parkyny döwrebaplaşdyrmak we täzelemek işileri hem dowam edýär.

Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk ulgamynyň uzak möhletleýin strategik ösüş ugurlary şulardan ybaratdyr:

Ulagda:

- ýurduň, şeýle hem goňşy döwletleriň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine amatly we ýokary netijeli goşulyşmagyny üpjün etmek maksady bilen “Demirgazyk-Günorta” transmilli ulag geçelgesinde aýgytlaýjy orunlary eýelemek. Munuň üçin transmilli demir we gara ýollaryň, köprüleriň, şeýle hem ulag infrastrukturasynyň giň ulgamyny döretmek;

- ýurduň ykdysadyýetiniň we ilatynyň ulag serişdeleriniň ýokary hilli hyzmatlaryna bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak;

- ýükleri daşamak we ilata hyzmat etmek boýunça dünýä standartlaryna laýyk gelýän täze terminallary gurmak;

- oba ýerlerinde gaty örtükli gara ýollary gurmak;

- Türkmenbaşy şäherinde deňiz menziliniň durkuny dünýä standartlarynyň derejelerinde täzelemek;

- howa uçarlarynyň, deňiz gämileriniň, awtobuslaryň we beýleki ulag serişdeleriniň parklaryny doly täzelemek;

- ýük we ýolagçy ulagynda ulag serişdeleriniň lizing esasda täzelenmeginiň mehanizmini işläp düzmek.

Aragatnaşykda we kommunikasiýalarda:

- aragatnaşyk we kommunikasiýalar pudaklarynyň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak;

- aragatnaşyk we telekommunikasiýa pudaklarynyň ösüşine daşary ýurt düýpli maýa goýumlaryny çekmegiň möçberini artdyrmak;

- maglumat hyzmatlarynyň bazaryny ösdürmek;

- ilatyň elektron-maglumat serişdelerini ulanmagy üçin zerur bolan infrastruktura obýektleriniň gerimini giňeltmek;

- döwrebap maglumat we kommunikasiýa toplumlaryny dolandyrmak boýunça degişli hünärmenleri taýýarlamak.

## §9.Sowda we hyzmatlaryň ösüşi

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň özbaşdak daşary ykdysady syýasaty döredildi we ösdürildi. Türkmenistan sowet döwründe-de önümleri ýurduň daşyna uly möçberlerde çykarýan respublikalaryň hataryna girýärdi. Ýurduň daşyna tebigy gaz, nebit, pagta süýümi, gök önümler, bakja, garaköli bagana we ençeme beýleki önümler arzan bahalar bilen çykarylýardy. Ýurduň daşyndan, gymmat bahalar bilen, azyk we ilatyň sarp edýän azyk däl harytlary getirilýärdi. Daşary söwda gatnaşyklaryndan alynýan girdejiler, esasan, ýurduň daşyna çykarylýan önümleri öndürýän pudaklaryň ösüşine gönükdirilýärdi. Onuň ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda eýeleýän ähmiýeti ujypsyzdy.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň ykdysady syýasaty ýurdumyzyň söwdä we hyzmatlar pudagynyň kämilleşdirilmegine we ýokary

depginler bilen ösmegine mümkinçilikler döretdi. Bu pudagyň ösüş derejesini häsiýetlendirýän esasy görkezijiler şulardan ybaratdyr:

**Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi (ABŞ-nyň milliard dollarynda)**




Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary netijesinde 2008-nji ýylda tebigy gazyň eksportynyň möçberi 136,8% ýokarlandy. Bu bolsa ýurduň eksportynyň tebigy gazyň hasabyna düýpli artmagyna mümkinçilik döretdi.

Täze Galkynyş ýyllary içinde Türkmenistanyň eksportynyň düzümini kämilleşdirmek, onda taýýar önümleriň paýyny ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler geçirildi. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň durkunyň täzelenmegi, täze önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmegi ýurduň eksportynda

nebit önümleriniň paýynyň ýokary depginler bilen artmagyna getirdi. Soňky ýyllarda, polipropileniň, suwuklandyrylan gazyň eksport möçberleri artdy. Häzirki döwürde Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodyň tehniki taýdan durkuny täzelemek wezipesi öňde durýar. Bu wezipäniň amala aşyrylmagy eksport edilýän nebit önümleriniň möçberiniň we ýurdumyza gelip gowuşýan walýuta serişdeleriniň artmagyna mümkinçilik berer.

Ösen dokma senagatynyň döredilmegi nah ýüplükleriň we nah matalaryň ýurduň eksportyndaky paýynyň ýokarlanmagyna getirdi. Dokma senagatynda geljekde-de, ahyrky önümleriň eksport edilýän paýyny yzygiderli artdyrmak strategik wezipeleriň hataryna girýär.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmagy, ýagny onuň haryt görnüşleriniň mukdaryny we paýlaryny artdyrmagy wajyp wezipeleriň hataryna goşýar. Häzirki wagtda, ýurduň eksportynyň düzüminde ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny özünde jemleýän harytlaryň we agrosenagat toplumynyň önümleriniň paýy onçakly ýokary däl. Şol bir wagtyň özünde-de, ýurdumyzyň bu ugurlardan mümkinçilikleri ägirt uludyr. Bu işleri amala aşyrmakda Türkmenistanyň Söwda we ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň ähmiýeti häzirki döwürde has-da artýar. Bu ministrlik, Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasy bilen bilelikde, ýurduň eksportynyň geriminiň giňemegine düýpli goşant goşmalydyr. Munuň netijesinde agrosenagat toplumynyň pudaklarynyň maliýe-ykdysady ýagdaýy düýpgöter berkär, sebäbi bu pudaklar köp möçberde walýuta gazanmaga mümkinçilik alarlar.

Türkmenistanda bu ugurda bar bolan uly mümkinçilikler entek doly ulanylmaýar. Türkmenistanyň himiýa we nebitgaz himiýasy pudagynyň, agrosenagat toplumynyň, gaýtadan işleýän beýleki senagat pudaklarynyň önümlerini uly möçberlerde daşary ýurtlara çykarmak boýunça degişli çäreler geçirilýär.

Türkmenistanyň suwuklandyrylan gazynyň eksportyny köpeltmek mümkinçiligi hem örän uludyr.

Ýurdumyzyň geljekde özüniň gök we bakja önümleri, üzümi, zeýtuny, nary, miweleri we olardan alynýan ýokary hilli, ekologiki taýdan arassa harytlary bilen dünýä bazarlaryna çykmaklygy hem ýakyn ýyllaryň mümkinçilikleridir. Şeýle hem, ýurdumyzyň içerki bazaryny giňden öwrenmek arkaly, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň möçberi has-da köpeldiler we olaryň görnüşleri giňeldiler. Harytlaryň giň görnüşleriniň ýeterlik möçberde ýurdumyza getirilmegi haryt

bolçulygyny üpjün eder we olaryň bahalarynyň durnukly bolmagyny we peselmegini üpjün eder.

Türkmenistanyň importynyň esasy bölegini (70-80%) önümçilik-tehniki maksatly serişdeler tutýar. Olardan aglabasy maşynlar, enjamlar we mehanizmler, metallar we olardan ýasalan önümler, ulag serişdeleri, himiýa we onuň bilen baglanyşykly senagat pudaklarynyň önümleri tutýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz import önümleriň düzüminde çig mallaryň we materiallaryň paýyny peseltmek wezipesini öňde goýýar. Munuň üçin, ýurduň düýpli gurluşygyny demir we gurluşyk materiallary senagatynyň önümleri bilen üpjün edýän kärhanalary gurmak işi giň gerimlerde alnyp barylýar.

Türkmenistanda daşary ýurtlardan import edilýän önümleriň düzüminde ilatyň sarp edýän azyk däl harytlarynyň paýy hem ýokarydyr. Bu görkezijini peseltmek üçin ýurduň ykdysadyýetinde ahyrky önümleri öndürýän gaýtadan işleýän senagat pudaklaryny giň gerimde ösdürmeli. Şonuň üçin, içerki bazarlaryň isleglerini çuňňur öwrenip, mümkin bolan harytlary öndürmek boýunça ýerli önümçilikleri gurnamak wajyp wezipeleriň hataryna girýär.

Türkmenistan dünýäniň 60 döwletine öz harytlaryny eksport edýär. Türkmenistanyň harytlary esasan, Russiýa Federasiýasyna, Eýrana, Italiýa, Türkiýä, Owganystana, Şweýsariýa we beýleki ýurtlara eksport edilýär. Ýurduň import edýän döwletleriniň geografiýasy has-da giň bolup, dünýäniň 75 döwletinden harytlar getirilýär. Esasy import edilýän ýurtlaryň hataryna Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Russiýa Federasiýasy, Hytaý, Ukraina, ABŞ, Germaniýa, Eýran we beýlekiler girýärler. Şeýlelikde, Täze Galkynyş eýýamynda ýurdumyzda dünýa ykdysadyýetiniň globallaşmak we ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary çuňlaşdyrmak şertlerini nazarda tutýan Türkmenistanyň Prezidentiniň täze daşary ykdysady syýasaty kemala geldi. Bu daşary ykdysady syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak, eksportyň düzüminde çig malyň paýyny peseldip gaýtadan işleýän senagatyň taýýar önümleri bilen dünýä bazarlaryna çykmak;
- tebigy gazyň dürli ugurlar boýunça daşary ýurtlara çykarmak we onuň bahasyny dünýa bazarlarynyň derejesine götermek;
- ýurduň eksportynyň düzüminde taýýar nebit önümleriniň paýyny ýokarlandyrmak;
- ýurduň eksport kuwwatlylygyny himiýa we nebit himiýasynyň önümleriniň, elektrik energiýasyny, suwuklandyrylan gazyň hasabyna artdyrmak;

- ýurduň eksportyny agrosenagat toplumlarynyň önümleriniň, aýratyn-da gök önümleriň, bakjanyň, üzümiň, subtropik miweleriň hasabyna artdyrmak;
- ýurduň daşyndan getirilýän önümleriň düzüminde çig mallaryň we materiallaryň, ilatyň sarp edýän azyk däl harytlarynyň paýyny, ýerli önümçilikleri döretmegiň hasabyna peseltmek;
- ýurtda döredilýän erkin ykdysady zolaklara daşary ýurt maýa goýumlaryny, maliýe serişdelerini çekmek arkaly halkara syýahatçylygy, halkara ulag we beýleki hyzmatlary ýokary derejelere götermek.

Umuman, Türkmenistan dünýäniň 104 döwleti bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň adalatly belleýşi ýaly, "biz söwda-ykdysady babatda hem, medeni hyzmatdaşlyk babatda hem bütin dünýäniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürýäris".

Görşümiz ýaly, täze Galkynyş eýýamynda ýurdumyzyň makraoykdysady görkezijileriniň täze hil derejä çykýar, ykdysady ösüş üçin täze mümkinçilikler döreýär. Bu mümkinçilikleri açmaklyk we netijeli ulanamklyk biziň döwrümiziň esasy wezipesi. Olary netijeli ulanmak esasynda biziň ýurdumyz dünýäniň ösen ýurtlarynyň hatarynda öz mynasyp ornyny tapar.

## Üçünji bap. Yurduň oba hojalygyndaky düýpli özgerişler

### Türkmenistanyň oba hojalygy we onuň öňünde duran wezipeler

Türkmenistanyň oba hojalygy ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýar. Oba hojalygynyň ösüşiniň esasy wezipeleri ekologiki taýdan arassa ýokary hilli azyk önümlerine bolan ilatyň talaplaryny doly kanagatlandyrmak, gaýtadan işleýän senagaty çig mal bilen üpjün etmek, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak we täze hojalyk gatnaşyklaryny emele getirmek hem-de şonuň esasynda ýurduň azyk howpsyzlygyny berkitmek bolup durýar.

Öňde goýlan maksatlar şu wezipeleriň çözülmegini talap edýär:

-oba hojalyk haryt öndürijileriniň ählisi üçin deň ykdysady şertleri döretmek;

-agrosenagat toplumyny döwlet tarapyndan goldamak ulgamyny kämilleşdirmek;

-azyk bazarynyň infrastrukturasyny ösdürmek boýunça çäreleri amala aşyrmak;

-agrosenagat toplumyny dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak;

-obada hojalygy dolandyrmagyň netijeli görnüşlerini we usullaryny durmuşa ornaşdyrmak;

-ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň maýadarlaryny oba hojalyk pudagynyň ykdysadyýetine giňden çekmek we ähli ykdysady serişdeleri peýdalanmagyň has netijeli ugurlaryny kesgitlemek, maliýeleşdirmegiň ähli çeşmelerinden gelýän serişdeleriň ýokary derejede peýda bermegini gazanmak, oba ýerlerinde durmuş ulgamyny we inženerçilik infrastrukturany ösdürmek üçin şertler döretmek.

Täze Galkynyş eýýamynda ýurduň oba hojalygynda ykdysady özgertmeler giň gerim bilen durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk reformalaryny geçirmekde hojalygy ýöretmekligiň kanunçylyk binýadynyň döredilmegine aýratyn üns berýär. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda “Daýhan birleşikleri hakynda”, “Daýhan hojalygy hakynda” we “Arçynlar hakynda” Türkmenistanyň kanunlarynyň kabul edilmegi oba hojalygyndaky özgertmelere tarap möhüm ädim boldy. Kabul edilen kanunlar ýurdumyzyň oba hojalygynda düýpli özgertmeleri amala aşyrmaga, halkymyzyň eşretli durmuşda, bolelin ýaşamagyna, döredijilikli zähmet çekmegine mümkinçilik berdi.

Daýhan birleşikleriň maliýe taýdan goldanylmagy, ýer, suw serişdeleri üçin tölegleriň ujypsyz bolmagy, salgyt tölemekden doly boşadylmagy, öndürilen önümleri eksport etmäge mümkinçiligiň berilmegi we beýleki ýeňillikler oba hojalyk önüm öndürijilere Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulandyr. Mundan başga-da Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan tehniki hyzmatlar, dökün satyn almak we beýleki harajatlar üçin 50%-lik ýeňillikler bermek arkaly goldaw berilýär. Oba hojalyk önümleriniň öndürilişini höweslendirmek maksady bilen, etiň, süýdüň, ýumurtganyň, miwe we gök önümleriniň nyrhlary erkinleşdirildi. Bularyň hemmesi oba hojalyk önümçiliginiň gerimini giňeltmek üçin şertler döredýär.

Türkmenistanyň oba hojalygy ýokary depginler bilen ösýän pudaklaryň hataryna degişlidir. 2000-2009-njy ýyllarda oba hojalyk önüminiň möçberi 5 esseden-de köp artyp, 2009-njy ýylda 8,2 mlrd. manada deň boldy.

Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Lebap welaýatynda geçirilen maslahaty (2009-njy ýylyň 6-njy marty) berkarar ýurdumyzyň esasy pudaklarynyň biri bolan oba hojalygyny ösdürmäge bagyşlandy. Şol maslahatda hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek üçin ekinleri amatly howa şertleri bolan ýerlerde ösdürip ýetişdirmegi ylmy taýdan esaslandyrmakdan ybaratdygyny belläp, ony ösdürmegiň ençeme ugurlaryny teklip etdi. 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguzda geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda “Tohumçylyk

hakynda” Türkmenistanyň Kanunyň kabul edilmegi we bu Maslahatyň öň ýanynda bu ýerde Oba hojalyk institutynyň açylmagy agrar pudagy ösdürmek barada ýurtda edilýän aladanyň görkezijisi bolýar. Ösýän, özgerýän ykdysadyýetimiziň oba hojalyk pudagyny ýuwaş-ýuwaşdan bazar gatnaşyklaryna geçirip, girdejili pudaga öwürmelidigini aýtdy.

**Oba hojalygynda jemi önüm, mlrd. manat**




Diagramma

Hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alyp etraplar we welaýatlar boýunça oba hojalyk ekinleriniň rejeli ýerleşdirmekligi durmuşa geçirilip başlandy. Her etrap, welaýat öz toprak-howa aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Oba hojalyk ekinlerini sebitler boýunça ýerleşdirilende şol aýratynlyklary hasaba almak möhüm wezipe bolup durýar. Şol sebäpden eýýäm 2009-njy ýyldan başlap Daşoguz we Balkan welaýatlarynyň ekin meýdanlarynyň düzümi üýtgedildi. 2009-njy ýylda ýurt boýunça ekin dolanyşygyny girizilmeginiň gerimi hem ep-esli giňeldildi. Ýorunja ekmek üçin 44,1 müň ga bölünip berildi. Esasy oba hojalyk ekinleriň önümçilikde ekilýän sortlaryny welaýatlaryň toprak-howa şertlerine laýyklykda rejeli ýerleşdirilmegi tebigy mümkinçiliklerimizi netijeli peýdalanmagyň hasabyna ekinlerden ýokary hasyl almaga ýardam etdi.

Türkmenistanda oba hojalyk önümçiligi eýeçiligiň dürli görnüşlerine daýanyp ösýär. Türkmenistanyň oba hojalygynda bazar özgertmeleri yzygiderli geçirilýär. Munuň netijesinde oba hojalyk önümleriniň umumy möçberinde hususy hojalyklaryň paýy düýpli artýar. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegi, "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky" Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi ýurtda telekeçiligiň, şol sanda agrosenagat ulgamynda işleýän hususy hojalyklaryň ösmegine giň ýol açdy.

Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky "Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakyndaky" kararyna laýyklykda hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligi ösdürmek we täze iş ýerlerini döretmek, şol sanda oba hojalyk önümçiligini ösdürmek we giňeltmek, gaýtadan işlenilip taýýarlanylýan önümleriň möçberini artdyrmak bilen bagly taslamalar üçin ygtyýarly banklar tarapyndan ýeňillikli karzlary bermeklik ýola goýuldy.

Oba hojalygyny we tutuş agrosenagat toplumyny ösdürmek üçin geçirilýän çäreleriň netijesinde Türkmenistanda soňky iki ýylyň içinde azyk önümlerine bolan içerki talabyň esasy bölegi ýurduň öz serişdeleriniň hasabyna kanagatlandyryldy.

Hususy-döwlet hyzmatdaşlygyny ösdürilmeginiň netijesinde ýurtda iri toplumlar, fermalar, daýhan hojalyklar döredilýär. Guşçulykda gazanylan üstünlikler aýratyn bellärliklidir. Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda „Guş toplumy“ hususy kärhanasy öz işine başlady. Bu kärhana doly taslama kuwwatlylygynda işlän ýagdaýynda ýylda 3 müň tonna guş eti we 4 mln ýumurtga öndürmäge mümkinçilik berýär. Guşçylyk hojalyklaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak Hormatly Prezidentimiziň talap edýän şertlerini döretmek bilen bagly. Olaryň iň esasylarynyň biri-de guş toplumlaryna ot-iýmlik ekinlerini ekmäge suwarymly ýerleriň berkidilmegidir. Ýakyn geljekde Türkmenistan özünde öndürilen guş eti we ýumurtga bilen ilaty doly üpjün eder. Maldarçylygyň beýleki pudaklaryny we balykçylyk hojalygyny ösdürmekligiň berk binýadyny döretmeklik häzirki döwürde wezipe edilip goýuldy.

2009-njy ýylyň 6-njy aprelinde geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklary esasynda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň, welaýat häkimlikleriniň we "Türkmenmallary" assosiasiýasynyň gatnaşmagynda "Türkmenistanda maldarçylyk pudagyny ösdürmegiň maksatnamasy" (2009-2013-nji ýyllar üçin) işlenip düzüldi.

Maksatnamada mallaryň ot-iým üpjünçiligini ýokarlandyrmak, mallary talabalaýyk gyşlatmak, öri meýdanlarynyň ulanylyşyny düzgünleşdirmek, ýöriteleşdirilen fermalary döretmek, tohumçylyk işini geçirmek, weterinariýa hyzmatyny gowulandyrmak meseleleri öňe sürüldi we olary durmuşa geçirmegiň anyk ýollary görkezildi. Maksatnamany durmuşa geçirmek boýunça meýilnama işlenilip düzülip, ony amala aşyrmak boýunça "Türkmenmallary" assosiasiýasy tarapyndan degişli işler alnyp barylýar.

Ýurtda işlenip düzülen maksatnamalardan ugur alyp, maldarlar dowarlar üçin gyş döwründe zerur boljak gyş agyllarydyr kaşarlaryň gurluşygyna girişdiler. Bu işi ýurdumyzyň maldarlary her bir sebitiň tebigy-howa we öri meýdanlarynyň ot-iým şertlerini nazara almagyň esasynda guradylar. Assosiasiýanyň maldarçylyk hojalyklarynyň her birinde gyş agyllaryny, kaşarlaryny gurmak bilen meşgullanýan ýörite gurluşyk toparlary döredildi.

Maldarçylykda tohumçylyk işini alyp barmak, esasan, mallaryň tohum aýratynlygyny, asyl durkuny (genofonduny) saklamaga we kämilleşdirmäge, ýokary önümli mallaryň baş sanyny artdyrmaga gönükdirilendir.

Mallary kesellerden gorap saklamak maksady bilen ýurdumyzyň weterinariýa işgärleri keselleriň öňüni alyş we bejeriş çärelerini öz wagtynda geçirýärler.

Azyk önümleri bilen üpjün edilmegini has-da gowulandyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda kabul edilen kararyna laýyklykda 2008-2012 ýyllar döwründe et-süýt, ýumurtga we balyk önümlerini öndürýän kärhanalaryň ýurdymyzyň ähli welaýatlarynda onlarçasynyň gurulmagy we durklarynyň täzelenmegi göz öňünde tutulýar.

Eýýäm häzirki döwürde bu işleriň durmuşa geçirilmegi bilen, oba senagat toplumynyň gaýtadan işleýän pudaklarynda täze işe girizilen we durky täzelenen kärhanalaryň hasabyna öndürilýän önümleriň möçberi artdyrylýar, görnüşleri giňeldilýär hem-de hili ýokarlandyrylýar.

Döwlet tabşyryklary boýunça öndürilýän esasy oba hojalyk önümleriniň – pagtanyň we dänäniň döwlet satyn alyş nyrhlary düýpli ýokarlandyryldy. Bu çäreler Türkmenistanyň oba hojalygynyň ösüşine, daýhan birleşikleriň maliýe-hojalyk ýagdaýlaryna, kärendeçileriň we oba haryt öndürijileriniň real girdejileriniň ýokarlanmagyna getirýär.

Häzirki döwürde pagta hasylyny daýhanlardan we daýhan birleşiklerinden satyn almaklygyň şertleri üýtgedildi. Bu ugurdan, Türkmenistanda öndürilýän pagtany satyn almak we pagta önümlerini ýerlemek boýunça «Ak altyn» pagta

söwda döwlet kärhanasy döredildi. Bu kärhana Türkmenistanyň pagta öndürijileri bilen şertnamalary baglaşmak esasynda öndürilen pagta hasylyny döwlet satyn alyş nyrhlaryndan satyn almaga, Türkmenistanyň pagtany gaýtadan işleýän kärhanalary bilen şertnama baglaşmak esasynda satyn alnan pagtany senagat taýdan gaýtadan işlemäge we alnan önümleri ýokary hilli saklap, içerki alyjylara hem-de dünýä bazarlarynyň ýagdaýyny öwrenmek arkaly daşary ýurtlara ýerlemäge, pagta öndürijiler bilen özara önümçilik-ykdysady gatnaşyklaryň ýokary netije berýän, pagtadan ýokary hasyl almaga höweslendirýän usullaryny ýola goýmaga ygtyýar berildi.

## Ekin meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak

Türkmenistanyň Prezidentiniň oba hojalyk syýasatyna laýyklykda täze suwarymly ýerler işe girizildi, kanallar, kollektorlar, hojalykiçi awtomobil ýollary guruldy. Oba hojalyk tehnikasynyň parkynyň täzelenmegine, oba ýerlerinde döwrebap infrastruktura, ekin meýdanlar üçin suwaryş kanallara, baş akabalara we olaryň kollektorlaryna, agrosenagat toplumynyň öňdebaryjy tehnologiýalaryna milliardlarça manat we walýuta serişdeleri gönükdirildi.

Döwrüň talaplaryndan ugur alyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň ekerançylyk ýerleriniň suw üpjünçiligini we meliorasiýa ýagdaýyny gowulandyrmak, täze ýerleri özleşdirmek ýaly iňňän möhüm wezipeleri öňe sürýär.

2009-njy ýylyň 15-nji iýulynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow dünýäniň iň uly çölleriniň biri bolan Garagumuň jümmüşinde gurlan iri gidrotehniki desganyň dabaraly açylyşyna gatnaşyp, asyryň beýik gurluşygy bolan "Altyn asyr" Türkmen kölüniň birinji nobatdakysynyň ulanylmaga berilmegine ak pata berdi.

Garagumuň jümmüşinde gurlan "Altyn asyr" Türkmen kölüniň ene topragymyzy ekinzarlyga, bagy-bossanlyga öwürmekde, ekinleriň hasyllylygyny artdyrmakda ähmiýeti örän uly bolar. "Altyn asyr" Türkmen kölüniň göwrümi 132 kubkilometre barabar bolup, oňa şor suwlar iki sany akaba arkaly getirilýär.

Baş şor suw akabasy Lebap, Mary, Ahal we Balkan welaýatlarynyň ekin meýdanlaryndan çykýan zeý suwlary "Altyn asyr" Türkmen kölüne eltýär.

Taslama laýyklykda Baş şor suw akabasynyň welaýatlaryň çäginden şor suwlary getirýän birnäçe gollary guruldy. Daşoguz goly Kölli we Derýalyk döwletara şor suw akabalarynyň suwlarynyň bir bölegini Türkmen kölüne getirýär. Döwletara zeýkeşleriniň şor suwlarynyň "Altyn asyr" Türkmen kölüne

ugrukdyrylmagy, zeýkeşleriň täsiriniň ýetýän zolagynda ýerasty suwlarynyň çekilmegine, müňlerçe gektar ýeriň melioratiw ýagdaýynyň düýpli gowulanmagyna getirer.

"Altyn asyr" Türkmen kölüniň gurulmagynyň ägirt uly halk hojalyk we ekologik ähmiýeti bar. Türkmen kölüni döretmek arkaly ähli şor suwlaryň bir ýerde toplanmagy onuň suwarymly ýerlere edýän ýaramaz täsirini azaldar, ekin meý danlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrar we ösümlikleriň hasyllylygyny artdyrar. Garagumda öri meýdanlarynyň gowulanmagyna ýardam eder, takmynan 1 million 300 müň gektar meýdanda öri meýdanlarynyň hasyllylygy ýokarlanar, mallaryň ot-iým gory has artar. Bu bolsa "Altyn asyr" Türkmen kölüniň sebitdäki we şor suw akabalarynyň ýakasyndaky öri meýdanlarynda mallaryň baş sanyny artdyryp, pudagy ösdürmäge, täze maldarçylyk hojalyklaryny döretmäge oňyn şert döreder.

"Altyn asyr" Türkmen köli diňe bir biziň ýurdumyzyň däl, eýsem goňşy döwletleriň tebigatynyň, şol sanda ösümlik we haýwanat dünýäsiniň baýlaşmagyna uly ýardam eder. Bu ägirt uly desga Merkezi we Gündogar Garagumda zeýkeş ulgamlarynyň ugrunda guşlar üçin täze amatly ekologiýa we ot-iým şertlerini emele getirer.

"Altyn asyr" Türkmen köli we oňa barýan akabalar ýurdumyzda balykçylygy ösdürmäge hem giň mümkinçilik berer.

Yurdumyzyň suw gorlaryny ekerançylykda isrip etmän ýitgisiz peýdalanmak we 100 müň gektar täze ýerleri özleşdirmek barada milli Liderimiziň kabul eden kararlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrliginiň ýerlerdäki täze döredilen "Yersuwgurluşyk" edaralarynyň hünärmenleri we mehanizatorlary suw howdanlarynyň göwrümini giňeltmek, gaçysyny berkitmek, iri suw akabalarynyň, zeýkeşleriň, hojalygara suwaryş ýaplarynyň durkuny täzelemek hem-de täze ýerleri özleşdirmek boýunça zerur işleri geçirýärler. Balkan welaýatynyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak üçin Hormatly Prezidentimiziň kabul eden karary esasynda, Garagum derýasynyň 969-njy kilometrinden gözbaş alýan uzynlygy 38 kilometr bolan, 20 müň gektar ýeri suwaryp biljek täze uly suw akabasy guruldy.

Ekin meýdanlarynda suwuň ýitgisini azaltmak üçin dünýäniň ösen täze suw tygşytlaýyjy tehnologiýalary, ýagny ýagyş ýagdyrmak, damjalaýyn suwarmak usuly diňe bagçylykda, üzümçilikde, gök ekerançylykda däl, eýsem beýleki ekinlerde hem ulanylyp başlanyldy. Ruhabat etrabynda gurlan turba zawodynda damjalaýyn suwarmak üçin turbalary öndürmek ýola goýuldy. Ekin

meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak babatda barha badalga alýan işler, suwaryşyň täze usullarynyň we öňdebaryjy tehnologiýalarynyň önümçilige ornaşdyrylmagy, her bir işe ylmy taýdan çemeleşme geljekde oba hojalygynyň ösmeginiň – rowaçlandyrmagynyň esasy girewi bolar.

Oba hojalygyny özgertmek boýunça çäreleriň täze tapgyryny amala aşyrmak maksady bilen 2009-2010-njy ýyllarda Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi tarapyndan welaýatlarda 70 müň gektar ekerançylyk ýerleriniň toplumlaýyn durkuny täzelemek, şol sanda düýpli tekizleýiş we melioratiw ýagdaýyny, suw üpjünçiligini gowulandyrmak işlerini Ahal, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynyň hersinde 15 müň we Balkan welaýatynda 10 müň gektar meýdanda ýerine ýetirmek bellenildi. Häzirki wagtda bu wajyp işler ýurdumyzyň hemme welaýatlarynda ýokary depginde alnyp barylýar.

## Oba hojalygynyň tehniki üpjünçiligi

Oba hojalyk önümlerini öndürmekde tehniki hyzmatlary agrotehniki möhletlerde berjaý etmek wezipesi, işleriň tehniki tarapdan üpjünçiligini düýpli ýokarlandyrmagy talap edýär.

Oba hojalyk pudagyny ýokary depginlerde ösdürmek maksady bilen, ýurduň oba hojalygy üçin dünýäniň belli kompaniýalarynyň ýokary öndürijilikli tehnikalarynyň müňlerçesi satyn alynýar. Diňe 2009-njy ýylda Minskiniň traktor zawodynyň “Belarus” markaly traktorlarynyň 1500 sanysy satyn alyndy. Bu traktorlar Türkmenistanyň şertlerinde köp ýyllaryň dowamynda synagdan geçirilen we olar iş öndürijiligi, tehniki ygtybarlylygy, ýangyç tygşytlaýşy boýunça beýlekilerden has-da tapawutlanýarlar.

Häzirki döwürde pudagyň tehniki üpjünçiligini nazara alyp, ýakyn üç-dört ýylyň dowamynda oba hojalyk tehnikalarynyň sanyny has-da artdyrmak zerurlygy döreýär. Şunda ekin meýdanlarynda esasy we ekişiň öňündäki bejergi işleri agrotehniki möhletlerde berjaý etmek üçin sürüm traktorlarynyň sanyny 2008-2010-njy ýyllarda 7-7,5 müň birlige ýetirmek göz öňünde tutulýar. Geljekde olaryň mukdary ekin meýdanlarynyň artmagyna baglylykda köpeldiler. Sürüm işlerinde ABŞ-nyň Jon-Dir we Keýs firmalarynyň hem-de Belarusda öndürilýän Belarus-1221 traktorlary ulanylar. Hatarara bejergi geçirmekde köp ýyllaryň dowamynda synagdan geçen MTZ-80H traktoryny satyn almaklyk dowam etdiriler. Traktorlaryň sany ýakyn ýyllarda 8-9 müň birlige ýetirilip, gowaça ösdürip ýetişdirmekde ähli hatarara bejergi işlerini wagtynda we agrotehniki talaplara laýyklykda geçirmäge doly mümkinçilik dörediler.

Pagta hasylyny kombaýnlar bilen ýygmak ýyllar boýunça artyp, hasylyň 50% kombaýnlar bilen ýyglar. Pagta ýygymynda Jon-Dir we Keýs firmalarynyň kombaýnlary ulanylar.

“Türkmenobahyzmat” assosiasiýasynyň senagat kärhanalarynda we abatlaýyş ussahanalarynda oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak, ähli tehnikalar üçin zerur ätiýaçlyk şaýlaryny ýasamak we tehnikalaryň hatardan çykan böleklerini dikeltmek işleri giňden alnyp barylar. Işleýän tehnikalaryň sanynyň köpelmegi bilen, olara edilýän hyzmatlaryň, abatlamak işleriň we bölekleriniň dikeldilmeginiň möçberi artar we abatlaýyş kärhanalaryň kuwwatlygynyň ulanylyş derejesi ýokarlanar. ABŞ-nyň tehnikalaryna degişli ätiýaçlyk şaýlarynyň görnüşleriniň ýüze golaýyny ýasamak we önümçilikde ulanmak göz öňünde tutulýar. Traktorlar we oba hojalyk gurallar üçin gerekli ätiýaçlyk şaýlarynyň 280 görnüşiniň ýasalmagy we önümçilikde ulanylmagy meýilleşdirilýär. Şeýle hem, abatlaýyş kärhanalarynda oba hojalyk gurallarynyň belli bir görnüşleriniň ýasalmagy hem göz öňünde tutulýar.

## Tohum we dökün üpjünçiligi

Oba hojalygynyň ösüşinde tohumçylyk uly ähmiýete eýe bolýar. 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşowuzda geçem Ýaşulylaryň maslahatynda ýurt Ýolbaşçysy tarapyndan “Tohumçylyk hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi oňa şaýatlyk edýär. Bu Kanun ekiş we nahal serişdeleri bilen bagly işiň ähli tpgyrlarynda döwlet tarapyndan bellenen düzgünleriň we kadalaryň berjaý edilmegine berk gözegçiligi ýola goýmaga, şeýle hem ýokary hilli ekiş we nahal serişdelerini öndürmäge gönükdirilýär. Welaýatlarymyzda tohumçylyga ýöriteleşdirilen tohum-synag hojalyklaryny, önüm öndürmekden başlap, taýýar haryt derejesine ýetirmäge çenli iş proseslerini amala aşyrýan döwrebap agrofirma hojalyklaryny döretmek, şeýle hem ýokary tehnologiýaly ýyladyşhanalary gurmak göz öňünde tutulýar. Bu bolsa obalarda iş ýerleriniň köpelmegine, ekinleriň hasyllylygynyň ýokarlandyrmagyna getirer, halkymyzyň gök önümler bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrar.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk ekinleriniň tohumçylygyny düýpli gowulandyrmagyň derwaýyslygyny aýratyn nygtap, bu işiň döwrüň talabyna laýyk alnyp barylmagyny degişli alymlardan, hünärmenlerden talap etdi. Ylmy-barlag institutlarynyň alymlary we ylmy işgärleri bugdaýyň we gowaçanyň ýokary hasyl berýän, ir ýetişýän, kesellere çydamly, ýokary hilli pagta süýümini berýän täze sortlaryny döretmek boýunça işleri giň gerimde alyp barýarlar.

Ýurdumyzyň etraplarynda ýöriteleşdirilen dükanlaryň açylyp, olarda tohumlaryň, mineral dökünleriň, ösümlikleri goramagyň himiki serişdeleriniň, oba hojalyk tehnikasy üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň söwdasynyň guralmagy, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň, kärendeçileriň, ýer eýeleriniň, daýhan hojalyklarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini gowulandyryp, olaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Milli Liderimiz oba hojalyk ekinleriniň mineral dökünler bilen ýeterlik üpjün edilmegi barasynda hem yzygiderli alada edýär. Türkmenabadyň superfosfat, Marynyň azot, Tejeniň karbamid zawodlarynyň doly güýjünde işledilmegi ýurdumyzyň ekerançylyk pudagyny mineral dökünler bilen ýeterlik mukdarda üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda mineral dökünleriň azyndan 805,3 müň tonnasynyň öndürilmegini gazanmaklygy degişli pudak ýolbaşçylarynyň öňünde wezipe edip goýdy.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli başlangyjy bilen Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň Garlyk obasynda kaliý dökünini öndürýän dag magdanlaryny baýlaşdyryjy toplumyň gurluşygyna girişildi. Täze toplum ilkinji tapgyrda kaliý dökünini 1,5 mln tonna çenli, geljekde bolsa 4 mln tonna çenli çykarmaga doly mümkinçilik berer. Bu bolsa ýurdumyzyň oba hojalygyň şeýle zerur döküne islegini doly kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem ony eksport etmäge-de mümkinçilik döreder. Kaliý dökünleri ösümlikleriň hasyllylygyny düýpli artdyrmaga, olaryň guraklylyga, sowuk howa şertlerine, zyýan berijilere we kesellere durnuklylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

## Oba ilatynyň durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary esasynda, 2007-nji ýylyň dekabr aýynda, ýokarda bellenilşi ýaly, “Tükmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy” tassyklanyldy.

Özüniň gurşap alýan wajyp durmuş meseleriniň gerimi we möçberi boýunça bu maksatnama diňe bir sebit boýunça däl, eýsem bütin dünýä boýunça tapawutlanýan maksatnamalaryň hataryna girýär. Wajyp durmuş çözgütleriň amal edilmegi, ilkinji nobatda, ýurdumyzyň döwlet serişdeleriniň hasabyna amala

aşyrylýar. Milli maksatnama ýurdumyzyň ilatynyň esasy böleginiň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli ýokarlandyrmagyň maddy we maliýe binýadynyň esasynyň döredilmegine gönükdirilendir.

Milli maksatnama boýunça umumy möçberi 14,5 milliard manatlyk düýpli maýa goýumlary özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şolaryň 2,24 milliard manady elektrik geçirijilerini we desgalary, 2,2 milliard manady suw geçirijilerini, 2,08 milliard manady mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny, 2,08 milliard manady orta mekdepleri, 1,44 milliard manady ýaşaýyş jaýlaryny, 1,26 milliard manady awtomobil ýollaryny, 0,86 milliard sport mekdeplerini gurmaga gönükdiriler. Uly möçberli düýpli maýa goýumlar, gazlaşdyryş desgalarynyň we geçirijileriniň, hassahanalaryň we saglyk öýleriniň, medeniýet edaralarynyň, sport desgalarynyň, suw guýularynyň, lagym geçirijileriniň, aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegine gönükdiriler.

Milli maksatnamany durmuşa geçirmek üçin 2010-njy ýylda 1,7 milliard manat möçberde maýa goýumlaryň goýulmagy göz öňünde tutulýar. Olaryň esasy bölegini suw hojalyk we energetika desgalarynyň, içerki awtomobil ýollarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, hassahanalaryň, sport desgalarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň gurluşygyna gönükdiriler.

Ilatyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini ýokarlandyrmakda ipoteka karzlaşdyrmasy esasynda ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklary uly ähmiýete eýedir. Türkmenistanda ipoteka karzlaşdyrmasynyň örän ýeňillikli şertlerde, ýagny 30 ýyl möhlete, ýyllyk 1% we 5 ýyl ýeňillikli döwüre berilýär.

Ýurt Baştutanymyzyň oba hojalygyny ösdürmäge degişli öňde goýan wezipeleri, oba hojalygymyzy dünýä ülňülerine laýyklykda döwrebaplaşdyrmak baradaky ýörelgeleri, ýurdumyzda hil taýdan düýpgöter täze oba taglymatynyň kemala gelmeginiň esasy boldy. Obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleri we etrap merkezlerini abadanlaşdyrmak barada ýörite maksatnama kabul edilip, bu ugurda ägirt uly işleriň durmuşa geçirilmegi, Esenguly, Ruhubelent etraplarynda ajaýyp ymaratlaryň, täze döwrebap desgalaryň ençemesiniň gurlup ulanmaga berilmegi, Lebap welaýatynda Döwletli, Mary welaýatynda Altyn sähra etraplarynyň döredilmegi täze Galkynyş zamanasynyň aýgytly ösüşleriniň, buýsançly özgertmeleriniň hakyky mysalydyr.

## Dördünji bap. Beýik Galkynyşlar zamanasynda jemgyýetiň sosial strukturasy

### Sosial düzüm. Jemgyýetiň sosial düzümi.

Jemgyýetiň sosial strukturasy bilen baglanşykly meseleler “Sosiologiýa” kursunda giňişleýin beýan edilýär. Türkmen jemgyýetiniň sosial düzümi barada gürrüň etmeklik maksat edinilýär. Şu kitabyň üçünji bölüminde garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde başlanan üýtgeşmeler barada durup geçipdik. Ýöne bu ýerde bolup geçýän özgeişler örän düýpli hem-de çylşyrymly. Täze döreýän sosial toparlar, gatlaklar we synplar özalkylardan bütünleý diýen ýaly tapawytlanýarlar. Şonuň ýaly-da bu özgerişleri derňemeklik üçin ulanylýan ylymy çemeleşmeleri hem diňe marksistik garaýyş bilen çäklemeklik hakykylygy açmaklyga kömek edip bilmeýär. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde bolup geçen üýtgeşiklikler barada söhbete geçmezden ozal jemgyýetiň sosial düzümi baradaky taglymatlaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. “Sosiologiýa” kursunda olar giňişleýin beýan edilipdi. Bu ýerde olaryň häzirki döwürde has täsirlilerini görkezeliň.

Jemgyýet ýöne bir mähelle üýşmeleňi bolup bilmeýär. Onuň hökmany suratda sosial düzümi we düzüm bölekleri bolýar. Özara gatnaşykda we baglanşykda bolýan sosial toparlaryň, şonuň ýaly-da sosial edaralaryň birleşmesi we olaryň özara täsirleri sosial düzümi döredýär. Sosial düzümiň barlygy we onuň ösüşiniň mehanizmi adam hereketiniň ulgamynda “ýerleşýär”. Ýaşamaklyk üçin adamlar belli bar gatnaşyklara girişýärler, toparlara birikýärler, özara wezipeleri bölüşýärler. Topar döretmeklik işinde zähmet bölünşigi kesgitleýji orna eýe bolýar. Onuň sosial gatnaşyklaryň taryhyny düşündirmeklikdäki ähmiýeti hem uly. Sosial gatnaşyklar sosial toparlaryň we edaralaryň arasyndaky durnukly we kadalaşan guramaçylyk-tehniki, ykdysady, ideologiki baglanşyklaryň biri-biri bilen gatyşmasy bolýar. Sosial toparlaryň islegleri we bähbitleri jemgyýetçilik gatnaşyklaryň aýratyn görnüşi bolan sosial gatnaşyklara ulgamlaýyn we bitewileýin häsiýeti berýär.

Jemgyýetiň sosial düzümini dürli sosial toparlar, sosial edaralar we zähmet aýratynlygy we jemgyýetdäki orny bilen tapawutlanýan sosial gatlaklar düzýärler. Sosial toparlar sosial gatnaşyklar ulgamyndaky ornuna, özleriniň isleglerine we bähbitlerine, şonuň ýaly-da özleriniň oňlaýan gymmatlyklaryna görä kemala gelýärler. Sosial edara adam hereketiniň dürli gurşawlaryny sazlaşdyrýan düzgünleriň, kadalaryň we ýörelgeleriň toplumy bolýar. Sosial edara adam hereketini dürli rollaryň we statuslaryň ulgamy görnüşine getirip, sosial ulgamy gurnaýar. Bu ýerde sosial edara belli bir durmuşy islegleri kanagatlandyrmaklyga

gönükdirilen rollaryň we statuslaryň jemi bolup çykyş edýär. Jemgyýetiň sosial düzümi özara baglanşykly toparlaryň we edaralaryň durnuklylygyny we netijeli hereketini üpjün edýär.

Jemgyýetiň sosial düzümi barada dürli hili taglymatlar bar. Olar: sosial deňsizlik taglymaty; synpy taglymat; sosual edaralar taglymaty. Sosial deňsizlik taglymatyň aýratynlygy. Bu taglymat aýry-aýry şahsyýetleriň we jemgyýetçilik toparlaryň jemgyýetde tutýan ornuny görkezmeklik üçin "sosial statius" diýen düşünjäni girizýär. Şonda sosial düzüm – jemgyýetdäki statuslaň ulgamy hökmünde aňladylýar.

Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde deňsizlik bolupdyr. Hatda adamlaryň baýlyk derejesi bilen tapawutlanmaýan ýöntem jemgyýet gurluşlarynda erkek bilen aýalyň ýaşy uly nesiller bilen ýaşkiçi nesilleriň arasynda tapawut bolan. Ol ýa-da beýleki adam jemgyýetde şowly awçylyk, miwe ýygnamak başarnygy bilen we başga işlere görä ýokary dereje eýeläp bilen. Jemgyýeti öwrenýän ylymlarda deňsizligiň dürli görnüşlerini suratlandyrmaklyk üçin sosial stratifikasiýa adalgasy ulanylýar.

Stratifikasiýa dürli adam toparlarynyň arasynda bar bolan düzüm deňsizligi hökmünde kesgitlenýär. Jemgyýeti, onuň ierarhiki düzüminde stratalar görnüşinde göz öňüne getirse bolýar. Ýeňilliklerden peýdalanýan adamlardan durýan stratalar ierarhiki düzümiň iň ýokarsynda ýerleşýärler. Iň az ýeňillikklere eýe bolan adamlardan durýan stratalar bolsa onuň esasynda bolýarlar. Stratifikasiýa ulgamynyň esasy bolup: gulçulyk, gatlak we synp çykyş edýärler. Gulçulykda aýratyn adamyň başga biriniň eýeçiligi bolany sebäpli, ol deňsizligiň göze dürtme görnüşi bolýar. Dürli jemgyýetlerde gulçulyk dürli görnüşlere eýe bolan we wagtyň geçmegi bilen ol deňsizligiň beýleki görnüşlerine öz ornuny beren. Adaty jemgyýetde sosial gatlaklar ulgamy berkäp başlaýar. Adaty türkmen jemgyýetinde hanlar we begzadalar ýokary gatlagy düzen bolsalar, ruhanylar ortaky gatlagy düzenler. Daýhanlary, söwdägärleri we başgalary birikdirýän üçinji gatlak – garamaýaklar gatlagy bolan. Synplary uly adam toparlary görnüşinde kesgitlese bolar. Olar özleriniň ýaşaýyş görnüşlerine güýçli täsir edýän durmuşy-ykdysady baýlyklary bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Deňsizligiň şu we beýleki görnüşlerini açyp görkezýän dürli taglymatlar bar. Olaryň içinde häzirki döwürde K. Marks we M. Weber tarapyndan işlenip düzülen jemgyýetiň sosial düzimi baradaky taglymatlar täsirli bolýarlar. Olar aýry-aýry şahsyýetleriň we jemgyýetçilik toparlaryň jemgyýetde tutýan ornuny, sosial status düýünjesiniň manysyny açmaklyga, sosial düzüme jemgyýetdäki statuslaň ulgamy hökmünde aňlamaga kömek edýärler.

Karl Marks (1818 – 1883) nemes filosofy, ykdysadyýetçidir. Onuň jemgyýetiň sosial düzümi baradaky taglymaty taryhy ösüşe eýeçilige we baýlyga gözegçilik üçin göreşiň gerekliginden gelip çykýar. Zähmet bölünşigi esasynda ýüze çykýan bu göreşiň netijesinde gapma-garşylykly bähbitlere eýe bolan synplar döreýär. Taryhyň dürli döwürlerinde agalyk edýän önümçilik usulyna görä synplaryň tebigaty üýtgeýär. Şeýlelikde, kapitalizmiň şertlerinde öz zähmeti bilen baýlyklary döredýänleriň hem-de önümçilik serişdeleriniň eýeleriniň arasynda dawa ýüze çykýar. Marksyň pikiriçe antogonistik toparlaryň arasyndaky dartgynlyk sosial özgerişiň çeşmesi bolýar. Şonuň üçin onyň taglymatyny synplaryň göreşi baradaky taglymat diýip atlandyrsa bolar. XX asyryň agyr we kyn sapaklary jemgyýetiň özgerişine diňe synplaryň biri-birine garşy durmaklarynyň, göreşiniň netijesi hökmünde däl-de, ol özgerişe sosial toparlaryň we gatlaklaryň sazlaşygynyň netijesi hökmünde garamaklygy talap edýär. Şeýle garaýyş has hem düýpli özgerişler döwründe milli bitewilik barada alada etmekligiň gerekligini görkezýär. Şonuň üçin marksizm häzirki jemgyýetiň sosial düzüminde bolup geçýän özgerişleri doly häsiýetlendirip bilmeýär.

M. Weber (1864-1929) – nemes filosofy, sosiology, taryhçysydyr. Ol jemgyýetiň synplara bölünmekliginiň esasyny ykdysady şertleriň düzýänligi barada K. Marks bilen ylalaşýar. Şol bir wagtda hem onuň pikiriçe synplara bölünmeklik diňe bir adamyň eýeçilige eýe bolmaklygy ýa-da önümçilik serişdelerine doly ýa-da çäkli gözegçiligi bilen kesgitlenmän, eýsem, eýeçilige göni dahylly bolmadyk ykdysady tapawut bilen hem kesgitlenýär. Olar, mysal üçin, işgäriň hereketiniň görnüşini kesgitleýän iş endigi we hünärmenlik derejesi bolup bilerler. Jemgyýetiň synplara bölünmeginiň bir esasy hökmünde hünärmenlik derejesi, diplomyň barlygy, işgäriň başarnygy we endigi bolup biler. Şonuň ýaly-da Weber stratifikasiýa ulgamynyň esasy hökmünde adamyň statusyny we onuň partiýa degişliligini görkezýär.

Status sosial toparlaryň ýa-da adamlaryň arasyndaky tapawydy, olaryň jemgyýetde eýeleýän orny bilen tapawutlandyrýar. Diýmek, status takyk hukuklara we borçlara eýe bolan adamyň jemgyýetde tutýan orny bolýar. Adam köp hili statuslara eýe bolup biler, ýöne olaryň haýsy hem bolsa biri esasy bolup, onuň jemgyýetdäki ornuny kesgitleýär. Adamlaryň statusy boýunça dürlüligi, olaryň ol ýa-da beýleki synpa degişliliginden tapawutlanýar. Eger adamyň synpa degişliligi ykdysady esaslar bilen kesgitlenýän bolsa, onuň statusy özüne bagly esaslar bilen kesgitlenýär, mysal üçin, bilim derejesi, hünär derejesi, ýaşaýyş görnüşi we başgalar. Weberiň pikiriçe adamyň partiýa degişliligi hem sosial stratifikasiýa täsir edýär.

Jemgyýetiň sosial düzümi baradaky taglymatlar bilen tanyş bolanymyzdan soňra biz häzirki türkmen jemgyýetiniň sosial düzümini häsiýetlendirmeklige çalşalyň. Onda-da bu ýerde bolup geçýän özgerişlere yzygiderlilikde garalyň.

## Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda jemgyýetiň sosial düzüminde bolup geçen özgerişler

Ýokarda bu ýerde bolup geçýän üýtgeşmeler barada giňişleýin durup geçipdik. Häzir bolsa şolaryň netijeleri barada pikirleri jemläliň. Jemgyýetiň geçiş döwrüniň sosial güzümi öňki, synplaryň sosial toparlaryň we gatlaklaryň düzümi bilen belli bir derejede bagly bolýar. Şonuň üçin hem ozalky jemgyýet gurluşynyň sosial düzüminiň bölekleriniň we halkalarynyň käbirini üýtgetmek, başga birnäçelerine täze hil häsiýetini bermek, şonuň ýaly-da täze durmuşy-ykdysady reallyklara laýyk gelýän täze sosial toparlaryň we gatlaklaryň kemala gelmeklerine, jemgyýetde orun almaklaryna ýardam etmek arkaly ulgamlaýyn ösüşine ýol açyldy. Geçiş döwründe ilatyň düzüminde täze-täze toparlar ýüze çykýar. Olaryň sosial statuslary üýtgäp, bähbitleri aýrybaşgalaşýar. Täze düzümler başda bölek-bölek bolýarlar. Olara içki bitewilik, jebislik ýetmeýär. Olaryň ykdysady, syýasy, durmuşy-medeni statusynyň arasynda bir kysymdaşlyk ýok. Jemgyýetçilik toparlarynyň kanuny resminamalarda berkidilen statusy bilen olaryň sosial-psihologik taýdan özlerini duýuşlary gabat gelenok. Bular wagtlaýyn, geçiş döwrüniň nyşany. Mysal üçin jemgyýetde geçýän özgerişe tapawutly garaýyş esasynda hem dürli sosial toparlar döreýärler: täze gymmatlyklara daşarky güýjüň (döwlet ýa-da özgerdiji topar) täsiri hökmünde garaýan topar; özgerişe serişde hökmünde garaýan topar; özgerişe şahsyýetiň özüni kämilleşdirmeklige dörän mümkinçilik hökmünde garaýan topar. Bazar gatnaşyklaryna girişilýän döwürde şu hili dürli toparlaryň döremekligi kanunalaýyk. Sebäbi garaşsyzlykdan öňki ýyllar biziň ýurdumyzda agalyk eden marksistik filosofiýa adamlaryň aňyna häzirki Galkynyş eýýamynda jemgyýete işewür ornaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryna ýigrenç döretmeklige çalşypdy. Ol ýyllar jemgyýetçilik aňy köpçülikleýin paýhasy kemala getirip, adamyň özbaşdak pikir ýöretmeklik ukybyny peseltdi. Özbaşdak pikiriň inkärlenýän ýerinde şahsy borç we şahsy jogapkärlik gowşaýar. Şonda jemgyýet jogapkärçiligi adamyň özi bilen däl-de, onuň maşgalasy, kowumy, garyndaşlary bilen baglaýar. Netijede, ahlaklylygy göteriji bolup aýratyn adam däl-de topar çykyş edýär. Diýmek, geçiş döwründe toparlaýyn aňyň täsiri saklanyp galýar. Biziň bazar gatnaşyklaryna işewür girişýän döwrümizde adam öz edýän işine özi jogap bermelidir. Adamlaryň täze şertlerde öz borjuny we jogapkärçiligini bilmekleri üçin täze aň gerek. Jemgyýetde täze aňyň kemala gelmegininiň öz

depgini bar. Aňyň kemala gelmegine ykdysady we durmuşy özgerişleriň täsir edýänligine garamazdan, onuň depgini soňkularyň üýtgeýiş depgini bilen gabat gelmeýär. Şonuň üçin täze aňyň kemala gelmegini emeli taýdan çaltlandyrmak ýa-da çäklendirmeklik gerekli netije berip bilmeýär. Geçiş döwrüne geregu-gerekmejek salgylaryň köpdürliligi häsiýetli bolýar. Diýmek, bu döwürde şol salgylanmalara eýerýän, ýokarda görkezilen dürli-dürli toparlaryň boljaklygy hem düşnüklidir.

## Galkynyş eýýamynda jemgyýetiň sosial düzüminiň aýratynlygy

Köne jemgyýet gurluşyndan täze jemgyýet gurluşyna geçilýän döwrüň başynda dörän şindi durnukly häsiýete eýe bolup bilmedik dürli-dürli sosial toparlaryň täze jemgyýetiň durnukly toparlaryna we gatlaklaryna öwrülmegi wagty we jemgyýetiň özgerişiniň yzygiderliligini talap edýär. Şonuň üçin geçiş döwrüniň başynda jemgyýetiň sosial düzüminde köne synplar, sosial toparlar bilen bir hatarda täze sosial toparlar we gatlaklar döräp, berkäp başlaýarlar. Biziň jemgyýetimizde olaryň öz ornuny tapyp berkemeginde döwletiň aýratyn orny boldy. Mülkdarlaryň, telekeçileriň, kärendeçileriň topary döwletiň goldawy esasynda berkäp başlady. Hakyky haryt öndürijileri-hususyýetçileri döretmeklik döwletiň üns merkezinde boldy.

Häzirkizaman türkmen jemgyýetiniň gatlaklara bölünşini gatlaklara bölüji taryhy mehanizmleriň täsirini göz öňünde tutmazdan doly göwrümde düşündirip bolmaz. Bu mehanizmler belli bir derejede türkmeniň medeniýetiniň hem-de durmuş tejribesiniň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär. Gatlaklara bölünmeklige daşarky medeniýetleriň täsirini hem hasaba alamlydyr. Türkmen medeniýetinde Gündogaryň we Günbataryň medeni gymmatlyklaryny özleşdirmäge mümkinçilik berýän dürli görnüşli siwilizasion gözükmeler toplanandyr. Araplardan türkmen medeniýeti dini esaslary (musurmançylygy) miras alýar. XX asyrda jemgýetiň gurluşyna we onuň synpy düzümine sosialistik tejribäniň täsiri güýçli boldy. Türkmen jemgyýetiniň stratifikasion bölünşigi Günbatar Ýewropanyň hem-de Gündogaryň gatlaklara bolüniş tendensiýalary bilen belli bir meňzeşligi bolup, şol bir wagtda hem düýpli aýratynlyga eýe bolan özgeriş bolýar.

Üçünji bölümde garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň sosial düzüminde bolup geçen üýtgeşmeleri biz häsiýetlendiripdik. Şonda täze döreýän sosial toparlaryň we gatlaklaryň häsiýetine geçen asyryň 70-80-nji ýyllaryndan synpy we gatlaklaýyn bölünşiginiň täsiriniň ne derejede güýçlüdigi aýdyň görkezilipdi. Şonuň bilen bir hatarda bu ýerde garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda sosial guramaçylygyň we ýaşşaýyş hereketiniň gymmatlyklaýyn gözükmesiniň gözlegi hem açylyp görkezilipdi. Ýurtda edaralaýyn-kanunçylyk

esasynda eýeçiligiň we ykdysady işiň subýektleriniň dürli görnüşleriniň, şol sanda döwletiňki däl sektory kemala gelip başlady. Olara döwletiň kärhanalarynyň işgärleriniň uly bölegi geçip başlady.

Kem-kemden araçylyk işler, hyzmat, maliýe-bank operasiýalary bilen meşgul bolýan adamlaryň sany artýar. Ýurtda bazar gatnaşyklary bilen baglanyşykly täze işlerde işleýän adam toparlary kemala gelip başlaýar – aksioner we hususy kärhanalaryň menedžerleri, gymmat bahaly kagyzlary bahalaýan hünärmenler we başg.

Türkmen jemgyýetinde telekeçiler gatnaşygynyň kemala gelmegi bilen bagly iş özboluşlylyga eýe bolýar. Bu gatlagyň manysyny, düzümini we statusyny aňlamaklyk şol döwürde ýeňil bolmady. Ol ýa-da beýleki işgäriň bu gatlaga degişliligini kesgitleýän iki häsiýetnama – girdeji alamak maksady bilen hojalyk gurşawyndaky hereket; ykdysady erkinlilik, ýa-da hojalyk işleriň netijeliligi üçin şahsy jogapkärçilik hem-de özbaşdak karara gelmeklik bilen baglanyşykly hukuklaryň we jogapkärligiň barlygydyr.

Türkmen jemgyýetinde bu gatlak kem-kemden galňaýar. Şol döwürde bu gatlagyň wekilleri özlerini öz sosial-hünär statusy bilen düýpli baglap bilmändiklerine garamazdan olar biziň jemgyýetimizdäki beýleki gatlaklardan we toparlardan tapawutlanýarlar. Telekeçiler iş bilen meşgul bolýanlaryň düzümleýin üýtgemeklik işinde belli bir orun eýelediler. Olaryň üsti bilen işgärler wagtyny geçiren we gereklilikleri kanagatlandyryp bilmeýän önümçilikden täze döreýän önümçilige geçip başladylar.

Eýeçiligiň täze görnüşleriniň döremekligi we işgärleriň düzümleýin başga ugurlara geçmekligi bilen baglanyşykly çylşyrymly hadysalar şindi hukuk demokratik proseduralaryň ýetmezlik, sosial infrastrukturalaryň gowşaklyk edýän döwründe boldy. Bular şol döwürde döreýän täze düzümlere we gatnaşyklara öz täsirini ýetirdiler. Işgärler täze önümçilik görnüşlerine diňe bir sosial netijeliligi bolmadyk önümçilikden däl, eýsem, jemgyýete gerekli, ýöne bada netijeliligi berip bilmedik önümçilikden hem çykdylar. Şonda ýokary derjeli hünärmenleriň komersiýa düzümine geçmekleri kä halatlarda örän oňaýsyz netijelere, ýagny girdejileriň ýokarlanmagy üçin hünär ussatlygy ýitirmeklige getirýän ýagdaýlary hem boldy. Şeýlelikde, orta synpyň kemala gelmeginde esasy orny eýelemeli gatlaklaryň öz statusyny ýitiren ýagdaýlary az bolmady. Olaryň wekilleriniň has girdejisiz toparlara ýa-da başga statusly düzümlere geçenleri boldy. Bu bolsa özgerişlere oňaýsyz täsir edýär. Şu ýagdaýlar göz öňünde tutulyp önümçilikde täze işewür toparlaryň we gatlaklaryň döremegine aýratyn üns berildi.

Şonda önümçiligi guramak, ony höweslendirmek, bütin ykdysadyýeti dolandyrmak, eýeçiligiň täze görnüşlerine ýol açmak, uzak ýyllar dowamynda toplanan jemgyýetçilik emlägini täzeden paýlamak döwleti dolandyrmaklygyň wajyp şertine öwrülýär. Bu wezipeleri amal etmeklik üçin döwletiň elinde gerek bolan mümkinçilikler bar. Onuň elinde maddy, ykdysady, sosial, syýasy, hukuk, medeni, guramaçylyk ryçaglary bar. Olaryň üsti bilen döwlet täze sosial toparlaryň jemgyýetde berkemeklerine öz täsirini ýetirýär. Ol kreditler, lisenziýalar bermek, salgyt, nyrhlar, inwestisiýalar, ýeňillikler syýasaty arkaly hususyýetçileriň ösmegine kömek berýär.

Şeýle aladanyň netijesinde täze sosial toparlar jemgyýetde, onuň ykdysadyýetinde kem-kemden öz ornuny tapyp başlaýarlar. 2008-nji ýylyň başynda ýurdumyzda öndürilýän önümiň 40 göterimi hususy sektora degişli boldy1. Şol ýylyň Nowruz aýynyň 17-sine türkmen hususy telekiçileri bilen duşuşanda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu görkezijini 2020-nji ýylda 70 göterime ýetirmek üçin döwlet tarapyndan hemmetaraplaýyn goldaw beriljekdigini, oňaýly şertleri dörediljekdigini belläp geçdi. Banklarda daşary ýurt walýutalarynyň erkin satylmagy, onuň ýeke-täk hümmete geçirilmegi, 5 göterimden ybarat 10 ýyl möhletli ýeňillikli karz pullaryň berilmegi, salgyt syýasatynyň ýeňilleşdirilmegi, telekeüilige degişli kanunlar boýunça tükelleýiş işleriň geçirilmegi, daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky kanunyň täze redaksiýasy ýokarda görkezilen sepgitlere, ykdysady netijelilige ýetmeklige ýardam berjekligi gümansyz. Türkmenistanyň senagat we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegi bu ugurda durmuşa geçiriljek çäreleriň we telekeçilik ulgamyny, esasan hem kiçi we orta hususy telekeçiligi ösdürmek syýasatynyň giňişleýin pikir alyşmak esasynda durmuşa geçiriljekliginiň güwanamasy bolýar.

Ýurtda konstitusion reformanyň geçirilmegi jemgyýetde bazar ykdysadyýetiniň berkemegi, orta gatlagyň güýjemekligi üçin gerek bolan hukuk esaslaryny döretdi. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwründe jemgyýetiň ykdysadyýetdäki eýeçilik görnüşlerine laýyklykda gatlaklara bölünmekligi bolup geçýär. Bu ýerde orta gatlagyň berkemekligi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Biziň häzirki jemgyýetimizde orta gatlak ýokary gatlak bilen hakyna tutma işgärleriň ortasynda ortalyk orna eýe bolýan sosial topar bolýar.

## Galkynyş eýýamy we orta gatlak.

Biziň jemgyýetimizde, ýokarda bellenip geçilşi ýaly, geçiş döwründe ilki bilen döwletiň hemaýaty bilen orta gatlagyň döremegine itergi berýän ýer eýeleriniň, mülkdarlaryň, kärendeçileriň täze toparlary, milli intelektual we önümçiligiň ýolbaşçylarynyň, bazar ykdysadyýetine hyzmat edýän hünärmenleriň

ýöreite toparlary döreýär. Hususyýtçileriň, onda-da jemgyýetiň ösüşiniň daýanjy bolan kiçi we orta telekeçileriň döremegi ýurtda geçirilýän özgertmeleriň wajyp mehanizmine öwrülýär. Jemgyýetde orta gatlak kemala gelip başlaýar. Intelegensiýanyň, hünärmenleriň bir bölegi onuň döremeginiň sosial esasy bolup çykyş edýärler. Bu gatlagyň döreýşi çylşyrymly proses. Başlangyç dýwürde bu gatlagy döredýän toparlar özleriniň intelektual we hünär mümkinçiliklerini, tejribesini we ykyplaryny, ýokarda görkezilşi ýaly, bazar gatnaşyklarynyň talaplaryna laýyk ulanmaga doly ýetişenoklar. Onuň dürli sebäpleri bar. Geçiş döwrüň başlangyjynda täze gymmatlyklaryň orun alyş derejesiniň ýeterlik bolmazlygy, dolandyryşyň görnüşleriniň, usullarynyň täzeçe işläp bilmeýänligi, taryhy we intelektual endikleriň täsiri, täzeçe pikirlenişiň köne görnüşler tarapyndan gysylmagy ýaly zatlar täze sosial toparlaryň bazar ykdysadyýetine uýgunlaşmagyna kynçylyklar döredýär. Orta gatlak ownuk söwdagärleriň, telekeçileriň, innowasion fonduň, banklaryň işgärleriniň, kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň hasabyna köpelýär. Wagtyň geçmekligi bilen olaryň täsiri ýokarlanýar, ýurdumyzda umumy öndürülýän önümde hususy sektora degişli paý artýar. Bu bolsa jemgyýetiň bazar ykdysadyýetine geçýänliginiň ygtybarly görkezijisi bolan orta gatlagyň döreýänligini görkezýär.

Şeýlelikde döräp berkeýän orta gatlagyň düzümi esasan täze döwürde häzirki türkmen jemgyýetimizde öz ornuna eýe bolýan sosial toparlary birleýdirýär. Onuň düzümine: şäherdäki we obadaky kiçi we orta hususy telekeçiler (hünärmenler, ýer eýeleri, kärendeçiler, hususy kärhanalaryň eýeleri, telekeçiler), önümçilikde, söwdada, bilim, saglygy goraýyş, hyzmat edaralarynda işleýän gullukçylar (administratiw-dolandyryjy we tehniki işgärler, inženerler, mugallymlar, lukmanlar we başg.). Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde orta gatlagyň düzümine girýän ownuk hususy eýeçiler elmydama hereketde bolýar, olaryň öndürýän harytlaryna isleg bolany sebäpli bu topar elmydama täzelenýär, ýöne ýitip gitmeýär. Orta gatlagyň düzüminde belli bir derejede “köne” (hünärmenler, azat hünärleriň işgärleri) we “täze” (ähli hususýetçiler) toparlary tapawutlandyrsa bolýar. Häzirki döwürde maglumat we dolandyryş işleriniuň ähmiýetiniň artmagy bilen dolandyryş we gözegçilik ulgamlaryndaky işgärleriň köpelmegine getirýär. Bu gatlak, görşümiz ýaly, biziň jemgyýetimizde umuman täzeden kemala gelýär. Jemgyýetde kemala gelýän we berkeýän orta gatlaga ozalky synplaryň bir görnüşi hökmünde garamak nädogry bolar. Sebäbi onuň düzüminde dürli sosial toparlar bar, onda-da bähbitleri biri birinden tapawutlanýan toparlar bar. Ýokarda görkezilýi ýaly, olaryň jemgyýetde bolup geçýän özgerişlere garaýyşlary hem biri-birinden tapawutlanýar.

Şonuň üçin jemgyýetiň gatlaklara bölünýän döwründe, onuň bitewiligini üpjün etmeklik uly ähmiýete eýe bolýar. Aslynda bazary ösdürmeklik gerek, ýöne ol esasy maksat bolup bilmeýär. Bu ýerde esasy mesele bazar gatnaşyklaryň zähmete ukyply ilatyň başlangyçlaryny we döredijilik hyjuwlaryny ýüze çykarylmaklyga we ösdürilmeklige itergi bermekligi gerek. Onda döwletiň hukuk esaslary adamlaryň ykdysdy işiniň erkinligini üpjün edip, kiçi we orta telekeçilik ulgamlarynda işleýänleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillenmelidir, jemgyýetde adalatly bäsleşigi goldamalydyr.

Jemgyýetde döreýän sosial gatlaklaryň biri-birinden tapawudy diňe bir ykdysady görkezijiler, ýagny hünär, wezipe, iş görnüşi, maddy üpjünçiligi bilen häsiýetlendirilmän, eýsem, ruhy we intelektual derejeleri bilen hem häsiýetlendirilýär. Galkynyş eýýamy bilişimiz ýaly ýurduň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmeklikdenm başlandy. Türkmenistanyň Prezidenti: “Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýdan taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejesine ýetilmegi bize jemgyýetiň kuwwatky sosial gatlagyny – milli intelektual elitastny döretmäge, Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmäge mümkinçilik berer”1 diýip belleýär. Şu hili intelektual elita jemgyýetiň ierarhiki düzüminde belli bir orna eýe bolan gatlak bolmaýar. Ol biziň ýokarda garap geçen sosial gatlaklarymyzyň ählisiniň agzalarynyň wekillerini öz içine alyp biler. Intelektual elita akyl we fiziki zähmet bilen meşgul bolýan adamlary hem özünde jemläp biler. Hawa, onuň düzüminde akyl zähmetiniň wekilleri agdyklyk edýär. Ýöne bir käri söýup, şol käre berilen adam üstüne ylymly –bilimli hem bolaýsa, onda ol täze bir derejä galýar. Şonda daýhan ýöne daýhan däl-de öz işini ylymyň talaplary esasynda gurnap, ýokary netijeliligi gazanyp bilýän işgäre öwrülýär. Şeýle özgeriş her bir telekeçide, hünärmende hem bolup biler. Şol sebäpli intelektual elitanyň döremekligi biziň Galkynyş eýýamymyzyň talaby bolýar.

Intelektual elitany düzýän gatlagyň statusy adamyň jemgyýete edip bilýän täsiri bilen häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin özgerýän jemgyýetde şu gatlagyň kemala

1 Tňrkmenistan. 2008-nji ýylyň maý aýynyň 23-i.

gelmegi has uly meseläniň - täze adamy ýetişdirmek işiniň aýrylmaz bölegi bolup çykyş edýär. Bu ýerde şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täziri üýtgeýär: eger “kadaly” ösüş döwürlerinde şahsyýet belli bir derejede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzüminiň aýratyn şöhlelenmesi bolýan bolsa, jemgyýetiň düýpli özgerýän döwründe durmuşyň jemgyýetçilik şertleri adam hereketiniň netijesi bolýar. Jemgyýetde adamyň täsiriniň güýjemegi, şol sanda ylmyň we bilimiň ähmiýetiniň artmagy pikirlenmegiň we akyl ýetirmekligiň täze derejä galmagy bilen bagly bolýar. Intelektual elita hem jemgyýetde täzeçe pikirlenip bilýän adam topary bolup çykyş edýär.

Jemgyýetde şeýle kuwwatly gatlagyň kemala gelmegi ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmegini talap edýär. Türkmen lideri ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirmeklige gerek bolan esaslary döredip, her bir türkmen ogluny we gyzyny ylym-bilim babatda dünýäniň ösen ýurtlarynyň ýaşlary bilen bäsleşmäge, milletimiziň durmuşyny, hal ýagdaýyny we medeniýetini has-da ýokarlandyrmaklyga ukyply adamlar edip ýetişdirmekligi bu ulgamyň öňünde duran gaýragoýulmasyz maksat hökmünde kesgitledi. Ýurdumyzda başlanan uly özgertmeleri, şol sanda bilim ulgamyny kämilleşdirmeklik işini durmuşa geçirmeklik üçin bilimiň we ylmyň özara baglanşygyny berkitmek we jemgyýetde ylmyň has düýpli öndüriji güýje öwrülmekligini gazanmak biziň döwrümiziň talaby bolýar. Türkmenistaanyň Prezidenti G. M. Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sine Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde biziň ýurdumyzda ylmy ösdürmeklik bilen baglanşykly meselelere garap, milli ylmy ösdirmeklik üçin gerek bolan hukuk we guramaçylyk esaslary döredýän kararlary kabul etdi. Bilim ulgamyny kämilleşdirmeklige gönükdirilen karardyr-permanlar biziň ýurdumyzda bilimli, dünýä ösüşinden doly habarly, şoňa goşulmaga ählitaraplaýyn taýýarlykly sagdyn nesli ýetişdirmekligi göz öňünde tutýarlar. 2008-nji ýylyň başynda döwlet baştutany tarapyndan Türkmenistanda ýokary hünärli hünärmenleriň we ylmy işgärleriň taýýarlanmagyna hem-de ylmy barlaglara döwlet goldawyny üpjün etmäge gönükdirilen ýörüte Kararyň kabul edilmegi bu wajyp işi täze derejä galdyrmaklyga kömek etjekligi gümansyz. Umuman, ylym-bilim ulgamynda şu ugurda başlanan özgerişler täze döwürde türkmen jemgyýetiniň ähli ugurlaryny kämilleşdirmeklige gerek bolan ruhy esaslary döretmeklige hyzmat edýänligini biz görýäris. Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda alynyp barylýan işler kuwwatly gatlagyň-intelektual elitanyň döremekliginiň wajyp şerti bolýar. Bu gatlak berkäp Milli Galkynyş Hereketiniň öňdebaryjy güýjüne öwrüler. Bu Herekete ýurtda ýaşaýan ähli halklar işjeň gatnaşýarlar.

Jemgyýetiň sosial düzüminde sosial toparlar we gatlaklar bilen bir hatarda milli-etniki umumylyklar hem girýärler. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan köpmilletli döwlet. Bu ýerde kyrkdan gowrak milletiň wekilleri ýaşaýarlar. Ilatymyzyň ýüzden iki bölegi özbekler, ýüzden bir bölegi ruslardyr. Umuman, ilatyň ýüzden bäş bölegini başga milletiň wekilleri tutýar1. Türkmen halky başga milletiň diline, dinine, däp-dessuryna uly sarpa goýýar. Türkmen döwletiniň kanunlarynyň öňünde Türkmenistanda ýaşaýan ähli raýatlaryň borçlary, hukuklary deňdir. Biziň jemgyýetimizde milli gataşyklar bilen baglanşykly iki ugry görkezse bolar. Olaryň birinjisi, milletiň durmuşynyň ähli taraplaryny kämilleşdirmekden, onuň bitewiligini, jebisligini üpjün etmekden, milli medeniýetiň ösüşine doly ýazgynlyk bermekden ybaratdyr.

Biziň glkynýan jemgyýetimizde milli gatnaşyklaryň ikinji ugry ýurduň içinde ýaşaýan beýleki milletleriň wekilleri bilen türkmen halkynyň agzybirlikde, dost-dogan bolup döredijilikli ýaşamaklaryny üpjün etmekden ybaratdyr.

Jemgyýetde bar bolan sosial toparlaryň we milli-etiki umumylyklarynyň arabaglanyşygy statiki däl-de dinamiki häsiýete eýe bolup, olaryň öz isleglerini kanagatlandyrmak we bähbitlerini amal etmek babatda aragatnaşyklarynda ýüze çykýar. Şonda olar biri-biri bilen takyk gatnaşyklara girişýärler. Bu ýerde jemgyýetiň sosial düzüminiň hereket etmekliginiň bir tarapy bolan sosial gatnaşyklar barada gürrüň gidýär. Ol gatnaşyklar subýektleriň arasynda degişli zähmet şertlerde islegleri kanagatlandyrmak, maddy gymmatlyklary peýdalanmak, durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak, bilim almak, ruhy-medeni gymmatlyklaryň elýeterliligini gazanmak we başalar babatda döreýärler. Gürrüň jemgyýetçilik durmuşyň sosial gurşawyna degişle islegler, ol ýa-da beýleki sosial toparyň ýa-da umumylygyň agzalarynyň şol gurşawda öz mertebesini gazanmaklygy baradadyr.

Biziň häzirki özgerýän jemgyýetimizde diňe bir ýer eýeleriniň, telekeçileriň aglaba bölegi däl, eýsem, ýaşlar, zenanlar, ýaşuly nesil ýaly sosial-demografiki toparlaryň wekilleri hem öz isleglerini we bähbitlerini aýan edýärler. Olar jemgyýetde uly orun tutýarlar. Mysal üçin, 2006-njy ýyl boýunça Türkmenistanyň ilatynyň ýaş toparlary boýunça düzümi (ähli ilata görä göterimde): zähmete ukyplylykdan aşak ýaşdakylar 35,6, zähmet ukyply ýaşdakylar 58,7, zähmete ukyplylykdan ýokary ýaşdakylar 5,7. 2007-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-ine görä Türkmenistanyň ilatynyň jynsy boýunça bölünişi: erkekler 2693,2 müň, zenanlar 2709,0 müň adam1. Görşümiz ýaly, ilatyň 41,3 göterimi zähmete ukyply däl adamlardan durýar. Bu adamlar barada jemgyýetde alada güýçlenmelidir.

Şonuň üçin, “...Galkynyş eýýamy, hormatly Prezidentimiziň belleýi ýaly, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna, ula hormat goýmak, birek-birege kömek bermek, çagalar hakynda hemmetaraplaýyn alada etmek ýörelgelerine eýerýän, şol sanda her bir maşgalanyň we garyndaşlyk gatnaşyklarynyň däbe öwrülen etikasyna hem öz täsirini ýetirýär”1. Diýmek, jemgyýetiň esasy bölegi bolup duran maşgalanyň orny artýar

**Jemgyýetde maşgalanyň orny**. Maşgala sosial edaranyň hem, sosial toparyň hem sypatlaryny özünde jemleýän ulgam bolýar. Sosial edara hökmünde maşgala maşgala agzalarynyň gatnaşyklaryny kesgitleýän sosil kadalaryň, nusgalyk häsiýetleriň jemi bolup çykyş edýär. Maşgala maşgala-nika ýa-da gan birligine esaslanýan, agzalary umumy durmuş birligi, özara ahlak jogapkärligi we birek-birege hemaýat bermekligi bilen baglaşan sosial topar bolup çykyş edýär. Jemgyýetde maşgalanyň ilkinji wezipesi geljekki nesli öndürmek we çaga terbiýelemek bolýar. Biziň galkynýan zamanamyzda maşgalanyň ykdysady, hünär we medeni wezipeleri hem artýar. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde maşgala agzalarynyň biri-biri bilen ykdysady baglanşygy güýjeýär. Kiçi we orta telekeçiligiň ösmekligi bilen olaryň hünärleriniň umumylygy berkär.

Türkmen maşgalasynyň aýratynlygy diňe bir onuň giňeldilen görnüşi bilen bagly bolman eýsem är-aýalyň maşgala gymmatlyklaryna gönükdirilendikleri bilen

hem tapawutlanýar. Maşgala gymmatlyklary asyrlaryň durmuş tejribesiniň jeminden kemala gelipdir. Biziň Galkynýan eýýamymyzda türkmen maşgalasynyň ösüşi maşgala gatnaşyklarynyň we maşgala gymmatlyklarynyň berkemekligi bilen baglydyr. Hormatly Prezidentimiziň "Döwlet adam üçindir!" diýen ýörelgesiniň maşgala degişlilikdäki açylyşy döwletiň maşgalany hemmetaraplaýyn goldaýanlygynda, her bir maşgalanyň ähli agzalarynyň sagdyn durmuşy, her bir maşgalany elýeterli bahadan aýratyn öý ýa-da jaý bilen üpjün etmeklik barada aladasynda bolýar. Biziň döwletimiz adamlaryň sosial goraglylygyny gazanýar.

## Galkynyş eýýamynda döwletiň sosial goraglylyk syýasaty

Türkmen döwletiniň ykdysady syýasatynyň esasy sütünleriniň biri, onuň ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulandyrmaga, adamlaryň sosial taýdan goraglylygyny güýçlendirmäge gönükdirilendigindedir. Türkmenistanyň ilatynyň aglaba bölegi (50 % gowyragy) oba ýerlerinde ýaşaýar. Türkmen maşgalasy uly häsiýete eýedir. Ilatyň ýarpysy diýen ýaly zähmet ýaşyna ýetmedik ýetginjekler we

1 Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2006. A. 2007. 127 s.

çagalardyr. Her ýylda zähmet resurslarynyň uly toplumy işe goşulmaly. Şu meseleleriň çözgüdi türkmen döwletiniň sosial-ykdysady syýasatynda öz çözgüdini tapýar. Galkynyş eýýamynda ilatyň sosial goraglylygynyň kanun esaslary ("Durmuş üpjünçiligi hakynda" Bitewi kanun, "Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" Permany we başg.) kämilleşýär. Biziň ýurdumyzda sosial goragly ykdysadyýet döredi. Ony biz ilatyň gündelik sarp edýän harytlaryna üýtgewsiz nyrhlaryň saklanýandygynda görýäris. Ilatyň sarp edýän tebigy gazynyň, elektrik energiýasynyň, agyz suwunyň we nahar duzunyň mugtlygyny hem bellemeklik gerek. Ýaşaýyş jaý tölegi, komunal hyzmatlar ilata elýetelidir. Şol bir wagtda hem ilatyň zähmet haklary kem-kemden ýokarlanýar. Bu zatlar ýurduň ilatynyň, esasanam onuň az girdejili gatlaklarynyň sosial taýdan üpjünçiligine uly goldaw berýär.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň ähli taraplarynda özgerişler geçýär. Galkynyş eýýamynda bu düzümiň öz wezipesini ýerine ýetirmeginiň, dürli sosial toparlaryň özara täsiriniň meseleleri gönüden-göni raýat jemgyýetiniň meseleri bilen baglanşykly. Raýat jemgyýeti, bilşimiz ýaly, hususy eýeçilige we hukuga esaslanýan şahsyýetleriň we gatlaklaryň özara gatnaşyklarynyň ulgamyny düzýär. Has takygy, raýat jemgyýete jemgyýetde bar bolan uly we kiçi sosial toparlaryň özara täsiri hökmünde garalsa dogry bolar. Erkin ösýän eýeçiligiň dürli görnüşleri olaryň täsiriniň ykdysady esasy bolup çykyş etmeli. Olaryň bähbitlerini bolsa hemme zat kanuna boýun edilen hukuk döwletiniň degerli edaralary goramaly. Şeýlelikde, raýatyň bähbitleri we hukuklary esasynda goýulan hakyky raýat jemgyýetinde, her bir adamyň özüni azat we döredijilikli ýüze çykarmaklyga, başga adamlara we jemgyýete getirýän peýdasyna görä öz isleglerini kanagtlandyrmaklyga mümkinçiligi bar. Şonda ol döwletiň hukuk we sosial gorawlylygynyň ähli serişdelerini peýdalanyp bilýär. Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň şu wezipesiniň wajyplygyny belläp: "Geljekde ýurdumyzda halk

häkimiýeti halkymyzyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bilelikde amala aşyrmalydyr”1 diýip belledi.

Türkmen ýurdunda täze jemgyýet, sagdyn we ruhubelent döwlet gurulýar. Onuň bilen baglanşykly başlangyçlaryň esasyny hormatly Prezidentimiziň “Döwlet adam üçindir!” diýen pähimi düzýär. Bu özgeriş her bir adamyň öz geljegine bolan ynamyny berkidýär.

Täze galkynyş we beýik özgerişler döwründe amal edilýän işleriň many-mazmuny adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaklyga, şäherlerde we obalarda hyzmat gullygyny kämilleşdirmeklige gönükdirilýänligi bilen bagly bolýar. Onda-da bu iş ýurdumyzyň çetki obalarynyň we şäherçeleriniň hem durmuşyny düýpgöter täzelemeklige gönükdirilýär. Hormatly Prezidentimiz öz Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy” atly kitabynda: “... şäher bilen bäsleşýän

1 Türkmenistan. 2008-nji ýylyň maý aýynyň 23-i.

obalary görmek isleýärin”1 diýýär. Şu ýörelgeden ugur alyp Ýurt Ýolbaşçysy özüniň işe girişen ilkinji günlernde, takygy 2007-nji ýylyň mart aýynyň 2-sine Balkan welaýatynda saparda bolanda Esenguly etrabyna baryp, oba adamlarynyň durmuşynyň, ýaşaýyş derejesiniň häzirki döwrüň şertlerine kybapdaş ýagdaýa getirmekligiň wajyplygyny belläp, ýurdumyzyň uzak künjeklerini abadanlaşdyrmaklyk işiniň başlanmagyna uly badalga berdi. XX Halk Maslahatynda Türkmenistanyň Prezidenti türkmen obasyny özgertmekligiň döwletimiziň ileri tutýan ugrudygyny belläp, ilki bilen Daşoguz welaýatyna sapara baryp Ruhubelent etrabyny, soňra Lebap welaýatyna eden saparynda Döwletli etrabyny, 2010-njy ýylda bolsa Mary welaýatynda Altyn sähra etrabyny açyp bu wajyp işiň dowamly-dowamatly boljakdygyny görkezdi. Ol yzygiderli alynyp barylýan işiň netijesi boldy.

2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 17-sine bolan Türkmenistanyň döwlet baştutany häzirki döwürde türkmen obasyny tiz özgertmegiň maksatnamasyny tassyklady. Şol maksatnamada obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek, durmuş medeni desgalalary gurmak, adamlaryň ýaşaýyş derejesini döwrebaplaşdyrmaklygy göz öňünde tutulýar. Bu maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bilen, yurdumyzyň iň alysdaky obalarynda hem düýpli özgerişlikler amala aşyrylar. Şu maksatlar üçin 72,5 trillion manat göýberildi 2.

Görşümiz ýaly, garaşsyzlykdan öňki ýyllar işçi synpy, daýhanlary we intelegensiýany öz içine alýan jemgyýetiň sosial düzümi täze Galkynyş

zamanasynda düýpgöter özgerýär. Bu ýerde täze sosial toparlar we gatlaklar döräp berkeýärler. Olar ýurduň ykdysady we medeni ösüşinde kesgitleýji orny eýeläp başlaýarlar. Durmuşyň ähli ugurlarynda olaryň başlangyçlarynyň täsiriniň we işdäki döredijiliginiň artýanlygy duýulýar. Kiçi we orta hususyýetçileriň hasabyna ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň görkezijisi bolan orta gatlagyň ösmegine we giňelmegine mümkinçilik açyldy. Ýurtda intelektual elitany öz içine alýan kuwwatly gatlak berkeýär. „Döwlet adam üçindir!“ diýen ýörelgeden ugur alyp, türkmen döwleti ilatyň, ilki bilen hem oba ilatynyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin giň möçberli taslamalary amal edýär. Adamlaryň sosial garaglylygy artýar.

## Jemgyýet we ýaşlar

Özgerýän jemgyýet. Çagalykdan çykyp, kämillige ymtylyp, ulularyň dünýäsine aralaşyp, oňa uýgunlaşyp, ony özgertmeklige taýýarlanylýan nesil. Olaryň biri-biri bilen işewür arabaglanşygy. Durmuşa badalga. Bilim almak. Zähmete girişmek. Maşgala gurmak. Hünär kämilligini ele alyp jemgyýetde öz

1 Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. A. 2007. 31 s

2 Türkmenistan. 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-i.

ornuňy tapmak. Türkmen döwletiniň işewür nesli ýetişdirmek baradaky tagallalary.

Galkynyş eýýamynda ylymly-bilimli nesli ýetişdirmek baradaky aladalar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamrdowyň ýurduň bilim-ylym ulgamyny kämilleşdirmeklige gönükdirilen permandyr-kararlary. Bu ulgamyň hil

taýdan täze derejä çykmaklyk üçin dörän esaslar. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde okuw işini täzeçe guramak, ony dünýä derejesine çykarmak barada amal edilen işler. Bilim reformasynyň anyk işler bilen ilerileşdirilmegi. Ýaşlaryň ýurdumyzdaky we dünýäniň ösen ýurtlaryndaky ýokary mekdeplerde bilim almaklary üçin dörän täze mümkinçilikler. Bilim ulgamynyň maddy-tehniki binýadynyň pugtalanmagy.

Ýurduň ylym ulgamynda geçirilen düýpli özgerişler. Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň işläp başlamagy. Ýokary mekdeplerde we ylmy edaralarda aspiranturalaryň we doktaranturalaryň açylmagy we ýaş alymlaryň olara kabul edilmegi. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň ösüşine itergi berjek ylmy ugurlaryň kesgitlenmegi we olaryň döwlet býudjeti tarapyndan malyýalaşdyrylmagy.

Ýaşlaryň durmuşda dogry ýoly saýlap almaklary üçin edilýän aladalar**.** Ýaşlaryň öz okuwlaryny ýokary we ýörüte orta, hüär berýän mekdeplerde dowam etmeklerine döredilýän mümkinçilik. Orta bilim berýän ýörüte mekdepleriň döredilmegi. Daşary ýurtlarda okaýan ýaşlaryň okuw bilen baglanyşykly çykdaýjylaryny tölemek üçin ýeňillikli karzlar bermek. Daşary ýurtlara ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we kärhanalaryň hasabyna okuwa ibermek

mümkinçilikleri. Edaralarda we kärhanalarda hünär öwredýän okuwlary açmak. Ýakyn 5-10 ýylyň dowamynda ýaşlary iş bilen yzygiderli üpjün etmegiň maksatnamasynyň işläp düzülmegi we beýleki çäreler.

Galkynyş eýýamynyň intelektual potensialy . Intellektual baýlyk. Akyl-paýhas. Durmuş tejribesi esasynda toplanan intellektual baýlyk. Adamzadyň akyl-paýhasynyň goýalýan we oýlanşykly öz durmuşyny guraýan eýýamy. Intelektual baýlygyň toplanýan döwri. Ylym we bilim ulgamynyň döremegi. Adamlaryň durmuş, şol sanda önümçilik tejribesi esasynda akyl-paýhasynyň toplanmagy. Täze döwürde ylmy özüne siňdiren tehnologiýa esasynda toplanan intellektual baýlyk. XX asyrda Türkmenistanda bilim ulgamynyň ählumumy häsiýete eýe bolmagy. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu ulgamyň milli ruha ýugrulmagy.

Häzirki türkmen jemgyýetiniň intelektual baýlygy. Jemgyýetiň intelektual güýçleriniň düzümi. Ýokary aň-düşünjeli, medeniýetli, ylmyň, bilmiň we medeniýetiň dürli ugurlarynda işleýän hünärmenler, ylym hem döredijilik intelligensiýasy. Dolandyryjy häkimiýeti emele getirýän syýasatçylar, syýasy häkimiýetiň amala aşyrylmagyna gatnaşýan döwlet işgärleri, ekspertler. Ýurduň ylmy-tehniki hem-de ykdysady ösüşini kesgitleýän alymlar, ýokary derejeli hünärmenler. Mugallymlar, edebiýat we sungat işgärleri. Inžener-tehniki işgärler, menejerler, brokerler we başgalar.

Türkmenistanda intelektual elitany kemala getirmek ugrunda edilýän aladalar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jemgyýetiň kuwwatly sosial gatlagyny – intellektual elitasyny döretmek hakynda. Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejä ýetirmek ugrunda edilýän tagallalar. Ylym-bilim pudagynda başlanan mähüm özgertmeler. Fundamental hem-de amaly ylymlary ösdürmekde amal edilýän işler. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine alynýan talyplaryň sanyny artdyrmak, türkmen ýaşlaryny ösen ýurtlaryň belli ýokary okuw mekdeplerine ylym hem-de hünär öwrenmäge ibermek we başgalar.

Täze Galkynyş eýýamynda edebiýatyň, sungatyň, metbugatyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň milletiň ruhy galkynyşyny üpjin etmeklikdäki orny we ähmiýeti. Türkmenistanda diniň jemgyýetdäki orny.

## VI bölüm. Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi. Ruhy galkynyş. Döwletiň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalary

### Birinji bap. Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi

**Jemgyýetiň ruhy dünýäsi barada käbir düşünjeler.** Täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsinde bolup geçýän özgerişleri häsiýetlendirmek maksady bilen biz söhbetdeşligimiziň başynda umuman, „jemgyýetiň ruhy dünýäsi“ diýen düşünjäniň üstünde durup geçeliň. Bu düşünje bilen biz „Filosofiýa“ kursynda tanyşypdyk. Onda her bir jemgyýetiň ýaşaýşynyň we ösüşiniň wajyp tarapy bolup onuň ruhy dünýäsi çykyş edýänligi açylyp görkezilýär. Biz bu ýerde täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsinde bolup geçýän düýpli özgerişler barada gürrüň etmekligi maksat edinýäris. „Mukaddes Ruhnama“ kursunda, umuman, türkmeniň ruhy gymmatlyklary barada köp sanly gymmatly maglumatlar getirilýär. Şol bir wagtda hem onda ilki bilen milli ruhy gymmatlyklaryň garaşsyz ýurt üçin ähmiýeti açylyp görkezilýär. Biziň kitabymyzda milli we umumyadamzat ruhy gymmatlyklarynyň özara täsirini açmaklyk göz öňünde tutulýar.

Şu nukdaýnazardan garalanda jemgyýetiň ruhy dünýäsi örän çylşyrymly ulgam bolup çykyş edýär. Onuň esasy bölekleri bolup adamlaryň gerekliliklerini kanagatlandyrýan ruhy gymmatlyklary öndürmeklige we ulanmaklyga gönükdirilen ruhy iş, şonuň ýaly-da ruhy gymmatlyklaryň özi, adamlaryň arasyndaky ruhy gatnaşyklar, olaryň şahsy ruhy baglanyşyklarynyň ýüze çykmasy, umuman, ruhy önümçilik çykyş edýär.

Jemgyýetiň ruhy dünýäsiniň esasyny ruhy iş düzýär. Ol ruhuň hereketi hökmünde ýüze çykyp, onuň dowamynda adamlaryň pikirleriniň we duýgularynyň tebigatyň we jemgyýetçilik durmuşyň hadysalary barada obrazlary we garaýyşlary döredýändigini bellemeli. Bu işiň netijesi bolup adamlaryň dünýä bolan kesgitli garaýyşlary, ylmy pikirler we taglymatlar, ahlak, dini we estetiki garaýyşlar çykyş edýärler. Olar ahlak ýörelgelere we özüňi alyp baryş kadalara, halk döredijiligine we professional sungata öwrülýärler. Bularyň ählisi adamlaryň garaýyşlary, ylmy pikirleri, çaklamalary we taglymatlary, çeper eserleri, ahlak we dini aň, adamlaryň ruhy baglanyşyklary we onuň esasynda döreýän ruhy-psihologiki klimat hökmünde çykyş edýän özlerine kybapdaş ruhy gymmatlyklar görnüşine we manysyna eýe bolýarlar. Jemgyýetiň özgerýän we galkynýan döwründe ruhy işiň işewürligi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetinde ruhy işiň işewürleşmekligini gazanmaklykda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň döredijilik intellegensiýasynyň wekilleri bilen duşuşyklary aýratyn ähmiýete eýe boldy. Şol duşuşyklaryň birinjisi 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda bolupdy. Ýurt Ýolbaşçysy medeniýet ulgamynyň, metbugatyň we radionyň ýolbaşçylary bilen maslahat geçirip, ösüşiň täze tapgyryna geçmek üçin häzirki döwrüň reallyklaryna we talaplaryna esaslanýan, düýbünden täze ideologiýanyň gerekligini belledi. Ideologiýa jemgyýetçilik aňyň bir tarapy bolup, bu aňyň ylmy derejä galmaklygynyň bir ýoly bolýar.

**Galkynyş eýýamynyň ideologiýasy.** Jemgyýetde ideologiýa, bilşimiz ýaly, adamyň hereketini manylaýjy we gözükdiriji ulgam, syýasy herekete iteriji we adamlary birikdiriji güýç wezipeleri ýerine ýetirýär. Syýasy ideologiýa, birinjiden, isleg bildirilýän jemgyýetiň nusgasynyň beýan edilşi we ikinjiden, ösüşe we ony

amal ediliş usulyna bolan garaýyş bilen tapawutlandyrylýar. Eger şu nukdaýnazardan ideologiýanyň biziň häzirki türkmen jemgyýetimizdäki wezipesini kesgitlemeklige çalyşsak, onda onuň şu jemgyýetiň gymmatlyklar ulgamy bolup, onuň ýurdumyzy mundan beýläk hem galkyndyrmaga we döwrebaplaşdyrmaga gözükdiriji paýhas bolup çykyş edýändigini bellemeli.

Bu ulgam biziň Galkynyşlar eýýamymyzda, bir tarapdan, adamlara milli gymmatlyklardan ugur alyp, özlerinde milli taýdan öz ähmiýetine düşünmek duýgusyny taplamaklyga kömek bermeli bolsa, ikinji tarapdan, olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklary üçin gerek.

Ýokarda görkezilşi ýaly, garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetçilik aň-düşünjesiniň täze hilini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde ösdürilýän milletimiziň milli gymmatlyklary, däp-dessurlary bolýar. Biziň ata-babalarymyz öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gidenler. Özbaşdaklyga eýe bolanymyzdan soňra, şu mirasyň hakyky mirasdüşerleriniň, ony doly özleşdirmeklerine şert döredi. Bu ýyllar geçmişde halkymyzyň galkynyşlaryna itergi beren türkmeniň asyl ruhy ýörelgeleri esasynda jemgyýetiň özgeriş ýoluny kesgitlemeklige çalşyldy. Halkymyzyň ruhy dünýäsine çuňlaşyp, ony millet eden adamkärçilik pähimleriniň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmek örän möhüm iş boldy. Olar jemgyýetiň ähli edaralaryna, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelere milli häsiýet bermekligine esas döretdi.

Geçmişde taplanan türkmeniň aňy azat we erkin durmuşy gurnamaklyga gerek bolan zähmet endikleriniň we ahlak kadalarynyň degerli görnüşlerini öz içine alan. Biziň ata-babalarymyz öz hereketlerini doly ylmy esasda gurnamasalar hem, umuman, olar akylly-başly hereket edip bilipdirler. Ýöne geçen XX asyryň dowamly döwri türkmen halky üçin kyn boldy. Şol ýyllar halkymyzyň ozaldan gelýän iş başarnygyna zelel ýetirilenligi sebäpli, biziň jemgyýetimize dünýewi gymmatlyklary ornaşdyrmaklyga edilen meýiller hem doly başa barmady. Şonuň ýaly-da şol döwürde agalyk eden ideologiýa adamlaryň aňyna häzirki Galkynyş eýýamynda jemgyýete işewür ornaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň gymmatlyklaryna ýigrenç döretmeklige çalşyldy. Ine, şonuň üçin täze Galkynyş eýýamynda bize düýpgöter täze ideologiýa gerek boldy. Bu ideologiýa milli gymmatlyklar bilen bir hatarda biziň jemgyýetimiziň özgerşini kesgitleýän täze gymmatlyklary hem özünde jemlemeli bolýar.

Dogrudan hem bazar gatnaşyklary jemgyýete ornaşýan döwründe biziň milli aňymyzyň adamlaryň täzelige bolan garaýyşlaryny we olaryň üýtgeýän şertlere uýgunlaşmaklaryna ýol açýan ýörelgeleri öz içine almaklygy zerur. Her bir jemgyýetde düýpli özgerişleriň ykbaly adamlaryň durmuşyň ähli ugurlarynda akylly-başly hereketleri we olaryň biri-biri bilen ynançly baglanyşyklary esasynda kesgitlenýänligi sebäpli, jemgyýete bazar gymmatlyklary ornaşdyrylanda ideologiýa, bir tarapdan, olaryň many-mazmunyny açmaklyga we ikinji tarapdan, şol gymmatlyklaryň milli medeniýetiň özboluşlylygy we aýratynlygy bilen sazlaşykly baglanyşyga girmekligine esas döretmeli. Birinji talap ýerine-ýetirilmedik ýagdaýynda özgerişiň göwnejaý geçmezligine, ýagny adatylykdan täzeçillige ýol açylmazlykdygyna, ilkinji amal edilmedik halatynda bolsa özgerişiň milli medeniýetden üzňe düşmekligine sebäp döremekligi mümkin.

Galkynyş eýýamynyň ideologiýasy jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip, bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine hemaýat edýän ýörelgeler ulgamy bolup çykyş edýär. Bu ulgamyň adamlaryň täze gymmatlyklary özleşdirmeklerine esas bolup, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmeli hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny berkitmeli bolýar. Şeýle adamlaryň hatary artdygyça ideologiýa bähbitleri jemgyýetiň ösüşiniň esasy tendensiýalaryna gabat gelýän we jemgyýetçilik progressiň bähbidine laýyk gelýän subýektleriň ýörelgesi bolup çykyş eder. Şeýdibem, ol ylmy mana eýe bolýar. Şonda ideologiýa, bir tarapdan, milli aňyň esasynda ösen ýurtlaryň ähli ugurda toplan tejribesini özleşdirmek we ikinji tarapdan, täze gymmatlyklara milli äheň bermek wezipesini ýerine ýetirýär.

Görşümiz ýaly, ideologiýa milli we umumyadamzat gymmatlyklaryny özara sazlamaklygynyň ýollaryny kesgitleýär. Häzirki döwürde şeýle sazlaşyk Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy mundan beýläk hem galkyndyrmak we döwrebaplaşdyrmak syýasaty esasynda üpjün edilýänligi sebäpli, bu syýasatyň esasyny düzýän taglymat täze ideologiýanyň hem taglymat esasy bolýar. Döwrebaplaşdyrmak taglymaty jemgyýetiň ösüşini we özgerişini gazanmaklyk üçin, milli we umumadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyryjy güýç bolup çykyş edýär.

Eger döwrebaplaşmaklygyň many-mazmuny täze Galkynyşlar zamanamyzyň öňe çykaran derwaýyslyklaryndan ugur alyp, ýurduň ykdysadyýetini, medeniýetini, adamlaryň durmuş-hal ýagdaýyny dünýä derejesine çykarmaklyk üçin täze gymmatlyklary işläp düzmegi başarmaklygy aňladýan bolsa, onda adamlarda şeýle başarnygy taplamaklyk işinde döwlet ideologiýasynyň aýratyn orny bar. Ony biz ýurt Ýolbaşçysynyň „Döwlet adam üçindir,“ diýen şygarynyň täze Galkynyş eýýamynyň ideologiýasynyň esasynda goýylandygynda hem görýäris. Şu ýörelgä laýyklykda ösen bazar ykdysadyýetli dünýewi, hukuk döwletini mundan beýläk-de berkitmek adamyň ruhy ösüşini gazanmak bilen berk

baglanyşykda alynyp barylýar. Bu iş adamlaryň durmuşy-syýasy işewürligini ardyrjaklyga gönükdirilýär.

Şu ugurda edilýän tagallalar köptaraplydyr. Ilki bilen ol türkmen jemgyýetiniň içki güýçlerini açmaklyga gönükdirilýär. Ideologiýa jemgyýetçilik ösüşiniň kanunalaýyklylygyny, onuň hereket etmekliginde obýektiw we suýektiw şertleriniň özara täsirine düşünmeklige esas döredip, adamlarda jemgyýetçilik hadysalary ylmy esasda derňemeklige we hakykaty aýan etmeklige bolan islegini artdyrýar. Şonda ideologiýa jemgyýetde durmuşy progresi gazanmaklygyň hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýän bolsa, onda onuň akyl ýetirmeklik gözükmesi bolup hakykat çykyş edýär.

Täze ideologiýa biziň jemgyýetimizde başlanan özgeriş hakykatyny ilimize ýetirip, ýokarda bellenilişi ýaly, ilatyň arasynda jemgyýetiň özgerişine öz-özüne ýeterlik gymmatlyk diýip düşünýän adamlaryň hatarynyň işewür adamlaryň, hünärmenleriň, ýer eýeleriniň täze gymmatlyklara girişmegi bilen köpelmekligine getirer. Şol bir wagtyň öňünde biziň halkymyzyň içinde jemgyýete ornaşýan täze gymmatlyklaryň ähmiýetini şindi doly düşündirip bilmeýänleriň hem ýok däldigini bilmeli. Bazar gatnaşyklaryna her bir adamyň öz bähbidi esasynda girişýändigini göz öňünde tutup, biziň täze ideologiýamyz soňky toparyň tarapdarlaryna täze gatnaşyklary döwrebap usullaryň üsti bilen gurnaýanlaryň hataryna geçmekligiň ýollaryny görkezmeli bolýar. Bu bolsa adamlaryň adaty ýörelgelerden ýokary galyp, durmuşyň ähli ugurlaryny oýlanşykly gurmaklaryna ruhy esas döreder.

Şeýlelikde, täze ideologiýa jemgyýetçilik aňyň adaty derejeden nazary görnüşe galmagyna, adamlaryň biziň jemgyýetimize ornaşýan gymmatlyklara bolan dürli garaýyşlarynyň ýakynlaşmagyna, jemgyýetiň ähli ugurlarynda we derejelerinde özgerişleriň çuňlaşmagyna we olaryň netijeliliginiň ýokarlanmagyna esas bolar. Ol netijelilik bolsa ideologiýanyň jemgyýetiň özgerişinde ýüze çykýan päsgelçilikleri ýeňip geçer ýaly milletiň döredijilikli ýaşaýşa ukyplylygyny kemala getirýänliligindedir. Şeýle ukyplylyk jemgyýetde adaty we döwrebap garaýyşlaryň özara täsiri esasynda döreýän meseleleriň çözgüdiniň üsti bilen taplanýar. Bu bolsa jemgyýetçilik aňynyň täze derejä galýandygyny aňladýar.

Ykdysatyýetde, durmuş, ylym we bilim ulgamlarynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ýurdumyzyň ruhy-medeni ösüşiniň täze derejä çykmaklygyny, döredijiligiň täze mazmuna eýe bolmagyny talap edýär. Aslynda ýurduň galkynyşy ruhy galkynyşdan başlanýar. Eger galkynyş barada aýdylanda, onda ol ylmyň, bilimiň, milli aňyň täze derejä galmaklygy bilen bagly bolýar. Adamzat taryhynda bolup geçen ähli galkynyşlar oňa şaýatlyk edýärler. Şeýle döwürlerde dünýewi oý-pikirler has güýjeýär. Olar ynsanperwer häsiýete eýe bolýarlar. Ynsanperwerlik, sözüň doly manysynda, durmuşy we ykdysady ösüşiň esasy maksadyny adamyň hal-ýagdaýyny, ýaşaýyş derejesini gowulandyrmaklykda görýär we adamyň şahsyýetlik gymmatlygyny goramaklyga hyzmat edýär. Galkynyşlar döwri ykdysady, ruhy-medeni ýokary göteriliş bolup geçýär.

Biziň ýurdumyzda başlanan täze Galkynyşlar döwri hem türkmen jemgyýetiniň hemme taraplaryny düýpli özgerişlere getirýän ruhy başlangyçlary

ýüze çykarýar. Şol başlangyçlar özgerişler döwründe jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynyň oýlanşykly kesgitlenen ölçegleri bilen gurnalmagyny, erkin, azat hereket edip bilýän adamlaryň taplanmagyny, täze zähmet etikasynyň döremegini ýpjün etmeli bolýarlar. Bu döwürde jemgyýetçilik aňyň nazary derejesine eýe bolýan adamlaryň sany artýar.

Şeýle pähim-paýhas we ukyp täze ideologiýa, täze ruhy gymmatlyklar esasynda kemala gelýär. Eger türkmeniň täze ruhy ähli adamlara degişlilikde öňki ýyllar öz aňlaryna ornaşan özüňe ynanmazlyk psihologiýasyndan azat bolmaklyga kömek eden bolsa, indi biziň ideologiýamyz Galkynyşlar zamanasynda olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip, erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklary gerek bolýar. Ine şonuň üçin biziň ýurdumyzda başlanan täze döwürde adam şahsyýeti beýgeltmeklik esasy meselä öwrüldi. Ruhy galkynyş döwrüň hem talaby hem-de görkezjisi bolýar.

Jemgyýetiň durnukly ösmeginiň we özgermeginiň möhüm şerti hökmünde ruhy ulgamy özgertmegiň gerekligini nygtaýan ýurt Ýolbaşçysynyň bu ugurdaky başlangyçlarynyň ruhy galkynyş üçin uly ähmiýete eýedigini bellemek gerek. Şol başlangyçlar ýurdumyzyň medeniýetiniň we sungatynyň ösmegine, umuman, täze jemgyýetçilik aňynyň kemala gelmegine kuwwatly itergi berýär.

Jemgyýetçilik aňy täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetçilik durmuşynda wajyp wezipäni ýerine ýetirýär. Ol ýurtda geçýän düýpli özgerişleri we täzelenişleri aňlaýan, jemgyýetdäki özgerişleriň manysyny açýan ruhy güýç bolýar. Ýöne bu wezipäni ol ýokary derejä galyp amal edip bilýär. Bilişimiz ýaly, jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik ösüşden yza hem galyp, öňe-de gidip bilýär. Ol doly ýüze çykyp, öz ýetjek derejesine ýeten halatynda özgerişleri çuňňur aňlamaklyk mümkinçiligine eýe bolýar. Şonda jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşyndan öňe geçýär. Şeýle işewür aňy döretmeklik biziň täze Galkynyş eýýamymyzda aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

**Ruhy galkynyşyň maddy-tehniki esaslary.** Işewür aňyň döremeginde ýazyjy-şahyrlaryň, teatr we kino sungatynyň işgärleriniň, jemgyýeti öwreniji alymlaryň, umuman, döredijilik intelligensiýanyň orny örän uludyr. Häzirki döwürde, mysal üçin, halkymyzyň durmuşyny giňden açyp görkezýän, durmuş hakykatyndan ugur alýan, adamyň ruhy dünýäsine oňyn täsir edýän edebiýat we sungat eserleriniň gerekligi aýdyň duýulýar. Adam jemgyýetde bolup geçýän ol ýa-da beýleki hadysalarynyň şol eserlerde derňewine esaslanyp, onuň ösüşiniň mümkingadarlygyny görse, şolaryň esasynda ol özgerişleriň geljekde mümkin bolup biljek gidişini öňünden aňlap bilýär.

Biziň döredijilik intelligensiýamyzyň şu hili eserleri döretmekleri üçin gerek bolan maddy-tehniki bazany kemala getirmäge täze Galkynyş eýýamynda aýratyn üns berildi we berilýär. Ýurduň paýtagtynda täsin döredijilik şäherjigi döreýär. Şonuň ýaly-da bu ýerde hem-de welaýat merkezlerinde köp sanly medeniýet köşkleriň, teatrlaryň, muzeýleriň ajaýyp binalary we medeni maksatly beýleki desgalar guruldy we gurulýar. Olar gerek bolan enjamlar, tehniki serişdeler bilen üpjün edilýär. Ýurdumyzda neşirýat işini has-da kämilleşdirmek, telewideniýäniň,

radionyň we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini düýpli gowulandyrmak üçin uly möçberli maliýe serişdeleri göýberilýär. Medeniýetde we sungatda halkara hyzmatdaşlygy işjeň ösdürilýär, ýurdumyzda dürli döredijilik forumlary geçirilýär. Ýurduň medeni durmuşynyň ösüşiniň ähli ugurlarynda uly ösüşler gazanyldy.

Halkyň medeni mirasyny gorap saklamakda, geljekki nesillere ýetirmekde muzeýler bahasyna ýetip bolmajak işleri ýerine ýetirýärler. Ýurdumyzda muzeýleriň sany gün-günden artýar. 2009-njy ýylda Türkmenistanyň muzeýleriniň sanawyna Gökdepe söweşiniň taryhyna bagyşlanan Milli muzeý hem goşuldy. Ol Gökdepe metjidiniň golaýynda ýerleşip, Watanymyzyň garaşsyzlygy ugrunda janyny gurban eden türkmen halkynyň gahrymanlarynyň hakydasyny ebedileşdiren ägirt uly ýadygärlikler toplumynyň bir bölegine öwrüldi. “Gökdepe” milli muzeýiniň ekspozisiýasynda sowuk we ot açýan ýaraglaryň täsin kolleksiýasy, söweşe gatnaşyjylaryň lybaslary, arhiw resminamalary we fotomateriallar, şeýle hem maddy medeniýete degişli zatlar, milli lybaslar, şaý-sepler, halylar we haly önümleri, zähmet gurallary we beýlekiler bar. Muzeýiň esasy eksponatlarynyň biri-de meşhur galanyň diwarlarynyň golaýynda bolan söweşleriň birini suratlandyrýan Gökdepe söweşiniň diogramasydyr.

2010-njy ýylyň başynda Marynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýi açyldy. Gadymy Murgap derýasynyň owadan kenarynda, Gowşut han köçesinde ýerleşen muzeýiň gaznalarynda eksponatlaryň – türkmen halkynyň taryhy, medeni we sungat ýadygärlikeriniň kyrk müňden gowragy bar. Gadymy milli egin-eşikleri, ajaýyp halylar, halk ussatlarynyň kümüşden ýasan zergärçilik önümleri, bir mahallar medeniýetiň gülläp ösen ýerinde arheologlar tarapyndan ýüze çykarylan gadymy siwilizasiýanyň genji-hazynalarynyň kolleksiýasy, öýde ulanylýan zatlar, welaýatyň taryhy boýunça resminamalar we beýleki birnäçe eksponatlar muzeýiň tükelleýiş kitaplarynda bar.

Muzeý ekspozisiýasyny “Galkynyş” zaly açýar, onuň eksponatlary häzirki wagtda gadymy türkmen topragynda bolup geçýän ägirt uly özgertmeler barada gürrüň berýärler. Onuň her bir zalynda türkmen halkynyň medeni mirasy açylyp görkezilen. Şekillendiriş sungaty zalynda taryhy temadaky suratlar, gündogar minýuaturalary, gobelenler, şeýle hem grafika, keramika we heýkeltaraşlyk eserleri giňden görkezilýär. Bu ýerde Mary topragyny ösdürmek üçin köp iş bitiren, edermen serkerde Gowşut hany suratlandyrýan uly bolmadyk heýkel kompozisiýasy muzeýe gelenleriň ünsüni özüne çekýär. Taryhçylaryň şaýatlyk etmegine görä, hut Gowşut hana XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Merw jülgesi öz galkynyşy üçin borçludyr. Bu muzeýde türkmen ýurdunyň belentliklere galan döwürlerini açyp görkezýän eksponatlar örän kän. Muzeýiň “Arheologiýa” zalynyň

ep-esli bölegini gadymy Marguş ýurdundan tapylan eksponatlar düzýär, olaryň ýaşy bolsa dört müň ýyldan gowraga barabardyr. Türkmeniň geçmiş nesilleri häzirki nesillere bahasyna ýetip bolmajak medeni mirasy goýup gidipdirler.

Täze Galkyynyş eýýamynyň dördünji ýylynyň başynda paýtagtymyzda hem, ýurdumyzyň beýleki şäherlerinde hem muzeýleriň 29-ysy işleýär. Olaryň arasynda Türkmenistanyň baş muzeýi, Türkmenistanyň milli gymmatlyklar muzeýi, Şekillendiriş sungaty muzeýi, "Ak bugdaý" muzeýi, Türkmenistanyň milli medeni merkeziniň ýanyndaky Prezident muzeýi, şeýle hem Türkmenistanyň halysynyň muzeýi we beýlekiler bar. Balkanabat, Türkmenabat we Daşoguz şäherlerinde taryhy – ülkäni öwreniş muzeýleriniň işe girizilmegine taýýarlanýarlar.

Adamzadyň toplan ruhy mirasyny täze nesillere geçirmekde muzeýler bilen bir hatarda kitaphanalaryň, medeniýet öýleriniň, zehinli çagalaryň sungat mekdepleriniň bahasyna ýetip bolmajak wezipeleri ýerine ýetirýändiklerini bellemeli. Ýurt Ýolbaşçysy 2010-njy ýylyň fewral aýynyň 24-ine ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda: "...medeniýetimiziň asylly däplerini dikeltmek üçin ýurdumyzyň ähli obalarynda, şäherçelerinde, etraplardaky şäherlerinde we etrap merkezlerinde sazçylyk mekdeplerini açmak, oba kitaphanalaryny, Medeniýet öýlerini dikeltmek, olary internet ulgamyna birikdirmek we komputerler bilen üpjün etmek barada karara geldik" 1 diýip belledi. Şondan soňra hormatly Prezidentimiziň kitaphanalaryň, medeniýet öýleriniň işgärlerini we dürli medeni-köpçülik çärelerini we dabaralaryny geçirmek üçin zerur bolan hünärmenleri taýýarlajak ýörüte orta okuw mekdebini açmak baradaky görkezmesini hem-de Mary şäherinde uly kitaphananyň gurluşygyna ak pata bermegini ýatlasak bu ugurda başlanan işleriň örän düýplüdigini aýtsa bolar.

Häzirki döwürde biziň ähli etraplarymyzda we obalarymyzda kitaphanalar we medeniýet öýleri täzeden işläp başladylar. Onda-da olar häzirki döwrüň tehniki mümkinçilikleri bilen doly üpjün edilip işe girizilýär. Kitaphanalaryň kitap gorlarynyň üsti elektron ýazgylar, internet ulgamyna çykmak mümkinçilikleri bilen ýetirilýär. Maglumatlaryň iň esasy baýlyga öwrülen döwründe her bir türkmen adamsynyň adamzadyň edebi mirasyna, dünýäniň maglumat ulgamyna çykmaklyk mümkinçiliginiň döredilmegi täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetçilik aňyň ylmy derejä galmaklygyna täze esaslary döredýär.

Eger muzeýler we kitaphanalar milletiň medeni mirasyny adamlara ýetrýän bolsalar, habar beriş serişdeleri jemgyýetiň şu günki durmuşynda bolup geçýän wakalary adamlara ýetirýärler, mirasymyzy hem wagyz edýärler. Olar adamlary

jemgyýeti özgerdijilik işine ugrukdyrmaklykda bahasyna ýetip bolmajak wezipeleri ýerine ýetirýärler. Hut habar beriş serişdelerinden tele görüjiler we radio diňleýjiler, ilki bilen hem ýaşlar jemgyýetiň durmuşy barada maglumatlary alýarlar. Şonuň üçin bu ýerdäki gepleşikleriň, berilýän her bir habaryň ähmiýeti gün saýyn artýar. Biziň ýurdumyzda geçýän düýpli özgerişleri aýdyň, düşnükli, täsirli beýan etmeklik şu güniň wajyp talaby bolýar.

Täze Galkynyş eýýamy habar beriş serişdeleriň öňünde wajyp meseleleri goýýar. Şonuň üçin täze döwürde olaryň işiniň ýokarlanmagy üçin köp aladalar edilýar. Soňky ýyllarda Türkmenistanda habar beriş serişdeleriniň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça geçirilen işler milli habar beriş serişdeleriniň okyjylarynyň we diňleýjileriniň sanyny diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, daşary ýurtlarda hem ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berdi. Mysal üçin, 2009-njy ýylyň başynda milli telewideniýäniň bäşinji ýaýlymy – “Türkmen owazy” öz gepleşiklerini berip başlady. Bu ýaýlymyň wezipesi dünýäde türkmen saz sungatyny, halkymyzyň baý we özboluşly mirasyny wagyz etmekden, ýurdumyzyň medeniýetiniň we durmuşynyň şu günki gününi mynasyp şöhlelendirmekden ybaratdyr. Umuman, Türkmenistanyň medeniýet babatdaky informasion syýasaty habar beriş seridelerinde ruhy milli we umumadamzat gymmatlyklaryny, ýurdumyzyň we dünýä medeniýetiniň ajaýyp nusgalaryny wagyz etmek bilen ysnyşykly baglanyşyklydyr.

Türkmenistanda milli medeni mirasymyzy gorap saklamak, ýurduň her günki durmuşynda bolup geçýän wakalary halka ýetirmek, jemgyýetiň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak ugrunda edilýän aladalary sungatyň ähli ugurlarynyň amal edýän işlerinde görýäris. Täze Galkynyş eýýamynda ýurtda teatr, kino, çeperçilik sungatynyň we sungatyň beýleki ugurlarynyň ösmekligi üçin gerek bolan şertler döredilýär. Döredijilik üçin döredilýän şertler edebiýatçylaryň, sungat işgärleriniň öňünde täze wezipeleri we talaplary goýýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen 2010-njy ýylda geçiren duşuşygynda täze Galkynyş eýýamyna kybapdaş eserleri döretmek barada giňişleýin pikir alşyldy. Şonda ýurt Ýolbaşçysy ýurdumyzyň ýazyjy-şahyrlary, suratkeşleri we heýkeltaraşlary özleriniň ýokary derejede çeper, many-mazmuna baý eserleri bilen eziz Watanymyzyň şan-şöhratyny mundan beýläk-de belende götermegiň hatyrasyna halkymyzy deňsiz-taýsyz zähmet ýeňişlerine ruhlandyrmalydyrlar, täze gahryman nesilleri yzygiderli terbiýelemelidirler we gazanylýan üstünlikleri mynasyp wasp etmelidirler hem-de dünýä ýaýmalydyrlar diýip belledi.

Umuman, ýurt Ýolbaşçysy öz çykyşlarynda döredijilik intelligensiýasynyň wekilleriniň ählisiniň täze Galkynyş eýýamynyň jemgyýetçilik aňyny, onda-da

işewür aňy döretmeklik işine bu aňyň takyk görnüşleriniň her biriniň, has hem edebiýatyň we sungatyň öňünde duran wezipelerini birin-birin görkezýär. Ol hem düşnükli. Sebäbi, jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşleri bütewi ulgam hökmünde jemgyýetiň ruhy dünýäsiniň baýlyklaryny we köpdürliligini ýüze çykarýar.

**Jemgyýetçilik aňyň görnüşleri.** Häzirki döwrüň sosial filosofiýasynda jemgyýetçilik aňynyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini, ylmy we filosofiki görnüşlerini tapawutlandyrýar. Olaryň her biri jemgyýetçilik durmuşynyň degişli taraplaryny şöhlelendirýärler we olary ruhy taýdan ýüze çykarýarlar. Şol bir wagtda-da olar belli bir derejede öz özboluşlylygyny saklaýarlar. Olar jemgyýetde bolup geçýän syýasy, ykdysady we beýleki özgerişlere öz täsirini ýetirýärler. Jemgyýetçilik aňyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini we beýleki görnüşleri özara baglanyşykda we täsirde bolýarlar. Sebäbi olarda şöhlelendirilýän jemgyýetçilik durmuşynyň taraplary biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde, jemgyýetçilik aňy ähli taraplary aýrylmaz baglanyşykda bolan sosial durmuşy bitewilikde görkezýän bitewilik hökmünde çykyş edýär. Biziň häzirki özgerýän, täze derejelere galýan ýurdumyzda jemgyýetçilik aňynyň görnüşleriniň täsirliligi artýar.

Jemgyýetçilik aňynyň ähli görnüşleri bilelikde „adamy öndürmek“, has takyk aýdylanda täze Galkynyş eýýamynyň türkmen jemgyýetini özgeridiji adamlary ýetişdirmek wezipesini ýerine ýetirýärler. Bu eýýamda türkmen jemgyýetiniň bitewilik häsiýete berkäp, onda täze ideologiýanyň durmuşy-ugrukdyryjy we özgerdiji ähmiýeti köp derejege artýar. Şonda ylym, sungat, ahlak diňe bir ruhy ösüşiň şerti bolman, eýsem, maddy we sosial gurşawy özgerdiji güýç bolup hem çykyş edýärler.

Jemgyýetçilik aňyň ylmy derjä galmagynda jemgyýetçilik ylymlaryň aýratyn ornunyň bardygyny bellemelidir. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra bu ylymlar düýpgöter täze görnüşe we täze hile eýe bolmaly boldular. Ýokarda bellenilşi ýaly, garaşsylygymyzdan öňki döwürde jemgyýetiň ruhy dünýäsini kesgitlän marksistik garaýyşlara esaslanýan jemgyýetçilik ylymlar täze döwürde biziň jemgyýetimizde başlanan özgerişleri aňladyp bilmediler. Şonuň üçin garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan başlap jemgyýetgçilik ylymlaryň täze düzümi döräp başlady. Başlangyç döwürde jemgyýetde geçýän özgerişlerden ugur alyp, bu ylymlar esasan, milli gymmatlyklar esasynda kesgitlendiler. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnama kitaplarynda bu ylymlar jemlenen görnüşde beýan edilmäge çalşylan.

Biziň täze Galkynyş eýýamymyzda jemgyýetçilik ylymlaryň hem milli gymmatlyklar esasyny hem-de umumyadamzat gymmatlyklar esasyny giňeltmeklik gerekligi döredi. Hormatly Prezidentimiziň: „Bilim we ylym ýaly ugurlaryň tebigatynyň özi diňe bir milli häsiýetli bolmak bilen çäklenmän, eýsem has köp derejede milli çäklerden çykýandyr“ 1 diýen ýörelgesinden ugur alynyp jemgyýetçilik ylymlaryny dünýä derejesinde açyp görkezmeklige we okatmaklyga

başlanyldy. Şu işe hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň awgust aýynyň 15-inde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde eden çykyşy we şol ýerde kabul eden Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş dersini girizmek baradaky karary hem täze many hem-de ugrukdyryjy itergi berdi. Ýokarda şol dersiň çäginde okadylmaga başlanan Mukaddes Ruhnama, Türkmenistanyň taryhy, filosofiýa, sosiologiýa, syýasaty öwreniş, ykdysady taglymat we Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy kurslaryň täze adamyň, ýokary derejeli hünärmeniň gumanitar taýýarlygyny täze hil derejä çykarmaga etjek täsiri barada durup geçipdik.

Bu ýerde bu gürrüňi dowam edip, şondan soňra başlanan işleriň ilkinji miwesini berip başlandygyny, täze dersler boýunça okuw maksatnamalaryň we okuw kitaplaryň taýýarlanyp başlanandygyny, häzirki döwürde biziň ýurdumyzda jemgyýetçilik ylymlaryň düýpgöter täze ulgamynyň döreýändigini bellemeli. Bu ulgam, bir tarapdan, biziň halkymyzyň asyl ruhy gymmatlyklaryny, ata-babalarymyzyň medeni mirasyny özünde jemleýän bolsa, ikinji tarapdan, umymadamzat gymmatlyklaryny, dünýäniň jemgyýetçilik ylymlarynyň ýeten derejelerini we şu günki gazanan üstünliklerini özüne alýar. Häzirki döreýän we berkeýän jemgyýetçilik ylymlarynyň nazaryýet we usulyýet esasy bolup, Türkmenstanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz eserlerinde we ylmy makallarynda öňe süren Galkynyş taglymaty çykyş edýär. Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş ylymlaryň ulgamy açyk häsiýete eýe bolanlygy sebäpli, ol ösmäge we baýlaşmaga ukyply bolýar. Hormatly Prezidentimiziň ýokarda getirilen „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly naksatnamalaýyn makalasy bu ulgamyň ylmy esasynyň çuňlaşýandygyna şaýatlyk edýär. Diýmek, täze Galkynyş eýýamynda biziň ýurdumyzda jemgyýetçilik ylymlarynyň düýpgöter täze ulgamy döräp, ol häzirki döwürde biziň jemgyýetimizde we dünýäde geçýän düýpli özgerişleri ylmy taýdan aňlamaklygyň wajyp serişdesi bolup çykyş edýär.

Jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda bolup geçýän özgerişleriň kitabyň ähli bölümlerinde beýan edilýändigini göz öňünde tutyp, ylym-bilimiň, hukuk we ahlagyň jemgyýetiň ruhy galkynyşyna edýän täsiriniň örän ähmiýetlidigini ýene-de bir gezek belläliň. Täze Galkynyş eýýamynda adamlaryň syýasy we hukuk medeniýeti ýokarlanýar. Olar döwlet Baştutanynyň ýurdy mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrmak we galkyndyrmaklyk syýasatyna işewür gatnaşmaklyga çalyşýarlar. Biziň jemgyýetimizde geçýän demokratiki özgerişler adamlaryň jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşmaklaryna giň ýol açýar.

## Jemgyýetiň ruhy dünýäsinde edebiýatyň we sungatyň orny

Bilişimiz ýaly, erkliligi we islegi döredýän duýgular köp derejede adamda edebiýatyň, sungatyň, diniň täsiri esasynda berkeýär. Taryhyň bütin dowamynda çözgüdi gözlenýän ýagşy bilen ýamanyň arasyndaky barlyşyksyz araçägi açmaklyk meselesini alyp göreliň. Bu meseläni ylmyňam, pelsepäniňem doly çözüp bilmänlikleri sebäpli ony amal etmeklik wezipesi edebiýatyň we sungatyň üstüne

düşýär. Olaryň bu meseleleri çözüş aýratynlyklary bilen hem sungatyňam, edebiýatyňam adama, onuň ahlak dünýäsine, özüni alyp barşyna edýän täsirleriniň syry baglydyr. Ylym, mysal üçin, olardan tapawutlylykda adamyň içki dünýäsini doly kanagatlandyryp bilmeýär. Şeýle bolany hem gowy. Eger tersine, ylym ony kanagatlandyrýan bolsa, onda ol adamyň bir taraplylygyny, "bir ölçegliligini" kemala getirerdi.

Adam edebiýata, sungata ýüzlenip, ylmyň göz ýetirip bilmeýän täsinliklerini özünde açýar. Şonuň üçin adam dünýäde we öz durmuşynda bar bolan zatlara akyl ýetirip lezzet almaklyk üçin sungata mätäç bolýar. Adamy taplamakda sungatyň aýratyn ornuny köp alymlar belleýärler. Geçen asyrda ýaşan belli dat fizigi Nils Bor, mysal üçin, edebiýatyň we sungatyň adamyň ruhunyň baýlaşmaklygy üçin döredýän mümkinçiliklerini, olaryň adama kadalaşdyrylan derňewe mümkin bolmadyk sazlaşygy ýatladyp bilmek ukyplary bilen baglaýar 1. Onda adamyň şeýle gymmatlyklardan mahrum bolmagy, onuň duýgy tebigatyny gowşadyp, aňyna we ahlagyna örän oňaýsyz täsir etjekligi düşnüklidir.

Edebiýatyň we sungatyň şu hili ″kadalaşdyrylan derňewe mümkin bolmadyk sazlaşyga″ ugrukdyryjy güýjüniň, adamyň ahlak dünýäsine gönükýänligi sebäpli, adamyň ýaşaýşynyň we ölüminiň, azatlygynyň we wyždanynyň, haýyr bilen şeriň ahlaky-pelsepeleýin, ynsanperwerleýin mana eye bolan meseleleriň örän dartgynly görnüşde, diňe şolaryň üsti bilen duýulyp bilinýänligini bellemeklik gerek. Olaryň derňeýän meseleleri adamyň durmuşy, ylmy açyşlar ýaly, çalt üýtgäp bilmeýärler. Olar adamyň asyl durkuny häsiýetlendirmeklige çalyşýarlar. Ine, şonuň üçin olary aňladýan sungat we edebiýat eserleri adamyň tebigaty kimin ″baky″ bolýarlar.

Sungatyň we edebiýatyň esasy wezipesi adamyň ýaşaýyş dünýäsini döretmeklikde bolýar. Olaryň döreden dünýäsi adamyň islegleriniň we duýgularynyň barlanýan meýdany bolup hyzmat edýär. Haýsy hem bolsa bir durmuşy taslamany derňemeklik üçin adamlary tejribeleýin barlaga çekip bolmajaklygy düşnükli bolsa gerek. Şol bir wagtda-da çeper obrazlaryň, simwollaryň üsti bilen derňew geçirip bolýar. Çeperçilik gurallaryň üsti bilen her bir durmuşy ýagdaýy, hereketi, delili adama zelel ýetirmän böleklere bölüp, olaryň kömegi bilen bolup biläýjek adamyň her bir hereketini gözden geçirip, her bir gapma-garşylykly ýagdaýy soňyna çenli ýetirip, durmuşy hadysalary derňäp bolýar. Oýlanyp tapylan çeper dünýä adamy kä halatlarda "dost kimin" yzyna düşuribem, şol bir wagtda-da ol adamzat üçin mümkin bolan howplar barada duýduryş hem bolup biler. Şeýdibem sungat we edebiýat jemgyýetiň özüne akyl ýetirmekliginiň guraly wezipesini ýerine ýetirýärler. Onda-da olar mümkinçilikleriň örän çäkli bolan şertinde hem barlag guraly bolup bilýärler.

Nusgawy çeper eser adamy kämillige ugrukdyrýan estetiki gymmatlyklaryň, gözellik nusgalarynyň ulgamyny döredýär. Has çuňňur we oýlanşykly tapylan

çeper obraz, özünde adamyň asyl häsiýetleriniň köpüsini jemläp, umumyadamzat ýa-da milli simwola öwrülýär. Gamletiň, Faustyň, Artyk Babalynyň, Meňliniň obrazlary oňa mysal bolup bilerler. Sungatyň esasy wezipesi-estetiki wezipe bolýar. Ol wezipe sungatyň adama estetiki lezzeti berýänliginde bolýar. Bu lezzet

1 Seret: И. Е. Фролов. О чедовеке и гуманизме. М. 1989, 226 с.

adamyň diňe bir sungat eseriniň üsti bilen öz ruhy isleglerini kanagatlyndyrmagy bilen çäklenmän, eýsem, onuň duýgularyny oýarýan, hyjuwyny joşdyrýan güýç bolup hem hyzmat edýär. Şonuň üçin edebiýata we sungata ylmyň kömekçi serişdesi hökmünde garamak düýpgöter nädogry. Bu ýerde gürrüňem ylmyň gazananlaryny sungata ýa-da edebiýata garşy goýmak maksatlar üçin ulanmaklyk barada gitmeýär. Jemgyýetde ylmyň öz orny, sungatyň hem öz orny bolýar. Onda-da olaryň her biri bu ýerde aýratyn wezipäni ýerine ýetirýärler. Şol aýratynlyklyklary bilen hem olar adamzadyň durmuşyny baýlaşdyrýarlar.

Edebiýat we sungat durmuş bilen çuňňur baglanşykda bolup köp taraplaýyn-jemgyýeti özgeridiji wezipeleri ýerine ýetirýärler. Edebiýatam, sungatam milletiň ruhy dünýäsiniň aýrylmaz bölegi bolup dünýä we adamzada akyl ýetirmeklik serişdesi, dünägaraýyş ulgamy bolup çykyş edýärler. Olaryň terbiýeçilik ähmiýeti has hem uludyr. Edebiýat adamy kämilleşdirmegiň mekdebidir. Edebiýatyň we sungatyň adamlaryň gözellige bolan isleglerini kanagatlandyrmaklyk ukyby hem ýokarydyr. Olardan adamlar bahasyna ýetip bolmajak ruhy lezzet alýarlar. Edebiýat we sungat eserleri bu dünýäniň gözelligini, milletiň ruhy-ahlak gymmatlyklaryny aýan edip adamyň dünýägaraýşyny baýlaşdyrýarlar. Şeýdibem olar adamzady gyzyklandyrýan baky meseleleri çözmeklige kömek berýärler.

Diýmek, jemgyýetiň täzelenşine işewür gatnaşýän ýaşlaryň kemala gelmekleri üçin bu ýerde ylym-bilim ulgamyň kämilleşmegi bilen bir hatarda edebiýatyň we sungatyň, umuman, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň täsirliligi hem artmaly. Şol täsirliligiň esasynda döreýän ruhy ynanç adamy beýgeldýär. Adamlaryň şeýle ynanja eýe bolmaklary, biziň pikirimize görä, täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetimize has hem gereklidir. Ýöne şeýle gereklilik her bir adamda öz-özünden döremeýär. Onuň üçin adamyň her günki aladalardan ýokary galyp, öz ruhy güýçlerini herekete getirmekligi gerek bolýar. Adam mukaddesliklere, ruhy gymmatlyklara ynanyp ruhy ynanja, pähim-paýhasa eýe bolýar.

Görşümiz ýaly, döredijilikli adamy ýetişdirmekde edebiýatyň we sungatyň aýratyn orny bar. Bu işiň biziň häzirki özgerýän jemgyýetimiz üçin örän wajyplygyny göz öňünde tutyp bir mysala ýüzleneliň. Diýeli adam öz işlemeli ugry

bilen baglanyşykly gerek bolan, ýöne örän çäkli bilimi özleşdirdi: mysal üçin, ol öz pudagynda ulanylýan tehnologiki prosesleri belli bir derejede bilýär. Ol gutarnyksyz ruhy baýlyklardan hem her günki işde gerek bolan, özüne peýdalysyny ele aldy. Özi hem ol bilimleri taýýar görnüşde alyp, ýadynda saklap, şol bilimleri öz intelektini, döredijilik ukyplaryny açmaklyk üçin ulanyp bilmedi, şeýlelikde örän ätiýaçly, ýöne oýlanmaýan ýerine ýetiriji işgär peýda bolýar. Ol daşyndan seredilende "bilimli", "sowatly", "işewür" bolup görünmegi mümkin. Oňa biraz duýgurlyk ýetmeýän ýaly bolup görünýär. Ol sungat bilen gyzyklanaýsa!?

Ýöne, eger adam, diýeli matematikany bilip, onuň ruhuna, matematiki pikirlenmekligiň usulyna eýe bolmasa, onda oňa sungat äleminde hem diňe daşky taýdan bilimlilik häsiýetli bolýar. Şeýle ýagdaýlarda sungat hem matematika kimin onuň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde işewürlige eýe bolup bilmeýär. Diýmek, adama diňe bilmeklik ýeterlikli bolmaýar. Bu ýerde akyl bilen ýürek hem gerek. Şolaryň ikisiniň özara täsiri esasynda akyl howaýylykdan janlylyga öwrülýär. Şeýle özgerişde edebiýat we sungat aýratyn orun eýeleýärler. Onda täze Galkynyş eýýamynda edebiýat we sungat ýurt Ýolbaşçysynyň 2010-njy ýylyň fewral aýynda ýurduň döredijilik intelligensiýsyanyň öňünde eden çykyşynda belleýşi ýaly, şeýle täsirli derejä galmalydyr.

Döredijilik işinde ähli zat wajyp. Döredijilik işgäriniň ylym-bilim derejesi, hünär taýýarlygy we başg. Şolar bilen bir hatarda şu hili adamyň ýetişmeginde sungatyň aýratyn ornunyň bardygyny ýene bir gezek belläliň. Bu meseläniň biziň söhbetdeşligimiz üçin wajyplygyny göz öňünde tutyp, sungatyň ornuny hünärmenlere degişlilikdäki ähmiýeti baradaky gürrüňi dowam edeliň. Onda-da onuň bilen baglanyşykly gürrüňi döwlet Baştutanynyň "Beýik işleri beýik adamlar amala aşyrýarlar" diýen pähiminden ugur alyp, beýik akyldarlaryň durmuşynda sungatyň eýeleýän ornyny beýan etmeklikden başlalyň.

Köp alymlaryň terjimehallary bilen tanyş bolanymyzda biz olaryň ylmy iş bilen örän köp wagt meşgul bolýandyklaryna garamazdan, ýene saz ýazmaga-da, goşgy gomaga-da, surat çekmäge-de "wagt tapýandyklaryny" bilýäris. Özi hem diňe bir Omar Haýýam ýa-da Magtymguly ýaly geçmişiň beýik danalary däl, eýsem, ýaňy ýakyn ýaşap geçen akyldarlar hem köp ugurly döredijilik işleri bilen meşgul bolupdyrlar. Mysal üçin, XX asyrda ýaşan Norbert Winer çeper romanlary ýazan, Albert Eýnşteýn skripkada oýnan, Nils Bor Gýete, Şekspir, Kýerkegor bilen gyzyklanandyr. Bu ýagdaý, umuman, düşnükli. Sebäbi eger kibernetikanyň taglymatyny, otnositillik taglymaty, atomyň gurluşy baradaky taglymaty döredijiler ylymdan başga hiç bir zat bilen gyzyklanmadyk bolsalar, onda şeýle ýagdaý örän

geň bolardy. Bu ýerde mesele belli alymlaryň sungat äleminde bir täsirli işi amal etjek bolanlarynda däl. Wineriň ýazan romanlary çeperçilik taýdan gowşak bolan, Eýnşteýn hem skripka oýnamakda ussatlygy gazanmandyr. Ýöne olar çeper döredijilik bilen şu hili höwesjeň bolman bilmändirler. Sebäbi çeper döredijilik alymlar üçin ýöne wagt geçirmeklik, ýa-da özüňi görkezmeklik üçin däl-de, eýsem, pikiriň gizlin iteriji güýji, ylmy döredijilige hamyrmaýa bolup hyzmat edipdir we edýär.

Hut sungat döredijilik adamsy üçin gerek bolan gymmatly göz öňüne getirmäni, fantaziýany, intuissiýany sungat kemala getirýär we ösdürýär. Assaosiatiw, çeýe, giň göwrümli (bir ugurly däl) pikirlenmäň kemala gelmegine hut sungat kömek berip, şol bir wagtda hem ol şahsyýetiň pikir ýöredişiniň birýanly bolmazlygyna garşy ynamly kepilnama bolýar.

Duýgudan aýrylan pikir jansyz, mehaniki pikir bolýar. Ol täze ylma ýol açyp bilmeýär. Beýleki tarapdan, paýhasdan mahrum bolan duýgy, ol ýa oňaýsyz, ähli taraplaýyn bozulan jenaýatkäriň duýgusy, ýa-da paranoiki täsir bolýar. Ruhy gymmatlyklar oýlanşyksyz alynan ýagdaýynda hakykylyga getirip bilmeýär. Şonuň üçin şu hili oýlanşyksyz ýaşamaklyk adamyň hakyky mynasybetine ters gelýär. Bu ýagdaý dogrudan hem ahlaksyzlyga getirýär.

Belki, adam hem, sungat eseriniň dördilşi ýaly, özünden ähli tötänleýin zatlary aýryp, mehaniki ýaşaýyşdan arany açyp, janly häsiýete eýe bolup, özi özüni döretmelidir. Şonda ol öz ýaşaýşyna bitewilik, many, dolulyk berip biler. Eger şu hili erjellik bolmasa ýaşaýyş öz-özünden dargamaklyga gelýär. Adamyň ýaşaýşynyň manylylygy tebigylykda däl-de ruhulykda. Diňe paýhas, yhlas bilen döredilen zat janly bolup bilýär. Sungat bu ýerde uly ähmiýete eýe bolýar.

Sungat eserleri ýaşaýşy gurnaýjy çiginlere meňzeýärler. “Görögly” we “Gorkut ata” dessanlarynda beýan edilýän zatlar hakyky hadysalar hasaplanylýar. Hakyky durmuşdaky zatlar hem geçmişde şolaryň täsiri bilen düşündirilýär. Şu günki gün hem sungatyň täsiri şonuň ýaly. Adamzadyň taryhynyň dowamynda akyldarlar örän köp eserleri döredenler. Kä halatlarda biz kän oýlaman öz ýaşaýşymyzy sungata meňzedýäris. Biz oňa eserlerdäki ýaly häsiýet berýäris, adam çagalykda özüniň ruhuny kemala getiren esersiz, öz ýaşaýşyna bir bitewi zat ýaly garap bilmezdi. XVIII-XX asyrlaryň türkmen edebiýaty ähmiýeti peselmeýän eserleri döretdi. Olaryň esasynda döwri bahalandyryp bolýan gymmatlyklar ölçegi kemala geldi. Edebiýat boýunça hakykylyk bahalandyrylyp, onda durmuşyň ýokary ölçegi görüldi.

Roman, umuman, sungat kimin janly barlygy täzeden döretmek bilen bagly bolany sebäpli, oýlap tapmak işi janly adamlary döretmeklige getirýär. Sungatdaky bar bolan hakykylyk ýaşaýyşdan has çuňňur ýa-da ýokary zady aňladýan hem bolsa, ol ilki bilen ýaşaýyş bolýar. Döredijі janly zady döredýär. Ol özüniň döreden dünýäsine we şol dünýäde ýaşaýan adamlara ynanýar. Ýazyjylar tarapyndan döredilen janly obrazlar soňra oňa kän bagly, boýun bolmaýanlygy sebäpli ýaşaýarlar. Hakyky döredijі diňe durmuşa öýkünmeýär, ol ýaşaýyşy döredýän güýjüň yzy bilen ýöreýär. Ondaky döredijilik güýçler döredijilige gatnaşýan hakyky güýçler bolýarlar. Artyk Babaly ýa-da Şükür bagşy, mysal üçin, Berdi Kerbabaýewden ýa-da Nurmyrat Saryhanowdan kem janly adamlar däl. Artyk Babylynyň täsirini biz şu gün hem duýýarys. Özgerýän jemgyýet üçin şeýle täsirli edebi eserler örän ähmiýetlidir. Biziň häzirki durmuşymyza kybapdaş gahrymanlar gerek.

**Galkynyş eýýamynyň edebiýaty we sungaty.** Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň başynda döredijilik intelligensiýanyň wekilleri bilen duşuşanda ýazyjylaryň, suratçylaryň, heýkeltaraşlaryň we beýleki sungat işgärleriniň öňünde döwrümize kybapdaş täze eserleri döretmek barada takyk wezipeleri goýdy. Ol hem düşnüklidir. Biziň döwrümizde täze eýýama kybapdaş eserler gerek.

Bu ýerde bolsa etmeli işler örän köp. Sebäbi soňky döwürde edebiýat we sungat eserleriniň durmuşdan yza galýandyklary, olara ynsanperwerligiň ýetmeýänligi duýulýar. Belli ispan filosofy Ortegi-i-Gasseti şeýle ýagdaýyň sebäbini häzirki döwrüň sungatynyň esasy bähbidini stilleşdirmek bilen bagly bolýandygy bilen düşündirýär. Stilleşdirmek bolsa hakykylygy ýoýmaklyk, hakykylykdan aýyrmaklyk bolýar. Stilleşdirmeklik ynsanperwerlikden aýrylmaklyga getirýär. Dogrudan hem döredijilik işgärleriň içinde kä halatlarda adamy däl-de adam baradaky pikiri, adamyň shemasyny suratlandyrjak bolýanlara duş gelýäris. Şeýle ýagdaýda oňa diňe çeperçilik ukybyna eýe bolan adam düşünýär. Bu bolsa sungatyň köpçülige däl-de döredijiniň özüne hyzmat edýänligini aňladýar.

Her bir döredijilik döredilýän zadyň barlygyna, hakykylygyna ynam esasynda döreýär. Şeýle ynamyň ýok ýerinde sungat hem bolup bilmeýär. Ýaşaýan, hereket edýän adamyň obrazyny dörertmeklik üçin adam şahsyýetiniň bitewiligine ynanmaly. Onuň sebäbi şol bitewiligi haýsy hem bolsa bir tejribäniň üsti bilen gazanylmaýanlygynda hem-de ony paýhas delilleri bilen subut edip bolmaýanlygynda bolýar. Surat çekmeklikden ozal göz öňüne getirmeli bolýar. Onuň üçin hem ynanç gerek. Çeper döredijilik uzak wagtlaýyn adamyň bitewiligine bolan ynamynyň ýitirilmegi bilen ylalaşyp bilmeýär.

Ýurt Ýolbaşçysynyň döredijilik intelligensiýanyň wekilleri bilen duşuşanda ýazyjy-şahyrlardan garaşylýan durmuş hakykatyny çuňňur beýan edýän, çeperçilik taýdan ýokary hilli ýazylan, adamyň ruhuna oňyn täsir edýän, kalbyny baýlaşdyrýan romanlary, powestleri we hekaýalary diňe şeýle ynanç esasynda döredip boljaklygy düşnüklidir. Ýurdumyzyň durmuşynda bolup geçýän oňyn özgertmeler, alynyp barylýan beýik işler çeper sözüň, sungatyň üsti bilen wasp edere mynasypdyr. Täze dörejek eserlerden öňe çykjak täsirli obrazlar biziň döwrümiziň gahrymanlarynyň keşbini şöhlelendirerler. Häzirki döwürde, görşümiz ýaly, sungatyň ähli ugurlarynda döwrüň ruhyna kybapdaş, geljege gönükdirilen eserleiň döremegi döwrüň talaby bolýar. Döredijilik işgäri ylham joşgunyna eýe bolup, şol talaby kanagatlandyryp bilýär.

Döwrümize mynasyp eserleri döretmeklik üçin ýazyjylarymyz, şahyrlarymyz, suratçylarmyz geçmişde biziň döredijilik işgärlerimize mahsus bolan beýik stile täzeden eýe bolmaly. Stil her bir sungatyň gizlin başlangyç şerti hökmünde köňlüň görnüşidir. Stil çeperçilik bitewiliginiň kepili, manynyň we görnüşiň öňünden kesgitlenen sazlaşykly baglanşygydyr. Onuň ýok ýerinde görnüş formula, many bolsa jansyz materiala öwrülýär.

Stiliň ýetmezligini stilleşdirmek ýa-da başga bir emeli zat bilen çalyşylsa, ýagny stiller oýnalyp başlansa, onda ol diňe oýun bolýar. Ol şindi (ýa-da eýýam) sungat bolup bilmeýär. Şeýle bolanda stil özüniň döredijilige täsirini, iteriji güýjüni ýitirýär. Şu hili ýagdaýda döredijilik işgäri dünýäniň gizlin bitewi keşbini aňlatmaga ykypsyz bolýar, gözellik indi ýagşylyk we hakykylyk bilen baglanyşmaýar.

Dünýä bilen baglanşygyny ýitiren sungat ýa hiç bir zat bilen bagly däl, ýa-da surata düşürilip obýektiwleşdirmä ýakyn naturallaşdyrylan sungat bolýar. Bularyň ikisi hem sungaty dünýägaraýyş bilen baglaýan sapagy ýolýarlar. Şonda ýa sungat diýip atlandyryp bolmaýan reproduksiýanyň dokumentleşdirilmegi, ýa-da estetiki obýekt diýip atlandyrylýan haýsy hem bolsa bir önüm galýar. Sungatyň ykbaly we häzirki dünýäniň ykbaly bir zatdyr. Olaryň ikisinde hem pikiriň hasaby bilen dolandyrylýan köpçülikleýin ruhsyz birleşme şindi ruhdan dänmedik, ýöne ýekelikde, dargynyk ýagdaýda bolýan şahsy başlangyçlara garşy goýulýar.

Sungat mukaddesliklere bolan ynanja daýanmadyk ýagdaýynda bölünmedik bitewilige gaýdyp gelmeklik synanşyklary ýeterlikli bolmaýar. Sungat mukaddesliklere bolan ynanjyň dilde aňladylmasy bolýar. Haçan-da mukaddesliklere bolan ynanç gowşan ýagdaýynda, mukaddeslikler görnüşinde beýan edilýän many başga zatlar bilen çalşylýar. Olar bolsa ynançdan daşlaşmaga getirýär. Kem-kemden stil görnüşiň ulgamyna öwrülýär.

Ynanjyň bilim bilen çalyşmagy, mukaddesliklere bolan ynanjyň ýitirilmegi, alymlaryň aýtmagyna görä sungatyň gowşamagyna getirýär. Şonuň üçin şu günki gala-goply dünýäde sungat ýeke-täk ýylylygyň we ýagtylygyň çeşmesi bolup bilmeýär. Onuň özi ýylylyga mätäç. Sungat öz ähli kökleri bilen ynanja daýanýar, emma ol ynanjy çalşyp bilmeýär, tersine, uzak möhletleýin oýlanşykly, ýöne ynamsyz dünýä çuňlaşmak oňa oňaýsyz täsir edýär. Ol köp wagtyň döwamynda ruhy ynançdan üzňelikde ýaşap bilmeýär. Hakyky döredijilik işgäri adaty adamlaryň arasynda ruhana bolýar. Ol özüniň her bir sözüne, her bir hereketine jogapkär duýýar. Diňe bir onuň ýazan zatlary wajyp bolman, onuň özüniň barlygy hem wajyp. Ýurt Ýolbaşçysynyň döredijilik işgärler baradaky aladalary, olary şu derejä galdyrmak bilen baglanşyklydyr. Şu hili derejä galan ýazyjylar we şahyrlar, suratçylar we sazandalar netijeli pikir ýöretmeklik ukybyna eýe bolýarlar.

Bilşimiz ýaly, geçmişde pikir ýöretmekligiň rasional we duýgulaýyn usullarynyň birikdirilmegi ylym we sungat ägirtleriniň döredijilik ylhamyny açandyr. Şu hili birleşme häzirki döwürde hem edebiýat we sungat işgärleriniň döredijilik işine badalga bermeli. Onuň esasynda ruhy ösüş täze hil derejä çykar. Ýokarda bellenilşi ýaly, bu işi amal etmeklik üçin ýurtda gerekli maddy-tehniki baza döredildi we döredilýär. Şeýle esaslar döränden soňra ruhy döredijilige talaply baha bermek gerek bolýar. Netijede, täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamyny mynasyp wasp edýän, gazanylan üstünlikleri giňden beýan edýän ajaýyp edebiýat we sungat eserleri dörärler.

Şu hili edebiýat adamy hakyky ahlakly ýaşaýşa gözükdirmekligiň ýollaryny we usullaryny gözleýär. Ýöne adam ugrundaky göreş ýeňil bolmaýar. Edebiýata we sungata garşy durýan zatlar durmuşda az däl. Adama ýönekeý söz kän täsir etmeýär. Ol her günki aladalar bilen meşgul bolup öz ruhy ösüşi barada kän aladalanmaýar. Bu hili adamlary hiç bir zat aladalandyrmaýar. Diýmek, olary şu hili ýagdaýdan çykarmaklyk üçin örän täsirli - pikirlendirýän, oýlandyrýan edebiýat gerek.

Hakyky durmuşy meseleleri derňeýän we öz gahrymanlarynyň üsti bilen pikirlenmegi öwredýän edebiýat we sungat eserleri olaryň real ýaşaýşa girişmeklerine kömek edip biler. Hakyky ýaşaýşa eýe bolan adam, öz ýaşaýşynyň onuň pikir edişi ýaly, öz öňünde goýan ol ýa-da beýleki işleriniň bolmaýanlygy üçin utanýar. Şu hili adam şowsuzlyk üçin daşarky zatlary däl-de özüni günäleýär: men jemgyýete-de döwlete-de meni şu hili terbiýelänleri üçin öz günämi ýükläp bilmerin. Hemme zada özüm jogap berýärin. Ähli meniň bilen bolýan zatlara men jogap berýärin, sebäbi men erkin. Meni şu hili ýaşaýşa hiç kişi mejbur edip bilmeýär, men öz ýaşaýşymy özüm saýlaýaryn. Hawa, bu hili ýaşaýyş ýeňil däl, ol

kyn we agyr, ýöne ýaşamaklyga ýeke-täk mynasypdyr. Biziň häzirki Galkynyş eýýamymyza şu hili ýörelgelerden ugur alýan adamlaryň köpelmegi gerek. Şeýle adamy ýetişdirmeklik edebiýatyň hem, sungatyň hem, ylym-bilim ulgamynyň hem wezipesi bolýar.

Jemgyýet hakyky ruhy galkynyşa eýe bolanda bu wezipe amal edilýär. Şonda jemgyýetçilik aňyň täsiri ýokarlanýar. Ol ilki bilen ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmegi esasynda gazanylýar.

**„Milli bilim ulgamymyzyň dünýä ylym-**
**bilim ulgamy bilen sazlaşykly**
**ata-babalarymyzyň asyrlaryň**
**dowamynda sünnälän aň-düşünje,**
**ruhy-ahlak, dünýägaraýyş, pelsepe**
**gymmatlyklaryny özünde jemleýän**
**aýdyň ýörelgesi bolmalydyr."**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**

## Ikinji bap. Täze Galkynyş eýýamynda döwletiň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalary

**Täze Galkynyş we bilim syýasaty.** Soňky ýüzýyllyklarda ruhy sussupesligiň, dagynyklygyň ejir-hasratyny öz egninde we kalbynda syzan türkmeniň milli Garaşsyzlyk bilen gaýatadan dikeldilen ýokary ahlaklygy we kämil ruhy sypatlary Beýik Galkynyşlar eýýamynda belent howalalyga eýe bolýar. Milli ruhy-ahlaklylyk jemgyýetiň hereketlenişiniň ähli ugurlarynda zähmet adamsynyň ýaşaýşynyň ugrukdyryjy, many dörediji güýjüne öwrüldi. Şeýle güýjüň her bir raýatyň iş-gatnaşygynyň süňňüne mahsus reallyk bolup durýanlygyny nazarda tutup, milletimiziň ykrar edilen Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow döwletiň, jemgyýetiň, ýokarda görkezilşi ýaly, üçinji müňýyllykda hereketlenişiniň we ösüşiniň düýpgöter täze konseptual binýadyny esaslandyrdy.

Ýokarda bellenilşi ýaly, jemgyýet aýry-aýry adamlaryň ýa-da sosial toparlaryň ýönekeý toplumy däldir. Oňa düzüji hökmünde goşulýan aýratyn birligiň (isle aýratyn şahsyýet, isle aýratyn sosial topar) bu ýagdaýy aňlap ýa-da aňlamazlygyna garamazdan jemgyýetiň bitewi durkunyň öz hususy herketleniş ýörelgesi, bu ýörelgäni aýratyn raýata, şahsyýete ýetiriji täsiri, usuly bardyr. Hormatly Prezidentimiz adamzat jemgyýetiniň köpgranly, köpöwüşginli dürli-dürliligini ykrar etmek, goldamak hakykaty bilen bir hatarda häzirki zaman siwilizasisynyň ýaşamagyny, rowaçlanmagyny adamzat ähliniň Ýer togalagyny bir bitewi öý hökmünde kabul edip, bu öýüň abadançylygy barada diňe deň derejedäki yhlaslylykda aladalanmak arkaly gazanyp boljakdygy pähimini esaslandyrdy. Milletiň Lideriniň belleýşi ýaly: “Umumydünýä durmuşynyň häzirki ýagdaýy, syýasy, ykdysady, sosial prosesleriň häsiýeti we tendensiýalary bu gün umumy baş maksada, global möçberde parahatçylygy we howupsuzlygy, durnukly ösüşi we progresi üpjün etmek, häzirki zaman dünýäsiniň düzgünleriniň binýadynda goýlan hukuk we ahlak esaslaryny saklap galmak maksadyna ýetmegiň hatyrasyna döwletleriň hem-de iri halkara guramalaryň has ysnyşykly we sazlaşykly gatnaşyklaryny talap edýär”.

Jemgyýetiň her bir subýektiniň nesil, ýaş derjesiniň onuň sazlaşykly hereketlenişinde öz orny, öz goşandy bardyr. Ýaşuly nesil bu sazlaşyklyga özüniň gymmatly tejribesi arkaly gatnaşýan bolsa, ösüp gelýän nesil oňa öz güýç-hyjuwynyň howalasy bilen bar bolan tejribäni herekete getirmek, baýlaşdyrmak arkaly goşulýar. Şol bir wagtyň özünde adamzadyň adatça geçmişe ugrugyp däl-de, geljege nazarlanyp ýaşaýandygy üçin jemgyýetiň ösüp gelýän nesle, ýaşlara aladasy aýratyn ähmiýete eýedir. Jemgyýetde bilimli, sowatly, ýaşaýyşda öz ornunyny aňlamaga we bu orundan ösüşe hususy goşandy dogrusynda aladalanýan ýaş nesli kemala getirmek meselesiniň derwaýyslygy taryhyň tutuş kesiminden eriş-argaç bolup geçýär. Bu babatda beýik Galkynyşyň we özgermeleriň nazaryýetini we amaly ornaşmasyny esaslandyran Hormatly Prezidentimiziň bu tutumy ozaly bilen hut bilim we ylym ulgamlaryndaky reformalardan başlamagynyň alamat häsiýeti bardyr.

Jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermekligi döwrümizde ileri tutulýan meseleleriň ornunda goýmak bilen, Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ine „Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda“ we şol ýylyň mart aýynyň 4 – nde „Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda“ kararlara gol çekmegi, bilim ulgamynda alnyp barylýan işleri mazmun we gurluş jähtden düýpgöter täzeçe guramakda öwrülişikli pursat boldy. Ilki bilen 2007-2008-nji okuw ýylyndan okuwyň möhleti orta mekdeplerde 10 ýyl, ýokary okuw mekdeplerinde 5 ýyl,

lukmançylygyň we sungatyň aýratyn hünär ugurlary boýunça 6 ýyl edildi. Orta we ýokary mekdep mugallymlarynyň hepdelik, ýyllyk iş sagatlary azaldyldy. Ýurt Ýolbaşçysynyň ýörite Permany esasynda 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-den bilim işgärleriniň iş haky we talyp haky 40 göterim köpeldildi. Orta mekdeplerde synpdaky okuwçy sany 25 getirilip, medeni zolakdan uzakda ýaşaýan çagalaryň orta bilim almagy welaýatlarda mekdep-internatalry açyldy. Ýokary okuw mekdeplere kabul etmek düzgünine düýpli özgertmeler girizilip, olara kabul edilýän talyplaryň sany köpeldili we hünärmen taýýarlamagyň täze ugurlary açyldy.

Hormatly Prezidentimiziň milli bilim ulgamyny kämiilleşdirmek ugrundaky amala aşyrýan özgertmeleri globalaşmagyň güýjeýän döwründe ýurduň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagynyň kesgitleýji şertleriniň biri bolup durýar. Mili bilimiň hilini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. 2007-nji ýyldan başlap bilim edaralaryny maliýeleşdirmäge býudjet serişdeleriniň möçberiniň durnukly artmagy, esasan zähmet haklarynyň we talyp haklarynyň ýokarlandyrylmagy, umumy bilim berýän mekdepleriň sanynyň köpelmegi, zähmet bazarynyň häzirki we geljekki isleglerine has takyk uýgunlaşmak maksady bilen ýöriteleşdirilen bilim hem-de ýokary okuw mekdepleriniň täzeleriniň açylmagy bilen baglydyr.

Bilim pudagy boýunça orta we ýokary orta mrkdepleriniň täze binalary gurulýar. 2010-njy ýylda, mysal üçin, Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, Türkmen politehniki institutynyň, şeýle hem döwrebap mekdepleriň, çagalar baglarynyň, sagaldyş merkezleriniň birnäçesiniň gurluşygy alnyp barylýanlygy hem-de Mary welaýatynda Türkmenistanyň döwlet energetika institutynyň we Daşoguz welaýatynda Oba hojalyk institutynyň binalarynyň gurulyp işe girizilmegi oňa şaýatlyk edýär.

Ýokary we orta mekdepler üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän häzirkizaman binalary gurlup, iň kämil kompýuter we okuw-tehniki enjamlary bilen upjün edilýär. Hormatly Prezidentimiň mundan beýläk ahli gurulýan orta we ýokary mekdepleriň diňe häzirki zaman okadylyş serişdeleri bilen üpjünçiligi miýesser bolan ýagdaýynda ulanylyşa berilmeligini aýgytly talap hökmünde goýdy.

Häzirki döwürde milli bilim ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeler, bir tarapdan, täze okuw dersleri girizmek, mugallymlaryň döredijilikli işlemekleri üçin şertleri döretmek, ösen tehnologiýa esasynda hil taýdan täze usullary özleşdirip ornaşdyrmak bolýan bolsa, ikinji tarapdan, öňden dowam edip gelýän okatmagyň adaty usullaryny döredijilikli we ýerlikli

ulanmaklyk bilen utgaşdyrylýar. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde okuw-terbiýeçilik işiň netijeliligi ýokarlanýar.

2009-njy ýylyň awgust aýynda kabul edilen „Bilim hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny esasynda bilim ulgamyny reformirlemegiň çäginde orta mekdebiň ähli dersleri boýunça döwlet umumybilim standartlary esaslandyrylýar. Olar orta mekdebi tamamlaýan her bir uçurymyň ders boýunça özleşdirmeli bilimleriniň, başarnyk endikleriniň hökmany minimumyny özünde jemleýär. Bu iş dünýä tejribesi we talaplary nazarda tutulyp amala aşyrylýar. Şu günki günde bilim berşiň täze mazmuny okadylyşyň inteaktiw usullaryny we multimediýä tehnologiýasyny giň we işjeň ornaşdyrmak arkaly üpjün edilýär.

Ýaşlara onlarça daşary ýurt döwletleriniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga giň mümkinçilik açyldy. Bu ugurdaky halkara aragatnaşygy şu häzirki döwürde ýurduň bilim ulgamynyň we Ylymlar akademiýasynyň ylmy-barlag institutlarynyň işiniň aýrylmaz bölegidir. Arkalaşygyň möhüm düzüjisi bilelikdäki taslamalar bolup, olar täze okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny döretmäge, dünýä tejribesini öwrenmek we ony bilim we ylmy-barlag prosesine ornaşdyrmaga, maglumat, mugallymdyr ylmy işgärleri  alyşmaga gönükdirilendir.

Bilim ulgamyndaky halkara arkalaşygyň möhüm düzüm bölegi informasion-kommunikasiýa infrastrukrurasyny we ýokary tehnologiýa ulgamyny döretmekdir. Meselem, 2003-nji ýyldan bäri hereket edýän NATO-nyň ylmy komitetiniň „Wirtual Ýüpek ýoly“ Taslamasy Türkmenistanyň bilim we ylym ulgamynda informasion kommunikasiýa tehnologiýasynyň ösüşiniň derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam etdi. Bularyň ählisi bilim berşiň we ylmyň milli ulgamyny dünýä standartlarynyň derejesine çykarmaga hem-de Türkmenistanyň ýaş neslini dünýäniň bilim giňişligine birleşmegine ýardam edýär.

Eýsem Hormatly Prezidentimiziň iş tutumlarynyň ylym – bilim ulgamyndaky esaslandyrmalaryna degişlilikde pelsepe-psihologik düzüjileriniň mazmun-gurluş aýratynlygy nämeden ybarat? Bu esaslandyrmalaryň sosial – psihologik, sosial-pelsepe döredijisi hökmünde ilkinji nobatda milli Liderimiziň “Döwlet adam üçindir” syýasatynyň her bir raýatda yurt, halk, Hormatly Prezidentimiziň öňünde öz üstüňe ahlak borç almak duýgusyny döretmeklik hakykaty görkezilmelidir. Şeýle jogapkärli nesli ýetişdirmek bilim ulgamynyň öňünde duran wezipe bolýar.

Bilim beriş ulgamyndaky özgertmeleriň Hormatly Prezidentimiziň zehininde esaslandyrylan konseptual ýörelgesiniň özeni düzgüni bu ugurdaky

esalandyrmalaryň bu ulgama ozal ornaşdyrylan we onuň endik boýunça özakymlaýyn hereketlenýän durkuna laýyklanyp däl-de, geljekde dünýä ülňülerine laýyklanylyp bilinjek derejesine, mazmunyna we gurluşyna çelgilenip amal edilýänligidir. Ýurtýolbaşçysynyň täze gurulýan ýokary we orta mekdeplerde häzirki zaman standartlaryndaky enjamlaşdyrylmasy bolmasa olaryň ulanylyşa girizilmeli däldigi dorusyndaky aýgytly talaby bu esaslandyrmanyň durmuş ornaşma mynasybetidir.

Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetiň mekdebe talaplary barha artýar. Bu jemgyýetde çagalaryň durmuşa taýýarlanyşyna bolan talaplaryň üznüksiz ýokarlanýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Mekdebe Galkynyş eýýamynyň hertaraplaýyn ösen şahsyýetini kemala getirmekde, okaýan nesilde sagdyn durmuş keşbini, ýokary ahlaklylygy we akyl medeniýetini döretmekde aýgytlaýjy orun degişlidir. Döwlet maksatnamalarynyň esasynda okuw-terbiýeçilik prosesini has ulgamlaýyn guramak mümkinçiligi mekdebi bilim-sowat almagyň beýleki gurmaçylyk ugur we usullaryndan döwrüň esasy sosial institutyna öwürýär. Çagalykdan çykyp, kämillige ymtylyp, ulularyň dünýäsine aralaşyp, oňa uýgunlaşyp, ony özgertmeklige taýýarlanylýan nesliň ruhy-paýhas dünýäsinde düýpli hil özgermeleri bolup geçýär. Ýetginjekde uly adamyň orny-pozisiýasy kemala gelip ugraýar. Ol entek real durmuş orny boýunça çaga deejesinde galýan hem bolsa, esasy zat, ol öz içki subýektiw dünýäsinde ulular dünýäsi bilen täze gatnaşyklara goşulyp, ol dünýäniň gymmatlyklaryny işjeň özleşdirip başlaýar.

Bilimleri özleşdirmeklik haçanda okuwçy, talyp tarapyndan häzirki döwür we geljege taýýarlyk üçin şahsy ähmiýetli hadysa görnüşinde kabul edilende hem-de dürli sapaklar akyl ýetiriş we döredijilik häsiýetli ýumuşlar bilen baýlaşdyrylanda ol okaýan şahsyýetiň ösmeginiň kesgitleýji şertine öwrülýär we bilimi özbaşdak özleşdirmeklige, öz-özüňi kämilleşdirmeklige ugrukdyrýar. Mekdepde ylmy düşünjeleri özleşdirmek okuwçylarda nazary pikirlenmäni kemala getirmeklige degişli obýektiw şertleri döredýär. Pikirlenmäniň bu derejesine okuwçynyň öz pikirlenme işini aňlamaklygy we işjeň dolandyrmaklygy mahsusdyr. Tebigat we matematiki çygryň (sikliň) dersleriniň jemleýji we logiki guramaçylykly häsiýeti özüniň özleşdirilişinde okuwçynyň ýokary derejedäki işjeňligini talap edýär. Okuwçylar ynzanperwer dersleriň materiallarynda hem ylmy düşünjeleri, hadysalaryň klassifkasiýasyny özleşdirýärler, sebäp-netije baglanyşyklary ýüze çykarmagy, gysga we ýaýraň häsiýetnamalary bermekligi, netije çykarmaklygy öwrenýärler.

**Zähmete girişmek.** Bilim ulgamynyň esasy wezipesi ýaş nesli durmuşa taýýarlamakfyr. Ýurt, sebit we dünýä derejesindäki Döwlet bäsleşiklerine

gatnaşmak ýaly zehin-intellektual zähmete girişmek bilen bir hatarda okaýan şahsyýet zähmetiň öz ýaş kesimine mahsus bolan öz-özüňe hyzmat ediş we bejermek-ýasamak ýaly görnüşlerine işjeň gatnaşýar. Zähmet işine çekilýän okaýan şahsyýete hormat bilen utgaşýan talapedijilik olarda bilelikdäki we ekebara häsiýetdäki zähmete, daşdan ýatladylmazdan, öz goşandyny goşmak meýlinde girişmeklik endigini kemala getirmegiň möhüm şertidir.

Ösýän şahsyýeti zähmet işine taýýarlamak halkymyzyň geljegi üçin zähmet çekmäge ukyply, ruhubelent we sagdyn, gujurly we başarjaň adamlary kemala getirmegi göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda her bir raýatyň döredijilikli zähmet çekmäge, islegine görä hünär saýlap almaga, iş ýerini anyklamaga, bitirýän işiniň möçberine we hiline görä hak almaga hukuklydyr. Okaýan ýaşlaryň zähmet terbiýesi, esasan, ýaş nesliň okuw zähmetini dogry guramakdan, onuň düýpli bilim almagyny ýola goýmakdan, şahsyýetde jagapkärçilik duýgusyny, akyl zähmetine bolan ymtylyşlary döretmekden ybaratdyr.

Orta bilim berýän mekdeplerde esaslandyrylan okuw kombinatlarynyň ýaşalary hünäre ugrukdyryjy täsiri bilen bir hatarda olarda zähmete höwes, zähmetiň jemgyýetiň baş binýady orny dogrusyndaky hakykaty olaryň dünýägaraýş ugrukmasyna ornaşdyrmakda orny taýsyzdyr. Mekdepde zähmet okuwy hyzmat ediş, oba hojalyk we tehniki zähmet ugurlary boýunça amala aşyrylyp, bular okaýanlaryň dürli kärlere bolan bolan ymtylyşlaryny ýüze çykarmakda, olary hünärlere gözükdirmekde, işine ezber hünärmen adamlar edip ýetişdirmekde bu okuwlaryň ähmiýeti uludyr. Bu hatarda synpdan daşary geçirilýän dürli terbiýeçilik çäreleri-de aýratyn orna eýedir. Önümçiligiň dürli ugurlaryna guralýan ekskursiýalar, zähmet ussatlary bilen geçirilýän duşuşyklar, halkymyzyň medeni we ruhy gymmatlyklary baradaky söhbetdeşlikler, okuwçylaryň köpçülik bolup amal edýän işleri bilen baglanyşykly çäreler we beýlekiler zähmete taýýarlyk işiniň täsirli serişdeleridir. Ýurdumyzda indi durnukly ýörelgä öwrülen keminden üç bag ( ikisi atаň-eneň üçin, biri özüň üçin) ýetişdirmek tutumy ösýän şahsyýetde zähmetsöýerligi kemala getirmegiň iň bir täsirli usulydyr.

Hormatly Prezidentimiz zähmet işiniň, bir tarapdan adam üçin şahsy ähmiýetli, ikinji tarapdan bolsa tutuş jemgyýet üçin netijeli guramaklyga uly üns berýär. Ol ýurduň her bir raýatynyň zähmet adamsynyň iş erjelligine, ukybyna dogry baha berilmezliginiň ýa-da ýerine ýetirilýän işleriň düýbünden tapawutlydygyna garamazdan, olara deň baha berilmeginiň, ýitgi çekmekde işlerini guraýan bölümleri maliýeleşdirmegiň zähmet öndürijiliginiň ösmegine

getirmeýändigine, gaýtam ösüşe aýakbagy bolýandygyna dogry düşünmegini gazanmaklygy talap edýär. Üstesine-de zähmet adamsy işini diňe tabşyrylanyny ýerine ýetirmek görnüşinde däl-de öz iş topary, uly sosial topary (ýaş nesil topary), etniki topary ornundan bitirýän zadyna “özümki” diýen duýgudan çemeleşmelidir. Bu babatda ýörite geçirilen bir sosiologik derňewiň netijesini getirmek ýerliklidir. Derňew ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň zawodlarynda geçitilip, onuň netijesinde amerikan zawodlarynyň işgärleriniň diňe 10-12 göterimi kärhananyň umumy müşgülliklerini barada pikir edýän bolsa, Ýaponiýaly işgärleriň 60-65 göterimi öz zawodynyň pikir-aladasy bilen ýaşaýandygy anyklanýar. Derňewleriň netijesi işçi üçin iş ýeriniň onuň “Meniňki”, “Biziňki” duýgusynyň mazmunynda bolmagynyň onuň zähmet öndürijiliginiň esasy şerti bolýanlygyny anyklapdyr.

**Sagdyn bedenli ýaşlary ýetişdirmek.** Ýaşlary zähmete taýýarlamak işi olaryň fiziki saglygyny berkitmek işi bilen aýrylmaz baganyşyklydyr. Bu babatda milli Liderimiziň ýörite karary bilen opta mekdepleriň okuw maksatnamasyna girizilen bedenterbiýe sapaklarynyň hem ähmiýeti uludyr. Ynsan saglygyny berkitmekde sportuň ähli görnüşleri ähmiýetlidir. Sport bilen meşgullanýan adamyň jany sagat, bedeni berk, ruhy belent bolýar. Sportuň adamda kemala getirýän güýçlülik, çeýelik, çydamlylyk, erjellk ýaly sypatlary zähmet işiniň-de möhüm şertleri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň görkezmesi bilen Aşgabat, Abadan şäherlerindäki eýýäm ulanylmaga berlen sport ymaratlary bilen bir hatarda ähli welaýat merkezlerinde sygymy 10 000 adamdan az bolmadyk stadionlaryň gurluşyna girişildi. Türkmenistany Prezidentiniň 2010-njy ýyldan başlap, Türkmenistanyň umumybilim hem-de başlangyç, orta we ýokary hünär bilimi edaralarynyň, ministrlikleriniň we Aşgabat şäheriniň arasynda “Türkmenistsn – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy” atly sport ýaryşlaryny geçirmäge badalga berýän karara gol çekmegi işjeň hereket arkaly ýaş nesliň saglygyny berkitmek baradaky aladanyň ýokary derejedäki kanuny guramaçylyk esaslandyrylmasy boldy. Ýyl-ýyldan sporty, sagdyn durmuş keşbiniň işjeň tarapdarlary artýar.

**Hünär kämilligini ele alyp jemgyýetde öz ornuňy tapmak.** Okaýan şahsyýetň ýaşy geljek hakyndaky çaga göwünýüwürtmeleriniň öz mümkinçilikleriňi we durmuş ýagdaýlaryny saldarlap, bu baradaky niýetini amaly hereketlere geçirmek dogrusyndaky höwesler bilen çalşyrylýan döwrüdir.

Çagalarda zähmetsöýerlik duýgusy olar mekdepde okamak bilen öz medeniýetiniň tehnologiýasyna akyl ýetirip başlamagy bilen döreýär. Olar bu döwürde nämäniň nämeden alynýandygyna, degişli zadyň nähili ýasalýadygyna göz ýetirmek isleýärler. Bu höwes çagalary okadyp, onuň bilen bile zähmet çekýän, olara sosial dünýäniň tehnologik elementleri barada ilkinji düşünjeleri

berýän gurşawyndaky adamlar we mekdep tarapyndan berkidilýär hem-de kanagatlandyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen mekdeplerde guralýan dürli gurnaklar we olara ýaşlaryň işjeň çekilmesi olarda höwesleriň we hünäre ugrukmany döretmekde ähmiýeti çäksizdir. Bu gurnaklardaky sapaklar ýetginjege öz ymtylmalaryny, mümkinçiliklerini, ýetmezçiliklerini aňlamaga we bahalandyrmaga kömek edýär. Ösýän şahsyýete hünäri ele almak arkaly jemgyýetde öz ornuny tapmaklyklyna guramaçylykly gözegçilik etmeklik onuň ýaş aýratynlygyny we milletiň bu babatda gymmatlyk ugrukmasynyň özboluşlylygyny nazarda tutmak arakaly amala aşyrylmalydyr. Ýetginjek özüni durli rollarda hyýalynda görüp, olaryň ýakymlylygyny ölçerip, gutarnylky saýlaw etmekden saklanýar. Jahyl näçe ulaldygyça saýlaw etmekligiň zerurlygy işjeňleşýär. Köp sanly hyýaly we sowa-abstrakt mümkinçiliklerden birnäçe real we elýeter görnüşleri ýüze çykarylyp, saýlawyň zolagy çäklendirilýär. Ol geljekki durmuşyň mazmunynyň özüniň hünäri dogry saýlap bilmegine bagly boljakdygyna düşünýär.

Türkmen ýaşlary dünýäde iň bir asuda, ýokary üpjünçilikli döwletde ýaşamak bilen ol ýa-da beýleki hünäri diňe güzeran görmek serişdesi görnüşinde däl-de, özüniň durmuş matlaby, öz mümkinçiliklerini doly döredilişe ornaşdyrmagyň ygtybarly usuly hökmünde seredýär. Ol ýa-da beýleki hünäriň ýakymlylygynyň sebäbini anyklamak boýunça geçirilen sosiologik derňewleriň görkezişine görä jahyllar we gyzlar birinji orunda hünäriň döredijilikli häsiýetini, ikinji orunda onuň jemgyýetçilik ähmiýetini, üçünji ýerde bolsa iş hakynyň möçberini goýýarlar.

Okaýan ýaşlar okatmagyň we terbiýäniň passiw – işjeňdäl obýekti däl-de, öz hususy durmuşyny, şonuň bilen birlikde biziň geljegimizi guryan döredijilikli adamlardyr. Nesilleriň dowamatynyň üznüksizligi ýaşlary jemgyýetiň şu günki we geljekki aladasy bolup durýan meseleleriň çözgüdine işjeň çekip, olaryň güýç-gor potensialyny oňyn döredilişlere gönükdirmek arkaly miýesserlenilýär. Olryň gurujy, döredjiji, geljegi nazarlaýan adamlar bolup ýetişmekleri wajyp.

**Maşgala gurmak.** Türkmenistan GDA ýurtlarynyň arasynda nika bozulmasynyň sany iň bir az bolan döwletleriň biridir. Biziň jemgyýetimiziň ahlak binýady täze Galkynyş eýýamynda has-da berkeýär. Şeýlede bolsa ýaşlary milli we umumyadamzat gymmatlyklarynyň ruhunda terbiýelemek jemgyýetiň hemişelik aladasy bolmaklygynda galýar.

Maşgala şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täsirini, olaryň islegleriniň we höwesleriniň bitewiligini we ileri tutulmalaryny üpjün edýän esasy institutlaryň biridir. Ol adama durmuşy maksatlar we gymmatlyklar dogrusynda, şeýle hem

başçykaryjylyk we özüňi alyp baryş hakynda düşünjeler berýär. Döwletiň ösýän şahsyýetiň bilim-hünär kämilliligi bilen bir hatarda onuň geljekki durmuşynyň doly manylylygyny üpjün etmäge niýetlenen aladalarynyň biri-de olary maşgala gurmaklyga taýýarlamak işidir. Şeýle alada jemgyýetçilik terbiýesiniň bir bölegi görnüşinde alnyp barylýar. Mekdep, maşgala, jemgyýetçilik bu işi guramakda ösýän şahsyýetiň döredilјek maşgalanyň häzirki zaman jemgyýetindäki roluny aňlamaklygyny, onuň asyl maksat-meýline göz ýetirmekligini gazanmakdan ugur alýar. Maşgala onuň üçin öz aladalarynyň bir bölegini ýanýoldaşyňa geçirmeklige mümkinçilik berýän, öňküleriň üstüne goşulýan ýene-de bir oňaýlylyk görnüşinde kabul edilmeli däldir. Bu işde, bir tarapdan, göz öňünde tutulýan täze maşgalanyň durkunyň, çatynjalaryň ondaky özüni alyp baryş nusgalarynyň ulular tarapyndan boýdan-başa maksatnamalaşdyrylmagy ýa-da ulularyň oňa goşulman, işi özakymlygyna goýbermek ýaly birtaraplaýynlyklara ýol berilmeli däldir.

Ösýän şahsyýeti maşgala gurmaklyga taýýarlamaklyk, bir tarapdan, adamzat jemgyýetiniň şu günki gününde bu hadysanyň mazmuny we hereketlenişni, ikinji tarapdan bolsa halkyň milli medeni, ruhy-ahlak gymmatlyklarynyň özbluşlylygyna laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Eger-de iki juwanyň nika arkaly birleşmeginiň taryhy deslapky döwürlerinde hojalyk, ykdysady, köpeliş, terbiýe funksiýalary ähmiýetli bolan bolsa, häzirki döwürde onuň duýgy-emosional, psihologik goldaw hyzmatlary aýgytlaýjydyr. Adamyň dünýäde özüniň ýeketäkligini we şahsy gaýtalanmazlygyny aňlamaklygy ony ýekeligi ýeňip geçmeklige ugrukdyrýar. Ol kimdir biriniň özüne düşünmegine, kimdir biriniň özüni gereklemegini isleýär. Söýmek we söýülmekligi arzuwlaýar. Meseläniň çözgüdini nikada, maşgalada tapmaklygy göz öňünde tutýar.

Adamyň durmuşy öz ýakyn gurşawyň, milli gymmatlyklaryň ugrukdyryjy täsirinde kabul edip, öz iş-gatnaşyklaryny guraýandygy mälimdir. Ýaşlary maşgala durmuşyna taýýarlamagy türkmen maşgalasynyň nesilleriň arabaglanyşygynyň we aragatnaşygynyň tebiýeçilik goruny ulanmaga mümkinçilik berýän köpagzalylygy, dürlünesilliligi, ulularyň at-abraýynyň kiçiler üçin şertszligi we beýleki aýratynlyklaryny nazarda tutup guramak bu işiň ulgamlaýyn maksatnamasynyň eriş-argaç düzüjisi bolmalydyr. Taýýarlyk işiniň şahsyýet tarapynda kemala getirilmeli sypat – ösýän şahsyýetiň **nika, maşgala ruhy-psihologik taýýarlygy** bolup, ol ýaş maşgalalaryň durnuklylygyny we berkligini kepillendirýän faktordyr. Nika taýýar bolmak jemleýji sypat bolup, öz gezeginde şahsyýetiň ýanýoldaşyna, geljekki çagalaryna degişlilikde üstüne täze borç-aladalary almak, şahsyýetara gatnaşyklara we arkalaşyga taýýarlygy, ýanýoldaşyň rowaçlygyny özüňkiden ileri tutmak, duýgularyň we özüňi alyp barşyň ýokary estetiki medeniýeti, konfliktleri

ylalaşykly çözmek, öz paýhasyňy we hereketiňi dolandyrmak ýaly häsiýetlerden durýar.

Hormatly Prezidentimiz jemgyýetiň ilkinji öýjügi bolan maşgalanyň sosial goldawlylygyny ýokarlandyrmak ugrunda üznüksiz aladalanýar. Raýatlaryň durmuş üpjünçilik meselellerini özünde jemleýän “Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna 2009-njy ýylyň mart aýynyň 6-syna Türkmenabatda geçen Ýaşulularyň maslahatynda gol çekilmegi adam hakyndaky aladany döwletiň üns merkezinde saklaýandygyny aýdyň subut etdi. Ýurdumyzyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligini has-da ýokarlandyrmak, hususanda döwlet kömek pullarynyň möçberlerini ardyrmak baradaky birnäçe meseleleri öz içine alýan üýtgetmeler metbugatda çap edildi.

Döwlet kömek puly meselesinde Bitewi kanunyň degişli maddalaryna girizilen üýtgetmelerine laýyklykda döwlet tarapyndan çaga doglanda berilýän bir wagtlaýyn kömek pulunyň möçberi ýokarlandyryldy we çaganyň doglan gününden bir ýarym ýaşyna çenli her aýda berilýän çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny tölemeklik çaga üç ýaşyna ýetýänçe uzaldyldy hem-de onuň möçberi ýokarlandyryldy. Döwlet kömek pullary ata-eneleriň birine ýa-da degişli ýagdaýda hossarlyk edýän adama işleýändigine ýa-da işlemeýändigine garamazdan, ýaşaýan ýerindäki durmuş üpjünçilik edaralarynda hasaba duranlaryndan soň ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasynyň üsti bilen tölenýär. Bitewi kanuna laýyklykda döwlet kömek pulunyň möçberini hasaplamak üçin binýatlyk ululygy ulanylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabryndaky Permanyna laýyklykda 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan döwlet kömek puluny hasaplamak üçin binýatlyk ululygy 110 manat möçberde kesgitlendi. Kanunyň 75-nji maddasyna girizilen üýtgetmelere laýyklykda, çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny birinji we ikinji çaga doglanda – binýatlyk ululugyň 1,3 essesi, ýagny, 143 manat (110 manat x 1,3-143 manat), üçünji çaga doglanda binýatlyk ululugyň 2,5 esssesi, ýagny 275 manat, dördünji we ondan soňky çaga doglanda – binýatlyk ululugyň 5 essesi, ýagny, 550 manat möçberinde tölemeklik 2009-njy ýylyň 1-nji iýulynda güýje girizildi.

Bitewi Kanunyň 78-80-nji maddalaryna girizilen üýtgetmede çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly üç ýaşyna ýetmedik her bir çaga 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan başlap, 110 manat binýatlyk ululygyň 65 göterimi, ýagny 71 manat 50 teňňe möçberinde tölemekligi göz öňünde tutýar. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek pulunyň Bitewi kanun güýje gireninden soň doglan çagalara, şeýle hem şu

resminama güýje giren gününe çenli üç ýaşy dolmadyk çagalara bellenmegi ýaş maşgalalara uly goldawdyr.

**Döwletiň işewir nesli ýetişdirmek baradaky tagallalary.** Ýurdumyzda işewür nesli kemala getirmekligi ýörite döwlet maksatnamasy esasynda ýola goýmakda döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi giňişleýin ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşilmeginiň, onuň kanunçylyk binýadynyň pugtalandyrylmagynyň, bank karzlarynyň berlişiniň kämilleşdirilmeginiň, kiçi we orta telekeçiligiň ileri tutulýan ugurlarynyň kesgitlenmeginiň ähmiýeti uludyr.

Bu babatda „Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda“ ýörite kanunyň kabul eidilmegi (2009-njy ýylyň 15 awgusty) ykbal kesgitleýji ähmiýete eýedir. Wagtynda kabul edilen bu Kanun hususy eýeçiligi öz mynasyp hukugynda jemgyýete ymykly ornaşdyryp, işewür adamlaryň ykrar edilen sosial toparyny döretmäge we bu dörediliş arkaly durmuş-ykdysady ösüşimizi ýokary sepgitlere çykarmaga ygtybarly badalgadyr.

Belli filosof Jon Lokk baryp XVII asyrda : „Eýeçilik ýok ýerinde adalatlylyk hem ýok “ diýen düzgün edil Ewklidiň islendik subutnamasy ýaly hakykatdyr“ diýip beläpdi. Munuň yzy süre Monteskýe hut söwda işiniň siwilizasiýanyň ýaýramagyna we Demirgazyk Ýewropanyň warwarlarynyň arasynda ahlaklylygyň ýumşamaklygyna ýardam edendigini nygtaýar. Nobel baýragynyň eýesi F.A.Haýek eýeçiligiň ähmiýeti dogrusynda şeýle ýazýar: „Şahsy eýeçilige badalga berýän hyzmatlaryň alyş-çalyşygynyň ykjam ulgamy onuň ulanylyşynyň döwlet dolandyrylyşynda däl-de, ýekebaralaşdyrylan eýeçiligiň goraglylygynda düýpli şaha ýaýratdy“. Döwlet öz raýatlarynyň eýeçilige hukuklaryny goramak bilen erkin arkadaşlyga esaslanýan jemgyýetçilik we şahsyýetara gatnaşyklarynyň döremegine we ösmegine mümkinçilik açýar. Şu hili mümkinçilikleri biz diňe bir söwda, alyş-çalyş gurşawynda däl, eýsem, ýurduň gurulşyk ulgamynda hem aýdyň görýäris.

Hormatly Prezidentimiziň „Goý ähli Türkmenistan gurluşyk meýdançasyna öwrülsin. Bu bize täze iş ýerlerini açmak üçin, gurluşyk boýunça hünärmenleri taýýarlamak üçin oňat mümkinçilik berer...Belki, şu işlerimiziň netijesinde geljekde Fransiýanyň..., Türkiýäniň köp firmalary ýaly meşhur türkmen firmasy döräp, daşary ýurtlarda gurluşyk edip, Türkmenistanyň abraýyna abraý goşar diýip tama edýärin“ diýen arzuwly sözleri ilkinji nobatda ösüp gelýän nesle baglanýan umytdyr. 2009-njy ýylyň iýulynda hormatly Prezidentimiziň ýerli gurluşyk kärhanalarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen gol çeken K副araryna laýyklykda gurluşyk-gurnama, abatlaýyş we durkuny täzelemek boýunça geçirilýän halkara bäsleşiklerine daşary ýurt kompaniýalay bilen deň şertlerde guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ýerli kärhanalara

bellenen tertipde gatnaşmaga ygyýar berilmegi-de bu ugurda iş alyp barýan hususy telekeçilere uly ynam bildirilýänliginden nyşandyr.

Türkmenistan milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy we diwersifikasiýalaşdyrylmagy, täze pudaklaryň ösdürilmegi ugrykmasyna uly ähmiýet bermek bilen öz öňünde eksporta gönükdirilen bäsleşige ukyply önümçilik binýadyny döretmek maksadyny goýýar. Şonuň üçin biziň döwletimiz ösen ýurtlaryň saýlap alan ykdysady ösüş ýoluna, şol sanda telekeçiligi gurnamaklyk tejribesine uly üns berýär. Bu babatda Ýaponiýanyň güýçli eksport mümkinçiliklere eýe bolan industriýany nähili döredendigine göz aýlamak gyzyklydyr. Bu ýurtda ýerli ykdysadyýetiň 90% -mi kiçi şahsy biznesden ybarat bolup, diňe 10 %-ne golaýy industrial gigantlardan durýar. Ýöne soňkularyň töwereginde hem müňlerçe ownuk kompaniýalar hereket edýär. Hormatly Prezidentimiziň „Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda“ ýörite kanuny eziz Watanymyzda ýurdumyzyň ykdysadyýetini kiçi biznesiň rowaçlandyrylmagy ösen döwletleriň çelgisine ýetirmek ýolundaky aýgytlaýjy ädimdir. Ýokarda bellenilşi ýaly, olar 2020-nji ýylda ýurtda öndürilýän önümiň 70 % öndürmelidirler. Bu ugurdaky işleri ylmyň esasynda kesgitlemeklik döwrüň talaby bolýar.

**Ýurdyň ylym ulgamyndaky özgerişler.** Beýik özgertmeler eýýamynda ylym ulgamynyň galkynyşynyň taryhy seneleri Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň 2007-nji 12-nji iýunynda, 2008-nji ýylyň 12-nji iýunynda, 2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda bolup geçen göçme mejlislerinde bilim we ylym ugurlarynda düýpli özgerişleri döretmek maksady bilen „Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky“, „Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky“ we „Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasyny döretmek hakyndaky“ gol çeken Karardyr Permanlary bilen bagalanyşyklydyr. Milli Liderimiz ylmyň jemgyýetiň esasy öndüriji güýjüdigini nazarda tutup : „Häzirki zaman şertlerinde islendik döwletiň kuwwaty we gülläp ösmegi, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýanyň ösüşi, milletiň intellektual derejesi bilen kesgitlenýr. Ylym ähli ösüşiň özenidir, hamyrmaýasydyr. Ylymsyz ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini gazanmak asla mümkin däldir“ 1 diýip nygtaýar.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň gös-göni tabynlygyndaky ýurdumyzyň iň ýokary ylmy edarasy bolup, tebigy we jemgyýetçilik ylymlary boýunça düýpli ylmy taýýarlamalary we ähli ylmy edaralaryň, ýokary okuw mekdepleriniň barlaglaryny koordinirlemegi amala aşyrýar. Ylymlar akademiýasynyň düzümindäki ylmy edaralarda, ýokary okuw

mekdeplerinde ylmy barlaglar ylmy işgärleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Ylmy işgärlere: ylmy-tehniki işgärler, ordinatorlar, aspirantlar (adýunktlar), doktorantlar we alymlyk derejesi bolan beýleki adamlar degişlidir. Ýaňy-ýakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň hünärmenleri tarapyndan „Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakynda“ Türkmenistanyň kanuny işlenip taýýarlanyldy we Mejlisiň deputatlarynyň biragyzdan makullamgy esasynda kabul edildi. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda ol Kanun halk köpçüligine ýetirildi.

„Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakyndaky“ täze Kanun ylmy işgärleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, olryň hünär taýýarlygyna baha bermegiň ölçeglerini, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň döwlet häkimýeti we dolandyryş edaralarynyň ylmy işgäriň erkin ylmy döredijiliginiň kepilliklerini hem-de durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekdäki, ylmy işiň abraýyny ýokarlandyrmakdaky borçlaryny kesgitleýär. Bu Kanun birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Kanuna laýyklykda ýokary hünär taýýarlykly ylmy işgärleri taýýarlamagy üpjün etmek maksady bilen:

- Türkmenisatnyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okaýan her bir aspiranta we doktoranta Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde her ýyl onuň iki aýlyk ýörite tölenýän hakyň möçberinde ylmy edebiýatlary satyn almak üçin harajat puluny tölemek göz öňünde tutulýar;
- Ylymlaryň kandidaty ýa-da ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa ýazyp gutarmak üçin kärhananyň (edaralaryň we guramalaryň) işgärlerine işleýän ýerlerinden Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna layklykda degişlilikde üç we alty aý dowamlylykdaky döredijilik rugsady berilýär. Ylmy ulgamynyň kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi ylymy äleminde hereket edýän ylmy işgärleriň maddy-hal ýagdaýynyň gowulandyrmagyna itergi berer we olaryň döwlet öňünde borçlaryny artdyrar hem-de döredijilikli işlemegini üpjün eder.

Soňky ýüzýyllyklardaky döwletsizlik zerarly ruhupeslige düşmek diýäýmeseň türkmen halky taryhyň siwilizasiýa galkan ähli döwürlerinde başçykaryjylyga,

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçüe mejlisinde sözlän sözi. A. 2009, 9 s.

ylma, bilime, döredijilikli zähmete hemişe sarpa goýup, maddy we ruhy döredilişleriň ähli görnüşine diýen ýaly öz mynasyp goşandyny goşup gelen milletdir. Merkezi Aziýada we Ýakyn Gündogarda Orta asyrlarda Marydaky, Ürgençdäki (häzirki Köneürgenç) ýaly ylymlar akademiýasy bolan ýurtlary ýeke eliň barmagynda sanaýmalydyr. Dünýä meşhur matematikleriň, astronomlaryň, lukmanlaryň, dini teswirleýjileriň hut biziň topragymyzda ýaşap geçmekleri

halkymyzyň ylym-bilime teşneligi pursatlaýyn höwesiň howalasy däl-de, milletiň mentalitetiniň durnukly sypatylygyndan habar berýär.

Ýurdumyzda ylym-bilimi döwrüň talaplaryna layklykda kämilleşdirmekde halkara gatnaşyklaryna giň orun berilýär. Döwlet baştutanymyzyň tagallasy bilen Türkmenistanda halkara sergileri we maslahatlary yzygiderli geçirilýär. 2009-njy ýylyň 9-11-nji sentýabrynda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde “Ylym we bilim täze Galkynyş eýýamynda“ atly halkara serginiň, “Täze Galkynyş eýýamynda ylym we bilim dünýäniň ylym-bilim ulgamynda“, şu ýylyň 1-nji dekabryndaky ÝUNESKO-nyň Türkmenistandaky işleri boýunça Milli iş topary we ÝUNESKO-nyň Tährandaky klaster edarasy tarapyndan guralan „Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, ylmyň, meýilleşdirmegiň, bilimiň hilini ýokarlandyrmakdaky orny“ temadaky halkara ylmy maslahatlarnyň geçirilmegi muňa aýdyň mysaldyr.

**Intellektual elitany döretmek.** Milli Liderimiz: “Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejesine ýetilmegi täze jemgyýetiň kuwwatly sosial gatlagyny - milli intellektual elitasyny döretmäge, Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmäge mňmkinçilik berer” diýip belleýär.

Eýsem intellektual elita näme? Intellekt (latynça - intellektus – akyl, pähim) adamyň döredijilikli pikirlenmä ukyp, başarnygydyr . Intellektual – ýokary derejede ösen intellektli, zehinli, paýhas zähmeti bilen meşgul bolýan adamdyr. Elita (frans. elite – kaşaň, saýlantgy) özüniň gaýtalanmaz hünärmenlik derejesi boýunça tapawutlanýan adamlar gatlagyny, toparyny aňlatmaklyk üçin ulanylýan adalgadyr. Şeýlelikde, intellektual elita her bir jemgyýetiň sosial düzüminde aýratyn ýagdaýdan peýýdalanýan we dolandyrmaklyk, medeniýeti ösdürmeklik hyzmatlaryny ýerine ýetirýän gatlak ýa-da topar bolýar. Olar jemgyýetiň durmuşynyň ol ýa-da beýleki ugrunda (ylymda, önümçilikde, sportda we başg.) saýlananlardyr. Şu manyda harbylaryň, alymlaryň, türgenleriň elitasy barada aýdylýar. . Intellektual elita jemgyýetiň beýleki gatlaklaryndan we toparlaryndan saýlanýandygy häsiýetnamasynyň özboluşly manysy bardyr.. Bu ýerde “saýlanýan” düşünjesi intellektual elita degişli adamyň özünden beýleki adamlardan köp zady talap etmek, özüni unudyjylyk döredijilige, bitirilişe ruhy taýýarlygyny häsiýetlendirýär. Ol bu beýik talaplary doly amala aşyryp bilmäýen ýagdaýynda hem, olar barada borçlanma ygrarly bolýar.

Her bir özgerýän, täze sepgitlere ýetmekligi maksat edinýän jemgyýet üçin şeýle adamlary ýetişdirmek elmydama örän wajyp mesele bolan. Şu meseläni çözmeklige bolan tagallalary biz geçmişiň hem, ýakyn döwrüň hem tejribesinde

görýäris. Biziň üçin örän ähmiýetli bolan bir mysala, ýagny ABŞ-da intellectual güýçleri herekete getirilişiniň mysalyna ýüzleneliň. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda Birleşen Ştatlarda "Merit" maksatnamasy işe girizilýär. Bu maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň bir tarapy Birleşen Ştatlaryň astronawtyny Aýa gondurmak ýaly ylmy ýokary göterilişi üpjün eden intellectual elitatany döretmäge mümkinçilik berýär.

Beýik Galkynyşy başdan geçirýän ýurdumyza degişlilikde intellectual elitany döretmegiň özbolulyklarynyň biri belli bir wagt aralygynda döwletimiziň esasan, öňdebaryjy daşary yurt tehnologiýasyny öz önümçiligimize, bilim ulgamymyza we beýleki ugurlara ornaşdyrmak bilen baglanyşyklykda gitmekligi bilen baglanyşyklydyr. Ýöne Milli Liderimiz şeýle tehnologiýanyň alynmagynyň we ornaşdyrylmagynyň ahyrky däl-de aralyk maksat bolmalydygyny, ahyrky maksadyň bolsa bu tehnikalary we tehnologiýalary öwrenmek we düýpgöter täze nusgada esaslandyrmaklyga çalyşmak bolmalydygyna ünsi çekýär.

Biziň ýurdumyzda başlanan täze Galkynyşlar döwri hem adam şahsyýetini beýgeltmeklikden başlandy. Türkmenistanyň Prezidenti turuwbaşdan, döwlet baştutany wezipesine geçen gününden ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirip, her bir türkmen ogluny we gyzyny ylym-bilim babatda dünýäniň ösen ýurtlarynyň ýaşlary bilen bäsleşmäge, milletimiziň durmuşyny, hal-ýagdaýyny we medeniýetini has-da ýokarlandyrmaklyga ukyply adamlar edip ýetişdirmekligi bu ulgamyň öňünde duran gaýragoýulmasyz wezipe hökmünde kesgitledi. Türkmen döwleti gysga wagtyň içinde ýaşlaryň milli we umumyadamzat ruhy gymmatlyklaryna ilki bilen hem ylym-bilime eýe bolmaklary üçin gerek bolan esaslary döretdi. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine alynýan talyplaryň sanyny artdyrmak bilen bir hatarda, ýurdumyzda intellectual elitäni döretmek baradaky tagallalaryň çäginde her ýylda zehinli ýaşlarymyzdan düzülen orta mekdep uçurumlarynyň topary ösen ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerine ugradylýar. Edil şonuň ýaly-da ýylba-ýyl ýörite seçilip alynma esasynda zehinli ýaşlarymyzyň mekdep ýaşlylary paýtagtymyzdaky we welaýat merkezlerindäki aýratyn zehinliler mekdeplerine kabul edilýär. Bu çagalar yurt we halkara derejesinde geçirilýän mekdep okuwçylarynyň, ýokary mekdebe kabul edilenlerinden soňra bolsa talyplar arasyndaky ders Döwlet bäsleşikleriniň ygtybarly rezerwi bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň hut hususy tagallasy esasynda 2009-njy ýylyň himiýa dersi boýunça halkara ders bäsleşigi paýtagtymyz Aşgabatda geçirilip, onda türkmenistanly ýaşlar gyzyl we kümüş medallarynyň üçüsine mynasyp boldular. Bu tagallalaryň hatarynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we döwürleýin metbugatyň "Beýik Galkynyş zamanasynyň çeper keşbi" ýaly atlar bilen guraýan bäsleşikleri ýörite agzalmaga mynasypdyr.

**Medeniýet.** Ylymly, bilimli nesli kemala getirmek işiniň möhüm düzüjileriniň biri-de milli medeniýeti ösýän şahsyýetiň dunýägaraýşynyň gymmatlyk ugrukmasyna öwürmekdir. Özüniň has ýaýraň manysynda medeniýet adamzadyň akyl-paýhasy esasynda döredilen maddy we ruhy gymmatlyklar bolup,

ol ynsanyň ýaşaýşa gös-göni zerur gymmatlyklary döretmek işinde köremeýän çeşme bolup hyzmat edýän hadysadyr. Şunuň bilen bir hatarda medeniýet ähli döwürlerde jemgyýetiň, onuň siwilizasiýasynyň ösüş we kämillik derejesini kesgitleýän mähekdaşdyr. Üstümizdäki döwürde tutuş adamzat jemgyýetiniň globallaşmak meýli aýgytlaýjy hadysa bolup durýarka Hormatly Prezidentimiz gadymy we baý medeniýetimizi ähli ugurlar boýunça häzirki zaman siwilizasiýasy jähtden ösdürilmegini, ruhy we beden taýdan sagdyn nesli kemala getirmek üçin döredilýän dürli eserleriň täsirliliginiň artdyrylmagyny döwrümiziň möhüm wezipesi hökmünde goýdy.

Hormatly Prezidentimiz täze Galkynyş, beýik özgertmeler eýýamymyzyň täze ruhy dünýäli, hemme taraplaýyn ösen şahsyýetini kemala getirmekde, edebiýatyň, şygyryýetiň tutýan ornuna aýratyn uly baha berýär. Milli Lidermiz ýaş nesillerimiziň çuňňur ylymly-bilimli bolmagyna, onda-da dünýä derejeli ylmyň hem ylmy dünýägaraýşyň eýesi bolmagyna giň ýol açýar. Biziň halkymyz gadymlardan bäri, pähim-parasada, ylym-bilime uly sarpa hem gadyr goýup, dünýäde ylymda öçmejek şan-şöhrat gazanan halkdyr.

Beýik Galkynyşlar eýýamynda türkmeniň milli medeniýeti döwrüň ruhuna laýyk täze mazmuna we görnüşe eýe boldy. Medeniýetiň özenini düzýän sungat, aýdym-saz, senetgärlik, däp-dessurlar türkmeni tutuş milliligi bilen aýratyn halk hökmünde alamatlandyrýar. Bu gymmatlyklaryň many-mazmunyny türkmeniň taryhy bilen baglylykda açmak, olary halkymyzyň milli kökleri bilen baglylykda milletiň ýaşaýyş ukybynyň ýüze çykmasy hem-de umytly ertiriň, ýagty geljegimiziň binýady hökmünde kabul etmeklige ösüp gelýän nesli gözükdirmek döwrüň wajyp meseleleriniň biri bolup durýar. Milli medeniýet birbada milli duýgularyň netijesi we bu duýgularyň döredijisidir. Her bir milletiň öz döreden medeni gymmatlyklarynyň öz ýüregine ýakynlygy, olara şertsiz guwanýanlygy degişli halkda buýsanç duýgusyny döretse, şeýle duýgy öz gezeginde milleti täze, has hörpli döredişlere ugrukdyrýar.

Milli Garaşsyzlyk türkmene öz gözbaşyna dolanmaga, dilini, dinini, däp-dessurlaryny pederlerimizden miras galan milli ýörelgelere laýyklykda berjaý etmäge mümkinçilik berdi. Dilimiziň tas ulanylyşdan çykarańkyrlan saldamly we şireli sözlerini, ýowuz günde ar-namys diýip saýlaýanan saz gurallaryny, asyrlaryň azabynda döredilen ak bugdaýyny, edil şeýle yhlas-aladada kemal eden bedewini we köp sanly beýleki amaly we ruhy guwançlaryny gaýdyp berdi. Beýik Galkynyş eýýamy türkmeniň milli medeniýetiniň many-mazmunynyň, görk-görnüşiniň täze öwüşginini, olarda hususy millilik bilen umumyadamzat düzüjileriň eriş-argaç utgaşýan durkuny esaslandyrdy. Durmuşymyzyň ähli ugurlarynda bolup geçýän ykballara nur çaýýan özgertmeler türkmen agzybirligi, myhmansöýerligi, akgöwünliligi bilen bir hatarda milli medeniýetimiziň her bir göwher dänesini baha ýetmez gymmatlyk görnüşinde öňe çykardy.

**Ylym we din.** Adamyň dünýä akyl ýetirişi pähim-paýhasyň aýdyň subutnama esaslanmagynda hakykty äşgär etmek usulynda çäklenmeýär. Barlygyň, adamzat durmuşynyň köpdürlüligi we köptaraplylygy oňa akyl ýetirmekligiň, onuň esasynda barlyk bilen sazlaşykly deňagramlykda bolmagyň dürli tärlerini döredipdir. Şolaryň biri ynsanyň barlyga şertsiz ynynçda bolmaklygyny ozüne esas edýän dini ygtykat, dini dünýägaraýyşdyr. Dini dünýägaraýyş, bir tarapdan, ylmy akyl ýetirişiň entek kämil däl döwürlerinde oňa barlyga gatnaşygynda deslaby ugrukma bolup hyzmat edýän bolsa, ikinji tarapdan ol ylmylygyň düýpli kämilliginde hem ylmy dünýägaraýşyň üstýetirijisi gärnüşinde hereketlenýär.

Adatça din hökmünde diňe bir Allanyň bardygyna ynanç däl-de, onuň haýsydyr bir mezhebine (hristian, islam, iudaizm we ş.m.) düşüniýär. Şol bir wagtda köp sanly Hudaýa ynanýan dindarlar hiç hili dini mezhebe eýermeýär. Olar “Hudaýa ynanýarmyň?” sowala ykrar ediji jogap berip, ýöne hiç hili gudrata, Gurhanyň, Injiliň mukaddesigine ynanmaýarlar we islendik dini guramalara oňyn däl gatnaşykda bolýarlar. Alla ynanýan ýöne dindar däl şeýle adamlara teist däl-de, deistler diýilýär. Indiki topar adamlar agnostikler bolup, Hudaýyň bardygy dogrusyndaky sowala “bilemok” diýip jogap berýärler. Soňky topar - ateistler, Hudaýa ynanman diňe tebigatyň bardygyny ykrar edip, ony hertaraplaýyn öwrenmekligi ylmyň maksady hasaplaýarlar. Dini ynanja dürli gatnaşykda bolýan bu toparlara baha berlende bir taraplaýynlyga ýol berilmeli däldir. Meselem, ateistlei “gylyjyny syrýan hudaýsyzlar” bilen baglanyşdyrmak, şeýle-de dindar musulmanlary yslam fundamentalistleri we terrorçylary bilen gatyşdyrmak ýol berilmesizdir. Wyždan azatlygyny ykrar etmek, dindarlaryň hukugyny hormatlamak islendik siwilizasiýalaşan adamyň tebigy özüni alyp barşydyr. Bu ýagdaý siwilizlenen ateistlere degişlilikde hem hut şeýledir.

Diniň görnüşlere bölünişiniň köpdürlüliginde onuň filosof G.Gegel tarapyndan esaslandyrylan nusgasy özüniň ulgamlaýyn häsiýeti bilen tapawutlanýar:

I.Tebigy din.

1.Gös-göni din (jadylamak).

2.Aňyň öz mazmunynda bölünmegi. Maddanyň dini. a) Ölçegiň dini (Hytaý). b) Fantaziýanyň dini (brahmanizm). c) Öz-özüne barlygyň dini(buddizm).

3. Diniň erkinlige geçmegindäki tebigy din. Subýektiwligiň göreşi.

a) Hoşmeýilligiň we ýagtylygyň dini (Persiýa).

b) Hasratyň dini (Siriýa).

c) Tapmaçanyň dini (Müsür).

II. Ruhy indiwiduallygyň dini.

Ruhubelentliligiň dini(iudaizm).

Gözelligiň dini(Gresiýa).

Maksadalaýyklygyň we pähimliligiň dini(Rim).

III. Absolýut din (hristiançylyk).

Ylmyň we diniň, döwletiň we diniň, ahlagyň we döwletiň bir birinden aýrylmagy siwilizasiýanyň zamananyň işjeň gün tertibine girizen zerurlygydyr. Ýöne aýratyn ginişliklerde ylmyň we diniň bir-birini inkär etmeýän ýagdaýlary hem bardyr. Bu ýokarygöterilişli duýgunyň, obrazlylygyň, emosionallygyň çygrydyr. Din poeziýanyň hoşmeýilliligini, estetiki ylhamy, biziň durmuşy garaşmalarymyzy özünde jemleýär.

Haçan-da derňewiň ylmy-tebigy usullary ölçeg proseduralary ulanylyp bilinmejek obýektlere (meselem, ruhy dünýäniň obýektlerine) ulanyljak bolnanda özakymlaýyn "ýalanylym" döreýär. Kähalatlarda "alymlar janyň massasyny ölçäp, onuň adamyň bedeninde ýeleşýän ýerini anykladylar" diýen ýaly ýapa ýarmaşmajak beýanetleri hem eşitmek bolýar. Emma islendik maddy dünýäniň çaginde galýn ideýa, her näçe akyla sygmaz hem bolsa, bada-bat inkär edilmeli däldir (eger onuň galpdygyna gönüden-göni subutnama bolaýmasa). Bu babatda N.Boruň "ideýanyň dogry bolmaklygy üçin ol akyla sygmaz häsiýetde bolmalydyr" diýen sözlerini ýatlamak ýerliklidir. Wagt ähli zady öz ornunda goýýar – akyla sygmajak ideýa fiziki teoriýa öwrülip, göräýmäge umyt döredýän model bolsa wagtlaýyn ýa-da hemişelik taryha gidip bilýär. Şol bir wagtda taryhda deslapdan ýalanylym peýda getirip bilýär. Meselem, alhimiýa himiýanyň, mistikanyň we magiýanyň dürüşdesi bolsa-da, bu günki gün onuň peýdasyny hiç kim inkär etmeýär. Alhimiýäniň himiýa we medisina getiren peýdasy uludyr.

Eger ylym bize hakykaty, ahlaklylyk – hoşmeýilliligi we adalatlylygy, syýasat – hukugy teklip edýän bolsa, din mukaddesligiň we garaşmalaryň şalygydyr. Onuň esasy wezipesi – adamzat tragediýasynyň ahmyryny we ygtybarsyzlygyny, umytsyzlygyny ýeňip geçmek, dünýäniň adama duşmançylygyny, üznüksiz göreşiň zerurlygyny aradan aýyrmakdyr; ol adama öz ýaşaýyş şertleriniň zulmy, düşnüksiz, soňuny aňlap bolmaýan we ynamsyz şertleriniň hötdesinden gelmäge kömek etmelidir. Dini ynanç obrazy, pikilenmesi we duýgusy hem adamyň döredijilikli hyýalynyň önümidir. Din fantaziýanyň we toslamanyň dunýäsinde hereketlenip, bireýýäm ýatdan çykarylan taryhy şahsyýetlerden adama geçen mukaddeslikleri gaýtadan dikeldip, olara kosmiki many-mazmun berýär. Döredijilikli hyýalyň, fantaziýanyň we toslamanyň(вымысел) roluna kembaha garamak bolmaz. Olarda adamyň arzuwy

we umydy, ymtylmalary we ideallary ýokary işjeňlikde ýüze çykyp bilýär. Dini döredijilik hyýal özüniň köşeşdiriji we ruhlandyryjy aýtgylaryny döredýär. Olaryň düýp mazmuny adamyň ymtylmalaryny dramatik häsiýetde ýüze çykaryp, adama betbagtlygy we ýürekgysmasyny ýeňip geçmäge güýç berýär. Diniň şeýle, durmuşyň dramatiki poeziýasy görnüşde düşündirilişinde ylym we din hökman barlyşyksyz gapma-garşylykly däl-de, adamyň dürli höweslerine we hajatlaryna gönükdirilen hadysalardyr.

Türkmenistan demokratik hukuk döwleti hökmünde öz her bir raýatyna özüniň dini ygtykatlaryny erkin saýlamaga we oňa ynanamaga doly ygtyýar berýär. Dindarlar döwletiň uly goldawyndan peýdalanýarlar. Her ýylda mukaddes Remezan aýynda raýatlarymyzyň uly topary Hezreti Käbä ýörite uçarlarda, doly döwlet üpjünçiliginde zyýarata ugradylýar. 2009-njy ýyldan başlap din wekilleri bilen bilelikde hormatly il ýaşulylarymyz ýurdumyzdaky mukaddes ýerlere zyýarat etmekligi guralýar.

Ösüp gelýän nesle bilim-terbiýe bermek adatça, adama belli bir bilim-düşünjeleri, meýil-gatnaşyklary geçirmek görnüşinde düşünilýär. Ýöne, eger-de, bu ýerde şahsyýetiň öz hususy işjeňligi, aktiwligi bolmasa hiç zady geçirip ýa-da alyp bolmaýar. „Halypa-şägirt“,“Mugallym-okuwçy“ gatnaşygy “Geçirýäniň-kabul edijiniň“ gatnaşygy däldir. Bu ýagdaý ösýän şahsyýetiň döwlet we jemgyýet bilen gatnaşygynda hem hut şeýledir. Ýaş nesli bilimli sowatly şahsyýet hökmünde kemala getirmek tutumynyň subýektiniň aýratyn adam ýa-da tutuş sosial topar görnüşinde seredilmezligine garamazdan bu prosesde ýekebara ýa-da toparlaýyn şahsyýetiň öňünde öz esasynda resmi we resmidäl hukuk-borç aňlanylmasy durýan raýar-döwlet hem-de şahsyýet-jemgyýet ýüzbe-ýüzlügi döreýär.

Seljerme oňaýlylygy üçin adamyň döwlet we jemgyýet-watan bilen baglanyşykly ýüzbe-ýüzlüginiň çendan aýrybaşgalygyndan ugur alsak, onda edil şeýle çendan aýrybaşgalykda adam bu gurluşlaryň öňünde raýat we şahsyýet hökmünde durýar. Raýat hökmünde adam döwlet öňündäki borçlaryny Konstitusiýa, zähmet kodeksi resminamalardaky talap-düzgünlere laýyklykda berjaý etmek çäginde hereket edýär. Işiň guramaçylyk düzgünleriniň gyşarnyksyz berjaýlygy, onuň netijeleiginiň ortalaşdyrylan norma-kadanyň tatapalaryna barabarlygy adamyň raýat hökmünde döwlet öňündäki borjunyň zerur we ýeterlik mazmunydyr. Eger-de şol bir adam bu agzalan talap-düzgünlere däl-de, öz üstüne meýletin borç almak terzde guramaklyk çygrynda öz işdir gatnaşyklaryny amal edip başlasa, ol indi raýat-döwlet ýüzbe-ýüzlügini şahsyýet-watan, şahsyýet-jemgyýet ýüzbe-ýüzlük derejesine geçirýär. Bu iki dürli ýüzbe-ýüzlügiň daşky hereketlenişiniň belli bir umumylygynda adamyň adamyň paýha-pähim tarapyndaky mazmunynda düýpli üýtgeşiklik bardyr. Adam raýat-döwlet baglanyşygynda iş tutanda bu prosesiň başlanmagy, geçişi, tamamlanmagy

birugurlaýyn, yza dolanmasyz gönükdirilmede bolup, netije öz sebäbine, deslapky meýil-maksada özgerdiji täsir edip bilmeýär(takygy, şeýle dolanyjylyga ol resmi borçly däl). Onuň iş aladasy bu ýerde onuň resmi borjunyň berjaýlygy bilen tamamlanýar. Adam şahsyýet görnüşinde öz iş-gatnaşygyny guranda onuň ýokarda agzalan raýat hökmündäki borçlanmalary başga bir has möçberli we öz-özüni hereketlendiriji gurluşyň çäkli düzüm bölegine öwrülýär. Iş-ýumuşlaryň resmi düzgün-talaplary indi şahsyýetiň öz üstüne ahlak borç almagy netijesinde kesgitlenen has ýokary mukdar-hil hörpdäki maksat-niýetiň mazmunyna goşulýar. Işiň guralyşy, gidişi, tamamlanyşy yzadolanyjylykly häsiýetdedir : ýetilen sepgit deslapky borç bilen baglanyşdyrylýar; işden kanagatlanma onuň resmi düzgün-talaplarynyň bitilmesine laýyklykda däl-de, has ýokary hörpdäki şahsy borçlanmanyň çelgisine ýetilişine barabarlykda döreýär. Hormatly Prezidentimiziň baş gymmatlyk görnüşinde yglan eden adam hakyndaky aladalary özüniň paýhas-psihologik mazmuny jähtden onuň hereketlenişini we ösüşini adaty raýat – döwlet ýüzbe-ýüzlüginden şahsyýet ornuna göterip, iş-gatnaşygyny şahsyýet-jemgyýet, şahsyýet – Watan ýüzbe-ýüzlüginde jemgyýet, Watan öňündäki ruhy – ahlak borçlanma esasynda öz-özüni işjeňleşdiriji orundan hereketlenmegini gazanmaklyga gönükdirilendir. Adamyň iş-durmuşynyň şeýle mazmunda guralmagy utulyşsyzdyr: işiň maksadynyň ýetilmgi uly ruhy kanagatlanma döredýär; işiň maksadynyň ahlak borçlanma esasynda üste alnan resmi düzgün – talapdan has ýokary derejesiniň üstünlikli bitirilmesi bada-bat höweslendirme almasa hem şahsyýetde ruhupeslik, ahmyr duýgusy döremeýär.

Beýik Galkynyşlar eýýamynyň durmuş filosofiýasynyň baş düzgünleriniň biri şahsyýete durgunlyga özüni bermän üznüksiz ösüş, kämilleşmek mazmunda garaýaşyň esasy ýörelgä öwrülenligidir. Erkin gurluş hökmünde ösýän şahsyýet özünde bar bolan potensialy mümkingadar köpugurlaýyn amal etmäge borçludyr. Ol hakyky ýaşaýşyň diňe ol ýa-da beýleki islegleri kanagatlandyrmadan has hörpli we jogapkärli hadysadygyna düşünmelidir. Ol ýaşaýşynyň her bir pursatynda „men öz mümkinçiliklerimi oňyn döredilişe ornaşdyryp bildimmi?“ diýen sowaly berip, oňa oňyn jagap tapmak aladasynda bolmalydyr.

Hormatly Prezidentimiziň täze Galkynyş eýýamynda döwletiň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalarynyň matlaby, maksady ýurdumyzyň ösüp gelýän neslinde beýleki döwletlerde döredilen ylmy-tehniki üstünlikleri kabul edýän we kopirleýän ukyplary terbiýelemeklige derek olarda döredijilik ukyplaryny kemala getirýän ylym-bilim ulgamyny esaslandyrmakdyr. Zamanamyzyň durky bolan beýik Galkynyş bu ilkinji nobatda Hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasynda dörän, milli ruhuň dörediji we özgerdiji güýjüne daýanyp, öz-özüni işjeňleşdiriji häsiýetde hereket edýän

jemgyýetiň galkynyşydyr. Bu jemgyýetiň hereketlendiriji şahsyýeti öz gündelik iş-ýumuşlaryny, isleg-gatnaşyklaryny hözirini görýän Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet adam üçindir!” syýasatyna minnetdarlyk jogaby hökmünde “Adam döwlet üçindir!” borç duýgusynyň howalasynyň ornundan guramalydyr

**„...häzirki zamanyň saýlawly demokratiýasy türkmen halkynyň gadymy köklerden gelýän demokratizminde, häzirki zaman siwilizasiýasy ýoly bilen ösüşiň gymmatlyklaryny kabul etmäge taýýarlanan demoktatizmde özi**

**üçin sagdyn, möhüm esaslary tapdy“ 1.**

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Beredimuhamedow**

## VII bölüm. Türkmenistanda demokratik gymmatlyklaryň jemgyýetçilik durmuşyna ornaşmagynyň ýaýbaňlanmagy. Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanda adam hukuklary we raýat jemgyýetini berkarar etmek meseleleri

### Birinji bap. Türkmenistanda demokratik gymmatlyklaryň ýaýbaňlanmagy

Taryhy ölçegler boýunça uzak bolmadyk döwür ençeme şanly wakalary özünde jemledi, gadymy we ajaýyp türkmen topragynda täzelenişiň hoşniýetli alamatlaryny getiren ägirt uly özgertmelere beslendi. Şolaryň içinde Türkmenistan döwletinde geçirilen demokratiki özgertmeleri aýratyn orna eýe bolýarlar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen jemgyýetiniň demokratiki özgerişini häsiýetlendirip: “...häzirki zamanyň saýlawly demoktatiýasy türkmen halkynyň gadymy köklerden gelýän demokratizminde, häzirki zaman siwilizasiýasy ýoly bilen ösüşiň gymmatlyklaryny kabul etmäge taýýarlan demokratizmde özi üçin sagdyn, möhüm esaslary tapdy” 1 diýip belleýär. Demokratiki özgerişiň şeýle düýplidigini göz öňünde tutup, biz bu meseläniň üstünde giňişleýin durup geçeliň. Demokratiýa, demokratiki özgeriş baradaky gürrüň “Syýasaty öwreniş” dersinde umuman garalyp geçilipdi. Şol bir wagtda-da bu düşünjäniň many-mazmunyny biziň garaýan meselämize degişlilikde täzeden açyp görkezmekligi biz ýerlikli bildik.

2. **Demokratiýa** (grek dilinden demokratiýa - halk häkimiýeti, demos - halk we kratos - häkimiýet) halk häkimiýeti we syýasy plýuralizm, raýatlaryň azatlygy we deňligi, adam hukuklarynyň mizemezligi ýaly konstitusion gurluşyň gözbaşlaryny ykrar etmäge esaslanan döwlet gurluşynyň görnüşine häzirki

1 Bedrdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 8 s.

döwürde düşünilmegidir. «Demokratiýa» adalgasy syýasy we sosial institutlaryň 1 gurluşy we işi babatda hem ulanylýar.

Demokratiýalaşdyrmak (iňlis dilinde - democratization) - demokratik ýörelgeleriň kem-kemden ykrar edilmegidir, demokratik gurluşyň ýola goýulmagydyr we ösdürilmegidir, jemgyýetiň demokratik esaslarada gaýtadan guralmagydyr. Häkimiýetleriň bölünmegi we arkalaşykly hereket etmegi, ösen

halk wekilçilikli ulgam bilen bilelikde respublikan dolandyryşly demokratiýanynyň durmuşa geçirilmeginiň görnüşi bolup çykyş edýär. Demokratiýa döwlet gurluşynyň görnüşi hökmünde döwletiň peýda bolmagy bilen ýüze çykýar (gadymy Afina). Häzirkizaman jemgyýetde demokratiýa azlyklaryň hukuklarynyň goralan mahaly köplügiň häkimiýetini, esasy döwlet edaralarynyň saýlawlylygynyň amala aşyrylmagyny, raýatlaryň hukuklarynyň we syýasy azatlyklarynyň bolmagyny, olaryň deň hukuklylygyny, kanunyň ileri tutulmagyny, konstitusionalizmi, häkimiýetleriň bölünişigini aňladýar. Gös-göni demokratiýa (sala salşyklarda, ýygnanyşyklarda we ş.m.) esasy çözgütler gönüden-göni ähli raýatlar tarapyndan kabul edilýär we wekilçilikli demokratiýa (çözgütler saýlawly edaralar - parlamentler we beýlekiler tarapyndan kabul edilýär) tapawutlanýar. Demokratiýa institutlary hukuk döwletinde has doly ösüşe eýe bolýar.

Demokratiýa taryhda jemgyýetiň syýasy guramasynyň beýleki (monarhiýa) görnüşlerine garanyňda sähel irräk mälimdir: mysal üçin, gös-göni ilkidurmuş, obşina demokratiýasy, harby, taýpa, adamzadyň syýasy ösüşiniň döwletden öňki tapgyrlarynyň demokratiýasy (hususan-da, gadymy germanlarda, slawýanlarda), gul eýeçilik demokratiýasy. Demokratiýanyň döwlet derejesindäki görnüşi antik dünýäsine giňden mälimdir. Turuwbaşda demokratiýa diýen düşünje gadymy grek akyldarlary tarapyndan öňe sürüldi. Aristotel tarapyndan öňe sürlen döwletleriň toparlara bölünişiginde ol aristokratiýadan (saýlantgy adamlaryň dolandyrmagy) we monarhiýadan (bir adamynyň dolandyrmagy) tapawutlylylykda «hemmeleriň dolandyrmagy» diýlip beýan edildi. Ol Gresiýada uzak wagtlap monarhiýanyň görnüşleri (tiraniýa, despotiýa) bilen gezekleşip gelipdir. Afinada Klisfeon tarapyndan döredilen we çäkli gatlaklaýyn toparlaryň döremegine hem-de olaryň ykdysady häkimligine garşy gönükdirilen demokratiýa adaty demokratiýa hasaplanylýar. Has aristokratik döwlet bolan Rimde afina nusgasyndaky demokratiýa bolmandyr, ýöne rim konstitusiýasy halk ýygnagynyň hukugyny, her ýyllyk saýlawlary we magistrleriň kollegiallygyny göz öňünde tutupdyr. Hatda prinsipat döwründe hem demokratiýanyň daşarky däp bolan görnüşleri saklanyp galypdyr. Gadymy Rimde respublikan demokratiýasy birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda imperiýa kysymyndaky monarhiýa dolandyrylyşy bilen utgaşyp gelipdir.

Ýewropada orta asyrlarda, mysal üçin, Gollandiýada, Wenesiýada, Lukkada, Ženewada, Gensde we Nowgorodda feodal kysymyndaky halk ýygnaklary görnüşindäki demokratik şäherler-döwletler ençeme gezek we uzak wagtyň dowamynda ýüze çykypdyr. Şeýlelikde, demokratiýa beýleki köp ugurly gymmatlyklary - azatlygy, adalatlylygy we başgalary durmuşa geçirmegiň barşy

ýaly taryhy proses hökmünde garamak mümkindir, ol gutarnyklydyr we doly ýagdaýdaky kesgitli tapgyrlaryň birnäçesiniň üstünden geçýär.

Demoktratiýanyň wezipeleri we ýörelgeleri. Demokratiýanyň wezipeleri onuň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsiriniň esasy ugurlaryndan ybaratdyr, onuň maksady bolsa jemgyýeti hem-de döwleti dolandyrmakda raýatlaryň durmuş-syýasy işeňňirligini ýokarlandyrmak bolup durýar. Demokratiýa jemgyýetiň statistiki (üýtgemeýän) däl-de, eýsem, dinamiki (hereketli) ýagdaýy bolup durýandygy sebäpli, onuň wezipeleri hem dürli taryhy döwürlerde üýtgedi, baýlaşdy, çuňlaşdy.

Demokratiýanyň wezipelerini iki topara bölmek bolar:

- jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen arabaglanyşygy açýan;

- döwletiň işiniň içerki wezipelerini beýan edýän.

Demokratiýanyň has umumy wezipeleriniň hataryna şulary degişli etmek mümkindir:

1. Guramaçylyk-syýasy – demokratik başlangyçylarda syýasy häkimiýeti guramak. Ol döwlet häkimiýetiniň çeşmesi hökmünde halkyň öz-özüni guramagynyň (öz-özüni dolandyrmagynyň) kiçi wezipesini özünde jemleýär we demokratiýanyň subýektleriniň: döwlet edaralarynyň, döwlet guramalarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, zähmetkeşler toparlarynyň arasynda guramaçylyk arabaglanyşygyň bolmagynda beýan edilýär;

2. Regulýatiw-eglişikli – hyzmatdaşlygyň we eglişigiň siwilizirlenen çäklerinde demokratiýanyň subýektleriniň işiniň plýuralizmini üpjün etmek, dürli syýasy güýçleri raýat jemgyýetiniň hem-de döwletiniň töwereginde jemlemek we jebisleşdirmek. Demoktratiýanyň subýektleriniň hukuk derejeleriniň düzgünleşdirilmegi şu wezipäni üpjün etmegiň hukuk serişdesi bolup durýar;

3. Jemgyýetçilik-höweslendiriji – döwletiň jemgyýete göwnejaý gulluk etmegini üpjün etmek, döwlet çözgütleri işlenilip taýýarlanylan we kabul edilen mahaly jemgyýetiçilik pikirini we raýatlaryň işjeňlegini (maslahat beriş sala salyşyklary, sargytlar, hatlar, arzalar we başgalar) höweslendirmek, olaryň hasabyny ýöretmek we olary peýdalanmak;

4. Dörediş – munuň özi demokratik ýol bilen (bäsleşik, saýlawlar) döwlet häkimiýet edaralaryny we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny kemala getirmekdir;

5. Gözegçilik – munuň özi kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň kadalaryna laýyklykda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet edaralarynyň işini üpjün etmekdir; döwlet diwanynyň ähli halkalarynyň gözegçilikde bolmagydyr we hasabat bermegidir (mysal üçin, wekilçilikli edaralaryň ýerine ýetiriji edaralara gözegçilik etmegi, ýrine ýetiriji edaralaryň wekilçilikli edaralara hasabat bermegi);

6. Gorag – munuň özi döwlet howpsuzlyk edaralary tarapyndan her bir adamynyň abraýyny we mertebesini, şahsyýetiň, azlyklaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, eýeçiligiň görnüşlerini goramagy üpjün etmekdir, hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny öňünden duýdurmakdyr we olaryň öňüni almakdyr. Demokratiýanyň soňky üç wezipesi döwletiň içerki wezipelerini beýan edýär.

Demokratiýanyň ýörelgeleri üýtgewsiz başlangyç talaplardyr, olar syýasy işe gatnaşyjylaryň ählisine, ýagny, demokratiýanyň subýektlerine bildirilýär.

Şular demokratiýanyň esasy ýörelgeleridir:

1) syýasy taýdan azatlyk – jemgyýetçilik gurluşyny we dolandyryşyň görnüşlerini seçip almagyň erkinligi, halkyň konstitusion gurluşy kesgitlemäge we üýtgetmäge bolan hukugy, adam hukuklaryny goramagy üpjün etmek. Azatlygyň ilkinji maksatlary bardyr, onuň esasynda deňlik we deňsizlik ýüze çykyp biler, ýöne ol deňhukuklylygy göz öňünde tutýar;

2) raýatlaryň deňhukuklylygy – munuň özi hemmeleriň kanunyň öňünde deňligini, amala aşyrylan hukuk düzgünleriniň bozulmalary üçin deň jogapkärçiligi, kazyýetiň öňünde deň derejede goraga hukugy aňladýar. Deňhukuklylygyň berjaý edilmegi şular bilen kepillendirilýär: jynsy alamatlary, teniniň reňki, syýasy, dini we beýleki garaýyşlary, etniki hem-de sosial taýdan gelip çykşyşy, emläk ýagdaýy, ýaşaýan ýeri, dil we beýleki alamatlary boýunça artykmaçlyklar ýa-da çäklendirmeleri bolup bilmez. Erkek adamlaryň we aýallaryň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň deňligi deň hukuklylygyň möhüm tarapydyr, olaryň şol hukuklary we azatlyklary durmuşa geçirmäge deň mümkinçilikleri bardyr;

3) döwlet edaralarynyň saýlawlylygy we olar bilen ilatyň hemişe gatnaşykda bolmagy – munuň özi halkyň erk-islerini beýan etmegi bilen häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny düzmegini göz öňünde tutýar, olaryň çalyşylmagyny, gözegçiligi we öz-özüňe gözegçiligi, her bir adamynyň öz saýlaw hukuklaryny durmuşa geçirmäge deň mümkinçiligini üpjün edýär;

4) häkimiýetleriň bölünişigi – munuň özi häkimiýetiň dürli şahalarynyň, kanunçylyk, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň bir-birine baglylygyny we

özara çäklidigini aňladýar, ol häkimiýetiň azatlyga hem-de deňlige zor salmagyň serişdesine öwürlmezligine päsgelçilik bolup hyzmat edýär;

5) çözgütleriň azlyklaryň hukuklarynyň hökman berjaý edilmegi bilen, köplügiň erk-islegi boýunça kabul edilmegi – munuň özi azlykdaky etniki, dini, syýasy şahsyýetleriň hukuklarynyň kepillendirmeleri bilen köplügiň erk-isleginiň utgaşmagyny; çözgütler kabul edilen mahaly köplükde bolmaýan şahsyýetleriň hukuklarynyň kesmsidilmeginiň, oňa zor salynmagynyň bolmazlygyny aňladýar;

6) plýuralizm – munuň özi jemgyýetçilik hadysalarynyň köpdürlüligini aňladýar, syýasy taýdan seçip almagyň çägini giňeldýär, diňe bir pikirleriň pýuralizmini däl, eýsem, syýasy plýuralizmi – dürli maksatnamalary we tertipnamalary bilen, Konstitusiýanyň çäklerinde hereket edýän partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň köp bolmagyny we başgalary göz öňünde tutýar. Demokratiýa haçan-da onuň esasynda plýuralizm ýörelgesi bolan halatynda mümkindir, ýöne plýuralizmiň hemmesi hökmany suratda demokratiýa bolup durmaýar. Diňe beýleki ýörelgeler bilen jemlenilen mahaly plýuralizm häzirkizaman demokratiýasy üçin köp ugurly ähmiýete eýe bolýar.

Demoktratiýanyň görnüşleri we institutlary.

Demokratiýanyň wezipeleri onuň görnüşleriniň we institutlarynyň üsti bilen durmuşa geçirilýär. Demokratiýanyň görnüşi onuň daşky beýanydyr. Demokratiýanyň görnüşleriniň ençemesini atlandyryp geçmek bolar, ýöne olaryň esasylary şulardan ybaratdyr:

1. Döwletiň we jemgyýetiň işlerini dolmandyrmaga halkyň gatnaşmagy (halk häkimiýeti) iki görnüşde – göni we göni däl görnüşde amala aşyrylýar:

Göni – gönüden-göni demokratiýa – munuň özi halk häkimiýetiniň görnüşidir, şonda häkimiýet gönüden-göni halkyň ýa-da belli bir sosial toparlaryň erk-isleginiň ýüze çykmagynyň (sala salyşyklar, saýlawlar) üsti bilen amala aşyrylýar.

Göni däl - wekilçilikli demokratiýa – bu halk häkimiýetiniň görnüşidir, şonda hämkimiýet saýlawly edaralarda (parlamentler, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary) halkyň wekilleriniň erk-isleginiň ýüze çykmagynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

2. Kanunylygyň, aýanlygyň, saýlawlylygyň, ygtyýarlyklary bölüşmegiň demokratiki ýörelgeleriniň esasynda döwlet edaralarynyň ulgamynyň düzülmegi hem-de işlemegi, olar gulluk ýagdaýynyň we jemgyýetçilik abraýynyň hyýanatçylykly peýdalanylmagynyň öňüni alýar;

3. Adamynyň we raýatynyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň hem-de borçlarynyň ulgamynyň, halkara standartlaryna laýyklykda olary goramagyň hukuk taýdan (ilkinji nobatda konstitusion taýdan) berkidilmegi.

Demokratiýanyň görnüşleri jemgyýetçilik durmuşynyň ugurlyary: ykdysady, sosial, syýasy, medeni-ruhy we başga ugurlar boýunça toparlara bölünýär. Demokratiýanyň görnüşleri onuň institutlarynda ýüze çykýar.

Demoktratiýa institutlary – munuň özi şolarda demokratiki ýörelgeleri ornaşdyrmagyň üsti bilen gönüden-göni döwletde demokratiki düzgüni döredýän jemgyýetiň syýasy ulgamynyň kanuny hem-de kanunylaşdyrylan parçalarydyr.

**Demokratiýa institutynyň jemgyýetçilik taýdan ykrar edilmeginiň guramaçylyk taýdan resmilişdirilmegi onuň kanunylygynyň şerti; onuň hukuk taýdan resmilişdirilmegi, kanunylaşdyrylmagy bolsa kanunylygynyň şerti bolup durýar.**

Demokratiýa institutlary syýasy, häkimiýet we dolandyryş meselelerini çözmekde balangyç maksady boýunça şular ýaly tapawutlanýarlar:

1) Düzüm taýdan – parlamentleriň mejlisleri, deputat toparlary we başgalar.
2) Bitirýän hyzmaty taýdan – resmi deputat ýüztutmalary, saýlawçylaryň sargytlary, jemgyýetçilik pikiri we başgalar.

Demokratiýa institutlary kabul edilýän çözgütleriň hukuk taýdan ähmiýeti boýunça şular ýaly tapawutlanýarlar:

1) Imperatiw – munuň döwlet edaralary, wezipeli adamlar, raýatlar üçin gutarnykly umumy ýagdaýda hökman ähmiýeti bar: konstitusion we kanunçylyk sala salyşyklary, saýlawlar; saýlawçylaryň sargytlary we başgalar şolara degişlidir.
2) Maslahat berijilik- döwlet edaralary, wezipeli adamlar, raýatlar üçin maslahat edijilik, maslahat berijilik ähmiýeti bar: maslahat berijilik sala salyşygy, kanun taslamalarynyň ähli halk tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmagy, soraşyp görmek we başgalar şolara degişlidir.

Demokratiýanyň möhüm aýratynlygy raýatlaryň doly hukukly bolmagydyr.

Demokratiýanyň beýleki bir umumy ykrar edilen görnüşi bolsa köpçüligiň häkimiýetidir. Sesleriň belli bir derejede köplügi bilen çözgütleri kabul edýän islendik dolandyryş edarasy demokratikdir. Aýratyn halatlarda (mysal üçin, konstitusiýa düzedişleri girizmek ýa-da agzalary çykarmak üçin) hünärli köplük, ýagny sesleriň 50 göterimden köpüsi talap edilýär.

Demokratik azatlyk raýatlaryň toparlaýyn düşünjesini ösdürmäge, olaryň umumy hajatlaryna düşünmäge we özbaşdak ýagdaýda çözgütleri kabul etmäge

hem ýardam etmelidir. Demokratik ösüş üçin belli bir tertipdäki kadalary berjaý etmek we raýat hukuklaryna hormat goýmak zerurdyr. Häzirkizaman syýasy demokratiýasynyň bolmagy üçin zerur bolan şu şertler bar:

1. Raýatlaryň wekilçilikli häkimiýet edaralaryna öz wekillerini saýlamaga hukugy bar.

2. Raýatlaryň wekilçilikli häkimiýet edaralaryna saýlanmaga hukugy bar.

3. Raýatlaryň öz pikirini beýan etmäge hukuklary bar.

4. Raýatlaryň kanunyň goragynda durýan dürli çeşmelerden maglumatlary almaga hukugy bar.

5. Raýatlaryň garaşsyz birleşmeleri we guramalary, şol sanda syýasy partiýalary döretmäge hukugy bar.

6. Halk tarapyndan saýlanylan resmi adamlaryň öz konstitusion ygtyýarlyklaryny amala aşyrmaga mümkinçiligi bolmalydyr.

7. Döwlet özbaşdak bolmalydyr we has ýokary derejedäki syýasy ulgamlara garaşsyz ýagdaýda işlemelidir.

Gönüden-göni demokratiýa institutlarynyň ulgamynda saýlawlara möhüm orun degişlidir. Saýlawlar – munuň özi ýokary wekilçilikli edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryny, olaryň şahsy düzümini düzmek arkaly raýatlaryň döwleti dolandyrmaga gönüden-göni gatnaşmagynyň görnüşidir.

Demokratik döwletiň raýatlarynyň döwlet häkimiýet edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna erkin saýlamaga hem-de saýlanmaga hukuklary bardyr. Raýat deňlik berjaý edilen mahaly öz erk-islegini erkin beýan edip biler. Saýlawçynyň erkinligi gizlin ses bermegiň kömegi bilen durmuşa geçirilýär we oňa zor salynmagyna garşy kepillendirmeleriň bellenilmegini talap edýär.

Türkmenistanda ilat tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugynyň esasynda Prezident, Mejlis, welaýat we etrap halk maslahatlary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary saýlanylýar. Saýlaw ulgamy mažoritar, deňeçer we garyşyk (mažoritar-deňeçer) bolup biler.

Mažoritar ulgamy – munuň özi saýlawlaryň netijelerini kesgitlemegiň ulgamydyr, şoňa laýyklykda saýlaw okrugyndan deputatllyk mandatlaryny diňe sesleriň bellenilen köplügini alan dalaşgärler alýarlar.

Deňeçer ulgam – munuň özi deptutlyk mandatlarynyň saýlaw okrugynyň çäklerinde partiýa üçin berlen sesleriň sanyna deňeçerlikde partiýalaryň arasynda paýlanylmagyny göz öňünde tutýar.

Döwlet işlerini demokratik dolandyrmagyň usullarynyň biri hökmünde sala salyşyk demokratiýanyň aýratyn insstituty bolup durýar. Sala salyşyk (latynça - habar berilmeli ýagdaý) – munuň özi ses bermek arkaly umumymilli we ýerli ähmiýetli düýpli meseleleri (Konstitusiýany, beýleki möhüm kanunlary kabul etmek ýa-da olara üýtgetmeleri girizmek, şeýle hem möhüm meseleler boýunça beýleki gözgütleri kabul etmek) çözmegiň usulydyr. Sala salyşyk gönüden-göni demokratiýanyň möhüm institiutlarynyň biri bolup durýar, ol halk häkimiýetini – raýatlaryň döwleti dolandyrmaga hem-de ýerli işlere gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen geçirilýär.

Demokratiýanyň ýokary derejede ýüze çykyşy – bu halkyň milli özboluşlylygyny beýan etmäge bolan hukugydyr, ata-babalarynyň kanunlary boýunça ýaşamaga, ruhy-ahlak we dini gymmatlyklarynyň öz ulgamyny wagyz etmäge, öz durmuş ýörelgesine, halk urp-adatlaryna we däp-dessurlaryna eýermäge, öz dilini, halk döredijiligini we medeniýetini ösdürmäge bolan hukugydyr.

Adamyň özüniň we maşgalasynyň sag-salamatlygyny we abadançylygyny saklamak üçin zerur bolan durmuş hem-de sosial taýdan hyzmat ediş derejesine bolan hukugy demokratik jemgyýetiň möhüm häsiýetnamasy bolup hyzmat edýär. Adam, haçan-da onuň mynasyp ýaşamagy we howpsuzlygy üpjün edilende, ol we onuň maşgalasy mätäçlik çekmese we bolelinlikde ýaşasa özüniň raýat, syýasy we beýleki hukuklaryndan doly derejede peýdalanyp biler. Diňe şunuň ýaly şertlerde şahsyýet we jemgyýet üçin anyk demokratiýa barada söz açmak mümkindir. Täze Garaşsyzlyk eýýamynda Türkmenistan döwletinde şol şertleri döretmeklik üçin köp aladalar edilýär.

## Türkmenistanda demokratik gymmatlyklaryň özleşdirilşiniň özboluşlygy

Türkmeniň milli döwletiniň esasynda goýlan ruhy-ahlak gymmatlyklar onuň demokratik gurluşyny, umumy ykrar edilen halkara kadalaryna hem-de standartlaryna laýyk gelmegini öňünden kesgitledi.

Wekilçilikli we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň ulgamy milli demokratik däpleriň, halkara derejesinde ykrar edilen ýörelgeleriň esasynda guraldy. Hakyky halk häkimiýeti bu ulgamyň esasy häsiýetnamasy bolup hyzmat edýär. Döwletimiziň ähli wekilçilikli edaralarynyň hakyky demokratik esasda saýlawlylygy halkyň hem-de häkimiýetiň bir-birine özara ynanmagynyň, raýatlaryň jemgyýetiň we döwletiň işlerine gatnaşmaga bolan öz konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmeginiň möhüm kepillendirmesidir. Türkmenistanyň

Esasy Kanuny türkmen halkyny Türkmenistanyň döwlet häkimiýetini üpjün ediji we ýeke-täk çeşmesi diýip kesgitledi. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar. Halkyň hiç bir bölegininiň, hiç bir guramanyň ýa-da aýry-aýry adamlaryň döwletde häkimiýeti eýelemäge haky ýokdur. (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasy).

Türkmenistanda durmuşa geçirilýän ägirt uly özgertmeler kanuny ileri tutmak ýörelgesiniň yzygiderli durmuşa geçirilmeginiň, sosial-ykdysady ösüşiň maksatnamalarynyň amala aşyrylmagyny hem-de halkara gatnaşyklaryny hukuk taýdan üpjün etmegiň netijesi boldy. Ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda düýbünden täze emele gelen hukuk ulgamy milli aýratynlyklara hem-de adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ileri tutulmagyna esaslanandyr. Milli kanunçylygymyzyň düzgünleri halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine laýyk gelýär.

2007-nji ýylyň 11-nji fewralynda geçirilen Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary döwlet ösüşiniň häzirkizaman tapgyrynda möhüm syýasy waka boldy, şol saýlawlar hakyky halk häkimiýetiniň dabaralanmagyna, biziň ata-babalarymyzdan öz gözbaşyny alyp gaýdýan milli demokratiýamyzyň ykrar edilmegi bilen beslenendir. Ählumumy saýlawlarda göni we gizlin ses bermek bilen, giň bäsleşik esasynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna hem-de halkara hukugynyň kadalaryna doly laýyklykda milli gözegçileriň gatnaşmagynda Gurbanguly Berdimuhamedow hakykatda biragyzdan Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanyldy. Şol gün täze Galkynyş eýýamynyň, türkmen jemgyýetini mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmagyň we milli döwletliligi ösdürmegiň, ýurdumyzyň mundan beýläk-de öňe hereket etmegi üçin uly ykdysady hem-de ynsanperwer binýady üpjün etjek düýpli sosial-ykdysady özgertmeleriň tapgyrynyň başlangyç nokadyna öwrülen şanly waka hökmünde taryha girdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýöredýän syýasy ugrunda dowamlylyk, täzelikçilik, yzygiderlilik, uzak möhletlilik, kämillik, sagdyn pragmatizm aýdyň göz öňünde tutulýar hem-de sazlaşykly utgaşdyrylýar. "Diňe bir Garaşsyzlygymyzyň gazananlaryny saklap galmak däl, eýsem ýurdumyzyň we halkymyzyň abadançylygynyň bähbitleri üçin ýöredilýän döwlet syýasatynyň netijeliligini ep-esli artdyrmak biziň baş wezipämizdir"1.

Döwlet baştutany döwletimizi we jemgyýetimizi mundan beýläk-de demkoratiýalaşdyrmaga tarap alnan ugry dowam etdirmek bilen, bu meseläni çözmäge gyssanmaç çemeleşmegiň we daşary ýurt nusgalaryny oýlanyşyksyz gaýtalamagyň garşysyna aýdyň pikiri aýdýar. Ol demokratiýany – "bu näzik substansiýany taýýar daşary ýurt modellerini ulanyp ornaşdyryp bolmaýar. Ony

diňe parasatly milli tejribäni hem-de ozalky nesilleriň däplerini ulanyp, aýawly ýetişdirip bolýar"2 diýip hasaplaýar. Şu özgerişleri häsiýetlendirmek maksady bilen täze döwürde türkmen jemgyýetinde demokratiýanyň ýaýbaňlanşynyň özboluşlylygyny görkezmeklige çalşalyň.

## Galkynyş we demoktatiki özgeriş

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna girizilen üýtgetmeleri biziň jemgyýetimizde demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy üçin ähmiýetlidigi aýdyň görünýär. Esasy Kanunymyza girizilen üýtgetmelerde täze döwrüň reallyklary, döwlet we jemgyýetçilik gurulşynyň ýöregeleri giňişleýin öz beýanyny tapandyr. Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasy Galkynyş eýýamynyň syýasy-hukuk resminamasy bolup ýurtda gün-günden ýaýbaňlandyrylýan reformalaryň üstünlikli öňe ilerlemeginiň binýady, umuman ýurtda geçýän demokratik özgerişleriň kepilnamasy bolup hyzmat edýär.

Türkmen jemgyýetinde geçýän şu täzeleniş jemgyýeti täze hil derejä çykarýar. Ony her bir türkmen adamsynyň, ilki bilen hem ýokary bilimli hünärmeniň aýdyň bilmekligi gerek. Onuň üçin bolsa ilki bilen jemgyýetde geçýän demokratik özgerişleriň özboluşlylygyna akyl ýetirmeli. Bu işde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda, ýokarda getirilen bir pikiri örän ähmiýetlidir. Şony täzeden gaýtalalyň. Bu ýerde ýurt Ýolbaşçysy: „Türkmenistanda sowet we jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna beýik Galkynyş eýýamy geldi“3 diýip belledi. Täze Galkynyş eýýamynyň aýratynlygy bu ýerde, görşümiz ýaly, jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy bilen baglanylýar. Demokratiýa biziň döwrümiziň iň täsirli gymmatlyklarynyň biridir. Ol jemgyýetiň durmuşynda, we dünýä gatnaşyklarynda giňden ulanylýan ýörelgelerdir.

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. T. 1, A. 2009, 38 s.
2 Şol ýerde, 51 s.
3 Şol ýerde, t. 2, 258 s.

Ylmy we ylmy-populýar edebiýatda demokratiýa köplenç syýasy ýa-da syýasy-hukuk nukdaýnazardan derňelýär. Şonda ol halk köpçüligini döwlet häkimiýetini dolandyryjy hökmünde ykrarlaýan döwlet gurluşynyň, syýasy gatnaşyklaryň görnüşi bolýandygyny görkezilýär. Aslynda demokratiýa sözi, ýokarda görkezilşi ýaly, halk häkimýeti diýen manyny aňladýar. Demokratiýa şu hili beýan edilende, ol çäkli toparyň adyndan döwleti dolandyrýan awtokratiki dolandyrylşa garşy goýulýar. Umuman, demokratik döwlet gurluşy bu ýerde

konstitusiýa we kanunlar tarapyndan berkidilen häkimiýetiň dürli şahalarynyň deňagramlylygyny üpjün edýän bitewi ulgam hökmünde göz öňüne getirilýär. Şeýle deňagramlylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynda hem doly ykrarlanýar. Onuň 4-nji maddasynda: „Döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünşigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler“1 diýip bellenilen. Bu bolsa häkimiýetiň her bir şahasynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edip bitewi ulgamyň aýrylmaz bölekleri bolup çykyş edýändiklerini aňladýar.

Demokratiýany ýokarda syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan düşündirmeklik, görşümiz ýaly, döwlet gurluşyny häsiýetlendirmeklik üçin örän ähmiýetlidir. Şol bir wagtda hem bu ýerde biziň garaýan meselämiz bilen baglanyşykly bir soragyň anyklanmagy gerek bolýar. Demokratik ýörelgeler jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary, onuň beýleki gurşawlarynda nähili ýüze çykýarlar? Şu soragy anyklamaklyk üçin ýutrda geçýän özgerişlere ýüzlensek, onda häzirki türkmen jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň diňe bir syýasy ýa-da hukuk gurşawynda däl, eýsem, ykdysady, durmuşy, ruhy-medeni gurşawlarda hem ýüze çykýandyklaryny biz görýäris. Mysal üçin, ykdysady meseleleri çözmeklige halk köpçüligi indi diňe bir öz zähmeti bilen döwlet kärhanalarynda däl, eýsem, öz serişdeleri we harajatlary bilen hususy kärhanalaryň üsti bilen hem gatnaşýarlar. Häzirki döwürde ýurtda öndürilýän önümiň umumy möçberiniň ep-esli bölegi hususy kärhanalaryň telekeçileri tarapyndan öndürilýär. Bu gün ykdysadyýetiň hakyky sektorynyň kärhanalarynyň umumy sanynyň 60% hususy bölege degişli bolýar2.

Demokratiýa ylmy taýdan derňelende hem şu ýagdaý göz öňünde tutulýar. Şonda demokratiýa jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň dürli ugurlaryny we jemgyýetiň ösüşini halkyň gönümel gatnaşmagynda dolandyrmaklygy gurnamaklygyň kesgitli görnüşi bolup çykyş edýänligi bellenilýär. Ösen ýurtlaryň tejribesi durmuşy meseleleri çözmeklige halk köpçüligini işewür gatnaşýandygyny görkezýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy hem jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy üçin

1 Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A. 2008, 12 s.

2 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. T. 2, A. 2009, 280 s.

gerek bolan hukuk esaslary döredýär. Olary giňden açmaklyk häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz meselleeriniň biri bolýar.

Geljekde şu işi ýurdumyzda halk häkimiýeti halkymyzyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bileleikde amala aşyrmaklaryna gerekli esaslar Esasy

Kanunymyzyň täze redaksiýasynda berkidildi. Şu işde raýatlaryň guramalarynyň işewürligini gazanmaklygyň wajyplygyna ünsi çekip hormatly Prezidentimiz: „Olar obany ösdürmek, ýaşaýjylary suw, gaz, elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek ýaly zerur meseleleri çözmäge ýardam bermelidir, şeýle hem bu guramalar ilaty iş bilen üpjün etmek, mellek bermek, ýollaryň ýagdaýyny gowulandyrmak, oba ilatynyň bilim, medeniýet derejesini has-da ýokarlandyrmak, ruhy birligini kemala getirmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ösdürmek ýaly meseleler bilen içgin gyzyklanmalydyr“1 diýip belleýär. Bu ýerde demokratiki özgeriş adam üçin iň gerekli bolan durmuşy meseleleri çözmek bilen gönümel baglanylýar.

Jemgyýetiň demokratiki ösüşi, şeýlelikde, özara baglanyşykly, ýöne öz möçberi we ýerine ýetirilmeli işleriniň amal ediliş wagty bilen biri-birinden tapawutlanýan iki sany: döwletiň demokratik mümkinçiliklerini açmak we jemgyýetiň demokratik mümkinçiliklerini açmak ugurlara bölünýär. Olaryň biri-birinden esasy görkezijiler boýunça tapawutlanýandyklary düşnükli bolsa gerek. Sebäbi birinji esasan, syýasy we syýasy-hukuk, ikinji umumysosial we sosial-medeni häsiýete eýe bolýarlar. Bu ýerden görnüşi ýaly, birinji ugur ikinji ugruň bir bölegi bolýär. Şol bir wagtda-da ol jemgyýetiň demokratiki özgerişiniň esasy iteriji güýji bolup çykyş edýar. Döwletiň hukuk kadalary adamlaryň ýuridik dünýägaraýşyny kemala getirip, jemgyýetde düzgün-nyzamy ýola goýýar. Hormatly Prezidentimiziň demokratik gurluş görnüşinde häsiýetlendirýän türkmen jemgyýetiniň häzirki derejesi döwletiň demokratiki özgeişi ugrukdyrmaklygynda ýetilen menzil bolýar.

Birinji ugur Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenen hukuk döwleti gurmak, şonuň bilen bir hatarda ýurtda konstitusion düzgüniň, döwlet häkimiýetiniň edaralarynyň, döwlet häkimiýetiniň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine bölünmeginiň, ýerli häkimiýet edaralaryň we ýerli öz-özüni dolandyryşy sazlaşykly gurmagyň, adam hukuklaryny we azatlyklaryny kanun esasda we hakykat ýüzünde üpjün etmegiň kemala gelişiniň we hereket edişiniň demokratik häsiýetini öz içine alýar.

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. T. 2, A. 2009, 280 s.
2 Şol ýerde, 151 s.

Ikinji ugur ýokarky çäreler bilen bir hatarda häzirki döwürde çözülýän we indi çözülmeli meseleleri hem öz içine alýar. Bu meseleler biziň garaýan soragymyz bile gönümel bagly bolany sebäpli, olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Ilki bilen bu ýerdäki özgerişiň raýat jemgyýetiniň dürli görnüşdäki jemgyýetçilik başlangyçlarynyň ösen görnüşdäki düzümini kemala getirmek bilen baglanyşykly meseledigini bellemeli. Raýatlaryň meýletin birleşmeleri ne derejede

jemgyýetçilik durmuşyny gurnamaklyga işewür gatnaşýandygyny ösen ýurtlaryň tejribesi görkezýär. Sözüň hakyky manysynda demokratik jemgyýet ösen raýat jemgyýeti bolýar. Biziň türkmen jemgyýetimiziň hem şeýle derejä galmaklygyna esaslar bar. Halkymyzyň gadymdan gelýän däbi köpçülik tarapyndan amal edilýän il bähbitli işleri ilkinji orunda goýmak bilen bagly. Şu ýerdäki mümkinçilikleri göz öňünde tutup, hormatly Prezidentimiz: „Biz raýat jemgyýetini demokratiýalaşdyrmagyň ýoly bilen ýuwaş-ýuwaşdan hereket etjekdigimiz hakynda yglan etdik“1 diýip belleýär. Bu ýerde başlanan işleriň esasynda demokratiki ýörelgeleriň many-mazmunynyň açylmagy ýurtda geçýän özgerişleriň hem maksady hem-de esasy şerti bolýar.

Demoyratiki jemgyýeti kemala getirmekligiň ýene bir tarapy raýatlaryň demokratik kadalar we nusgalar esasynda pikir ýöretmek we özlerini alyp barmak aýratynlyklary bilen hem bagly. Bu hem adamyň syýasy we hukuk medeniýeti bilen kesgitlenýär. Hormatly Prezidentimiz belent wezipä geçip yglan eden ýurduň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky ilkinji permandyr-kararlary hut şu wezipäni amal etmeklik bilen baglanyşyklydyr. Olaryň durmuşa geçirilmegi ne derejede jemgyýetiň özgermegine täsir edýänligini biz aýdyň görýäris. Adamlaryň ylym-bilim we hünär almaklaryna giňden ýol açyldy. 2009-njy ýylyň awgust aýynda kabul edilen Türkmenistanyň bilim hakyndaky we ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýlary hakyndaky kanunlar bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada kanundyr-permanlar bilen bilelikde bu işi döwrebap amal etmeklik üçin gerek bolan ygtybarly hukuk we ahlak meýdany döredýärler.

Jemgyýetiň demokratiýalaşmagy hukuk we ahlak meseleleri çözmek bilen bir hatarda ösen durmuşy infrastrukturany, köp görnüşli kommunikasiýa düzümini döretmek bilen hem bagly bolýar. Biziň ýurdumyz üçin bu iş has hem ähmiýetlidir. Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri Ýewraziýa giňişliginiň söwda ýollarynda amatly geosyýasy ýerleşişini peýdalanyp, medeniýetleriň we halklaryň ýakynlaşmagyna uly goşant goşup gelendir. Biziň döwrümizde bu tejribäni täze tehniki we tehnologiki esaslarda açmaklyga mümkinçilik döredi. Türkmenistan üçin döwrebap kommunikasiýa ulgamynyň döremegi täze Galkynyş eýýamynda bu ýerde geçýän giň möçberli özgerişlere täze esaslary döredýär. Şolaryň açylmagy

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. T. 2, A. 2009, 38 s.

üçin ýurduň demir, awtomobil, howa we deňiz ýol ulgamlary döwrebaplaşdyrylýar, täze ýollar gurulýar. Türkmenbaşy-Aşgabat-Farap we Aşgabat-Garagum-Daşowuz awtomobil ýollary, Türkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň bilelikdäki tagallalary bilen gurulmaga başlanan Demirgazyk-

Günorta demir ýoly, ähli howa ýol menzilleriniň we Türkmenbaşynyň deňiz portunyň durkunyň täzelenmegi ýurtda häzirkizaman önümçilik infrastrukturasynyň döremegine getirýär.

Şonuň bilen bir hatarda Türkmenistanda adamlaryň ösen tehnologiýalara esaslanýan täze goşmaça hyzmatlardan, Internetden, maglumatlar torlaryndan peýdalanmak mümkinçilikleri döreýär. Bu ýerdäki işleriň nähili derejede ähmiýetlidigine sentýabr aýynyň 4-ine geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Ýurt Ýolbaşçysynyň öz milli emeli hemramyzy edinmek baradaky meseläniň üstünde işlemek hakyndaky tabşyrygy[1] hem şaýatlyk edýär. Şu gün her bir Türkmenistanlynyň häzirkizaman tehnologiýalarynyň üsti bilen Internetiň we aragatnaşygyň ähli görnüşlerini ulanmaga şertleriň döremegi jemgyýetiň demokratiki özgerişine oňaýly täsir etjekligi gümansyz.

Demokratik jemgyýetiň kemala gelmeklidi üçin esasy şertleriniň biri bolup, ýurtda ýokary derejeli ýaşaýyş şertlerini döretmeklige gönükdirilen sosial gorawly ykdysadyýetimiz çykyş edýär. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan bäri döwletiň berýän birsyhly ýardamy ilata tebigy gazdan, benzinden, suwdan, duzdan we elektrik energiýasyndan mugt peýdalanmagyna mümkinçilik berýär. Adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin Türkmenistanda girew (ipoteka) karzlaryny bermek barada kabul edilen düzgünleriň dünýäde deňi taýy ýokdur diýsek ýalňyşmarys. Ýurtda şeýle karzlar 30 ýyla çenli möhlet bilen ýylda bary-ýogy bir göterim tölemeklik şertlerinde berilýär.

Adamlaryň durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak bilen baglanyşykly işleriň depgini ýyl-ýyldan ýokarlanýar. Ony biz „Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgermek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň“ çäklerinde ähli welaýatlarda we etraplarda alynyp barylýan işlerde görýäris. Bu işiň möçberini diňe bir düýpli durky üýtgedilen Balkan welaýatynyň Esenguly, täzeden gurulan Daşowuz welaýatynyň Ruhubelent we gurulýan Lebap welaýatynyň Döwletli hem-de Mary welaýatynyň Altyn sähra etraplarynda däl, eýsem, bütin ýurtda alynyp barylýan sosial maksatly işler görkezýär. Özi hem bu işleriň gün-günden göwrümi giňelýär. Her ýylda

1Türkmenistan gazýeti, 2009-njy ýylyň sentýabr aýynyň 5-i.

ýurdumyzda giňden bellenip geçilen Bilimler we talyp ýaşlar güni paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda açylan köpsanly döwrebap orta we ýokary okuw mekdepleriniň, çadalar baglarynyň ajaýyp binalary munuň aýdyň subutnamasydyr.

Umuman, bütin ýurtda ilatyň ýokary ýaşaýyş derejesi bilen ösen ýurtlaryň hataryna çykmaklygy maksat edinýän Türkmenistanyň täze ykdysady strategiýasy

adamlaryň ynamly we döredijilikli ýaşamaklygyna täze maddy-tehniki esaslary döredýär.

Demokratiýa we demokratiki özgeriş nähili maddy-tehniki esasda gurnalmaly? diýen sorag köpden bäri alymlary we syýasatçylary gyzyklandyrýar. Biri-birinden tapawutlanýan maddy-tehniki esaslara daýanýan demokratiýanyň dürli nusgalarynyň bolanlygyna taryh şaýatlyk edýär. Soňky döwürde ösen ýurtlarda industrial jemgyýetiň maddy bazasynda demokratiýanyň täze nusgasy kemala geldi. Şu nukdaýnazardan türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişlere garasak, onda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň ylmy özüne siňdiren tehnologiýalar essynda özgerdilýänligini bellemeli. Onuň köpsanly mysallary bar. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň durkuny täzelemeklige, mysal üçin, ABŞ-nyň 1 milliard 600 million dollaryndan gowrak maýa goýumlary özleşdirildi. Bu zawod şu gün diňe bir türkmen himiýasynyň däl, eýsem, sebitiň hem öňdebaryjy kärhanasy bolýar. Bu ýerde çykarylýan önümleriň sanawy artýar. Kärhanada taýýarlanýan polipropilen, çalgy ýaglary, ýangyjyň dürli görnüşleri daşary ýurtly sarp edijileriň uly islegine eýe bolýar.

Şu hili mysallar senagatda-da, oba hojalygynda-da az däl. 2005-nji 2008-nji ýyla çenli aralykda senagat infrastrukturasynyň we oba hojalygynyň, durmuş ulgamynyň ösdürilmegine gönükdirilen maýa goýumlarynyň umumy möçberi ABŞ-nyň 16 milliard 97 million dollaryna deň boldy 1. Ýokary tehnologiýalary, nanatehnologiýalary, täze ylmy işläp taýýarlamalary, düýpli ylmyň iň soňky gazananlaryny we oýlap tapyş çözgütlerini ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak esasynda industrial ösüşiň täze derejesine galmak hormatly Prezidentimiziň ýurdy döwrebaplaşdyrmak syýasatynyň esasynda alynyp barylýar. Diýmek, türkmen jemgyýeti hem postindustrial ösüş häsiýete eýe bolup, demokratiýanyň täze maddy bazasyny döredýär.

Şeýlelikde, türkmen jemgyýetini demokratyýalaşdyrmak onuň taryhynda bolup eçýän iň bir çuňňur we düýpli sosial özgerme bolup çykyş edýär. Garaşsyzlygymyzyň ilinji günlerinden başlanan bu özgeriş täze Galkynyş eýýamynda täze görnüşe we hile eýe boldy. Bu özgerişiň diňe hukuk döwletini kemala getirmek bilen baglamaklyk, onuň manysyny ýöntemleşdirmeklige getirer. Hukuk döwletiniň özüniň durnuklylygy, täze maddy-tehniki esasa eýe bolan jemgyýetiň syýasy we beýleki gurşawynyň, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň demokratyýalaşmagy bilen berkidilen ýagdaýynda has berk we mäkäm bolar. Jemgyýetimiziň ähli ugurlarynda bolup geçýän özgerişler türkmen demokratiýasynyň ösüş ýoluna süşendigini görkezýär.

„Elbetde, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, türkmen demokratiýasy entek ýaş, ol entäk hakyky manysynda berkemeli we pugtalanmaly, ýöne hakyky halk häkimiýetini, döwletiň hyzmatdaşy hökmünde raýat jemgyýetini döretmegi üpjün etmek boýunça ädilýän ädimler ilerlemek we adamzat ösüşiniň ugry boýunça hereketiň synagdan geçen ýoly bilen öňe ädim ädilýändigine şaýatlyk edýär“ 1.

## Ikinji bap. Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanda adam hukuklary we raýat jemgyýetini berkarar etmegiň meseleleri

### Türkmenistanda halkara hukugynyň kadalarynyň ykrar edilmegi

Türkmenistan demokratik, dünýewi we hukuk döwletidir. Biziň döwletimiz dünýä bileleşiginiň hatarynda we onuň doly hukukly subýektleriniň biri bolmak bilen, halkara syýasy, ykdysady we hukuk giňişligine goşulýar. Halkara gatnaşyklaryny ýola goýmagyň, umumy ykrar edilen halkara guramalary, daşary ýurt döwletleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň täze tapgyry başlandy. Halkara hukugynyň kadalaryny ykrar etmek, ähli halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek, açyklyk we özara peýdaly konstruktiw hyzmatdaşlyga taýýar bolmak daşary syýasatyň ileri tutulýan ugry diýlip yglan edildi. Milletiň Lideriniň has ýokary derejelerdäki duşuşyklary onuň ýöredýän syýasatynyň transparentliligini, hemişelik oňyn gatnaşyklary ýola goýmak, döwletimiziň ykdysadyýetine daşary ýurt maýasyny çekmek, dürli derejelerde halkara alyş-çalşyny ýola goýmak maksady bilen, Türkmenistany halkara bileleşigine açmak baradaky islegini bütin dünýä görkezdi.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan jemgyýeti mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmagyň, konstitusion gurluşyň, döwletliligiň kemala gelmeginiň, halkara standartlaryna we kadalaryna laýyklykda hukuk goraýyş ulgamyny, milli ykdysadyýeti mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň binýatlyk ýörelgeleri kesgitlenildi.

### Türkmenistanda adam hukuklaryny goramagyň halkara we milli kepillendirmeleri

1. Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy Planetanyň ähli adamlarynyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga gönükdirilen möhüm halkara-hukuk resminamasy bolup, BMG-niň «jynsyna, erkek-aýallygyna, diline we dinine tapawut goýmazdan adam hukuklaryna we hemmeler üçin esasy azatlyklara sarpa goýmagy höweslendirmekde hem-de ösdürmekde» (BMG-niň Tertipnamasynyň 1-nji maddasynyň 3-nji bölümi) hyzmatdaşlyk etmegi döwletlerden talap edýän Tertipnamasyny ösdürmek üçin 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edildi. Bu sene her ýyl Adam hukuklarynyň

halkara güni hökmünde bellenilýär. Ikinji jahan urşy döwründe 50 milliondan gowrak adamyň ömür tanapyny kesen faşizmiň görlüp-eşidilmedik zalymlygy adam hukuklaryny goramak bilen dünýäni gorap saklamagyň arasynda çuň arabaglanyşygyň bardygyny görkezdi. Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmegi bilen dünýä bileleşigi döwletleriň öz raýatlaryna garaýyşlaryny deňeşdirip görmeli döwlet standartlaryny aldy.

Adam hukuklarynyň ählisiniň esasyny deňhukuklylyk ýörelgesi düzýär. Jarnamanyň 1-nji maddasyna laýyklykda hemme adamlar öz mertebesinde we hukuklarynda azat hem-de deň dünýä inýärler. Her bir adam jyns, teniniň reňki, erkek-aýallygy alamatlary boýunça haýsydyr bir kemsitmeler bolmazdan Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda jar edilen ähli hukuklara eýe bolmalydyr, ähli adamlar kanunyň öňünde deňdirler we hiç bir tapawut bolmazdan olaryň kanunyň deň goragyna hukugy bardyr.

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň esasynda BMG adam hukuklary baradaky köptaraplaýyn şertnamalaryň birnäçesini we ilkinji nobatda Raýatlyk hem-de syýasy hukuklary hakyndaky Halkara paktyny we Ykdysady, sosial hem-de syýasy hukuklar baradaky Halkara paktyny kabul etdi (Türkmenistan bu iki möhüm halkara-hukuk resminamasyny 1996-njy ýylda tassyklady). Jarnama adamyň hukuklarynyň giň sanawy beýan edilen ilkinji halkara resminamasydyr. «Ýerine ýetirilişine ähli halklar we ähli döwletler çalyşmaly wezipeler hökmünde garalýan» Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy adam hukuklaryna degişli halkara kadalaryna hormat goýmagyň we olary berjaý etmegiň ölçegi boldy. Adam hukuklary häzirki wagtda hakykatdan hem dünýä ähmiýetine eýe boldy. Olar şeýle ýagdaýda ýüze çykyp, döwletleriň siwilizasiýalaşmagynyň we olaryň raýatlarynyň abadançylyk derejesiniň görkezijisi, möhüm sosial we şahsy problemalary çözmegiň çeşmesi boldy. Adam hukuklary, olary goramak, üpjün etmek demokratik gymmatlyklara ugur alýan ýurtlaryň ahyrky maksadydyr we ösüşiniň esasy netijesidir.

Jarnama 1948-nji ýyldan bäri BMG-niň ähli jarnamalarynyň hatarynda has möhüm we giň möçberlisidir, şeýle hem adam hukuklaryny we onuň esasy azatlyklaryny höweslendirmäge hem-de goramaga gönükdirilen halkara we milli tagallalary ruhlandyrýan esasy çeşme boldy hem-de kanuny ýagdaýda öňküsi ýaly şeýle bolmagynda galýar.

2. Türkmenistan özüniň garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden başlap Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda bellenilen esasy demokratik hukuklary we azatlyklary ykrar edýändigini hem-de olara hormat goýýandygy barada yglan etdi. Ýurdumyzda olary netijeli amala aşyrmak üçin syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki kepillendirmeler döredildi.

Türkmenistan BMG-niň adam hukuklary baradaky umumy ykrar edilen resminamalary tassyklap, Adam hukuklary baradaky ählumumy jarnamanyň kadalaryny adam hukuklary baradaky milli kanunçylygy ösdürmegiň esasy we üýtgewsiz çeşmesi hökmünde ykrar etdi.

Halkara bileleşigi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanda bolup geçýän giň möçberli reformalaryň şaýadydyr. Demokratiýa, kanunyň ileri tutulmagy, ynsanperwerlik, adalatlylyk ýörelgeleri milletiň lideriniň ýöredýän içeri syýasatynyň esasyny düzýär. Parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we halkara hukugynyň kadalarynyň ileri tutulmagy ýörelgelerine esaslanan halkara hyzmatdaşlygy bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugrudyr.

Täze demokratik, dünýewi, hukuk döwletini gurmagyň onuň ösüşiniň ähli tapgyrlarynda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmek bilen geçirilýändigini belläp geçmek zerurdyr. Bu bolsa öz nobatynda özygtyýarly Türkmenistanyň milli kanunçylyk binýadyny kemala getirmäge ýardam etdi. Häzirki wagtda Türkmenistanyň milli kanunçylyk binýadyny döretmegiň barşy kem-kemden ony täzelemek, kämilleşdirmek bilen çalyşýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara kadalaryna laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek hakyndaky çözgüdi ýurdumyzyň hukuk ulgamyny reformirlemegiň barşyny işjeňleşdirmäge ýardam etdi. Döwletimizde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda, ýokarda bellenip geçilşi ýaly, ýörite topar döredildi. Toparyň ygtyýarlyklaryna milli kanunçylyk binýadynyň monitoringini geçirmek hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny milli hukuk giňişligine ornaşdyrmak girýär.

Halkara hukugynyň netijeliligi köp babatda onuň ýörelgeleriniň we kadalarynyň döwletiň içindäki kanunçylyga we ilkinji nobatda degişli döwletiň Esasy Kanunyna ornaşdyrylmagynyň derejesine baglydyr. Türkmenistanda halkara we milli hukugyň özara arabaglanyşygynyň häsiýeti ilkinji gezek konstitusion esasda kesgitlenildi. Mysal üçin, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasynda şeýle diýilýär: «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär.

Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutyar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň

kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar».

Tňrkmenistan halkara şertnamalarynyň 120 golaýyny, şol sanda 40 Adam hukuklary baradaky konwensiýany goldaýandygyny bellemeli.

Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasynyň düzgünleri dünýäniň köp ýurtlarynyň konstitusiýasynda beýan edilendir we biziň ýurdumyz muňa mynasyp mysaldyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adam hukuklaryna we azatlyklaryna ýörite bölüm bagyşlanýar. Ýurdumyzyň Esasy Kanuny adam mertebesiniň absolýutlygyndan we eldegrilmesizliginden, adamyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň oňa dogluşdan degişlidiginden, kimdir biri tarapyndan hyýanat edilmeginden kanun we kazyýet tarapyndan goralýndygyndan ugur alýar. Adamyň ömri we onuň saglygy, şahsy eldegrilmesizligi hem-de howpsuzlygy, eýeçiligi döwletimiziň ýokary gymmatlygydyr. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek döwlet häkimiýetiniň esasy borjudyr. Iň täze taryhy döwürde adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň giň möçberli mehanizmini döretmek baradaky wezipeleri çözmek örän möhümdir we muňa Türkmenistanyň Prezidenti dowamly üns berýär. Şol hukuklaryň käbiri aşaky çzgyda getirilýär (seret çyzgy 1).

Demokratik özgertmeler bilen gadam urýan ýaş garaşsyz döwlet üçin şeýle esasyň döredilmegi durmuş taýdan zerurdyr. Häzirkizaman döwlet hukugynyň esaslarynyň biri hökmünde adam hukuklarynyň ykrar edilmegi diňe bir şert bilen - beýleki adamlaryň şahsy hukuklaryny bozýan hereketleri gadagan etmek bilen çäklendirilen şahsyýetiň garaýyşlarynyň, ömrüniň we işiniň doly diapazonyny göz öňünde tutýar.

Halkara hukugynyň kadalaryny ykrar etmek Bitarap Türkmenistanyň milli kanunçylygynyň möhüm ýörelgeleriniň biridir. Munuň özi doly esaslandyrylandyr, sebäbi, biziň garaşsyz döwletimiz halkara bileleşiginiň doly hukukly subýektleriniň biridir. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagynyň ykrar edilmegi Türkmenistanyň Esasy Kanunynda - Konstitusiýasynda berkidilendir. Türkmenistan bitaraplyk derejesine eýe bolmak bilen, halkara kadalaryny ýerine ýetirmek boýunça has ýokary borçnamalary öz üstüne aldy we şeýlelikde halkara hukugynyň kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmagyň meselelerini çözmäge öz çemeleşmesini kesgitledi. Halkara

Çyzgy 1




hukugynyň kadalarynyň ornaşdyrylmagy - munuň özi hakykatda halkara borçnamalarynyň döwletiň içindäki derejede durmuşa geçirilmegidir. Ol şol sanda halkara-hukuk kadalaryny milli kanunlara geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Türkmenistanda tassyklanylan halkara şertnamalary milli kanunçylygymyzyň bir bölegidir. Munuň özi Türkmenistanyň kanunlarynyň halkara hukugynyň kadalarynyň milli kanunçylygymyzyň kadalaryndan ileri tutulmagyny kesgitleýän ýörite maddalarynda beýan edilýär.

Ähli umumy jarnamanyň kadalarynyň Türkmenistanyň milli kanunçylygyna ornaşdyrylmagy äşgärlik bilen biziň bitarap döwletimiziň Esasy Kanunynda ýüze çykýar. Ähli kanunçylygy ösdürmek üçin binýatlyk hukuk guraly bolup durýan, döwlet, syýasy, ykdysady gurluşyň esaslaryny özünde berkidýän Türkmenistanyň Konstitusiýasy öz maddalarynda iş ýüzünde Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň we beýleki umumy ykrar edilen halkara resminamalarynyň degişli düzgünlerini birleşdirdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilen we halkara kadalaryndan ornaşdyrylan raýatlaryň esasy hukuklary we azatlyklary

soňra Türkmenistanyň ýörite kanunlarynda jikme-jik berkidilmegine eýe boldy. Muny halkara hukugynyň degişli kadalaryna syn berip, soňra bolsa özygtyýarly döwletiň Konstitusiýasyny we hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny seljerip yzarlamak mümkindir.

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda her bir adamyň gönüden-göni ýa-da erkin saýlanylan wekilleriniň üsti bilen öz ýurduny dolandyrmaga gatnaşmaga hukugynyň bardygy barada aýdylýar. Halkyň erk-islegi hökümetiň häkimiýetiniň esasy bolmalydyr; bu erk-isleg döwürleýin geçirilýän we galplaşdyrylmadyk saýlawlarda öz beýanyny tapmalydyr, şol saýlawlar bolsa ählumumy we deň saýlaw hukugynda gizlin ses bermek arkaly ýa-da ses bermegiň erkinligini üpjün edýän beýleki birmeňzeş görnüşler bilen geçirilmelidir (21-nji madda). Biziň ýurdumyzyň Esasy Kanuny «Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar» diýip jar etmek bilen 2-nji maddada görkezilen hukuklary konstitusion ýagdaýda beýan etdi. Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygy, şol sanda «Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda», «Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda», «Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda» kanunlar Türkmenistanyň raýatlarynyň öz aktiw we passiw saýlaw hukuklaryny durmuşa geçirmegini doly derejede kepillendirýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň, etrap, şäher, welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça görkezilen kanunlara laýyklykda geçirilen saýlaw kampaniýasy olaryň halkara standartlaryna doly laýyk gelýändigini görkezdi.

Adamyň pikir, wyždan we din azatlygy baradaky hukugy Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň 18-nji maddasynda beýan edilendir. Türkmenistanyň Konstitusiýasy din azatlygyny we dini ynanjy, olaryň kanunyň öňündäki deňligini kepillendirýär (11-nji madda). Bu hukugy durmuşa geçirmegiň mehanizmi özara düşünişmek, sabyrlylyk we hormat goýmak ýörelgeleriniň jar edilmegi bilen «Dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda beýan edilýär.

Birleşiklere, parahatçylykly ýygnaklara azatlyk üçin hukuk halkara hukugynyň kadalary bilen jar edilen adamyň demokratik hukuklarynyň we azatlyklarynyň ulgamynda möhüm elementleriň biridir. Mysal üçin, Ählumumy jarnamanyň 20-nji maddasy, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara paktynyň 21-nji we 22-nji maddalary parahatçylykly ýygnaklara bolan hukugy ykrar edýär. Agzalyp geçilen halkara kadalaryna laýyklykda her bir adamyň birleşmäge hukugy bardyr. Bu hukukdan peýdalanmaga hiç bir çäklendirme degişli däldir, kanun arkaly göz öňünde tutulanlar we döwlet we jemgyýetçilik

howpsuzlygynyň, jemgyýetçilik tertibiniň, saglygy goramagyň we ahlaklylygyň bähbitleri üçin demokratik jemgyýetde zerur bolanlar muňa girmeýär. Indi milli kanunçylygymyzyň kadalaryna seredip geçeliň. Raýatlaryň Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary hem-de beýleki jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge bolan hukugy Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 30-njy maddasy we degişli kanunlar bilen kepillendirilýär. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanda konstitusion gurluşy zorluk bilen üýtgetmegi maksat edinýän, öz işinde zorluga ýol berýän, raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykyş edýän, urşy, jyns, milli, sosial, dini duşmançylygy wagyz edýän, halkyň saglygyna hem-de ahlaklylygyna hyýanat edýän, syýasy partiýalaryň, beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň döredilmeginiň hem-de işlemeginiň, şeýle hem milli we dini alamatlary boýunça harbylaşdyrylan birleşikleriň, syýasy partiýalaryň döredilmeginiň gadagan edilýändigini hem belläp geçmek gerekdir.

Zähmet çekmäge, işi erkin saýlap almaga, adalatly we amatly zähmet şertlerine bolan hukuk, dynç almaga hukuk Ählumumy jarnamanyň 23-nji, 24-nji maddalarynda, Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara paktynyň 6-njy we 7-nji maddalarynda bellenilendir. Hususan-da, Ählumumy jarnamada her bir adamyň zähmet çekmäge, işini erkin saýlap almaga hukugynyň bardygy bellenilip geçilýär. Işleýänleriň her biriniň adalatly we kanagatlanarly hak-hepdege, onuň özi we maşgalasy üçin adama mynasyp bolan ýaşaýyş üpjünçiligine we zerurlyk ýüze çykan mahaly durmuş üpjünçiliginiň üstüne goşulýan beýleki serişdelerine hukugy bardyr. Her bir adamyň dynç almaga we wagtyny hoş geçirmäge, şol sanda akylly-başly çäklendirilen iş gününe we hak tölenilýän döwürleýin rugsada hukugy bardyr.

Türkmenistanyň Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esasy wezipeleri raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny, şeýle hem zähmet bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr. . Sagdyn we howpsuz iş şertleri Konstitusiýa tarapyndan hem (33-nji madda) kepillendirilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan geçirilen ilkinji reformalar ylmy we bilimi özgertmek boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Kolumbiýa uniwersitetinde öz eden çykyşynda döwlet baştutanynyň syýasatynda bilimi ösdürmäge esasy orun

berilýändigini nygtap, bu çäreleriň möhümdigini belledi. Milletiň intellektual potensialyny doly derejede durmuşa geçirmek üçin ähli şertleri döretmek görkezilen reformalaryň maksadydyr. Bilim almaga bolan hukuk adamyň halkara kadalary tarapyndan hem Türkmenistanyň kanunçylyk kadalary tarapyndan hem kepillendirilen esasy hukuklarynyň biridir. Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň düzgünlerine laýyklykda her bir adamyň bilim almaga hukugy bardyr. Bilim iň bolmanynda başlangyç we umumy bilim babatda mugt bolmalydyr. Başlangyç bilim hökmany bolmalydyr. Tehniki we hünär bilimi umumy ýagdaýda elýeterli we ýokary bilim her bir adamyň ukybynyň esasynda birmeňzeş elýeterli bolmalydyr (26-njy madda). Halkara kadalary olary ykrar edýän döwletleri ata-eneleriň we degişli ýagdaýlarda kanuny howandarlaryň öz çagalary üçin diňe bir döwlet häkimiýetleri tarapyndan döredilen mekdepleri däl, eýsem, döwlet tarapyndan bellenilip ýa-da tassyklanylyp bilinjek, bilimi almak üçin talaplaryň iň az möçberine laýyk gelýän beýleki mekdepleri hem saýlap almakda we öz ynançlaryna laýyklykda öz çagalaryny dini we ahlak taýdan terbiýelemegi üpjün etmekde erkinligine hormat goýmaga borçly edýär (Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky halkara Paktynyň 13-nji maddasy).

Umumy ykrar edilen halkara-hukuk resminamalarynyň ýokarda agzalyp geçilen düzgünleri dolulygyna Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň «adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary hem borçlary» atly II bölümine geçirilendir. Mundan başga hem, hökmany başlançyç bilim görkezilen hukugy durmuşa geçirmegiň şertleriniň biri bolýan bolsa, garaşsyz Türkmenistanyň kanunçylygynda orta bilim hökmandyr diýlip bellenilýär. Ýokarda aýdylyp geçilenleriň hemmesi her bir raýatyň bilim almaga hukugynyň bardygy hakyndaky düzgüniň Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilendigininiň kanunydygyny tassyklaýar. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adamyň ony döwlet mekdeplerinden mugt almaga haky bardyr. Döwlet her bir adamyň ukyplaryna laýyklykda hemmeler üçin hünär, ýörite orta we ýokary bilimiň elýeterli bolmagyny üpjün edýär.

Kämillik ýaşyna ýeten erkek adamlaryň we aýallaryň jynsyna, milletine ýa-da dinine degişli alamatlar boýunça hiç hili çäklendirmeler bolmazdan, nikalaşmaga we maşgalany esaslandyrmaga hukuklary bardyr. Olar nikalaşmak babatda, nikada durýan wagty we nikany bozýan mahaly birmeňzeş hukuklardan peýdalanýarlar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 27-nji maddasyna, şeýle hem Nika we maşgala hakyndaky kodekse laýyklykda aýalyň we erkek adamyň nika ýaşyna ýetmegi boýunça özara ylalaşmak bilen nikalaşmaga we maşgalany döretmäge hukugy bardyr. Är-aýal maşgala gatnaşyklarynda deň hukuklydyr.

Ykdysady, sosial we medeni hukuklar baradaky Halkara paktyna gatnaşyjy döwletler ýokarda agzalyp geçilen Pakt bilen göz öňünde tutulan ähli ykdysady, sosial we medeni hukuklary erkek adamlar we aýallar üçin deň üpjün etmäge borçludyrlar. Türkmenistanyň Mejlisiniň 1999-njy ýylyň 15-nji sentýabryndaky karary bilen Türkmenistan aýallaryň syýasy hukuklary hakyndaky Konwensiýa goşuldy. Şol Konwensiýa laýyklykda aýallara haýsydyr bir kemsitmeler bolmazdan, erkek adamlar bilen deň şertlerde ähli saýlawlarda ses bermek hukugy degişlidir. Açyk saýlawlary talap edýän, milli kanun tarapyndan bellenilen ähli edaralara aýallar haýsydyr bir kemsitmeler bolmazdan erkek adamlar bilen deň şertlerde saýlanyp bilerler. Aýallara erkek adamlar bilen deň şertlerde haýsydyr bir kemsitmeler bolmazdan, jemgyýetçilik-döwlet gullugynda wezipäni eýelemek we milli kanun arkaly bellenilen ähli jemgyýetçilik-döwlet wezipelerini ýerine ýetirmek hukugy degişlidir. Konstitusiýadan başlap hukuklary we azatlyklary berýän Türkmenistanyň ähli kanunçylygynyň raýatlaryň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň deňligi hakyndaky düzgüni özünde jemleýändigini belläp geçmek gerekdir. Hususan-da, Konstitusiýanyň 19-njy maddasynda Türkmenistanyň raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär.

Ýokarda getirilen sanawda raýatlaryň ol ýa-da beýleki jynsa degişlidigi hakyndaky kadanyň ýokdugynyň halatyna aýratyn üns bermek gerekdir. Munuň özi Türkmenistanyň Konstitusiýasynda şeýle diýlip ýörite jar edilendigi bilen düşündirilýär: «Türkmenistanda erkekler bilen ayallar deň rayatlyk hukuklaryna eýedirler. Deňhukuklylygyň jyns alamaty boyunça bozulmagy kanun esasynda jogapkärçilige getirýär». Türkmenistanyň halkara standartlaryna laýyk gelýän gender syýasaty hereket edýän milli kanunçylykda beýan edilendir. Bu babatda hut 2007-nji ýylyň dekabrynda adam hukuklary babatda Türkmenistanyň syýasatynyň esasy ýörelgelerini durmuşa geçirmäge, aýallaryň hemmetaraplaýyn ösüşini we progresini üpjün etmäge, syýasy, sosial, medeni we beýleki ugurlarda aýallaryň erkek adamlar bilen deňlik esasynda adam hukuklaryny hem-de azatlyklaryny amala aşyrmaklary üçin döwlet kepillendirmelerini bellemäge gönükdirilen «Aýallaryň deň hukuklylygynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilendigini nygtap geçmek maksadalaýykdyr.

Döwletleriň ilatyň goraga mätäç gatlaklarynyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek borjy hem halkara-hukuk babatda berkidilendir. Her bir adamyň şeýle durmuş derejesine, şol sanda azyk önümlerine, egin-eşige,

ýaşaýyş jaýyna, özüniň we maşgalasynyň saglygyny hem-de abadançylygyny saklamak üçin zerur bolan lukmançylyk taýdan ideg edilmegine we zerur durmuş taýdan hyzmat edilmegine hukugy we işsiz galan, kesellän, maýyp bolan, dul galan, garran halatynda, özüne bagly bolmadyk esaslar boýunça ýaşamagy üçin serişdelerini ýitiren beýleki halatda üpjün edilmegine hukugy bardyr. Enelik we çagalyk aýratyn howandarlyga hem-de kömege bolan hukugy berýär. Nikada we binika doglan ähli çagalar deň derejede durmuş taýdan goraglylykdan peýdalanmalydyrlar (Adam hukuklary baradaky ählumumy jarnamanyň 25-nji maddasy). Türkmenistan sosial ugurly döwletdir. Ilatyň mynasyp durmuş derejesini üpjün etmek, ilatyň durmuş taýdan goraglylygy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ýöredilýän içeri we daşary syýasatyň ileri tutulýan ugrudyr. Halkara kadalaryny ösdürmek bilen, ýurdumyzyň Esasy Kanunynda raýatlaryň garran, kesellän, maýyp bolan, işe ukybyny, ekleýjisini ýitiren, işsiz galan halatynda durmuş taýdan üpjünçilige hukugynyň bardygy berkidilendir. Köp çagaly maşgalalara, ata-enesinden mahrum galan çagalara, urşa gatnaşanlara we döwletiň bähbitlerini goran mahaly saglygyny ýitiren beýleki adamlara jemgyýetçilik serişdelerinden goşmaça goldaw we kömek berilýär (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 37-nji maddasy). 2007-nji ýylyň 30-njy martynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan "Durmuş taýdan üpjünçilik hakyndaky" Türkmenistanyň Kodeksi kabul edildi, şoňa laýyklykda, çaga doglan mahaly, çaga ideg etmek boýunça berilýän döwlet kömek pullary bellenildi, ekleýjisini ýitirmegi boýunça kömek pulunyň we maýyplyk boýunça kömek pulunyň möçberi köpeldildi, şeýle hem pensiýa hukugy bolan adamlaryň sany artdyryldy.

Ählumumy jarnamanyň 17-nji maddasynda her bir adamyň emläge ýekebara ýagdaýda hem, beýleki adamlar bileni bilelikde hem eýelik etmäge hukugynyň bardygy hakynda aýdylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasy bu kadany ösdürmek bilen, 9-njy maddada eýeçiligiň eldegrilmesizdigini nygtaýar. Döwlet eýeçiligiň ähli görnüşlerini ösdürmek üçin deň goragy we deň şertleri kepillendirýär.

Konstitusion kada "Eýeçilik hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyny we Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň aýry-aýry düzgünlerini kabul etmegiň hukuk esasy boldy, oňa laýyklykda raýat kanunçylygy öz düzgünleşdirýän gatnaşyklary, eýeçiligiň eldegrilmesizligi, şertnamalaryň erkinligi, kimdir biriniň hususy işlere esassyz gatyşmagyna ýol bermezlik babatda gatnaşyjylaryň deňligini ykrar etmäge esaslanýar.

Ählumumy jarnamanyň 15-nji maddasy her bir adamyň raýatlyga hukugynyň bardygyny jar etdi. Hiç bir adam öz raýatlygyndan ýa-da öz raýatlygyny üýtgetmek baradaky hukugyndan esassyz ýagdaýda mahrum edilip

bilinmez. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 7-nji maddasyna laýyklykda «Türkmenistanyň öz raýatlygy bar. Raýatlyk kanuna laýyklykda berilýär, saklanylýar we ýitirilýär.

Türkmenistanyň raýatyna başga döwletiň raýatlygy ykrar edilmeýär. Hiç kim raýatlygyndan ýa-da raýatlygyny üýtgetmek hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Türkmenistanyň raýaty özge döwlete berlip ýa-da Türkmenistanyň çäginden kowlup çykarylyp, ýa onuň Watanyna gaýdyp gelmek hukugy çäklendirilip bilinmez.

Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň çäginde-de, onuň çäginden daşarda-da döwletiň goragy we penakärligi kepillendirilýär». Bellenilen meseleler «Türkmenistanyň graždanlygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda has jikme-jik düzgünleşdirilýär.

Gaçalga gözlemek hukugy halkara hukugynyň ýörelgelerine laýyklykda adamyň aýrylmaz hukuklarynyň biridir. Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň 14-nji maddasyna laýyklykda her bir adamyň beýleki ýurtlarda yzarlanmakdan gaçalga gözlemäge we şol gaçalgadan peýdalanmaga hukugy bardyr. Ählumumy jarnamanyň şu kadasy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 8-nji maddasyna ornaşdyryldy, şol maddada «Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara kanunda bellenilen tertipde gaçybatalga berýär» diýilýär.

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeler kuwwatly, depginli ösýän hukuk guraly bolup durýan Türkmenistanyň Konstitusiýasynda tebigy ýagdaýda öz beýanyny tapýar. Biziň jemgyýetimizde bolup geçýän ähli oňyn özgertmeler döwletimiziň Esasy Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmäge esas bolup hyzmat etdi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň nobatdan daşary geçirilen XXI Halk Maslahatynda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow: «Türkmen jemgyýetiniň ýeten sepgitleri Baş Kanunymyzyň kämilleşmegini talap etdi. Şonuň üçin hem biz Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça Konstitusion topary döretdik hem-de bu möhüm meseläni çözmek boýunça zerur işleri geçirdik.

Konstitusion toparyň işine guramalaryň wekilleri, tejribeli hünärmenlerdir alymlar gatnaşdylar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça halkymyzdan, dürli guramalardan, kärhanalardan, edaralardan, jemgyýetçilik-syýasy birleşmelerden gelip gowşan teklipler esasynda işlenip taýýarlanan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň taslamasy metbugatda çap edildi. Gelip

gowşan teklipler Toparyň mejlislerinde hemmetaraplaýyn ara alnyp maslahatlaşyldy. "Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýlişi ýaly, bu iş biziň halkymyz tarapyndan uly goldaw tapdy[3]" diýip belledi. Türkmenistanyň nobatdan daşary geçirilen XXI Halk Maslahatynda täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler eýýamynyň talaplaryna laýyk gelýän Türkmenistanyň Konstitusiýasy täze redaksiýada kabul edildi.

Türkmenistanyň bitaraplygy ähli sebitiň, bütin dünýä bileleşiginiň baýlygydyr. Türkmenistan çylşyrymly sebit bolan Merkezi Aziýada parahat we durnukly ýaşaşmak konsepsiýasyny bütin dünýä teklip etdi. Türkmenistanyň daşary syýasy ugry dünýä bileleşigi tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň üsti bilen biragyzdan goldanyldy, ol 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» barada ýörite Rezolýusiýany kabul etdi. Agzalyp geçilen Rezolýusiýa 1995-nji ýylyň 27-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasyna ornaşdyryldy, şoňa laýyklykda 1-nji madda şu mazmunly dördünji bölek goşuldy: “Türkmenistan kanun esasynda hemişelik bitaraplyk hukuk yagdaýyna eýedir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" Rezolýusiýasynda: "1. Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar; 2. Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bütewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar. Dünýä Bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýar".

Konstitusion Kanun Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji syýasaty ýöredýändigini, beýleki döwletler bilen öz gatnaşyklaryny deň hukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgeleriniň esasynda gurýar.

Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň ýokary baýlygy adamdyr. Adam hukuklary baradaky ähluumumy jarnama her bir adamyň ýaşamaga, azatlyga we şahsy eldegrilmesizlige hukugynyň bardygyny jar edýär (3-nji madda).

---

[3] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary geçirilen XXI Halk Maslahatynda eden çykyşy. Gurbanguly Berdimuhamedow, Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2. Aşgabat, Türkmen Döwlet neşirýat gullugy, sah.266.

Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktynyň 6-njy maddasyna laýyklykda "ýaşamaga bolan hukuk her bir adamyň aýrylmaz hukugydyr. Bu hukuk kanun arkaly goralýar. Hiç bir adam ýaşamakdan esassyz mahrum edilip bilinmez". 1999-njy ýylyň 27-nji dekabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty Türkmenistanyň Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktynyň ölüm jezasyny ýatyrmaga görnükdirilen ikinji Fakultatiw protokolyna goşulmagy baradaky karary kabul etdi, onuň 1-nji maddasynda şeýle diýilýär: "Şu Protokola gatnaşyjy döwletiň ýurisdiksiýasynda bolan her bir adam ölüm jezasyna sezewar edilmeýär".

## Türkmenistanda adam hukuklaryny goramagyň ulgamy

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasy düzgünlerini bilmek, bozulan hukuklary netejili goramak we dikeltmek üçin esasy şertdir. Türkmenistanyň Konstitusiýasy ilkinji nobatda hukuk namasy bolmak bilen bir hatarda, Türkmenistanyň raýatlarynyň bilelikdäki durmuşy gurmagyň bolmalysy hökmünde, adalatly häsiýeti baradaky düşünjesinden hem ybaratdyr. Jemgyýetiň ýokary gymmatlygy hökmünde adamyň we raýatyň derejesi, hukuklary we azatlyklary hakyndaky konstitusion düzgün hukuk döwletiniň, raýat jemgyýetiniň esasydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasy şahsyýetiň we döwletiň özara gatnaşyklarynyň kadalaryny, taraplaryň hukuklaryny we azatlyklaryny – "şahsyýet-döwlet" kadalaryny, şol jemgyýetde adam hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň kepillendirmelerini we çäklerini, adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň kadalaryny belleýär.

Adamyň we raýatyň Türkmenistanyň hereket edýän Konstitusiýasynda berkidilen hukuklary we azatlyklary umumy ykrar edilen halkara standartlaryna laýyk gelýär. Olar Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyndan, Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky Halkara paktyndan we Raýat hem-de syýasy hukuklar hakyndaky Halkara paktyndan gelip çykýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda adam jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary baýlygy diýlip ykrar edilýär. Döwlet her bir raýatyň öňünde jogapkärçilik çekýär we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň ömrüni, abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem-de aýrybaşgalanmaýan hukuklaryny goraýar. Şunuň bilen birlikde, her bir raýat Konstitusiýa we beýleki kanunlar arkaly öz üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmek üçin döwletiň öňünde jogapkärdir.

Türkmenistanda adam hukuklaryny goramagyň mehanizmleriniň hatarynda şu esasy elementleri: kazyýet ulgamyny, döwlet institutlaryny, jemgyýetiçilik guramalaryny belläp geçmek gerekdir. Ähli guramalar tarapyndan raýatlaryň teklipleri, arzalary we şikaýatlary bilen geçirilýän iş Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylmalydyr. 1999-njy ýylyň 14-nji ýanwaryndaky "Raýatlaryň ýüz tutmalary we olara garamagyň tertibi hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny bu sferadaky esasy hukuk namalarynyň biridir. Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň agzalan kanunyna laýyklykda ýazmaça we dil üsti bilen döwlet, jemgyýetiçilik we beýleki edaralara, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalara, guramalara we edaralara öz işlerini gowulandyrmak baradaky teklipleri girizmäge, arzalar we şikaýatlar bilen ýüz tutmaga hukugy bardyr.

Döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketleri ýa-da çözgütleri bilen öz konstitusion hukuklary we azatlyklary bozulan ýa-da kemsidilen her bir raýatyň şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmaga haky bardyr. Eger Türkmenistanyň kanunçylygy we halkara şertnamalary bilen başgaça kesgitlenilmedik bolsa, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar hem şu kanun bilen bellenilen tertipde kazyýete şikaýat bilen ýüz tutmak hukugyndan peýdalanýarlar.

Döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň kollegial ýa-da ýekebara hereketleri ýa-da çözgütleri dogrusynda, eger şol hereketler ýa-da çözgütler netijesinde şu aşakdakylara ýol berlen bolsa, raýatlar tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner:

- adamyň we raýatyň Türkmenistanyň Konstitusiýasy hem-de kanunlary bilen bellenilen hukuklary hem-de azatlyklary bozulsa;

- adamyň we raýatyň konstitusion hukuklary we azatlyklary kemsidilse ýa-da olary amala aşyrmak üçin päsgelçilik döredilse;

- raýatyň üstüne bikanun haýsydyr bir borç ýüklenilse.

## Adam hukuklaryny goramagyň kazyýet ulgamy

Hukuk döwletiniň we demokratik jemgyýetiň ýörelgeleri, adam hukuklarynyň halkara standartlary, şeýle hem milli kanunçylygyň kadalary, bozulan hukuklaryň kazyýet tarapyndan goralmagyny kepillendirýär. Konstitusiýada demokratik kazyýet iş önümçiliginiň täze kadalary bellenendir.

Kazyýet adyl kazyýetligi amala aşyrmak bilen, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun tarapyndan goralýan döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini

goraýar. Kazyýetiň ähli işi kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, sosial adalatyň berkararlygyna, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, namysynyň we mertebesiniň goralmagyna, hukuk düzgünininiň bozulmalaryna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir.

Adam hukuklarynyň kazyýet goragy - kazyýete ýüz tutmak arkaly haýsy döwlete, sosial topara, jynsa, millete degişlidigi, erkek-aýallygy, gelip çykyşy, emläk we wezipe ýagdaýy, ýaşaýan ýeri, doglan ýeri, dine bolan garaýşy, ynamy, haýsy jemgyýetçilik birleşigine degişlidigi baradaky alamatlar, şeýle hem beýleki ýagdaýlar boýunça haýsydyr bir tapawuda garamazdan, islendik fiziki şahsyň bozulan hukuklaryny dikeltmegi ýa bolmasa hukuk kadalarynyň hukuga ters ulanylmagynyň öňüni almagy üpjün edýän maddy we prosessual hukuklarynyň jemidir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy her bir adama öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň kazyýet tarapyndan goralmagyny kepillendirýär. Raýatlara adamyň we raýatyň abraýynyň we mertebesiniň, şahsy hem-de syýasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň Konstitusiýa hem-de kanunlar arkaly göz öňünde tutulan kazyýet goragy kepillendirilýär. Döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň, wezipeli adamlaryň kanuny bozmak, ygtyýarlyklaryny ýokarlandyrmak bilen raýatlaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny kemsidýän ýagdaýdaky hereketleri barada kazyýete şikaýat edilip bilner. Raýatlaryň döwlet edaralarynyň, beýleki guramalaryň, olaryň işgärleriniň, şeýle hem hususy adamlaryň bikanun hereketleri bilen özlerine ýetirilen maddy we moral zeleliň kazyýet tertibinde öweziniň dolunmagyna hukugy bardyr.

Soňky ýyllarda döwlet häkimiýetiniň özbaşdak, garaşsyz we netijeli şahasy hökmünde öz ygtyýarlyklarynyň adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny, Türkmenistanyň konstitusion gurluşyny, bir bitewi ykdysady hem-de hukuk giňişligini goramagyň bähbitleri üçin durmuşa geçirýän kazyýet häkimiýetini berkarar etmek boýunça belli bir çäreler görüldi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy Türkmenistanda kazyýet häkimiýetiniň diňe kazylara degişlidigini belleýär. Kazyýet häkimiýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem-de jemgyýýetçilik bähbitlerini goramak üçin niýetlenendir. Türkmenistanda kazyýet häkimiýetini Ýokary kazyýet we kanun arkaly göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler amala aşyrýarlar.

Kazylar garaşsyzdyrlar, diňe kanuna tabyndyrlar we içki garaýyşlaryna salgylanýarlar. Kimdir biri tarapyndan kazylaryň işine gatylyşmagyna ýol berilmeýär we munuň özi kanun esasynda jogapkärçilige eltýär. Kazylaryň eldegrilmesizligi kanun arkaly kepillendirilýär.

1998-nji ýylyň 6-njy fewralynda "Graždanlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň we wezipeli adamlaryň hereketlerini suda şikaýat etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň Mejlis tarapyndan kabul edilmegi Türkmenistanda adam hukuklaryny goramagyň mehanizmlerini döretmekde möhüm ädim boldy. Kanun arkaly döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan hereketleri barada raýatlaryň kazyýete şikaýat etmekleriniň hukuk esaslary, şeýle hem kazyýet tarapyndan görkezilen şikaýatlara garamagyň tertibi kesgitlenildi.

Döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketleri ýa-da çözgütleri bilen öz konstitusion hukuklary we azatlyklary bozulan ýa-da kemsidilen her bir raýatyň şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmaga haky bardyr. Eger Türkmenistanyň kanunçylygy we halkara şertnamalary bilen başgaça kesgitlenilmedik bolsa, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar hem şu Kanun bilen bellenilen tertipde kazyýete şikaýat bilen ýüz tutmak hukugyndan peýdalanýarlar.

Döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň kollegial ýa-da ýekebara hereketleri ýa-da çözgütleri barasynda, eger şol hereketler ýa çözgütler netijesinde şu aşakdakylara ýol berlen bolsa, raýatlar tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner:

- adamyň we raýatyň Türkmenistanyň Konstitusiýasy hem-de kanunlary bilen bellenilen hukuklary hem-de azatlyklary bosulsa;

- adamyň we raýatyň konstitusion hukuklary we azatlyklary kemsidilse ýa-da olary amala aşyrmak üçin päsgelçilik döredilse;

- raýatyň üstüne bikanun haýsydyr bir borç ýüklenilse.

Her bir arza bellik žurnalynda kesgitlenen nomerde bellige alynyp, bellik nomery arzaça ýetirilmelidir. Jogap kesgitli möhletde, köplenç bir aýyň dowamynda berilýär. Jogap arzada goýulýan soraga görä berilmeli, ýagny eger azadaky talap ýa-da teklip dogry we kanuny bolsa, onda jogapda olar boýunça nähili çäreleriň görüljekligi görkezilýär. Eger talaplar (teklipler) ýerine ýetirilip bolunmaýan bolsa, onda onuň sebäbi görkezilmeli. Jogaba ýa arza bilen ýüzlenilen resmi işgär, ýa-da arzada goýulan meseläni çözmeklige ygtyýatlygy bolan beýleki bir jogapkär adam gol çekmelidir.

Adam hukuklary we azatlyklary bilen her bir meselä döwlet edaralarynyň işgärleri örän jogapkärli garamalydyrlar. Ol hem düşnükli. Ýurt Ýolbaşçysy

“Döwlet adam üçindir!” diýen şygary öňe sürdi. Döwletiň adamy goramaklygy, her bir döwlet gullugynda duran wezipeli adamyň öň wzipesini dogry we doly amal etmekligi bilen bagly bolýar. Döwlet raýatlaryň kanuny talaplarynyň amal bolmagyny kepillendirýär. Häzirki hukuk döweletiniň gymmatlyklarynyň jemgyýete işewür ornaşdyrylýan döwründe bu aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Hukuk döwletiniň berkemekligi raýar jemgyýetiniň gymmatlyklaryna ýol açýar. Şonuň üçin raýat jemgyýeti baradaky gürrüňe geçmezden ozal, garaýan soragymyza degişlilikde, döwlet we hukuk döwleti barada kä bir düşünjeleri anyklalyň we olaryň üstünde durup geçeliň.

**Döwlet,** kitabymyzyň dördünji bölüminge bellenilişi ýaly, jemgyýeti guramagyň belli bir usulydyr, syýasy ulgamyň esasy parçasydyr, bütin jemgyýete ýaýraýan, onuň resmi wekili hökmünde çykyş edýän we zerur halatlarda mejbur ediş serişdelerine hem-de çärelerine daýanýan jemagat syýasy häkimiýet guramasydyr. Ol jemgyýeti dolandyrýan ulgam hökmünde içerki düzüme eýedir. Onuň öz ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek üçin ýörite edaralary - döwlet mehanizmi, onuň diwany bar. Döwletiň alyp barýan işiniň esasy ugurlary - onuň esasy wezipeleri içerki işlere (jemgyýetiň çäklerindäki işe) we daşarky işlere (döwletara gatnaşyklaryna) bölünýär, olar hem öz aralarynda özara baglanyşyklydyr we biri-birine baglydyr. Döwlet - konstitusion hukukda ýurduň çäklerinde işleýän resmi edaralaryň (hökümet, parlament, kazyýetler we başgalar) jemine düşünilýän düşünjedir.

Döwlet halkara hukugynyň subýekti hökmünde halkara gatnaşyklaryna esasy gatnaşyjydyr. Halkara hukugynyň subýekti hökmünde döwlet syýasy häkimiýet guramasyny we belli bir territoriýa özüne degişli bolan ilaty özünde jemleýär. Halkara arenasynda döwlet syýasy häkimiýet guramasy hökmünde, aýratyn hem onuň ýokary edaralarynyň üsti bilen halkara hukugynyň subýekti hökmünde döwletiň resmi wekili hökmünde çykyş edýär. Özbaşdaklyk halkara hukugynyň subýekti hökmündäki döwleti häsiýetlendirýän esasy häsiýetdir. Hut döwletiň özi halkara hukugynyň kadalaryny işläp taýýarlaýar, olaryň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýär, halkara hukuk tertibini we halkara guramalarynyň işlemegini kesgitleýär. Döwletiň bu mümkinçilikleri hiç bir zat bilen çäklendirilen däldir, dogry, onuň hut özüniň döreden ýörelgeleri we halkara hukugynyň kadalary muňa girmeýär, şolara laýyklykda bolsa döwlet halkara hukugynyň subýekti hökmünde halkara aktlarynda, hususan-da BMG-niň Tertipnamasynda berkidilen esasy hukuklara we borçlara eýedir.

**Hukuk döwleti** (iňlisçe - law/juridic/legal state) - döwletiň konstitusion dolandyryşyň düzgüni işleýän, ösen hem-de gapma-garşy bolmadyk hukuk ulgamy we netijeli kazyýet häkimiýeti bar bolan kysymydyr, şonda şol bir wagtyň özünde

olaryň netijeli özara hereketleri we özara gözegçiligi, syýasatyň hem-de häkimiýetiň ösen sosial gözegçiligi bilen bilelikde häkimiýetleriň anyk bölünmegi ýüze çykýar. Hukuk döwletiniň häkimiýet we syýasat ulgamynyň umumy demokratik gurluşy onuň hukuk görkezmeleri bilen organiki baglanyşyklydyr. Häkimiýetiň, raýatyň, jemgyýetiň we hukugyň deňligi, olaryň kanunyň öňünde hukuk babatda deňligi hukuk döwletiniň esasyny düzýär.

Hukuk döwletinde ýokary häkimiýet, ýokarda bellenilşi ýaly, kanunyň häkimiýetidir, döwletiň, döwlet häkimiýet edaralarynyň ýokary wezipeli adamlaryndan başlap ýönekeý raýatlara çenli hemmeler oňa deň derejede tabyndyr. Hukuk döwletinde «kanun arkaly gönüden-göni gadagan edilmedik hemme zatlara rugsat berilýär» diýen ýörelgä esaslanan şahsyýetiň hukuk azatlygynyň şertleri döredilýär. Hukuk subýekti hökmünde adam öz güýçlerini, ukyplaryny, emlägini ulanmaga azatdyr. Hukuk bolsa azatlygyň görnüşi we çäresi hökmünde şahsyýeti, ilkinji nobatda ykdysadyýetde, ylmy-tehniki progresi önümçilige ornaşdyrmakda çäklendirýän çäkleri doly derejede giňeltmäge hyzmat etmelidir.

Hukuk döwletiniň emele gelmeginiň taryhy prosesi hukuga bolan özygtyýarlylygyň ýaýradylmagyndan ybaratdyr we şeýle bolmagynda galýar. Bu proses 3 tapdyrda geçdi. Onuň birinji tapgyry, wagt boýunça has irki tapgyry häkimiýetiň özygtyýarlylygyny ykrar etmekdir. Halkyň özygtyýarlylygy uzak wagtlap göreş alyp barmakdan soň gazanyldy. Soňraky çäre bolsa hukugyň özgygtyýarlygyny gazanmak barada göreş alyp barmak, has takygy häkimiýetiň, raýatyň erk-isleginiň, jemgyýetiň ýa-da haýsydyr bir onuň bir bölegininiň, köplügiň ýa-da azlygyň öňünde hukugyň ileri tutulmagyny gazanmak ugrunda göreş alyp barmak boldy. Partitet (deňlik) ýa-da ileri tutulmak bu gatnaşyklara gatnaşýan ähli taraplaryň arasynda, aýratyn hem häkimiýetiň we hukugyň arasynda diňe bir häkimiýetiň (döwletiň) özygtyýarlylygynyň we kanunyň ileri tutulmagynyň däpleriniň däl, eýsem, hukugyň özüniň kanun çykaryjylygyň barşynda häkimiýeti döredýänliginiň täsiri bilen häkimiýetiň we hukugyň arasyndaky çylşyrymly bolan, kanun arkaly bellenilen gatnaşyklary ýola goýmagy aňladýar.

Hukuk döwletiniň berkemekligi üçin şol gatnaşyklaryň kämilleşmegi, bir tarapdan, Türkmenistanda döwlet häkimiýetleriň - kanun çykaryjylyk, ýerine ýetirijilik we kazyýet häkimiýetleriniň hakykatdan hem bölünmegi bilen bagly bolýar, ikinji tarapdan, bu ýerdäki kämillik Türkmenistan döwletiniň  sosial ugra gönükdirilenligi bilen kesgitlenýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň bu sferadaky täze syýasaty ilatyň ähli gatlaklarynyň goraglylygynyň döwlet kepillendirmelerini almaga ynam döredýär. Sebäbi ol goraglylyk ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren “Döwlet adam üçindir!” diýen şygary bilen berkidilýär.

Biziň ýurdumyzyň geljegi, onuň üstünlikleri diňe bir jemgyýetiň oýlanylyşylan meýilnamalary durmuşa geçirmäge, sosial we medeni progresiň ýoly bilen öňe depginli hereket etmäge bolan ukybyna däl-de, eýsem, halkyň ruhy, intellektual ýagdaýyna hem baglydyr. Jemgyýetiň täze Galkynyşy maksada okunlylygy we aýgytly hereketleri, geçmişi çynlakaý tankydy seljerişi, häzirki we geljekki jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýa akylly-başly anyk baha bermegi talap edýär.

Hukuk döwletiniň raýat jemgyýetini esas bolşy kimin, raýat jemgyýetiniň döremegi hem hukuk döwletiniň kemala gelmeginiň we berkemeginiň şertidir.

**Raýat jemgyýeti**

**Raýat jemgyýeti** – ýokrda filosofiýanyň taryhynda we syýasaty öwreniş dersinde görkezilşi ýaly - adama öz ykdysady we syýasy durmuşynyň görnüşlerini erkin saýlap almaklygy kepillendirilýän, adamyň ählumumy hukugy ykrar edilýän jemgyýetçilik gurluşydyr.

Raýat jemgyýeti filosofiki düşünje hökmünde Aristotel tarapyndan öňe sürüldi. Döwletiň nämeden ybaratdygyny kesgitlemezden öň raýat düşünjesini kesgitläliň, sebäbi, döwlet raýatlaryň, raýat bileleşiginiň jeminden başga zat däldir diýip, Aristotel ýazypdyr. Aristotel raýat jemgyýetiniň, ýokary häkimiýetiň ählumumy eşretiň bähbitleri üçin hereket edýän mahaly bardyr diýip tassyklaýar.

XVII asyryň ortasyndan başlap (T.Gobbsiň eserleri) raýat jemgyýeti hakyndaky düşünje uzak wagtlyk ewolýusiýany geçdi we XVIII asyrda Fransuz buržuaz rewolýusiýasy döwründe adamyň we raýatyň hukuklarynyň Jarnamasynyň jar edilmegi bilen giňden ýaýrady. Jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri bilen utgaşyklylykda öz şahsy bähbitlerine akyl ýetirýän jemgyýetiň deň hukukly agzasy bolan «raýat» peýda boldy. Uzak wagtlap ösüş netijesinde umumyadamzat gymmatlyklaryna esaslanan raýat jemgyýetiniň häzirkizaman düşünjesi emele geldi. Eýeçiligiň görnüşleriniň köp dürlüligi we deňligi, zähmetiň hem-de telekeçiligiň erkinligi, ideologiýa babatdaky köp dürlülik we maglumatlary almakdaky erkinlik, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň üýtgewsizligi, ösen öz-özüňi dolandyryş, esasy sosial edara bolan maşgala onuň esasy elementleridir. Soňky ýyllarda täze garaşsyz ýurtlaryň birnäçesinde toplumlaýyn konstitusion-hukuk instituty hökmünde raýat jemgyýetiniň esaslaryny pugtalandyrmaga tarap tendensiýa ýüze çykdy.

Raýat jemgyýeti häzirkizaman düşünilişi döwletiň we syýasatyň demokratik konsepsiýasynyň çäklerinde raýatlaryň meýletin we döwletden garaşsyz birleşmeleriniň jeminden ybaratdyr. Olaryň agzalary bolsa professional syýasatçylar bolmasalar-da, öz wekilçilik edýän sosial toparlarynyň bähbitleriniň

kanagatlandyrylmagyny gazanmak maksadyna eýerip, döwlet häkimiýeti bilen guramaçylykly hem-de işjeň arkalaşykly hereket edýärler.

Raýat jemgyýeti instituty hukugyň esasynda işleýär, hukuk kanunyna tabyndyr. Şeýlelikde, hem döwlet, hem-de raýat jemgyýeti deň derejede hukuga tabyn bolup durýarlar. Raýat jemgyýeti öz agzalarynyň aň-düşünjesiniň kemala gelmegine ýardam edýär. Sebäbi, adam diňe bir peýda alýan telekeçi ýa-da diňe bir sarp ediji bolman, ol öz içki tebigaty boýunça jemgyýetçilik häsiýetlidir we oňa ýaşamagyň we hyzmatdaşlyk etmegiň örän dürli görnüşleri derwaýys, oňa bolup geçýän zatlara täsir etmek gerek, oňa öz bitirýän hyzmatlarynyň ykrar edilmegi zerur bolup durýar. Raýat jemgyýeti adamyň öz-özüni açyp görkezmeginiň netijeli serişdeleriniň biridir.

Raýat jemgyýetiniň institutlaryny gurmagyň zerurlygy şu esasy faktorlar bilen şertlendirilýär: raýat jemgyýeti adamzat jemgyýetiniň has göwnejaý görnüşidir, şonda adamyň köp görnüşli talaplaryny, zähmete, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge bolan onuň düýpli hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek mümkindir. Raýat jemgyýetiniň mehanizmi bir bitewi düzüm hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny iş ýüzünde ynsanperwerleşdirmäge mümkinçilik berýär; muňa gyzyklanma bolsa adamyň işiniň köpdürli görnüşleriniň esasyny düzýär. Raýat jemgyýeti adamlaryň bähbitleriniň bagažy hökmünde döreýär, onuň mehanizmleri olaryň ylalaşylmagyna gönükdirilendir. Raýat jemgyýetinde adamlaryň borçlary olaryň hukuklaryny durmuşa geçirmegiň şertleri hökmünde emele gelýär.

Raýat jemgyýeti jemgyýetçilik gurşawlaryň ählisinde düzüm taýdan öz guramalary we birleşikleri arkaly ýüze çykýar. Olaryň has uly bölegi ykdysady, sosial-syýasy we ruhy (medeni) gurşawlara düşýär. Ykdysady gurşawda raýat jemgyýetiniň döwlete dahylsyz kärhanalar (senagat, söwda, maliýe we başgalar) tarapyndan döredilen guramalarynyň giň ulgamy işleýär, olar bolsa häzirki zaman demokratik döwletlerde absolýut köplüge eýedir. Türkmen jemgyýetinde hem olaryň sany gün-günden artýart. Raýat jemgyýetiniň sosial-syýasy sferasy jemgyýetçilik-syýasy guramalaryny we hereketlerini; raýatlaryň jemgyýetçilik işeňňirliginiň dürli görnüşlerini (mitingler, ýygnaklar, ýörişler); ýaşaýan ýerlerindäki ýa-da zähmetkeşler toparlaryndaky jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralaryny; döwlete dahylsyz köpçülikleýin habar beriş serişdelerini özünde jemleýär. Raýat jemgyýetiniň sosial-syýasy gurşawynyň guramalary we birleşikleri raýat jemgyýetiniň ähli subýektleri ýaly jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda döredilýär hem-de işleýär. Raýat jemgyýetiniň ruhy (medeni) gurşawy pikir we söz azatlygyny, öz pikiriňi jemagat öňünde aýdyp bilmegiň anyk mümkinçiligini, döredijilik birleşikleriniň özbaşdaklygyny we garaşsyzlygyny üpjün edýär. Ol

gönüden-göni adamlaryň durmuş obrazy, olaryň ahlaklylygy, ylmy döredijiligi, ruhy kämilligi bilen baglanyşyklydyr.

Raýat jemgyýetiniň hukuk medeniýetiniň düzümi örän köp taraplydyr. Bu babatda onuň düzüminiň käbir taraplary: beýan etmegiň görnüşleri, onuň sosial derejesi, mazmuny we başgalar barada söz açmak mümkindir. Hukuk medeniýeti jemgyýetiň aýratyn ösüşiniň derejesi hökmünde ilkinji nobatda progressiw hukuk ideýalaryny we kanunlaryny kabul etmäge taýýarlygy bilen ýüze çykýar. Hukuk medeniýeti - munuň özi raýat jemgyýetiniň agzalarynyň işiniň belli bir häsiýetidir we derejesidir, şol işiň barşynda olar öz hukuk bilimlerine, başarnyklaryna, endiklerine eýe bolýarlar ýa-da olary ösdürýärler. Ahyr soňunda hukuk medeniýeti hukuk sferasynda medeniýetli işiň netijesi, ýagny, jemgyýetiň hukuk bilimleriniň, başarnyklarynyň, endikleriniň degişli derejesiniň jemi hökmünde dowam edip biler. Hukuk medeniýetiniň dowam etmeginiň bu usuly raýat jemgyýetiniň hukuk potensialy hökmünde bellenilýär.

Ykdysady we sosial reformalar geçirilýän şertlerinde ýurduň hukuk we ruhy potensialyny ösdürmek babatda döwletiň syýasatyna hem-de işine raýat jemgyýetiniň, onuň syýasy ulgamynyň, demokratiýanyň emele getirilmeginiň şerti hökmünde garalmalydyr. Ylym, medeniýet, ykdysadyýet babatda goşulyşmak ýagdaýy jemgyýetiň ahlak we ruhy sagdynlygynyň girewini döredýär, onuň sosial howpsuzlygynyň esasyny emele getirýär. Jemgyýetiň ynsanperwerliginiň derejesi diňe bir saýlawlaryň we sala salşyklaryň barşynda däl, eýsem, hemişe, raýatlaryň döwletiň, welaýatyň, işgärler toparynyň maşgalanyň işlerine we gatnaşyk etmegiň beýleki görnüşlerine gatnaşmagy hem-de dahyllylygy bilen barlanylýar. Döwlet bilimi, medeniýeti, habar beriş serişdelerini, dolandyrmagyň, önümçilikde we ilkinji ýerli düzümlerde öz-özüňi dolandyrmak üçin şertleri döretmegiň, maşgalany, şahsyýeti ösdürmek üçin şertleri döretmegiň düzümleriniň üsti bilen ruhy we beden taýdan sagdyn raýatlary kemala getirýär we olary aýap saklamaga borçly bolup durýar.

Dünýä tejribesiniň şaýatlyk edişi ýaly, ösen raýat jemgyýeti demokratiýanyň mäkäm esasyny döretmek bilen, köpçüligiň syýasy işeňňirliginiň çeşmesidir we netijesidir.

Raýat jemgyýeti üçin üç sany aýratynlyk häsiýetlidir. Birinjiden, assosiasiýalaryň köp bolmagy, ikinjiden, olaryň özbaşdaklygy, üçünjiden bolsa raýat jogapkärçiligini duýmak, şeýle hem medeniýetleşen ýagdaýda özüňi alyp barmak we işjeň raýat garaýşy - bularyň hemmesi hakyky raýat jemgyýetiniň zerur parçalarydyr.

Ýokarda bellenilşi ýaly, raýat jemgyýeti we hukuk döwleti logiki taýdan biri-birini göz öňünde tutýar, olary biri-birinden aýra göz öňünde getirmek

mümkin däldir. Şol bir wagtyň özünde raýat jemgyýeti ilkinjiligi eýeleýär, ol hukuk döwletiniň aýgytly sosial-ykdysady şertidir.

Jemgyýetiň syýasy taýdan öz-özüni guramaga ukyby diňe belli bir ykdysady şertler, hususan-da, ykdysady taýdan erkinlik, eýeçiligiň dürli hili görnüşleri, bazar gatnaşyklary bolan mahaly mümkindir. Raýat jemgyýetiniň esasynda bolsa hususy eýeçilik ýatandyr. Hut şonuň özi raýat jemgyýetiniň agzalaryna ykdysady taýdan öz mertebelerini saklap galmaga mümkinçilik berýär.

Raýat jemgyýeti we onuň döwlet bilen özara gatnaşyklary esasan şu pursatlar bilen häsiýetlendirilýär:

raýat jemgyýetiniň kemala gelmegi we ösmegi raýatlaryň deňliginiň ýörelgesiniň ykrar edilmegi bilen baglanyşyklydyr;

raýat jemgyýeti hususy eýeçilige we eýeçiligiň beýleki görnüşlerine, bazar ykdysadyýetine, assosiasiýalaryň, birleşikleriň erkinligine esaslanýar;

raýat jemgyýeti döwlet bilen bir hatarda, özbaşdak güýç hökmünde onuň bilen özara gatnaşykda bolmak bilen hereket edýär;

raýat jemgyýeti subýektleriň arasyndaky gorizontal aragatnaşyklaryň (koordinasiýa ýörelgesi) esasynda gurlandyr we ol öz-özüni guramak we öz-özüni dolandyrmak häsiýetine mahsus bolan ulgamdan ybaratdyr;

raýat jemgyýeti erkin raýatlaryň - eýeleriň bileleşigidir.

raýat jemgyýetiniň ösmegi we hukuk döwletliliginiň kemala gelmegi bilen jemgyýetiň we döwletiň ýakynlaşmagy, olaryň bir-birine aralaşmagy bolup geçýär: düýp mazmuny boýunça bolsa, hukuk döwleti raýat jemgyýetini guramagyň usulydyr, onuň syýasy görnüşidir;

raýat jemgyýetiniň we hukuk döwletiniň özara gatnaşyklary hukuk, demoktratiki jemgyýeti emele getirmäge, demokratik sosial-hukuk döwletini döretmäge gönükdirilendir.

Şeýlelikde, «raýat jemgyýeti» düşünjesi jemgyýetiň ösüşiniň belli bir derejesini, onuň ýagdaýyny, durmuş-ykdysady, syýasy we hukuk taýdan ýetişmeginiň derejesini häsiýetlendirýär. Biziň ýurdumyzda amal edilýän wezipeler ilki bilen ýşaýyş-durmuş maksatly, garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetini döretmeklige gönükdirilýär. Diýmek, täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetinde bolup geçýän özgerişler raýat jemgyýetiniň ýetişmekligi üçin gerek bolan esaslaryň döreýänligini görkezýär.

**etmegiň harby däl,**
**parahatçylykly syýasy-**
**diplomatik ýörelgeleriniň**
**üýtgewsizligi biziň**
**bähbitlerimiziň sebit**
**we dünýä ýurtlarynyň bähbitleri**
**bilen utgaşan ýerlerinde**
**howpsuzlyk**
**maksatnamalarymyzy amala**
**aşyrmakda bitaraplygymyza**
**çeýelik we berklik**
**aýratynlyklaryny berýär 1.**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**

## VIII bölüm. Türkmenistanyň häzirkizaman halkara gatnaşyklar ulgamyndaky orny

**Halkara gatnaşyklar we halkara syýasat.** Halkara syýasatyň tebigatyny we onuň içeri syýasatdan tapawudyny, hem-de olaryň özara baglanşygynyň häsiýetini kesgitlemezden ozal „halkara gatnaşyklar“ we halkara syýasat“ diýen düşünjeleriň baglanyşygyny açyp görkezeliň.

Bu düşünjeleriň manysy üýtgemän durmady. Eger XX asyryň başynda dünýäde diňe 52 garaşsyz döwletler bolan bolsa, onda şol aryň ortalarynda olaryň sany 82 ýetdi, bu gün – XXI asyryň başynda bolsa garaşsyz döwletleriň sany 200-den hem geçdi. Geçen asyryň aýagynda Türkmenistan hem garaşsyz döwlet bolup dünýä birleşigine girdi. Garaşsyz döwletleriň ählisi we olarda ýaşaýan halklar adamzat durmuşynyň dürli ugurlarynda biri-birine täsir edýärler. Ozal halkara gatnaşyklar taglymatynda özygtyýarly döwletleriň özara täsirini aňlatmaklyk üçin „daşary syýasat“ dňşünjesi ulanylýardy. Ýöne häzirki döwürde dünýä bileleşigi diňe bir ikitaraply ýa-da köptartaply esasda ykdysady, söwda, harby soýuzlara birleşen garaşsyz döwletlerden durmaýar. Halkara arenasynda olardan daşary syýasy, sosial, ykdysady ösüş meseleleri hem-de ýaragsyzlanmak, howpsyzlyk meseleleri bilen iş salyşýan Birleşen Milletler Guramasy, halkara hökümet we hökümetden daşary guramalar, ýörüteleşdirilen edaralar we guramalar hereket edýärler. Olaryň ählisi halkara gatnaşyklaryň subýekti bolup çykyş edýärler.

1 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň tkdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. 34 s.

Diýmek, halkara gatnaşyklary halakra bileleşiginiň subýektleriniň arasynda ýüze çykýan ykdysady, syýasy, sosial, diplomatiki, hukuk, harby we medeni

baglanşyklaryň we özara täsirleriň ulgamy bolýar. Gümansyz, halklaryň, döwletleriň, hökümetara we hökmetden daşary guramalaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň ählisi syýasy häsiýete eýe bolmaýarlar. Halkara gatnaşyklaryň subýektleiniň sanynyň artmagy bilen „daşary syýasat“ düşünjesi bilen bir hatarda „halkara syýasaty“ diýen düşünje hem ulanylyp başlandy.

Halkara syýasaty halkara gatnaşyklaryň özeni bolýar. Ol uruş we parahatçylyk, ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, yzagalaklygy we garyplygy, açlygy we hassalygy aradan aýyrmak bilen baglanşykly soraglary çözmeklige günükdirilen halkara hukugynyň subýektleriň (döwlet we başg.) syýasy hereketi bolýar. Şeýlelikde, halkara syýasaty adamzat jemgyýetiniň ýaşamaklygy we ösmekligi, dünýä syýasatynyň subýektleriniň bähbitlerini sazlaşdyrýan mehanizmi işläp düzmekligi, global we sebitiň dawalarynyň öňüni alamk we çözmek, adalatly dünýä düzgünlerini döretmek bilen baglanşykly meseleleri çözmeklige gönükdirilýär. Bu syýasat dünýäde durnuklylygyň we parahatçylygyň, deňhukukly halkarra gatnaşyklarynyň ösmekliginiň wajyp şerti bolýar.

Halkara syýastyň manysyny açyp görkezmeklik üçin daşary we içeri syýasatyň özara baglanyşygyny düşündirmeklik gerek bolýar. Biziň täze Galkynyş eýýamyna girişýän türkmen döwletimiz üçin içeri we daşary syýasatyň baglanyşygyny aňlamagyň wajyplygyny göz öňünde tutyp bu ýerde bar bolan dürli garaýyşlaryň üstünde durup geçeliň.

Birinji garaýşa görä içeri we daşary syýast birmeňzeş bolýarlar. Olaryň ikisi güýç üçin göreş bolup, içerki we halakra gurşawlarda kemala gelýän şertler bilen kesgitlenýär. Ikinji garaýşa görä daşary syýasat içeri syýasat bilen kesgitlenýär. Üçünji garaýyş hem soňky garaýyş ýaly daşarky syýasatyň içerki syýasat bilen kesgitlenýändigini belläp, onuň içerki jemgyýetçilik gatnaşyklary dowamy bolýandygyny nygtaýar. Soňkynyň manysy bolsa jemgyýetde jemgyýetde agalyk edýän ykdysady gatnaşyklar we dolandyrýan synplaryň bähbidi bilen kesgitlenýär.

Gümansyz bu garaýyşlaryň her biriniň rasional mańzy bar. Ýöne daşary ýa-da içeri syýasatyň agdyklyk etmegi takyk-taryhy şertler bilen bagly bolýar. biziň täze Galkynyş eýýamymyzda olar berk baglanşykda bolup biri-biriniň üstüni ýetirýär. Biziň döwletimiziň ýaşaýşyna daşary şertleriň täsir ediş derejesine görä, ol öz halkara syýasatynyň manysyny kesgitleýär.

**Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň mazmuny we ýörelgeleri**. Halkara syýastyň manysyny milli bähbitleri derňemän açyp bolmaýar. Syýatda elmydama umumy ähmiýetli ýa-da toparlaýyn bähbitler aňladylýar, halkara syýasatda bolsa – milli bähbitler. Milli bähbit döwletiň esasy gerekliliklerini

aňlamaklyk we ony milli Lideriň hereketinde şöhlelendirmeklik bolýar. Täze Galkynyş eýýamynda öňe sürülen döwrebaplaşmaklyk we galkynmaklyk syýasty diňe hyzmatdaşlygyň esasynda amal bolup bilýär. Şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň milli bähbitlerini durmuşa geçirende beýleki döwletleriň bähbitlerine hem uly hormat goýýar.

Millet özüniň we beýleki döwletleriň bähbitlerini we gerekliliklerini sazlaşdyrmak esasynda öz howpsuzlyyny üpjün edip bilýär. Milli howpsuzlyk şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň içerki we daşarky wehimlerden goraglylygyny, döwletiň öz özygtyýarlygyny we teritorial bitewiligini saklamaklyk, halkara hukugynyň subýekti bolup çykyş etmeklik ýagdaýyny aňladýar. Şahsyýet, jemgyýet we döwlet üçin „howpsuzlyk“ düşünjesi ähli manyda gabat gelmeýär. Şahsyýetiň howpsuzlygy onuň aýrylmaz hukuklarynyň we azatlyklarynyň ahmal bolmaklygyny aňladýar. Jemgyýet üçin howpsuzlyk onuň maddy we ruhy baýlyklarynyň goraglylygyny we baýlaşmagyny aňladýar. Döwletiň milli howpsuzlygy içerki durnuklylygy, berk goranmaklyga ukyplylygy, özygtyýarlygy, garaşsyzlygy, teritoril bitewiligi aňladýar.

Häzirki uruş howpunyň saklanýan döwründe milli howpsuzlyk ählumumy howpsuzlygyň aýrylmaz bölegi bolýar. Öz gezeginde ählumumy höwpsuzlygy beýleki döwletiň bähbidini kemsitmek bilen gazanyp bolmaýar. Ony diňe partnýorlyk we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine daýanyp gazanyp bolýar. Şu ýörelgeler Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň esasyny düzýärler.

Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 6-njy maddasynda bellenilişine görä, Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklara we hyzmatdaşlyga girmeklik ýörelgelerinden ugur alýar. Döwletiň daşary we içeri syýasaty berk baglanşykda bolup, bu syýasat ýurdumyzyň galkynmagyna we döwrebaplaşmagyna, döwletimiziň hemme taraplaýyn ösmegine, berkemegine, jemgyýetimiziň has jebisleşmegine, döwletimiziň halkara işjeňliginiň we abraýynyň artmagyna hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen we onuň ýolbaşylygy astynda täze Galkynyş ýoly bilen alnyp barylýan ägirt uly özgertmeleriň dowam edýän häzirki döwürde türkmen döwletiniň umumy ykrar edilen hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk statusyna esaslanýan daşary syýasat strategiýasy hil taýdan täze many-mazmuna eýe bolýar. Şunuň bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň beýleki döwletler we halkara guramalary bilen hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen parahatlyk söýüjilikli ýoly has belent derejelere çykýar.

Döwletiň daşary syýasatynyň esasy ugurlary we onuň ýurtlar bilen hyzmatdaşlygynyň görnüşleri ýurduň çäginiň geografiki ýerleşişi bilen

baglanşykda, ýagny geosyýasy ýagdaýy bilen çözülýär. Şonuň üçin taryhy, syýasy, ykdysady we medeni taýdan ýakyn baglanyşygy bolan goňşy döwletler bilen aragatnaşygy ösdürmek Türkmenistanyň geosyýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Biziň ýurdumyz öz ýakyn goňşulary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryna, ähli ugurlardaky giň hyzmatdaşlyga özygtyýarlylygyny we bitaraplyk statusyny berkitmegiň, daşary syýasatdaky maksatlaryny üstünlikli amala aşyrmagyň kepili hökmünde garaýar.

Dünýä Bileleşigine goşulyşmagy mundan beýläk hem dowam etdirmek maksady bilen, şeýle-de, bar bolan oňaýly mümkinçilikleri göz öňünde tutup, Türkmenistan Aziýanyň, Ýewropanyň Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Afrikanyň Awstraliýanyň ösen we çalt ösýän ýurtlary bilen özara konstruktiw gatnaşyklary ýola goýmaga we alyp barmaga çalyşýar.

Türkmenistanyň iri halkara guramalary bilen, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Konferensiýasy Guramasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy we beýleki uly halkara gurluşlar bilen alyp barýan hyzmatdaşlygy hem şu maksatdan ugur alýar.

Türkmenistan häzirki wagtda 118 sany halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna gatnaşýar. Bu biziň döwletimiziň halkara-hukuk binýadynyň berkeýändigini subut edýär. Şu işi amal etmeklikde diplomatiki korpus wajyp orun eýeleýär.

**Türkmen diplomatiýasy.** Türkmenistanyň diplomatik korpusy garaşsyzlyk ýyllarynda kemala geldi. Häzirki täze Galkynyş ewýýamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ol berkeýär we hyzmatdaşlygy has ýokary derejede alyp barmaklyk pähim-paýhasyna eýe bolýar. Bu gün (2010-njy ýyl) türkmen diplomatiýasynyň her günki işi we yhlasy bilen Türkmenistan dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Halkara guramalarynyň 42-dan gowragynyň agzasy boldy. Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň diplomatik we konsulluk wekilhanalarynyň 25-si işleýär. Aşgabatda daşary ýurtlaryň 30-synyň diplomatik missiýasy işleýär. Soňky wagtlarda bu sanlar mese-mälim artdy we geljekde-de olaryň özüşi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň işjeňliginiň netijeliliginiň esasy görkezijisi bolar.

Täze Galkynyş eýýamynda sözüň doly manysynda türkmen diplomatiýasy berkeýär, biziň döwletimiziň döwrebap daşary syýasatyny amal etmeginiň netijeli guralyna öwrülýär. Şu işiň amal bolmagynda ýurt Ýolbaşçysynyň ýurdumyzyň diplomatik korpusy bilen geçirýän duşuşyklarynyň aýratyn ähmiýetiniň bardygyny bellemeli. Oňa mysal edip 2009-njy ýylyň fewral aýynyň 18-jne bolan duşuşygyny getirse bolar. Şol duşuşykda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly

Berdimuhamedow milli ileri tutulýan ugurlary nazara almak bilen we dünýäniň global ýagdaýy babatda häzirki taryhy döwürde ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasyny durmuşa geçirmegiň täzeçe çemeleşmelerini esaslandyrdy. Döwlet Baştutany birnäçe meseleleri, şol sanda harby-syýasy, ykdysadyýet, durmuş-ýaşaýyş, ekologiýa, energetika, azyk, suw we beýleki meseleleri özünde jemleýän global howpsuzlyk düşünjesine giňişleýin düşündiriş berdi.

Howpsuzlygy üpjün etmäge, hut şunuň ýaly bir bitewi çemeleşmäni durmuşa geçirmek bilen baglanşykly öňde durýan weipeler ilki bilen ýurdumyzyň diplomatiýasyndan aýratyn jogapkärligi talap edýär. Olar öz işlerini häzirki döwrüň ähli ýagdaýlaryny nazara almak bilen gurnap, döwletimiziň milli bähbitlerini işjeň goramaly, Watanymyzy abyraýynyň artmagyna hemmetaraplaýyn hemaýat etmeli adamlar bolýarlar.

Diplomatik missiýanyň işgärleri bütündünýä ösüşniň meýillerini, global möçberde we biziň ýurdumyzyň gatnaşyk saklaýan her bir anyk döwletinde bolup geçýän syýasy, ykdysady, sosial ýagdaýlary ýzarlamaly, seljermeli bolýarlar. Ýurdumyzyň dünýä ýurtlary bilen köpugurly hyzmatdaşlygynyň artmaklygy şu hili seljermelere pudak edaralarynyň hem gatnaşmagyny talap edýär. Ýurt Ýolbaşçysy şu wajyp işe ünsi çekip, Ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň düzüminde häzirki zaman dünýäsiniň ösüşini öňünden çaklajak ýörüte birlikleri döretmek, dürli ugurlarda dünýä tejribesini öwrenmek, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen iki tarapa hem bähbitli hyzmatdaşlygy artdyrmaklyga işewür gatnaşmaklarynyň gerekdigini belleýär.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şonuň bilen baglanşykda Türkmenistanyň daşary syýasy edarasynyň işiniň kämilleşmegine hem aýratyn üns berýär. Bu barada Türkmenistan DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň açylmagy, minstrligiň düzüminde täze bölümleriň peýda bolmagy, daşary ýurtlardaky ilçihanalara we konsullyk edaralaryna uly goldaw berilmegi, daşary ýurtlarda Türkmenistanyň döwrebap ilçihanalarynyň gurulmady (Özbegistan respulikasynda) şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen her ýylyň 18-nji fewralynda diplomatik işgärleriniň güni hem bellenilip geçirlýär.

Türkmenistan döwletiniň beýleki döwletler bilen gatnaşyklary we hyzmatdaşlyklary gün-günden giňeýär köpgörnüşli häsiýete eýe bolýar. Olaryň hataryna syýasy-diplomatik gatnaşyklar, ykdysady hyzmatdaşlyk, dürli gumanitar-medeni (jemgyýetçilik durmuşynyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, ekologiýa, sport, edebiýat, sungat, medeni miras we başga ugurlarynyň meseleleri bilen

baglanşykly) gatnaşyklar girýär. Täze Galkynyş eýýamynda olaryň ählisi işewür derejä galdy.

**Türkmenistan dünýä ýaýylýar.** Türkmen döwleti halkara gatnaşyklary işewürleşdirmekde ýokary derejeli duşuşyklara aýratyn orun berýär. Daşary ýurtlaryň onlarçasynyň döwlet baştutanlarynyň resmi hem iş saparlary bilen ýurdumyzda bolmagy, daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň biziň ýurdumyza gelip görmegi, daşary ýurtlaryň hökümet delegasiýalarynyň, işewür toparlarynyň we dünýäniň iri kompaniýalarynyň wekilleriniň ýüzlerçesiniň Türkmenistana resmi we iş saparlary dünýä bileleşiginiň biziň ýurdumyza gyzyklanmasynyň barha artýandygyny subut edýär.

Turuwbaşdan Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary ýurtlara saparlarynyň geografiýasynyň öz-özünden ýa-da tötänleýin häsiýete eýe däldigini, olaryň syýasy we ykdysady maksadalaýyklygynyň jikme-jik takyklanandygyny, ölçerilendigini we milli bähbitlerden ugur alýandygyny aýratyn nygtamak zerurdyr.

Döwlet Baştutanynyň daşary ýurtlara saparlary Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny hasaba alýandygyny, ykdysady ösüşe gönükdirilendigini, ýurtda bolup geçýän giň gerimli özgerişlere hyzmat edýändigini aýdyň görkezijisidir. Täze Galkynyş eýýamyna gadam basylýan döwürde döwletara gatnaşyklaryň şu görnüşine ne derjede ähmiýet berilýändigine 2007-2009-njy ýyllarda ýurt Ýolbaşçysynyň 42 gezek daşary ýurtlarda iş saparlarynda bolandygy şaýatlyk edýär. (Şolaryň 12-si 2007-nji ýylda, 15-si 2008-nji ýylda, 15-si 2009-njy ýylda).

Ýurduň milli bähbitleri, ykdysady pragmatizm türkmen döwletiniň Baştutanynyň daşary ýurtlara saparlarynyň ugurlaryny kesgitleýär. Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň resmi saparlary daşary ýurtlarda Türkmenistanyň özboluşly tanyşdyrylyşyna öwrülip täze Galkynyş eýýamynyň ýoly bilen öňe barýan ýaş döwleti dünýä üçin açýar. Daşary ýurt saparlary türkmen Lideri bilen onuň bolýan ýurtlarynyň döwlet baştutanlarynyň arasynda syýasy düşünişmegiň, dostlukly, ynamly gatnaşyklaryň döremegine ýardam berýär, bu bolsa söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine ýol açýar.

Türkmen döwletiniň Baştutany daşary ýurtly işewür toparlar bilen geçirilýän duşuşyklarda, biznes-forumlarda Türkmenistana daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen, olary ýurdumyzyň ägirt uly çig mal serişdeleri bilen tanyşdyrýar. Ykdysady hyzmatdaşlyk üçin mümkinçiligi uly bolan ugurlary, anyk ykdysady taslamalary hödürleýär. Şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň her bir daşary ýurt sapary uly halkara seslenmesini döredýär, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen syýasy-diplomatik aragatnaşyklaryň, ykdysady hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna, döwletara şertnamalaryň baglaşylmagyna

ýardam berýär we öňden dowam edýän ikitaraplaýyn gatnaşyklara täze itergi berýär.

Täze Galkynyş eýýamynda ikitaraplaýyn özara bähbitli döwletara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakda we çuňlaşdyrmakda Türkmenistanyň işjeňliginiň artanlygyny 2009-njy ýylyň görkezijilerine esaslanyp fakt we san maglumatlar bilen delillendireliň. Biziň ýurdumyzyň dünýäniň 97 döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary muňa aýdyň mysal bolup hyzmat edýär. Eger 2007-nji ýylda Türkmenistanyň daşary söwda dolanşygy 13,7 milliard amerikan dollaryna, 2008-nji ýylda - 17,6 mlrd bolan bolsa 2009-njy ýylda bolsa 18,3 mlrd. dollara barabar boldy.

Ykdysady hyzmatdaşlygy işewürleşdirmeklige Aşgabatda geçirilen iri möçberli halkara maslahatlary ýardam berýär. Diňe 2009-njy ýylda Aşgabatda şu hili maslahatlaryň ençemesi geçirildi. Olaryň hatarynda: 23-24-nji aprelde geçen "Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty" atly maslahata 57 döwletden, iri transmilli kompaniýalaryň 50-siden 700-den gowrak wekilleri gatnaşdy; 2-4-nji iýunda Aşgabatda Yslam ösüş bankynyň Dolandyryjylar geňeşiniň 34-nji her ýyllyk duşuşygy boldy. Oňa 56-ýurtdan myhman gatnaşdy; 15-19-njy oktýabrda Türkmenistanyň Halkara maýa goýum forumy geçirildi. Oňa 50 firma we kompaniýalardan 700-e golaý wekil gatnaşdy.

Ýurdumyzyň Täze Galkynyş zamanasynda geçirilýän halkara ylmy-amaly maslahatlar hem halklaryň we dwletleriň düşünişmeklerine, ýakynlaşmaklaryna hyzmat edýär. 2009-njy ýylyň dowamynda geçirilen ylmy-amaly maslahatlaryň käbirinde garalan meseleler oňa şaýatlyk edýär: "Muhammet Gaýmaz türkmen–Gündogaryň meşhur alymy" (25-27.02), "Seljuklar döwrüniň edebiýaty we medeniýeti" (11-13.03), "Mollanepes we Gündogar şygryýeti"(13-14.03), "Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty" (24-25.04), "Türkmenistan dünýä jahankeşdeleriniň nazarynda" (28-29.04), "Baýram han we mogollar şa döwleti" (17-19.06), "Täze Galkynyş eýýamynda ylmy we bilimi dünýäniň ylym-bilim ulgamynda" (09.09), "Gadymy Jeýtun dünýäniň irki ekerançylyk medeniýetiniň ojagydyr" (15-16.09), "Görogly ýordumy we Gündogar edebiýaty" (23-25.09).

**Türkmenistan we halkara guramalar.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda alnyp barylýan daşary syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem abraýly halkara guramalary bilen, ilkinji nobatda Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyn hyzmatdaşlygy alyp barmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden çykyşynda nygtaýşy ýaly, “BMG-niň parahatçylyksöýüjilik, deňhukuklylyk, döwletleriň özygtyýarlylygyna, olaryň öz ösüş ýoly baradaky hukugyna sarpa goýmak ýörelgeleri biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasynda goýuldy. Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk bolsa onuň ileri tutulýan ugruna öwrüldi” 1. Bu halkara guramasyna agza bolan Garaşsyz Türkmenistan turuwbaşdan öz syýasatyny umumy adamzat bähbitlerini türkmen halkynyň milli bähbitleri bilen utgaşdyrmagyň esasynda gurnamaga girişdi. Onuň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan işlenip düzülen halkara konwensiýalaryň, jarnamalaryň, ylalaşyklaryň onlarçasyna goşulyp, olarda beýan edilen düzgünleriň gyşarnyksyz berjaý edilmegini üpjün edip gelýändigi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan dünýäniň gowgaly sebitinde ýerleşip, bu ugurda Birleşen Milletler Guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär we özara netijeli hereket etmegi mundan beýläk-de giňeltmäge çalyşyar. Birleşen Milletler Guramasynyň ýanynda Tükmenistanyň wekilhanasynyň, Türkmenistanda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň hemişelik wekilhanasynyň döredilmegi olaryň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga we işjeň amala aşyrmaga amatly şertleri döretdi.

Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan gatnaşyk saklamakda bu halkara bileleşiginiň birnäçe guramalarynyň we komissiýalarynyň wekilhanalarynyň biziň ýurdumyzda açylmagynyň hem ähmiýeti uludyr. Birleşen Milletler Guramasynyň biziň ýurdumyzdaky işi barha giňelýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM), Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (YUNISEF), Birleşen Milletler Guramasynyň bosgunlaryň işleri boýunça ýokary komissarynyň ofisi (BMG UWKB), Birleşen Milletler Guramasynyň ilat gaznasy (BMG IG), Bütindünýä Saglygy Goraýyş, Guramasy (BSGG), we Birleşen Milletler Guramasynyň neşeler we jenaýatçylyk boýunça müdirligi (BMGNJM) ýaly düzümleri wekilçilik edýär. Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasynyň işi bilen baglanyşykly agentlikler hem işleýär, olar Bütindünýä Bankydyr hem-de Halkara Migrasiýa Guramasydyr (HMG).

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan biragyzdan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy sebitde durnuklylygy üpjün etmekde, dürli

1 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap T. 1., 174 s.

taraplaryň gyzyklanmalaryny utgaşdyrmak we netijeli gepleşikleri ýola goýmakda möhüm faktor hökmünde çykyş edýär. Şu çäklerde, Birleşen Milletler Guramasy

bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýandygy aýratyn bellemelidir. Türkmen Lideriniň bu babatdaky syýasy garaýyşlarynyň tutuş öňdebaryjy adamzat üçin özüne çekijidigini Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 62-nji we 64-nji sessiýalarynyň wise-başlyklygyna saýlanmagy, 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň açylmagy we onuň sebit meseleleriniň oňyn çözülmegine işjeň gatnaşyp başlamagy we başga-da ençeme mysallar aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyna bu iň ýokary halkara forumynyň wise-başlyklygyna soňky gysga döwürde iki gezek saýlanan döwletiň Prezidenti hökmünde gatnaşmagy we çykyş etmegi, onuň öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda sessiýanyň mejlisine ýolbaşçylyk etmegi raýatlarymyzyň her birinde buýsanç we guwanç duýgularyny döretdi.

Hormatly Prezidentimiziň 2009-njy ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyna gatnaşmagy, çykyş etmegi, başlyklyk etmegi, Nýu-Ýorkda geçiren duşuşyklary Türkmenistan döwletimiziň halkara abraýynyň arşa göterilenliginiň aýdyň subutnamasy boldy. Şu saparyň dowamynda Hormatly Prezidentimiz “Habarly jemgyýeti ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin” atly ýokary derejeli halkara ordeni bilen hem sylaglandy, Nýu-Jersi ştatynyň paýtagty Trentonyň meriniň Karary bilen Nýu Jersi ştatynyň Trenton şäherinde 2009-njy ýylyň 24-nji sentýabry Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Güni diýilip yglan edilendigini hem aýratyn bellemelidir.

**Türkmenistan global mäçberde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek barada.** Eger Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň ýokary forumynda eden çykyşlaryna syn etsek, onda olaryň häzirki döwürde adamzadyň öňünde ýüze çykýan meselelere bagyşlanýandygyny aýdyň görýäris. 2009-njy ýylyň 23-nji sentýabrynda Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň 64-nji sessiýasynda eden taryhy çykyşynda, mysal üçin, Türkmenistan döwletleriň hem-de iri halkara guramalarynyň has ysnyşykly we sazlaşykly gatnaşyklarynyň zerurlygy, häzirkizaman halkara gatnaşyklarynda BMG-niň orny, BMG-ni reformirlemek, dünýäde howpsuzlygy berkitmekligiň zerurlygy, Aşgabatdaky Sebit merkeziniň işi, energiýa howpsuzlygy, Türkmenistanyň ýaragsyzlanmak, ýarag arsenallaryny, ilkinji nobatda, köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny kemeltmek, onuň ýaýradylmagyna garşy hereket etmek meselesine garaýşy, Türkmenistanyň ählumumy howpsuzlygy gazanmaklyk üçin öňe sürýän täze teklipleri, Türkmenistanyň halkara terrorçylygyna, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna,

serhetýaka guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreş meselelerine garaýşy, Türkmenistanyň doganlyk Owganystana berýän kömegi bilen baglanşykly meseleler barada giňişleýin durup geçdi.

Türkmen döwletiniň Baştutanynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň belent münberinden çykyş edip, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny açyp görkezmek bilen, dünýäde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegi ugrundaky öňe süren kesgitli teklipleri dünýa döwletleri we abraýly halkara guramalary tarapyndan uly gyzyklanma we goldaw bilen kabul edildi.

Türkmenistanyň Baştutany dünýäde halklarynyň abadan we durnukly ösüşi bilen bagly giňişleýin çäreleriň hemmetaraplaýyn we oňyn görnüşde amala aşyrylmagynyň Milletler Bileleşiginiň agzalarynyň, giň halkara jemgyýetçiligiň öňünde çuňňur jogapkärçilikli wezipeleriň uly toplumynyň öňde durýandygyny aýdyň görkezdi.

Türkmenistanyň häzirki zaman halkara gatnaşyklaryny ösdürmekde ileri tutýan ugurlary, aýratyn hem dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy meseleleri boýunça garaýyşlarynyň täsirliligi ýone ýerden däldir, sebäbi, dünýä howpsuzlyk meseleleri babatyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewiligi ýörelgeleri umumy tagallalary birleşdirmekde ugur alarlyk nusga bolup biljek garaýyşdyr. Bu garaýyş geosyýasy babatda howpsuzlyk düşünjesiniň bölünmezdigini, ýagny milli howpsuzlygyň, sebitleýin we halkara howpsuzlygynyň bir-biri bilen bitewidigini beýan edýär we ylmy-syýasy taýdan esaslandyrýar.

Türkmenistan aýratyn hem energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygyny nazara almak bilen, halkara derejesindäki çäreleri Birleşen Milletler Guramasy we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen bilelikde yzygiderli amala aşyrýar. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda hil taýdan öňe gidişlikleri gazanmagyň, halkara energetika giňişliginde gatnaşyklaryň täze hilini döretmegiň hakyky nusgasyny görkezdi. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda biragyzdan kabul edilen «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakyndaky ady agzalan taryhy Rezolýusiýasy halkara derejesinde amala aşyrylan ilkinji ädim boldy.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, bu örän wajyp resminamanyň çäklerinde 2009-njy ýylyň aprel aýynda Aşgabatda energiýa howpsuzlygy babatda uly halkara konferensiýasy geçirilmegi hem energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekdäki dürli garaýyşlaryň umumy esasyny işläp düzmekde möhüm ähmiýete eýe boldy. Oňa 700-e golaý adam gatnaşdy. Bu ýokary derjeli halkara çäresinde energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegine degişli halkara-hukuk resminamasyny taýýarlajak Bilermenler toparyny döretmek baradaky haýyş bilen BMG-na ýüzlenmek teklip edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti şu mesele bilen baglanşykly BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýanyň mejlisinde eden çykyşynda: "Gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini nazara almak bilen, energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmek babatda maslahatlary taýýarlamak üçin ekspert toparyny döretmek baradaky meselä garamak haýyşy bilen Birleşen Milletler Guramasyna ýüz tutmak teklibi konferensiýanyň netijeleriniň biri boldy. Türkmenistan BMG-niň çäklerinde şeýle toparyň döredilmegine hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardyr we gyzyklanma bildirýän döwletleriň ählisini onuň işi boýunça teklipleri taýýarlamaga çagyrýar. Toparyň döredilmegi energiýa serişdelerini ibermegiň halkara ulgamynyň netijeli hereket etmegini, şol sanda energiýa ulgamynyň goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen BMG-niň toplumlaýyn resminamasyny taýýarlamakda ilkinji ädim bolar diýip hasaplaýarys" 1 diýip belledi.

Türkmenistan tarapyndan hödürlenen bu Rezolýusiýanyň taslamasynyň dünýäde şeýle gyzyklanma döretmegi ýöne ýere däldir. Resminamanyň mazmunyndaky ideýalar tutuş halkara bileleşiginiň tagallalary bilen sazlaşykly bolup çykdy. Energiýa howpsuzlygy bolmazdan, global howpsuzlygy üpjün edip bolmajakdygyna, energiýalary daşamagyň durnuklylygy bolmazdan, dünýä ösüşinde durnuklylygyň bolmajakdygyna akyl ýetirilmegi Rezolýusiýanyň şeýle giňden goldanylmagyna sebäp boldy.

Dogrudan-da, energiýa howpsuzlygy içinde serişde-çig mal, harby-syýasy, maliýe, ekologiýa, tehnologiýa ýaly biri-birine içgin baglanyşykly faktorlar has äşgär görnüp duran, çylşyrymly, köptaraply ýüze çykmadyr. Şeýlelikde, bu gün energiýa howpsuzlygyny üpjün edýän ulgam gysga wagtlyk, şeýle hem uzakmöhletli häsiýete eýe bolan dürli howplara sezewar bolmak bilen, tutuş dünýä jemgyýetçiliginiň durmuşynda oňaýsyz täsirleri ýüze çykarýar. Uglewodorod energiýasynyň sarp edilişiniň artmagy, tranzit infrastrukturasynyň ýeterlik ösdürilmänligi, üstaşyr geçirýän ýurtlaryň sanynyň köpelmegi, uly möçberli maýa goýumlaryň goýulmagy, kyn howa şertlerinde ýa-da deňiz ýalpaklyklarynda täze

1 Türkmenistan gazýeti, 2009=njy ýylyň 24-nji sentýabry.

nebit-gaz ýataklaryny ulanmaga taýýarlamagyň we işe girizmegiň zerurlygy, depginli ösýän täze sarp ediji ýurtlaryň peýda bolmagy bilen baglylykda, gazylyp alynýan ýangyç serişdeleriniň dünýä boýunça birsydyrgyn paýlanmagy we sarp edilmegi kynlaşýar.

Alymlaryň alternatiw energiýa çeşmelerini döretmek baradaky ähli tagallalaryna garamazdan, uglewodorod çig maly bolan nebit we tebigy gaz ýakyn geljek üçin dünýä ykdysadyýetiniň ýangyjy bolup durýar we şeýle bolmagynda galar. 2010-njy ýylyň 24-25-nji fewralynda 27 döwletden wekilleriň gatnaşmagynda Aşgabatda "Türkmenistanda energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmagyň meseleleri" atly halkara ylmy maslahatynyň geçirilmegi hem tötänleýin däldir. Şeýlelikde, energiýa serişdelerini daşamak meselesi, ony harby-syýasy, ekologiýa, tehnogen häsiýetli töwekgelçiliklerden, halkara terrorizminiň howpundan goramak kepillikleri, hakykatda, global möçbere eýe bolmak bilen, halkara bileleşiginiň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň ünsüni we degişli gatnaşygyny talap edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti häzirki zamanyň wagty ýeten meselelerini çözmekde möhüm ähmiýete eýe bolan başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän olary iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça hem anyk çäreleri we teklipleri hödürleýär. Häzirki döwürde ýaragsyzlanmak meselesi, ilkinji nobatda, köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny kemeltmek we aradan aýyrmak, olaryň ýaýradylmagyna ýol bermezlik barada garşy hereket etmek proseslerine ýardam bermek meselesi global we aktualdyr. Türkmenistan bitarap döwlet hökmünde hemişe ýaragsyzlanmak hereketini giňeltmegiň we çuňlaşdyrmagyň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistan 1994-nji ýylda "Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy hakyndaky Şertnama" goşuldy, 1998-nji ýylda bolsa "Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek hakyndaky Şertnama" girdi. Bu halkara-hukuk resminamalary ähliumumy dünýä howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek baradaky hyzmatdaşlyk çärelerine hem örän işjeň gatnaşýan döwletleriň biridir. 2006-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan sebitiň beýleki ýurtlary bilen birlikde Gazagystanyň Semipalatinsk şäherinde "Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek hakynda Şertnama" gol çekdi.

Türkmenistan ýaraglary aradan aýyrmak meselesinde hem öz tagallaryny dowam etdirýär. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda nobatdaky çäre hökmünde BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýanyň we Hazar sebitiniň howpsuzlyk meselelerine bagyşlanan halkara maslahatyny geçirmegi teklip etdi hem-de

Türkmenistanyň bu forumy guramaçy bolup çykyş etmäge taýýardygyny mälim etdi. Bu ýokary derejeli halkara çäresiniň BMG-niň 64-nji ýyllyk sessiýasynyň çäklerinde 2010-njy ýylda Aşgabat şäherinde geçirilmegine garaşylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň global howpsuzlyk meseleleri barada aýdanlary häzirki döwrüň global derejesindäki müşgilliklerine we howplaryna, aýratyn hem halkara terrorçylygy, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy, guramaçylykly jenaýatçylyk ýaly howplara garşy durmak meseleleri bilen hem utgaşýar. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda ähli gyzyklanýan taraplaryň, ilkinji nobatda BMG agza döwletleriň tagallalaryny birleşdirmegiň, halkara guramalary bilen ysnyşykly gatnaşyklary ösdürmegiň wajypdygyny görkezdi.

Merkezi Aziýa sebitinde hopwsuzlygyň üpjün edilmegi Owganystandaky ýagdaýlaryň durnuklaşmagy we ol ýerde parahat durmuşyň ykrar edilmegine gönüden-göni baglydyr. Türkmenistan bilen umumy araçäginiň uzaklygy 800 kilometrden gowrak bolan goňşy Owganystanda asuda ýaşaýşyň berkarar bolmagy we onuň durmuş-ykdysady taýdan aýaga galyp ugramagy örän möhüm ähmiýete eýedir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen Türkmenistan dostlukly owgan halkyna ynsanperwerlik kömeklerini yzygiderli berýär, onuň bilen söwda-ykdysady, ýangyç-energetika we medeni-gumanitar ugurlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklaýar. Elbetde parahat we ösýän Owganystanyň bolmagy biziň ýurdumyz üçin örän bähbitlidir. Şol sebäpli Türkmenistan Owganystan meselelerine garamagyň has kämil ýollaryny, bu ýurtdaky kynçylyklyk meseleleriň ählisini netijeli çözmäge ýardam etjek halkara syýasy-diplomatik usuly gözlemegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Owganystan meselesini harby usullar bilen däl-de, syýasy-diplomatik we gepleşikler, ykdysady we ynsanperwer ýollar bilen çözmegiň dogry boljakdygyny tekrarlaýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyndaky çykyşynda beýan eden esas goýujy ideýalary we teklipleri Döwlet baştutanymyzyň BMG-niň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşyklarynda, şol sanda BMG-niň Baş Sekretary Pan Gi Munyň 2010-njy ýylyň başynda Aşgabada eden iş saparynda hem giňişleýin öz beýanyny tapdy. Duşuşykda ýurdumyzyň bu iň uly halkara guramasy bilen gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy we geljegi babatda jikme-jik pikir alşyldy. Baş Sekretar bolsa guramanyň Merkezi Aziýada alyp barýan işlerinde Türkmenistanyň we onuň öňe sürýän başlangyçlarynyň aýratyn orun eýeleýändigini belledi. Söhbetdeşlik mahalynda taraplar gatnaşyklaryň täze görnüşlerini tapmagyň we durmuşa geçirmegiň zerurdygy barada hem ylalaşdylar.

Bu gün Türkmenistan Ýer ýüzüniň ähli halklary bilen deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga çalyşýan ylalaşdyryjy döwlet hökmünde tanalýar. Sebit meselelerini çözmekde Türkmenistanyň bitaraplygynyň oňyn roly häzirki zamanyň halkara gatnaşyklaryny guramakda özboluşly nusga bolup hyzmat etmäge mynasypdyr. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň hereket edýän modeli halkara bileleşiginiň uruşsyz hem gapma-garşylyksyz dünýä tarap ilerlemeginde, döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy halkara hukugynyň ýörelgeleri we kadalary esasynda ýola goýmak ugrundaky oňyn hereketlerinde öz beýanyny tapýar.

Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilige ýugrulan daşary syýasat ugry «Açyk gapylar» syýasatyna esaslanýar. Munuň özi goňşy döwletler, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli syýasy, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary ýola goýmakdan, Türkmenistan tarapyndan gol çekilen we ykrar edilen halkara resminamalaryny gyşarnyksyz berjaý etmekden, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan işjeň parahatçylyk söýüjilige esaslanýan syýasy ugry ýöretmekden ybaratdyny aňladýar.

Bu ýörelge Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde, söwda-ykdysady we maýa goýum, energetika we ulag-aragatnaşygy, şeýle hem durmuş-medeni we gumanitar ugurlarda giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde ägirt uly güýjüniň bardygyny aýan edýän daşary syýasatyna berlen göwrümli, şol bir wagtda-da çuňňur we giňişleýin häsiýetnamadyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan, yzygiderli ösüş depginli we innowasion häsiýetli daşary syýasat strategiýasy, türkmen döwletiniň halkara abraýynyň gyşarnyksyz pugtalanmagynda, sebit we global geosyýasat boýunça onuň rolunyň ýokarlanmagynda möhüm faktordyr.

Türkmenistan halkara arenasynda öz daşary syýasat başlangyçlaryny sebitleýin ösüş we hyzmatdaşlyk babatdaky wajyp meselelerini, sebit we global möçberdäki geosyýasy ýagdaýlary hasaba almak bilen amala aşyrmaga çalyşýar. Şeýle çemeleşme biziň ýurdumyzyň dünýä bileleşiginiň durmuşyna işeňňir gatnaşmagyna, türkmen döwletiniň häzirki zaman dünýäsindäki ähmiýetini hil taýdan ýokary derejä ýetirmeklige gönükdirilen geosyýasy strategiýanyň düýp mazmuny bolup durýar

**Türkmenistanyň daşary syýasatynyň täsirliligi.** Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň ýokary derejede wajyplygyny kesgitleýän esasy ölçeg, olaryň dünýä bileleşigi tarapyndan giňden goldanylmagydyr. Tutuş adamzadyň ösüş maksatlarynyň umumylygyna düşünmek, häzirki zaman wehimlerine we howplara bilelikde garşy durmagyň zerurlygyna göz ýetirmek, şu ugur boýunça anyk ädimleri ätmäge taýýar bolmak, halkara aragatnaşygynyň ähli ulgamynyň durnuklylygynyň esasy şerti bolup durýar.

Türkmenistan özüniň hoşniýetli halkara syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmäge gönükdirilen teklipleri bilen utgaşdyrýar. Biziň

döwletimiz özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, oňaýly geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna, söwda-ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat başlangyçlary biziň döwletimiziň halkara arenasyndaky işjeň roluny we ösüş häsiýetini aýdyň görkezýär. Biziň ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmegiň strategik maksatlary dünýäde parahatçylygyň we howpsuzlygyň global meseleleri babatda hem-de häzirki zamanda adamzadyň öňünde duran howplara we wehimlere garşy göreşde tagallalary birleşdirmek, söwda-ykdysady we medeni-gumanitar aragatnaşyklary giňeltmek boýunça sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek we pugtalandyrmak, transkontinental ulag-aragatnaşyk geçelgeleriniň döredilmegi we herekete getirilmegi üçin oňaýly şertleri döretmek ýaly wezipeler bilen has berk baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň Baştutany halkara arenasynda dünýä bileleşigi tarapyndan uly gyzyklanma we goldawa eýe bolan uly möçberli daşary syýasat başlangyçlaryny öňe sürýär we durmuşa geçirýär. Oňa mysal edip, Türkmenistanyň teklibi bilen hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň kararyna laýyklykda, 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda açylan BMG-nyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezini görkezmek bolar. Bu merkez Birleşen Milletler Guramasynyň diňe sebitde däl, eýsem dünýäde ilkinji şeýle düzümidir.

Biziň uly möçberli başlangyçlarymyzyň ýene biri, ýokarda bellenip geçilen, energiýa üpjünçiliginiň ygtybarly halkara-hukuk binýadyny döretmek bilen baglydyr. Bu başlangyç esasynda «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýanyň kabul edilmegi energiýa üpjünçiliginiň, has dogrusy energiýa howpsuzlygynyň halkara-hukuk esasyny döretmegiň ýolunda ilkinji ädimleriň biridir. Bu bolsa Türkmenistanyň daşary syýasatynyň görnükli üstünligidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary täzeçilligi bilen tapawutlanýar. Şu wagta çenli energiýa serişdelerini daşamagyň üznüksizligi we goraglylygy ikitaraplaýyn, has oňat bolanda toparlaýyn ylalaşyklar we şertnamalar arkaly üpjün edilýärdi. Hyzmatdaşlygyň şeýle peýdaly görnüşleriniň ähmiýeti uludyr. Emma, olary durmuşa geçirmekde ygtybarly halkara kepillendirmesi bolmadyk şeýle ylalaşyklaryň has gowşak hem-de dürli faktorlara, köp halatda bolsa, ýüze çykýan subýektiw ýagdaýlara garaşly bolýandygyny boýun almak gerek. Munuň özi, elbetde bu prosese gatnaşygy bolan taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklara, energiýa serişdeleriniň eksportynyň umumy ýagdaýlaryna täsir etmän durmaýar. Şeýle ýagdaý, zeminiň ol ýa-da beýleki sebitlerinde syýasy wakalaryň ýitileşýän döwründe aýratyn ýüze çykýar. Şu mynasybetli Türkmenistan BMG-de energiýa geçiriji halkara infrastrukturasynyň ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmegiň, netijeli ulanmagyň we ony peýdalanmaga deň derejeli ygtyýarlylygyň

köptaraply mehanizmini işläp düzmek baradaky takyk we örän ähmiýetli teklip bilen çykyş etdi.

Şu nukdaýnazardan energiýa serişdelerini ugratmagyň diwersifikasiýasy diňe bir geljegi uly bolan, bähbitli milli taslama däldir. Munuň özi häzirki döwürde dünýä bazarynyň kanunlarynyň obýektiw talabydyr, global ykdysadyýetiň sagdyn hereketiniň möhüm şertidir, ony belli bir derejede durkunyň üýtgemeginden we gyşarmalardan goraýan özboluşly böwetdir. Şeýle hem munuň özi, energetiki infrastrukturany goramak meselelerinde netijeli we köptaraply gatnaşyklary aňladýan, onuň kadaly hereket etmegi üçin geçiriji turbalaryň taslamalaryna ähli gatnaşyjylaryň - öndürijileriň hem, üstaşyr geçirijileriň hem, sarp edijileriň hem konstruktiw hyzmatdaşlygy babatda oňaýly daşary syýasat şertlerini döretmekde ähmiýeti az bolmadyk kuwwatly durnuklaşdyryjy faktordyr.

Türkmenistan üçin hyzmatdaşlygy has giňeltmek bilen, sebitleýin gatnaşyklary ösdürmek ileri tutulýan ugurdyr. Hususan-da, Türkmenistan goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlykda nebit-gaz geçirijilerini çekmek, ulag-aragatnaşygyny, ilki bilen bolsa howa we deňiz ýollary boýunça gatnawlary ýola goýmak, demir ýollary we awtoýollary gurmak, Hazaryň tebigy baýlyklaryny özleşdirmek ugrunda hyzmatdaşlygy alyp barýar we degişli taslamalaryň ençemesini amala aşyrýar.

Şu jähtden, 2009-njy ýylyň aýagynda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz eçirijisiniň we 2010-njy ýylyň başynda Döwletabat-Saragt-Hangeren gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, transaziýa-ýewropa optiki-süýümli aragatnaşyk ugrunyň türkmen böleginiň gurluşyklarynyň, dowamlylygy bilen Pars aýlagyna çykmaga mümkinçilik berjek Gazagystan-Türkmenistan-Eýran ugry boýunça demir ýoluň gurluşygynyň taslamasynyň we beýleki uly möçberli maksatnamalaryň durmuşa geçirilip başlanmagy uly ähmiýete eýe bolýar.

**Döwrebplaşmak we hyzmatdaşlyk.** Häzirki döwürde döwrebaplaşmaklygy köptaraply hyzmatdaşlyksyz göz öňüne getirip bolmaýar. Türkmen döwleti bu işi özüniň bitaraplyk syýasatynyň üsti bilen amal edýär. Şol syýasatyň çäginde “açyk gapylar” ýörelgesinden ugur alyp, ýakyn we alys ýurtlar bilen hyzmatdaşlyga girýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet başyna gelenenden soňra ýurdumyzda dünýä ýurtlary, ilkinji nobatda hem ösen ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk täze derejä galdy. Ýurtda geçýän özgerişleriň maksady jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyny döwrebap derejä galdyrmaklykda bolýar. Şu hem döwrebaplaşmaklygyň many-mazmuny kesgitleýär. Onuň üçin täze döwrüň öňe çykaran derwaýyslyklaryndan ugur alyp, ýurduň ykdysadyýetini, medeniýetini, adamlaryň durmuş-hal ýagdaýyny dünýä derejesine çykarmaklyk üçin täze gymmatlyklary işläp düzmekligi başarmaklyk gerek.

Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaklyga ugrukdurylan bu mukaddes işiň netijeliligi ýurduň içerki tagallalary bilen bir

hatarda daşarky mümkinçilikleri ulanmaklyga hem bagly bolýar. Olar degerli ulanylmadyk ýagdaýynda öňde duran meseleleri häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda çözmek örän kyn bolar. Ine, şonuň üçin hormatly Prezidentimiz öňdebaryjy dünýä tejribesini çynlakaý öwrenmekligiň, seljermekligiň we praktika ornaşdyrmaklygyň möhümligini belleýär. Diýmek, häzirki döwürde täze tehnologiki ösüşe eýe bolan ýurtlar bilen hyzmatdaşlyga girmekligiň gerekligi döwrüň talaby bolýar.

Ýurdumyzyň ösňşiniň ähli ugurlarynda ol aýdyň ýüze çykýar. Ykdysadyýetde, medeniýetde, ýaşaýyş durmuşynda öňe sürülen köp sanly, giň göwrümli taslamalar üçin ylmy özüne siňdiren tehnologiýalar, işi ýöretmegiň netijeli usullary, maýa goýumlar gerek. 2009-njy ýylda milli ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna gönükdirilen düýpli maýa goýumlarynyň umumy möçberi 22 milliard manatdan gowrak boldy. 2010-2011-nji ýyllarda gurulmagy göz öňünde tutulýan dürli maksatly desgalaryň 250-den gowragy bilen baglanşykly maksatlara maýa goýumlary görnüşinde 23,6 milliard dollar bölünip berildi[1]. Ykdysady ösüşimiziň şu güni we geljegi bilen bagly maýa goýumlaryň möçberi, görşümiz ýaly, hakykatdan hem örän täsirli hem-de guwandyryjydyr.

Biziň öz durkuny täzeleýän ýangyç-energetiki, himiýa, dokma, gurulşyk, täzeden döreýän metallurgiýa we magdanlary baýlaşdyrýan toplumlarymyz dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň tehnologiýalary we döwrebap enjamlary bilen işleýärler. Eger bu pudaklaryň köpüsiniň täzeden döreýänligini göz öňünde tutsak, onda bu ýerde uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň gerekligi aýdyň görünýär. Umuman, ykdysadyýetiň, medeniýetiň, ýaşaýyş durmuşynyň ähli ugurlaryny kämilleşdirmeklik üçin ösen ýurtlaryň iş tejribesini öwrenmeklik we bu tejribäniň özümiz üçin amatly görnüşlerini özleşdirmeklik hyzmatdaşlygyň täze hil derejesine çykarmaklygy talap edýär. Hyzmatdaşlyk esasynda ýurduň döwrebapalşmagy onuň ykdysady potensialy, amatly ýerleşişi, işçi güýjüniň bilim we hünär derejesi, kommunikasiýanyň ýagdaýy we beýlekiler bilen bagly bolýar.

Hyzmatdaşlyk iki ýana hem peýdaly bolanda netijeli we dowamatly bolýar. 2010-njy ýylyň fewral aýynyň başynda hormatly Prezidentimiz Fransiýa Respublikasynda saparda bolanda Parižde geçirilen türkmen-fransuz biznes-forumynda belli „Buig“ toparynyň prezidenti – baş direktory Marten Buig Fransiýanyň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen konstruktiw hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine uly gyzyklanma bildirýändigini hem-de Türkmenistana ygtybarly we örän geljegi uly hyzmatdaş hökmünde

1 Türkmenistan gazýeti, 2010-njy ýylyň 31-nji marty.

1 Şol ýerde, 2010-njy ýylyň 3-nji fewraly.

garaýandygyny we onuň bilen hyzmatdaşlyk edýändigine tüýs ýürekden

buýsanýandygyny aýtdy[2]. Biziň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlyk etmäge isleg bildirýänleriň sany ýyl-ýyldan artýar.

Häzir Türkmenistanda Türkiýäniň, Fransiýanyň, Russiýanyň, Ukrainanyň, Belarusyň, Germaniýanyň, Hytaýyň, Malaýzyýanyň, Eýranyň we beýleki köp sanly döwletleriň gurluşyk firmalary hem-de kompaniýalary işleýärler. Milli we daşary ýurtlaryň maýa goýumlaryny çekmek bilen ýakyn iki ýylda göz öňünde tutulýan desgalaryň gurluşygynyň barşynda, ýokarda bellenilşi ýaly, 23,6 milliard amerikan dollaryna golaý serişdäni özleşdirmek maksat edinilýär. Olaryň netijesinde ýurdumyzyň maddy-tehniki binýady berkär.

Diýmek, döwrebaplaşmaklyk ýoluna düşen türkmen döwleti üçin ýokary tehnologiki gymmatlyklary netijeli özleşdirýän we bu ugurda üstünlikleri gazanan ýurtlar bilen hyzmatdaşlyga girmek ähmiýetlidir. Ýurdumyzyň Günorta Koreýa bilen täze tehnologiýalary öşzleşdirmeklik ugrunda hyzmatdaşlygy oňa mysal bolup biler. “Hongan derýasyndaky gudrat” diýen ada eýe bolan Koreýanyň tejribesi öwrenere we mysal alara mynasyp. Ýokary tehnologiýaly we milletiň intelektual potensialyna daýanýan koreý modeli ylymy we bilimi ösdürmäge hem-de ýurduň sosial-ykdysady progresiniň möhüm faktory hökmünde ýokary derejede ösen intelektual jemgyýeti döretmäge çalyşýan Türkmenistan üçin has hem peýdalydyr.

Hormatly Prezidentimiz özüniň 2008-nji ýylyň aýagynda Koreýa Respublikasyna eden saparynyň döwamynda geçirilen gepleşiklerde iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmekligiň ugurlary kesgitlenildi. Şonda aýratyn hem innowasiýa tehnologiýalary, ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlary boýunça ilkinji nobatda bolsa, ýangyç-energetika pudagynda, ulagda, aragatnaşykda, dokma senagatynda, gurluşykda, ýokary tehnologiýalarda, elektronikada hyzmatdaşlyga

1 Türkmenistan gazýeti, 2010-njy ýylyň 3-nji fewraly.

has hem uly üns berildi. Seulda gol çekilen ylalaşyklary durmuşa geçirmek we hyzmatdaşlygy berkitmek ugrunda geçen döwürde anyk işler amal edildi. Olaryň netijelerini biz şäherlerimiziň ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda, gurulşykda, suw hojalygynda we beýleki pudaklarda hem-de adamlaryň durmuşynda aýdyň görýäris. Iki ýurduň hyzmatdaşlygy berkeýär.

Umuman, türkmen ýurduny hyzmatdaşlyk esasynda döwrebaplaşdyrmak ugrunda gazanylan her bir netije döwlet möçberinde-de, pudaklaryň çäginde-de, her bir işewür adamyň durmuşynda-da ähmiýetlidir. Ol ýurt, döwrümiz üçin wajyp. Türkmen jemgyýetini döwrebaplaşmagy onuň taryhynda bolup geçýän iň bir çuňňur we düýpli sosial özgerme bolup çykyş edýär. Garaşsyzlygymyzyň ilinji günlerinden başlanan bu özgeriş täze Galkynyş eýýamynda täze görnüşe we hile

eýe boldy. Bu özgeriş ähli ugurlarda täzelikleri gazanmaga esaslar döredýär. Bu özgerişe dünýä jemgyýetçiligi uly baha berýär. 2010-njy ýylyň maýynda biziň ýurdumyzda iş saparda bolan BMG-niň Baş sekretary türkmen Lideriniň döwletiň durmuşynyň ähli ulgamlaryny düýpli özgertmäge gönükdirilen täzeçilik syýasatyna ýokary baha berdi.

Halkara gatnaşyklar ösýär. Onda-da ýurduň halkara gatnaşyklarynyň ösüşi ozalky gazanylan ylalaşyklaryň çäklerinde-de, täze halkara gatnaşyklary ýola goýmak arkaly hem dowam edilýär. Häzirki döwürde bu ugurda saglygy goraýyşda, daşky gurşawy goramakda, bilimde, medniýetde we beýleki ugurlarda halkara maksatnamalaryň 109-sy durmuşa geçirilýaär 1. Diýmek, türkmen jemgyýetiniň döwrebapalşmagy öňde baryjy ýurtlar, dünýäniň belli kompaniýalary, bilermenleri bilen hyzmatdaşlyk esasynda mümkin bolýar. Türkmen döwleti hyzmatdaşlyk esasynda diňe bir ýurduň içindäki wajyp meseleleri çözmeklik bilen çäklenmän, eýsem sebitiň hem, adamzadyň hem öňünde duran meseleleri çözmeklige gatnaşýar.

**Türkmenistanyň sebitiň meselelerini çözmeklikdäki orny.** Biziň sebitimize girýän döwletleriň köpüsi garaşsyzlyga eýe bolup öz ösüş ýollaryny saýlaýan döwletler. Olaryň halkara gatnaşygyndaky orny gün-günden artýar. Bu ýerde öz çözgüdine garaşýan dünýä derejeli we sebit derejeli meseleler bar. 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Gyrgyzystanyň paýtagty Bişkekde geçen GDA döwletleriniň baştutanlarynyň, şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşygynda şol meseleleriň çözgüdi gözlenildi.

Şonda Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň sebitiň suw-energetika ýagdaýlary bilen baglanyşykly toplumlaýyn meselelere seredilen duşuşygynyň netijeleri aýratyn üns berilmegine mynasypdyr. Bu meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň ýokary derejede konstruktiw ýagdaýda geçmeginde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren suw meselelerini çözmäge gönükdirilen başlangyçlary uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmen döwletiniň Baştutanynyň Merkezi Aziýanyň suw serişdelerini tygşytly ulanmak baradaky ähli meseleleriň birek-biregi hormatlamak ýörelgeleri hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary we prinsipleri esasynda çözülmelidigi baradaky düýpli pikirleri binýatlyk häsiýete eýedir. Elbetde, bu ýerde ilkinji nobatda serhetýaka suwlaryň, suw howdanlarynyň, halkara deňizleriň suw serişdelerini ulanmak, şeýle hem serhetlere galtaşykly daşky gurşawy goramak meselelerini düzgünleşdirmek boýunça BMG-niň konwensiýalary göz öňünde tutulýar. Şeýle çemeleşme, ilkinji nobatda Türkmenistanyň goňşy döwletler bilen suw meselesini iki tarapyň-da bähbitlerini aňrybaş derejede göz öňünde tutmak arkaly çözmekdäki oňyn tejribesi bilen şertlendirilendir. Şunda,

1 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 35 s.

serhetýaka derýalarynyň suw serişdelerini ulanmak, suw üpjünçiligini özara bähbitlilik ýörelgelerine eýerip düzgünleşdirýän ikitaraplaýyn ylalaşyklar esasynda ýola goýulýar.

Türkmenistanyň Baştutanynyň Bişkek duşuşygynda öňe süren teklipleri Merkezi Aziýa döwletlerinde elektrik energiýasyny öndürmekde, oba hojalygynda, önümçilik we durmuş hajatlary üçin sarp edilýän suw serişdeleriniň özara öwezini dolmak meseleleri boýunça oýlanyşykly çözgütleri işläp düzmekligi göz öňünde tutýar. Şunda Gurbanguly Berdimuhamedow sebitde suw serişdelerini ulanmagyň daşky gurşawy goramak, ekologiýa meselelerini çözmek ýaly jähtleriniň-de möhümdigini belledi.

Araly halas etmek boýunça Halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň 2009-njy ýylyň aprel aýynda Almata şäherinde bolan duşuşygynda Merkezi Aziýanyň ekologiýasy we suw üpjünçiligi bilen bagly meseleleriň birgiden toplumyna seredildi. Sammitiň dowamynda ilkinji gezek Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan suwy rejeli peýdalanmakda ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak, agrar önümçiligini we ekerançylyk medeniýetini kämilleşdirmek baradaky ideýalar we teklipler öňe sürüldi. Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi bilen, Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň mejlisiniň işine BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň ýolbaşçysynyň hem gatnaşmagy, garalýan meseleleri ara alyp maslahatlaşmakda oňyn täsir döreden möhüm faktor boldy.

Şol duşuşykda öňe sürülen teklipleri amal etmeklikde 2010-njy ýylyň başynda Türkmenistanda Altyn Asyr türkmen kölüniň birinji tapgyrynyň işe girizilmegi örän ähmiýetli çäre boldy. Bu köle birnäçe akabalaryň üsti bilen diňe bir biziň welaýatlarymyzyň ekin we öri meýdanlarynda bar bolan şor suwlar ýygnalman, eýsem, goňşy Özbegistandan hem şor suwlar ýygnalýar. Diýmek, Altyn Asyr türkmen köli geljekde bütin sebitde ekologiki ýagdaýy gowylamaklyga täsir eder.

Ulgamlaýyn çemeleşme we halkara hukugynyň kadalarynyň ileri tutulmagy, hoşniýetli goňşuçylygyň umumy ykrar edilen prinsiplerinden we gymmatlyklaryndan ugur alynmagy, häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň parahatçylykly ýol bilen çözülmäge çalyşmalydyr. Türkmenistan döwleti halkara arenasyndaky daşary syýasat başlangyçlarynyň we diplomatik gadamlarynyň güýçli taraplarydyr.

Türkmenistanyň daşary syýasatda işjeňliginiň we abraýynyň artýanlygyny, häzirkizaman halkara gatnaşyklar ulgamynda ornunyň uludygyny Täze Galkynyş eýýamy aýdyň görkezýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: “Häzirki zaman türkmen jemgyýetini kämilleşdirmek, dünýä siwilizasiýasynyň gazananlarynyň derejesine çykarmak maksady bilen,

ýurdumyzda amala aşyrylýan işler Türkmenistanyň daşary syýasatynyň işjeň ýöredilmegini talap etdi. Döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesi bilen utgaşykly alnyp barylýan «açyk gapylar» syýasaty Türkmenistanyň abraýynyň artmagyna ýardam etdi” 1 diýip belleýär.

Täze we Beýik Galkynyş zamanasynda Türkmenistanyň halkara işjeňligi we abraýy artýar. Hormatly Prezidentimiz tarapynda türkmen ýurduny döwrebaplaşdyrmak babatda alynyp barylýan köpgranly we uly möçberli işler dünýä döwletleriniň ýolbaşçylary we dünýäniň belli syýasatçylary tarpyndan gollanylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen ýurdunda täzeleniş syýasatyny amal ediji Lider hökmünde kabul edilýär.Hormatly Prezidentimiziň Saud Arabystanynyň, Arap Emirlikleriniň, Owganystanyň, Özbegistanyň ýokary döwlet sylaglaryna mynasyp bolmagy, ençeme dünýä belli ýokary okuw jaýlarynyň Hormatly doktory adyna eýe bolmagy, (Daşkendiň medesina akademiýasynyň Hormatly doktory, Russiýa Federasiýasynyň Priwatizasiýa we telekeçilik Ýokary mekdep-institutynyň ykdysady ylymlaryň Hormatly doktory, Baku uniwersitetiniň Hormatly doktory, Kazanyň döwlet uniwersitetiniň hormatly doktory, Moskwanyň Döwlet mediko-stomatologiýa uniwersitetiniň Hormatly professory) atlarynyň dakylmagy we beýleki sylaglar oňa şaýatlyk edýär.

Şu wakalar Türkmenistanyň Täze Galkynyş eýýamynda daşary syýasatda gazanan üstünlikleriniň ajaýyp görkezijileri hem-de Hormatly Prezidentimiziň ýurt, sebit we dünýä bähbitli edýän işleriniň, taýsyz tagallalarynyň özboluşly miweleri bolýarlar.

1 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 8-9 s.

## Netije

Görşümiz ýaly, ýurtda başlanan özgerişler düýpli we köptaraplydyr. Olary seljermekde we açyp görkezmeklikde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz çykyşlarynda, ylmy makalalarynda täze taryhy döwür barada öňe süren pikirleri, garaýyşlary uly ähmiýete eýe boldy. Olarda garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde geçilen ýol, edilen işler, ýetilen menziller açylyp görkezilýär. Döwlet Baştutanynyň çykyşlarynda, eserlerinde ýurdumyzyň geljegi, halkymyzyň abadançylygy we gülläp ösüşi bilen baglanşykly maksatnamalar kesgitlenýär we olary amal etmekligiň ýollary görkezilýär. Milletiň Lideri: “Men ýurda ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günümden özümiň baş wezipämi Garaşsyzlygyň täze sepgitlerine ýetmek üçin milleti birleşdirip, ruhlandyryp maksady emele getirmekde gördüm”1 diýip türkmen jemgyýetiniň häzirki derejesi - täze Galkynyş eýýamy, onuň ýol-ýörelgelerini ylmy esasda açyp görkezýär. Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiz häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüş ýoluny kesgitleýän täze Galkynyş eýýamynyň taglymatyny öňe sürýär.

Bu taglymat jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni durmuşynda bar bolan dürli meseleleri derňeýän ähli jemgyýetçilik ylymlarynyň gazanan netijelerine esaslanýar. Şolaryň esasynda bu taglymat milleti birleşdirýän, halkyň gujur-gaýratyny herekete getirýän, oňa mahsus bolan döredijilik ukyplaryny dikeldýän ýörelge bolup çykyş edýär. Ol jemgyýetiň ýaşaýşynyň şekilini, onuň dürli taraplarynyň özara täsirini, ösüşiniň ugruny we kanunlaryny açyp görkezýär. Bu taglymat jemlenen görnüşde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly maksatnamalaýyn häsiýetli makalasynda beýan edilýär.

Häzirki döwürde jemgyýetiň özgerişiniň ylmy şekilini açyp görkezmekligiň gerekligi her bir ädimde aýan duýulýär. Galkynyş taglymaty hem şol wezipäni ýerine ýetirýär. Ýokarda garalyp geçilen meselelerden görnüşi ýaly, täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty biziň häzirki jemgyýetimiziň täze tebigatyny we onuň osüş ugruny görkezip, adamyň jemgyýetçilik hereketleriniň we onuň jemgyýetde öz-özüni tassyklamagynyň ähmiýetini açyp adamlaryň, sosial toparlaryň jemgyýetde geçýän özgerişleriň uzakmöhletleýin täsirini aňlamaklaryna hemaýat edýär.

Şol taglymatdan ugur alyp şu kitapda Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda türkmen jemgyýetiniň durmuşynda geçen we häzirki döwürde geçýän özgerişleriň many-mazmuny we özboluşlylygy açylyp görkezilýär. Bu iş, görşüňiz ýaly, giň göwrümli meseleleri öz içine alýar. Bu ýerde häzirki türkmen jemgyýetiniň durmuşynda bolup geçýän özgerişler we üýtgemeler beýan edilýär. Ýurtda geçýän özgerişler, derňewiň görkezişi ýaly, hereketli, biri-biri bilen baglanyşykly häsiýete eýe bolup, özüniň köpdürliligi bilen tapawutlanýarlar. Olary biz şu kitapda Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda jemgyýetde bolup geçen özgerişleriň häsiýetlendirilişinde hem görýäris.

Ýokarda garalan meselelerden görnüşi ýaly, garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda amal edilen çäreler jemgyýetimizde geçiş döwrüniň tamamlanandygyny, ýagny köne sowet jemgyýetçilik gurluşynyň düzgünleriniň täze demokratik jemgyýet gurluşynyň düzgünlerine öz ornuny berenligini görkezýär. Jemgyýetiň ýaşaýyş hereketini kesgitleýän köne ýörelgeler öz ornuny täze ýörelgelere berip başladylar.

Her bir döwürde bolşy ýaly garaşsyzlygymyzdan öňki döwürde ösüşe we özgerişe hemaýat edýän hem päsgelçilik görkezýän düzgünler bolupdy. Geçiş döwründe, kitabyň üçünji: „Garaşsyz Türkmenistanda jemgyýetçilik durmuşynyň özgerdilmegi üçin dörän esaslar“ atly bölüminde biziň jemgyýetimiziň şol päsgelçiliklerden arassalanyşy açylyp görkezildi. Şol päsgelçilikleriň ilkinji sebäbi näme bilen baglydy? Olar garaşsyzlykdan öňki ýyllar jemgyýetde milli we umumy adamzat ýörelgelerine ters gelýän düzgünler, ýörelgelerden gelip çykýardylar. Olar „utopiýadan ylmy derejä galdy“ diýilen, emma hakykatda ytopiki ýagdaýda galan sosialistik taglymat bilen bagly bolupdy. Haçan-da jemgyýetiň durmuşyna utopiki garaýyşlar ornaşdyrylmaga meýil edilende bolsa „sosial alhimiýa“ ýüze çykýar.

Alhimiýa, bilişimiz ýaly, metallary altyna öwürýän filosofiki daşy gözleýän orta syrlarda giňden ýaýran ylym bolýar. Alhimiýa üçin esasy zat gyzyl däl-de adamlaryň özleriniň içki özgerişi bolýar. Şonuň üçin haçan-da filosofiki daş adamyň içinden däl-de daşyndan gözlenende, mysal üçin, ideal jemgyýetçilik gurluşynyň girizmegine bolan ynam, hiç bolup bilmejek zada bolan ynama esaslanýan sosial alhimiýa başlanýar.

Garaşsyzlykdan öňki ýyllar biziň jemgyýetimizde hem şeýle boldy. Ýurtda sosializmiň maddy we syýasy şertleri bolmasa-da, sosializmde ýaşaýanlygymyza ynandyryldy. Ýaşaýyş derejämiz boýunça dünýäde yzdaky ýerleriň birini eýeleýän hem bolsak gowy ýaşaýanlygymyza ynandyryldy. Garaşsyzlygy alanymyzdan soňra şu ynançlary döredýän taglymat jemgyýetiň ruhy durmuşyndan daşlaşdyryldy. Adamlara daşyndan taýýar reseptleri berýän däl-de, olara erkinlik berýän ýörelgeleri jemgyýete ornaşdyrmaklygyň ýoluna çykyldy.

Şol ýol bilen ynamly gitmek üçin Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap jemgyýetiň syýasy ulgamynda, ýokarda görkezilşi ýaly, düýpli özgerişler geçdi. Sosialistik taglymaty göteriji bolan partiýa hem-de onuň ideologiýasyna ynanmazlyk bildirildi. Türkmenistanyň Demokratik partiýasy döredildi. Jemgyýetiň syýasy ulgamynda partiýanyň orny düýpgöter üýtgedi. Indi hiç bir partiýa ýerine ýetiriji häkimiýetiň ünsünde durup bilmeýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda, ýokarda geçirilen derňewden görşümiz ýaly, biziň jemgyýetimize türkmen milletiniň asyl ruhy gymmatlyklary gaýtarylyp getirildi. Türkmeniň dili, dini, däp dessury dukeldildi. Bu ýyllar jemgyýetçilik aň-düşünjesini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen

işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde has giňişleýin özleşdirilýän milletimiziň medeni mirasy bolýar. Biziň ata-babalarymyz öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gidipdirler. Özbaşdaklyga eýe bolanymyzdan soňra şu mirasyň hakyky mirasdüşerleriniň, oňa eýe bolmaklaryna şert döredi. Bu ýyllar geçmişde ençeme gezek halkymyzyň galkynyşlaryna itergi beren türkmeniň asyl ruhy ýörelgeleri esasynda jemgyýetiň özgeriş ýoly kesgitlemeklige çalyşyldy. Halkymyzyň ruhy dünýäsine çuňlaşyp, ony millet eden adamkärçilik pähimleriniň dürdänelerini ýüze çykarmak, häzirki we geljekki nesilleriň olary özlerine nusga edinip almaklary üçin bu gymmatlyklary jemgyýete gaýtaryp getirmek we özleşdirmek örän möhüm iş boldy. Olar jemgyýetiň ähli edaralaryny, onuň durmuşyny özgerdýän ýörelgelere milli häsiýet berip döwletiň içerki we daşarky syýasatyna özboluşlylyk berdi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary biziň jemgyýetimize täze döwrüň öňe çykaran derwaýyslyklaryny: hukuk döwletiniň we bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklaryny ornaşdyrmaklyga girişildi. Adamlaryň eýeçilige bolan hukuklary dikeldilip bazar ykdysadyýetine geçmekligiň hukuk esaslary döredildi. Eýeçiligiň dürli görnüşlerine ýol açyldy. Bu ugurda ilkinji ädimler ädildi. Şu we beýleki özgertmeler ýokarda görkezilşi ýaly jemgyýetiň täze hil derejä çykmaklygyna esas döretdi.

**Şeýlelikde, täze demokratik jemgyýetiň öz esasynda özgermekligine mümkinçilik döredi.** Galkynyş eýýamy täze türkmen jemgyýeiniň öz içki döredijilik ukyplaryny açýan döwri bolýar. Şol ukyplar bolsa milli aňyň umumyadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşmagy esasynda açylýar. Ýurt Ýolbaşçysy şu sazlaşygyň ýurduň öňe gitmekligindäki ornuna ünsi çekip öz “Türkmenistanyň syýasy strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” atly makalasynda: “Eger biziň ýurdumyzyň ynamly öňe gitmeginiň esasy şerti gözlense, ony täze hakyky ýagdaýlaryň we halkyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlarynyň galtaşýan ýerinden, hususan-da, olaryň döwletiň syýasy we ykdysady hasaplamalarynyň birleşýän ýerinden tapmak mümkindir” 1 diýýär.

Her bir jemgyýetde düýpli özgerişleriň ykbaly adamlaryň durmuşyň ähli ugurlarynda akylly-başly hereketleri we olaryň biri-biri bilen ynançly baglanşyklary esasynda kesgitlenýänligi sebäpli, jemgyýete bazar gymmatlyklary ornaşdyrylanda täze ideologiýa, ýokarda görkezilişi ýaly,, bir tarapdan, olaryň many-mazmunyny açmaklyga we ikinji tarapdan, şol gymmatlyklaryň milli medeniýetiň özboluşlylygy we aýratynlygy bilen sazlaşykly baglanşyga

1 Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 7 s.

girmekligine esas döredýär. Bu sazlaşyk örän gerekli sebäbi, birinji talap ýerine-ýetirilmedik ýagdaýynda özgerişiň göwnejaý geçmezligine, ýagny adatylykdan täzeçilige ýol açylmazlygyna, ilkinji amal edilmedik halatynda bolsa özgerişiň milli medeniýetden üzňe düşmekligine şert döremekligi mümkindir. Şol sazlaşyk esasynda türkmeniň asyl we häzirki döwrüniň gymmatlyklaryny täzeden döretmeli bolýar. Hormatly Prezidentimiz bu ýerde öňde duran işleriň wajyplygyny we köptaraplydygyny nygtap: "Ähli zady: ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlary, köne we täzeçe tejribäni, maksatlary we wezipeleri, usullary we serişdeleri täzeden dikeltmek zerurdy. Bir söz bilen aýdylanda, bu häzirki döwürde "innowasiýa" diýlip atlandyrylýan, örän giň manyny öz içine alýan düşünjede göz öňünde tutylan ähli zady durmuşa geçirmegi aňladýardy" 1 diýip belleýär.

Diýmek, türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklaryndan ugur alyp häzirki döwürde bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiň gymmatlyklaryny düýpli özleşdirýän türkmen jemgyýetiniň ähli taraplaryny özgertmeklige gerek bolan döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ýörelgeleri işläp düzmekligi başarmaly. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkyň ruhunyň we aňynyň çuňluklaryna, nesilleriň ahlak tejribesine, belentli-pesli türkmen ýoluna, taryhy tejribesine esaslanyp, öňe süren Galkynyş ideýasy adamy mertebelemäge, häzirki we geljekki nesilleriň bagtyny we abadançylygyny gazanmaga gönükdirilýär. Bu ideýa eziz Watanymyzy ösüşiň täze sepgitlerine çykarjak, ýurdumyzyň köptaraplaýyn mümkinçilikleriniň netijeli durmuşa geçirilmegini, onuň koordinatlarynyň dünýä ulgamyna hemmetaraplaýyn goşulmagyny üpjün etjek ýagdaý bolup hyzmat edýär.

Häzirki türkmen jemgyýetiniň ösüşi ýaly bu ideýalary durmuşa geçirmegiň mehanizmleri hormatly Prezidentimiz tarapyndan yglan edilen „Döwlet adam üçindir!“ diýen şygarda jemlenendir. Täze Galkynyş eýýamynda sosial ugur, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, ösüşiň esasy bolýar. Ylymly-bilimli, hünärli, gurujy, döredijі öz Watanyny çyn ýürekden söýýän adamy ýetişdirmeklik meselesi Galkynyş taglymatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Täze Galkynyş eýýamynda jemgyýet, ýokarda görkezilşi ýaly, öz esasynda özgerip, kesgitsizlikden aýgytlylyga geçip, öz asyl demokratik aýratynlyklaryny açyp başlaýar. Özi hem Galkynyş eýýamynda şol esaslarda döreýän mümkinçilikler adamyň döredijilikli zähmetiniň üsti bilen amal edilýär. Hormatly Prezidentimiz bu döwürde jemgyýetiň öňünde ýüze çykýan meselelere ünsi çekip: "…täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň şertlerinde biz döwlet

1 Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 6 s.

ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdyk. Bu bolsa täzeçe işlemegi, biziň durmuşymyza täzelikleriň girizilmegini talap edýär” diýip belleýär. Diýmek, türkmen jemgyýetiniň häzirki täzelenýän döwründe adamlaryň täzeçiligi görmek we täze gymmatlyklary döretmek ukyplary artmaly bolýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, bilim-ylym ulgamynda öňe sürülip amal edilýän maksatnamalar hut şu işlere gönükdirilýär.

Galkynyş eýýamynyň taglymaty şol gymmatlyklary özünde jemläp, täze aňy döredýär. Bu aň jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlaryň erkin hereket etmeklerine gerek bolan türkmeniň ýaşaýyş medeniýetini berkitmelige esas bolýar. Bu medeniýetiň döreýşi dördünji bölümde giňden derňelýär. Ondan görnüşi ýaly, bu medeniýet adamlaryň täze gymmatlyklaryň özleşdirilşine täsir edip, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmeklige hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny ýokarlandyrmaklyga hyzmat edýär. Şonda türkmeniň asyl gymmatlyklaryny öz düzümine alýan täze ideologiýa, bir tarapdan, adamlaryň döredijilige, gurujylyga ukybyny we hyjuwyny ardyrmaklyga esas bolýan bolsa, ikinji tarapdan, jemgyýetde döredijilikli zähmete we telekeçilige bar bolan päsgelçilikleri aradan aýyrmaklyga kömek berýän ruhy esas bolup çykyş edýär. Şonuň üçin bu idioligiýada türkmeniň asyl gymmatlyklary wajyp orun tutýarlar.

Türkmen milleti iň gadymy milletleriň biri bolup sada-sagdyn durmuş ýörelgelerini, ahlak gymmatlyklaryny döredip bilipdir. Şol ýörelgeleriň bazar ykdysadyýetiniň, hukuk döwletiniň, raýat jemgyýetiniň gymmatlyklary bilen sazlaşyp umumyadamzat gymmatlyklary bilen baýlaşmagy esasynda, ýokarda görkezilişi ýaly, milli galkynyş mümkin bolýar.

Galkynyş eýýamynda döwlet gurluşy kämilleşmeklik ýoluna düşýär. XXI Halk Maslahatynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynda şeýle täzelenşe gerek bolan hukuk esaslary döredildi. Şol Maslahatda ýurtda dörän täze reallyklardan ugur alyp kabul edilen „Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda“ Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny“ esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahaty öz işini döwlet derejesinde bes edýär. Jemgyýetimizde we döwletimizde ykdysady hem-de sosial öňegidişligi üpjün etmek maksady bilen onuň hukuklary Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Mejlisine berilýär. Ýerli Halk Maslahatyň bölümçeleri bolsa, welaýatlarda, welaýat hukukly şäherlerde, etraplarda, şäherçelerde halk köpçüligi bilen baglanyşdyryjy möhüm ulgam hökmünde saklanyp galýar. Olar öz hukuklaryna laýyklykda degişli çärelerde

ykdysady, durmuş we medeni meseleleri çözmäge gatnaşyp, ýerine ýetirij ýerli häkimiýetleriň işjeň kömekçileri, maslahatçylary bolýarlar.

Aslynda. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyuň täze redaksiýasynda jemgyýeti demokratiýalaşdyrmak, döwleti dolandyrmak işine halky giňden çekmek wajyp ýörelge hökmünde öňe sürülýär. Şonuň üçin Galkynyş eýýamynda Ýaşulularyň Maslahatynyň orny täze derejä galýar. Şol bir wagtda-da Ýaşulular Maslahatynyň kabul eden çözgütleri diňe maslahat beriji häsiýete eýe bolýar. Bu hem kanunalaýyk ýörelge, sebäbi Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýarlar. Olar şu beýik wezipäni amal etmeklikde jemgyýetçilik guramalaryň, şol sanda Ýaşulularyň Maslahatynyň oý-pikirlerine, tekliplerine daýanýarlar. Şol esasda hem döwlet bilen halkyň jebis baglanyşygy, sazlaşygy döreýär. Şeýle sazlaşyk öňde duran wezipeleri aýdyňlyk, yzygiderlilik esasynda çözmeklik bilen gazanylýar.

Şol sazlaşygyň esasynda adamlaryň hem netijeli, hem-de akylly-başly hereket etmeklerine gerek bolan täze esaslar döreýär. Onda-da ol ilki bilen hünärmenleriň, iş dolandyryjylaryň, döwlet gullukçylarynyň täze formatynyň döremegine ýol açýar. Şu ýerde dörän mümkinçilikleri amal etmeklikde 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Permany bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet gullugy akademiýasynyň ähmiýeti örän uludyr. Bu akademiýa döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň bir bitewi milli ulgamyny kemala getirmek boýunça okuw we ylmy-usulyýet merkezi hökmünde döredildi. Onuň işiniň esasy ugurlarynyň biri täze döwrüň hünärli, täze taryhy eýýamda ýurdumyzyň öňünde duran wezipeleri başarnykly we ýokary derejede jogapkärli çözmäge ukyply hünärli dolandyryjy kadrlary kemala getirmekden ybarat bolýar. Täzeçe pikirlenýän, guramaçylyk ukyplaryny özlerinde jemleýän iş dolandyryjylaryň, döwlet gullukçylarynyň döremegi ýurduň ösüşine güýçli itergi berer.

Bazar ykdysadyýetiniň jemgyýete düýpli ornaşýan döwründe adamyň önümçilikde hereketiniň netijeliligi eýeçilige bolan täze garaýyşlaryň berkemegi bilen artýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasyda häzirki döwürde bu ýerdäki gatnaşyklary kämilleşdirmeklige gerek bolan hukuk esaslar giňeldildi. Olar işewürlige we telekeçilige ýol açýarlar. Ol esaslar bazar gatnaşyklarynyň içinde erkin hereket edip bilýän başarjaň adamyň ýetişmekligi üçin örän gereklidir. Bu ýerde, ýokarda görkezilişi ýaly, ykdysady çäreler bilen bir hatarda hukuk we ahlak kadalary hem wajyp orun eýeleýärler. Telekiçilik ruhunyň

türkmen jemgyýetinde berkeýän döwründe ykdysady bähbitlere gözükýän telekeçileriň biziň milletimiziň asyl işewürlik, täzeçillik we öz-özüňi çäklemeklik ýörelgelerine eýermekleri hem wajypdyr. Şu ikitaraplylyga eýe bolan adamlar häzirki döwürde jemgyýeti özgerdijiler bolup çykyş edýärler.

Telekeçiligiň, hünärmenligiň, işewürligiň artmaklygy bilen jemgyýetde orta gatlagyň giňelmegine we güýjemegine mümkinçilik açylýar. Bu gatlaga telekeçiler bilen bir hatarda hünärmenler, iş dolandyryjylar, akyl zähmeti bilen meşgul bolýan adamlar hem girýärler. Şol adamlaryň, bir tarapdan, iş başarjaňlyk, hünärmenlik ukyplara eýe bolmaklary, ikinji tarapdan bolsa, öz ruhy ösüşleri barada aladalanýan adamlar bolmaklary üçin täze Galkynyş eýýamynda ýurtda gerek bolan hukuk we ahlak esaslar döreýär. Ykdaysady ösüşde adam ölçegini göz öňünde tutmaklyk ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren täze ykdysady modeline häsiýetli bolýar.

Türkmen jemgyýetiniň durmuşyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaklyga ugrukdurylan işleriň netijesi ýurduň içerki tagallalary bilen bir hatarda daşarky mümkinçilikleri ulanmaklyga hem bagly bolýar. Olar netijeli ulanylmadyk ýagdaýynda öňde duran meseleleri häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda çözmek örän kyn bolar. Ine, şonuň üçin hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň täze Galkynyş eýýamynda parahatçylyk we ösüş ýoly bilen öňe gitmekligi üçin hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyga we özara bähbitlilige gönükdirilen oýlanşykly we yzygiderli daşary syýasatyny durmuşa geçirýär. Bu syýasat dünýä döwletleri we abyraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen milletler Guramasy tarapyndan gollanylýar.

Türkmenistan döwletiniň halkara birleşigindäki uly abyraýy, onuň özüniň hoşniýetli syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmeklige ugrukdyrýanlygy bilen baglydyr. Biziň döwletimiz özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, oňaýly geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşamagyna, söwda ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär.

Görşümiz ýaly, Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýeti ählitaraplaýyn oýlanşykly içeri we daşary syýasatynyň esasynda öz içki mümkinçiliklerini açyp täze hil derejä galýar, kämilleşýär. „Jemgyýet, ýurt Ýolbaşçysynyň belleýşi ýaly, ykdysadyýetden, gündelik durmuş aladalaryndan ýokarda durýan milli maksatlara akyl ýetirmäge girişdi“ 1. Türkmen halkynyň durmuşynda geçýän şeýle beýik özgeriş öz ilkinji miwesini berýär, biziň geljegimiz kem-kemden aýdyňlaşýar. Taryh türkmen halkyna ýene-de galkynmaklyga mümkinçilik berýär. Esasy mesele şol mümkinçilikleri hakykatdan hem aňlap ulanmaklykda bolýar. Bu ýerde kesgitleýji söz ýaşlara berilýär.

Milletiň täzeden galkynmaklyk meselesi ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren

1 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 39 s.

Galkynyş taglymatynyň amal edilmegi bilen çözülýär. Siziň eliňizdäki kitapda şu meselä esasy orun berilendir. Şu gün öňe sürülen meseleleriň amal boljakdygyna berk ynam döreýär. Eziz Watanymyzyň täzeleniş wektoryna jemlenen şöhleleriň esasylary Galkynyş taglymatynda aýdyň kesgitlenendir. Şol bir wagtda hem bu

özgerişleriň herketlendiriji güýji bolup şahsyýetiň çykyş edýänligi sebäpli, „Türkmenistan, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýagdaýlaryň we üstünliklere tarap ädimleriň toplumyny utgaşdyrýan iň öňdebaryjy dünýä tejribesini özüne siňdirip, häzirki zaman jemgyýetiniň hakyky gymmatlyklarynyň baýlyklarda däl-de, adamlardadygyny, olaryň bilimindedigini, hünär derejesindedigini we zähmetiniň netinjesindedigini ilkibaşda özüne, soňra bolsa beýlekilere subut edýär“1.

Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy – bu ruhy galkynyşyň, umumyadamzat gymmatlyklarynyň berkeýän döwrüdir. Ýurt ynsanperwerlik, adsamkärçilik, adalatlylyk ýörelgelerine gaýdyp gelýär. Türkmenistan teşnelik bilen täze maglumat toplumyny özüne siňdirip, täzeden taryhyň köpdürliligini aňlaýar, siwilleşen dünýäniň aladalary bilen ýaşap başlaýar.

Biziň oýlanmalarymyzy jemlemeklige we okyjynyň özüne aýdylyp ýetişilmedik zatlaryň okyjynyň özüniň üstüni ýetirmegine, täze Glakynyş eýýamynda türkmen ýurdunda geçýän düýpli özgerişler barada onuň özüniň oýlanmagyna wagt geldi. Bu wezipäni okyjy jemgyýet baradaky ylymlara eýe bolup ýerine ýetirip biler.

1 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010, 8-9 s.

## Edebiýat


1 Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A. 2008.

2 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji t. A. 2008.

2 Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji t. A. 2009.

3 Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.

4 Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. A. 2007.

5 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. A. 2010.

6 Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. A. 2010.

7 Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasy. A. 2007.

8 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.

9 Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . Aşgabat 2008

10 Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008

11 Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007

12 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylşynyň birinji masalahatynda eden çykyşy. Türkmenistan gazeti 2009-njy ýylyň ýanwar aýynyň 10-y.

13 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynda sözlän sözi. Türkmenistan gazeti 2009-njy ýylyň mart aýynyň 9-y.

14 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). A. 2009.

15 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi. Türkmenistan gazeti 2010-njy ýylyň maý aýynyň 15-i.

16 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. A. 2007

17 Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. A. 2009.

**Mazmuny**

1 Sözbaşy 2s.

2 Berdimuhamedow G. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna 6 s.

3 I bölüm. „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ okuw dersiniň maksatlary we wezipeleri. Esasy düşünjeler we olaryň manysy. 27 s.

4 II bölüm. Türkmenistanyň geografiki, geosyýasy ýerleşişi, tebigy w demografiki aýratynlyklary. 37 s.

5 III bölüm. Garaşsyz Türkmenistanda jemgyýetçilik durmuşynyň özgermegi üçin dörän esaslar. 52 s.

6 IV bölüm. Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy. Döwlet we onuň milleti galkyndyrmakdaky orny. 70 s.

7 Birinji bap. Häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň syýasy gurluşy. 70 s.

8 Ikinji bap.Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň gurluşy. 81 s.

9 Üçünji bap. Döwlet we millet. 93 s.

10 V bölüm. Türkmenistanyň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary. Türkmen jemgyýetiniň sosial düzümi. 104 s.

11 Birinji bap. Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmegiň täze modeli. 104 s.

12 Ikinji bap. Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary. 132 s.

13 Üçünji bap. Ýurduň oba hojalygynda düýpli özgeriş. 153 s.

14 Dördünji bap. Beýik Galkynyş zamanasynda jemgyýetiň sosial strukturasy. 164 s.

15 VI bölüm. Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi. Ruhy Galkynyş. Döwletiň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda aladalary. 179 s.

16 Birinji bap. Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi. 179 s.

17 Ikinji bap. Täze Galkynyş eýýamynda döwletiň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalary. 196 s.

18 VII bölüm. Türkmenistanda demokratik gymmatlyklaryň jemgyýetiň durmuşyna ornaşdyrmagynyň ýaýbaňlanmagy. Türkmenistanda adam hukuklary we raýat jemgyýetini berkarar etmek meseleleri. 217 s.

19 Birinji bap. Türkmenistamda demokratik gymmatlyklaryň ýaýbaňlanmagy. 217 s.

20 Ikinji bap Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanda adam hukuklary we raýat jemgyýetini berkarar etmegiň meseleleri. 232 s.

21 VIII bölüm. Türkmenistanyň häzirki zaman halkara gatnaşyklar ulgamynndaky orny. 254 s.

22 Netrije 275 s.

23 Edebiýat 283 s.

24 Mazmuny 285 s.